**B. Çaryýew, A. Gulgaraýew,**
**T. Amanmämmedow**

# DÜNÝÄNIŇ YKDYSADY WE DURMUŞ GEOGRAFIÝASY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2016

UOK 911:378
Ç 21

**Çaryýew B. we başg.**
**Ç 21** **Dünýäniň ykdysady we durmuş geografiýasy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

Okuw kitabynda dünýäniň syýasy kartasy we onuň üýtgeýşi, tebigy baýlyklary we olary peýdalanmagyň meseleleri, Ýer şarynyň ilaty, onuň düzümi we ýerleşişi, dünýä bölekleriniň, iri sebitleriniň we aýry-aýry döwletleriniň ykdysady-geografik häsiýetnamasy beýan edilýär.

Okuw kitaby ýokary okuw mekdepleriň Geografiýa, Daşky gurşawy öwreniş, Kartografiýa we Meteorologiýa hünärleriniň talyplary, aspirantlar, mekdep mugallymlary, hünärmenler we okyjylar köpçüligi üçin niýetlenilýär.

TDKP № 368, 2015 KBK 26.89 (0) ýa 73

© B. Çaryýew we başg., 2016.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

## TURKMENISTANYN
## DOWLET SENASY

Janym gurban sana, erkana yurdum,
Mert pederlen ruhy bardyr konulde.
Bitarap, garaşsyz topragyn nurdur,
Baydagyn belentdir dunyan onunde.

*Gaýtalama:*
Halkyn guran Baky beyik binasy,
Berkarar dowletim, jigerim-janym.
Başlaryn taji sen, diller senasy,
Dunya dursun, sen dur, Turkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir bizin ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller doş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyn guran Baky beyik binasy,
Berkarar dowletim, jigerim-janym.
Başlaryn taji sen, diller senasy,
Dunya dursun, sen dur, Turkmenistanym!

# GIRIŞ

«Dünýäniň ykdysady we durmuş geografiýasy» okuw kitaby Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde Geografiýa, Daşky gurşawy öwreniş, Kartografiýa, Meteorologiýa hünärleri boýunça okaýan talyplar üçin niýetlenendir. Şeýle-de bu okuw kitaby ýokary okuw mekdepleriniň Syýahatçylyk, Dünýä ykdysadyýeti, Halkara ykdysady gatnaşyklary, Demografiýa hünärleriniň, ýörite orta okuw mekdepleriniň ykdysadyýet we syýahatçylyk hünärleri boýunça okaýan talyplar üçin okuw gollanmasy hökmünde hyzmat edip biler.

Biziň ýaşaýan planetamyzy tutuşlaýyn öwrenmek örän çylşyrymlydyr. Şonuň üçin eliňizdäki synag okuw kitabynda dünýäniň aýry-aýry sebitleri, döwletleriň geografiýasy barada söz açylýar. Okuw dersiniň çäginde bilimleriň toplumy (täze geografiki, ykdysady, durmuşy, demografiki we beýleki düşünjeler, adalgalar) bilen tanyş bolunýar.

Dünýäniň ykdysady we durmuş geografiýasy dersi bitewi dünýä barada, onuň häzirki keşbi, tebigy baýlyklary we ilaty, dünýä hojalygy we ylmy-tehniki öwrülişikler şertlerinde onuň ösüşindäki üýtgeşmeler barada düşünjeler berýär. Häzirki zamanyň has derwaýys meselelerine düşünmäge ýardam edýär.

Dünýäniň ykdysady we durmuş geografiýasy – bu adamzat jemgyýetiniň territorial guralyşyny öwrenýän ylymdyr. Ykdysady we durmuş geografiýanyň özünde geografiýanyň, ykdysadyýetiň we sosiologiýanyň düzüm böleklerini baglanyşdyrýanlygy sebäpli, ol diňe bir geografiki däl, eýsem, barlaglaryň ykdysady, sosiologiki usullaryny giňden peýdalanýar.

Islendik ylym bir ýerde durmaýar. Soňky onýyllyklarda ykdysady geografiýa hem hil taýdan üýtgedi we şonuň üçin ol indi ykdysady we durmuş geografiýa diýlip atlandyrylýar. Ykdysady we durmuş hadysa-

lary özara jebis baglanyşyklydyr. Maddy önümçilik pudaklary öz hususy hajatlary üçin işlemän, eýsem, adamlaryň zerurlyklary, olaryň maddy we ruhy isleglerini üpjün etmek üçin işleýär. Önümçiligiň özi ylmy-tehniki öwrülişikleriň eýýamynda adamlaryň bilim derejesine köp babatda baglydyr. Ol adamlaryň nähili şertlerde ýaşaýandygyna, ony gurşap alýan daşky gurşawyň nähilidigine, şeýle hem dynç alyş şertlerine baglydyr.

Hojalyga esasy öndüriji güýç bolmazdan, ýagny adam faktoryny hasaba almazdan garamak bolmaz. Ine, näme üçin ykdysady geografiýa durmuş ýörelgeleri bilen baýlaşyp, adamyny üns merkezinde goýup, durmuş geografiýasy bilen ýakynlaşdy.

Islendik döwlet, islendik halk dünýä ykdysadyýetine, ylmyna, medeniýetine öz goşandyny goşýar. Meselem, oba hojalygy ýokary derejede ösen, tutýan meýdany boýunça kiçi döwlet bolan Niderlandlar, azyk önümlerini köp eksport ediji ýurda öwrüldi. Ýaponiýa bilim we ylmy-barlaglaryň örän netijeli ulgamyny döretdi, bu bolsa köp derejede onuň dünýä ykdysadyýetiniň öňdäki orunlaryna çykmagyna getirdi. Halkara ykdysady gatnaşyklarynyň barha giňelýän döwründe daşary ýurtlaryň öňdebaryjy tejribelerini öwrenmek häzirki wagtda, örän zerur bolup durýar. Şonuň üçin beýleki döwletleriň esasy ýeten sepgitleri baradaky bilimler diňe bir akyl ýetiriş däl-de, eýsem, amaly ähmiýete eýedir.

Dünýäniň ykdysady we durmuş geografiýasy dersini öwrenmek bilen tebigatyň, ilatyň, döwletleriň, hojalyklaryň örän çylşyrymlydygyna, köptaraplydygyna, gaýtalanmaýandygyna we hemişe ösüşde bolýandygyna göz ýetireris.

Dünýäniň ykdysady we durmuş geografiýasy jemgyýetçilik geografiýa ylmy bolup, ol geografiýanyň möhüm şahalarynyň biridir. Ol bütin Ýer ýüzünde, şeýle-de aýry-aýry döwletlerde, sebitlerde ilatyň we hojalygyň ösüşiniň we ýerleşişiniň kanunalaýyklygyny öwrenýär. Dünýä halklarynyň ýaşaýşynyň, hojalygynyň ösüşiniň we ýerleşişiniň aýratynlyklaryny aýdyňlaşdyryp görkezmek, şonuň ýaly-da halkara gatnaşyklarynyň käbir meselelerine degip geçmek bilen, dünýäniň ykdysady we durmuş geografiýasy ösüşiň häzirki zaman döwrüne çuňňur düşünmeklige, Watanymyzyň çäginden daşardaky ýagdaýlara aýdyň göz öňüne getirmeklige kömek edýär.

Häzirki zaman iňňän uly durmuş-ykdysady özgerişleriň zamanasy bolup, onuň esasy mazmuny dünýäde global ösüşlerdir. Bu zaman halklarynyň parahatçylykly ýaşamagynyň, gapma-garşylyklaryň zamanydyr. Häzirki zaman – munuň özi bütindünýä ylmy-tehniki rewolýusiýanyň zamanydyr. Ine, şonuň üçin dünýäni ykdysady-geografik taýdan öwrenmek şeýle uly ähmiýete eýe bolýar.

Dünýäniň ykdysady we durmuş geografiýasynyň düzüminde: 1) dünýäniň häzirki zaman syýasy kartasyny, bütindünýä möçberinde tebigy şertleri we baýlyklary, ilaty hem-de hojalygy öwrenýän umumy ykdysady-durmuş geografiýany; 2) sebitleri, aýry-aýry ýurtlary öwrenmekden ybarat bolan sebitleýin geografiýany (ýa-da ýurtlary öwrenişi) tapawutlandyryp görkezmek bolar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdumyzda Bilim ulgamyny kämilleşdirmek babatda geçirýän uly möçberli işleri ýokary okuw mekdeplerde ýaşlara bilim bermekde uly öňegidişlikleriň gazanylmagyna ýardam etdi. Ýurdumyzda döwlet tarapyndan Bilim edaralaryny maddy-tehniki binýadyny gowulandyrmaga uly ähmiýet berilýär. Aşgabat şäherinde we welaýatlarda häzirkizaman öňdebaryjy enjamlary bilen üpjün edilen mekdepleriň, mekdebe çenli çagalar edaralaryň onlarçasy işe girizildi. Ýurdumyzyň bilim edaralarynyň tehniki üpjünçiligi gowulanýar. Aýry-aýry dersler boýunça döwrebap bezelen, durnukly mazmunly okuw kitaplary gollanmalary, geografik kartalar, beýleki okuw serişdeleri çap edilýär.

Okuw kitaby birnäçe bölümlerden ybarat bolup, onda bütindünýä we onuň aýry-aýry sebitleri, döwletleri barada giňişleýin maglumatlar berilýär. Degişli bölümler we temalar boýunça kartalar we diagrammalar kitapda berilýän maglumatlara aýdyň düşünmäge ýardam eder.

I BÖLÜM

# DÜNÝÄNIŇ UMUMY YKDYSADY-GEOGRAFIK HÄSIÝETNAMASY

## I bap

## Dünýäniň häzirki zaman syýasy kartasy

### 1.1. Dünýäniň syýasy kartasynyň döreýiş döwürleri

Dünýäniň syýasy kartasynyň döremegi uzaga çeken durmuş-ykdysady hadysadyr. Ol zähmetiň jemgyýetçilik bölünişi, hususy eýeçiligiň ýüze çykmagy we jemgyýetiň synplara bölünmegi bilen başlap, birnäçe müňýyllyklary öz içine alýar.

Dünýäniň syýasy kartasynyň döremeginde: gadymy, orta asyr, täze, iň täze we häzirki zaman döwürleri tapawutlandyrmak bolar. Şeýle döwürlere bölmek syýasy kartanyň ösüşiniň ähli köptaraply üýtgeşmelerini öz içine alyp bilmeýär, ýöne onuň esasy kanunalaýyklyklaryny suratlandyrýar.

*Gadymy döwür biziň eýýamymyzyň V asyryna çenli aralygy öz içine alýar.* Dünýäde ilkinji döwletleriň: Gadymy Ýegipet, Karfagen, Gadymy Gresiýa, Gadymy Rim, Gadymy Merw, Gadymy Nusaý we başg. ösmegini we dargamagyny häsiýetlendirýär. Bu döwletler dünýä siwilizasiýasyna uly goşant goşdular. Şonuň bilen birlikde, eýýäm şol döwürlerde uruşlar, güýç ulanmak howpy territorial üýtgeşmeleriň esasy sebäpleri boldy.

Dünýäniň syýasy kartasynyň döremeginiň *orta asyrlar döwründe (V–XV asyrlary)* döwletleriň syýasy funksiýasy öňki döwürdäki syýasy häkimiýetiň guralyşyna garanyňda has baý we çylşyrymly bolupdy. Içerki bazar döräpdir, biri-birinden uzakda ýerleşýän

hojalyklaryň we etraplaryň arasyndaky baglanyşyk ýola goýulypdyr. Döwletleriň başga territoriýalary basyp almaklyga ymtylyşlary hem has aýdyň ýüze çykypdyr. Gury ýeriň uly bölekleri (has takygy Ýewropa) dürli döwletleriň arasynda doly paýlaşylypdyr. Orta asyrlarda bolan döwletleriň doly bolmadyk sanawyna Kiýew Rusy, Wizantiýa, Moskwa (Rus) döwleti, Keramatly Rim imperiýasy, Beýik Seljuk imperiýasy, Portugaliýa, Angliýa, Ispaniýa we beýlekiler girýär.

Dünýäniň syýasy kartasynyň döremeginiň *täze döwri (XV–XVI asyrlaryň çäginden Birinji jahan urşunyň ahyryna çenli)* bazar gatnaşyklarynyň emele gelmeginiň, ýokary göterilmeginiň we kämilleşmeginiň bütin taryhy eýýamyna gabat gelýär. Şol döwürlerde bolup geçen Beýik geografiki açyşlar eýýamynyň özi hem syýasy kartany güýçli derejede üýtgetdi. Ol Ýewropanyň baknaçylyk süteminiň we bütindünýäde halkara hojalyk baglanyşyklarynyň ýaýramagynyň başlangyjyny goýdy. Bazar gatnaşyklarynyň dünýäniň agalyk ediji ulgamyna öwrülmegi, çig mala ýiti mätäçligiň döremegi, uly fabrik-zawod senagatynyň ösmegi we täze ulag serişdeleriniň ýüze çykmagy territorial üýtgeşmeleriň bolmagyna uly itergi berdi.

XIX–XX asyrlaryň çäklerinde, haçan-da öňdebaryjy döwletleriň arasynda dünýäni territorial bölmek göreşi görnetin ýitileşen mahalynda, dünýäniň syýasy kartasy has-da durnuksyz boldy. Meselem, 1876-njy ýylda Afrikanyň meýdanynyň bary-ýogy 10%-i günbatar ýewropa ýurtlaryna degişlidi, 1900-nji ýylda bolsa eýýäm bu görkeziji 90%-e ýetdi. XX asyryň başlarynda şeýle paýlanyşyk doly tamamlandy. Şol wagtdan başlap dünýäniň täzeden paýlaşylmagy diňe güýç ulanmak arkaly mümkin boldy.

*Dördünji, iň täze döwürde* – dünýäniň syýasy kartasynyň üýtgemegi Birinji we Ikinji jahan uruşlary (XX asyryň I ýarymýyllygy), şeýle-de sosialistik döwletleriň döremegi we kolonial ulgamyň dargamagy bilen baglanyşykly boldy. Köp döwletleriň araçäkleri üýtgedi. Käbir döwletler (Fransiýa, Daniýa, Rumyniýa) öz meýdan-çäklerini giňeltdiler, beýlekiler bolsa olary ýitirdiler. Meselem, Germaniýa uruşda ýeňilmek bilen öz meýdan-çäginiň bir bölegini – Elzasy we Lotaringiýany, Afrikadaky we Okeaniýadaky ähli öz koloniýalaryny ýitirdi. Uly Awstro – Wengriýa imperiýasy dargady we täze garaşsyz döwletler: Wengriýa, Awstriýa, Çehoslowakiýa, Serbleriň,

horwatlaryň we slowenleriň Korollygy döredi. Osman imperiýasynyň bölünmegi bolup geçdi.

*Bäşinji, häzirki zaman döwri.* Bu döwür dünýä sosialistik ulgamynyň döremegini, Aziýada, Afrikada täze garaşsyz döwletleriň döremegini, soňra sosialistik ulgamynyň dargamagyny, 1980–1990-njy ýyllarda Ýewropanyň we Aziýanyň syýasy kartasyndaky üýtgeşmeleri öz içine alýar. XX asyrda Birinji we Ikinji jahan uruşlary we kolonial ulgamyň dargamagy netijesinde döwletleriň sany artdy: 102 sany döwlet özbaşdaklyk gazandy, 90-njy ýyllaryň başlarynda SSSR-iň dargamagy netijesinde 15 sany garaşsyz döwletler döredi. Iki german döwleti: GFR we GDR birleşdiler. Çehoslowakiýa iki özbaşdak döwlete: Çehiýa we Slowakiýa bölündi. Öňki Ýugoslawiýanyň düzümine giren Sloweniýa, Bosniýa we Gersegowina, Makedoniýa, Serbiýa, Horwatiýa, Çernogoriýa garaşsyzlygyny yglan etdiler.

Namibiýa, Eritreýa, Günorta Sudan, Marşall adalarynyň Respublikasy özbaşdaklyk gazandylar. Garaşly territoriýalaryň sany örän azaldy, olar esasan Ýuwaş okeanyndaky adalardyr. Gibraltar, Folklend adalary jedelli territoriýalar bolmagyna galýar.

Ýokarda bellenişi ýaly, dünýäniň häzirki zaman syýasy kartasy – bu örän çylşyrymly we üýtgäp durýan hadysadyr. Onuň çylşyrymlylygy özüne onlarça hatda ýüzlerçe dürli häsiýetdäki döwletleri we dolandyrylýan meýdan-çäkleri birleşdirýänliginde, üýtgäp durýanlygy bolsa bu döwletleriň köp halatlarda meýdanynyň ululygyny, degişlilikde araçäklerini ýa-da döwlet gurluşy boýunça görnüşini üýtgetýänligindedir.

Kähalatlarda dünýäniň syýasy kartasynda *mukdar* (döwletleriň sanynyň artmagy ýa-da kemelmegi) we *hil* (özbaşdaklyk almagy, dolandyryş formasynyň üýtgemegi) üýtgeşmelerini tapawutlandyrýarlar. Ýöne ol ýa-da beýleki üýtgeşmeleriň arasynda takyk çägi geçirmek aňsat däl. Islendik ýagdaýda, siz, dünýäniň häzirki zaman syýasy kartasyny gowy bilmegiň her bir adamyň geografik medeniýetiniň zerur bölegidiginden, şunlukda ýokary geografik bilim alýanlar üçin has hem zerurlygyndan ugur almalysyňyz.

Ýokarda belleýşimiz ýaly, XX asyryň ikinji ýarymynda dünýäniň syýasy kartasynda örän uly mukdar hem-de hil üýtgeşmeleri bolup geçdi. Ony şeýle düşündirmek bolar.

Birinjiden, *onuň subýektleriniň* – döwletleriň we dolandyrylýan meýdan-çäkleriň *umumy sany ep-esli artdy*. Ýöne olaryň sany dürli edebiýat çeşmelerinde dürlüçe (230, 243 we hatda 257) görkezilýär.

Ikinjiden, *garaşsyz (özbaşdak) döwletleriň sany has köpeldi.* Eger-de 1900-nji ýylda dünýäde 57 sany özbaşdak döwlet bolan bolsa, onda 1947-nji ýylda olaryň sany 76-a ýetdi. 2013-nji ýylda şeýle döwletleriň sany 193 boldy, şunlukda olaryň Watikandan başgasy BMG-niň düzümine girýärler. Garaşsyz döwletleriň sany boýunça Afrika (54), onuň yzyndan Aziýa (48) we Ýewropa (44) sebitleri öňde durýarlar.

Üçünjiden, *soňky onýyllyklarda köp döwletleriň syýasy gurluşy birnäçe gezek üýtgedi*, bu bolsa halkara gatnaşyklarynyň ösüşini kä bir ýagdaýlarda aňsatlaşdyryp, beýleki ýagdaýlarda kynlaşdyrýar.

Dünýäniň syýasy kartasynda öňümizdäki döwürlerde boljak özgerişlikleriň möçberi öňi bilen köpmilletli döwletlerde milli-medeni hadysalaryň geljekki ýagdaýy, dürli döwletleriň we halklaryň ykdysady, ylmy-tehniki we medeni aragatnaşyklarynyň häsiýeti bilen baglanyşykly bolar.

*Şeýlelikde, dünýäniň häzirki zaman syýasy kartasy – adamzat jemgyýetiniň ösüşiniň birnäçe müňýyllyklarynyň netijesidir. Ondaky mukdar öňegidişlikleri barha köp derejede öz ornuny hil üýtgeşmelerine berýär. Bu bolsa, häzirki bolup geçýän syýasy hadysalaryň mazmunyny özünde saklaýar. Territorial dawalaryny, halkara jedellerini parahatçylykly kadalaşdyrmak, özara dostlukly gatnaşyklar ýoly – üçünji müňýyllykda adamzadyň ýoludyr.*

## 1.2. Dünýä döwletleriniň klassifikasiýasy we tipologiýasy

Belli ykdysady geograf N.N.Baranskiý öz işlerinde döwletiň, onuň ähli tebigy, hojalyk, medeni, syýasy özboluşlylygy bilen geografiýanyň öwrenýän esasy obýekti bolup durýanlygyny belleýär. Ýöne, ýokarda belleýşimiz ýaly, dünýädäki döwletleriň şeýle uly mukdarynyň bolmagy, haýsy hem bolsa olaryň klassifikasiýasyny (toparlanmasyny) we tipologiýasyny geçirmegiň zerurlygyny görkezýär. Klassifikasiýa adatça dürli mukdar görkezijileriniň

esasynda geçirilýän bolsa, tipologiýa has uly hil sypatlarynyň esasynda geçirilýär.

Ilki döwletleriň klassifikasiýasyndan başlalyň. Onuň esasynda, köplenç, olaryň meýdanynyň ululygy, ilatynyň sany, geografik ýerleşişiniň aýratynlyklary boýunça toparlara bölünmegi goýulýar.

Meýdanynyň ululygy boýunça dünýä döwletlerini örän uly, uly, orta, uly bolmadyk we örän kiçi ýurtlara bölmek kabul edilen.

Ilatyň sany boýunça hem dünýä döwletleriniň dürli toparlaryny görkezmek mümkin. Meýdanyň ululygyndan tapawutlylykda, bu görkeziji has üýtgeýjilikli bolup, ony hemişe täzeläp durmak zerurlygy ýüze çykýar. Öňi bilen bu has köp ilatly ýurtlara degişli bolup, olaryň paýyna dünýäniň ilatynyň takmynan 3/5 bölegi düşýär.

Geografik ýerleşişiniň aýratynlyklary boýunça adatça deňizýaka ýurtlaryny we Dünýä okeanyna çykalgasy bolmadyk (kontinent içerki) döwletleri tapawutlandyrýarlar. Dünýäde olaryň sany 42-ä ýetýär. Dünýä okeanyna çykalganyň bolmazlygyna geografik ýerleşişiň amatsyz sypaty hökmünde garamak bolar, ol bolsa ýurduň durmuş-ykdysady ösüşini kynlaşdyrýar. Şeýle ýagdaýyň aýdyň mysaly hökmünde Tropiki Afrikanyň ýurtlaryny görkezmek bolar.

Döwletleriň tipologiýasy baradaky mesele örän çylşyrymlydyr. Adatça şeýle tipologiýanyň esasyna ýurtlaryň syýasy gurluşy we olaryň durmuş-ykdysady ösüşiniň derejesi alynýar.

Dürli mazmunyň barlygyna garamazdan, biz häzirki zaman dünýäsiniň döwletleriniň kabul edilen 3 esasy tipinden ugur alýarys. XX asyryň 90-njy ýyllarynyň başlaryna çenli şeýle tipler hökmünde: 1) sosialistik ýurtlar, 2) kapitalistik ýurtlar, 3) ösýän ýurtlar görkezilýärdi.

Dünýä sosialistik ulgamynyň dargamagy bilen, ähli döwletleri: 1) ykdysady taýdan ösen, 2) ösýän, 3) geçiş ykdysadyýetli ýurtlar toparyna bölýän, köp derejede syýasylaşdyrylan, üç bölünişikli tipologiýasyna geçildi.

Ýöne bu bölüniş bilen bir hatarda iki bölünişikli – ösen we ösýän ýurtlaryň tipologiýasyny hem peýdalanmagy dowam etdirýärler. Biz dünýä döwletleriniň ýokarda agzalan üç tipine hem garap geçeris.

*Ykdysady taýdan ösen döwletleriň* toparyna, häzirki zaman dünýäsiniň takmynan 60-a golaý döwleti girýär. Olar hakykatdan hem

*1-nji tablisa*

**Dünýä döwletleriniň geografik ýerleşişi we döwlet gurluşy boýunça klassifikasiýasy**

Dünýäniň döwletleri

Geografiki ýerleşişi boýunça

| Adalar toplumynda | Adalarda | Ýarym adalarda | Deňiz ýakasynda | Deňize çykalgasyz döwletler |
|---|---|---|---|---|
| Bagam adalary, Filippinler, Ýaponiýa, Maldiw Respublikasy we beýlekiler | Irlandiýa, Kuba, Ýamaýka we beýlekiler | Hindistan, Italiýa, Norwegiýa, Koreýa we beýlekiler | Braziliýa, Senegal, Fransiýa we beýlekiler | Owganystan, Paragwaý, Mongoliýa, Nepal, Şweýsariýa we beýlekiler |

Döwlet dolandyrylyşyň formasy boýunça

| Respublika | | Monarhiýa | | |
|---|---|---|---|---|
| Prezident | Parlament | Hukuk | Absolýut | Dini |
| Fransiýa, ABŞ we beýlekiler | Germaniýa, Awstriýa we beýlekiler | Belgiýa, Norwegiýa, Şwesiýa we beýlekiler | Kuweýt, Oman, Swazilend we beýlekiler | Saud Arabystany, Watikan, Bruneý |

Dolandyryş-çäk gurluşynyň formasy boýunça

| Unitar | Federatiw | Konfederasiýa |
|---|---|---|
| Alžir, Italiýa, Ruminýa we beýlekiler | Awstriýa, Braziliýa, Malaziýa we beýlekiler | Şweýsariýa |

ösýän döwletler bilen deňeşdirilende durmuş-ykdysady ösüşiň has ýokary derejelerine ýetdiler. Geljekde ilaty we hojalygy öwrenilende şeýle deňeşdirmäni biz ýene-de ulanarys.

Ýöne, soňky ýyllarda bu möhüm düşünjäniň has inçe kesgitlemesi – *ykdysady taýdan has ösen ýurtlar ýüze* çykdy. Halkara guramalary bu topara dünýäniň 40 döwletini degişli edýärler, şol sanda olaryň 26-sy Ýewropada, 7-si Aziýada, 4-si Amerikada, 2-si Awstraliýa we Okeaniýada we 1-i Afrikada ýerleşýär. Olaryň ählisi ýokary derejede ösen hyzmatlar ulgamy we işläp bejerýän senagat pudaklarynyň agdyklyk etmeginde bazar ykdysadyýetli, uly ylmy-tehniki potensiala eýe bolan ýurtlardyr. Olar ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarylygy we belli bolşy ýaly, demokratik jemgyýetçilik gurluşy bilen tapawutlanýarlar. Bu döwletler dünýäniň senagat we oba hojalyk önüminiň, dürli häsiýetdäki hyzmatlaryň esasy bölegini öndürýärler.

Şeýle-de bolsa, bu tipdäki ýurtlar durmuş-ykdysady ösüşiniň içerki aýratynlyklary boýunça düýpli tapawutlanýarlar, bu bolsa onuň düzüminde 4 sany kiçi topary bölmäge esas berýär.

Birinjiden, olar dünýä syýasatynyň we ykdysadyýetiniň öňdebaryjy ýurtlarynyň «Uly ýediligini» emele getirýän *baş kapitalistik ýurtlardyr* – ABŞ, Ýaponiýa, GFR, Fransiýa, Beýik Britaniýa, Italiýa we Kanada. Bu ýedi döwletiň paýyna dünýäniň jemi önüminiň we senagat önüminiň takmynan 1/2, oba hojalyk önümleriniň 1/4 bölegi düşýär. Dünýä syýasatynda olar aýgytlaýjy orny eýeleýärler we ony mukdar görkezijileri bilen häsiýetlendirmek mümkin däl.

Ikinjiden, bu – Awstriýa, Belgiýa, Daniýa, Niderlandlar, Norwegiýa, Şweýsariýa, Şwesiýa ýaly *Günbatar Ýewropanyň uly bolmadyk döwletleridir*. Olaryň ählisi hem durmuş-ykdysady ösüşiň örän ýokary derejelerine ýetdiler we zähmetiň halkara geografik bölünişinde has inçe ýöriteleşmä eýe bolup, oňa örän işjeň gatnaşýarlar. Bu döwletleriň dünýä syýasatyndaky orny hem görnüklidir. Bu babatda iň bolmanda Wenada we Ženewada BMG-niň birnäçe guramalarynyň ýerleşýändigini, Brýusseliň bolsa NATO-nyň paýtagty funksiýasyny ýerine ýetirýändigini ýada salmak bolar.

Üçünjiden, bu Awstraliýa, Täze Zelandiýa, GAR, Ysraýyl ýaly *Ýewropadan daşardaky ýurtlardyr*. Olaryň ilkinji üçüsi Beýik Britaniýanyň öňki koloniýalary (dominionlary) bolup, feodalizm

döwrüni görmedik, şeýle hem biziň günlerimizde käbir özboluşly syýasy we ykdysady ösüşi bilen tapawutlanýarlar.

Dördünjiden, bu *täze ýokary derejede ösen ýurtlar* diýip atlandyrmak mümkin bolan döwletleriň we özbaşdak dolandyrylýan territoriýalaryň kiçi toparydyr. Bu ýerde Koreýa Respublikasy, Singapur we Taýwan göz öňünde tutulýar. Olar baryp 90-njy ýyllaryň ortalaryna Halkara Pul Gaznasy tarapyndan ykdysady taýdan ösen döwletlere degişli edildi. XXI asyryň başlarynda olara Kipr hem goşuldy.

*Ösýän döwletleriň* toparyna takmynan 150 döwlet we territoriýalar degişli bolup, olar umumylykda gury ýeriň meýdanynyň 1/2 böleginden gowragyny eýeläp, dünýä ilatynyň 4/5 bölegini özünde jemleýärler. Dünýäniň syýasy kartasynda olar Aziýada, Afrikada, Latyn Amerikasynda we Okeaniýada, ekwatordan demirgazyga we has köp derejede günorta uzalyp gidýän giň guşaklygy emele getirýärler. Bu döwletleriň käbirleri (Eýran, Tailand, Efiýopiýa, Ýegipet) baryp has irki döwürlerde, Latyn Amerikasynyň köp döwletleri bolsa XIX asyrda syýasy garaşsyzlyk gazandylar. Ýöne ösýän döwletleriň arasynda biziň azatlyk alan (koloniýal sütemden azat bolan) diýip atlandyrýan ýurtlarymyz agdyklyk edýär.

Bu toparyň döwletleriniň esasy umumy sypaty olaryň ykdysady taýdan gowşak ösmegi, ykdysadyýetiniň agrar-çig mal häsiýeti, zähmetiň halkara geografik bölüniş ulgamynda tabynlyk ýagdaýy bolup durýar. Şonuň üçin bu döwletleri *ykdysady taýdan gowşak ösen* ýurtlar diýip atlandyrmak dogry bolsa gerek.

Ösýän döwletler ykdysady taýdan ösen döwletlere garanda öz içerki tapawutlarynyň has aýdyň ýüze çykýanlygy bilen häsiýetlendirilýär, bu bolsa toparyň düzüminde birnäçe kiçi toparlary bölüp görkezmäge esas berýär.

Olaryň birinjisi, *esasy, «ösýän dünýäniň»* baş döwletleri diýlip atlandyrylýar. Bu kiçi topara Hindistan, Braziliýa, Meksika degişlidir. Olar örän uly tebigy, adam we ykdysady mümkinçiliklere eýe bolup, köp babatda dünýäniň öňdebaryjy ösýän ýurtlarynyň wezipesini ýerine ýetirýärler. Meselem, bu üç ýurt galan ösýän döwletleriň hemmesini bilelikde alanyňdakydan hem has köp senagat önümlerini öndürýärler.

2. Sargyt №2701

Ikinji kiçi topar durmuş-ykdysady ösüşiň ýokary derejelerine ýeten ösýän döwletleriň ýokarky hataryna degişli ýurtlary öz içine alýar. Düzgün bolşy ýaly, bu ýurtlar has ir syýasy garaşsyzlyk gazandylar we şeýlelikde özbaşdak ösüşiň uly tejribesini topladylar. Şeýle döwletlere mysal hökmünde Argentinany, Wenesuelany, Urugwaýy, Çilini görkezmek bolar.

Üçünji kiçi topara *täze industrial ýurtlaryň «ikinji akymyny»* girizmek bolar. Oňa ilkinji nobatda Aziýanyň käbir ýurtlary degişli bolup, olar XX asyryň ahyrynda XXI asyryň başlarynda öz durmuş-ykdysady ösüşinde uly böküş etdiler. Şu gün Aziýanyň täze industrial ýurtlarynyň «ikinji akymynyň» hataryna Malaziýa, Tailand, Indoneziýa, Filippinler girýär. Bu kiçi topara kähalatlarda käbir beýleki ýurtlary hem goşýarlar.

Dördünji kiçi topary *nebiti eksport edýän ýurtlar* emele getirýärler. Olar baý nebit gorlarynyň we hemişe nebiti satmakdan alynýan girdejiniň hasabyna dünýäniň galan ähli ösýän ýurtlaryndan has baý ýaşaýarlar. Bu ýurtlaryň arasynda öňdebaryjy orny Pars aýlagynyň ýurtlary – Saud Arabystany, Kuweýt, BAE, Katar, Bahreýn eýeleýärler. Ýöne bu kiçi topara Liwiýany we Bruneýi hem degişli edýärler.

Bäşinji kiçi topara häzirki güne çenli öz durmuş-ykdysady ösüşinde has yza galan «klassyky» ösýän ýurtlar diýlip atlandyrylýanlary goşýarlar. Häzirlikçe oňa ösýän ýurtlaryň aglabasy girýär. Olara mysal hökmünde Aziýada Şri-Lankany, Kambodžany, Afrikada Ganany, Gwineýany, Zimbabweni, Latyn Amerikasynda Boliwiýany, Gaýanany we Gondurasy görkezmek bolar.

Altynjy kiçi toparyň ýurtlaryna aýratyn üns bereliň. BMG-niň terminologiýasy boýunça olar *örän gowşak ösen ýurtlardyr*. Ol ýurtlaryň sanawy üç esasy görkezijileri: jan başyna düşýän örän pes girdejini, ykdysadyýetde yzagalak oba hojalygynyň agdyklyk etmegini we uly ýaşly ilatyň arasynda sowatsyz adamlaryň örän ýokary paýynyň bolmagyny hasaba alyp, her ýylda täzelenip durulýar. Häzir BMG-niň sanawynda şeýle döwletler 50-ä golaý. Olaryň sany Afrikada (32) we Aziýada (9) has köp.

Ýokarda belleýşimiz ýaly, ýurtlaryň üçünji uly topary – bu *geçiş ykdysadyýetli döwletlerdir*. Oňa öňki sosialistik ulgama degişli ýurtlary, ýagny öňki SSSR-iň düzümine giren 15 döwleti, Merkezi

we Gündogar Ýewropanyň 12 sany öňki sosialistik ýurtlaryny we Mongoliýany girizmek kabul edilen. Olaryň ählisi 80-nji ýyllaryň ahyrlarynda 90-njy ýyllaryň başlarynda ozalky, köp derejede awtoritar syýasy gurluşdan, raýat jemgyýetine, köp partiýalylyga, adam hukuklaryny berjaý etmeklige esaslanýan demokratik gurluşa geçip başladylar. Hojalyk ulgamynda hem düýpli özgertmeler geçirilýär. Bu döwletlerde öňki hereket eden dolandyryş-komanda ulgamyndan we merkezleşdirilen hojalykdan bazar ykdysadyýetine geçildi. Häzirki wagtda, köp alymlaryň pikirine görä, ýurtlaryň aglabasynda bu geçiş döwri tamamlandy.

Ýurtlaryň aýratyn kiçi toparyna Hytaýy, Wýetnamy, KHDR we Kubany goşmak bolar. Olar kabul edilen konstitusiýa we ýolbaşçylyk ediji partiýalaryň meýilnamalaryna laýyklykda sosialistik ösüş ýoly bilen gitmegi dowam etdirýärler.

Dünýä döwletleriniň tipologiýasyny geçirmegiň esasy indikatory hökmünde adatça *ilatyň jan başyna hasaplanan jemi içerki önümiň (JIÖ) görkezijisi* peýdalanylýar. Ony walýutanyň resmi kursy ýa-da satyn alyjylyk ukybynyň pariteti boýunça hasaplaýarlar. Ykdysady taýdan ösen döwletleriň aglabasy 20 müň, hatda 40–50 müň dollardan geçýän jan başyna düşýän JIÖ-niň görkezijisine eýedirler. Geçiş ykdysadyýetli ýurtlaryň, ösýän döwletleriň we täze industrial döwletleriň käbiri, şeýle-de nebiti eksport edýän ýurtlaryň ählisi 10–20 müň dollar möçberindäki derejä eýedir. Şuňa Türkmenistan hem degişlidir, bu görkeziji 2013-nji ýylda 16 müň dollardan geçdi. Ösýän döwletleriň esasy bölegi 2000-den 5000 dollar aralygyndaky görkezijili topara düşýärler, has yzagalak döwletleriň aglabasy bolsa 2000 dollardan az görkezijili topara degişli edilýär. 2-nji tablisadan görnüşi ýaly, JIÖ-niň görkezijisi 1000 dollara ýetmeýän Merkezi Afrika Respublikasy, Kongo Demokratik Respublikasy, Malawi, Liberiýa, Burundi, Niger Katardan 123 esse yza galýarlar.

BMG we beýleki halkara guramalary tarapyndan häzirki zaman dünýäsiniň durmuş-ykdysady ösüş derejesiniň täze, has köpugurly (uniwersal) görkezijisini tapmak boýunça gözlegleriň geçirilýändigini ýatlamak möhümdir. Netijede, olaryň tipologiýasy üçin adam potensialynyň ösüşiniň indeksi (APÖI) ýa-da gysgaça adam ösüşiniň indeksi (AÖI) diýlip atlandyrylýan görkezijile-

ri peýdalanmak bolar. Bu indeks şu aşakdaky görkezijileri, ýagny 1) ömrüň ortaça garaşylýan dowamlylygyny, 2) sowatlylyk derejesini, 3) ilatyň ortaça girdejisiniň hakyky möçberini hasaba alnyp düzülýär. Bu görkezijileriň (kriteriýalaryň) esasynda, BMG-niň ekspertleri (bilermenleri) dünýäniň ähli döwletlerini 3 topara bölýärler.

*2-nji tablisa*

**Dünýä ýurtlary boýunça jan başyna düşýän JIÖ-niň ýokary we pes derejeleri, 2013 ý.**

| Ýokary (maksimal) görkeziji | | Iň pes (minimal) görkeziji | |
|---|---|---|---|
| **Ýurtlar** | **Ýylda doll./adam** | **Ýurtlar** | **Ýylda doll./adam** |
| Katar | 123860 | Merkezi Afrika Respublikasy | 600 |
| Kuweýt | 88170 | KDR | 680 |
| Singapur | 76850 | Malawi | 760 |
| Bruneý | 68090 | Liberiýa | 790 |
| Norwegiýa | 66520 | Burundi | 820 |
| Lýuksemburg | 59750 | Niger | 910 |
| BAE | 58090 | Mozambik | 1040 |
| ABŞ | 53960 | Gwineýa | 1160 |
| Şweýsariýa | 53920 | Togo | 1180 |
| Saud Arabystany | 53780 | Eritreýa | 1180 |
| Oman | 52170 | Gwineýa-Bisau | 1240 |
| Şwesiýa | 44660 | Efiýopiýa | 1350 |
| Daniýa | 44440 | Madagaskar | 1350 |
| Awstriýa | 43810 | Uganda | 1370 |
| Niderlandlar | 43210 | Ruanda | 1430 |
| Kanada | 42590 | Zimbabwe | 1520 |
| Awstraliýa | 42540 | Mali | 1540 |
| Belgiýa | 40280 | Burkino-Faso | 1560 |

**Çeşme:** Горохов С. А. Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013., 2014 World popucation data sheet, INTERNET maglumatlary.

*3-nji tablisa*

**Adam ösüşiniň we bäsleşige ukyplylygyň indeksiniň ýokary we pes görkezijili ýurtlary, 2013ý.**

| T/b | Iň ýokary görkezijileri | | Iň pes görkezijileri | |
|---|---|---|---|---|
| | Ýurduň ady | Adam ösüşiniň indeksi | Ýurduň ady | Adam ösüşiniň indeksi |
| 1 | Norwegiýa | 0,971 | Niger | 0,340 |
| 2 | Awstraliýa | 0,970 | Owganystan | 0,352 |
| 3 | Islandiýa | 0,969 | Sýerra-Leone | 0,365 |
| 4 | Kanada | 0,966 | MAR | 0,369 |
| 5 | Niderlandlar | 0,964 | Mali | 0,371 |
| 6 | Şwesiýa | 0,963 | Burkino-Faso | 0,389 |
| 7 | Fransiýa | 0,961 | Konga | 0,389 |
| 8 | Şweýsariýa | 0,960 | Çad | 0,392 |
| 9 | Lýuksemburg | 0,960 | Burundi | 0,394 |
| 10 | Ýaponiýa | 0,960 | Gwineýa-Bisau | 0,396 |

**Çeşme:** Горохов С. А. Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013., INTERNET maglumatlary.

Birinji topara APÖI-niň 0,800 geçýän, ýokary görkezijisi bolan döwletler girýär. 2013-nji ýylda şeýle döwletleriň sany 55-den geçdi, şunlukda bu sanawyň başynda Norwegiýa, Awstraliýa, Islandiýa, Kanada, Niderlandlar we Şwesiýa (0,963–0,971 çenli) durýar (*3-nji tablisa*). Bu toparyň düzümine Türkmenistan hem girýär. Ikinji topara APÖI-niň ortaça derejesi (0,500–0,800 çenli) bolan döwletleriň 86-sy girdi. Üçünji topara bolsa APÖI-niň pes derejesi (0,500-e çenli) bolan ykdysady taýdan has yzagalak 36 sany döwlet girýär.

Dünýäniň syýasy kartasynyň häsiýetnamasyny tamamlamak üçin oňa seredilende obýektleriň ýene-de iki toparyna gabat gelmegiňiziň mümkindigini ýatladýarys.

Olaryň birinjisine öz-özüni yglan eden (ykrar edilmedik) döwletleri girizeliň. Olaryň köpüsi hakykatda özbaşdak hereket edýärler, ýöne hukuk taýdan az sanly döwletler tarapyndan goldanylyp, dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilmedik. GDA-nyň çäginde ol Prednestrowiýa Moldawiýa Respublikasy, Abhaziýa, Günorta Ose-

tiýa. Ýewropada bu Kosowa, Aziýada bu Demirgazyk Kipriň Türk Respublikasy, Azad Kaşmir, Afrikada Sahara Arap Demokratik Respublikasy.

Dünýäniň syýasy kartasynyň obýektleriniň ikinji toparyna özbaşdak dolandyrylmaýan territoriýalary girizmek bolar. Bu toparyň esasy bölegini entek koloniýa hökmünde saklanyp galan, syýasy we ykdysady taýdan özbaşdaklyga eýe bolmadyk territoriýalar düzýär. Häzirki wagtda BMG-niň kolonial sanawyna Beýik Britaniýanyň, Fransiýanyň, ABŞ-nyň we Täze Zelandiýanyň dolandyrmagy astynda bolan şeýle territoriýalaryň 16-sy girýär. Ýöne olaryň meýdany ýer şarynyň 0,2%-ini, ilatynyň bolsa – 0,00016%-ini düzýär.

## 1.3. Dünýä döwletleriniň döwlet gurluşynyň we dolandyrylyşynyň formalary

**Döwletiň meýdany we döwlet araçägi.** Ykdysady we durmuş geografiýanyň esasy düşünjeleriniň biri «Döwletiň meýdany» düşünjesidir. Ýurduň özbaşdaklygyna degişli ýer bölegine döwletiň territoriýasy diýilýär. Territoriýanyň düzümine ýerastyndaky baýlyklary bilen gury ýer bölegi, suwlary, şeýle hem gury ýeriň we suw üstündäki howa giňişligi girýär.

Suw meýdany içerki (milli) suwlary we territorial suwlar diýlip atlandyrylýan Dünýä okeanynyň böleginden, şeýle-de 12 deňiz mili (1 mil 1,6 km deň) aralykdaky ýurduň gury ýerine ýanaşýan suwlardan durýar.

Her bir döwlet ony beýleki döwletden aýyrýan gury ýer we deňiz araçäkleri bilen çäklendirilen territoriýa eýedir. Bu araçäkler geçmişde bolup geçen wakalar netijesinde taryhy taýdan emele gelipdir.

Halkara hukugy beýleki döwletiň araçäginiň bozulmagyny, esasan-da, gaýry territoriýalary güýç ulanmak bilen eýelemegi gadagan edýär. Döwletleriň arasyndaky ähli territorial jedeller diňe parahatçylyk ýollary bilen çözülmelidir. 1975-nji ýylda Helsinkidäki Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk boýunça Maslahatda döwletleriň arasynda Ikinji jahan urşundan soňra ýüze çykan araçäkleri ählumumy ykrar etmek we olaryň bozulmazlygy baradaky Düzgünnama kabul edildi.

**Döwlet gurluşy we döwlet dolandyrylyşy.** Özbaşdak ýurtlar döwleti guramagyň dürli görnüşlerine eýedirler. Olaryň iň möhümleriniň biri döwlet gurluşydyr. Islendik ýurduň döwlet gurluşy öňi bilen dolandyryş formasy (görnüşi) bilen häsiýetlendirilýär. Dolandyryş formalaryna esasan – respublika we monarhiýa degişlidir.

*Respublika* (latynça *res* – iş, *publicus* – jemgyýetçilik, umumyhalk) döwlet dolandyrylyşynyň formasy bolup, döwlet häkimiýetiniň ähli ýokary guramalary parlamentler – umumymilli wekilçilikli edaralar tarapyndan saýlanýar ýa-da döredilýär. Dolandyrylyşyň respublika formasy baryp antiki döwürde ýüze çykdy, ýöne täze we iň täze döwürlerde has giňden ýaýrady. Dünýäde kolonial ulgamyň dargamagy netijesinde azat bolan döwletleriň aglabasy respublika dolandyryş formasyny kabul etdiler. Netijede, 1991-nji ýylda dünýäde 127 respublika bardy, ýöne SSSR-iň we Ýugoslawiýanyň dargamagy bilen olaryň umumy sany 150-ä golaýlady. Bu bolsa häzirki zaman dünýäsinde ähli garaşsyz ýurtlaryň 4/5 böleginiň respublika dolandyryş formasynyň bardygyny aňladýar.

Respublika gurluşda kanun çykaryjy häkimiýet adatça, ýurduň ähli ilaty tarapyndan saýlanylýan parlamente, ýerine ýetiriji häkimiýet bolsa hökümýete degişlidir. Şunlukda *Prezident resbuplikasyny* (bu ýerde Prezident hökümýete ýolbaşçylyk edýär we oňa örän uly ygtyýarlyklar berilýär – ABŞ, Latyn Amerikasynyň birnäçe döwletleri) we *parlament respublikasyny* (bu ýerde Prezidentiň orny uly däl, hökümýete bolsa parlament tarapyndan saýlanylýan premýer ministr ýolbaşçylyk edýär – GFR, Italiýa, Hindistan) tapawutlandyrýarlar.

Döwlet dolandyrylyşynyň aýratyn formasy-sosialistik respublikasydyr. (Sosialistik rewolýusiýasy netijesinde käbir ýurtlarda ýüze çykdy). Oňa häzirki wagtda Hytaý, Wýetnam, LHDR, KHDR, Kuba degişlidir.

*Monarhiýa* (grekçe *monarchia* – ýeke-täk häkimlilik), döwlet gurluşynyň formasy bolup, onda ýokary döwlet häkimiýeti bir adama – monarha (karola, imperatora, soltana, emire we ş.m.) degişlidir we kada bolşy ýaly nesilden-nesile geçýär. Dolandyryşyň monarhiýa formasy gadymy döwürde ýüze çykdy, ýöne orta asyrlarda has giňden ýaýrady. Häzirki wagtda dünýäniň syýasy kartasynda 29 sany monarhiýa bar. Olaryň 13-si Aziýada, 12-si Ýewropada, 3-si Afrikada

we biri – Okeaniýada ýerleşýär (*4-nji tablisa*). Olaryň arasynda imperiýa, korollyklar, knýazlyklar, gersoglyklar, soltanlyklar, emirlikler we Watikan papa döwleti bar. Monarhiýalaryň bir görnüşi *teokratiki monarhiýalardyr*. Olarda dünýewi we dini häkimiýetiň baştutany bir adam (korol we başg.) bolýar. Şeýle monarhiýalara Watikandan başga-da, Saud Arabystany we Bruneý degişlidir.

*4-nji tablisa*

**Monarhiýa dolandyryş formaly dünýä döwletleri**

| **Döwletler** | **Dolandyryş formasy** | **Döwletler** | **Dolandyryş formasy** |
|---|---|---|---|
| ***Ýewropa*** | | | |
| Andorra | Knýazlyk | Lihtenşteýn | Knýazlyk |
| Belgiýa | Şalyk | Lýuksemburg | Beýik gersoglyk |
| Watikan | Teokratik monarhiýa | Monako | Knýazlyk |
| Beýik Britaniýa | Şalyk | Niderlandlar | Şalyk |
| Daniýa | Şalyk | Norwegiýa | Şalyk |
| Ispaniýa | Şalyk | Şwesiýa | Şalyk |
| ***Aziýa*** | | | |
| Bahreýn | Emirlik | Oman | Soltanlyk |
| Bruneý | Soltanlyk | Birleşen Arap Emirlikleri | Emirlik |
| Butan | Şalyk | Saud Arabystany | Şalyk |
| Iordaniýa | Şalyk | Tailand | Şalyk |
| Kambodža | Şalyk | Ýaponiýa | Imperiýa |
| Katar | Emirlik | Malaziýa | Soltanlyk |
| Kuweýt | Emirlik | | |
| ***Afrika*** | | ***Okeaniýa*** | |
| Lesoto | Şalyk | Tonga | Şalyk |
| Marokko | Şalyk | | |
| Swazilend | Şalyk | | |

Häzirki wagtda dünýäde bar bolan monarhiýalaryň esasy köplügi *konstitusion (parlamentli) monarhiýalardyr*. Olarda hakyky kanun çykaryjy häkimiýet – parlemente, ýerine ýetiriji häkimiýet bolsa – hökümýete degişlidir. Bu ýerde monarh formal taýdan ýurduň baştutany bolsa-da, ony dolandyrmaga gatnaşmaýar, ýagny ol «şalyk edýär», ýöne höküm sürmeýär (Beýik Britaniýa, Norwegiýa, Şwesiýa we başg.). Ýöne ýurtda monarhyň syýasy täsiri has görnükli bolup biler.

Konstitusion monarhiýalar bilen bir hatarda häzirki zaman syýasy kartasynda entek birnäçe *absolýut monarhiýalar* hem bar. Olarda hökümýet ýa-da beýleki häkimiýet guramalary diňe döwletiň baştutany hökmünde monarhyň öňünde jogapkärdirler, parlament bolsa kä halatlarda düýbünden bolmaýar ýa-da diňe maslahat beriji gurama bolup durýar (Saud Arabystany, Birleşen Arap Emirligi, Oman, Bruneý, Kuweýt we başg.).

Adatça monarhyň häkimiýeti ömürlikdir we nesilden-nesile geçýär. Ýöne käbir ýurtlarda mysal üçin, Malaziýada we Birleşen Arap Emirliginde monarhlar bäş ýyllyk möhletde saýlanylýar.

**Döwlet dolandyryşynyň görnüşleri.** Islendik döwleti häsiýetlendirmekde onuň döwlet gurluşy baradaky mesele uly ähmiýete eýe bolýar. Syýasy kartanyň möhüm düzüm bölegi – döwletleriň dolandyryş-çäk gurluşydyr. Dolandyryş-çäk gurluşynyň unitar we federatiw formasy tapawutlandyrylýar. Olaryň birinjisi has ir ýüze çykdy.

*Unitar döwlet* (latynça *unitas* – bitewilik) – bu merkezi häkimiýet guramalaryna tabyn bolan, döwlet özbaşdaklygynyň alamatlary bolmadyk dolandyryş-çäk birliklerinden durýan, bitewi, berkarar ýurtdur. Unitar döwletlerde adatça, bitewi kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýeti, dürli guramalaryň bitewi ulgamy, ýeke-täk umumy konstitusiýa hereket edýär. Şeýle gurluşly döwletler dünýäde esasy köplügi emele getirýär.

*Federasiýa* (latynça-soýuz, birleşme) döwlet gurluşynyň bir formasydyr. Federasiýalar territorial we milli alamatlary boýunça döredilýär. Bu bolsa, döwlet gurluşynyň häsiýetini, mazmunyny we düzümini (strukturasyny) kesgitleýär.

Olarda umumy konstitusiýa, bitewi döwlet häkimiýet edaralary hereket edýär, bitewi raýatlyk, pul birligi we ş.m. girizilýär. Ýöne

federasiýalaryň agzalarynyň hem kada bolşy ýaly, öz hususy konstitusiýasy, kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet guramalary bardyr. Meselem, ABŞ-da her bir ştatyň öz kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji guramalary bolup, olaryň gurluşy we wezipeleri şol ştatyň konstitusiýasy esasynda kesgitlenendir. Dürli ştatlarda kanunçylyk düýpli tapawutlanyp biler. Federatiw döwletleriň köpüsinde parlamentler iki palatadan durýar, olaryň biri dolandyryş-çäk birlikleriň (respublikalaryň, ştatlaryň, prowinsialaryň we ş.m.) wekilçiligini üpjün edýär. Meselem: ABŞ-da bu Senat, GFR-de Bundesrat, Hindistanda Ştatlaryň Soweti, Russiýada Federasiýalaryň Soweti.

Häzirki zaman syýasy kartada federatiw döwletleriň sany köp däl – jemi 25 sany. Dünýäniň uly sebitleri boýunça federatiw döwletler 5-nji tablisada görkezilýär. Şu ýerde federatiw gurluşy olaryň köpüsiniň resmi adynda şöhlelenýär.

*5-nji tablisa*

**Dünýäniň federatiw dolandyryş-çäk gurluşly döwletleri**

| Sebit | Döwlet |
|---|---|
| Ýewropa | Russiýa Federasiýasy, Awstriýa Respublikasy, Belgiýa Korollygy, Bosniýa we Gersegowina, Germaniýa Federatiw Respublikasy, Şweýsariýa Konfederasiýasy |
| Aziýa | Hindistan Respublikasy, Malaziýa, Mýanma Soýuzy, Birleşen Arap Emirlikleri, Pakistan Yslam Respublikasy, Nepal Fedaratiw Demokratik Respublikasy |
| Afrika | Komor adalarynyň Federatiw Yslam Respublikasy, Nigeriýa Federatiw Respublikasy, Efiýopiýa Federatiw Demokratik Respublikasy, Günorta-Afrika Respublikasy |
| Demirgazyk Amerika | Kanada, Amerikanyň Birleşen Ştatlary |
| Latyn Amerikasy | Argentina Respublikasy, Braziliýa Federatiw Respublikasy, Wenesuela Boliwar Respublikasy, Meksikanyň Birleşen Ştatlary, Sent-Kits we Newis Federasiýasy |
| Awstraliýa we Okeaniýa | Awstraliýa Soýuzy, Mikroneziýanyň Federatiw Ştatlary |

Konfederasiýa (latynça *kon* – bilelikde+federasiýa), özbaşdak döwletleriň umumy islegini üpjün etmek üçin döredilen wagtlaýyn hukuk bileleşigidir (soýuzy). Konfederasiýanyň agzalary içerki we daşarky işlerde özleriniň özbaşdaklyk hukuklaryny saklaýarlar. Taryhy taýdan konfederasiýa hökmünde Şweýsariýa döredildi, häzir ol resmi taýdan Şweýsariýa konfederasiýasy diýlip atlandyrylýar, hakykatda bolsa federasiýa bolup durýar.

## 1.4. Halkara guramalary

Biziň häzirki döwrümizde döwletleriň we halklaryň arasynda köptaraplaýyn gatnaşyklaryň pajarlap ösmeginde dürli halkara guramalarynyň işi uly ähmiýete eýedir. Şu gün olaryň sany 2,5 müňe golaýlaýar. Olar döwletleriň ýa-da hökümýete degişli däl häsiýetdäki syýasy, ykdysady, durmuşy, ylmy-tehniki we medeni meselelerde umumy maksada ýetmeklige gönükdirilen guramalaryň toplumy bolup durýar.

Häzirki zaman dünýäsinde iň köpçülikleýin halkara guramasy Birleşen Milletler Guramasydyr (BMG). Ähli özbaşdak döwletler onuň agzasydyr. Guramanyň ştab kwartirasy Nýu-Ýork şäherinde (ABŞ) ýerleşýär. Bu guramanyň esasy wezipesi – adamzat neslini uruşlaryň betbagtçylygyndan halas etmekdir, bu bolsa onuň Düzgünnamasynda görkezilýär. BMG-niň işiniň möhüm ugurlaryna kolonializme, adam hukugynyň gödek we köpçülikleýin bozulmalaryna garşy göreşmek, halkara ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmeklige ýardam etmek we ş.m. girýär.

BMG-niň çäginde köpsanly ýöriteleşdirilen edaralar hereket edýär. Bütindünýä saglygy saklaýyş guramasy (WOZ), Azyk we oba hojalyk guramasy (FAO), Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (UNESCO) BMG-niň abraýly guramalardyr.

Dünýäde Demirgazyk Atlantika şertnamasy guramasynyň (NATO) – harby-syýasy birleşmäniň, şeýle hem Ýewropa Bileleşiginiň (ÝB) – ykdysady we syýasy häsiýetdäki guramanyň möhüm orny bardyr.

Abraýly halkara guramalary hökmünde dünýäniň dürli böleklerinde döwletleriň uly sebit birleşmeleri hereket edýärler. Olaryň

esasy maksady öz agza ýurtlarynyň ykdysady ösüşini çaltlandyrmak, durmuş we medeni ösüşdir. Olaryň arasynda Afrika bitewiligi Guramasy, Amerika döwletleriniň Guramasy, Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň Assosiasiýasy, Aziýa-Ýuwaş okean ykdysady hyzmatdaşlyk Guramasy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy Guramasy (GDA), Özara Hyzmatdaşlyk Guramasy (EKO), Nebiti eksport ediji ýurtlaryň guramasy (OPEK), Şanhaý hyzmatdaşlyk Guramasy işjeň hereket edýärler.

# II bap
# Dünýäniň tebigy baýlyklarynyň geografiýasy

## 2.1. Tebigy baýlyklar we ykdysady ösüş

*Geografik gurşaw hakynda düşünje. Jemgyýet bilen tebigatyň arasynda «madda aýlanyşygy».* Tebigy gurşaw adamyň diňe bir ýaşaýan ýeri bolman, eýsem, onuň durmuşynda we önümçilik işinde zerur çig mal çeşmesidir. Adamzat jemgyýetiniň ösmegi ähli asyrlaryň dowamynda dürli tebigy baýlyklaryň ulanylmagy bilen baglanyşykly bolupdyr. Baýlyklaryň ulanylyş derejesi jemgyýetiň durmuş-ykdysady talaplaryna laýyklykda kesgitlenýär. Häzirki wagtda adamlar öz talaplaryny kanagatlandyrmak üçin öňki ýyllara garanyňda baýlyklaryň köp mukdaryny ulanmaga mejbur bolýarlar. Bu bolsa adamzadyň öňünde tebigaty goramak boýunça çylşyrymly meseleleri goýýar.

Adamzat jemgyýetiniň ösüşiniň bütin taryhy – bu onuň daşymyzy gurşap alýan tebigat bilen özara baglanyşygynyň taryhydyr, ýagny olaryň arasyndaky «madda çalşygydyr». Şonuň üçin tebigy baýlyklaryň geografiýasy, daşky gurşawyň hapalanmagy, daşky gurşawy goramak geografiýa ylmynyň meşgullanýan esasy meseleleriniň biridir. Şu ýerde «Geografik gurşaw», «Daşky gurşaw» we «Tebigatdan peýdalanmak» baradaky düşünjelere garap geçeliň.

Geografik gurşaw baradaky düşünje geografiýa ylmynyň iň esasylarynyň biridir. XIX asyryň ahyrlarynda fransuz geografy

E.Reklýu we onuň egindeşi rus alymy L.I.Meçnikow tarapyndan hödürlenilen bu düşünje mazmun taýdan kem-kemden çuňlaşdy we geografik gurşaw baradaky taglymatyň özenine öwrüldi.

*Geografik gurşaw diýlip, adamzat jemgyýetiniň öz durmuşynda we hojalyk işinde gönüden-göni özara täsir edýän ýeriň tebigatynyň bölegine aýdylýar.* Başgaça aýdylanda, ýeriň tebigatynyň adamyň ýaşaýşy we işi bilen gös-göni baglanyşykly bolan, adam tarapyndan özgerdilen, medeniýetleşdirilen bölegine *Geografik gurşaw* diýilýär. Şoňa görä-de adam işi bilen özgerdilen tebigy landşaftlara *medeni ýa-da antropogen landşaftlar* diýlip at berilýär. Alymlaryň hasaplamalaryna görä, häzirki wagtda şol landşaftlar gury ýeriň 1/2 böleginden gowragyny tutýar. Jemgyýetiň ykdysady taýdan ösüşiniň derejesi näçe ýokary bolsa, onuň geografik gurşawa täsiri şonça-da uly we dürli-dürli bolýar.

*Daşky gurşaw (ýa-da adamyň ýaşaýan gurşawy) – bu adamyň gönüden-göni we gytaklaýyn özara baglanyşykda bolýan tebigy, tebigy-antropogen we antropogen obýektleriň, hadysalaryň we prosesleriň jemidir.*

Degişlilikde daşky gurşaw özüne adamyň galtaşýan tebigy we önümçilik, durmuş, ýaşaýyş, medeni, informasion we beýleki gurşawlaryny birleşdirýär.

Adamzat jemgyýetiniň geografik gurşawa edýän ähli täsirleriniň jemi *tebigatdan peýdalanmagyň* esasy bolup durýar. Tebigatdan peýdalanmagyň möçberleri ozaly bilen her bir ýurduň ykdysady taýdan ösüşiniň umumy derejesine, onuň häsiýeti bolsa ep-esli derejede dowam edýän jemgyýetçilik gurluşyna baglydyr.

*Tebigatdan peýdalanmak – bu tebigy-baýlyk mümkinçilikleriň peýdalanylmagynyň ähli formalarynyň we ony gorap saklamak boýunça çäreleriň jemidir.*

Tebigatdan peýdalanmagyň birnäçe görnüşini (pudaklaryny): senagat, oba hojalyk, tokaý hojalyk, kommunikasion, ilatyň ýaýrawy, rekreasion we ş.m. tapawutlandyrmak kabul edilen. Şunlukda olaryň her biri intensiw ýa-da ekstensiw bolup biler.

Tebigatdan peýdalanmak şeýle hem *rasional (rejeli)* we *rasional däl (rejesiz)* görnüşe bölünýär. Tebigatdan *rejeli peýdalanmak* diýlip, tebigy şertleriň we baýlyklaryň tygşytly peýdalanylmagyna we olaryň

has netijeli köpelmeginiň üpjün edilmegine düşünilýär. Başgaça aýdylanda tebigatdan rejeli peýdalanmak: 1) tebigy gurşawy öwrenmegi, 2) özleşdirmegi, 3) goramagy, 4) üýtgetmegi öz içine alýar. Bu talaplaryň berjaý edilmezligi bolsa tebigatdan rejesiz peýdalanmagy aňladýar.

Tebigatdan peýdalanmagyň nazaryýet esaslaryna has çuňňur akyl ýetirmek üçin özara baglanyşykly iki meselä garap geçmek zerur. Olaryň birinjisi adamzat jemgyýetiniň daşky gurşawdan onuň baýlyklaryny alýanlygy, şeýlelik-de ony garyplaşdyrýanlygy we onuň deňagramlylygyny bozýanlygydyr. Munuň üçin diňe Ýeriň jümmüşinden her ýylda 300 mlrd t golaý mineral çig malyň gazylyp alynýanlygyny bellemek ýeterlik. Bu bolsa, adam başyna 46 t barabardyr. Ikinji mesele – adamzat jemgyýetiniň hemişe hojalyk işiniň galyndylaryny tebigata gaýtarýanlygy we ony hapalaýanlygydyr. Şu ýerden hem özara baglanyşykly ýene-de iki mesele ýüze çykýar: tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak, baýlyk üpjünçilik hem-de daşky gurşawy hapalanmakdan goramak meseleleri.

Soňky wagtlarda tebigy baýlyklaryň peýdalanylyşynyň, jemgyýet bilen tebigatyň arasynda «madda aýlanyşygynyň» möçberleri ägirt uly derejede artdy. Mysal üçin, soňky 30 ýylyň içinde dünýäde adamzadyň ondan öňki bütin taryhynda sarp edileni ýaly tebigy baýlyk harçlandy. Häzirki wagtda adamyň öz ýaşaýan ýerinde geografik gurşawa edýän täsirini Ýeriň tebigy güýçleriniň (geologiki, himiki, biologiki) täsiri bilen deňeşdireniňde, onuň has artýanlygy mese-mälim görünýär.

Ilatyň çalt artýan şertlerinde jemgyýet bilen tebigatyň arasynda «madda aýlanyşygynyň» şunuň ýaly giňelmegi baýlyk bilen üpjünçilik meselesini ýitileşdirdi. Şunlukda, gürrüň ozaly bilen energetik, mineral-çig mal, suw baýlyklary, şonuň ýaly-da azyk üpjünçiligi hakda barýar. Şol meseleleriň birentegi eýýäm bütindünýä möçberlerine ýetdi. Baýlyk üpjünçilik meseleleri bilen bir hatarda soňky onýyllyklarda ekologik meseleler, ýagny adamzat jemgyýetiniň özüniň ýaşaýan we işleýän gurşawyny goramak meseleleri hem ilkinji orna geçdi. Bu meseleler ozaly bilen senagat taýdan has ösen etraplarda we ýurtlarda adamyň geografik gurşawa täsiriniň artmagy netijesinde ýüze çykdy.

Ýüze çykarylan we gazylyp alnan tebigy baýlyklaryň köpüsi maddy önümçiligiň dürli pudaklary üçin çig mala öwrülýär. Öz geze-

ginde jemgyýetçilik önümçiligine çekilen we onda köp gezek täzeden üýtgedilen çig mal materiallary bolsa ykdysady baýlyklara öwrülýär. Şeýlelikde, olara zähmet täsir edilmegi netijesinde tebigatyň düzüm bölekleri biziň öňümizde zähmet, desga, maddy gymmatlyklar görnüşinde şekillenýär.

Adamyň tebigy baýlyklaryň dürli görnüşlerine bolan talaby hem birmeňzeş däldir. Meselem, adam bahasyna ýetip bolmajak baýlyk bolan kislorodsyz hatda birnäçe minut hem ýaşap bilmeýär, şol bir wagtyň özünde ýadro ýangyjynyň çeşmelerini – uran we plutoniý ulanmazdan müňlerçe ýyllaryň dowamynda oňupdyrlar. Tebigy baýlyklaryň özleşdirilmegi üçin çykdajylar hem dürli bolýar. Köp halatlarda tebigy baýlyklaryň, esasan-da barmasy kyn ýerlerdäki känleriň özleşdirmegi we ş.m. gymmatly tehnikalary we tehnologiýalary, uly maýa goýumlaryny talap edýär.

Dünýäniň häzirki zaman senagaty örän köp mukdarda çig mal sarp edýär. Onuň gymmaty (ýangyjyň we elektroenergiýanyň gymmaty hem goşulanda) senagat önümini öndürmekde jemi çykdajylaryň 75%-e golaýyny düzýär. Bu ýagdaý köp döwletleriň öňünde çig malyň esasy görnüşleri bilen üpjünçiligiň ýiti meselesini goýýar.

Şu temanyň mazmunyny doly açyp görkezmek üçin tebigy baýlyklar barada düşünjeden başlalyň. *Tebigy baýlyk diýlip, jemgyýetiň maddy we medeni talaplaryny kanagatlandyrmak üçin jemgyýetçilik önümçiligi prosesinde peýdalanylýan daşky gurşawyň tebigy komponentlerine düşünilýär. Has dar manyda, bu önümçilik prosesinde tebigatdan alynýan tebigy maddalar we güýçlerdir (meselem, gazma baýlyklary, suw energiýa baýlyklary we ş.m.).*

Indi bolsa tebigy baýlyklaryň klassifikasiýasy baradaky meselä seredip geçeliň. Şeýle mazmundaky birnäçe klassifikasiýany tapawutlandyrmak bolar, ýöne biz olaryň esasy üçüsini häsiýetlendirmek bilen çäkleneris.

1. *Gelip çykyşy, ýagny tebigy çeşmesi, genezisi boýunça tebigy baýlyklaryň klassifikasiýasy.* Şoňa baglylykda olary litosferanyň (mineral, ýer, toprak), gidrosferanyň (gury ýeriň we Dünýä okeanynyň suwlary, derýalaryň, daşgynlaryň we gaýtgynlaryň energiýasy), atmosferanyň (klimat baýlyklary, ýel energiýasy), biosferanyň (ösümlik we haýwanat dünýäsi) baýlyklaryna bölýärler. Şeýle klas-

sifikasiýanyň ýene-de bir görnüşi hökmünde tebigy baýlyklary mineral, suw, ýer, toprak baýlyklary, ösümlik we haýwanat dünýäsi, gün radiasiýasy, suwuň hereketi we ş.m. ýaly toparlara bölmek bolar.

2. *Tebigy baýlyklaryň adamyň hojalyk işinde peýdalanmak mümkinçiligi boýunça klassifikasiýasy.* Bu ýagdaýda senagat (mineral, suw, tokaý we başg.), oba hojalyk önümçiligi (agroklimatik, ýer, toprak, suw we başg.), ulaglar ulgamy, rekreasiýa we syýahatçylyk pudaklarynda peýdalanylýan baýlyklar barada gürrüň gidýär. Olara has böleklenen görnüşde – meselem, ýangyç-energetika, metallurgiýa, himiýa, agaç işläp bejerýän, dokma senagaty, gurluşyk pudagy üçin baýlyklar hökmünde garamak hem bolar.

3. *Tebigy baýlyklaryň tükenmek (gutarmak) derejesi boýunça klassifikasiýasy.* Bu babatda olary 2 uly topara – tükenýän we tükenmeýän baýlyklara bölýärler. Tükenýän baýlyklaryň toparynda hojalyk taýdan peýdalanylmagy netijesinde olaryň azalmagyna, hatda gutarmagyna getirip biljek ýagdaýy göz öňünde tutup, öz gezeginde dikeldip bolýan hem-de dikeldip bolmaýan baýlyklara bölýärler. Dikeldip bolýan baýlyklar maddalaryň biosfera aýlanyşygynyň çäginde bolup, öz-özünden dikelmek häsiýetine eýedir. Olara häzirki döwürde we geljekde tükenmek howpy abanmaýan baýlyklar girýär. Meselem, gün energiýasy, dürli hasaplamalara görä adamzadyň häzirki zerurlygyndan 20 müň esse artykdyr.

Tebigy baýlyklaryň geografiýasyna häsiýetnama bermek üçin ýene-de bir möhüm düşünjäniň üstünde – tebigy baýlyk üpjünçiligi barada durup geçeliň.

Dünýä ýurtlarynda tebigy baýlyklar bilen üpjünçilik derejesinde uly tapawutlar bar. Tebigy baýlyklar bilen üpjünçilik görkezijisi – bu ätiýaçlyklaryň ululygynyň we olaryň ulanylyş möçberiniň arasyndaky gatnaşykdyr. Dünýä hojalygynyň we zähmetiň halkara bölünişiginiň çylşyrymly ulgamynda ykdysady taýdan ösen ýurtlar esasan ulanyjy, ösýän döwletler bolsa öndüriji we tebigy baýlyklary (mineral, tokaý we beýlekiler) eksport ediji hökmünde çykyş edýärler. Şeýle «ýöriteleşmäni», birinjiden, dünýä ýurtlarynyň taryhy we durmuş-ykdysady ösüşiniň derejesi; ikinjiden, ýer şarynda tebigy baýlyklaryň köp görnüşleriniň ýerleşiş aýratynlyklary bilen düşündirmek bolýar.

Baýlyk üpjünçiligini birnäçe usulda hasaplaýarlar. Tükenýän mineral baýlyklary üçin olaryň barlanan (hakyky, tassyklanan) gorlarynyň häzirki gazylyp alynýan depgininde näçe ýyla ýetjekligi hasaplanylýar. Dikeldilýän baýlyklaryň möçberi bolsa adam başyna hasaplamak bilen kesgitlenýär. Meýdan-çäkler derejesinde baýlyk üpjünçilik barada aýdylanda, onda, adatça olary: 1) dünýä, 2) sebit we 3) döwlet möçberindäki üç derejä bölýärler.

Dünýä derejesi örän möhüm hasaplanylýar. Siz dünýäniň hakyky nebit gorlarynyň jemi 55 ýyla ýetjekdigini, sürülýän ýerleriň jan başyna hasaplananda häzir bary-ýogy 0,2 ga barabardygyny, tokaýly ýerleriň bolsa 0,6 ga deňdigini doly göz öňüne getirmelisiňiz. Ýöne sebit derejesi hem geograflar üçin möhümdir. Meselem, Günorta-Günbatar Aziýa nebite örän baý, ýöne suw energiýasyna, has hem tokaý baýlyklaryna örän garypdyr. Tersine, Günorta Amerika bolsa, suw energiýasyna we tokaý baýlyklaryna örän baý hasaplanylýar.

Aýry-aýry döwletleriň arasynda baýlyk üpjünçilik has hem tapawutlydyr. Örän uly territoriýalary eýeleýän döwletleriň has uly tebigy baýlyklara eýedigine göz ýetirmek kyn däl. Kiçi döwletler haýsy hem bolsa tebigy baýlyklaryň bir görnüşi (meselem, Pars aýlagynyň ýurtlary üçin nebit gorlary) bilen tapawutlanýarlar. Şol sebäpli-de, belli bir derejede şertleýin hem bolsa, baýlyk üpjünçilik boýunça dünýä döwletlerini 3 topara bölmek bolar.

Birinji topary tebigy baýlyk mümkinçiligi uly bolan ýurtlar düzýär. Olara mysal hökmünde Kanadany, Awstraliýany, Russiýany görkezmek bolar.

Ikinji topara tebigy baýlyk üpjünçiligi umuman, oňat bolan ýurtlar girýär. Olar hem tebigy baýlyklaryň uly gorlaryna eýedirler, ýöne baýlyklaryň käbir görnüşlerini daşyndan getirmäge mejbur bolýarlar (ABŞ, Hytaý, Braziliýa).

Üçünji topary tebigy baýlyklaryň ýetmezçilik edýän ýurtlary döredýärler. Olaryň sany has köpdür. Kada bolşy ýaly, olar meýdany boýunça uly bolmadyk döwletler bolup, ýokarda agzalan iki toparyň ýurtlaryndan tebigy baýlyklaryň möçberi, görnüş köpdürlüligi boýunça has yza galýarlar we öz zerurlyklaryny, esasan, dünýä bazarynyň (daşyndan getirmegiň) hasabyna üpjün edýärler. Şeýle ýurtlara mysal hökmünde Ýaponiýany, Koreýa Respublikasyny, Italiýany we ş.m. görkezmek bolar.

3. Sargyt №2701

## 2.2. Dünýäniň tebigy baýlyklarynyň geografiýasy. Mineral baýlyklary

Durmuş-ykdysady geografiýada tebigy baýlyklary häsiýetlendirmek adatça mineral baýlyklardan (gazma baýlyklardan) başlanýar. Adamlaryň, baryp has gadymy döwürlerde gazma baýlyklary peýdalanmaklygy öwrenendikleri barada adamzat ösüşiniň daş, bürünç, demir asyrlary ýaly eýýamlaryň atlary şaýatlyk edýär. Eger-de Orta asyrlar döwründe ýer gabygyndan mineral çig mallaryň diňe XVIII–XIX asyrda 47 görnüşi alnan bolsa, onda biziň günlerimizde geolog, akademik A.E.Fersmanyň obrazlaýyn aňlatmasy boýunça «Adamzadyň aýagynyň astynda Mendeleýewiň bütin periodik sistemasy düşelendir». Has takygy mineral baýlyklaryň 200-den gowrak görnüşi peýdalanylýar. Olary 3 uly topara: 1) ýangyç (ýanyjy), 2) magdan (metal), 3) magdan däl baýlyklara bölmek kabul edilendir.

Mineral baýlyklaryň arasynda ýangyç serişdeleriniň has uly ähmiýete eýedigini aýtsak ýalňyşmarys. Olaryň häsiýetnamasy adatça mukdar taýdan baha bermekden başlanýar, şunlukda Siz baha bermegiň dürli derejeleri barada gürrüň gidýänligini hasaba almalysyňyz. Häzirki wagtda dünýäniň ýangyç baýlyklarynyň umumy geologiki gorlaryna 5,5 trln t şertli ýangyç möçberinde baha berilýär, barlanan (ýüze çykarylan) gorlary bolsa 1,2 trln t şertli ýangyja barabar hasaplanylýar. Ondan başga-da kömrüň, nebitiň, tebigy gazyň barlanan gorlary barada takyk maglumatlary bilmek möhümdir. Kömrüň gorlary 1 trln t, nebit 105 mlrd t, tebigy gaz bolsa 198 tlrn $m^3$ barabardyr.

Mukdar taýdan baha bermek bilen ýangyç baýlyklarynyň geografiýasyna ýüzlenmek hem aýratyn gyzyklanma döredýär. Ilkibaşda ony global (dünýä) derejesinde derňäp, umuman bu baýlyklaryň ýer gabygynda giňden ýaýrandygyny görkezmek bolar. Meselem, kömür ýataklarynyň hem-de känleriniň 3,3 müňe golaýy bolup, olar gury ýeriň 15%-e barabar bölegini eýeleýärler we 80-den gowrak döwletde ýerleşýärler. Dünýäde nebit-gazly ýataklaryň sany 600-den gowrak, känler bolsa 50 müňe ýetýär, şunlukda nebit we gaz babatda geljegi uly meýdan-çäkler 100-den gowrak döwletde bar.

Şol bir wagtyň özünde Ýer şarynyň uly sebitleri boýunça (ikinji dereje) tebigy baýlyklaryň ýerleşişini endigan hasap etmek bolmaz.

Dünýäde kömrüň barlanan gorlary boýunça Demirgazyk Amerika (dünýä gorunyň 26%-i), GDA ýurtlary (23%) we Aziýa (21,5%), nebitiň gorlary boýunça Aziýa (52%), tebigy gazyň gorlary boýunça Aziýa (42%) we GDA ýurtlary (40%) has tapawutlanýarlar (*6-njy tablisa*).

*6-njy tablisa*

**Dünýäniň iri sebitleri boýunça ýangyç baýlyklarynyň anyklanan (barlanan) gorlary, 2013 ý.**

| Sebit | Kömür, mlrd t | Nebit, mlrd t | Tebigy gaz, trln $m^3$ |
|---|---|---|---|
| GDA-nyň ýurtlary | 230 | 32,8 | 79,0 |
| Ýewropa | 125 | 2,7 | 6,0 |
| Aziýa | 215 | 106,2 | 82,5 |
| Afrika | 55 | 15,1 | 13,0 |
| Demirgazyk Amerika | 260 | 31,3 | 7,0 |
| Latyn Amerikasy | 30 | 16,7 | 7,5 |
| Awstraliýa we Okeaniýa | 85 | 0,2 | 3,0 |
| Dünýä boýunça | 1000 | 205,0 | 198,0 |

**Çeşme:** INTERNET maglumatlary.

Üçünji, döwlet derejesindäki üpjünçilik barada aýdylanda, ýokarda görkezilen iri sebitleriň üçüsinde dünýäniň ýangyja iň baý ýurtlary ýerleşmelidir. Ýönekeý hasaplamalar boýunça kömrüň barlanan dünýä gorlarynyň ýarysyndan gowragy ABŞ-nyň, Russiýanyň, Hytaýyň we Awstraliýanyň, dünýäniň nebit gorunyň 2/5 bölegi Saud Arabystanynyň, Kanadanyň, Wenesuelanyň we Eýranyň, tebigy gazyň gorlarynyň 2/3 bölegi Russiýanyň, Eýranyň, Kataryň we Türkmenistanyň paýyna düşýär. Ýangyç baýlyklarynyň gorlary boýunça dünýäniň öňdebaryjy döwletlerini 7-nji tablisadan görmek bolýar.

Ýokarda ady agzalan ýurtlaryň şeýle artykmaçlygyny dürli sebäpler bilen düşündirmek bolar, ýöne olaryň ýangyç baýlyklaryna örän baýdygy aýgytlaýjy ähmiýete eýedir. Meselem, dünýäniň ýüze çykarylan kömür ýataklarynyň iň ululary hut ABŞ-da (Illinoýs, Appalaç), Russiýada (Kansk-Açinsk, Kuznesk) we Hytaýda (Ordos) ýerleşýärler. Şonuň ýaly hem örän uly nebit-gazly ýataklar Pars aýlagynyň ýurtlaryna Russiýa şeýle-de Türkmenistana degişlidir.


150°
120°
90°
60°
0°
30°
0°
ÝANGYÇ KÄNLERI
Nebit
Tebigy gaz
Daş kömür
Goňur kömür
METAL MAGDAN KÄNLERI
Kümüş magdany
Polimetallar
Galaýy
Sürma
Simap
Altyn
Platina
Uran
Demir
Marganes
Hrom
Titan
Nikel
Kobalt
Molibden
Alýuminiý
Wolfram




**1-nji surat.** Dünýäniň gazma baýlyklarynyň kartasy

*7-nji tablisa*

**Dünýä ýurtlarynda nebitiň, gazyň hem-de kömrüň gorlary, 2013 ý.**

| Nebit | | Tebigy gaz | | Kömür | |
|---|---|---|---|---|---|
| **Ýurtlar** | **Gorlary, mln t** | **Ýurtlar** | **Gorlary, trln $m^3$** | **Ýurtlar** | **Gorlary, mln t** |
| Saud Arabystany | 36300 | Russiýa | 43300 | ABŞ | 238308 |
| Eýran | 18900 | Eýran | 29610 | Russiýa | 157010 |
| Yrak | 15500 | Katar | 25460 | Hytaý | 114500 |
| Kuweýt | 14000 | Türkmenistan | 23000 | Awstraliýa | 76200 |
| Wenesuela | 14300 | Saud Arabystany | 7570 | Hindistan | 58600 |
| BAE | 13000 | ABŞ | 6730 | Ukraina | 33873 |
| Türkmenistan | 12500 | BAE | 6430 | GAR | 30408 |
| Russiýa | 10800 | Nigeriýa | 5220 | Gazagystan | 31300 |
| Liwiýa | 5700 | Wenesuela | 4840 | Polşa | 7502 |
| Gazagystan | 5300 | Alžir | 4500 | Braziliýa | 7059 |
| Nigeriýa | 4900 | Indoneziýa | 3180 | Kolumbiýa | 6814 |
| Kanada | 4400 | Yrak | 3170 | Germaniýa | 6708 |
| ABŞ | 3700 | Norwegiýa | 2910 | Kanada | 6578 |
| Katar | 2900 | Awstraliýa | 2510 | Çehiýa | 4501 |
| Hytaý | 2100 | Hytaý | 2460 | Indoneziýa | 4328 |

**Çeşme:** INTERNET maglumatlary.

Magdan (metal) gazma baýlyklary ýer gabygynda ýangyç baýlyklaryndan hem giň ýaýrandyr. Bu ýagdaý olaryň genetiki taýdan diňe bir çökündi jynslar bilen däl-de, eýsem, kristalliki jynslar bilen baglanyşyklydygyndan ýüze çykýar (Baltika we Kanada şitlerini ýada salyň). Magdan baýlyklary üçin hem guşaklyklar boýunça ýaýraw häsiýetlidir. Ýer gabygynda Alp-Gimalaý we duga şekilinde 30 müň km uzalyp gidýän Ýuwaş okean metallogeniki guşaklyklary barada siz fiziki-geografik derslerinden bilýänsiňiz. Bu guşaklyklaryň ikisi hem ýer gabygynyň çuň döwülmeleri bilen baglanyşykly bolup, Alp orogenezi döwründe emele gelipdirler. Şonuň üçin magdan gazma

baýlyklarynyň esasy ojaklaryny, ilki bilen, hut olaryň çäklerinden gözlemek gerek. Meselem, Hindistanda demir, Malaziýada galaýy, Çilide mis magdanlary köp.

Gara we reňkli metallara baha berilende olaryň käbir aýratynlyklaryny hasaba almalydyr. Birinjiden, olaryň ýüze çykarylan gorlarynyň möçberi köp halatlarda, milliard, onlarça million we million tonnalar bilen hasaplanylýar. Ikinjiden, bu magdanlarda peýdaly komponentleriň möçberi 1%-den 60–70%-e çenli ýetip biler. Düzüminde peýdaly komponentleriň az bolan ýagdaýynda olaryň gorlaryna magdanyň umumy möçberi boýunça däl-de, eýsem, onuň düzümindäki ýaramly komponentleri boýunça baha berilýändigi düşnüklidir. Üçünjiden, magdan baýlyklarynyň görnüş toplumy ýangyç baýlyklarynyňka garanyňda has giňdir – olaryň takmynan 35 görnüşi hasaba alnan. Iň bolmanda gara metallardan demir, marganes, hrom magdanlaryny, legirlenýän metallardan titan, wanadiý, nikel, kobalt magdanlaryny, reňkli we ýeňil metallardan alýuminiý, magniý, mis, gurşun, sink, wismut magdanlaryny, gymmat bahaly metallardan altyn, kümüş, platina magdanlaryny ýada salmak ýeterlikdir. Şu sebäpli biz olara aýratyn alnan mysallar bilen häsiýetnama bereris.

Birinji mysal hökmünde ýer gabygynda giňden ýaýran demir magdanlaryny görkezmek bolar. Olaryň bütindünýä boýunça geologik gorlary 350 mlrd t hasap edilýär we esasan, GDA ýurtlarynda, Demirgazyk we Latyn Amerikasy, Aziýa ýurtlarynda jemlenendir. Demir magdanynyň anyklanan gorlaryna bolsa 165 mlrd t möçberinde baha berilýär we 100-den gowrak döwletde ýaýrandyr. Ýöne bu magdanyň gorlarynyň ulylygy boýunça Russiýa, Braziliýa, Awstraliýa, Ukraina, Hytaý öňdäki 5-ligi düzýärler.

Ikinji mysal hökmünde ýer gabygynda örän giňden ýaýran boksitleri – alýuminiý önümçiligi üçin esasy çig maly saýlap almak bolar. Boksitleriň ýüze çykarylan gorlary 20 mlrd t barabar. Dünýädäki esasy boksite baý sebitleriň hataryna Afrikada Gwineýa (ähli gorlaryň 1/3 bölegi), Awstraliýada Demirgazyk, Merkezi Amerikada Karib, Ýewropada Ortaýer deňiz prowinsiýalary girýärler.

Metal baýlyklara ýer gabygynda giňden ýaýran uran magdany hem degişlidir. Ýöne düzüminde peýdaly komponentleriň möçberi 0,1%-den az bolmadyk känleri işlemek ykdysady taýdan amatlydyr.

Şeýle ýagdaýda 1 kg uran konsentraty 80 amerikan dollaryna golaý baha düşýär. Uranyň şeýle düzümdäki gorlary 3,5 mln t deňdir. Onuň gorlary boýunça ilkinji 5-lige Awstraliýa, Gazagystan, Russiýa, Kanada we GAR girýärler. Kanada-da magdandaky uranyň mukdary 10%-e, Awstraliýada bolsa 0,5%-e barabardyr.

Üçünji topara *magdan däl gazma baýlyklary* girýärler. Biz olara jikme-jik garap geçmekçi däl. Diňe baýlyklaryň möçberi boýunça olaryň arasynda nahar we kaliý duzlarynyň, fosforitleriň, kükürtiň tapawutlanýandygyny bellemegi ýeterlik hasap edýäris.

Mineral baýlyklaryň häsiýetnamasyny tamamlamak üçin ýene-de birnäçe meselä gysgaça seredip geçeliň.

Birinjiden, bu baýlyklar ykdysady taýdan ösen we ösýän döwletleriň arasynda nähili paýlanylýar? Ykdysady taýdan ösen döwletler kömrüň, demir, marganes we hrom magdanlarynyň, polimetallaryň, uranyň, altynyň ýüze çykarylan gorlary boýunça öňde durýarlar. Ösýän döwletler-de bolsa nebitiň, tebigy gazyň, boksitleriň, mis, galaýy, wolfram magdanlarynyň, almazyň gorlary has uludyr.

Ikinjiden, mineral baýlyklaryň möhüm görnüşleri bilen adamzadyň üpjünçiligi nähili? Eger-de diňe ýüze çykarylan gorlary hasaba alsaň, onda gazma baýlyklaryň köp görnüşleri boýunça bu görkeziji uly bolup bilmez. Meselem, nebit, tebigy gaz, mis, sink, gurşun, galaýy, wolfram magdanlary boýunça üpjünçilik 60 ýyldan azrak. Munuň özi hem gazyp almagyň häzirki derejesinde şeýle. Eger-de adamzadyň isleginiň hemişe artýanlygyny hasaba alsaň, onda ol has-da ujypsyz bolar.

Şu ýerden mineral baýlyklaryň möçberini nähili artdyrmak mümkin diýlen sorag ýüze çykýar. Umuman, baýlyklary artdyrmagyň iki ugruny görkezmek bolar. Birinjisi – gazma baýlyklaryny gözlemegiň «çuňluk» boýunça ösdürilmegi, meselem, nebit we gaz skwažinalary 5–7 müň m we ondan hem çuňluklara gidýär. Bu ugur esasan, Ýewropanyň, Russiýanyň, Ukrainanyň, ABŞ-nyň köne dag-magdan etraplary üçin häsiýetlidir. Bu ýerlerde ýer gabygynyň ýokarky gatlaklarynda ýerleşýän gazma baýlyklaryň ýataklary we känleri örän güýçli dargadylan we gutarnykly işlenilen. Ikinji ugur – «giňişlik» boýunça gözleg işleriniň ýaýbaňlandyrylmagy. Bu ugur täze özleşdirilýän sebitler– Russiýanyň Aziýa bölegi, Kanada, Awstraliýa, Braziliýa, Hytaýyň günbatar bölekleri we ş.m. üçin häsiýetlidir.

## 2.3. Ýer (toprak) baýlyklary

Ýer baýlyklaryna häsiýetnama bermeklige geçmek bilen ýeriň özboluşly köp taraplaýyn baýlykdygyndan ugur almalydyrys. Sebäbi adamyň hojalyk işini, şeýle-de durmuşyny onsuz göz öňüne getirmek mümkin däl.

Ýer baýlyklaryna baha bermekde esas beriji düşünje ýer gorudyr (fondudyr). Bütindünýäniň ýer gory 134 mln $km^2$ ýa-da 13,4 mlrd ga barabar. Ýer gorunyň düzüminde oba hojalykda peýdalanylýan ýerler 5 mlrd ga ýa-da dünýäniň ähli ýer gorunyň 37,9%-i tutýar (*8-nji tablisa*). Şol sanda sürülýän ýerler 11%-e golaý, öri meýdanlar bolsa 26%-e barabar. Tokaýlar ähli ýer gorunyň 30,3%-ni eýeleýärler. Adamyň durmuşy we hojalyk işi üçin doly ýa-da kem-käsleýin ýaramsyz ýerler ähli ýer gorunyň 1/3 bölegini düzýär.

*8-nji tablisa*

**Dünýäniň ýer gorunyň (fondunyň) möçberi we düzümi, 2013 ý.**

| Ýerleriň esasy kategoriýalary | mln ga | % |
|---|---|---|
| Oba hojalygynda peýdalanylýan ýerler | 4931,9 | 37,9 |
| şol sanda: | | |
| Sürülýän ýerler | 1411,1 | 10,8 |
| Köpýyllyk ekinleriň meýdanlary | 142,6 | 1,1 |
| Öri meýdanlary | 3378,2 | 26,0 |
| Tokaýlar | 3937,3 | 30,3 |
| Ilatly ýerler, senagat kärhanalarynyň we ulag ýollarynyň tutýan ýerleri | 450 | 0,4 |
| Beýleki ýerler | 4090 | 31,4 |
| **Hemmesi** | **13409,2** | **100** |

**Çeşme:** INTERNET maglumatlary.

Sebit derejesinde bu görkezijiler örän tapawutlydyr. Sürülýän ýerleriň möçberi Ýewropada we Aziýada, çemenlikler we öri meýdanlary – Awstraliýada we Afrikada, tokaýlaryň tutýan meýdanlary – Günorta Amerikada we Aziýada, az önümli we pes hasylly ýerler – Aziýada, Demirgazyk Amerikada, Afrikada dünýä boýunça ortaça

görkezijilerden has ýokarydyr (*9-njy tablisa*). Bu babatda aýry-aýry ýurtlaryň arasyndaky tapawudyň has hem uludygyny bellemek gerek. Meselem, Daniýada, Hindistanda we Bangladeşde sürülýän ýerler ähli ýer gorunyň 55%-den geçýär, Mongoliýada bolsa ähli ýerleriň 75%-ni öri meýdanlary tutýar. Meýdanynyň esasy bölegi Sahara çölüniň çäginde ýerleşýän Liwiýada ýer gorunyň 90%-inden gowragy az önümli we pes hasylly ýerlere degişlidir.

Umuman, dünýäniň ýer gorunyň düzümi üýtgewsiz galmaýar. Şunlukda oňa biri-birine garşylykly iki hadysa öz täsirini ýetirýär.

Bir tarapdan ýüzlerçe, hatda müňlerçe ýyllaryň dowamynda adamlar ýaşamak we oba hojalygynda peýdalanmak üçin ýaramly ýerleriň meýdanyny artdyrmaga çalşypdyrlar. Ilkinji nobatda bu ekerançylyk ýerleriniň tokaý meýdanlaryna tarap süýşmegini aňladýar. Netijede, diňe XX asyrda dünýäde işläp bejerilýän meýdanlar 2 esseden hem artdy. Tarp ýerleriň uly giňişlikleri Russiýada, Gazagystanda, Kanada-da, ABŞ-da, Awstraliýada, Braziliýada, Hytaýda özleşdirildi.

*9-njy tablisa*

**Dünýä sebitleriniň ýer baýlyklary, 2013 ý.**

| **Sebitler** | **Ýer baýlyklarynyň meýdany, mln km²** | **Ilatyň jan başyna düşýän ýer baýlyklarynyň möçberi, ga** | **Dünýäniň ýer gorundaky paýy,%** | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | **Ýer gory** | **Sürülýän ýerler** | **Çemenlikler we öri meýdanlar** | **Tokaýlar** | **Beýleki ýerler** |
| Ýewropa | 10,7 | 1,5 | 8 | 27 | 16 | 10 | 16 |
| Aziýa | 44,3 | 1,4 | 33 | 32 | 18 | 28 | 34 |
| Afrika | 30,3 | 6,4 | 23 | 15 | 24 | 18 | 22 |
| Demirgazyk Amerika | 22,5 | 6,1 | 17 | 15 | 10 | 17 | 14 |
| Günorta Amerika | 17,8 | 7,3 | 13 | 8 | 17 | 24 | 9 |
| Awstraliýa we Okeaniýa | 8,5 | 37,0 | 6 | 3 | 15 | 3 | 5 |
| Dünýä boýunça | 134,0 | 3,0 | 100 | 100 | 100 | 100 | 100 |

**Çeşme:** INTERNET maglumatlary.

Beýleki tarapdan soňky döwürlerde, has hem XX asyryň II ýarymynda ýer (toprak) baýlyklarynyň sandan çykmak (zaýalanmak) hadysasy güýçlendi. Häzirki wagtda dünýäde ähli sürülýän ýerleriň 2/3 bölegi ýokary we aram derejede sandan çykmaklyga sezewar bolandyr. Onuň esasy sebäbi topragyň ýuwulmagydyr. Şonuň netijesinde her ýylda oba hojalyk aýlanyşygyndan ýerleriň 6-7 mln ga bölegi aýrylýar. Örän giň meýdanlary tutýan gurak guşaklykda bolsa, ýerleriň sandan çykmagynyň esasy sebäbi çölleşme hadysasydyr. Häzirki günde ýerleriň 10 mln km$^2$ golaýyna şeýle howp abanýar. Anropogen çölleşme şertlerinde dünýäniň 100-e golaý döwletinde 1 mlrd töweregi adam ýaşaýar.

Senagat we ulag desgalarynyň gurluşygy, şeýle-de gazma baýlyklarynyň känlerini özleşdirmek üçin ýerleriň oba hojalyk aýlanyşygyndan aýrylmagynyň barha çalt artýandygyny hem ýatdan çykarmaly däldir. Umuman, dag-magdan işleri netijesinde bozulan ýerleriň meýdany dünýä boýunça 12-15 mln ga ýetýär.

Alymlaryň hasaplamalaryna görä, soňky döwürde ýer baýlyklarynyň sandan çykmak hadysasy has çalt depginlerde bolup geçýär. Netijede, ýer baýlyklary bilen üpjünçiligiň derejesi peselýär. Eger-de ähli ýer baýlyklary boýunça üpjünçilikden ugur alsak, onda hakyky ýagdaýy görmek bolar. Az ilatlaşan Awstraliýada adam başyna 37 ga, GDA, Demirgazyk we Günorta Amerika sebitlerinde 6-8 ga düşýär. Aýry-aýry ýurtlardan bolsa Russiýa, Braziliýa, Kongo Demokratik Respublikasy, ABŞ, Argentina, Türkmenistan ýer baýlyklary bilen has gowy üpjündir.

Şu ýerde ýokary hasylly sürülýän ýerler bilen üpjünçilik barada aýdylsa maksada laýyk bolar. Dünýä boýunça üpjünçilik görkezijisi XX asyryň ortalarynda jan başyna 0,5 ga-dan XXI asyryň başlaryna 0,2 ga çenli azaldy. Bu babatda Awstraliýa (2,6 ga), GDA (0,8 ga) we Demirgazyk Amerika ýurtlary (0,6 ga) oňat mümkinçiliklere eýedir. Has pes görkezijiler bolsa Gündogar Aziýada (0,1 ga), Günorta Aziýada we Günbatar Ýewropada (0,2 ga) görünýär. Aýry-aýry ýurtlardan (Awstraliýadan başga) Türkmenistan, Gazagystan we Kanada (1,5 ga-dan ýokary), Russiýa, Ukraina we ABŞ (0,6-0,8 ga) öňde barýarlar, sanawyň iň soňunda bolsa 0,03-0,07 ga aralygyndaky görkezijiler bilen Niderlandlar, Ýaponiýa, Ýegipet, Wýetnam, Bangladeş, Hytaý ýerleşýärler.

## 2.4. Gury ýeriň suw baýlyklary

Süýji suwuň gorlary Ýer şarynda tutuş gidrosferanyň bary-ýogy 2,5%-ini düzýän hem bolsa, olar 35 mln km$^3$ ýetýändir. Bu san Baýkal ýaly kölleriň 1500 sanysynyň göwrümine deňdir. Emma bu goruň 70%-i diýen ýaly Antarktidanyň we Grenlandiýanyň buz örtüklerinde, Arktikanyň buzlarynda we dag buzluklarynda «gaplanandyr». Galan 30% bolsa ýerasty suwlaryň paýyna düşýär, şonuň üçin ony uly bolmadyk möçberde peýdalanmak mümkin. Şunlukda, derýalaryň, kölleriň, batgalyklaryň, atmosferanyň *elýeterli süýji suwy* Ýer şaryndaky süýji suwuň bary-ýogy 0,3%-ini düzýär.

Süýji suwlaryň esasy bölegini düzýän derýalaryň akar suwlary *hakyky elýeterli suw baýlyklary* hasaplanylýar. Olaryň umumy göwrümi örän ujypsyz – bary-ýogy 2,1 müň km$^3$. Ýöne, suwuň bu göwrüminiň ýylda ortaça 23 gezek täzelenýänligi sebäpli, derýa suwlarynyň hakyky elýeterli möçberi 48 müň km$^3$ çenli artýar.

Indi süýji suwlaryň dünýä goruna mukdar taýdan baha bermekden, olaryň geografiýasyna geçeliň. Eger-de dünýäniň iri sebitlerini göz öňünde tutsak, onda süýji suwlaryň umumy gorlary boýunça GDA ýurtlary, Aziýa, Latyn we Demirgazyk Amerika, aýratyn alnan döwletlerden bolsa, bu görkeziji boýunça ilkinji nobatda Beýik Sibir derýalarynyň we Baýkal kölüniň hasabyna dünýäde birinji orny eýeleýän Russiýa tapawutlanýar. Eger-de diňe derýa akymlarynyň suwlaryny hasaba alsaň, onda Aziýa we Latyn Amerikasy ýurtlary öňe çykýarlar.

Ýokarda adamzadyň peýdalanmagy üçin tebigatda bar bolan süýji suw baýlyklary barada aýdylýar. Ýöne durmuş-ykdysady geografiýanyň nukdaýnazaryndan bu ýeterlik däl. Mundan başga-da, suw sarp edilişiniň möçberini hasaba almak zerur, ol bolsa hemişe artýar. Diňe XX asyrda dünýäde suwuň sarp edilişi birnäçe gezek artdy we häzirki wagtda takmynan 6 müň km$^3$ barabardyr. Käbir hünärmenleriň pikirine görä, häzirki günde biziň planetamyzda elýeterli bolan süýji suwuň ýarysyna golaýy peýdalanylýar. Şunlukda onuň 70%-i oba hojalygynyň hajatlary üçin sarp edilýär we dolanmasyz ýitýär. Senagat we jemagat hojalygynda hem suwuň sarp edilişi ýokarydyr.

Dünýäniň iri sebitleri boýunça suwuň sarp edilişi hem örän tapawutlydyr. Bu babatda, birinji orny Aziýa eýeleýär. Bu sebitde suwuň sarp edilişi oba hojalygynda has ýokarydyr, ýöne käbir ýurtlaryň (Hytaý, Ýaponiýa) senagatynda hem bu görkezijiniň möçberi artýar. Oba hojalygynda suwuň peýdalanylyşy Afrikada, Awstraliýa we Okeaniýada, Latyn Amerikasynyň käbir böleklerinde hem ýokarydyr.

*10-njy tablisa*

**Dünýäniň käbir ýurtlarynda ilatyň jan başyna düşýän süýji suw gory, m³ (2013 ý.)**

| Ýurtlar | Ilatyň jan başyna düşýän süýji suw gory, $m^3$ | Ýurtlar | Ilatyň jan başyna düşýän süýji suw gory, $m^3$ |
|---|---|---|---|
| Islandiýa | 582192 | Ýaponiýa | 3365 |
| Gaýana | 314211 | Italiýa | 3386 |
| Surinam | 277904 | Fransiýa | 3371 |
| Konga | 217915 | Türkiýe | 3171 |
| Papua-T.Gwineýa | 137252 | Ukraina | 2898 |
| Gabon | 121392 | Ispaniýa | 2711 |
| Kanada | 91419 | HHR | 2206 |
| Norwegiýa | 83919 | Eýran | 1970 |
| Liberiýa | 66533 | Hindistan | 1754 |
| Wenesuela | 47122 | Polşa | 1519 |
| Braziliýa | 45573 | Pakistan | 1415 |
| Russiýa | 31653 | GAR | 1106 |
| Awstraliýa | 24708 | Marokko | 934 |
| Finlandiýa | 21093 | Müsür | 794 |
| Argentina | 20941 | Alžir | 443 |
| Şwesiýa | 19581 | Ysraýyl | 255 |
| Indoneziýa | 12749 | Singapur | 139 |
| ABŞ | 10333 | Liwiýa | 106 |
| Namibiýa | 8921 | BAE | 49 |
| Meksika | 4357 | Kuweýt | 8 |

**Çeşme:** INTERNET maglumatlary.

Senagatda we jemagat hojalygynda suwuň sarp edilişi Demirgazyk Amerikada, Ýewropada, GDA döwletleriniň aglabasynda uludyr.

Şu ýerde biz iň esasy meselä – süýji suw baýlyklarynyň üpjünçiliginiň häsiýetnamasyna geçýäris. Umuman, jan başyna düşýän süýji suw üpjünçiliginiň ortaça möçberi hemişe azalýar, sebäbi bu baýlyklaryň göwrümi ilatyň artyşyna garanyňda birneme haýal artýar. 10-njy tablisadan süýji suw gory bilen gowy üpjün döwletleriň esasan Demirgazyk ýarym şarynyň aram we subtropiki klimat guşaklyklarynyň, Günorta ýarym şarynyň ekwatorial we tropik guşaklyklarynyň çäklerinde ýerleşýändigine göz ýetirmek kyn däl.

Häzirki wagtda süýji suw üpjünçiligi global meselä öwrülýär. Hakykatdan hem, BMG-niň maglumatlary boýunça 2012-nji ýylda 1,2 mlrd golaý adam üçin arassa agyz suwy elýetersiz boldy. Nepal, Kambodja, Efiopiýa, Çad, Mawritaniýa ýaly Aziýanyň we Afrikanyň has gowşak ösen ýurtlarynda arassa agyz suw ilatyň diňe 1/3 bölegi üçin elýeterlidir. Şu ýerde ösýän döwletleriň köpüsinde diňe bir suwuň ýönekeý ýetmezçiligi däl-de, eýsem, onuň hiliniň pesligi hem hasaba alynmalydyr. Hut hapalanan suwdan peýdalanmak şol döwletlerde keselleriň 2/3 böleginiň döremeginiň çeşmesi bolup durýar.

Indi iňňän möhüm meseleleriň biri bolan adamzadyň suw üpjünçiligini çözmegiň ýollary barada durup geçeliň. Olaryň iň esasysy – önümçilik prosesinde suwuň sarp edilişini we suwuň ýitgisini azaltmakdyr. Senagatda, ilkinji nobatda, bu sintetiki süýümleri önümçiligine degişlidir. Bu pudakda 1 tonna önümi öndürmek üçin 3,5 müň t suw sarp edilýär. Şeýle-de nikel (800 t), çoýun, polat, kagyz (200 t) önümçiliklerinde bu görkeziji ýokarydyr. Oba hojalygynda gowaça, şaly ösdürip ýetişdirmekde suwuň sarp edilişi hem uludyr. Gowaçanyň mysalynda gynandyryjy tejribe hökmünde Aralýaka zonasy mysal bolup biler. Suwy durmuşda hem tygşytly ulanmak zerur. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde şäher ýaşaýjysy gije-gündiziň dowamynda 300-400 litrden köpräk suwy sarp edýär. Diňe ýuwunmak (suwa düşmek) üçin birnäçe minutyň dowamynda 100 litr töweregi suw harçlanylýar.

Ikinji möhüm çäre – derýa akymyny kadalaşdyrmak üçin suw howdanlaryny gurmakdyr. Hünärmenleriň hasaplamalaryna görä, häzirki wagtda olaryň kömegi bilen dünýäde derýa akymynyň möçberi 1,4 esse artdyryldy. Soňky ýarym asyryň dowamynda

Ýer şarynda suw howdanlarynyň sany takmynan 5 esse artyp, 60 müňden geçýär.

Suw üpjünçilik meselesini çözmegiň beýleki ýollaryna derýa akymlarynyň basseýn içerki we basseýnara üýtgedilmegi, aýsbergleriň suwsuz sebitlere tarap daşalmagy we beýlekiler degişlidir.

Gury ýeriň suw baýlyklary baradaky gürrüňi tamamlamak üçin olaryň suw energiýa mümkinçilige eýedigini ýatlalyň.

Suw energiýa mümkinçiligi boýunça hem Aziýa we Latyn Amerikasy beýleki sebitlerden öňde durýar. Suw energiýasynyň ykdysady mümkinçiligi boýunça öňdebaryjy bäş döwletiň hataryna Hytaý, Russiýa, Braziliýa, Kanada we Hindistan girýär. Olaryň paýyna ähli dünýä suw energiýasynyň ykdysady mümkinçiliginiň 1/2 bölegine golaýy düşýär. Dünýä boýunça suw energiýanyň ykdysady mümkinçiliginiň 1/3 bölegi özleşdirilýär, ýöne Ýewropada we Demirgazyk Amerikada bu görkeziji 70%-e, Afrikada bolsa 18%-e barabardyr. Şol mümkinçilikleri doly özleşdirilen ýurtlara mysal hökmünde Fransiýany, Italiýany, Şweýsariýany, Ýaponiýany we ABŞ-ny görkezmek bolar.

## 2.5. Biologik baýlyklar

Biologiki baýlyklar – bu gury ýeriň biotasynyň baýlyklary, ýagny ösümlik we haýwanat dünýäsidir. Olaryň genofondy örän köpdürlüligi bilen tapawutlanýar: dürli hasaplamalara görä ol 10-dan 100 milliona çenli görnüşleri öz içine alýar, ýöne olaryň häzirki güne çenli diňe 1,7 mln görnüşi öwrenilendir.

Gury ýeriň ösümlik baýlyklarynyň biomassasy haýwanat dünýäsiniň biomassasyndan takmynan 200 esse köpdür. Ol medeni we ýabany ösýän ösümliklerden ybarat, şol sanda medeni ösümlikleriň görnüşleri 6000-e golaý.

Ýabany ösýän ösümlikleriň arasynda esasy orny tokaý ösümlikleri eýeleýärler we biosferanyň düzüm bölegi hökmünde Ýer şarynda iň uly ekosistemalary döredýärler. Olar fotosinteziň geçmegine, atmosferanyň kislorod balansyna, genofondyň saklanmagyna amatly täsir edýärler. Adamlaryň hojalyk işinde bolsa agaç 20 müňe golaý görnüşli önümleri we harytlary öndürmek üçin, şeýle-de, ýangyç hökmünde giňden peýdalanylýar.


120
60
0
60
30
0
30
60
Pürli agaçly tokaýlar
Garyşyk we ýasy ýaprakly
Subtropiki tokaýlar
Tropiki tokaýlar




**2-nji surat.** Dünýäniň tokaý baýlyklary

Tokaý baýlyklaryna baha bermek üçin tokaýly ýa-da tokaý örtükli meýdanlaryň mukdar görkezijisi peýdalanylýar. Dünýäniň tokaýly meýdanlary 4,1 mlrd ga barabar, bu bolsa Ýer şarynyň ortaça tokaýlylygynyň 33,5%-e barabardygyny aňladýar. Dünýäde tokaýlaryň agaç gorlary dürli hasaplamalar boýunça 330-380 mlrd $m^3$ ýetýär. Şunlukda, ol her ýylda ýene-de 5,5 mlrd $m^3$ çenli artýar. Göräýmäge bu örän guwandyryjy sanlar. Ýöne, olara iki esasy sebäpkärleri hasaba alyp, düýpli derejede üýtgeşme girizmek zerur.

Birinji, tebigy-geografik sebäpkärleri, ýagny gury ýeriň üsti boýunça tokaýlaryň örän biendigan ýaýraýşyny görkezmek bolar. Dünýäniň iri sebitleriniň arasynda Latyn Amerikasy, Demirgazyk we Gündogar Ýewropa (esasan, Russiýa) ýurtlary tokaýlaryň örän uly meýdanlaryna eýedirler. Şol sebäplide tokaýlylygyň we agaç gorlarynyň iň uly görkezijileri hem şu sebitlere degişlidir. Bu babatda iň pes görkeziji bolsa Awstraliýa we Okeaniýa üçin häsiýetlidir. Ýöne tokaýlylygyň şeýle geografiki endigansyzlygyny häsiýetlendirmeklige başgaça, ýagny tokaýlaryň iki sany örän uly demirgazyk we günorta guşaklyklar boýunça uzalyp gidýänliginden ugur alyp çemeleşmek bolar (*2-nji surat*).

Demirgazyk tokaýlar guşaklygy giň zolak bolup, Demirgazyk Amerikanyň we Ýewraziýanyň üstünden uzalyp gidýär hem-de dünýäniň ähli tokaý meýdanynyň 1/2 bölegini eýeleýär. Bu ýerde Ýeriň sowuk, aram we subtropiki klimat guşaklyklarynyň pürli we garyşyk tokaýlary agdylyk edýär. Günorta tokaýlar guşaklygy – Günorta Amerika, Afrika we Aziýa-Awstraliýa böleklerini özüne birleşdirýär. Meýdany boýunça ol takmynan demirgazyk tokaýlar guşaklygy bilen deňräkdir. Bu guşaklyk tutuşlygyna diýen ýaly ýasy ýaprakly tokaýlardan durýar. Bu tokaýlardaky agaçlar has köpdürli, baý we esasanda örän çalt täzelenýär.

Bu iki tokaý guşaklyklarynyň arasynda, tutuşlygyna diýen ýaly tokaýsyz bolan, gurak, yssy guşaklyk ýerleşýär.

Guşaklyk derejesinde çemeleşmek näme üçin bir döwletleriň tokaý baýlyklaryna örän baýdygyna, beýlekileriň bolsa, tersine oňa garyplygyna düşünmäge esas bolýar. Baý, köp tokaýly ýurtlary demirgazyk we günorta tokaýlar zonalarynyň çäginden gözlemelidigi düşnüklidir. 2-nji suratdan görnüşi ýaly demirgazyk guşaklykda oňa

Russiýa (tokaýlaryň umumy meýdany 810 mln ga), Kanada (310 mln ga), ABŞ (305 mln ga), Hytaý (195 mln ga), günorta guşaklykda bolsa Braziliýa (480 mln ga), Awstraliýa (165 mln ga), Konga Demokratik Respublikasy (135 mln ga) we käbir beýleki ýurtlar degişlidir. Şu iki guşaklygyň çäginde meýdanynyň tokaýlylyk derejesi babatda iň ýokary görkezijileri bolan ýurtlaryň ýerleşýänligi düşnüklidir. Olaryň arasynda Finlandiýada, KHDR-da, Konga Demokratik Respublikasynda, Gabonda meýdan-çägiň tokaýlylyk derejesi 70%-e, Gaýanada we Papua-Täze Gwineýada – 80%-e, Surinamda 90%-e ýetýär. Iň az tokaýly döwletleri bolsa orta gurak guşaklygyndan tapmak bolar. Bu döwletlere Saud Arabystany, Iordaniýa, Liwiýa, Ýegipet we beýlekiler degişlidir. Olarda tokaýlar meýdanynyň 1%-inden az bölegini tutýar, Kuweýtde we Omanda bolsa tokaýlar düýbünden ýokdur.

Häzirki wagtda adamzat jemgyýetini ynjalykdan gaçyrýan hadysalaryň biri-de tokaýlaryň meýdanlarynyň kem-kemden azalmagydyr. Diňe soňky 200 ýylynyň dowamynda dünýäde tokaýlaryň meýdany 2 esse azaldy. Şunuň ýaly depgin bilen tokaýlaryň ýok edilmegi ähli adamzat üçin heläkçilikli ýagdaýy döredýär, onuň netijesinde atmosfera kislorodyň barmagy azalýar, klimatyň düýpgöter üýtgemegi bolup geçýär. Tokaý örtüginiň kemelmegi dünýäniň örän çylşyrymly we uly meselesine öwrüldi. Köp asyrlaryň dowamynda tokaý meýdanlarynyň azalmagy adamzadyň ösmegi üçin päsgelçilik bolup durmaýardy. Ýöne häzirki wagtda bu hadysa köp ýurtlaryň durmuş-ykdysady ýagdaýyna ýaramaz täsir edip başlady. Ýer şarynyň meýdanynyň 30% golaýynyň entek tokaý meýdanlary bilen örtülendigine garamazdan, adamzadyň ýaşamagy üçin tokaýlary gorap saklamak we olary dikeltmek boýunça işleri ýaýbaňlandyrmak zerurdyr. Bu babatda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek boýunça alyp barýan syýasaty uly ähmiýete eýedir. Aşgabat şäheriniň töwereklerinde, welaýatlarda millionlarça agaç nahallary oturdylyp, tokaý massiwleri döredilýär. Bu bolsa, Diýarymyzyň ekologik ýagdaýynyň gowulanmagyna ýardam edýär.

## 2.6. Dünýä okeanynyň baýlyklary

Dünýä okeany – bu adamzat üçin zerur bolan dürli baýlyklaryň uly hazynasydyr. Dünýä okeanynda: 1) suw, 2) mineral, 3) energetik, 4) biologik baýlyklary tapawutlandyrmak bolar. Okean suwlarynyň uly hojalyk ähmiýetiniň bardygyny aýtmak gerek. Sebäbi ol ergin halda özünde 100-den gowrak himiki elementi saklaýar. Okean suwunda natriý bilen hloryň möçberi örän uludyr. Şonuň üçin hytaýlylar baryp biziň eýýamymyzdan öňki müň ýyllyklarda ondan nahar duzyny almagy öwrenipdirler. Deňiz suwundan şeýle hem magniý, brom, ýod, kaliý, wodorod, kislorod we beýleki himiki elementleri alýarlar. Ondan altyn we uran almagyň tehnologiki usullary hem işlenip düzüldi.

Dünýä okeanynyň mineral baýlyklary – bu okean düýbünde we onuň ýer astynda ýatan çig malyň we ýangyjyň geologiki ätiýaçlyklarydyr. Territorial genetiki taýdan olary adatça kontinental ýalpaklygynyň (şelfiň), materik eňňidiniň we okean çöketliginiň baýlyklaryna bölýärler. Olaryň arasynda 31,2 mln km$^2$ ýa-da okeanyň bütin meýdanynyň 8,6%-ini tutýan kontinental şelfiň baýlyklary uly ähmiýete eýedir.

Öz gezeginde olaryň arasynda nebitli we tebigy gazly meýdanlar has uly ähmiýete eýedir. 3-nji suratdaky kartany derňemek bilen Atlantik okeanynyň suw ýalpaklygynyň uglewodorod baýlyklaryna has baýdygyna göz ýetirmek bolýar. Bu baýlyklaryň gorlary eýýäm köp suw giňişliklerinde ýüze çykaryldy. Ýöne siz ilkinji nobatda, olaryň üçüsini: Merkezi Amerikada Karib deňzini we Meksika aýlagyny, Günbatar Afrikada Gwineýa aýlagyny we Ýewropanyň demirgazyk-günbatar böleginde Demirgazyk deňzini ýatda saklamalysyňyz. Birneme kiçiräk ýataklar Kanadanyň, Braziliýanyň, Argentinanyň kenarýakalarynda hem açyldy.

Ikinji orunda Hindi okeanyny goýalyň. Bu ýerde nebit we gaz Hindistanyň, Indoneziýanyň, Awstraliýanyň suw ýalpaklyklarynda, has uly gorlary bolsa Pars aýlagynda ýüze çykaryldy. Bu ýerdäki käbir deňiz ýataklary (Saffaniýa, Katar-Nord) dünýäde iň ulularyna degişlidir. Ýuwaş okeanynda nebit we gaz gorlary Aziýanyň, Demirgazyk we Günorta Amerikanyň, Awstraliýanyň kenar ýakalarynda, Demirgazyk Buzly okeanynda bolsa – Alýaskanyň (ABŞ),

Kanadanyň, Russiýanyň kenar ýakalarynda bar. Kaspiý deňziniň uglewodorod baýlyklary barada hem ýatlap geçmek bolar. Soňky ýyllarda bu ýerde nebitiň we gazyň uly gorlary ýüze çykaryldy.

Nebit we gazdan başga-da, Dünýä okeanynyň suw ýalpaklygy bilen gaty gazma baýlyklarynyň köpsanly ýataklary baglanyşyklydyr. Öz gezeginde olaryň arasynda düýp ýataklaryny, ýagny daş kömrüň, demir we beýleki magdanlaryň, duzlaryň toplanan ýerlerini tapawutlandyrýarlar, olar kenardan gyýtaklaýyn şahta (ştolen) bilen işlenip bilner. Şeýle-de, bu baýlyklar pytraňňy-çökündi ýagdaýynda ýerleşýärler we uly hojalyk ähmiýete eýedirler. Plýažlaryň (suwa düşülýän ýerleriň) we uly bolmadyk çuňlukdaky giňişlikleriň ugrunda şeýle kenarýaka-deňiz pytraňňy-çökündi ýataklardan Malaziýanyň we Indoneziýanyň kenar ýakalarynda kassiterit-galaýy magdanyny, Awstraliýanyň kenar ýakalarynda – boksitleri, Afrikanyň kenar ýakalarynda – almazlary we fosforitleri, Baltika deňzinden ýantar we ş.m. alýarlar.

Materik eňňidiniň zolagy gazma baýlyklaryna birneme garybrak. Häzirlikçe onuň çäginde diňe fosforitleriň uly ýataklary Afrikanyň, Demirgazyk we Günorta Amerikanyň, Ýewropanyň we Aziýanyň kenar ýakalarynda 200 metrden çuň ýerlerde ýüze çykaryldy.

Çuň suwly okean ýatymynyň esasy baýlygy bolsa demir-marganes konkresiýalary (tokgalary) hasaplanylýar. Olaryň umumy geologik gorlaryna 2–3 trln tonnadan 20 trln t çenli baha berilýär. Kartadan görnüşi ýaly, olar Ýuwaş okeanynda uly meýdanlary eýeleýärler, bu ýerlerde olaryň ýataklary has uly bolup, 4–5 km uzalyp gidýärler.

Indi bolsa Dünýä okeanynyň energetiki baýlyklary barada durup geçeliň. Olar edil suw baýlyklary ýaly tükeniksizdir. Olaryň esasy görnüşleri daşgynlaryň, tolkunlaryň, temperatura gradiýentiniň we okean akymlarynyň energiýalarydyr we häzirlikçe, esasan geljekde ulanyp boljak baýlyklara degişlidir. Ýöne käbir ýurtlarda olar eýýäm peýdalanylyp başlandy.

*Dünýä okeanynyň biologiki baýlyklary.* Onuň jemi biomassasyna 35–40 mlrd tonna möçberinde baha berilýär. Bu bolsa gury ýeriň jemi biomassasyndan has azdyr. Şeýle-de bolsa, ol haýwanlaryň 180 müň, ösümlikleriň bolsa 10 müň görnüşini öz içine alýar. Dünýä okeanynyň suwlary mikroskopiki bakteriýalardan başlap, tä Ýeriň iň


180°
120°
60°
0°
60°
40°
0°
40°
80°
60°
0°
60°
DEŇIZ ÝALPAKLYGYNDAKY GAZMA BAÝLYKLARYNYŇ KÄNLERI
nebit
tebigy gaz
boksitler
demir
titan
galaýy
altyn
fosforitler
almaz
ýantar
Deňiz ýalpaklygyndak
çykarylýan esasy etrap
Polimetal magdanlary
Demir-marganes konk
giňden ýaýran sebitler




y nebit we gaz
plar

nyň ýaýran ýerleri

kresiýalarynyň
ri

Kartada deňiz ýalpaklygyndaky nebit-gazly ýataklar boýunça nebitiň we gazyň gazylyp alynýan etraplary sanlar bilen görkezilýär

1. Alýaskanyň demirgazyk gerişleri
2. Demirgazyk deňzi
3. Meksika aýlagy
4. Pars aýlagy
5. Marakaýbo
6. Giwineýa aýlagy
7. Siýam
8. Sarawak
9. Kwanza-Kamerun
10. Gündogar-Kalimantan
11. Gipslend

Masştaby 1: 150 000 000

**3-nji surat.** Dünýä okeanynyň mineral baýlyklary

uly haýwany bolan kitlere çenli köpsanly janly organizmleriň örän gür jemlenen dünýäsini göz öňüne getirýär. Şunlukda, olar okean suwlarynyň üstki gatlagyndan, tä iň çuň çöketlikleriň düýbüne çenli ähli gatlaklarynda ýaşaýarlar.

Okean biomassasynyň düzümi öz aýratynlyklaryna eýedir. Agramy we görnüş mukdary boýunça plankton agdyklyk edýär. Şunlukda, onuň düzüminde zooplankton esasy orun tutýar. Suw gurşawynda özbaşdak hereket etmäge ukyply ähli haýwanlary – balyklary, kitleri, delfinleri, moržlary, týulenleri, kalmarlary, krewetkalary, osminoglary we ş.m. öz içine alýan nektonlar barada aýdylanda bolsa, onuň biomassasy bary-ýogy 1 mlrd t şol sanda balyk sürüleriniň biomassasy 250-den 500 mln t barabardyr.

Dünýä okeanynyň biologik baýlyklarynyň geografik ýaýrawy, gury ýeriň baýlyklary ýaly, örän uly endigansyzlygy bilen tapawutlanýar. Biomassanyň göwrümi we köpdürlüligi boýunça Ýuwaş okeanynyň akwatoriýasy birinji orny eýeleýär. Bu ýerde Dünýä okeanynda ýaşaýan haýwanlaryň ähli görnüşleri diýen ýaly ýaýrandyr. Atlantik okeanynyň biobaýlyklary hem örän baý we köpdürli. Ondan soňra Hindi we Demirgazyk Buzly okeany barada aýtmak bolar.

Dünýä okeanynyň giňişliklerinde dürli biologik önümli sebitleri tapawutlandyrmak bolar. Hojalyk işi üçin has ýokary hasylly (önümli), ýagny jandarlaryň köp toplanan giňişlikleri uly gyzyklanma döredýär. Şeýle ýokary hasylly giňişlikler Demirgazyk ýarymşarynyň aram, şeýle-de subarktiki guşaklyklarynda ýerleşýärler. Atlantik okeanynda jandarlaryň şeýle toplanan ýerlerini demirgazyk-günbatarda Kanadanyň kenar ýakalaryndan we demirgazyk-gündogarda Norwegiýa we Demirgazyk deňizlerinden, ýagny Golfstrim akymynyň täsir edýän zonasyndan gözlemek bolar. Ýuwaş okeanynda olar günbatarda Aziýanyň bütin kenar ýakalaryny öz içine alýar, gündogarda bolsa Demirgazyk Amerikanyň kenar ýakalarynyň bir bölegini birleşdirýär. Häzirki wagtda dünýä balykçylygynyň esasy merkezleri hut şu sebitlere süýşdi.

Ýöne Dünýä okeanynyň biologik baýlyklarynyň tükeniksiz däldigini we oňa uly howpuň abanýandygyny ýatda saklamaly. Her ýylda dünýäde balyk we deňiz önümleriniň tutulyşy 100 mln tonnadan geçýär, şunlukda olaryň has gymmatly görnüşleri, meselem, bekre ba-

lyklary, adamlaryň iýmit rasionynda gytçylyk edýän görnüşe öwrülýär. Olardan beter-de, köp awlanylýandygy sebäpli kitleriň sürülerine uly howp abanýar.

Ýokarda aýdylanlar Dünýä okeanynyň biologik baýlyklaryny peýdalanmak boýunça has düýpli çäreleriň zerurdygyny aňladýar. Şeýle-de Dünýä okeanynda emeli usulda deňiz haýwanlaryny we balyklary köpeltmegi, ýagny akwakulturany (morekulturany) giňeltmek zerur.

## 2.7. Daşky gurşawyň hapalanmagy we ony gorap saklamak

Beýleki geografiýa derslerinden bilşiňiz ýaly, daşky gurşawyň hapalanmagy tebigy hadysalaryň, (wulkanlaryň atylmagy, ýer titremeleri, tozanly tüweleýler we ş.m.) adamyň hojalyk işi (antropogen) netijesinde bolup biler. Soňky ýyllarda daşky gurşawyň antropogen hapalanmagy örän uly möçberlere ýetdi. Onuň esasy sebäbi adamlaryň önümçilik we beýleki hojalyk işi netijesinde döreýän örän uly möçberdäki galyndylaryň tebigata gaýtarylyp berilmegidir.

Mukdar we hil taýdan hapalanmak Ýeriň geografik bardasynyň ähli böleklerine (sferalaryna) öz täsirini ýetirýär.

*Litosferanyň (toprak örtüginiň) antropogen hapalanmagynda* esasy orun gaty we suwuk galyndylara degişlidir. Senagatda şeýle galyndylar «hapa» önümçiliklerde döreýär, ýöne işlenen ýadro ýangyjynyň gömülmegi hem aýratyn mesele bolup durýar. Şeýle galyndylar ABŞ-da, Russiýada, Fransiýada, Beýik Britaniýada has köp döreýär. Oba hojalygynda hapalanmagyň esasy çeşmesi himiki dökünler we awuly himikatlar bolup, olaryň uly bölegi toprak örtüginde galýar. Jemagat-durmuş galyndylaryny hem ýatdan çykarmaly däl. Günbatar Ýewropada her ýylda 150 mln tonna, ABŞ-da 200 mln tonna durmuş galyndylary döreýär.

*Gidrosferanyň antropogen hapalanmagy* hem, esasan, senagat, oba hojalygy, ulaglar ulgamy we jemagat-durmuş sektory bilen baglanyşyklydyr. Şunlukda gidrosfera haýsy maddalaryň düşýänligine baglylykda hapalanmagyň 3 görnüşini tapawutlandyrmak kabul edilen: fiziki-suw giňişlikleriniň ýönekeý hapalanmagy; himiki-suw

giňişliklerine agyr metallaryň, fosfatlaryň, uglewodorodlaryň düşmegi; biologiki-suw çeşmeleriniň mikroorganizmler bilen hapalanmagy. Soňky ýyllarda senagat taýdan ösen ýurtlarda derýalaryň hapalanmagy bolup geçýär. Olara mysal hökmünde Ýewropada Reýn, Dunaý, Sena, Temza, Wolga, Dinepr, Dinestr, Demirgazyk Amerikada Missisipi, Ogaýo, Aziýada Nil, Gang we ş.m. görkezmek bolar. Dünýä okeanynyň suwlary hem gaty we suwuk galyndylaryň düşmegi netijesinde güýçli hapalanýar. Soňky ýyllarda nebit gazyp almak netijesinde deňizleriň hapalanmak netijesi örän güýçlendi.

Soňky döwürde senagatyň, ulaglaryň, şäher hojalygynyň, ýerden peýdalanmagyň we tokaýlarda bolýan ýangynlaryň täsiri bilen bolup geçýän *atmosferanyň antropogen hapalanmagy* örän uly meselä öwrülýär. Şunlukda hapalaýjy maddalar atmosfera tozan bölejikleri (aerozollar) we gaz halynda düşýärler.

Atmosferanyň aerozollar bilen hapalanmagy, esasan, tüsseleriň we senagat önümçiliklerinde döreýän tozan bölejikleriniň netijesinde bolup geçýär. Ýeriň atmosferasyna düşýän atropogen gelip çykyşly gaty tozan bölejikleriniň umumy möçberi bir ýylyň dowamynda 1 mlrd tonna ýetýär.

Adamzat we beýleki janly organizmler üçin atmosfera düşýän gaz halyndaky maddalar has uly howp döredýär. Şeýle maddalar Ýeriň geosferasyna düşýän antropogen zyňyndylaryň 97%-ini düzýärler. Olaryň esasy çeşmeleri – senagatdaky «hapa önümçilikler» we awtomobil, howa ulaglarydyr.

Ýerüsti atom partlamalary netijesinde atmosferanyň radioaktiw hapalanmagy barada hem aýtmak gerek. Soňky döwürde atom elektrik stansiýalarynda bolýan betbagtçylyklar hem atmosferanyň, gidrosferanyň we litosferanyň hapalanmagyna getirýär.

Tebigatdan rejesiz peýdalanmagyň we oňa adamyň hojalyk işiniň galyndylarynyň zyňylmagy netijesinde daşky gurşawyň hapalanmak hadysasy barha artýar. Bu ýagdaý daşky gurşawy goramak boýunça çäreleriň toplumyny geçirilmek zerurlygyna getirdi. *Daşky gurşawy goramak diýlip tebigatyň baýlyk emele getiriji we gurşaw döredиji wezipelerini, ösümlikleriň we haýwanlaryň köpdürlüligini, dikelmeýän baýlyklary gorap saklamak mümkinçiligini üpjün edýän çäreleriň ulgamyna düşünilýär.*

Bu mesele babatynda ylymda we amalyýetde dürli çemeleşmeler ýüze çykdy. Olar öz gezeginde daşky gurşawy goramak boýunça dürli çäreleriň geçirilmegini göz öňünde tutýan ekologik syýasatyň döremegine getirdi. Bu çäreleriň esasylaryna şu aşakdakylar degişli edilýär.

Birinjiden, tebigaty goramak hakyndaky kanunlaryň kabul edilmegi bilen üpjün edilýän *kanunçylyk çäreler*. Bu çäreler diňe bir umumy häsiýetde bolman, eýsem, suwlaryň, atmosferanyň, tokaý, toprak we beýleki baýlyklaryň goralmagyna degişli bolup biler. Munuň ýaly kanunlaryň esaslandyryjy düzgüni «kim hapalaýan bolsa, şol hem tölemelidir» diýen manyny berýär. Mundan başga-da olarda daşky gurşawy goramak üçin serişdeleriň köp möçberde goýberilmegi göz öňünde tutulýandyr.

Ikinjiden, önümçiligiň gurluşynyň üýtgedilmegi, «hapa önümçilikleriň» paýynyň azalmagy bilen baglanyşykly *ykdysady çäreler*. Tebigy baýlyklaryň tygşytly peýdalanmagyny üpjün ediji ugur bolan baýlyklardan rejeli peýdalanmak, önümçilik galyndylaryny gaýtadan ulanmak üçin işlemek (utilizirlemek), ikilenji çig maldan peýdalanmak hem uly ähmiýete eýedir.

Üçünjiden, tebigaty goraýan (galyndysyz, az galyndyly) tehnologiýalary, şeýle hem kämil tehnologiýaly arassalaýjy desgalary ornaşdyrmakdan ybarat bolan *tehniki-tehnologiki çäreler.* Şu ýerde tebigaty goraýan tehnologiýalaryň döredilmeginiň has möhüm çäredigine düşünmek zerurdyr, sebäbi olar hapalanmagyň öňüni alýarlar. Arassalaýjy desgalar bolsa hapalanmagyň netijelerini azaltmaga niýetlenendir.

Dördünjiden, bu *jemgyýetçilik çäreleri.* Olara ekologik bilim we terbiýe, «ýaşyllaryň» syýasy partiýalarynyň döredilmegi, tebigaty goramak boýunça jemgyýetçilik guramalary degişlidir.

Indi, ýokarda agzalan çärelerden başga-da, ekologik syýasatyň territoriýa bilen baglanyşykly we kesgitli geografik mazmuna eýe bolan çärelerini tapawutlandyralyň.

Elbetde, muňa mysal hökmünde «hapa önümçilikleriň» has dogry ýerleşdirilmegini görkezmek bolar.

Başga mysal – sany barha artýan Bütindünýä mirasynyň obýektleridir. Olaryň ählisi aýratyn goralyp saklanmaga degişlidir.

Ýene-de bir mysal hökmünde aýratyn goralýan territoriýalaryň köpeldilmegini görkezmek bolar. Bu territoriýalarda tebigat adaty hojalyk ulanylyşdan çykarylyp, onuň tebigy ýagdaýy ylmy, okuw-bilim we medeni-estetiki maksatlar bilen goralyp saklanylýar.

Ekologik syýasatyň sanalyp geçilen çäreleri diňe bir aýry-aýry döwletleriň aladasy bolman, eýsem, tutuş dünýä jemgyýetçiligiň aladasydyr. Häzirki döwürde olar iki derejede – sebit we global (bütindünýä) derejelerinde amala aşyrylýar. Birinji dereje boýunça işjeň hereketleriň mysaly hökmünde Ortaýer, Demirgazyk, Gara deňizleriň hapalanmagyny öňüni almak boýunça halkara konwensiýalaryň kabul edilmegini, Reýn, Dunaý, Elba derýalarynyň suwlaryny goramak boýunça halkara işçi toparlarynyň döredilmegini görkezmek bolar.

Siziň bilşiňiz ýaly, ikinji dereje has hem wajyp hasaplanylýar, sebäbi Dünýä okeanynyň baýlyklary, klimat, kosmiki baýlyklar umumadamzat ähmiýetli bolup durýar. Bu babatda dünýä jemgyýetçiligi möhüm ylalaşyklary kabul edýär. Meselem, kömürturşy we beýleki parnik gazlarynyň, freonlaryň zyňylmagyny azaltmak boýunça, Deňiz gurşawynyň arassaçylygyny saklamak boýunça Ylalaşyklar, Çölleşmäge garşy göreşmek Konwensiýa we beýlekiler.

Bularyň ählisi daşky gurşawy goramak meselesiniň halkara jemgyýetçiligiň global meseleleriniň sanawynda berk ornaşandygyny subut edýär. Ylalaşykly çözgütleri işläp düzmegiň esasy merkezi we tebigaty goramak baradaky halkara kanunçylygyň wajyp çeşmesi Birleşen Milletler Guramasy bolup durýandygy hem tötänden däldir. Eýýäm 1972-nji ýylda Stokgolm şäherinde BMG-niň daşky gurşaw boýunça ilkinji Konferensiýasy geçirildi. Onuň geçirilen güni bolsa (5-nji iýun) Daşky gurşawy goramagyň Bütindünýä güni diýlip yglan edildi. Tebigaty goramagyň Bütindünýä bileleşigi, Halkara geografiýa bileleşigi hem bu ugur boýunça köp işleri geçirýärler.

# III bap
# Dünýäniň ilatynyň geografiýasy

## 3.1. Dünýäniň ilatynyň sanynyň üýtgeýşi

Ýer togalagynda ilkinji adamlaryň haçan we nirede peýda bolandygy baradaky sorag häzirki wagta çenli ýiti ylmy jedelleriň biri bolup durýar. Häzirki günde alymlaryň bir topary «Homo Sapiens» görnüşiň 50 müň ýyl ozal Gündogar Afrikadaky Beýik döwülmeler sebitinde, gadymy gominidlerden bölünipdir diýip hasaplaýarlar.

Gündogar Afrikada geçirilen soňky gazuw-agtaryş işleri we ylmy açyşlar bu sebitiň-adamyň gelip çykmasynyň iň ähtimal ýeridigini tassyklaýarlar.

Paleolit döwrüniň ahyrynda gadymy adamlar Afrikadan beýleki kontinentlere, ilki başda Ýewropa we Aziýa ýaýrapdyr diýlip çaklanylýar. Aziýadan Bering bogazynyň üsti bilen adamzat Amerika, Günorta-Gündogar Aziýa we Okeaniýa tarap süýşüp, ol ýerleriniň ilatlaşmagyna sebäp bolupdyrlar.

Alymlaryň pikirine görä, taryhyň dürli döwürlerinde ilatyň sanynyň artyş depgini birmeňzeş bolmandyr. Käbir döwürlerde onuň ösüşi haýal bolup, tersine soňky ýyllarda has çalt depginler bilen artypdyr.

Ilatyň sanynyň döwürler boýunça üýtgeýşini seljermek esasynda şu aşakdaky maglumatlary görkezmek bolar. Ilkidurmuş adamlarynyň sany barada anyk bir zat aýtmak mümkin däl. Häzirki biziň eýýamymyzyň ýyl hasabynyň başlanan döwrüne çenli-de Ýer şarynyň ilatynyň sanyna baha bermek kyn. Bu babatda ilaty öwreniji hünärmenleriň (demograflaryň, geograflaryň we başg.) hasaplamalary deň gelmeýär. Şol döwürlerde dünýäniň ilaty haýal depginler bilen artypdyr, onuň sany bolsa az bolupdyr. Käbir maglumatlara görä b.e.öň XV müňýyllykda Ýeriň ilatynyň sany 3 mln adam, b.e.öň VII müňýyllykda 10 mln, b.e.öň II müňýyllykda bolsa 50 mln adam töweregi bolandyr diýlip çaklanylýar. Biziň eýýamymyzyň başlarynda dünýäniň ilatynyň sany 230-250 mln adama ýetipdir (*11-nji tablisa*).

*11-nji tablisa*

**Ýer şarynyň ilatynyň ösüşi (B.S.Urlanis we W.W.Pokşişewskiniň maglumatlary boýunça)**

| Ýyl hasaby | Döwür | Döwrüň dowamlylygy (ýyl) | Döwrüň başynda ilatyň sany (mln adam) | Ilatyň ortaça ýyllyk artyşy (%) |
|---|---|---|---|---|
| B.e.öň 7000 ýyl | Neolit | | 10 | |
| B.e.öň 2000 ýyl | Gadymy döwür | 5000 | 50 | 0,03 |
| 0 (täze eýýam) | Irki orta asyrlar | 2000 | 230 | 0,1 |
| 1000 | Orta asyr | 1000 | 305 | 0,01 |
| 1500 | Giçki orta asyr | 500 | 440 | 0,1 |
| 1650 | Täze döwrüň başy | 150 | 550 | 0,3 |
| 1800 | Täze döwür | 150 | 952 | 0,5 |
| 1900 | Täze döwrüň ahyry, iň täze döwrüň başy | 100 | 1656 | 0,8 |
| 1950 | Iň täze döwür | 50 | 2527 | 1,0 |
| 1980 | Ýaňy-ýakyndaky geçmiş | 30 | 4430 | 1,9 |
| 2014 | Häzirki zaman döwri | 34 | 7238 | 1,5 |
| 2050 | Geljekki döwür | 46 | 9683 | 1,3 |

**Çeşme:** Кузнецов А. Р. Население и хозяйство мира. Москва, «Просвещение», 2000; Горохов С. А. Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013., 2014 World population data sheet.

Demograflaryň pikirine görä adamzadyň bütin taryhynda Ýer togalagynda jemi 20 müň nesil çalşygy bolup geçipdir. Şol döwürde ýaşap geçen we häzirki ýaşaýan adamlaryň umumy sany bolsa 80 mlrd-dan geçýär diýlip çaklanylýar.

Birinji müňýyllygyň bütin dowamynda ilatyň umumy sany örän haýal üýtgäpdir. Ilatyň haýal artmagyny ýokary derejedäki dogluş we tas şonuň ýaly-da ýogalyş (esasan çaga ölümi) häsiýetli bolan demografiki ýagdaý bilen düşündirilýär. Köpçagalylyk hut ýokary çaga ölümine tebigy duýgurlyk (jogap) bolupdyr. Biziň eýýamymyzyň başynda adamlaryň ömrüniň ortaça dowamlylygy hem artypdyr.

Hakykatda ol bary-ýogy 40 ýyla ýetipdir. Dogrudan hem, bu öňegidişlik hasaplanylypdyr, sebäbi has gadymy döwürde ol bary-ýogy 30 ýyla, bürünç we demir asyrlarynda 20 ýyla deň bolupdyr, daş asyrynda bolsa 30 ýaşly adam eýýäm garry hasaplanylypdyr. Köpçülikleýin açlygyň, eýmenç keselleriň ýaýramagy, gyrgynçylykly uruşlar netijesinde ölüm-ýitimiň derejesi ýokary bolupdyr we kähalatlarda hatda ilatyň umumy sanynyň azalmagyna-da getiripdir. XIV asyryň ortalarynda Ýewropada mergi keseli («gara ölüm» diýip atlandyrylýan) zerarly 15-20 mln töweregi adam (ähli ilatyň 1/6 bölegi) gyrylypdyr.

XVI–XVIII asyrlarda ilatyň sany çalt depginde artyp başlapdyr. Ol önümçiligiň kämilleşmegi (esasan ekerançylygyň we maldarçylygyň ösmegi) netijesinde azyk önümleriniň öndürilişiniň artmagy, saglygy goraýyşdaky gazanylan netijeler bilen baglanyşykly bolupdyr.

Adamzat taryhynyň tas bütin dowamynda diýen ýaly ilatyň artyş badynyň haýal bolandygy ýokarda bellenilip geçilýär, onuň ýokarlanmagy bolsa diňe täze we esasanda, iň täze wagt döwründe başlanypdyr. Has takygy, soňky müňýyllykda ilatyň sanynyň birinji gezek iki esse artmagy üçin 600 ýyl gerek bolan bolsa, ikinji gezek üçin 230, üçünji gezek üçin 100 ýyl töweregi, dördünjisi üçin bolsa 40 ýyldan sähelçe köp wagt gerek boldy. Bu bolsa, dünýäniň ilatynyň hiç haçan, häzirkisi ýaly, şeýle çalt köpelmändigini aňladýar.

Şu ýerde käbir mysallara ýüzleneliň. Eger-de XX asyryň başynda ýer togalagynyň ilatynyň her ýyldaky absolýut artyşy 10-15 mln adam bolan bolsa, onda şol asyryň ortalarynda 40-50 mln, biziň günlerimizde ol 80-85 mln adama ýetdi.

BMG-niň degişli guramalarynyň dünýäniň demografik ösüşiniň häzirki ýagdaýyny göz öňünde tutup, geçiren soňky çaklama hasaplamalaryna görä dünýäniň ilaty 2050-nji ýylda takmynan 9,1 mlrd adama barabar bolar. Bu bolsa, ilatyň tebigy artyşynyň badynyň kem-kemden peseljekdigini görkezýär.

Häzirki wagtda dünýäniň ilatynyň 60,2%-i Aziýada, 15,8%-i Afrikada, 10,2%-i Ýewropada, 4,8%-i Demirgazyk Amerikada, 8,5%-i Latyn Amerikasynda, 0,5%-i Awstraliýa we Okeaniýada ýaşaýar (*12-nji tablisa*).

Ilatyň köpeliş depgini dünýä bölekleri boýunça birmeňzeş däldir. Bu ugurda Afrika beýlekilerden düýpli tapawutlanýar. Soňky 50 ýyldan gowrak wagtyň içinde onuň ilatynyň ortaça ýyllyk artyşy peselmän, eýsem, ýokarlandy (2,5%-e ýetýär). Aziýa, Latyn Amerikasy we Okeaniýa ýurtlarynda bu görkeziji dünýä boýunça ortaça görkezijä ýakyndyr. Tersine, Ýewropanyň köp döwletlerinde bolsa ilatyň tebigy kemelmek ýagdaýy bolup geçýär.

*12-nji tablisa*

**Dünýäniň iri sebitleri boýunça ilatyň artyşy (sanynyň üýtgeýşi)**

| Sebitler | Ilatyň sany, mln adam | | | | | Ilatyň ortaça ýyllyk artyşy, % | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | 1900 | 1940 | 2000 | 2014 | 2050 (çaklama) | 1950 | 2014 |
| Ýewropa | 300 | 381 | 525 | 741 | 726 | 1,0 | 0,0 |
| Aziýa | 915 | 1212 | 3584 | 4351 | 5252 | 1,9 | 1,1 |
| Afrika | 120 | 176 | 794 | 1136 | 2428 | 2,2 | 2,5 |
| Demirgazyk Amerika | 81 | 145 | 315 | 353 | 444 | 1,7 | 0,4 |
| Latyn Amerikasy | 63 | 132 | 525 | 618 | 773 | 2,7 | 1,2 |
| Awstraliýa we Okeaniýa | 6 | 11 | 30 | 39 | 60 | 2,2 | 1,1 |
| Dünýä boýunça | 1617 | 2252 | 6056 | 7238 | 9683 | 1,8 | 1,2 |

**Çeşme:** Горохов С. А. Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013, 2014 World population data sheet.

Geljekki döwür (2050 ý) üçin çaklama hasaplamalary dünýäniň ilatynyň umumy sanynda Afrika ýurtlarynyň paýynyň has artyp, 25,0%-e ýetjekdigini görkezýär. Ýöne, şeýle-de bolsa öňdeligi Aziýa özünde saklar. Onuň ilaty 5252 mln adama ýa-da Ýer şarynyň ilatynyň 54,5%-ne barabar bolar. Çaklama hasaplamalaryň maglumatlary Ýewropa ýurtlarynda ýagdaýyň bütinleý başgaça boljakdygyny, ýagny ilatyň sanynyň häzirkisinden az-kem azaljakdygyny görkezýär. Şeýlelikde, onuň dünýäniň ilatynyň umumy sanyndaky paýy 2014-nji ýylda 10,2% bolanlygyndan 2050-nji ýyla çenli 7,0%-e çenli kemeler.

Ilat baradaky maglumatlaryň esasy çeşmeleri hökmünde: ähliumumy ilat ýazuwlarynyň (senzalaryň) maglumatlary we döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan dogulýan we ölýän adamlary, nika baglaşylmagy we nika bozulmalary, migrasiýalar (göçüp-gonuş hereketleri) baradaky gündelik maglumatlar hyzmat edýär.

Döwletiň ilatynyň sany barada has takyk maglumatlary her 5-10 ýyldan geçirilýän ilat ýazuwlary (ähli ýaşaýjylar barada bir wagtlaýyn hasabat maglumatlarynyň toplanmagy) berýär. Bütindünýäde 1800–2014-nji ýyllarda jemi 1700-den gowrak ilat ýazuwlary geçirildi.

Türkmenistanyň häzirki meýdan-çäginde ilat ýazuwy ilkinji gezek baryp, 1897-nji ýylda Orsyýetiň öňki Zakaspiý oblastynyň düzümine giren döwründe geçirilipdi. Soňra, Türkmenistanyň öňki SSSR-iň düzüminde bolan döwürlerinde şeýle ilat ýazuwlarynyň 6-sy (1924, 1939, 1959, 1970, 1979, 1989-njy ýyllarda) geçirildi.

Ýurdumyzyň öz Garaşsyzlygyny almagy bilen, GDA döwletleriniň arasynda ilkinji bolup 1995-nji ýylyň ýanwar aýynda ilkinji gezek ähliumumy ilat ýazuwy geçirildi. Ilatyň sanyny we ýaşaýyş-durmuş şertlerini seljermek maksady bilen Türkmenistanda 2012-nji ýylyň 15-26-njy dekabrynda ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazgysy geçirildi.

Islendik territoriýanyň ilatynyň sany-iki faktoryň bir wagtyň dowamyndaky hereketiniň netijesidir: tebigy artyş (dogluşyň we ýogalyşyň arasyndaky tapawut) we mehaniki artyş (ýurda gelýän we ýurtdan gidýän adamlaryň sanynyň arasyndaky tapawut). Degişlilikde, dogluş we emigrasiýa ýurduň ilatynyň sanyny köpeldýär, tersine ýogalyş we immigrasiýa bolsa azaldýar.

5. Sargyt №2701

## 3.2. Dünýäniň ilatynyň üznüksiz köpelişi

Ilatyň sanynyň artyşy onuň üznüksiz köpelişiniň häsiýetine baglydyr. *Ilatyň üznüksiz köpelişi diýlip adamzat nesliniň üznüksiz täzelenmegini, çalyşmagyny üpjün edýän dogluş, ýogalyş we tebigy artyş hadysalarynyň jemine düşünilýär.*

Ilatyň dogluşy, ýogalyşy we tebigy artyşy öz esasynda biologiki hadysalardyr. Ýöne şeýle-de bolsa olara adamlaryň ýaşaýşynyň durmuş-ykdysady şertleri, jemgyýetdäki we maşgaladaky gatnaşyklary aýgytly täsir edýärler.

Demografiýada, ilatyň geografiýasynda ilatyň köpelişini häsiýetlendirýän absolýut we otnositel görkezijileri peýdalanylýar.

Ýönekeý hasaplamalarda has ýygydan peýdalanylýan görkezijilere şu aşakdakylar degişlidir. Dogluşyň ýygylygyny häsiýetlendirmek üçin köplenç onuň *umumy koeffisiýenti* – 1000 ýaşaýja bir ýylda dogan çagalaryň sanynyň ilatyň umumy sanyna ortaça gatnaşygy peýdalanylýar. Dogluşyň umumy koeffisiýenti bütindünýä boýunça 20,0‰-e deňdir. Emma sebitler boýunça ol düýpli tapawutlanýar. Iň ýokary görkeziji Afrika (36‰), iň pes derejesi bolsa Ýewropa ýurtlary (11‰) üçin häsiýetlidir. Tropiki Afrikanyň döwletleriniň 8-sinde (Niger, Angola, Zambiýa, MAR, Somali, Burundi, Çad, Kongo Demokratik Respublikasy) dogluşyň umumy koeffisiýenti 45‰-den geçýär.

Ýogalyşyň derejesiniň ýakynlaşdyrylan bahasyny, edil dogluşyňky ýaly, ýogalyşyň *umumy koeffisiýentiniň* kömegi bilen, ýagny 1000 ýaşaýja bir ýylda ýogalanlaryň sanynyň gatnaşygy esasynda alyp bolýar. Onuň artykmaç tarapy – hasaplamagyň ýönekeýligi we dogluşyň umumy koeffisiýenti bilen deňeşdirmekligiň amatlylygydyr. Dünýä boýunça bu görkeziji ortaça 8,2‰-e deňdir. Soňky ýyllarda dünýäde, şol sanda Afrikada hem ýogalyş derejesi peselýär. Ýöne Afrika ýurtlarynyň köpüsinde onuň derejesi ýokary bolmagyna galýar.

Bu sebitiň döwletleriniň käbirinde ýogalyşyň umumy koeffisiýenti 15‰-den geçýär (Serra-Leona, Lesota, KDR, Botswana, MAR). Ýewropa ýurtlarynda hem «demografiki garrylyk» hadysasy sebäpli ýogalyşyň umumy koeffisiýenti birneme ýokarydyr (11‰).

Ýogalyşyň iň pes derejesi Günorta-Günbatar Aziýanyň nebit çykaryjy ýurtlary üçin häsiýetlidir (BAE-de – 1‰, Kuweýtde we Omanda – 2‰). Türkmenistanda hem ýogalyşyň umumy koeffisiýenti azalýar. 1995-nji ýylda bu san 1000 adama 7,0 bolanlygyndan 2014-nji ýylda 5,4-e çenli peseldi.

Ilatyň tebigy hereketini häsiýetlendirýän esasy görkeziji *tebigy artyş koeffisiýenti* – ýurtda bir ýylda doglanlaryň we ýogalanlaryň sanynyň arasyndaky tapawudyň ilatyň umumy sanyna bölünmegidir. Bu görkeziji dünýä boýunça kem-kemden peselýär. Demografiki partlaýyşyň başlanan döwürlerinde (1960-njy ýyllarda) ilatyň tebigy artyş koeffisiýenti 20‰ töweregi bolanlygyndan 2000–2014-nji ýyllarda ol 12,3‰-e çenli peseldi. Emma ykdysady taýdan has gowşak ösen döwletlerde onuň derejesi ýokary bolmagyna galýar.

**Demografiki geçiş.** Dünýä taryhynda ilatyň iň ýokary artyş bady (20‰-den ýokary) XX asyryň 60-njy ýyllarynyň başlarynda boldy. Şol döwürde hem demografik partlaýyş düşünjesi ýüze çykdy. Ol ilatyň artyş badynyň üzül-kesil ýokarlanmagyny aňladýar. Bu bolsa, Ýer şarynyň artyk ilatlaşmagy baradaky hopukdyryjy çaklamalaryň döremegine getirdi.

Demografiki partlaýyşyň sebäbi nämede? Bu öňi bilen ähli ýaş toparlarynda ýogalyşyň birneme peselmeginiň netijesidir. Dogluş bolsa umuman, üýtgewsiz derejede galdy (ösýän döwletleriň aglabasynda) ýa-da az-kem peseldi.

Durmuş demografiki partlaýyşyň netijeleri baradaky sustupeslik (pessimistik) çaklamalardan ýüz öwürdi. Eýýäm 80-nji ýyllaryň ortalarynda Ýer şarynyň ilatynyň ýyllyk artyşy 17‰-e çenli pese gaçdy, ýagny demografiki partlaýyşyň ýokary çägi yzda galdy.

Dogrudan hem, näme bolup geçdi? Bu soraga demografiki geçiş taglymaty jogap berýär. Onuň bilen baglanyşykda adamlaryň dogluşy we ýogalyşy biologiki kanunlar bilen däl-de, eýsem, köp derejede durmuş şertleri bilen bolup geçýär. Şeýlelikde, demografiki geçiş ýurtlaryň durmuş-ykdysady ösüşine baglylykda ilatyň dogluşy, ýogalyşy we tebigy artyşynyň yzygiderli üýtgeýiş hadysasyny aňladýar.

Demografiki geçiş taglymaty demografiki syýasaty geçirmegiň möhüm ylmy esasy bolup hyzmat edýär. Ol demografiki hadysalaryň

yzygiderli çalşygy bilen düşündirilýär. Ilaty öwreniji alymlar şeýle geçişiň biri-birini çalyşýan dört döwrüni (kähalatlarda dört fazasyny, basgançagyny) tapawutlandyrýarlar.

Adamzadyň tas bütin taryhy üçin häsiýetli bolan *birinji döwürde* ilatyň örän ýokary dogluş we ýogalyş derejesi, degişlilikde örän pes tebigy köpelişi bolupdyr. Ilatyň köpelişiniň bu basgançagy (fazasy) jemgyýetiň adamlaryň ýogalyş derejesine täsiriniň örän gowşak bolanlygy sebäpli, ilatyň üznüksiz köpelişiniň «ýönekeý» görnüşi adyny aldy. Ol häzirki wagtda duşmaýar diýen ýalydyr.

*Ikinji döwür* (basgançak) ýogalyşyň üzül-kesil kemelmegi (öňi bilen saglygy goraýyş ulgamyndaky gazanylan üstünlikler esasynda) we adatça ýokary dogluşyň saklanmagy, şoňa baglylykda tebigy köpelişiniň ýokarlanmagy bilen häsiýetlendirilýär. Dogluşyň we ýogalyşyň derejesiniň arasyndaky bu uly çäk «demografiki partlaýyşyň» ýüze çykmagynyň baş sebäbi boldy. Afrikanyň ähli döwletleri (ilatyň köpeliş badynyň entek peselmedik ýeke-täk dünýä bölegi), Aziýanyň we Latyn Amerikasynyň aglaba ýurtlary bu basgançakda saklanýarlar. Bu basgançaga köplenç ilatyň üznüksiz köpelişiniň «giňeldilen» görnüşi diýilýär.

*Üçünji döwür* üçin ýogalyşyň pes görkezijileriniň saklanmagy (kähalatlarda ilatyň «garraşmagy» sebäpli eýsem, onuň artmagyda görünýär) häsiýetlidir. Dogluş hem peselýär, ýöne adatça aram giňeldilen üznüksiz köpelişi we ilatyň sanynyň az-kem artyşyny üpjün edip, barybir ýogalyşyň derejesinden agýar. Bu basgançak Merkezi Aziýa, Latyn Amerikasynyň, Gündogar Ýewropanyň käbir ýurtlary, Gündogar Aziýa ýurtlary üçin häsiýetlidir. Oňa ilatyň üznüksiz köpelişiniň «geçiş» görnüşi diýilýär.

*Dördünji döwre* («geçişden soňky» görnüşe) geçilende dogluşyň we ýogalyşyň görkezijileri peselýär we deňleşýär, kähalatlarda bolsa ilatyň tebigy kemelmegi görünýär. Bu ilatyň sanynyň durnuklaşmagyna geçişi aňladýar. Günbataryň ösen ýurtlary, Ýaponiýa, Gündogar Ýewropa ýurtlary (Albaniýadan başgasy), Russiýa, Ukraina, Belarus bu basgançakda durýarlar. Ýokary dogluş derejesi häsiýetli bolan ösýän döwletlere gapma-garşylykly, bu ýurtlaryň käbirinde ilatyň tebigy kemelmegi – depopulýasiýa ýüze çykýar. Meselem, Bolgariýada, Latwiýada, GFR-de, Wengriýada, Ukrainada we

beýleki ýurtlarda soňky ýyllarda pes derejedäki dogluş ýogalyşyň öwezini dolmaýar. Bu bir tarapdan ilatyň umumy sanynda garrylaryň paýynyň artmagy bilen baglanyşyklydyr.

**Ilatyň köpelişiniň görnüşleri.** Dünýä ýurtlarynda ilatyň köpelişiniň tapawutly, birnäçe görnüşini häsiýetlendirmek mümkin. Has umumylaşdyrylan görnüşde ilatyň üznüksiz köpelişiniň esasy iki görnüşi (tipi) barada gürrüň açmak bolar.

*Ilatyň köpelişiniň birinji görnüşi:* «demografiki çökgünlik (krizis)». Ilatyň üznüksiz köpelişiniň bu görnüşi üçin dogluşyň, ýogalyşyň we degişlilikde tebigy artyşyň derejesiniň pes görkezijileri häsiýetlidir. Ol ykdysady taýdan ösen ýurtlarda, täze industrial döwletlerde, bazar ykdysadyýetine geçýän ýurtlaryň aglabasynda we käbir ösýän ýurtlarda (esasan ada ýurtlarynda) ýaýrandyr (*4-nji surat*). Soňky döwürde ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň köpüsinde ilatyň umumy sanynda garry we uly ýaşdaky adamlaryň paýynyň artýandygyny bellemek gerek. Munuň özi dogluşyň derejesiniň pes bolmagyna we ýogalyşyň görkezijisiniň ýokarlanmagyna getirýär. Emma demografiki faktorlardan başga-da ýokanç keseller, durmuş oňaýsyzlyklary, harby hereketler, jenaýatçylygyň ösmegi, önümçilikde ýüze çykýan adam ýitgileri, dürli görnüşdäki tebigy we tehnogen betbagtçylyklar, heläkçilikli ýagdaýlar, şeýle hem tebigy gurşawyň hapalanmagy ýaly ilatyň ýogalyşynyň ýokary derejesiniň bolmagyna getirýän durmuş-ykdysady häsiýetdäki sebäpler hem uly orun tutýar.

*Ilatyň üznüksiz köpelişiniň ikinji görnüşi: «demografiki partlaýyş».* Ilatyň köpelişiniň ikinji görnüşi üçin dogluşyň we tebigy artyşyň ýokary, ýogalyşyň bolsa birneme pes görkezijileri häsiýetlidir. Ol öňi bilen ösýän ýurtlarda aýdyň görünýär.

Bu ýurtlar kolonializm zulumyndan azat bolup, garaşsyzlyk alanlaryndan soňra häzirki zaman saglygy goraýyşyň, sanitariýanyň we gigiýenanyň – ilkinji nobatda ýokanç kesellere garşy göreşmek boýunça gazananlaryny giňden peýdalanmaga mümkinçilik aldylar. Bu bolsa, ýogalyşyň üzül-kesil peselmegine getirdi. Dogluş bolsa köp babatda ýokary derejesinde saklandy.

Bu görkeziji ykdysady taýdan ösen ýurtlara garanyňda 5,5 esse ýokarydyr. Emma şu ýagdaýda hem has gowşak ösen ýurtlar düýpli tapawutlanýarlar. Olarda 700 mln adam ýa-da dünýäniň ilatynyň

1/10 bölegi ýaşaýar. Bu döwletlerde ilatyň tebigy artyşynyň ýokary depgini (3,0-3,5%) saklanýar. Ilatyň ortaça ýyllyk artyşy boýunça dünýäde öňdebaryjylary Tropiki Afrika we Günorta-Günbatar Aziýa ýurtlarynyň arasyndan tapmak bolar. XX asyryň ortalarynda üznüksiz köpelişiň ikinji görnüşiniň döwletlerinde ilatyň çalt artmagynyň şeýle ýokary depgini *«demografiki partlaýyş»* düşünjesiniň döremegine getirdi. Şol döwletlerde bu ýagdaý entek biziň günlerimizde hem dowam edýär.

*13-nji tablisa*

**Dünýäniň sebitleri boýunça ilatyň tebigy köpelişiniň görkezijileri, (‰) 2014 ý.**

| Sebitler we döwletler | Dogluş | Ýogalyş | Tebigy köpeliş | Ortaça ýyllyk köpelişi,% |
|---|---|---|---|---|
| Dünýä boýunça | 20 | 8 | 12 | 1,2 |
| Demirgazyk Amerika | 12 | 8 | 4 | 0,4 |
| Latyn Amerikasy | 18 | 6 | 12 | 1,2 |
| Ýewropa | 11 | 11 | 0 | 0,0 |
| Aziýa | 18 | 7 | 11 | 1,1 |
| Afrika | 36 | 10 | 26 | 2,5 |
| Awstraliýa we Okeaniýa | 18 | 7 | 11 | 1,1 |
| Russiýa Federasiýasy | 13 | 13 | 0 | 0,0 |
| ABŞ | 13 | 8 | 5 | 0,4 |
| Ýaponiýa | 8 | 10 | -2 | -0,2 |
| Beýik Britaniýa | 12 | 9 | 3 | 0,3 |
| Germaniýa | 8 | 11 | -3 | -0,2 |
| Hytaý | 12 | 7 | 5 | 0,5 |
| Hindistan | 22 | 7 | 15 | 1,5 |
| Ýemen | 36 | 8 | 28 | 2,8 |
| Owganystan | 35 | 8 | 27 | 2,7 |
| Somali | 44 | 12 | 32 | 3,2 |
| Zambiýa | 45 | 11 | 34 | 3,4 |
| Çad | 48 | 15 | 33 | 3,3 |
| Niger | 50 | 11 | 39 | 3,9 |

**Çeşme.** 2014 World population data sheet; Горохов С. А. Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013.

Eger-de 1900-nji ýylda dünýäniň ilatynyň sany boýunça iň uly döwletleriň 15-den 7-si Ýewropada, 5-si Aziýada, 3-si Amerikada ýerleşen bolsa, häzir, 2014-nji ýylyň çäklerinde bu sanawda Ýewropada diňe bir döwlet (Russiýa) galdy. Ýöne oňa derek Aziýadan 9 döwlet (Hytaý, Hindistan, Indoneziýa, Pakistan, Bangladeş, Ýaponiýa, Wýetnam, Filippinler) şeýle hem üç Amerika (ABŞ, Braziliýa, Meksika) bir Afrika döwleti (Nigeriýa) bu sanawa girýär.

Bularyň hemmesi ösýän döwletleriň bütindünýäde demografiki ýagdaýa täsirini ýetirýändigini, ilatyň sanynda we üznüksiz köpelişinde aýgytly orun eýeleýändigini, geljekde dünýäniň ilatynyň ösmegine täsir etmegini dowam etdirjekdigini aňladýar.

Ilatyň köpelişiniň ikinji görnüşiniň ýurtlarynda (*4-nji surat*) tebigy köpeliş dogluşyň (40-45‰) we ýogalyşyň (15-20‰) ýokary derejesi bilen häsiýetlendirilýär. Şonuň üçin tebigy artyşyň hasabyna ortaça ýyllyk köpeliş 2,0-2,5%-e deňdir. Ol Afrikanyň käbir ykdysady taýdan yzagalak ýurtlarynda (Angola, Niger, Senegal, Uganda, Zambiýa, MAR, KDR, Çad, Burkina-Faso, Benin, we başg.) has ýokarydyr (*13-nji tablisa*). Bu bolsa sany 25,1 mln adam bolan Mozambigiň ilatynyň her ýylda takmynan 550 müň adam köpelýändigini aňladýar. Hindistanyň ilaty her ýylda 1,5% ösüşe eýe bolsa-da, ýylda 20 mln adama çenli artýar, Indoneziýada bolsa – ýyllyk köpeliş 2,9 mln adama barabardyr.

Her bir döwletde göz öňüne tutulýan ykdysady, syýasy we medeni çäreleri amala aşyrmaklyga ilatyň ösüşi hem-de kemelişi uly täsir edýär. Ilaty çalt köpelýän döwletlerde onuň tebigy ösüşini peseltmek, kemelýän bolsa artdyrmak üçin göreşilýär. Şonuň üçin dünýäniň döwletlerinde özboluşly demografik syýasat alnyp barylýar. Ony ýöretmegiň zerurlygy ýurtlaryň köpüsi tarapyndan oňlanylýan çäredir. *Demografiki syýasat – bu döwlet tarapyndan ilatyň tebigy hereketine täsir etmek, şol döwlet üçin özboluşly aýratynlygy bolan ilat meselelerini çözmek maksady bilen geçirilýän dürli çäreleriň ulgamydyr.*

Dürli ýurtlarda demografiki syýasatyň ugry olarda ýüze çykýan ilat ösüşiniň meselelerine bagly bolup durýar. Meselem, ilatyň köpelişiniň örän ýokary derejesi häsiýetli bolan ýurtlarda ol ilat ösüşini peseltmeklige gönükdirilýär. 70-80-nji ýyllarda dünýäde iň köp ilatly Hytaý Halk Respublikasynda geçirilen demografik


180°
120°
60°
0°
60°
0°
60°
ILATYŇ TEBIGY KÖPELIŞIN
(ýylda 1000 ad
30-dan ýokary
20 - 30
10 - 2
5 - 1
Masştaby: 1:137 500 000




**4-nji surat.** Ilatyň köpelişiniň tipleri

syýasat netijesinde ilatyň tebigy artyşynyň ortaça ýyllyk görkezijisi 28‰-den (1968ý) 5‰-e (2014 ý) çenli peseldi. Bu bolsa, dünýä boýunça ortaça görkezijiden hem has pesdir. Ýöne ösýän döwletleriň köpüsinde şeýle çäreleri geçirmek dürli kynçylyklar bilen baglanyşyklydyr. Şol sebäpli-de bu babatda ýöredilýän syýasat oňyn netije bermeýär.

Ykdysady taýdan ösen döwletleriň köpüsinde, esasan-da, Ýewropa ýurtlarynda (Fransiýa, GFR, Daniýa, Belgiýa, Wengriýa we başg.) demografiki syýasat ilatyň tebigy artyşyny ýokarlandyrmaklyga gönükdirilendir.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletinde hem ilatyň artyşyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen işjeň döwlet demografiki syýasaty alnyp barylýar. Şonuň netijesinde bolsa ilat ösüşinde uly netijeler gazanyldy. Ýurduň ilatynyň tebigy artyşynyň bady ýokarlanýar.

## 3.3. Ilatyň ýaş we jyns düzümi

Ilatyň ýaş we jyns düzümi ilaty häsiýetlendirýän möhüm görkezijileriň biridir. Ol diňe bir arassa demografiki däl, eýsem, durmuş-ykdysady nukdaýnazardan hem uly gyzyklanma döredýär.

*Ilatyň ýaş düzümi.* Ilat meseleleri baradaky edebiýatlarda köplenç, adamlary ýaşyna baglylykda, dürli alamatlary boýunça ýaş toparlaryna (kategoriýalara) bölmek giňden ýaýrandyr:

a) Köpelmeklik aýratynlyklaryna baglylykda – 15 ýaşa çenli – çagalar nesli, 15-49 ýaş – ene-atalar nesli, 50 ýaş we ulular-garrylar nesli;

b) Zähmet işine ukyplylygyna baglylykda – işe ýaramlylyk ýaşdan kiçiler, işe ukyply ýaşdakylar we işe ukyplylyk ýaşdan ulular.

Ilatyň ýaş düzüminiň grafiki derňewi üçin diagrammalaryň aýratyn görnüşi: ýaş düzüminiň piramidasy giňden peýdalanylýar (*5-nji surat*). Ykdysady taýdan ösen we ösýän döwletler boýunça şeýle piramidalaryň ikisini şekillendirmek ilatyň üznüksiz köpelişiniň dürli görnüşlerinde ýüze çykýan ýaş tapawutlary kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Piramida aşakdan ýokarylygyna seredilende, ösýän döwletlerde onuň aşaky bölekleri örän giň (uly), şol bir wagtyň özünde ykdysady taýdan ösen döwletlerde ol has dar (kiçi) bolup görünýär. Munuň özi Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasynyň ösýän ýurtlarynda çagalaryň paýynyň adatça ýokary bolýandygyny we olaryň ilatyň bütin sanynyň 40%-ne, kähalatlarda bolsa ýarysyna çenli ýetýändigini (Niger, Çad we başg.) aňladýar. Bu görkeziji Ýewropa ýurtlarynda esasan, 15-20% aralygynda üýtgeýär. GFR-de, Awstriýada bolsa çagalaryň paýy has hem pesdir. Tersine, ykdysady taýdan ösen döwletlerde garrylaryň paýy has ýokary bolup (15%-den geçýär), ösýän ýurtlarda bolsa olar ilatyň 7%-den geçmeýär.

Adam ýaşy ilatyň esasy öndürijilikli (zähmete ukyply) bölegini kesgitlemegiň baş alamaty (kriteriýasy) bolup durýar. *Zähmet baýlyklarynyň* ýaş çägi aýry-aýry ýurtlarda dürlüçe bellenilýär. Biziň ýurdumyzda zähmete ukyplylyk ýaşy (iş ýaşy) erkekler üçin 16-61 ýaş, aýallar üçin 16-56 ýaş çäginde kesgitlenendir. Russiýada zähmete ukyply ilata aýal-gyzlaryň 16-55 ýaş, erkekleriň 16-60 ýaş aralygyndaky toparlary girizilýär. ABŞ-da bu ýaş toparyna ilatyň 16 ýaşdan, Beýik Britaniýa we Kanada-da 15 ýaşdan, Meksikada we Portugaliýada 12 ýaşdan ululary girizilýär. Türkmenistanda pensiýa ýaşy (dynç alyş ýaşy) aýallar üçin 57, erkekler üçin bolsa 62 ýaşdan, ykdysady taýdan ösen döwletleriň aglabasynda bolsa 65 ýaşdan kesgitlenilýär. Käbir ykdysady taýdan gowşak ösen ýurtlarda bolsa, şeýle ýaş çägi asla kesgitlenilmeýär, sebäbi olarda pensiýa üpjünçiligi girizilmeýär.

Dünýä sebitleri we döwletleri boýunça ilatyň ýaş düzümini 14-nji tablisanyň maglumatlary aýdyň häsiýetlendirýär. Ýewropa ýurtlarynda 15 ýaşa çenli çagalar ähli ilatyň 16,0%-ini, zähmete ukyply ýaşdakylar 68,0%-ini, garrylar bolsa 16,0%-ini tutýar. Bu babatda Afrika ýurtlarynda bütinleý başgaça ýagdaý dowam edýär: çagalar 41,0%, zähmete ukyply ýaşdakylar 55,0%, 65 ýaşdan ulular bolsa bary-ýogy 4,0%-e deňdir. Munuň özi bu sebitlerde ilatyň köpelişiniň dürli görnüşleri bilen baglanyşyklydyr.

*14-nji tablisa*

**Dünýä sebitleriniň ilatynyň ýaş we jyns düzümi, 2014 ý.**

| Sebit | Çagalar (15 ýaşa çenli), % | Zähmete ukyply ilat (15-65 ýaş), % | Garry adamlar (65 ýaşdan uly), % | Ilatyň umumy sanynda erkekleriň paýy, % | Ortaça her 1000 aýal-gyza düşýän erkekleriň sany |
|---|---|---|---|---|---|
| Ýewropa | 16 | 67 | 17 | 48,7 | 958 |
| Aziýa | 25 | 68 | 7 | 51,2 | 1049 |
| Afrika | 41 | 55 | 4,0 | 49,8 | 990 |
| Demirgazyk Amerika | 19 | 67 | 14 | 48,8 | 954 |
| Latyn Amerika | 27 | 66 | 7 | 49,9 | 999 |
| Awstraliýa we Okeaniýa | 24 | 65 | 11 | 50,2 | 1011 |
| Dünýä boýunça | 26 | 66 | 8,0 | 50,3 | 1015 |

**Çeşme.** 2014 World population data sheet www.prb.org; Горохов С. А. Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013.

Ilatyň ýaş düzüminde zähmet baýlyklaryndan başga-da olaryň maddy önümçilige we önümçilik däl toplumynyň işlerine hakyky gatnaşýan bölegini – *ykdysady işjeň ilaty* tapawutlandyrýarlar. Zähmet baýlyklaryndan başga-da olara işleýän çagalary we ýetginjekleri (15 ýaşa çenli), garry adamlary hem girizýärler. Dünýäde ilatyň takmynan 45%-i, ýa-da 3,1 mlrd adam töweregi onuň ykdysady işjeň bölegine degişlidir. Başgaça aýdylanda zähmet baýlyklarynyň 60-65%-i ilatyň ykdysady işjeň bölegini düzýär. Häzirki wagtda Ýewropa, Demirgazyk Amerika ýurtlarynda işsizligiň möçberiniň 7-10 %-e ýetýänligine garamazdan, olarda ykdysady işjeň ilatyň paýy bütindünýä boýunça ortaça görkezijiden ýokarydyr. Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlarynda bolsa ol adatça, ortaça görkezijiden has pesdir (45-55% töweregi). Bu olaryň ykdysady taýdan yzagalaklygy, iş orunlarynyň ýetmezçiligi, köp çagaly maşgalalaryň agdyklyk edýänligi sebäpli, aýallary jemgyýetçilik önümçiligine çekmekligiň kynçylygy bilen düşündirilýär.




**5-nji surat.** Dünýäniň ilatynyň ýaş düzüminiň piramidasy

**Jyns düzümi.** Ilatyň gündelik hasabaty gowy ýola goýlan ýurtlaryň maglumatlary her 100 gyza takmynan ortaça 104-107 oglanyň dogulýandygynyň kanunalaýyk ýagdaýdygyny subut edýärler. Erkekleriň, esasan-da, bäbek ýaşyndaky oglanlaryň bedenleri gowşak bolýar, şoňa baglylykda ömrüniň ilkinji ýyllarynda oglanlaryň arasynda, gyzlara garanda ýogalyş ýokary bolýar diýip fiziologlar hasap edýärler. Soňra, 18-20 ýaşlarda iki jynsyň san gatnaşygynyň umuman, deňleşýändigi bellidir. Ýöne uly ýaş toparlarynda dürli ýurtlarda ilatyň jyns düzüminiň döremegi birmeňzeş geçmeýär.

Dünýä ýurtlarynyň, takmynan ýarysynda aýallar san taýdan agdyklyk edýärler. Şeýle agdyklyk GDA-nyň döwletlerinde, Ýewropa we Demirgazyk Amerika ýurtlarynda uludyr (öňki SSSR-iň düzümine giren ýurtlarda ortaça her 100 aýal-gyza 90 erkek adam düşýär), şunlukda aýallaryň paýy esasan uly ýaş toparlarynda has ýokarydyr. Ol öňi bilen aýallaryň ömrüniň ortaça dowamlylygynyň erkeklere garanda biraz ýokarylygy bilen düşündirilýär. Bu sebitleriň köp döwletlerinde aýallaryň sanynyň artmagy Ikinji jahan urşy döwründe erkek adamlaryň arasynda uly ýitgiler bilen hem baglanyşyklydyr.

Afrika, Latyn Amerikasy ýurtlarynda, Awstraliýa we Ummanystanda erkekleriň we aýallaryň sany takmynan deňräkdir.

Emma Aziýa döwletlerinde ilatyň umumy sanynda erkekler mese-mälim agdyklyk edýär (ortaça her 1000 aýal-gyza 1049 erkek

adam düşýär). Ol esasan aýallaryň maşgalada we jemgyýetde uzak wagtlap dowam eden tabynlylyk we beýleki ýagdaýlar (saglyga zyýan berýän irki nikalar, köp çagalylyk we ş. m.) bilen düşündirilýär. Aýallaryň ömrüniň ortaça dowamlylygy erkek adamlaryňkydan gysgadyr. Soňky ýyllarda Aziýanyň käbir ýurtlarynda ilatyň jyns düzümine daşarky migrasiýa akymlary uly täsir edip başlady. Ol, esasan-da, nebit çykarýan arap döwletleri üçin häsiýetlidir.

Ýöne, şeýle-de bolsa umumydünýä görkezijisine dünýäniň iň köp ilatly ýurtlarynyň ikisinde – Hytaýda we Hindistanda erkekleriň san taýdan agdyklyk etmegi uly täsir edýär. Şonuň üçin dünýä ýurtlarynda aýallara garanda umuman, erkekler birneme köpräk. Ortaça hasap bilen her 1000 aýal-gyza 1015 erkek adam düşýär (*14-nji tablisa*).

## 3.4. Ilatyň durmuş şertleri (hili) täze toplumlaýyn düşünje hökmünde

Soňky ýyllarda ilat barada ylmy we amaly garaýyşlarda onuň ösüşine diňe bir mukdar taýdan baha bermek däl, eýsem, onuň durmuş şertlerini häsiýetlendirýän hil görkezijileri uly ähmiýete eýe bolýar. Bu ykdysady (iş bilen meşgullyk, jan başyna düşýän girdeji, iýmitiň kaloriýalylygy), durmuşy (saglygy saklaýyşyň derejesi, raýatlaryň howpsuzlygy, demokratik institutlaryň ösüşi), medeni (sowatlylyk derejesi, medeni edaralar, çap edilýän önümler bilen üpjünçilik), ekologiki (daşky gursawyň ýagdaýy) şertlerini hasaba alýan çylşyrymly we toplumlaýyn düşünjedir.

Dünýä döwletleriniň aýry-aýry toparlary boýunça ilatyň durmuş-ykdysady görkezijileri örän tapawutlydyr. Ähli görkezijiler boýunça ykdysady taýdan ösen, täze industrial ýurtlaryň we ösýän döwletleriň arasynda uly tapawutlar saklanýar. Has gowşak ösen ýurtlarda durmuş-ykdysady görkezijiler beýleki döwletler bilen deňeşdirilende örän pesdir. Bu bolsa, ahyrky netijede ol döwletleriň demografiki ösüşiniň tapawutly bolmagyna getirýär. Adamzat ömrüniň dowamlylygy, esasan, durmuş-ykdysady (sarp edilýän iýmitiň hiline, kaloriýasyna, saglygy goraýşyň, şeýle-de we durmuş hyzmatlaryndan peýdalanyşyna, maddy-maliýa, ýaşaýyş jaý bilen üp-

jünçiligine we ş. m.) şertlere baglydygyny dünýäniň dürli böleklerinde geçirilen ylmy barlaglar görkezýär. 2014-nji ýylda bütindünýä boýunça adam ömrüniň dowamlylygy ortaça 66 ýaşa (erkekler üçin – 63 we aýallar üçin – 68 ýaş) ýetdi. Ykdysady taýdan ösen ýurtlar üçin bu görkezijiler 71 we 78, ösýän ýurtlar üçin 62 we 65, has gowrak ösen ýurtlar üçin 51 we 53 ýaşa deňdir. Garaşylýan ýaşyň ortaça dowamlylygynyň dünýäde iň ýokary görkezijisi Ýaponiýa – 81 (şol sanda erkekler – 78, aýallar – 84), Şwesiýa (80), Awstraliýa (79), Kanada (79) üçin häsiýetlidir. Emma Afrikanyň ykdysady taýdan gowşak ösen ýurtlarynyň bir toparynda ömrüň garaşylýan ortaça dowamlylygy 40 ýaşa (Ruanda – 39, Malawi – 38, Mozambik – 38, Namibiýa – 36, Swazilend – 36, Zimbabwe – 34, Serra-Leona – 34) hem ýetmeýär.

## 3.5. Dünýä ilatynyň etnolingwistiki düzümi

Etnograflar adatça etniki umumylyklaryň 3 görnüşini: taýpany, halkyýeti we milleti tapawutlandyrýarlar. Taýpalar we taýpalaryň bileleşikleri ilkidurmuş obşina jemgyýeti üçin häsiýetli bolup, häzirki döwürde olar uzak geçmişiň özboluşly galyndylary (reliktleri) hökmünde saklanypdyrlar. Irki synp jemgyýetlerine geçmek bilen ösüşiň soňky tapgyrynyň has jebisleşen etniki umumylygy hökmünde halkyýetler ýüze çykypdyr. Biziň günlerimizde hem olara Demirgazygyň kiçi ýerli halkyýetleri, Aziýanyň we Afrikanyň yza galak ýurtlarynyň köpsanly halkyýetleri degişlidir. Ýöne etniki umumylygyň ýokary formasy – milletdir. Olar Orta asyrlardan Täze döwre geçiş tapgyrynda ýüze çykyp başladylar.

*Millet – munuň özi meýdan-çägiň, ykdysady gatnaşyklaryň, diliň, medeniýetiň, etniki psihologiýanyň esasynda dörän durmuş-ykdysady umumylykdyr.*

Häzirki wagtda dünýä etnoslarynyň aglaba bölegi milletler bolup durýar. Şonuň üçin edebiýatlarda ilatyň «etniki düzümi» diýen has umumylaşdyrylan düşünje bilen bir hatarda onuň «milli düzümi» düşünjesi giňden peýdalanylýar.

Etnoslaryň sany barada edebiýatlarda dürli maglumatlar berilýär. Umuman, olaryň anyk sany 5–5,5 müňe golaý diýlip hasaplanylýar.

Etnoslaryň aglaba bölegi sany 1 mln adamdan az bolan kiçi milletlerdir. Adam sany 1 mln-dan köp bolan milletler 330 ýetýär we olar Ýer şarynyň ilatynyň 96%-ini düzýärler. Olaryň arasynda sany 25 mln adamdan köp bolan 38 millet, 50 mln adamdan köp bolan 21 millet we 100 mln adamdan köp bolan 11 millet tapawutlanýar. Iri milletleriň dünýä ilatynyň umumy sanyndaky paýy 45% ýetýär (*15-nji tablisa*).

Geografiki maglumatlaryň derňewi öz milli (etniki) düzümi boýunça ýurtlaryň 5 görnüşini (toparyny) tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär:

1. Birmilletli ýurtlar – ilatyň aglaba bölegi esasy (titul) millete degişli bolup, şo ýerde milli azlyk hasaplanylýan halklar ilatyň 1–6%-ini düzýär we milli düzümiň birmeňzeşligine täsir etmeýärler. Muňa mysal edip, Ýewropanyň ýurtlaryny görkezmek bolar: Islandiýada we Portugaliýada ýaşaýjylaryň 99%-ini, Awstriýada, Albaniýada, Germaniýada, Daniýada, Irlandiýada – 98%-ini, Gresiýada, Niderlandlarda, Norwegiýada, Şwesiýada, Çehiýada – 95%-ini esasy milleti düzýär. Aziýada – Bangladeş, Iordaniýa, Ýemen, KHDR, Koreýa Respublikasy, Saud Arabystany, Ýaponiýa; Afrikada – Ýegipet, Tunis, Somali, Burundi, Madagaskar; Latyn Amerikasynda – Kolumbiýa, Kuba, Salwador, Ýamaýka ýaly birmilletli ýurtlar tapawutlanýar.

2. Ikimilletli ýurtlar – olar 2 esasy (titul) milletiň bolmagy bilen tapawutlanýarlar. Muňa mysal hökmünde, Belgiýany (flamandlar we wallonlar), Kanadany (anglo-kanadalylar we franko-kanadalylar) görkezmek bolar.

3. Üçünji topara degişli ýurtlar üçin bir milletiň agdyklyk etmegi (70-90%), belli bir derejede ähmiýetli milli azlyklaryň bolmagy bilen utgaşýar. Ýewropada olara – Bolgariýa, Beýik Britaniýa, Ispaniýa, Litwa, Ruminýa, Slowakiýa, Fransiýa we Horwatiýa degişlidir. Aziýada – Wýetnam, Ysraýyl, Kambodža, Hytaý, Kipr, Mongoliýa, Mýanma, Singapur, Şri-Lanka we Günorta-Günbatar Aziýanyň birnäçe ýurtlary bilen bilelikde olaryň sany 18-e ýetýär. Afrikada bu topara Alžir, Botswana, Zimbabwe, Mawritaniýa, Demirgazyk Amerikada – ABŞ, Okeaniýada – Awstraliýa we Täze Zelandiýa degişlidir.

*15-nji tablisa*

**Dünýäniň has iri milletleri, 2014 ý.**

| Milletiň ady | Sany, mln adam | Esasy ýaşaýan ýurtlary |
|---|---|---|
| Hytaýlylar (hanlar) | 1170 | Hytaý |
| Hindistanlylar | 265 | Hindistan |
| Bengallar | 225 | Bangladeş, Hindistan |
| Amerikanlar (ABŞ) | 200 | ABŞ |
| Braziliýalylar | 175 | Braziliýa |
| Ruslar | 150 | Russiýa |
| Ýaponlar | 125 | Ýaponiýa |
| Penjablylar | 115 | Pakistan, Hindistan |
| Biharlylar | 115 | Hindistan |
| Meksikanlar | 105 | Meksika |
| Ýawalylar | 105 | Indoneziýa |

**Çeşme.** Горохов С. А. Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013; INTERNET maglumatlary.

4. Dördünji topara degişli ýurtlarda has çylşyrymly milli düzümi bolsa-da, etniki taýdan ol göräýmäge birmeňzeşdir. Mysal hökmünde Aziýanyň ýurtlaryny görkezmek bolar – Indoneziýada we Filippinlerde halklaryň we halkyýetleriň çendenaşa köp (Indoneziýada 150-den köp, Filippinlerde 93) bolmagyna garamazdan, olar özara kowumdaş hasaplanylýar. Munuň ýaly ýurtlar Tropiki Afrikada has hem köpdür (Kongo Demokratik Respublikasy, Angola, Tanzaniýa, Mozambik we beýlekiler).

5. Ilatyň etniki düzümi çylşyrymly we köpdürli bolan köpmilletli ýurtlary bäşinji topary emele getirýärler. Ýewropada bu topara Şweýsariýa, Bosniýa we Gersegowina, Afrikada – GAR, Aziýada – Owganystan, Eýran, Tailand, Hindistan degişlidir. Hindistan dünýäniň iň köpmilletli ýurdy hasaplanýar, alymlar Hindistanda 850-ä golaý etnoslary tapawutlandyrýarlar. Olaryň 40-dan gowragy «millioner» halklardyr.

6. Sargyt №2701

## 3.6. Halklaryň etnolingwistik klassifikasiýasy

Köp edebiýatlarda adatça halklaryň genealogiki klassifikasiýasy ulanylýar. Bu klassifikasiýanyň esasynda adam aragatnaşygynyň esasy serişdesi we islendik etnosyň wajyp alamaty hökmünde dil aýratynlygy ýatandyr. Halkyň we diliň atlandyrylyşynyň adatça gabat gelmegi hem tötänden däldir. Şu sebäpli munuň ýaly klassifikasiýany etnolingwistiki klassifikasiýa diýip atlandyrmak maksada laýyk bolar.

Ylmyň häzirki zaman ösüş derejesine garamazdan, edebiýatlarda dünýäde dilleriň umumy sany barada gapma-garşy maglumatlara duş gelmek bolýar. Käbir maglumatlara görä, olar takmynan 5000, ýagny halklaryň sany bilen deňdir. Beýleki maglumatlara görä, dünýäde dilleriň sany 3000-e golaýdyr. Munuň ýaly dürli maglumatlaryň bolmagy ilkinji nobatda dil we dil dialektiniň arasynda aýdyň serhediň ýoklugy bilen baglanyşyklydyr.

Genealogiki klassifikasiýada dilleri söz fondunyň (gorunyň) we grammatikasynyň garyndaşlyk derejesi boýunça dil maşgalalaryna birleşdirýärler. Dil maşgalalary öz gezeginde has garyndaş dilleri birleşdirýän ownuk dil toparlaryna bölünýärler. Kähalatlarda olar ondan aşakdaky kiçi toparlara hem bölünýärler.

Dünýä halklarynyň kartasynda 180-den gowrak halklar görkezilýär. Olar görünýän genetiki baglanyşygy bolmadyk käbir üzňeleşen dilleriň (ýapon, koreýa, bask) goşulmagy bilen takmynan 30-dan gowrak dil maşgalalaryna birleşdirilýär (*16-njy tablisa*).

Dünýäniň has iri dillerinde gürleýänleriň sany barada maglumatlar özboluşly gyzyklandyrma döredýär. Elbetde, sanawda birinji orunda hytaý dili durýar, onda 1200 mln adam gepleýär. Ikinji orny bolsa iňlis dili eýeleýär (520 mln). Emma bu ýerde iňlis diliniň diňe bir ene dili hökmünde däl, eýsem, dostlaşygyň köp ýurtlarynda saklanyp galan resmi dil hökmündäki ähmiýeti göz öňünde tutulýar. Latyn Amerikasy ýurtlarynyň 20-si üçin resmi dil bolany sebäpli ispan dili üçünji orunda ýerleşýär (400 mln). Hindi dili dördünji orunda (360 mln), ondan soňra arap (250 mln), bengal (225 mln), portugal (210 mln), rus (200 mln), indoneziýa (190 mln), ýapon (127 mln), fransuz (120 mln) we nemes (100 mln) dilleri durýar. Umuman, ýokarda sanalyp geçilen 12 dilde dünýä ilatynyň 2/3 bölegi gepleýär.

*16-njy tablisa*

**Dünýäniň dil maşgalalary**

| T/B | Dil maşgalalary | Dil toparlary | Gepleýänleriň sany, mln adam | Ýaýran meýdan-çäkleri |
|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| 1 | Hindi-Ýewropa | Slowýan, german, baltika, kelt, roman, grek, alban, ermeni, eýran, nuristan, hindi-ari | 2242 | Dünýäniň ähli sebitleri |
| 2 | Sine-Tibet (Hytaý-Tibet) | Hytaý, tibet-birma | 1121 | Günorta, Günorta-Gündogar, Gündogar Aziýa |
| 3 | Niger-kordofan (Kongo) | Atlant-kongo, mande, kardofan | 325 | Gündogar, Merkezi, Günbatar Afrika |
| 4 | Semit | d.g-merkezi topar (Ysraýylyň ýewreýleri), g.o-merkezi (araplar), efiop-semit | 277 | Günorta-Günbatar Aziýa, Demirgazyk Afrika |
| 5 | Berber | | | Demirgazyk Afrika |
| 6 | Kuşit | | | Demirgazyk Afrika |
| 7 | Çad | | | Demirgazyk Afrika |
| 8 | Awstroneziýa (malaý-polinez) | Malaý-polineziýa, taýwan | 245 | Günorta-Gündogar Aziýa, Awstraliýa, Okeaniýa |
| 9 | Drawid | | 200 | Günorta Aziýa |
| 10 | Altaý (türk) | Türki, mongol, tungus-manžur | 190 | Merkezi, Günorta-Günbatar, Demirgazyk Aziýa |

*16-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 11 | Ural-ýukagir | Fin-ugor, samodiý, ýukagir | 25 | Demirgazyk Ýewropa, Demirgazyk Aziýa |
| 12 | Awstraziýa | Mon-khmer, munda | | Günorta-Gündogar Aziýa |
| 13 | ParatAý | Taý, kam-suý, li, gelao | | Günorta-Gündogar Aziýa |
| 14 | Nil-sahara | | 33 | Demirgazyk Afrika |
| 15 | Demirgazyk kawkaz | Abhaz-adygeý, nah-dagystan | 4 | Gündogar Ýewropa |
| 16 | Kartwel (gruzin) | | 4 | Günorta-Günbatar Aziýa |
| 17 | Miýao-ýao | | | Günorta-Gündogar Aziýa |
| 18 | Awstraziýa | | 95 | Awstraliýa, Okeaniýa, Günorta-Gündogar Aziýa |
| 19 | Koýsan | | 0,4 | Afrika |
| 20 | Eskimos-aleut | | 0,2 | Demirgazyk Aziýa |
| 21 | Çukot-kamçatka | | 0,1 | Demirgazyk Aziýa |
| 22 | Papuas | | 6,2 | Okeaniýa, Günorta-Gündogar Aziýa |
| 23 | Indeý halklarynyň dil maşgalalary (na-dene, d.g amerind, merkezi amerind, çibça-paes, and, ekwatorial-tukanoan, že-pano-karib) | | | Demirgazyk we Günorta Amerika |

*16-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 24 | Andaman | | 0,01 | Aziýa |
| 25 | Aýniler | | | Aziýa |
| 26 | Kusunda | | | |
| 27 | Niwhalar | | | |
| 28 | Basklar | | | Ýewropa |
| 29 | Ýeniseý | | | Demirgazyk Aziýa |
| 30 | Burişler | | | |
| 31 | Hotiler | | | |

**Çeşme:** Антипова Е.А. География населения мира. Минск, БГУ, 2005; INTERNET maglumatlary.

Ilatyň etnolingwistiki düzümi bilen baglanyşykly meseleleriň biri-de ýazuw ulgamlary baradaky meseledir. Latyn hatynyň esasynda kemala gelen ýazuw dünýäde has giňden ýaýrandyr. Ol Ýewropa ýurtlarynyň aglaba böleginde kabul edilip, basybalyjylykly hereketleriň we migrasiýanyň netijesinde Demirgazyk we Latyn Amerikasyna, Afrika (Saharadan günortada), Awstraliýa ýaýradyldy. GDA döwletlerinde we Günorta-Gündogar Ýewropa ýurtlarynda kirillisanyň esasynda kemala gelen ýazuw agdyklyk edýär. Tutuş arap Gündogarynda arap ýazuwy, Hindi subkontinentiniň ýurtlarynda bolsa sanskritiň esasynda ýazuw, Hytaýda we Ýaponiýada ieroglif ýazuwy ulanylýar.

**Milli mesele we onuň häzirki zaman dünýäsinde ýüze çykmasy.** Ilatynyň milli ýa-da daşky keşp tapawudy bar bolan dünýäniň köp döwletlerinde iň ýiti meseleleriň biri milli meseledir. Ol dürli etniki toparlaryň aralaryndaky syýasy, ykdysady, meýdan-çäk, hukuk, ideologik we medeni gatnaşyklary öz içine alýar.

Gynansak-da, häzirki zaman dünýäsinde milletparazçylygyň ýüze çykmagy entek gabat gelýär. Onuň üçin haýsy hem bolsa bir halkyň milli artykmaçlygy we beýlekilerden milli beýikligi (ýokarylygy) ideýasy häsiýetlidir. Adatça bu milli duşmançylyga we ýigrenje getirýär. Adamlaryň daş keşpleri boýunça kemsidilmegi hem entek doly ýok edilenok.

Ähli milletleriň we halklaryň erkinligini we deň hukukly ösüşini üpjün etmek adamzadyň iň ynsanperwerlik wezipeleriniň biridir. Şeýle-de bolsa dünýäde milli we sebit dawalarynyň «gyzgyn nokatlary» hemişe ýüze çykýar. Meselem, ysraýyl-arap gapma-garşylygy bilen baglanyşykly we palestina bosgunlary meselesini döreden, ýakyn gündogar dartgynlylyk ojagy onlarça ýyllardan bäri öçmeýär. Ýewropanyň hem öz «gyzgyn nokatlary» bar: Demirgazyk Irlandiýada (katolik milli azlygyň protestantlara garşy durmagy), Ispaniýada (basklaryň çykyş etmegi), öňki Ýugoslawiýanyň düzümine giren respublikalarda we GDA-nyň döwletleriniň birnäçesinde hem ýiti milli meseleler saklanýar.

## 3.7. Dünýä ilatynyň dini (konfessional) düzümi

Ilatyň etnolingwistiki we dini düzümleri özara berk baglanyşyklydyr, çünki ilkinji dini ynançlar adamzadyň ösüşiniň başlangyç döwründe emele gelip, müňýyllyklaryň dowamynda dinleriň sany üznüksiz köpeldi we olaryň ähmiýeti artdy. Häzirki wagtda hem ylmy-tehniki ösüşiň we medeniýetiň ýeten sepgitlerine garamazdan, Ýer şarynyň ähli ýaşaýjylarynyň takmynan 4/5 bölegi köpsanly dinleriň birine uýýan adamlardyr.

Dinleriň klassifikasiýasynda olary 3 topara bölmeklik kabul edilen. Birinjiden, dürli dünýä böleklerinde ýaşaýan halklaryň uýýan dünýä dinleri. Ikinjiden, köplenç birmilletli halklaryň uýýan milli dinleri (kähalatlarda olary milli-sebit dinleri diýip atlandyrýarlar). Üçünjiden, ýerli taýpa ynançlary. Bu toparlaryň mukdar häsiýetnamasy 17-nji tablisada görkezilen.

Tablisadan görnüşi ýaly, dünýä dinleriniň arasynda hristiançylyk has giňden ýaýrandyr. Ol b.e.öňki I asyrda Palestinada döräp, bütindünýä ýaýrapdyr. Wagtyň geçmegi bilen hristiançylyk 3 esasy şahalara bölünýär: katolik, prawoslaw we protestantçylyk (lýuteriançylyk, kalwinizm, anglikan we beýlekiler).

Bu şahalar käbir dini düzgünleri, dessurlary we buthanalaryň gurluşy boýunça biri-birinden tapawutlanýarlar. Hristiançylyk Ýewropada, Demirgazyk we Latyn Amerikasynda, Awstraliýada şeýle hem Saharadan günortadaky Afrikada koloniýalizmiň netijesi hökmünde agdyklyk edýär (*6-njy surat*).

*17-nji tablisa*

**Dürli dinlere uýýanlar barada maglumat**

| Diniň ady | Dine uýýanlaryň sany, mln adam | Diniň ady | Dine uýýanlaryň sany, mln adam |
|---|---|---|---|
| Dünýä dinleri | | Milli dinler | |
| Hristiançylyk, şol sanda: | 2100 | Induizm | 850 |
| katolikler | 1070 | Hytaý adaty dinleri | 400 |
| protestantlar | 780 | sintoizm | 70 |
| prawoslawlar | 250 | iudaizm | 15 |
| Yslam, şol sanda: | 1500 | Ýerli taýpa ynançlary | 240 |
| sünniler | 1300 | | |
| şaýylar | 200 | | |
| Buddizm | 380 | | |

**Çeşme:** Максаковский А.П. Общая экономическая и социальная география. Москва, ВЛАДОС, 2010, INTERNET maglumatlary.

Dine uýýanlaryň sany boýunça *yslam* dünýä dinleriniň arasynda II orunda durýar. Ol VII asyryň başynda Arabystanda döredi. Yslam dinini esaslandyryjy Muhammet Pygamberdir. Onuň aradan çykmagyndan soň yslam dininde iki akym ýüze çykýar: sünni we şaýy ugurlary. Yslamyň ýaýramagynyň geografiki arealy hristiançylygyňky ýaly giň bolman, ol, esasan, Aziýanyň (dünýä musulmanlaryň 2/3 bölegi) we Afrikanyň çäklerini öz içine alýar. Emma muňa garamazdan, yslamyň dünýä dini hökmünde ähmiýetine pes baha bermek nädogrydyr, çünki 1969-njy ýylda döredilen «Yslam Konferensiýasy» Guramasyna 60-a golaý ýurtlar girýär we olaryň 20-sinde yslam döwlet dini bolup durýar. Musulmanlaryň sany boýunça bu ýurtlaryň toparynda Indoneziýa, Pakistan, Bangladeş, Eýran, Türkiýe, Ýegipet, Nigeriýa tapawutlanýarlar. Emma döwletiň ilatynda musulmanlaryň paýy boýunça Türkiýe, Saud Arabystany, Kuweýt, Alžir (99–100%), Yrak, Pakistan, Liwiýa, Tunis (97–98%) has saýlanýarlar.

Üçünji dünýä dini bolan *buddizm* has ir (b.e.öňki VI–V asyrlar) dörän din bolup durýar. Ol hakyky ýaşan şahsyýet, ýagny Siddhartha


120
60
0
60
30
0
30
60
YSLAM (MUSULMAN) DINI
Sünniler
Şaýylar
IUDAIZM (ÝEWREÝ) DINI
HRISTIAN (HAÇPARAZ) DINI
Katolikler
Protestantlar
Prawoslawlar




**6-njy surat.** Dünýäde dini ynançlaryň ýaýraýşynyň kartasy

Gautama şazadasy bilen baglanyşyklydyr. Buddizmde hem 2 esasy akym tapawutlanýar: hinaýanu we mahaýanu. Buddizmiň ýaýran arealy Günorta, Günorta-Gündogar we Gündogar Aziýany öz içine alýar. Bu diniň agdyklyk edýän ýurtlary – Tailand, Laos, Kambodža, Şri-Lanka bolsa hem, buddistleriň sany Hytaýda we Ýaponiýada köpdür. Mongoliýada, Tibetde, Butanda bolsa, buddizmiň ýene bir akymy bolan lamaizm ýaýrandyr.

Milli dinlileriň arasynda induizm has köpçülikleýin ýaýrandyr. Hindistanyň ilatynyň 80%-i bu dine uýýandyr. Hytaý we Ýaponiýa polikonfessional ýurtlara degişli edilýär. Hytaýda konfusiançylyk, daosizm we buddizmiň hytaý formalary, Ýaponiýada bolsa sintoizm (göni manyda *«Hudaýlaryň ýoly»*), buddizm we konfusiançylyk utgaşýar. Iudaizm dinine uýýanlar dünýäniň 80 ýurtlarynda duşýar, emma bu din diňe Ysraýylda döwlet dini diýlip yglan edilendir.

Mundan başga-da *ýerli taýpa ynançlary* (fetişizm, animizm, totemizm, ata-babalaryň we ölenleriň kulty) barada belläp geçmek gerek. Häzirki wagtda olar Afrikanyň has yza galak ýurtlarynda (Botswana, Angola, Mozambik, Madagaskar, Togo, Benin, Liberiýa, Sýerra-Leone, MAR) ýaşaýan halklarda we Papua – Täze Gwineýanyň papuaslarynda saklanyp galypdyr.

## 3.8. Dünýäniň ilatynyň ýerleşiş aýratynlyklary

Dünýäniň ilatynyň ýerleşişiniň häzirki ýagdaýy Ýer togalagynyň meýdan-çäginiň ilatlaşmagynda örän uly endigansyzlygyň bardygyny görkezýär. Gündogar ýarymşarda Günbatar ýarymşara garanyňda köp ilat ýaşaýar (86%), Demirgazyk ýarymşarda (bary-ýogy 10% ilat) bolsa onuň Günorta ýarymşar bilen deňeşdirilende ilat has köpdür. Şunlukda adamlaryň esasy köplügi aram, subtropik we subekwatorial klimat guşaklyklarynda, deňiz derejesinden 3000 m çenli beýiklikde ýaşaýarlar.

Ýer togalagynda ilatyň häzirki ýerleşişi – onuň ilatlaşmagynyň we hojalyk taýdan özleşdirilmeginiň uzak ýyllarynyň netijesidir. Tebigy, durmuş-ykdysady, taryhy şertlere baglylykda adamzadyň ösüşiniň dürli döwürlerinde aýry-aýry ýurtlaryň we etraplaryň ilatlaşmagy

birmeňzeş ýagdaýda geçmändir. Ol dünýäniň ilatynyň häzirki zaman gürlügi kartasynda aýdyň şöhlelenýär.

Ilatyň meýdan-çäkler boýunça ýerleşişi (ýaýraýşy) köplenç ilatyň gürlüginiň görkezijileri bilen kesgitlenýär.

*Orta gürlük görkezijisi* – ilatyň sanyny ýurduň ýa-da etrabyň meýdanynyň ululygyna bölmekden alynýan hususy san hökmündäki orta statistiki ululykdyr. Ol ilatyň ýerleşişini häsiýetlendirýän möhüm görkeziji bolup durýar.

Ilatyň ortaça gürlügi baradaky maglumatlar ýurtlary we etraplary biri-biri bilen deňeşdirmeklige mümkinçilik berýär. Sebäbi, şeýle deňeşdirmek olarda hojalygyň ugruny, territoriýanyň ol ýa-da beýleki hojalyk işlerine ýaramlylygyny, onuň özleşdiriş derejesini (esasanda, agrar ýurtlarda) ilatyň işe ýaramly böleginiň peýdalanylyşyny, ykdysady-durmuş derejesini kesgitlemäge ýardam edýär.

Şunlukda şeýle hasaplama üçin näçe kiçi meýdan-çäk alynsa şonça-da bu görkezijiniň hakykata ýakyn bolýandygyny göz öňünde tutmak gerek.

Ilatyň ortaça gürlüginiň görkezijisinde örän uly üýtgeşmeler diňe uly sebitlerde däl, eýsem, aýry-aýry ýurtlarda hem aýdyň görünýär.

Elbetde, umumydünýä görkezijisinden, ýagny bütin ýaşalýan gury ýer boýunça ilatyň ortaça gürlüginden başlamak bolar. Umuman, XX asyrda ilatyň sanynyň çalt artmagy bilen baglanyşykda, onuň ortaça gürlügi hem çalt artyp başlady: 1900-nji ýylda 1 km$^2$-a 12 adamdan, 1950-nji ýylda 18,5 adama, 1990-njy ýylda 40 adam, 2014-nji ýylda 53 adama çenli artdy. Şeýle umumy keşpde aýry-aýry sebitleriň arasyndaky tapawutlar örän aýdyň görünýär: Aziýada – 1 km$^2$-a 136 adam, Ýewropada 110 adam (Russiýadan başga), Afrikada – 37, Latyn Amerikasynda – 30, Demirgazyk Amerikada – 15, Awstraliýa we Okeaniýada – 5 adam düşýär (*7-nji surat*).

Dünýä döwletleri boýunça bu görkezijini deňeşdirseň, onda has uly tapawutlary görmek bolar. Ähli döwletleriniň arasynda (has kiçi döwletler hasap edilmände) ilatyň iň ýokary gürlügi Bangladeşe degişli bolup, ol 1 km$^2$ 1101 adama barabardyr. Beýik Britaniýanyň ilatynyň ortaça gürlügi 266 adam km$^2$. Eger-de onuň meýdanynyň urbanizirlenen (şäherleşen) bölegini aýyrsaň, onda ortaça gürlük 80 adam bolar. Hytaýyň gündogar bölegi has gür ilatlaşan, günbatarynda







ILATYŇ GÜRLÜGI
1 km² düşýän adam, 2014 ý.

| | |
|---|---|
| Bütindünýä (Antraktidasyz) | 53 |
| Ýewropa | 32 |
| Aziýa | 136 |
| Afrika | 37 |
| Amerika | 23 |
| Awstraliýa we Okeaniýa | 5 |




**7-nji surat.** Ilatyň gürlüginiň kartasy

bolsa ol örän selçeň. Bu sebitde adamlar oazislerde we şäherlerde ýerleşýärler. Şol bir wagtda Ýawa adasynda ilatyň gürlügi 850 (Indoneziýa boýunça 132 adam/km$^2$). Singapurda we Gibraltarda ilatyň gürlügi 5000-e barabardyr, Tokionyň käbir şäher etraplarynda bolsa – 14 000 adam/km$^2$.

Şonuň üçin *«ilatyň gürlügi»* adalgasy amatly klimatly, tekiz ýer üstli, oba ilatly, uly bolmadyk territoriýalar üçin ulanarlyk bolup, urbanizirlenen ýurtlar üçin oňaýly däldir. Hatda ösen senagatly Niderlandlar ýaly kiçi döwletler üçin ilatyň ortaça gürlügi düşünjesi onuň ýerleşişiniň hakyky keşbini bermeýär. Ilatyň gürlügi ähli territoriýa boýunça Ýaponiýada 336 adam/km$^2$, Hindistanda 394, Hytaýda 143, Ýegipetde 88, Argentinada 15, Awstraliýada 3 adama ýetýär.

Ýurtlaryň ilatlaşan ýerleri (oýkumeneler) boýunça ilatyň ortaça gürlügi düýbünden başgaçadyr: Ýaponiýada – 2743, Ýegipetde – 2150, Hytaýda – 1126, Argentinada – 124, Awstraliýada bolsa 38-e deňdir.

Ilatyň ýerleşişini ilatyň gürlüginiň kartasy has aýdyň görkezýär. Kartanyň maştaby näçe uly bolsa, maglumat çeşmesi hökmünde onuň gymmaty şonça-da ýokarlanýar (*7-nji surat*).

Bu kart onuň has gür ýerleşen esasy dört ojagyny aýdyň tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär. Olaryň iň ulusy *Günorta-Gündogar* we *Gündogar Aziýadaky*, esasan Ýuwaş okean kenar sebitlerinde ýerleşýän ýurtlary öz içine alýar. Bu sebitde 2,8 mln km$^2$ meýdanda 1,8 mlrd adam ýaşaýar. Şonuň üçin Hytaý, Koreýa, Ýaponiýa, Wýetnam, Filippinler, Indoneziýa ýaly köp ilatly ýurtlaryň bu sebitde ýerleşmegi geň däldir. Ähli territoriýalar boýunça ilatyň ortaça gürlügi (daglyk etraplardan başga) 1 km$^2$ 100 adamdan geçýär. Ýanszy, Huanhe derýalarynyň jülgelerinde, Günorta Koreýada we Ýaponiýada bolsa 200 adam/km$^2$ geçýär. Bu zolakda ilatynyň sany million adamdan geçýän 60-dan gowrak şäher ýerleşýär.

Ilatyň ikinji toplumy (ýygjam ýerleşen ýeri) Gang we Brahmaputranyň jülgelerinde, has gür ilaty bolan (1 km$^2$ 200-den 500 adama çenli), *Günorta Aziýa* uly sebitine degişlidir. Bu sebitde (Hindistan, Pakistan, Bangladeş we başg.) – 5,4 mln km$^2$ territoriýada 1,3 mlrd adam ýaşaýar. Onuň çäginde 40-a golaý millioner şäher ýerleşýär.

Areallaryň ikisinde hem ilatyň ýygjam ýerleşen toplumy (Ýapon adalaryndan başga) oba ilatynyň hasabyna döredi.

Ilatyň gür ýerleşen üçünji arealy Beýik Britaniýany (Şotlandiýany hasaba almazdan), Benilýuks ýurtlaryny, GFR, Fransiýanyň demirgazyk-gündogaryny almak bilen, *Günbatar Ýewropada* döredi (bu ýerde ilatyň ortaça gürlügi 100 adam/km$^2$-dan geçýär). Öňdäki iki arealdan tapawutlylykda ilatyň territoriýal ýygjamlygy senagatyň ösmegi netijesinde emele geldi. Onuň çäginde 16 millioner şäher we örän köpsanly orta we kiçi şäherler bar.

Ilatyň dördünji ýygjam ojagy *ABŞ-nyň demirgazyk-gündogarynda we Kanadanyň günorta-gündogarynda*, Atlantik kenarýakasy bilen Beýik kölleriň aralygynda ýerleşýär. Bu ýerde ilatyň jemlenmegi, Günbatar Ýewropadaky ýaly senagatyň ösmeginiň ýokary derejesi bilen baglanyşyklydyr.

Meýdany boýunça kiçi, ýöne örän ýokary gürlügi bilen tapawutlanýan ilatyň ýygjam ýerleşen ýerleri *Ýawa adasynda* we *Nil derýasynyň aşaky akymynda* döredi, bu etraplarda ilatyň gürlügi 500-800 adam/km$^2$ ýetýär. Ýer togalagynyň ýokarda görkezilen alty sebitinde adamzadyň 2/3 bölegine golaýy jemlenendir.

Gür ilatlaşan sebitler bilen birlikde gury ýeriň ummasyz giňişligi örän seýrek ilatlaşandyr – Oýkumenleriň meýdanynyň 54%-den gowragynda 1 km$^2$ ilatyň ortaça gürlügi 5 adama barabardyr. Oňa öňi bilen Demigazyk Amerikanyň we Ýewraziýanyň Demigazyk Buzly okeanyna ýanaşýan deňiz kenar sebitleri we polýaretek ada arhipelaglary (toplumlary) girýärler.

Görkezilen çäkleriň esasy böleginiň (Grenlandiýa, Kanada, Arktiki arhipelagynyň adalary, Demirgazyk Ýeri, Frans-Iosifiň Ýeri, Taýmyr ýarym adasy) umuman, hemişelik ýaşaýan ilaty ýokdur, ýa-da örän seýrek ilatlaşandyr.

Gowşak ilatlaşan areallaryň beýleki üçüsi Afrikanyň, Merkezi Aziýanyň, Merkezi we Günbatar Awstraliýanyň çöllerinde ýerleşýärler. Amazonkanyň derýa jülgesiniň artykmaç çygly ekwatorial tokaýlary hem az ilatlaşandyr. Seýrek ilatlaşan areallaryň biri-de Arap ýarym adasyny öz içine alýar.

Ilatyň has ýokary we has pes gürlüginiň areallarynyň ýerleşişini fiziki-geografiki kartalar bilen deňeşdirip, olaryň ilkinjisiniň kada bolşy

ýaly, hojalyk işi üçin (hasylly ýerler, dowamly wegitasiýa döwri, köp suwly derýalar, gazma baýlyklary) amatly şertlere eýe bolan etraplar bilen gabat gelýändigini görmek kyn däl; ikinjisi has gurak territoriýalary, beýik daglyklary, arktiki we subarktiki zonalary, tropiki tokaýlary öz içine alýarlar. Şeýlelik bilen hemme gowşak ilatlaşan ýerler ýaşaýyş üçin kyn we amatsyz ýerler bilen gabat gelýär. Bu deňeşdirme ilatlaşyş derejesi we degişlilikde territoriýanyň özleşdirilişi bilen tebigy gurşawyň arasynda berk baglanyşygyň bardygyna göz ýetirmäge esas bolýar. Dogrudan hem Ýer togalagynyň dürli etraplarynyň tebigaty adamyň ýaşaýşy we hojalyk işi üçin dürli mümkinçiliklere eýedir.

Planetada ilatyň biendigan ýerleşişini birnäçe sebäpler bilen düşündirýärler.

*Birinjiden*, bu tebigy gurşawyň ýagdaýy. Meselem, dünýäniň ilatynyň 1/2 böleginiň gury ýeriň 30% eýeleýän hem bolsa, pesliklerde jemlenendigi bellidir. Adamlaryň 1/3 bölegi deňizden 50 km-den daş bolmadyk aralykda (bu zolagyň meýdany – gury ýeriň 12%-i) ýaşaýarlar. Adamzadyň ýerleşiş taryhynda, belki tebigatyň amatly şertleri saýlanylyp alnandyr. Emma soňky ýyllarda durmuş-ykdysady şertleriň üýtgemegi we ylmy-tehniki ösüş sebäpli ilat tebigaty boýunça amatsyz ýerlere hem göçüp barýar.

*Ikinjiden*, ilatyň şeýle ýerleşmegine taryhy şertler, hadysalar sebäp bolupdyr. Sebäbi, ilatyň Ýer togalagynda ýaýramak hadysasynyň dowamlylygy 30-40 müň ýyl töweregi dowam edipdir.

*Üçünjiden*, ilatyň ýerleşişine häzirki demografik ýagdaýlar hem täsir edýär. Meselem, käbir döwletlerde ilat ýokary tebigy artyşynyň hasabyna örän çalt köpelýär. Köp maşgalalar täze ýerlere göçmeli bolýarlar.

## 3.9. Ilatyň migrasiýa hereketi

Ilatyň ýerleşişi bilen onuň migrasiýa hereketiniň arasynda örän jebis baglanyşyk bar. Sebäbi bütindünýäde, aýry-aýry sebitlerde we ýurtlarda ilatyň ýerleşişiniň keşbi diňe bir ýokarda sanalyp geçilen faktorlaryň täsiri astynda däl-de, eýsem, adamlaryň migrasiýa hereketleri esasynda hem döreýär. Oňa başgaça *ilatyň mehaniki hereketi* hem diýilýär.

*Migrasiýa* (latynça *migratio* – göçmeklik) – *bu ilatyň hemişelik, wagtlaýyn ýa-da möwsümleýin häsiýetde öz ýaşaýan ýerlerini çalyşmagy (üýtgetmegi) bilen baglanyşykly, aýry-aýry meýdan-çäkleriň we oturymly mesgenleriň arasynda göçüp-gonuş hereketidir.* Migrasiýa hereketleri esasan durmuş-ykdysady sebäpler netijesinde ýüze çykýar. Ýöne onuň ösmegine syýasy, ekologik, milli, dini we beýleki sebäpler hem uly täsir edýärler. Migrasiýalaryň häsiýetleri köptaraplydyr: dünýäde her günde ýüzlerçe million adamlar zähmet çekmek bilen baglanyşykly gündelik gelip-gitme hereketlerine gatnaşýarlar. Onuň sebäbi adamlaryň ýaşaýan ýerleri we iş orunlarynyň arasyndaky territorial üzňeligidir. Möwsümleýin işler bilen baglanyşykly, döwürleýin gelip-gitme hereketleri-de uludyr. Şeýle-de olaryň migrasiýa hereketleri dynç almak, saglygyny bejertmek we dikeltmek, syýahatçylyk, keramatly ýerlere dini zyýaratlar bilen baglanyşyklydyr.

Migrasiýanyň iki görnüşi has giňden ýaýrandyr. Adamlaryň bir döwletiň çäginden beýleki döwletlere göçüp gitmegine ýa-da gelmegine *daşarky (halkara) migrasiýa* diýilýär. Eger-de şeýle hereketler ýurduň çäginde dürli etraplaryň ýa-da oba bilen şäheriň arasynda bolup geçýän bolsa, oňa *içerki migrasiýa* diýlip aýdylýar. Adamlaryň hemişelik ýaşamak üçin öz ýurdundan göçüp gitmegine *emigrasiýa*, başga döwlete gelmegine bolsa *immigrasiýa* diýilýär.

Halkara ilat migrasiýalary has gadymyýetde ýüze çykdy, orta asyrlarda – öňi bilen Beýik geografiki açyşlar bilen baglanyşykda dowam etdi. Ýöne XVIII–XIX asyrlarda ol aýratyn köpçülikleýin häsiýete eýe boldy. Şol döwürde emigrasiýanyň esasy ojagy Günbatar Ýewropa bolupdy. 1815–1915-nji ýyllarda Ýewropadan dünýäniň beýleki böleklerine 35-40 mln adam göçüp gidipdir. Olaryň uly bölegi ummasyz territoriýalaryň basylyp alnan we özleşdirilýän ýeri bolan Demigazyk Amerikada (ABŞ we Kanada) ýerleşipdirler. Göçüp gidenleriň galan bölegi bolsa Günorta Amerikada, Awstraliýada we Täze Zelandiýada, Afrikanyň käbir ýurtlarynda mesgen tutupdyrlar.

Baryp XVIII asyrda Afrikadan negrleriň güýç bilen Amerika göçürilmegi (alnyp gidilmegi) bolup geçipdir. Olar ABŞ-nyň günorta ştatlarynda pagta plantasiýalarynda işletmek üçin peýdalanylypdyr. Şol sebitde, Karib deňziniň adalarynda we Günorta Amerikanyň käbir

ýurtlarynda negrler we mulatlar ilatyň uly bölegini, kä ýerlerde bolsa esasy köplügini düzýärler.

Migrasiýanyň taryhy ABŞ-nyň ilatynyň häzirki zaman köp milletli düzümini aýdyň görkezýär. Kanada-da iki dillilik (iňlis we fransuz), Günorta Amerikada ispan we portugal dilleriniň giňden ýaýramagy hut migrasiýa bilen baglanyşyklydyr.

Ikinji jahan urşundan soňra halkara migrasiýalarynyň möçberi ýene-de artyp başlady. XX asyryň ahyrlarynda bolsa täze «migrasiýa partlaýyşy» möçberine ýetdi. Daşarky migrasiýalaryň köpçülikleýin häsiýete eýe bolýan ýurtlarynda olar ilatyň umumy sanyna uly täsir edýär.

Ozal agdyklyk edýän kontinentara migrasiýalar häzir sany boýunça azaldy, ýöne kontinentleriň öz içinde bir döwletden beýlekisine göçüp-gonuş hereketiniň akymy artdy. Ozal bolşy ýaly, häzirki wagtda hem bu migrasiýalaryň esasy sebäbi – durmuş-ykdysady şertlerdir. Köplenç adamlar täze iş ýerlerini, gowy durmuşy gözläp başga ýerlere gidýärler. Şeýle hereketleri zähmet migrasiýalary diýlip atlandyrylýar. Netijede, häzirki wagtda 35-40 mln adam öz ýurtlarynyň daşynda hemişelik ýa-da wagtlaýyn ýagdaýda işleýärler. Olaryň maşgala agzalaryny, möwsümleýin göçüp gidýänleri we resmileşdirilmedik emigrantlary hasaba alynsa, onda bu görkeziji 3-4 esse ýokary bolar. Şeýle zähmet emigrantlarynyň esasy akymy ösýän döwletlerden ykdysady taýdan ösen döwletlere gönükdirilýär. Ýöne zähmet migrasiýalary ykdysady taýdan ösen döwletleriň arasynda-da, şeýle-de ösýän döwletleriň öz aralarynda-da bolup geçýär.

Geliň öňi bilen halkara migrasiýalarynyň umumy möçberini göz öňüne getireliň. Statistiki maglumatlara görä, 1965-nji ýylda migrasion hereketlere 75 mln adam gatnaşan bolsa, 1985-nji ýylda 100 mln, 2014-nji ýylda bolsa 185 mln adam gatnaşdy.

Häzirki döwürde dünýäde zähmet baýlyklaryny (işçi güýjüni) özüne çekiji üç esasy merkeziň bardygyny bellemek gerek. Olara ilkinji nobatda *Günbatar Ýewropa* sebiti degişlidir (aýratynda: GFR, Fransiýa, Beýik Britaniýa, Şweýsariýa). Ol ýurtlarda eýýäm Günorta Ýewropadan, Günbatar Aziýadan we Afrikanyň dürli ýurtlaryndan işçi-immigrantlaryň uly gatlagy ýüze çykdy; 90-njy ýyllarda Gündogar Ýewropadan we GDA döwletlerinden migrantlaryň akymy hem

has ösdi. Günbatar Ýewropada häzirki wagtda daşary ýurt işçileriniň sany 13-14 mln adama ýetýär. Şweýsariýada daşary ýurt işçileriniň paýy ykdysady işjeň ilatyň 1/4 bölegine, GFR-de – 10%-e deňdir. Ikinji merkez ABŞ bolup durýar. Bu ýerde diňe resmi immigrantlaryň sany (esasan Latyn Amerikasy, Aziýa we Ýewropa ýurtlaryndan) ýylda takmynan 1 mln adama ýetýär, resmi däl bölegi bolsa – ondan hem köpdür. Zähmet immigrasiýasynyň üçünji ojagy *Pars aýlagynyň nebit çykarýan ýurtlarydyr*. Olaryň ilatynyň umumy sanynda daşyndan gelen zähmet immigrantlary (Ýegipetden, Hindistandan, Pakistandan we beýleki ýurtlardan) ýerli ilatdan köpdür. Immigrasiýanyň derejesi boýunça *Kanada* we *Awstraliýa* has tapawutlanýarlar. *Ysraýyl* döwletinde ilatyň 2/3 bölegi, esasan Russiýadan we GDA-nyň beýleki ýurtlaryndan immigrasiýa akymlarynyň hasabyna artdy.

XX asyryň ikinji ýarymynda daşarky migrasiýanyň täze görnüşi ýüze çykyp, ozalky «muskullaryň göçüp gitmeginden» tapawutlylykda «aňlaryň göçüp gitmegi» diýlip atlandyrylýar. Ol daşary ýurtly ýokary hünär taýýarlykly hünärmenleriň, esasan-da, alymlaryň, inženerleriň, lukmanlaryň başga ýurtlara göçüp gitmesini aňladýar. Migrasiýanyň bu görnüşi ilki Günbatar Ýewropa ýurtlaryndan ABŞ-a tarap gitmeklik bilen başlady, ýöne soňra şeýle immigrantlar-döredijilik adamlary esasan ösýän döwletlerden köpçülikleýin gidip başlady. Ösýän döwletlerde «aňlaryň göçmegi» olaryň ykdysadyýetine we medeniýetine örän zyýanly täsir edýär. Ol ýerlerde döredijilik işgärleriniň gatlagy entek şeýle-de az sanlydyr. 80-nji ýyllaryň ahyrynda, 90-njy ýyllaryň başlarynda syýasy we ykdysady çökgünlikler, bilen baglanyşykda Russiýadan, Ukrainadan we GDA-nyň beýleki döwletlerinden «aňlaryň göçmegi» has hem güýçlendi.

Zähmet migrasiýalary bilen bir hatarda syýasy, etniki, dini, ekologik we beýleki sebäpler boýunça köpçülikleýin göçüp-gonuş hereketleri hem saklanýar. Olar bilen birinji nobatda, *bosgunlaryň* akymynyň döremegi ýaly soňky döwrüň möhüm hadysalary baglanyşyklydyr. Bosgunlaryň sany dünýäde 20 mln adamdan agdy. Bu öňi bilen, adamlaryň ýiti syýasy gapma-garşylyklaryň we harby hereketleriň dowam edýän sebitlerinden gaçýandyklary bilen düşündirilýär. BMG-niň maglumatlary boýunça soňky ýyllarda ilat esasan

Afrikadan (9 mln adam töweregi), Aziýadan (7 mln), GDA ýurtlaryndan (2,5 mln) başga ýerlere gaçyp gitmäge mejbur boldular. Soňky döwürde dürli ýagdaýdaky «gyzgyn nokatlardan», diňe bir harby, syýasy dawalary däl-de, eýsem, ekologik betbagtçylykly etraplardan hem adamlaryň göçüp gitmegi köpçülikleýin häsiýete öwrüldi. Bu ýagdaý milli we dini gapma-garşylyklar, açlyk, we ş.m. meseleler boýunça-da döräp, bosgunlaryň sanynyň has artmagyna getirdi (Aziýanyň, Afrikanyň we Latyn Amerikasynyň ýurtlarynda, şeýle-de Ýewropada, mysal üçin öňki Ýugoslawiýada we Russiýada).

Ilatyň içerki (döwletiçerki) migrasiýalarynyň hem birnäçe görnüşi tapawutlandyrylýar. Olaryň biri-de ilatyň oba ýerlerinden şäherlere göçmegidir. Bu hereket köp döwletlerde şäherleriň ilatynyň ösmeginiň esasy çeşmesi bolup hyzmat edýär. Biziň günlerimizde içerki migrasiýalaryň bu görnüşi uly möçberlere eýe boldy, şonuň üçin ony «XX asyrda halklaryň beýik göçmesi» diýlip atlandyrýarlar. Ilatyň göçüp-gonuş hereketi uly we kiçi şäherleriň arasynda hem bolup geçýär. Migrasiýa bilen täze ýerleriň özleşdirilmegi hem baglanyşyklydyr. Migrasiýanyň bu görnüşi öňi bilen ilatyň gürlüginde uly tapawutlaryň bolýan, meýdany boýunça uly – Russiýa, Gazagystan, Kanada, Braziliýa, Awstraliýa we Hytaý ýaly döwletler üçin häsiýetlidir. Bu görnüş, belli bir derejede Türkmenistan üçin hem mahsusdyr.

Umuman, içerki migrasiýalar ähli döwletler üçin hem häsiýetli. Ösýän döwletlerde öz hojalyk ýeri ýa-da iş ýeri bolmadyk oba ýaşaýjylarynyň akymlary gowy durmuşyň gözleginde şäherlere ugrukdyrylýar, has ösen döwletlerde bolsa – ilatyň «tersleýin» migrasiýasy şäherlerden şäher eteklerine, kähalatlarda bolsa oba ýerlerine göçmeklik agdyklyk edýär.

## 3.10. Şäher we oba ilaty

*Şäher ilaty: ähmiýetiniň artmagy.* Häzirki döwürde ilatyň ýerleşişiniň esasy görnüşi hökmünde şäherleriň ähmiýeti barha artýar. BMG-niň maglumatlary boýunça 2014-nji ýylyň başynda dünýäniň ilatynyň 53%-i şäher ýerlerinde ýaşaýar. Ösen döwletleriň köpüsinde şäher ilatynyň paýy 75-80%-e ýetýär. Urbanizasiýa meselesi umumydünýä möçbere eýe boldy (*8-nji surat*).

*Urbanizasiýa* (latynça *urbs* – şäher) *diýlip ýurtda, sebitde, dünýäde şäherleriň şäher ilatynyň udel agramynyň ýokarlanmagyna, şäherleriň has çylşyrymly torlarynyň, ulgamlarynyň döremegine we ösmegine aýdylýar.* Degişlilikde, urbanizasiýa-jemgyýetiň durmuşynda şäherleriň ornunyň ýokarlanmagynyň taryhy hadysasy bolup, zähmetiň häsiýetiniň, ilatyň durmuş şertleriniň we medeniýetiniň kem-kemden şäher görnüşine öwrülmegi bolup durýar. Urbanizasiýa – durmuş-ykdysady ösüşiň möhüm düzüm bölekleriniň biridir.

Häzirki zaman urbanizasiýasy bütindünýä hadysasy hökmünde, döwletleriň köpüsi üçin häsiýetli bolan üç umumy sypata eýedir.

*Birinji sypat* – ösýän döwletlerinde, esasan-da, has gowşak ösen ýurtlarda, şäher ilatynyň ösüşiniň ýokary badynyň bolmagy.

*Ikinji sypaty* – ilatyň we hojalygyň, esasan, uly şäherlerde jemlenmegidir. Ol öňi bilen önümçiligiň häsiýeti, onuň ylym, bilim bilen baglanyşygynyň çylşyrymlaşmagy boýunça düşündirilýär. Ondan başga-da uly şäherler adatça adamlaryň ruhy talaplaryny has doly kanagatlandyrýarlar, harytlaryň we hyzmatlaryň bolçulygyny we görnüş dürlüligini gowy üpjün edýärler.

Bütindünýäde urbanizasiýanyň häzirki döwri üçin uly, ilaty 100 müň adamdan köp bolan şäherleriň ösmegi we sanynyň artmagy häsiýetlidir. Uly şäherleriň arasynda bolsa has irilerini – ilatynyň sany 1 mln-dan geçýän *«millioner-şäherleri»* aýratyn tapawutlandyrylýar. Taryhy taýdan ilkinji şeýle şäher Ýuliý Sezaryň döwründäki Rim bolupdyr. XX asyryň başynda olaryň sany 10-na ýetipdir. 1980-nji ýylda – 200-den gowrak, 1995-nji ýylda – 325, asyryň ahyrynda bolsa olaryň sany 400-den geçdi.

*Üçünji sypat* – şäherleriň «çişmegi», ýagny olaryň territoriýasynyň giňelmegidir. Häzirki zaman urbanizasiýasy üçin ýekeleýin («nokatlaşan») şäherlerden şäher aglomerasiýalaryna – şäher we oba mesgenleriniň territorial toplumlaryna geçmek aýratyn häsiýetlidir. Köplenç ýurtlaryň paýtagtlary, has möhüm senagat merkezleri we uly deňiz-gämi duralgalary-şäherleri ägirt uly şäher aglomerasiýalarynyň ýadrolary (merkezleri) bolup durýarlar. Özara ýakyn ýerleşýän şäherler goşulyşýarlar, uly şäherleriň – «ýadronyň» orbitasyna çekilýärler. Netijede, aglomerasiýalar (şäherleriň toplanmagy) döreýär.


150°
120°
90°
60°
0°
30°
0°
0°
ŞÄHER ILATYNYŇ
UDEL AGRAMY (%)
80-den ýokary
60 - 80
40 - 60
20 - 40
20-den az
Ilatyň sany 1 mln we
ondan köp bolan şäherler
7 mln ýaşaýjydan köp
5–7 mln ýaşaýjy
1–5 mln ýaşaýjy
Masştab 1:125 000 000
DÜNÝÄ SEBITLERI
360
5
80
10
265
1920
729
8
173
32
516
1950




**8-nji surat.** Dünýä ýurtlary boýunça urbanizasiýanyň derejesi

Meselem, Moskwa aglomerasiýasy 12 mln adamy özünde jemleýär, şol bir wagtyň özünde Moskwanyň şäher çäklerinde 9 mln adam ýaşaýar. Bu ýerde bir «ýadro» bolup oňa köpsanly şäher-hemralary çekilýärler. GFR-da Rur aglomerasiýasy 5 mln adamy jemleýär. Moskwa aglomerasiýasyndan tapawutlylykda bu ýerde deň ähmiýetli birnäçe şäherler (günbatarda Duýsburgdan gündogarda Dortmunda çenli) bar.

Bilşiňiz ýaly, şäherler has gadymyýetde Niliň, Tigriň we Ýefratyň boýlarynda, aşak akymlarynda häkimiýetiň dolandyryş, söwda we hünärmentçilik merkezleri, harby birikmeleri hökmünde emele gelipdirler. Kapitalizmiň ösmegi, ýagny uly maşyn senagatynyň, ulaglaryň we dünýä bazarynyň ösmegi bilen olarda önümçilik has uly derejede jemlenipdir. Köp şäherler ulag çatryklaryna we söwda-paýlaýyş merkezlerine öwrülipdir. Dolandyryş we medeni merkezler hökmünde hem olaryň ähmiýeti artypdyr. XX asyryň II ýarymynda şäherleriň funksiýasy ýene-de has giňeldi. Öňi bilen önümçilik däl toplumyň pudaklaryna baglylykda häzirki zaman şäheri birnäçe funksiýany ýerine ýetirýär. Ýöne bir funksiýaly (dag-magdan senagatly, ylmy, syýahatçylyk, paýtagt) şäherler hem bar.

1800-nji ýylda ilaty 5 müň adamdan geçýän 750 sany şäher bolup, olaryň 180-sinde 100 müňden, 24 sanysynda – 200 müňden, 6-da 500 müňden gowrak adam ýaşapdyr. 100 ýyl geçenden soň (1900 ý) 100 müň ilatly şäherleriň sany – 300, olaryň 43 sanysynda 500 müňden, 15-sinde 1 mln-dan gowrak ilat ýaşapdyr.

1800-nji ýyldan biziň günlerimize çenli Ýer togalagynyň ilaty 5 essä golaý artan bolsa, şu döwür içinde şäher ilatynyň sany 60 essä golaý köpelipdir.

Şäherler olaryň daş-töweregindäki ýerlere – tebigy gurşawa-da, şeýle-de oba mesgenlerine-de (ýerlerine) barha artýan täsirini ýetirýärler. N. N. Baranskiý şäherleri her bir ýurduň territoriýasynyň «komanda düzümi» diýip ýöne ýere atlandyrmandyr.

Urbanizasiýanyň has uly basgançagy *«megalopolis»* bolup, birnäçe aglomerasiýalary özüne birleşdirýär. 2000 ýyl mundan ozal Afinyň töwereginde şäher hemralary emele gelip, olara «megalapol» diýipdirler. Soňra XX asyr geçeninden soň bu adalga ilkinji gezek Ýan Gottman tarapyndan ulanylmaga girizildi. Ol 1950-nji ýyllar-

da ABŞ-nyň Boston-Waşington şäherleri arasynda dörän, bir-birine golaý şäherleriň birleşmegini göz öňüne tutupdyr. Häzir bu megalopolisde 50 mln-dan gowrak adam ýaşaýar we 40-dan gowrak aglomerasiýalary özüne birleşdirýär. Bu megalopolis 100 müň km$^2$-dan gowrak territoriýany eýeleýän. Şäher okunyň uzynlygy 800 km-den geçýär. Bu ýerde ortaça gürlük 450 adamdan köpräkdir. Iň uly megolopolisleriň biri-de Ýaponiýanyň Ýuwaş okean kenarýakasynda, Tokio we Osako şäherleriniň aralygynda ýerleşip, «Tokaýdo» diýlip atlandyrylýar. Bu ýerde 60 mln-a golaý adam ýaşaýar we 70 müň km$^2$ ýeri eýeleýär. Ilatynyň gürlügi 800 adamdan geçýär. Şäher okunyň uzynlygy 700 km barabardyr. Bulardan başga-da ABŞ-da Çipits (Çikago-Pittsburg aralygy), San-San(San-Fransisko – San-Diýego), Braziliýada San-Rio (San-Paulu – Rio-de-Žaneýro), Hytaýda Pekt-Týan (Pekin-Týanszin), Angliýada Londan-Liwerpul megalopolisleri bar (*18-nji tablisa*). Moskwa (Moskwa oblasty), Gara deňziniň gündogar kenarynda, Uralda, Kuzbasda, Donesk töwereginde, GFR-de, Parižiň töwereginde, Hindistanda, Indoneziýada, Bangladeşde we başga birňäçe döwletlerde aglomerasiýalar birleşip, uly şäher toplumlary döreýärler.

Megalopolisleriň döremegi bilen oba hojalygynda ekerançylygyň meýdany azalýar. Ilata gündelik gerek bolan iýmitleri goňşy welaýatlardan, döwletlerden getirmeli bolýarlar. Megalopolisler üçin mahsus bolan: suw, energiýa, azyk üpjünçiligi, durmuş hyzmaty, ýaşaýyş jaý, aragatnaşyk, ulag bilen üpjünçilik, olarda ýaşaýan ilatyň saglyk ýagdaýy we başga-da birnäçe ekologiki we geografiki meseleler döreýärler.

*Urbanizasiýanyň derejesi we bady: olary nähili kadalaşdyrmaly?* Urbanizasiýa umumydünýä hadysasy hökmünde umumy sypatlaryň bardygyna garamazdan, dürli ýurtlarda we sebitlerde özüniň aýratynlyklaryna eýedir. Ol bolsa urbanizasiýanyň dürli derejelerinde we ösüş badynda ýüze çykýar.

Urbanizasiýa derejesi boýunça dünýäniň ähli ýurtlaryny 3 topara bölmek mümkin. Ýöne esasy suwaýryt çägi bary-bir ýokary we pes ösen ýurtlaryň arasyndan geçýär. XX asyryň ahyrynda ösen döwletlerde urbanizasiýa derejesi ortaça 78%, ösýän döwletlerde – 41% boldy.

*18-nji tablisa*

**Dünýäniň uly şäher aglomerasiýalary, 2014 ý.**

| Şäher aglomerasiýa | Ýerleşýän ýurdy | Ilatynyň sany, mln adam | Şäher aglomerasiýa | Ýerleşýän ýurdy | Ilatynyň sany, mln adam |
|---|---|---|---|---|---|
| Tokio | Ýaponiýa | 26,9 | Seul | Koreýa | 12,2 |
| San-Paulu | Braziliýa | 19,6 | Osaka | Ýaponiýa | 11,2 |
| Mehiko | Meksika | 18,9 | Rio-de-Žaneýro | Braziliýa | 11,2 |
| Mumbai | Hindistan | 18,3 | Karaçi | Pakistan | 11,1 |
| Nýu-Ýork | ABŞ | 17,2 | Pekin | Hytaý | 10,8 |
| Dakka | Bangladeş | 15,9 | Kair | Ýegipet | 10,8 |
| Deli | Hindistan | 15,3 | Manila | Filippinler | 10,4 |
| Kalkutta | Hindistan | 14,3 | Týanszin | Hytaý | 10,2 |
| Los-Anjeles | ABŞ | 13,8 | Lagos | Nigeriýa | 10,1 |
| Moskwa | Russiýa | 13,4 | Pariž | Fransiýa | 9,6 |
| Jakarta | Indoneziýa | 13,2 | Stambul | Türkiýe | 9,4 |
| Buenos-Aýres | Argentina | 13,0 | Londan | Beýik Britaniýa | 7,6 |
| Şanhaý | Hytaý | 12,8 | | | |

**Çeşme.** Горохов С. А. Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013, INTERNET maglumatlary.

Urbanizasiýanyň ösüş bady köp babatda onuň derejesine baglydyr. Onuň ýokary derejesine ýeten ykdysady taýdan ösen döwletleriň köpüsinde şäher ilatynyň paýy soňky wagtlarda birneme haýal ösýär. Paýtagtlarda we beýleki iň uly şäherlerde bolsa, kada bolşy ýaly, ilatyň sany azalýar. Şäherliler häzir uly şäherleriň merkezinde däl-de, eýsem, şäher eteklerinde we oba ýerlerinde ýaşamaga uly ähmiýet berýärler. Bu ulag meseleleriniň has çylşyrymlaşmagy, daşky gurşawyň hapalanmagy we beýleki ýagdaýlar bilen düşündirilýär. Ýöne urbanizasiýa täze görnüşlere eýe bolup, «çuňlugyna» ösmegini dowam etdirýär.

*19-njy tablisa*

**Ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň has iri megalopolisleri**

| **Megalopolisiň atlandyrylyşy** | **Megalopolisiň esasy merkezleri** | **Aglomerasiýalaryň sany** | **Meýdany, müň km²** | **Ilaty, mln adam** | **Ilatyň gürlügi, adam km²** | **Baş okunyň uzynlygy, km** |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Demirgazyk-Gündogar («Boswaş») ABŞ | Boston, Nýu-Ýork, Filadelfiýa, Baltimor, Waşington | 40 | 170 | 50 | 295 | 1000 |
| Köl etek («Çipitts») ABŞ | Pittsburg, Kliwlend, Detroýt, Çikago | 35 | 160 | 35 | 220 | 90 |
| Kaliforniýa («San-San») ABŞ | San-Fransisko, Los-Anjeles, San-Diego | 15 | 100 | 18 | 180 | 800 |
| Tokaýdo, Ýaponiýa | Tokio, Kawasaki, Iokogama, Nagoýa, Osaka, Kioto, Kobe | 20 | 70 | 55 | 780 | 700 |
| Iňlis, Beýik Britaniýa | Liwerpul, Mançester, Birmingem, London | 30 | 60 | 30 | 400 | 500 |
| Reýn-Rur, Germaniýa | Amsterdam, Rotterdam, Essen, Dýusseldorf, Keln, Frankfurt | 30 | 60 | 30 | 500 | 500 |

**Çeşme.** Горохов С. А. Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013., INTERNET maglumatlary.

Ylymda «şäher partlamasy» adyny alan, bu hadysa ösýän döwletleriň ähli durmuş-ykdysady ösüşiniň möhüm sebäpkärine öwrüldi. Emma bu sebitlerde şäherleriň ilatynyň artmagy olaryň hakyky ösüşinden ep-esli öňe gidýär. Ol köp babatda artykmaç oba

ilatynyň hemişe şäherlere, esasan-da, uly şäherlere «itelenmegine» baglylykda bolup geçýär. Şunlukda emläksiz ilat adatça uly şäherleriň çet gyralaryna gonýarlar, bu ýerlerde garyplygyň guşaklygy, zyňyndy görnüşdäki ýatak jaýlarynyň guşaklygy döreýär. Kähalatlarda «haraba urbanizasiýasy» diýilýäni örän uly göwrümlere eýe bolýar.

Ine, näme üçin halkara resminamalarynyň birnäçesinde ösen döwletlerde urbanizasiýanyň çökgünliligi barada aýdylýar. Bu ýerlerde ol, esasan, kadalaşdyrylmadyk häsiýetde bolmagyny dowam etdirýär.

Ykdysady taýdan ösen döwletlerde, tersine, urbanizasiýa hadysasyny kadalaşdyrmak, ony dolandyrmak boýunça uly güýçler sarp edilýär. Köplenç bu işe, döwlet guramalary bilen bir hatarda arhitektorlar, demograflar, geograflar, ykdysatçylar, sosiologlar, beýleki köp ylymlaryň wekilleri gatnaşýarlar.

Käbir ýurtlarda uly şäherleriň meselelerini çözmegiň bir ýoly hökmünde örän beýik ymaratlary gurýarlar we taslamalaşdyrýarlar. Ýerasty şäherleri, ýüzýän şäherleri, suwasty şäherleri, şäherleri-konuslary, şäherleri-başniýalary, şäherleri-köprüleri we ş. m. gurmaklygyň ýarym fantastiki (hyýaly) taslamalaryny hem öňe sürýärler.

*Oba ilaty.* Şäherleriň çalt ösüşine garamazdan, dünýäniň ilatynyň entek 1/2 bölegi oba ýerlerinde ýaşaýar. Oba ilatynyň paýy Aziýa, Afrika ýurtlarynda has hem uludyr. Oba mesgenleriniň (obalaryň) umumy sany 15-20 mln-a barabardyr. Olar ululygy, görnüşi, ýaşaýjylaryň iş meşgullygy boýunça tapawutlanýarlar. Şol tapawutlar ýurduň ýa-da etrabyň taryhy ösüşi, häzirki durmuş-ykdysady şertleri, öndüriji güýçleriň ösüş derejesi we hojalygyň ýöriteleşişi bilen baglanyşyklydyr.

Ösüşiň uzak ýollaryny geçen Ýewropa we Gündogar Aziýa, Merkezi Aziýa (häzirki GDA döwletleri) ýurtlarynda has öň ýüze çykan uly obalar (toparlaýyn ýerleşiş görnüşi) agdyklyk edýär. Ýöne obalaryň gurluşy düýbünden birmeňzeş däldir. Köp etraplarda uly obalar ýekeleýin ýerleşýän öýler (pytraňňy görnüşi) bilen utgaşýarlar. Olaryň hataryna soňky ýyllarda giňden ýaýran daça we kurort obalary, suburbanizasiýa hadysasy netijesinde uly şäherleriň eteklerinde dörän obalar goşuldy. Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň oba ilatynyň esasy bölegi oba hojalygynda däl-de, beýleki önümçilik we önümçilik

däl toplumlaryň pudaklarynda meşgullanýarlar. Ilatyň esasy böleginiň işe we okuwa gündelik gidip-gelmesi adaty ýagdaýa öwrüldi.

ABŞ-da, Kanada-da, Awstraliýada, Täze Zelandiýada oba ilatynyň pytraňňy ýerleşiş görnüşi ýaýrandyr. Esasan, fermalar we olara hyzmat edýän edaralaryň ýerleşýän şäher etek oba mesgenleri häsiýetlidir. Oba ilatynyň aglaba bölegi oba hojalygyndan başga pudaklarda işleýärler (ABŞ-da – 85%).

Ösýän döwletlerde oba ilatynyň ýerleşiş görnüşi has köpdürlidir we tebigy şertlere, oba hojalygynyň ýöriteleşişine we ösüş derejesine baglydyr. Esasan, uly obalar, ýerli bazar merkezleri, kähalatlarda – plantasiýa hojalyklarynyň ýaýran etraplarynda häzirki zaman obalary agdyklyk edýärler. Çarwa maldarçylygy etraplarynda oturymly obalar azdyr ýa-da ýokdur.

II BÖLÜM

# DÜNÝÄNIŇ SEBITLER WE DÖWLETLER BOÝUNÇA HÄSIÝETNAMASY

## IV bap
## Ýewropa

### 4.1. Ýewropanyň syýasy kartasy. Tebigy şertleri we baýlyklary. Ilaty

Ýewropa – dünýä siwilizasiýasynyň ojaklarynyň biri, Beýik geografiki açyşlaryň, senagat öwrülişikleriň, şäher aglomerasiýalaryň, halkara ykdysady gatnaşyklaryň (integrasiýanyň) watanydyr.

Ýewropa siwilizasiýasy öz taryhyny baryp demir asyryndan (Biziň eýýamymyzdan öňki II müň ýyllygyň başlary) alyp gaýdýar. Gadymy Gresiýa we Gadymy Rim (antiki) medeniýetleri-häzirki zaman günbatar siwilizasiýasynyň emele gelmeginiň başlangyjydyr. Häzirki zaman syýasy medeniýetiň köp bölekleri (elementleri), şol sanda parlamentler we syýasy partiýalar Ýewropadan gelip çykdy.

Meýdany we ilatynyň sany boýunça uly bolmadyk Ýewropa häzirki zaman dünýäsinde möhüm orun eýeleýär. Ösen ykdysadyýeti we kuwwatly harby potensialy bolan bu sebitiň örän uly geosyýasy agramy bardyr.

**Geografik ýerleşişi.** Ýewropa Ýewraziýa materiginiň günbatar böleginde ýerleşýär. Onuň umumy meýdany 10,8 mln km$^2$. Aziýa we Ýewropanyň şertleýin araçägi Ural daglarynyň gündogar eňňitleri, Emba, Kuma, Manyç derýalary, Hazar, Azow, Gara deňizleri boýunça geçýär. Sebitiň çäginde 45 döwlet ýerleşýär. Olar biri-biri bilen taryhy ösüşi, jebis syýasy, ykdysady we medeni gatnaşyklary arkaly berk baglanyşyklydyr.

Ýewropanyň ykdysady-geografik ýerleşişi örän amatlydyr. Ol aşakdaky iki esasy aýratynlygy boýunça häsiýetlendirilýär.

Birinjiden, döwletleriň biri-birine goňşulykly ýerleşişiniň bolmagy. Tutýan meýdanlarynyň onçakly uly bolmazlygy, olaryň biri-biri bilen ýakyn aralykda ýerleşmegine we araçäkleşmegine getirýär. Ondan başga-da araçäkler ulag gatnaşyklary üçin kynçylyklar döretmeýän tebigy çäkler boýunça geçýär.

Ikinjiden, döwletleriň aglaba böleginiň deňizýaka ýerleşiş ýagdaýynyň bolmagy. Olaryň köpüsi iň ýörgünli deňiz ýollarynyň ugrunda ýerleşýär. Ýewropada deňizden iň uzakdaky döwlet hem (Russiýadan başga) deňizden 600 km-den ýakyn aralykdadyr. Beýik Britaniýanyň, Niderlandlaryň, Daniýanyň, Norwegiýanyň, Islandiýanyň, Portugaliýanyň, Ispaniýanyň, Italiýanyň, Gresiýanyň bütin durmuşy gadymy döwürlerden bäri deňizler bilen berk baglanyşykda bolupdyr.

**Sebitiň syýasy kartasy.** Ýewropanyň syýasy kartasy diňe XX asyryň dowamynda üç gezek uly özgerişe sezewar boldy: Birinji we Ikinji jahan uruşlaryndan soňra we XX asyryň ahyrlarynda. Soňky 1990-njy ýyllarda iki Germaniýa döwleti birleşdi, Çehoslowakiýa iki döwlete bölündi, Ýugoslawiýa we SSSR dargap, olaryň çäginde aýry-aýry garaşsyz ýurtlar döredi. Gündogar Ýewropanyň ozalky sosialistik ýurtlarynda jemgyýetçilik-syýasy durmuş üýtgedi.

Sebitde syýasy hyzmatdaşlygy kämilleşdirmäge Ýewropada Howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk boýunça Guramasy (OBSÝE) uly ýardam edýär. Onuň düzümine 53 döwlet girýär. Ol şeýle-de ABŞ-ny, Kanadany, GDA ýurtlaryny birleşdirýär.

Ýewropa döwletleriniň aglabasy respublikalardyr, ýöne bu sebit konstitusion monarhiýalaryň sanynyň (12) köp bolmagy bilen tapawutlanýar. Döwlet gurluşy boýunça unitar ýurtlar agdyklyk edýär. Belgiýa, Germaniýa, Ispaniýa, Şweýsariýa, Awstiýa, Bosniýa we Gersegowina, Russiýa Federatiw gurluşly döwletlerdir. Ýewropa döwletleriniň 20-den gowuragy Demirgazyk Atlantik harby bileleşiginiň (NATO) agzalarydyr, Şwesiýa, Şweýsariýa we Awstriýa bolsa bitaraplyk syýasatyny ýöredýärler. Sebitde ýerleşýän döwletleriň 28-si ykdysady integrasion gurama bolan Ýewropa Bileleşigine girýärler.

**Tebigy şertleri we baýlyklary.** Ýewropada hojalyk pudaklarynyň, şol sanda senagatyň ösmegi tebigy mümkinçilikler, esa-

san-da, gazma baýlyklaryň ýaýraýşy bilen baglanyşyklydyr. Ýöne olaryň düzümi sebitiň dürli böleklerinde birmeňzeş däldir. Günbatar Ýewropanyň demirgazygynda magdan gazma baýlyklary, şeýlede ýangyç baýlyklary ýaýrandyr. Meselem, daş kömür känlerinden Rur (GFR) we Ýokarky-Sileziýa (Polşa), York, Günorta Uels (Beýik Britaniýa), nebit-gaz ýataklaryndan bolsa Demirgazyk deňziniň düýbündäki, demir magdan känlerinden – Lotaringiýa (Fransiýa) we Kirun (Şwesiýa) has tapawutlanýar.

Günbatar Ýewropanyň günorta böleginde magmatiki we çökündi gelip çykyşly magdan känleri agdyklyk edýär. Olaryň arasynda reňkli metal magdanlarynyň gorlary senagat ähmiýetine eýedir. Ýöne sebitiň bu böleginde ýangyç baýlyklarynyň gorlary has azdyr. Magdan däl gazma baýlyklary barada aýdylanda bolsa, bu ýerde dürli duzlaryň (Fransiýada, GFR-de – kaliý duzlary), alýuminiý senagaty üçin çig malyň uly ähmiýeti bardyr.

Gündogar Ýewropada nebitiň gorlary (Russiýada – Demirgazyk Kawkaz, Powoljiýe), tebigy gazyň (Russiýada, Ruminýada bar), daş kömrüň (Ukrainada – Donbass, Russiýada – Peçora), apatitleriň (Russiýada Kola ýarym adasy), demir magdanynyň (Russiýada – Kursk magnit anomaliýasy, Ukrainada – Kriwoý Rog we Kerç), marganesiň (Ukrainada – Nikopol), kaliý duzlarynyň (Belorusiýada – Soligorsk) uly gorlary ýerleşýär. Ýewropanyň territoriýasynyň ähli ýerinde gurluşyk materiallarynyň dürli görnüşleri ýaýrandyr.

Emma Ýewropa ýurtlarynyň aglaba böleginde (Russiýadan başga) gazma baýlyklarynyň köp görnüşleriniň gorlary çäklidir. Bu bolsa, olary dünýäniň beýleki ýurtlaryndan getirilmegine garaşly edip goýýar.

Ýewropanyň suw energiýa baýlyklary, umuman uludyr. Ýöne derýalaryň energiýa mümkinçilikleri, esasan, daglyk etraplarynda jemlenendir. Köp döwletlerde suw energiýa mümkinçilikleri häzirki wagtda doly peýdalanylýar.

Sebitiň oba hojalygy üçin tebigy şertleri amatlydyr we köp asyrlaryň dowamynda giňden peýdalanylýar. Ýöne oba hojalyk ekinlerini ekilýän meýdanlary giňeltmek üçin ätiýaçlyk ýerler örän çäklidir. Şonuň üçin ýerlere hojalyk «agramy» barha artýar.

Ýewropanyň oba hojalygy üçin klimat şertleri onuň esasy böleginiň aram, günortada bolsa subtropiki giňişlikde ýerleşişi bilen

kesgitlenilýär. Ortaýer we Gara deňizlerine ýanaşýan etraplarda durnukly oba hojalygy emeli suwaryş esasynda mümkindir.

Ýewropanyň köp etraplary hasylly ýerlere we tokaýlaryň ösmegi üçin gowy şertlere eýedir. Ýöne köp asyrlaryň dowamynda Günbatar Ýewropanyň meýdanynyň uly böleginde tokaýlar ýok edildi. Köp ýurtlarda tokaýlar täzeden dikeldildi (ikinji derejeli tokaýlar). Häzirki wagtda tokaýlar sebitiň meýdanynyň 20%-ini tutýar. Skandinawiýa ýarymadasynda we Gündogar Ýewropada tokaýlar has giň meýdanlary örtýär. Tokaýlaryň 3/5 bölegi pürli we 2/5 bölegi ýaprakly agaçlardyr. Tokaý hojalygyny ösdürmek babatda Şwesiýanyň, Finlýandiýanyň, Belarusiýanyň, Russiýa Federasiýasynyň mümkinçilikleri has uludyr.

Ýewropa, esasan-da, onuň günorta sebitleri uly we köpdürli tebigy-rekrasion (dynç alyş we kesel bejeriş ähmiýetli) baýlyklara eýedir. Bu bolsa, sebitde syýahatçylyk ulgamynyň ösmegine uly ýardam edýär.

**Ilaty.** Häzirki wagtda sebitiň ilaty 741 mln adama barabar. Soňky ýyllarda Ýewropanyň ilaty örän haýal artýar. Bu sebitiň ilatynyň üznüksiz köpelişi üçin çylşyrymly demografik ýagdaýyň häsiýetlidigi bilen düşündirilýär.

Ilatyň tebigy köpelişi pes derejede bolup, dürli döwletlerde onuň görkezijisi birmeňzeş däldir. Ilatyň ortaça ýyllyk ösüşi käbir ýurtlarda 0,3-0,5% aralygynda (Irlandiýa, Islandiýa, Norwegiýa, Beýik Britaniýa, Albaniýa, Çernogoriýa) saklanýan bolsa, tersine beýleki ýurtlarda onuň sanynyň azalmak hadysasy görünýär (Bolgariýa, Wengirýa, Serbiýa, Latwiýa, Litwa, Ruminýa, Ukraina we başg.). Netijede, Ýer şarynyň ilatynyň umumy sanynda Ýewropanyň udel agramy 10,2%-e çenli peseldi.

Sebitdäki şeýle demografiki ýagdaý ilatyň ýaş we jyns düzüminde has aýdyň ýüze çykýar. Ýewropa ýurtlarynda ilatyň ýaş düzümi düýpli üýtgeýär, çagalaryň we işe ýaramly ýaşdaky adamlaryň paýy azalýar, garry adamlaryňky bolsa artýar. 2014-nji ýylyň maglumatlary boýunça Ýewropa sebitinde ilatyň umumy sanynda 15 ýaşa çenli çagalar we ýetginjekler – 16%, zähmete ukyply ýaşdakylar – 66%, 65 ýaşdan ulular bolsa 18%-e barabar boldy.

Bularyň hemmesi ilatyň daşarky migrasiýasynyň dünýä ulgamynda sebitiň ornunyň üzül-kesil üýtgemegine getirdi. Beýik geografiki açyşlar döwründen başlap, birnäçe asyryň dowamynda emmigrasiýanyň esasy ojagy bolan Ýewropa, häzirki wagtda zähmet immigrasiýasynyň baş dünýä merkezine öwrüldi. Häzir bu ýerde daşary ýurtlardan bolan 12-15 mln işçiler we olaryň maşgalalary ýaşaýarlar. Zähmet immigrantlaryň (şeýle hem bosgunlaryň) köp mukdaryny kabul edýän ýurtlar üçin adamlaryň şeýle akymy köp çylşyrymly meseleleri döredýär.

Ýewropa ilatyň milli düzüminiň birmeňzeşligi bilen häsiýetlendirilýär. Sebitiň 80-den gowrak halkynyň aglaba köplügi hindiýewropa dil maşgalasyna degişlidir. Şunlukda, slawýan, roman, german toparynyň garyndaş dilleriniň uly meňzeşlik sypatlary bardyr. Şeýle-de bolsa, sebitiň müňýyllyklaryň dowamynda dörän etniki kartasy ýönekeý däldir. Birmilletli döwletler bilen bir hatarda, bu ýerde çylşyrymly milli düzümli döwletleriň sany-da az däl. Olarda soňky ýyllarda milletara gatnaşyklarynyň ýitileşmegi görünýär.

Ýewropa ýurtlarynda ilatyň esasy bölegi hristian dinine uýýarlar. Ýöne sebitde onuň 3 akymy: katolikçilik-Italiýada, Ispaniýada, Portugaliýada, Fransiýada, protestantçylyk-demirgazyk ýewropa ýurtlarynda, şeýle-de Germaniýanyň we Beýik Britaniýanyň uly böleginde, prawoslaw akymy – Orta we Gündogar ýewropa ýurtlarynda (esasan slawýan halkarynyň arasynda) giňden ýaýrandyr.

Ýewropa – dünýäniň gür ilatlaşan sebitleriniň biri, ilatyň ortaça gürlügi 1 km$^2$ territoriýa 32 adamdan geçýär. Ýöne, sebitiň günbatar bölegi has gür ilatlaşandyr. Bu ýerde ilatyň ortaça gürlügi 1 km$^2$ meýdana 110 adamdan ýokarydyr. Şunlukda, sebitde ilatyň ýerleşişi ozaly bilen şäherleriň geografiýasy esasynda kesgitlenýär. Bu ýerde urbanizasiýanyň derejesi dünýä boýunça iň ýokary görkezijilere eýedir: şäherlerde sebit boýunça ortaça 72%, käbir ýurtlarda bolsa 80%-den (Daniýa, Finlandiýa, Beýik Britaniýa, Norwegiýa) hatda 90%-den (Islandiýa, Malta, Belgiýa) gowrak ilat ýaşaýar.

Uzak ýyllaryň dowamynda Ýewropada urbanizasiýanyň häsiýetli aýratynlygy ilatyň uly şäherlerde we şäher aglomerasiýalarynda örän ýokary derejede jemlenmegidir. Olaryň iň ululary – London, Pariž we Aşaky Reýn-Rur, Moskwa aglomerasiýalarydyr.

## 4.2. Ýewropa sebitiniň hojalygynyň umumy häsiýetnamasy

Sebitiň tebigy, taryhy, syýasy, durmuş we medeni aýratynlyklaryna görä, bu ýerde ykdysady integrasion hadysalar dünýäniň beýleki ýerlerine garanda has ir başlandy we örän uly möçberlere ýetdi. 1957-nji ýylda ýewropanyň kömür we çoýun Birleşmesiniň agzalary bolan 6 döwlet – Germaniýa, Fransiýa, Italiýa, Belgiýa, Niderlandlar we Lýuksemburg – Ýewropa ykdysady bileleşigi ÝB baradaky ylalaşyga gol çekdiler. 1993-nji ýylda ol birleşme Ýewropa Bileleşigi diýlip atlandyryldy. Häzirki wagtda onuň düzümine 28 sany döwlet girýär.

Ýewropa bitewi sebit hökmünde senagat we oba hojalyk önümçiliginiň möçberi, harytlaryň we hyzmatlaryň eksporty, altynyň we walýutanyň ätiýaçlygy, halkara syýahatçylygynyň ösüşi boýunça dünýä hojalygynda birinji orny eýeleýär.

Günbatar Ýewropanyň ähli döwletleri ykdysady taýdan ösen döwletleriň hataryna girýärler, Gündogar Ýewropanyň ýurtlary bolsa geçiş ykdysadyýetli döwletleriň toparyna degişli. Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň arasynda durmuş-ykdysady ösüşiň derejesi boýunça «Uly ýediligiň» agzalary bolan Germaniýa, Fransiýa, Beýik Britaniýa we Italiýa has tapawutlanýarlar, Orta we Demirgazyk Ýewropa ýurtlarynyň aglabasy ykdysady taýdan has ösen kiçi ýurtlaryň toparyna degişli edilýär. Irlandiýa, Islandiýa Portugaliýa we Gresiýa öz ykdysady ösüşinde biraz yza galýarlar, Ýewropanyň has kiçi döwletleri – Watikan, San-Marino, Monak, Andorra, Lihtenşteýn bolsa aýratyn topary emele getirýärler.

Ýokarda bellenilişi ýaly, sebitiň ykdysady kuwwatyny, öňi bilen «Uly ýediligiň» agzalary – GFR, Fransiýa, Beýik Britaniýa, Italiýa we Russiýa Federasiýasy kesgitleýär. Hut şu döwletleriň hojalyklary dürli pudaklaryň we önümçilikleriň has giň toplumyna eýedir.

Ýewropanyň beýleki ýurtlaryndan Ispaniýanyň, Niderlandlaryň, Şweýsariýanyň, Belgiýanyň we Şwesiýanyň ykdysady agramy uludyr. Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň arasynda Çehiýa we Polşa senagatyň çalt ösýänligi bilen tapawutlanýar. Ýokarda görkezilen

esasy öňdebaryjy döwletlerden tapawutlylykda, olaryň ykdysadyýeti pes bitewileşen bolup, adatça, aýry-aýry pudaklara ýöriteleşýärler.

Sebitiň kiçi we orta ululykdaky ýurtlary bütindünýä ykdysady gatnaşyklaryna has giňden çekilendir. Ykdysadyýetiň daşary ýurtlara açyklygynyň has ýokary derejesi Belgiýada, Niderlandlarda, Günbatar Ýewropanyň has kiçi döwletlerinde aýdyň ýüze çykýar.

Orta (Merkezi) we Gündogar ýewropa ýurtlary sosialistik ulgamdan soňra, bazar gatnaşyklaryna geçiş döwrüni başdan geçirýärler.

Ýewropanyň ykdysadyýetiniň pudaklaýyn düzümi soňky ýyllarda uly özgerişe sezewar boldy. Bu ýerde hojalygyň industrial ösüşden soňky modeli kemala geldi. Sebitiň has ösen ýurtlarynda (GFR, Fransiýa, Belgiýa, Beýik Britaniýa, Çehiýa we başg.) oba hojalygynyň paýyna JIÖ-niň bary-ýogy 1-3%-i, senagata – 20-25%-i, hyzmatlar ulgamyna bolsa – 70%-e golaýy düşýär.

Ýewropa senagat önümçiliginiň iň ösen sebitleriniň biridir. Onuň ýurtlarynyň paýyna dünýä senagat öndüminiň 1/3 bölege golaýy düşýär. Senagatda ylmy-tehniki ösüşiň iň täze gazananlary ornaşdyrylýar, informasion tehnologiýalar giň gerime eýe bolýar. Soňky ýyllarda senagatyň gurluşynda örän möhüm öňegidişlikler bolup geçýär: atom energetikasy we nebit-gaz hojalygy ösdürilýär, awtomobil gurluşygy, awiasiýa-kosmos, elektronika we elektrotehnika senagaty, robot gurluşygy, iň täze himiýa pudaklary, ýeňil we azyk senagatynyň birnäçe ugurlary çalt ösýär.

Ýewropa döwletleriniň ýangyç-energetika hojalygynda sebitiň özünde (Demirgazyk deňzinde, Russiýada) çykarylýan we ösýän döwletlerden getirilýän nebit we tebigy gaz esasy orun eýeleýär. Günbatar ýewropada Beýik Britaniýada, GFR-de, Fransiýada, Niderlandlarda, Belgiýada soňky ýyllarda kömrüň çykarylyşy soňky ýyllarda görnetin azaldy. Sebitiň gündogar böleginde bolsa (Polşada, Çehiýada, Ukrainada) ýangyç hökmünde entek kömrüň ähmiýeti saklanýar.

Ýylylyk elektrik stansiýalarynyň köpüsi kömür känlerine ýykgyn edýär. Ýöne olar deňiz gämi duralgalarynda (daşyndan getirilýän ýangyjyň hasabyna işleýän) we uly şäherlerde hem gurulandyr. Elektroenergetikanyň düzümine we geografiýasyna, esasan-da, GFR-de, Beýik Britaniýada, Belgiýada, Fransiýada, Çehiýada, Slowakiýada, Wengriýada, Bolgariýada atom elektrik stansiýalarynyň gu-

rulmagy uly täsir etdi. Häzirki wagtda Ýewropada AES-leriň 90-a golaýy hereket edýär. Elektrik energiýasyny öndürmekde suw elektrik stansiýalarynyň (Norwegiýa, Şwesiýa, Şweýsariýa, Russiýa) ähmiýeti uludyr.

Metallurgiýa senagaty ilkibaşda çig mal we ýangyç gazylyp alynýan ýurtlarda (GFR, Beýik Britaniýa, Fransiýa, Ispaniýa, Belgiýa, Lýuksemburg, Polşa, Çehiýa, Russiýa, Ukraina) ösüşe eýe boldy. Günbatar Ýewropada soňky ýyllarda uly metallurgiýa kombinatlary daşary ýurtlardan getirilýän arzan we ýokary hilli demir magdanyna esaslanyp, deňiz gämi duralgalarynda guruldy. Ýöne häzirki wagtda, esasan, uly bolmadyk metallurgiýa kärhanalary döredilýär.

Reňkli metallurgiýanyň möhüm pudaklary – alýuminiý we mis senagatydyr. Alýuminiý önümçiligi boksitleriň gorlaryna eýe bolan ýurtlarda (Fransiýa, Italiýa, Wengriýa, Ruminýa, Gresiýa, Russiýa), şeýle-de elektroenergiýanyň köp öndürilýän ýerlerinde (Norwegiýa, Şweýsariýa, GFR, Awstriýa) ösendir. Soňky ýyllarda alýuminiý zawodlary ösýän döwletlerden getirilýän çig mala ýykgyn edýärler.

Ýokary hünärli zähmet baýlyklaryna, kämil ylmy barlaglaryň netijelerine we önümçilik infrastrukturasyna esaslanýan maşyn-gurluşygy Ýewropanyň senagatynyň öňdebaryjy pudagydyr. Bu pudagyň paýyna ähli senagat önüminiň 1/3 bölegi, onuň eksportynyň bolsa 2/3 bölegi düşýär. Sebitde maşyn-gurluşygynyň ähli pudaklary ösdürilýär, ýöne awtomobil, awiakosmos gurallaryny, stanoklary, enjamlary öndürmek, elektrotehnika we elektronika önümçiligi has uly ähmiýete eýedir. GFR, Fransiýa, Italiýa, Belgiýa, Niderlandlar, Beýik Britaniýa, Çehiýa ýaly ýurtlarda maşyn-gurluşygy kärhanalary her bir şäherde diýen ýaly bardyr.

Himiýa senagaty maşyn-gurluşygyndan soňra ikinji orny eýeleýär. Ikinji jahan urşundan ozal himiýa senagaty esasan kömür, kaliý we nahar duzlarynyň känlerine ýykgyn edýärdi we olaryň gazylyp alynýan etraplarynda ýerleşýärdi. Soňra, uglewodorod çig malyna geçilmegi bilen, günbatar ýewropanyň deňiz gämi duralgalarynda nebit-himiýa pudagy nebiti gaýtadan işleýän senagat bilen utgaşykda ösdürilip başlanyldy. Reýn, Elba, Temza, Sena derýalarynyň deňze guýýan deltalarynda uly nebit himiýa merkezleri döredi. Sebitiň gündogar böleginde (Russiýada, Ukrainada we başg.)


0°
Şpisbergen adl.
NORWEG DEŇZI
Islandiýa ad.
REYKÝAWIK
60°
ATLANTIK
OKEANY
OSLO
STOKGOLM
Göteburg
Glazgo
Nýukasl
KOPENGAGEN
Irlandiýa ad.
Mançester
Liwerpul
Lids
Şeffild
Gamburg
Bremen
DUBLIN
AMS.
Rott.
Gannower
BERLIN
Gdans
Lodz
Birmingem
LONDON
BRYS.
Köln
Reýn-Rur
Lill
LÝUK
Frankfurt
PRAGA
Nýurnberg
PARIŽ
Ştut.
BRA
BERN
Mýunhen
WENA
Lion
Milan
LÝB.
ZAGREB
Turin
M.
Florensiýa
Marsel
Genuýa
SARAÝEWO
ANDORRA
Korsika ad.
RIM
Neapol
40°
Barselona
MADRID
LISSABON
Sardiniýa ad.
ORTA
ÝER
Sisiliýa ad.
WALETTA




**9-njy surat.** Ýewropa ýurtlarynyň hojalygy

nebit-himiýa toplumlary magistral nebit we gaz geçirijileriň ugrunda döredi. Döwletleriň arasynda GFR bu pudagyň ösüşi boýunça diňe bir ýewropada däl, eýsem, dünýäde öňdebaryjylaryň biridir. Russiýada, Beýik Britaniýada, Fransiýada we Italiýada hem häzirki zaman himiýa önümçilikleri bar.

Esasan çig mal çeşmelerine ýykgyn edýän agaç işläp bejerýän senagaty Şwesiýada we Finlýandiýada halkara ýöriteleşiş pudagyna öwrüldi. Ýöne tokaýlaryň giň ýaýran ýurtlary bolan Russiýada, Belarusda, Baltika döwletlerinde, Polşada hem bu pudagy ösdürmäge uly ähmiýet berilýär.

Ýeňil senagaty ilkibaşda günbatar ýewropada öz ösüşine eýe boldy. Beýik Britaniýadaky (Lankaşir we Ýorkşir), Belgiýadaky (Flandriýa), Fransiýadaky (Lion), Italiýadaky (Milan) köne dokma senagatynyň etraplary bilen bilelikde, soňky ýyllarda günorta ýewropada (Italiýa, Ispaniýa, Portugaliýa) täze dokma merkezleri döredi. Gündogar ýewropa ýurtlarynda hem dokma senagaty ösendir.

Oba hojalyk önümleriniň esasy görnüşleri boýunça ýewropa ýurtlarynyň köpüsi öz hususy hajatlaryny doly üpjün edýär we önümleriniň bir bölegini daşarky bazara çykarýar. Ikinji jahan urşundan soňra ownuk daýhan hojalyklaryndan ýokary önümli uly ýöriteleşdirilen hojalyklara geçmek bilen baglanyşykly oba hojalygynda, esasan-da, ýer eýeçiligi we ýerden peýdalanmak ulgamynda uly özgertmeler bolup geçdi. Uly, ýokary derejede mehanizmleşdirilen fermalar oba hojalyk kärhanasynyň esasy görnüşine öwrüldi. Ýöne gündogar ýewropa ýurtlarynda oba hojalygynyň guralyşynda düýpli tapawutlar bar.

Ýewropada oba hojalygy, ýagny ekerançylyk we maldarçylyk hemme ýerlerde ýaýrandyr we utgaşykly ösdürilýär. Tebigy we taryhy-ykdysady şertleriň täsiri bilen sebitde oba hojalygynyň guralyşynyň 4 görnüşi ýüze çykdy.

*Demirgazyk ýewropa* (Skandinawiýa ýurtlary, Beýik Britaniýa) görnüşi üçin intensiw ösdürilýän süýt berýän maldarçylygyň we ot-iýmlik ekinleri ösdürip ýetişdirmegiň agdyklyk etmegi häsiýetlidir.

*Orta ýewropa* görnüşi maldarçylygyň süýt we süýt-et berýän ugrunyň, şeýle hem doňuzdarçylygyň we guşçulygyň has ösenligi bi-

len tapawutlanýar. Ekerançylyk diňe bir ilatyň azyk önümlerine bolan esasy isleglerini kanagatlandyrman, eýsem, maldarçylyk üçin ot-iýmlik ekinlerini öndürmäge hem ýöriteleşýär.

*Günorta ýewropa* görnüşi üçin ekerançylygyň has artykmaçlyk etmegi häsiýetli, maldarçylyk bolsa ikinji derejeli orun eýeleýär. Ekin meýdanlarynyň esasy bölegini däneli ekinler tutýan bolsa, Günorta ýewropanyň halkara ýöriteleşişi miweleri, sitruslary, üzüm, zeýtun, hoz, temmäki, efir-ýag önümlerini öndürmek bilen kesgitlenýär.

*Gündogar ýewropa* görnüşi ekerançylygyň we maldarçylygyň utgaşykly ösdürilýänligi, döwlet eýeçiligindäki oba hojalyk kärhanalarynyň agdyklyk edýänligi bilen häsiýetlendirilýär.

Balykçylyk Ýewropanyň kenarýaka ýurtlarynyň aglaba böleginde irki döwürlerden bäri ösdürilýär, Norwegiýa, Daniýa we Islandiýa üçin bolsa ol halkara ýöriteleşiş pudagyna öwrüldi.

*Ulaglar ulgamy.* Ýewropanyň ulag ýollary bitewi sebitara ulaglar ulgamyny emele getirýär. Bu ýerde ulag hereketiniň gürlügi örän ýokary bolup, halkara we tranzit (üstaşyr) ýük daşalyşynyň ähmiýeti uludyr. Ýük dolanyşygynda awtomobil ulagy esasy orun eýeleýär, awtomobil ýollaryň tory hemişe artýar. Şeýle hem taryhy taýdan emele gelen we täze deňiz we derýa ýollarynyň, gämi duralgalarynyň uly ähmiýeti bardyr. Gury ýer we içerki suw ýollarynyň kesişýän ýerlerinde uly ulag çatryklary döreýär (Gamburg, Berlin, Wena, Pariž, Mýunhen, London, Madrid, Sankt-Peterburg, Moskwa, Kiýew). Deňiz gämi duralgalary hem möhüm ulag çatryklaryna öwrülýär, häzirki wagtda olarda uly deňiz gämi duralgalary möhüm senagat toplumlary hökmünde ösýärler (Rotterdam, London, Gamburg, Genuýa, Sankt-Peterburg).

Bu sebit esasan-da, onuň günbatar bölegi halkara syýahatçylygynyň baş etraby bolmagyna galýar. Bu ýerde syýahatçylygyň ähli görnüşleri ösüşe eýe boldy «syýahatçylyk industriýasy» örän ýokary derejä ýetdi. Halkara syýahatçylygynyň öňdebaryjy ýurtlary – Ispaniýa, Fransiýa we Italiýadyr. Syýahatçylary özüne çekýän has meşhur ýurtlaryň hataryna Beýik Britaniýa, GFR, Awstriýa, Şweýsariýa, Gresiýa, Portugaliýa, Çehiýa, Wengriýa, Bolgariýa girýär. Andorra, San-Marino, Monako ýaly kinniwanja ýurtlarda bolsa syýahatçylara hyzmat etmek ýurtda girdejiniň esasy çeşmesidir.

Ýewropa irki döwürlerden bäri halkara-ykdysady gatnaşyklarynyň işjeň ösdürilýän sebitidir. Sebitde uly we kämil gatnaşyklaryň merkezine öwrülen Ýewropa Bileleşigi ady bilen integrasion birleşme döredi.

Häzirki wagtda Ýewropa Bileleşigine 28 döwlet girýär. Sebitde umumy bazar döredi, pul birligi bolan ýewro girizildi.

Dünýä ykdysadyýetinde Ýewropa Bileleşiginiň orny örän uludyr. BMG-niň maglumatlaryna görä dünýäniň 100 sany halkara ähmiýetli (Transmilli) korporasiýalarynyň 46-sy ÝB-niň ýurtlaryna degişlidir. ÝB-niň her bir uly döwleti başga ýurtlarda ikinji ykdysady ulgama eýedir, dünýäniň dürli döwletlerinde iri senagat kärhanalaryny, gurluşyk desgalaryny gurdular. Ýagny olaryň daşary ýurtlardaky maýa goýumlary uludyr. Meselem, Germaniýanyň daşynda german maýasyna degişli kärhanalarda 3 mln adam, fransuz kompaniýalaryna degişli kärhanalarda 2,5 mln töweregi adam işleýär.

Ýewropa döwletleriniň daşary ykdysady gatnaşyklarda möhüm hyzmatdaşlary ABŞ, Ýaponiýa, şeýle hem öňki bakna we garaşly bolan döwletlerdir. Soňky wagtlarda täze industrial döwletler, nebit eksport edýän arap döwletleri, Latyn Amerikasynyň ýurtlary bilen gatnaşyklary ösýär. Türkmenistanyň hem Ýewropa Bileleşiginiň we GDA-nyň ýurtlary bilen ykdysady gatnaşyklary barha giňeýär.

## 4.3. Demirgazyk Ýewropa. Norwegiýa

Ýewropanyň territoriýasynyň otnositel bitewiligi onuň dürli bölekleriniň haýsy hem bolsa geografik aýratynlyklarynyň ýoklugyny aňlatmaýar. Sebitiň tebigatynda we durmuş-ykdysady ösüşinde edil Aziýanyňky ýaly uly tapawutlar bolmasa-da ony birnäçe böleklere, ýagny uly sebitlere bölüp häsiýetlendirmegiň dogry boljakdygyny bellemek gerek.

Geografiki ýörelge boýunça Ýewropany birnäçe, köplenç iki uly sebite – *Günbatar* we *Gündogar Ýewropa* bölmek has ýygydan duş gelýär. Gündogar Ýewropa, düzgün bolşy ýaly, öňki sosialistik döwletler, Günbatar Ýewropa bolsa sebitiň günbatar böleginde ýerleşýän ösen kapitalistik döwletler girizilýärdi.

Günbatar Ýewropa uly taryhy-geografik sebit hökmünde 3 bölekden: Demirgazyk, Orta we Günorta Ýewropa sebitlerinden durýar. Olaryň her biri tebigy şertleriniň we baýlyklarynyň, durmuş-ykdysady ösüş derejesiniň özboluşlylygy bilen tapawutlanýar.

**Geografik ýerleşişi we baýlyklary.** Demirgazyk Ýewropanyň düzümine Skandinawiýa, Fennoskandiýa adalarynda ýerleşýän döwletler we Islandiýa girýär. Sebitiň umumy meýdany 1 mln 256 müň $km^2$. Ilatynyň sany bolsa 25 mln adam.

Sebitiň geografik ýerleşişi daşary ykdysady gatnaşyklar üçin amatlydyr. Baltika we Demirgazyk deňizleri arkaly olar dünýäniň islendik künjegi bilen gatnaşyk etmek mümkinçiligine eýedir. Umuman, Demirgazyk Ýewropa üçin deňizleriň örän uly hojalyk ähmiýeti bar. Olaryň ählisinde ösen söwda floty hereket edýär.

Öwrenilýän sebitiň ýer üstüniň gurluşy çylşyrymlydyr. Norwegiýa we Islandiýanyň çäginde daglyk landşaftlar agdyklyk edýär, beýleki ýurtlaryň meýdanynyň esasy bölegini bolsa düzlükler tutýar, Şwesiýada köller köpdür.

Demirgazyk Ýewropa ýurtlary gazma baýlyklaryna baý hasaplanylýar. Demirgazyk deňziniň Norwegiýa ýanaşýan çäklerinde nebitiň we gazyň uly gorlary ýerleşýär. Skandinawiýa ýurtlary metal magdanlaryna hem baýdyr. Demir magdanynyň, hromyň, gurşunyň, misiň, titanyň, nikeliň, polimetalyň, sinkiň gorlary ýarym adanyň ähli ýerinde ýaýrandyr. Şol metal magdanlaryny gazyp almak boýunça Şwesiýa, Norwegiýa we Finlandiýa Ýewropada öňdäki orunlary eýeleýärler.

Sebitiň ýurtlarynyň esasy tebigy baýlygy – tokaýlardyr. Şwesiýanyň, Norwegiýanyň meýdanynyň ýarysyndan gowragy, Finlandiýanyň bolsa 70%-i pürli agaçlaryň tokaýlary örtýär. Tokaý hojalygy bu ýurtlaryň halkara ýöriteleşiş ugruna öwrüldi.

Sebitiň, esasan-da Norwegiýanyň we Islandiýanyň suw energiýa mümkinçilikleri uludyr. Şol ýurtlarda elektrik energiýasyny öndürmekde suw elektrik stansiýalaryna uly ornuň degişlidigi tötänden däldir. Kenarýaka suw giňişlikleri balyklara baýdyr.

*20-nji tablisa*

**Demirgazyk Ýewropa ýurtlary boýunça statistiki maglumatlar, 2014 ý.**

| Döwletler | Meýdany, müň $km^2$ | Ilaty, mln adam | Ilatyň tebigy artyşy,% | Ömrüň ortaça dowamlylygy, ýyl | | Iýmitiň sarp edilişi kkal/gije-gündiz | Jemi içerki önüm | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Erkek-ler | Aýallar | | Umumy, mlrd dollar | 1 adam başyna, doll |
| Daniýa | 44,5 | 5,6 | 0,1 | 75 | 79 | 3317,2 | 314,2 | 44440 |
| Şwesiýa | 450,0 | 9,7 | 0,2 | 77 | 82 | 3141,4 | 525,7 | 44460 |
| Norwegiýa | 358,5 | 5,1 | 0,4 | 76 | 81 | 3425,4 | 499,7 | 66520 |
| Islandiýa | 103,0 | 0,3 | 0,7 | 78 | 81 | 3312,9 | 13,7 | 38870 |
| Finlandiýa | 338,1 | 5,5 | 0,1 | 74 | 81 | 3143,4 | 250,0 | 38480 |

**Çeşme:** Горохов С.А., Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013; 2014 WORLD POPULATION Data Sheet; Internet maglumatlary.

**Ilaty.** Bütin Ýewropada bolşy ýaly, sebitde hem çylşyrymly demografik ýagdaý saklanýar. Ilatyň sany haýal artýar. Onuň esasy sebäbi tebigy köpelişiň pes derejesidir. Ilatyň sanynyň ortaça ýyllyk ösüşi 0,3-0,4%-den geçmeýär.

Demirgazyk Ýewropanyň ilatynyň tapawutly aýratynlygy döwletleriň birmilletliligidir. Hemme ýurtlarda ilatyň esasy köplügini düzýän bir halk agdyklyk edýär, olar milli düzüminiň 90%-den geçýär (Daniýada daniýalylar ilatyň 97%-i, Norwegiýada norwegler – 95%-i düzýär). Sebitde ilatyň aglaba bölegi (90%-den ýokary) lýuteriançylyk (protestançylyk) dini akymyna uýýarlar.

Demirgazyk Ýewropa iň seýrek ilatlaşan sebitleriň biridir. Ilatyň ortaça gürlügi 1 $km^2$-a 20 adam, ýöne Daniýada bu görkeziji has ýokarydyr – $km^2$ 131 adam. Ilatyň esasy bölegi şäherlerde ýaşaýar. Sebitiň uly şäherleri – Stokgolm (1,7 mln adam), Gýeteborg, Malmýe, Helsinki, Oslo, Kopengagen, Bergen, Turku we başgalar.

**Hojalygy.** Demirgazyk Ýewropanyň ýurtlary ykdysady taýdan ösen döwletleriň hataryna girýärler. Olaryň ählisinde hem JIÖ-niň jan başyna düşýän möçberi 35 müň amerikan dollaryndan ýokarydyr,

Norwegiýada bolsa bu görkeziji 60 müňden hem geçýär (Ýewropada ikinji orun).

Sebitiň ýurtlarynyň ykdysadyýetinde senagat önümçiligi has uly orun tutýar. Onuň düzüminde gazyp alma senagaty, metallurgiýa, maşyn-gurluşygy, sellýuloza-kagyz, agaç işläp bejerýän pudaklar aýratyn orun eýeleýär.

Gazyp alma senagatynda Demirgazyk deňziniň düýbünden nebit we gaz çykarmak (Norwegiýa), daş kömür gazyp almak (Şwesiýa) uly ähmiýete eýedir. Demir we reňkli metal magdanlaryny gazyp almak boýunça sebitiň ýurtlary (Norwegiýa, Şwesiýa, Finlandiýa) Ýewropada öňdäki orunlary eýeleýär. Grafit, talk, apatit çykarmagyň ähmiýeti-de uludyr.

Demirgazyk Ýewropa ýurtlarynda işläp bejerýän senagat hem gowy ösendir. Onuň öňdebaryjy pudaklary – maşyn-gurluşygy (gämi gurluşygy, elektronika we elektrotehnika), reňkli metallurgiýa, nebit-himiýa, sellýuloza-kagyz we poligrafiýa, agaç işläp bejerýän senagatydyr. Bu pudaklaryň ösüşi we önümçiligiň möçberi boýunça Skandinawiýa ýarymadasynyň ýurtlary has tapawutlanýar.

Sebitiň ýurtlarynda oba hojalygy intensiw maldarçylyga ýöriteleşendir. Olaryň Islandiýadan başgasy oba hojalyk önümleri bilen öz isleglerini doly üpjün edýärler. Maldarçylykda et-süýt berýän iri şahly mallary köpeltmek we doňuzdarçylyk öňdebaryjy pudaklardyr. Ekerançylygyň esasyny däneli ekinler (bugdaý, süle, arpa), şeýle hem mallar üçin ot-iýmlik ekinler düzýär. Günorta etraplarda kartofel, gök önümler, žygyr hem ösdürilip ýetişdirilýär.

Ýurtlaryň ählisinde häzirki zaman balykçylyk hojalygy döredilen. Şonuň üçin bu pudak sebitiň ýurtlarynyň hojalyk ýöriteleşişiniň bir ugry hasaplanylýar. Norwegiýa, Islandiýa we Daniýa balyk tutmak we gaýtadan işlemek boýunça diňe bir Ýewropada däl, eýsem, bütindünýäde hem görnükli orun eýeleýärler.

Demirgazyk Ýewropada kämil ulaglar ulgamy emele geldi. Içerki hajatlar üçin ýük daşamakda demir ýol we awtomobil ulaglarynyň ähmiýeti uludyr. Bu döwletlerdäki demir ýollaryň ýarysyna golaýy elektrikleşdirilendir. Ýöne sebitiň ýurtlary üçin deňiz ulagynyň aýratyn ähmiýeti bar. Olarda ýöriteleşdirilen gämileriň ýüzlerçesini birleşdirýän ösen söwda floty hereket edýär. Käbir ýurtlaryň (Nor-

wegiýa, Daniýa) deňiz gämileri diňe bir öz hajatlary üçin ýükleri daşaman, eýsem, halkara möçberinde ýükleri daşamaga gatnaşýarlar. Esasy deňiz gämi duralgalary – Gýeteborg, Holmstad, Stokgolm, Oslo, Turku, Reýkýawik, Kopengagen we başgalar.

Sebitiň ýurtlary dünýä hojalyk ulgamyna işjeň goşulýarlar. Olaryň hemmesi Ýewropa Bileleşiginiň agzalarydyr. Dünýäniň dürli ýurtlary bilen daşary-ykdysady gatnaşyklary amala aşyrýarlar. Daşary söwda-da olaryň esasy hyzmatdaşlary Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary, ABŞ, Kanada we Gündogar Aziýa ýurtlarydyr.

## Norwegiýa

**Geografik ýerleşişi.** Norwegiýa Ýewropanyň demirgazygynda ýerleşip, Skandinawiýa ýarymadasynyň günbatar we demirgazyk böleklerini eýeleýär. Norwegiýa tebigy şertleriň adamyň ýaşaýyş durmuşyna aýgytlaýjy täsir edýän etrabyň aýdyň mysalydyr. Dünýä hojalygynda ýurduň orny ýerli tebigy baýlyklaryň esasynda ösdürilýän hojalyk işleri (önümçilik pudaklary) bilen kesgitlenýär.

Geografik ýerleşişiniň özboluşlylygy we teritoriýasynyň adaty däl şekili Norwegiýanyň tebigatynyň esasy aýratynlyklarydyr. Sebitiň kartasynda ýewropa ölçegleri boýunça uly meýdany tutýan döwletiň (387 müň km$^2$) üç deňziň we Skandinaw daglarynyň arasynda merdional ugry boýunça uzalyp gidýändigini görmek bolýar. Bu döwlete 150 müň töweregi ululy-kiçili adalar degişli. Deňiz irki döwürlerden bäri norwegiýalylaryň esasy ekleýjisi bolup hyzmat etdi. Norwegiýalylar öz daglarynyň baýlyklaryny, tokaý agaçlaryny we öri meýdanlaryny hem giňden peýdalandylar. Şonuň bilen bilelikde norwegiýanyň tebigatyna häsiýetnama berlende onuň demirgazykda gazaply tebigy şertlere eýedigini ýada salmaly.

**Ilaty.** Norwegiýanyň ilaty 5,1 mln adam. Ilatyň ortaça ýyllyk tebigy köpelişi 0,4%-e barabar. Çagalar we ýetginjekler ilatyň 18%-ini, garrylar bolsa 16%-ini tutýar. Norwegiýa Ýewropanyň iň seýrek ilatlaşan ýurtlarynyň biridir (ilatyň gürlügi 1 km$^2$-a 13 adam). Norwegiýalylar ilatyň 95%-ini tutýarlar, olardan başga saamiler ýurtda milli azlygy emele getirýärler.

Ýurduň ilatynyň we hojalygynyň ýerleşişi şu üç sany möhüm aýratynlyklar häsiýetlidir: 1) ilatyň kenarýaka böleginde jemlenmegi (ýurduň ilatynyň 3/4 bölegi kenardan 160 km aralykda jemlenen, se-

nagat kärhanalarynyň 90%-i kenarýaka sebitde ýerleşýär); 2) ýurduň günorta-gündogarynda ilatyň ýarysyna golaýy ýaşaýar we senagat önüminiň 4/5 bölegi öndürilýär; 3) Paýtagt şäher aglomerasiýasynda ilatyň 1/4 bölegi jemlenen, senagat önüminiň esasy bölegi öndürilýär we hyzmatlar ulgamynyň esasy obýektleri ýerleşýär.

**Hojalygy.** Uzak döwrüň dowamynda Norwegiýanyň ykdysadyýeti diňe adaty peýdalanylýan tebigy baýlyklaryň esasynda ösdürildi. Onuň esasyny balykçylyk, tokaý hojalygy we dag magdan-metallurgiýa önümçiligi düzýärdi.

Balykçylyk norwegiýalylaryň hojalyk işleriniň iň gadymy görnüşine degişlidir. Hatda XX asyryň başlarynda hem ilatyň esasy böleginiň işi balyk tutmak bilen baglanyşykly boldy, Norwegiýa bolsa şol asyryň ortalaryna çenli balyk tutmagyň möçberi boýunça dünýäniň öňdebaryjysy bolupdy. Irki döwürlerden bäri Norwegiýany «Deňizde gatnadyjy» diýip atlandyrýardylar, sebäbi onuň uly häzirki zaman floty esasan daşary ýurt ýüklerini daşamak bilen meşgullanýar.

Ýurduň meýdan-çäginiň 1/4 bölegine golaýyny tokaýlar örtýär, ýöne agaç gorlary goňşy ýurtlar bolan Finlandiýada we Şwesiýada has uludyr. Bu bolsa Norwegiýany agaç materiallaryny öndürmek önümçiliginden kagyz we kardon çykarmaga geçmäge mejbur etdi, şol önümleri öndürmek we eksport etmek boýunça ol sebitde öz öňdebaryjy ornuny saklaýar.

XX asyrda ýurtda suw elektrik stansiýalarynyň (SES) arzan elektrik energiýasynyň (Norwegiýa jan başyna elektrik energiýasyny öndürmek boýunça dünýäde 1-nji orny eýeleýär) esasynda elektrometallurgiýa çalt ösdürilýär. Metallaryň we metal garyndylarynyň önümçiligi üçin esasan import çig maly-boksitler, demir magdany we başgalar peýdalanylýar. Soňky ýyllarda alýuminiý we magniý eretmek uly möçberlere ýetdi.

Norwegiýanyň ykdysadyýetiniň düzümi XX asyryň 2-nji ýarymynda düýpli üýtgedi. Ýurduň hojalygynyň kontinental we şelf ykdysadyýetinden durýanlygy barada aýdýarlar. Kontinental ykdysadyýetiň esasyny adaty önümçilikler we çalt ösýän maşyn-gurluşygy düzýär. Norwegiýanyň maşyn-gurluşygy senagatynyň esasy, ýöriteleşiş ugry – deňiz burow platformalaryny we balygy gaýtadan işlemek üçin dürli enjamlary öndürmek. Ähli kontinental önümçilikler ýokary ösüş derejesine eýedir we olaryň önüminiň esasy bölegi eksporta iberilýär.

XX asyryň ortalary, haçan-da Demirgazyk deňzinde uglewodorodyň ilkinji känleriniň açylmagy ýurduň şelf ykdysadyýetiniň başlangyjyny goýdy. Häzirki wagtda onuň esasyny nebit we tebigy gazy çykarmak düzýär we kontinental hojalyga garanda iki esse diýen ýaly (gymmaty boýunça) köp önüm öndürýär. Norwegiýa – dünýäniň energetika döwletleriniň biridir: nebitiň we gazyň çykarylyşynyň göwrümi we eksporty boýunça ol ilkinji 10 döwletiň hataryna girýär. Nebit we gaz geçirijileriň gür tory Norwegiýanyň deňiz känlerinden çig maly Beýik Britaniýa we Ýewropanyň beýleki ýurtlaryna eltmäge mümkinçilik berýär. Nebiti we tebigy gazy satmakdan alynýan uly girdejiler Norwegiýa ilatyň ýaşaýyş-durmuşynyň örän ýokary derejesine ýetmäge mümkinçilik berdi.

Ýurduň oba hojalygynyň esasyny intensiw ösdürilýän maldarçylyk tutýar. Bu döwlet maldarçylyk önümleri bilen öz ilatynyň isleglerini doly kangatlandyrýar. Dowardarçylyk, demirgazyk sugundarçylygy, doňuzdarçylyk we guşçulyk maldarçylygyň ösen pudaklarydyr. Ekerançylykda däneli (bugdaý, süle, arpa) we beýleki ekinler ösdürilip ýetişdirilýär, ýöne işläp bejermek üçin ýerler ýurduň territoriýasynyň bary-ýogy 3%-ini tutýar. Ýurtda balykçylyk örän ösendir. Balyk tutmak boýunça (ýylda 2,4 mln t) Norwegiýa dünýäde öňdäki orunlaryň birini eýeleýär.

Norwegiýada ulaglaryň ähli görnüşleriniň üstünde işlenilýär. Demir ýollaryň uzynlygy 4 müň km-den gowrak bolup, onuň 65%-i elektrikleşdirilendir. Ýakyn aralyklara ýük we ýolagçy daşamakda awtomobil ulaglaryň ähmiýeti uludyr. Ýurduň söwda floty 724 gämiden ybarat bolup, dünýäde öňdebaryjylaryň biridir. Aeroportlaryň sany 99-a ýetýär.

## 4.4. Günbatar Ýewropa ýurtlary. Germaniýa Federatiw Respublikasy

**Günbatar Ýewropanyň dünýäniň syýasy kartasyndaky orny.** Günbatar Ýewropa – bu biri-birinden meýdanynyň ululygy, döwlet gurluşy we durmuş-ykdysady ösüş derejesi boýunça tapawutlanan 10 döwleti birleşdirýän sebitdir. Günbatar Ýewropa – dünýä kapitalistik ulgamynyň üç esasy merkeziniň biridir. Bu sebit dünýä ho-

jalygynda we syýasatynda örän uly orun eýeleýär. Sebitiň ýurtlarynyň Şweýsariýadan başgasy Ýewropa Bileleşiginiň agzalarydyr. Umumy meýdany – 1,4 mln km$^2$-dan gowrak. Ilatynyň umumy sany bolsa – 259,1 mln adam (2014 ý).

Sebitiň ykdysady-geografik ýerleşişi örän amatlydyr. Ol ýurtlarynyň deňize çykalgasynyň bolmagy ýa-da deňizden uzak bolmadyk aralykda ýerleşýänligidir (bu bolsa ykdysady gatnaşyklaryň ösmegine ýardam edýär).

*21-nji tablisa*

**Günbatar Ýewropa ýurtlary boýunça statistiki maglumatlar, 2014 ý.**

| Döwletler | Meýdany, müň km$^2$ | Ilaty, mln adam | Ilatyň tebigy artyşy,% | Ömrüň ortaça dowamlylygy, ýyl | | Iýmitiň sarp edilişi kkal/gije-gündiz | Jemi içerki önüm | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Erkekler | Aýallar | | Umumy, mlrd dollar | 1 adam başyna, doll |
| Beýik Britaniýa korollygy | 244,9 | 64,5 | 0,3 | 75 | 80 | 3318 | 2472 | 35760 |
| Germaniýa Fedaratiw Respublikasy | 357,0 | 80,9 | -0, 2 | 75 | 81 | 3411 | 3603,3 | 44540 |
| Fransiýa | 551,6 | 64,1 | 0,3 | 76 | 83 | 3628 | 2613 | 37580 |
| Belgiýa | 30,5 | 11,2 | 0,2 | 75 | 82 | 3624,6 | 483,7 | 40280 |
| Niderlandlar | 41,2 | 16,9 | 0,2 | 76 | 81 | 3242,8 | 472,2 | 43210 |
| Lýuksemburg | 2,6 | 0,6 | 0,4 | 75 | 81 | 3624,6 | 57,1 | 59750 |
| Awstriýa | 83,8 | 8,5 | 0,0 | 75 | 81 | 3639,1 | 399,6 | 43810 |
| Şweýsariýa | 41,3 | 8,2 | 0,2 | 77 | 83 | 3258,4 | 632,2 | 53750 |
| Irlandiýa | 70,3 | 4,6 | 0,9 | 75 | 81 | - | 210,3 | 35090 |
| Lihtenşteýn | 0,2 | 0,04 | 0,4 | 72 | 74 | - | 0,9 | - |

**Çeşme:** Горохов С.А., Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013; 2014 WORLD POPULATION Data Sheet; INTERNET maglumatlary.

Günbatar Ýewropada gazma baýlyklardan daş we goňur kömrüň – Germaniýada, Fransiýada, Beýik Britaniýada, boksitleriň – Fransi-

9. Sargyt №2701

ýada, kaliý duzunyň – GFR we Fransiýada, uranyň – Fransiýada uly gorlary ýerleşýär. Demirgazyk deňziniň düýbünde bolsa nebitiň we gazyň gorlarynyň uly ähmiýeti bardyr. Şeýle-de bolsa, Günbatar Ýewropa ýurtlary hojalygy ösdürmek üçin mineral baýlyklary bilen ýeterlik derejede üpjün däldir.

Sebitiň uly döwletleri – «Uly ýediligiň» agzalary – GFR-yň, Fransiýanyň, Beýik Britaniýanyň hojalygy köpugurlydyr. Olaryň ykdysady-geografik aýratynlyklary barada soňra giňişleýin durlup geçilýär. Meýdanynyň kiçi bolmagyna garamazdan Günbatar Ýewropanyň beýleki ýurtlarynyň hem dünýä hojalygyndaky orny uludyr. Bu ýurtlaryň ykdysadyýeti, adatça aýry-aýry pudaklara ýöriteleşýär.

Zähmetiň halkara geografik bölünişinde Günbatar Ýewropanyň «ýüzüni» görkezýän ykdysadyýetiň esasy pudagy – senagatdyr.

Sebitiň oba hojalygy umuman, ýokary derejede ösendir, bu ýerde dünýä möçberinde dänäniň 15%-ine, etiň – 15%-ine we süýdüň – 30%-ine golaýy öndürilýär. Oba hojalyk önümleriniň esasy görnüşleri boýunça ýurtlaryň köpüsi öz ilatynyň hajatlaryny doly üpjün edýär we önümiň bir bölegi eksport edilýär.

Günbatar Ýewropa ösen ulaglar ulgamyna eýedir. Demir ýol, awtomobil ulaglary ýokary derejede ösendir. Sebitiň ähli ýurtlarynda demir we awtomobil ýollarynyň örän gür tory döredi. Soňky ýyllarda ýokary tizlikli ýollaryň uzynlygy artýar. Ýolagçylary daşamakda awiasiýanyň ähmiýeti has-da uludyr.

## Germaniýa Federatiw Respublikasy

Günbatar Ýewropada köp derejede ykdysady we syýasy «howany», «Uly ýedilige» girýän ýurtlar döredýärler. Olaryň biri bolan Germaniýa (GFR) – ilatynyň sany boýunça Russiýadan soň Ýewropada ikinji we JIÖ-iň göwrümi boýunça birinji, ykdysady kuwwaty boýunça dünýäde dördünji (ABŞ-dan, HHR we Ýaponiýadan soňra) döwletdir. Ýüzýyllyklaryň dowamyndaky german milletiniň dagynyklygy köp derejede ýurduň häzirki zaman federatiw gurluşynyň bolmagyna getirdi, her bir 16 sany Federal Ýeriň öz konstitusiýasy, parlamenti we hökümeti bar.

**Geografik ýerleşişi.** Germaniýa Federatiw Respublikasy – Ýewropanyň ykdysady taýdan iň kuwwatly döwletleriniň biridir. Ol

«Uly ýediligiň» düzümine girýär we diňe bir Ýewropada däl, eýsem, dünýä ykdysadyýetinde we syýasatynda hem uly orun eýeleýär.

GFR Ýewropanyň merkezinde ýerleşip, 357 müň $km^2$ meýdany eýeleýär. Onuň ykdysady-geografik ýerleşişiniň möhüm aýratynlygy günbatardan-gündogara we demirgazyk-günorta ugurlardaky trans-ýewropa söwda we ulag çatrygynda ýerleşýän merkezi ýagdaýydyr. Ýurduň Baltika we Demirgazyk deňizlerine giň çykalgalarynyň bolmagy, Reýn we Dunaý ýaly halkara ähmiýetli derýalary peýdalanmak mümkinçilikleri, geografik ýerleşişiniň ähmiýetini has-da artdyrýar.

**Tebigy şertleri we baýlyklary.** GFR-iň gazylyp alynýan peýdaly baýlyklarynyň arasynda daş we goňur kömür möhüm ähmiýete eýedir. Esasy kömür çykýan ýerleri ýurduň günbatarynda ýerleşýär. Baý daş kömür ojagy bolan Rur we Saar känleri diňe bir ýurtda däl-de, eýsem, tutuş Günbatar Ýewropada hem iň irileridir. Goňur kömrüň gorlary aşaky Reýnde we ýurduň gündogar böleginde bar.

Nebitiň we tebigy gazyň gorlary uly däldir. Ýurduň çäginde uran magdanynyň çykýan ýerleri bar (Bawariýanyň günorta-gündogarynda). Demir magdanynyň umumy gory 7 mlrd tonnadan gowrakdyr. Emma magdanyň hili pes bolup, barmasy kyn ýerlerde ýerleşýär. Germaniýanyň daglyk etraplarynda gurşunyň, misiň, sinkiň, nikeliň, kükürdiň we galaýynyň uly bolmadyk gorlary bar. Ýurduň gündogar etraplarynda ýerleşýän kaliý we daş duzlarynyň gorlarynyň senagat ähmiýeti bardyr.

Ýurduň territoriýasynyň 30%-ini tokaýlar tutýar. Tokaýlar daglarda oňat saklanypdyr.

**Ilaty.** Germaniýa ilatynyň sany boýunça Ýewropada Russiýadan soňra ikinji orny eýeleýär (80,9 mln adam). Soňky ýyllarda ilatyň tebigy köpelişi mese-mälim peseldi. Ýurduň ilatynyň milli düzümi birmeňzeşdir. 90%-den gowragy – nemesler, galany – türkler, italýanlar, grekler, horwatlar, serbler, daniýalar. Çylşyrymly demografik ýagdaý ýurda zähmet immigrantlaryň köp gelmegine getirýär. Häzirki wagtda olaryň sany 7,3 mln-dan geçýär.

GFR-da ilatyň ortaça gürlügi 1 $km^2$-a 226 adam düşýär. Reýn derýasynyň jülgesinde we Elba derýasynyň çep kenarynda ilatyň ortaça gürlügi birneme ýokarydyr. Käbir etraplarda bu görkeziji 1 $km^2$-a 500 adamdan geçýär. Uly senagat merkezlerinde, meselem,

Rur kömür käninde 1 $km^2$ ýere 1000-den 3000-e çenli, käbir ýerlerde 5000-10000 adama çenli ýetýär.

Ýurduň ilatynyň 73%-e golaýy şäherlerde ýaşaýar. Birnäçe uly şäher aglomerasiýalary döredi: Berlin (3,6 mln adam), Gamburg (1,7 mln), Mýunhen (1,2 mln), Kýoln (1 mln) we başgalar.

**Hojalygynyň umumy häsiýetnamasy.** Häzirki zaman Germaniýa – dünýäniň ykdysady taýdan iň ösen ýurtlarynyň biridir. Içerki jemi önümiň we senagat önümçiliginiň möçberi boýunça ol diňe ABŞ-dan, Ýaponiýadan we Hytaýdan yza galýar. Daşarky söwda dolanyşygynyň göwrümi boýunça dünýäde 2-nji orny eýeleýär. Ykdysadyýetiň iňňän möhüm pudagy senagatdyr. Ol jemi içerki önümiň 29%-ini düzýär.

Germaniýada mineral baýlyklaryň uly gorlarynyň (kömürden we kaliý duzlaryndan başga) bolmazlygy gazyp alma senagatynyň gowşak ösmegine getirdi. Rur we Saar daş kömür känlerinden, Kýoln hem-de Sileziýa goňur kömür känlerinden kömür çykarmak ykdysady taýdan az netijeli bolsa-da döwlet tarapyndan goldanylýar. Goňur kömri çykarmak boýunça (200 mln tonna) Germaniýa dünýäde 1-nji orny eýeleýär.

Gaz senagaty öz hususy çig malynyň hasabyna sarp edilişiň diňe 1/3 bölegini üpjün edýär, nebitiň çykarylyşy bolsa ujypsyzdyr – 3 mln tonna. Elektoenergetika ýylylyk we atom elektrik stansiýalaryna esaslanýar. Öndürilýän elektrik energiýasynyň 31%-ini ýurtda hereket edýän 20-den gowrak AES-ler berýär.

Işläp bejerýän senagat öňdebaryjy pudakdyr. Gara metallurgiýanyň kärhanalary (ýylda 45 mln tonna polat, prokat öndürip dünýäde 4-nji orny eýeleýär) esasan Demirgazyk Reýn –Westfaliýa oblastynda ýerleşýär. Metallurgiýa lomy (metal döwükleri) käbir ýyllarda pudagyň isleginiň ýarysyna golaýyny üpjün edýär. Polat diňe prokat we turbalar görnüşinde çykarylýar. Reňkli metallurgiýa daşyndan getirilýän çig malyň, şeýle-de reňkli metallaryň lomynyň hasabyna işleýär. GFR ilkinji alýuminiý önümini öndürmek boýunça Ýewropada 1-nji orny eýeleýär (ýylda 500 müň tonna golaý). Pudagyň uly kärhanalary Rur senagat etrabynda we Gamburgda ýerleşýär.

Germaniýanyň senagatynyň esasy ýöriteleşiş pudagy, ýurduň eksportynyň 50%-ini üpjün edýän maşyn-gurluşygy we metal işläp

bejerýän senagatydyr. Ilkinji nobatda oňa umumy maşyn-gurluşygy, awtomobil gurluşygy we elektrotehnika senagaty degişlidir. Umumy maşyn-gurluşygynyň goýberýän önümleriniň köpdürlüligi boýunça Baden-Wýurtenberg we Demirgazyk Reýn-Westfaliýa oblastlary tapawutlanýar. Awtomobil gurluşygy senagaty «Folkswagen», «Mersedes-Bens», «Daýmler-Kraýsler», «Opel», «Ford», «BMW» firmalarynda ýylda 4,5 mln awtomobil öndürýär. Olaryň uly kärhanalary Wolfsburg, Ştutgart, Kýoln, Rýusselhaým, Aýzenah şäherlerinde ýerleşýär.

Gämi gurluşygy pudagy, esasan, ýöriteleşdirilen gämileri öndürýär. Onuň kärhanalary Kil, Gamburg, Bremen, Rostok, Duýsburg şäherlerinde jemlenendir. Aerokosmos senagaty Günbatar Ýewropanyň firmalary bilen bilelikde harby we raýat uçarlaryny («Aerobus») we dikuçarlaryny öndürmeklige ýöriteleşýär. Onuň esasy merkezleri Mýunhen we Gamburg şäherleridir. Ýokary derejede ösen pudaklaryň hataryna optika-mehaniki senagaty hem girýär (merkezleri Baden-Wýurtenberg we Týuringiýa oblastlarynda ýerleşýär), ol poligrafiýa enjamlaryny hem öndürýär (dünýäde 1-nji orun).

Himiýa senagaty hem ýurduň ýöriteleşiş pudaklarynyň biri bolup, ýokary tehnologiki önümleriň köp görnüşlerini öndürýär. «BASF», «Baýer» we «Hehst» ýaly öňdebaryjy konsernleriň möhüm kärhanalary Rurda we deňiz gämi duralgalarynda ýerleşýär. GFR derman serişdelerini öndürmek boýunça dünýäde 2-nji orny eýeleýär. Ýeňil senagaty gön-aýakgap we dokma önümçiligi (Günbatar Ýewropada 2-nji orun) bilen bellidir. Azyk senagaty ýokary derejede ösendir. Onuň düzüminde piwo we temmäki önümçiligi has tapawutlanýar.

Germaniýanyň oba hojalygynda 500 müň daýhan hojalyklary bolup, bu ýerde 1,3 mln adam meşgullanýar. Maldarçylyk oba hojalyk önüminiň 2/3 bölegini üpjün edýär. Süýt-et berýän mallary köpeltmek we doňuzdarçylyk onuň esasy pudaklarydyr. Ýurtda iri şahly mallaryň 15 mln baş, doňuzlaryň bolsa 26 mln baş sany bar. Sürülýän ýerleriň 2/3 bölegini däneli ekinler tutýar. Her ýylda 45 mln tonna golaý däne ýygnalýar. Esasy galla ekini – bugdaý, ýöne uly meýdanlary arpa ekini hem tutýar. Kartoşka we gant şugundyry hem köp öndürilýär. Germaniýa oba hojalyk önümleriniň käbir görnüşlerini öz hajatlaryndan hem artyk öndürýär we daşary ýurtlara çykarýar.

Germaniýanyň agaç materiallary bilen öz harajatlarynyň 2/3 bölegini üpjün edýän-de bolsa, tokaý hojalygynyň ykdysady ähmiýeti uly däldir.

*Ulaglar ulgamy.* GFR ulag ýollarynyň gürlügi boýunça dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň hataryna girýär. Ýük we ýolagçy dolanyşygynda awtomobil ulagy esasy orun eýeleýär. Ýurtda 50 mln awtomobil bar. Awtomobil ýollarynyň umumy uzynlygy 230 müň km, şonuň 11 müň km-i ýokary tizlikli awtobanlardyr. Ikinji orunda demir ýol ulagy durýar. Germaniýada ýokary tizlikli ýolagçy gatnadýan demir ýollaryň ähmiýeti artýar. Ýurduň daşary söwdasynda deňiz ulagynyň ähmiýeti uludyr. Uly gämi duralgalary – Gamburg, Bremen, Wilgelmshafen, Rostok. Howa ulagynyň ornu-da uludyr. Maýn boýundaky Frankfurktda ýük dolanyşygy boýunça Ýewropada iň uly aeroport ýerleşýär. Ýurduň uçar parky (1,4 müň) örän uludyr. Içerki ýükleri daşamakda derýa ulagynyň ähmiýeti uludyr.

*Daşary-ykdysady gatnaşyklary.* Ýurduň senagatynyň daşary ýurtlardan getirilýän çig mallara baglylygy, önümleri dünýä bazarlarynda ýerleşdirmek meseleleri Germaniýanyň ykdysadyýetinde daşary-ykdysady gatnaşyklaryň, esasan-da daşary söwdanyň esasy orun eýelemegine getirýär. Dünýä eksportynyň we importynyň umumy möçberinde Germaniýanyň paýy 9-11%-e barabardyr (dünýäde 2-nji orun). Germaniýanyň daşary söwda dolanyşygynda Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlarynyň tutýan orny örän ýokarydyr. Soňky ýyllarda Latyn Amerikasynyň, Aziýanyň, Afrikanyň köp ýurtlaryna harytlary çykarmak çalt ösýär.

Türkmenistan bilen GFR-nyň arasyndaky daşary ykdysady gatnaşyklaryň gerimi barha giňeýär. Nebit-gaz, dokma, derman senagatynda, gurluşykda nemes firmalarynyň 60-dan gowragy hyzmatdaşlyk edýär. Saglygy goraýyş, ylym-bilim ulgamynda hem türkmen-german gatnaşyklary ösýär.

## 4.5. Beýik Britaniýa

Beýik Britaniýanyň dünýä taryhyndaky orny örän uludyr: bu Ýewropanyň iň ilkinji merkezleşdirilen döwletleriniň biri, häzirki zaman senagatynyň sallançagy, örän uly metropoliý – «deňizleriň

şasy» we «dünýäniň ussahanasydyr». Häzirki zaman Beýik Britaniýa dünýäde öňdebaryjy orunlary saklaýar.

**Geografik ýerleşişi.** Beýik Britaniýa Ýewropanyň demirgazyk-günbatarynda, adybir adalar toplumynda ýerleşýär. Onuň umumy meýdany – 244,1 müň km$^2$.

Beýik Britaniýa häzirki zaman dünýäsiniň ykdysady taýdan ösen ýurtlarynyň biridir. Ýurduň dünýädäki orny öňi bilen taryhy ösüş şertleri bilen kesgitlenilýär. Iňlis dili halkara gepleýiş diline öwrüldi. Ol gepleşik dili hökmünde halkara guramalarynyň köpüsi tarapyndan ulanylýar we dünýäniň 70-den gowrak döwletiniň resmi dili hasaplanylýar.

Beýik Britaniýa öz düzümine öňki koloniýalaryň, häzir garaşsyz ýurtlaryň 50-ä golaýyny birleşdirýän Dostlaşygyň merkezi bedeni bolup durýar. Ol – BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzasydyr. NATO-nyň, Ýewropa Bileleşigiň işjeň agzasy, şeýle hem ýadro ýaragly döwletdir.

Ýurduň doly ady – Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň birleşen korollygy (gysgaça Beýik Britaniýa). Döwlet gurluşy boýunça – konstitusion monarhiýa. Döwletiň baştutany – korol, ýöne hakyky ýerine ýetiriji häkimiýet premýer ministre degişlidir, ol Ministrler Kabinetini düzýär. Birleşen korollygyň düzümine Angliýa, Şotlandiýa, Uels, Demirgazyk Irlandiýa taryhy-geografik sebitleri girýär. Ýurduň meýdany dolandyryş-çäk taýdan 47 graflyga bölünýär.

**Tebigy şertleri we baýlyklary.** Beýik Britaniýanyň kenarýakalary boýunça hasylly peslikler uzalyp gidýär. Ýurduň günbatarynda we demirgazygynda daglyk ýerüsti agdyklyk edýär. Günorta-gündogarynda we merkezinde depeli düzlükler ýerleşýär. Ýurduň esasy derýalary: Temza, Sewern, Trend, Mersi, Klaýd. Kölleriň sany Şotlandiýada we Demirgazyk Irlandiýada has köp. Olaryň iň ulusy – Loh-Neý (400 km$^2$).

Beýik Britaniýanyň territoriýasynda ýaýran gazma baýlyklaryndan daş kömrüň, demir magdanynyň, daş we kaliý duzlarynyň, galaýynyň, gurşunyň, kwarsyň gorlary uludyr. Soňky ýyllarda ýurduň kenar sebitlerinde, esasan-da Demirgazyk deňziniň suw giňişliklerinde tebigy gazyň we nebitiň uly gorlarynyň açylmagy Beýik Britani-

ýanyň ýangyç-energetika balansynyň düýpgöter üýtgemegine getirdi we onuň ykdysadyýetine oňaýly täsir etdi.

Ýurduň territoriýasynda sürülýän ýerler 29%-ini, çemenlikler we öri meýdanlary bolsa – 48%-ini tutýar. Ýöne ýurduň demirgazyk böleklerinde ekerançylygy ösdürmek üçin howa şertleri-de, ýer – toprak baýlyklary-da uly mümkinçilikler döretmeýär.

**Ilaty.** Beýik Britaniýanyň ilatynyň umumy sany 64,5 mln adam. Ilatyň ortaça gürlügi – 1 km$^2$ meýdana 266 adam. Ilatynyň esasy bölegi iňlisler (84,0%), şotlandlar 9,5%-ini, irlandlar, uelsler düzýär. Ýurduň çäginde hindiler, pakistanlylar, araplar, hytaýlylar, afrikalylar hem ýaşaýarlar. Ilatyň 20,8%-i hristian dininiň protestantçylyk, 20,6%-i katolik ugruna uýýarlar (anglikan buthanasy), şeýle-de iudeýler, induistler, musulmanlar hem ýaşaýarlar.

Beýik Britaniýanyň ilatynyň demografik ýagdaýy çylşyrymlydyr. Soňky ýyllarda ilatyň sany örän haýal artýar. Ilatyň köpelişiniň ortaça ýyllyk görkezijisi 0,3%-e barabar. Onuň sebäbi tebigy köpelişiň derejesiniň pes bolmagydyr.

Beýik Britaniýanyň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş derejesi dünýäde ýokary görkezijilere degişlidir. 2014-nji ýylda ilatyň jan başyna düşýän JIÖ möçberi 35760 ABŞ-nyň dollaryna barabar boldy. Ilatyň uly ýaşlylarynyň sowatlylyk derejesi 100%-e ýetýär. Adam başyna energiýanyň sarp edilişiniň derejesi hem ýokarydyr – 5740 kwt/sag. Ilatyň ähli bölegi arassa agyz suwy bilen üpjün edilendir.

**Hojalygyň umumy häsiýetnamasy.** Beýik Britaniýa dünýäniň ykdysady taýdan has ösen döwletidir we senagat önümçiliginiň möçberi boýunça dünýäde öňdäki orunlaryň birini eýeleýär. Döwlet dünýäniň köp ýurtlary bilen köptaraplaýyn aragatnaşygy saklaýar. Ol «Uly ýediligiň» agzasy bolup durýar. London dünýäde iň uly söwda, syýasy, ykdysady merkezleriň biridir. Beýik Britaniýa ylmy-tehniki barlaglary geçirmegiň köp ugurlary boýunça dünýäde öňdebaryjy orny eýeleýär.

*Senagaty.* Beýik Britaniýa uglewodorod baýlyklara eýe bolmak bilen (kömür, tebigy gaz, nebit), senagat taýdan ösen döwletleriň arasynda energiýa öndürmek boýunça ýokary görkezijilere eýedir. Senagatyň has ösen pudaklarynyň arasynda ýangyç, samolýot gurluşygy, awtomobil, gämi gurluşygy, metallurgiýa senagaty, himiýa, selýuloza – kagyz, azyk, dokma pudaklary tapawutlanýar.

Beýik Britaniýa daş kömrüň uly ätiýaçlyklaryna (Ortaşotland, Ýork, Günorta Uels känleri) eýe bolup, ýylda onuň 20 mln tonnasy gazylyp alynýar. Demirgazyk deňziniň ýalpak bölegindäki nebitiň we tebigy gazyň gorlary ýylda 85 mln tonna nebit we 80 mlrd m$^3$ çykarmaga mümkinçilik berýär.

Işläp bejerýän senagat ykdysadyýetiň öňdebaryjy pudagydyr. Onuň önüminiň 31%-ini maşyn-gurluşygy berýär. Bu pudakda esasy orny elektrotehniki we ulag maşyn-gurluşygy, şol sanda kompýuterleri we edara enjamlaryny öndürmek eýeleýär. Beýleki birnäçe öňdebaryjy ýurtlardan tapawutlylykda, Beýik Britaniýanyň işläp bejerýän senagatynda esasy orny ýokary bäsleşige ukyply azyk pudagy eýeleýär.

*Oba hojalygy.* Bu önümçilik pudagy ýokary derejede mehanizmleşdirilendigi we ýokary önümliligi bilen dünýäde öňdebaryjy orunda durýar. Bu pudakda ýurduň ilatynyň bary-ýogy 2%-i meşgullanýan-da bolsa, ilat üçin zerur bolan azyk önümleriniň 60%-den gowragyny berýär.

Oba hojalygynda esasy orun maldarçylyga degişlidir (ähli önümiň 2/3 bölegini berýär). Pudak ýurduň oba hojalyk önümlerine bolan isleginiň 2/3 bölegini kanagatlandyrýar, käbir önümleriň öndürilişi bolsa (bugdaý, süle, arpa, doňuz eti) öz hajatlaryndan hem artýar. Beýik Britaniýa Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlarynyň arasynda balykçylygyň ösen ýurtlarynyň biri bolup, öz islegleriniň 40% möçberini üpjün edýär.

*Ulaglar ulgamy.* Ulaglaryň ähli görnüşleri hem ýokary derejede ösendir. Awtomobil, demir we howa ýollarynyň gürlügi boýunça Beýik Britaniýa dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň hataryna girýär. Ýurtda her 1000 ýaşaýja 1436 km awtomobil şosse ýollary, 0,54 km demir ýollary düşýär. London ýurduň iň uly ulag çatrygydyr. Daşary-ykdysady gatnaşyklarda deňiz we howa ulagynyň ähmiýeti uludyr. Esasy deňiz gämi duralgalary: London, Duwr, Liwerpul, Sautgempton, Felikstou, Hartlpul.

*Daşary ykdysady gatnaşyklary.* Beýik Britaniýa halkara ykdysady gatnaşyklaryň köp ugurlarynda öňdebaryjy orunlaryň birini eýeleýär. Irki döwürlerden bäri daşary söwda hojalygyň ösüşiniň möhüm çeşmeleriniň biri bolup durýar. Beýik Britaniýanyň paýyna harytlaryň

we hyzmatlaryň dünýä eksportynyň 4,5%-i düşýär. Eksportyň düzüminde maşyn-gurluşygynyň (esasan, dwigateller, samolýotlar, hasaplaýyş tehnikalary, telekommunikasiýa enjamlary), himiýa senagatynyň önümleri (derman serişdeleri) esasy orun tutýar. Dünýä bazaryna poligrafiýa, maldarçylyk önümleri (et, süýt) hem çykarýar. Daşary ýurtlardan bolsa demir we reňkli metal magdanlaryny, oba hojalyk çig malyny getirýär. Onuň esasy söwda hyzmatdaşlary Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary, ABŞ, Awstraliýa, Kanada hasaplanylýar. Beýik Britaniýanyň Türkmenistan bilen daşary söwda-da, nebit-gaz senagatynda, ulaglar we kommunikasiýa ulgamynda ykdysady gatnaşyklary işjeň ösdürilýär.

**Içerki aýratynlyklary.** Beýik Britaniýanyň çäginde düýpli tebigy, durmuş-ykdysady we medeni tapawutlar ýok: klimaty birmeňzeş, ilatyň durmuş üpjünçiliginde uly sebitleýin tapawutlar we ş.m. duýulmaýar. Şeýlede bolsa onuň dürli bölekleriniň tebigatynda, ykdysady we durmuş ösüşinde käbir özboluşly aýratynlyklary görmek bolýar.

Britan döwletiniň özboluşly «kristallaşan ýadrosy» Angliýadyr, onuň çäginde Günorta, Merkezi we Demirgazyk sebitlerini bölýärler. Iň uly we ykdysady taýdan ösen sebit *Günorta Angliýadyr* (ýurduň meýdanynyň 26%-inde ilatyň 40%-i jemlenen, senagat öňüminiň 33%-i we oba hojalyk önümleriniň 40%-i öndürilýär). Bu ýerde umumy maşyn-gurluşygynyň, radioelektronikanyň, awtomobil gurluşygynyň, ýeňil we azyk senagatynyň önümleriniň ýarysyndan gowragy öndürilýär. Maldarçylyk ösen, däneli we ot-iýimlik ekinler ösdürlip ýetişdirilýär. Ykdysadyýetde agdyklyk ediji orny paýtagt aglomerasiýasy eýeleýär. London – milli we dünýä ähmiýetli, örän uly senagat, maliýe, ylmy-barlag we medeniýet merkezidir.

*Merkezi Angliýa* Beýik Britaniýanyň meýdanynyň 1/5 bölegini eýeleýär we onuň çäginde ýurduň ilatynyň 1/3 bölegi jemlenendir. Bu senagat etraby bolup, şäheretek oba hojalygy hyzmat ediji pudak hasaplanýar. Bu ýerde Beýik Britaniýanyň ilkinji senagat kärhanalary döredi. Häzirki wagtda Midlend (Birmingem, Şeffild, Kowentri), Lankaşir (Mançester, Liwerpul), Ýorkşir (Bredford, Lids) etraplary esasy senagat zonasyny emele getirýärler. Bu ýerde gazyp alma pudaklarynyň, metallurgiýa önümçilikleriniň, maşyn-gurluşygynyň, himiýa, dokma senagatynyň kärhanalary ýerleşýär.

*Demrigazyk Angliýa* – senagat etraby bolup, onuň ösüşini nebiti we tebigy gazy çykarmak, atom elektroenergetiksy, harby maşyn-gurluşygy we himiýa senagat pudaklary üpjün edýärler. Oba hojalygy öz ösüşinde Merkezi we Günorta Angliýadan yza galýar.

*Şotlandiýa, Uels* we *Demirgazyk Irlandiýa* ýurduň «çet-gyra» sebitleri hasaplanýar. *Şotlandiýa* ýurduň meýdanynyň 32%-ini eýeleýär – bu meýdany boýunça iň uly sebitleriň biri. Ilatynyň sany boýunça Angliýadan ep-esli yza galýar. Hojalyk işleri Orta Şotland pesliginde jemlenendir. Bu ýerde Klaýd derýasynyň boýunda millioner-şäher Glazgo, Fert -of-Ford aýlagynyň kenarlarynda bolsa – Şotlandiýanyň paýtagty Edinburg ýerleşýär. Glazgo – Şotlandiýanyň esasy senagat merkezi, bu ýerde diňe bir adaty pudaklar däl, eýsem, iň täze önümçilikler hem ösdürilýär.

*Uels* we *Demirgazyk Irlandiýa* köp derejede Angliýanyň çig mal çet-gyrasy bolmagyna galýar. Uels kömür, gara we käbir reňkli metallary iberýär. Demirgazyk Irlandiýa oba hojalyk çig maly we azyk önümleri bilen üpjün edýär. Şeýle-de bolsa iki sebitde hem senagat önümçiliginiň esasy pudagy bolan maşyn-gurluşygyň täze kärhanalary bar. Adminstratiw merkezler – Kardiff we Belfast önümçiligiň möçberi boýunça has tapawutlanýarlar.

## 4.6. Fransiýa Respublikasy

Fransuz Respublikasy – Ýewropanyň iň uly döwletleriniň biri, «Uly ýediligiň» düzümine girýär. Fransiýa unitar Prezident respublikasydyr. Paýtagty – Pariž. Fransiýa BMG-niň Howpsuzlyk geňeşiniň hemişelik agzasy, Ýewropa Bileleşiginiň liderleriniň biri, Demirgazyk Atlantik harby bileleşiginiň (NATO) işjeň agzasy. Adminstratiw-territorial taýdan ýurt 96 sany departamente bölünýär. Ýurduň çägine aýratyn adminstratiw birlik hökmünde Korsika, şeýlede Fransiýanyň deňiz aňyrsyndaky dört sany departamenty (Gwadelupa, Gwiana, Martinika we Reýunýon), dört sany deňiz aňyrsy meýdan-çäkler (Täze Kaledoniýa, Fransuz Polineziýasy, Fransiýanyň günorta-antarktika territoriýalary – Uollis we Ftuna) girýär.

**Geografik ýerleşişi we tebigy baýlyklary.** Fransiýa meýdanynyň ululygy boýunça Ýewropada 3-nji döwletdir we öz konfigurasi-

ýasy (şekili) boýunça altyburçluga meňzeş bolup, onuň üç tarapy deňiz kenarlary, beýleki üç tarapy bolsa gury ýer araçäkleridir.

Fransiýa Ýewropanyň günbatarynda ýerleşmek bilen, onuň geografiki ýerleşişi köptaraplaýyn amatlydyr. Fransiýanyň günorta-gündogaryny gämi duralgasy hökmünde amatly köpsanly buhtalar bolan Ortaýer deňzi, günbataryny – Atlantik okeanyň suwlary ýuwýar. Fransiýa tutýan meýdany (551 müň km$^2$) boýunça Günbatar Ýewropanyň uly döwletidir.

Ýurduň meýdanynyň geologiki gurluşyna laýyklykda onuň jümmüşinde demir magdanynyň (Lotaringiýa), boksidiň (War we Ero departamenti), nahar we kaliý duzlarynyň (Elzas, Lotaringiýa), nebitiň (Pariž etrabynda, Elzasyň günortasynda), tebigy gazyň (Lak), daş kömrüň (Merkezi massiw, Lotaringiýa) we goňur kömrüň (Marsel şäheriniň demirgazygynda, Bordo şäheriniň günortasynda), uranyň (Merkezi massiw), wolframyň, altynyň, talkyň gorlary bardyr.

**Ilaty.** Fransiýa ilatynyň sany boýunça Ýewropada iri döwletleriň biridir. 2014-nji ýylyň maglumatlaryna görä onuň çäginde 64,1 million adam ýaşaýar. Ýurduň demografik ýagdaýy, beýleki goňşy ýurtlaryňky ýaly, çylşyrymlydyr. Ilatyň sany örän haýal artýar. Onuň ortaça ýyllyk köpeliş derejesi 0,3%-den geçmeýär. Bu bolsa, ýurtda ilatyň umumy sanynda garry adamlaryň paýynyň ýokary bolmagyna, işçi güýji bilen üpjünçilik meseleleriň ýüze çykmagyna getirýär. Soňky ýyllarda ýurduň hökümeti tarapyndan demografik ösüşi ýokarlandyrmak babatda işjeň döwlet syýasaty alnyp barylýar.

Ýurduň ilatynyň milli düzümi, umuman, birmeňzeşdir. Ilatyň 94%-ini fransuzlar düzýär. Ýurtda portugallar, alžirliler, italýanlar we türkler uly etniki toparlary döredýärler.

Fransiýanyň senagatynyň ösmegi şäher ilatynyň sanynyň artmagyna getirdi – 2014-nji ýylda ýurduň ilatynyň 78%-i şäherlerde ýaşaýardy. Bu ýerde şäherleriň sany 1000-den geçýär.

Fransiýa ilatyň ýaşaýyş durmuşynyň ýokary görkezijilerine eýedir. Adam ösüşiniň indeksiniň derejesi (0,945) boýunça dünýäde 16-njy orny eýeleýär. Ilata düşýän içerki jemi önümiň möçberi 37580 amerikan dollaryna barabar.

**Hojalygy.** Fransiýa dünýäde bazar gatnaşyklarynyň agdyklyk edýän ösüş ýoluna ir düşen döwletleriniň biri bolup, XIX asyryň ortalarynda ykdysady kuwwaty boýunça dünýäniň Beýik Britaniýadan soňky ikinji döwleti hasaplanýardy. Häzirki wagtda hem ol dünýäniň ykdysady taýdan iň ösen döwletleriniň biri bolup, dünýä hojalyk ulgamynda görnükli orny eýeleýär.

Fransiýa zähmetiň halkara geografik bölünişiginde senagat önüminiň köp görnüşlerini öndürmek boýunça öňdebaryjy döwletleriň hataryna girýär.

**Senagaty.** Birinji jahan urşuna çenli Fransiýanyň senagatynyň düzüminde ýeňil senagatyň dokma we geýim tikýän pudaklarynyň, parfýumeriýa (hoşboý ysly hem-de ýüz, ten bezegi üçin ulanylýan harytlar), haly, dürli şaý-sepleri önümlerini öndürmegiň ähmiýeti uly bolupdy. Uruşdan soňky ýyllarda ady agzalan önümleriň orny peselip, agyr senagatyň pudaklaryndan maşyn-gurluşygynyň we himiýa önümçiliginiň ähmiýeti ýokarlanyp başlady. Häzirki döwürde Fransiýanyň senagaty öndürýän önümleriniň möçberi, önümçiligiň jemlenmegi, jan başyna öndürilen önümiň mukdary boýunça Beýik Britaniýandan we GFR-den az-kem yza galýar.

Ýöne Fransiýa suw elektrik stansiýalarynda öndürilen arzan elektrik energiýasynyň esasynda alýuminiý, elektropeçlerde polat öndürmek, urany gazyp almak, ulag maşyn-gurluşygynyň we elektrotehnika senagatynyň käbir önümlerini öndürmek boýunça Günbatar Ýewropanyň beýleki uly döwletlerinden öňe saýlanýar.

*Energetika senagaty.* Fransiýanyň senagatynyň bu pudagy ýokary derejede ösen däldir. Sebäbi, ýurtda gazylyp alnan kömrüň mukdary 40 mln tonnadan köp däl we ýurduň oňa bolan isleginiň 60%-ini kanagatlandyrylýar. Ýurtda gazylyp alnan kömrüň 50%-i Belgiýa bilen araçäkdäki Demirgazyk kömür ojagynyň, galan 50%-i Lotaringiýanyň paýyna düşýär. Ýurtda öndürilen elektrik energiýanyň 81,8%-i atom elektrik stansiýalarynyň paýyna düşýär.

*Gara metallurgiýa.* Gara metallurgiýa Fransiýanyň senagatynyň ýokary hilli önüm öndürýän hem-de köp girdeji berýän pudagydyr. Fransiýa polat öndürmek boýunça (20,2 mln tonna) dünýäde 11-nji orny eýeleýär. Ýurtda gara metallurgiýanyň ösmegi onuň çäginde demir magdanynyň gorlarynyň bolmagy bi-

len baglanyşyklydyr. Demir magdanynyň uly ojagy Lotaringiýa welaýatynda ýerleşýär.

Fransiýa boksitleri gazylyp almak we ondan alýuminiý öndürmek boýunça Günbatar Ýewropada 1-nji orny eýeleýär.

*Maşyn-gurluşygy.* Fransiýa dünýäde maşyn-gurluşygynyň has ir dörän merkezleriniň biridir. Maşyn-gurluşygy ýurduň senagat önüminiň 33%-ini we eksportyndan girýän girdejiniň uly bölegini bermek bilen, öndürýän önüminiň köpdürlüligi bilen tapawutlanýar. Onuň esasy pudaklary – awtomobil, oba hojalyk tehnikalaryny, elektrotehnika, gämi, stanok, radiotehnika, howa uçarlary, himiýa, dokma kärhanalary üçin dürli önümleri öndürmekdir. Fransiýada maşyn-gurluşygy, aýratynda onuň awtomobil pudagy has ösendir. Dünýäniň awtomobil önümçiliginde Fransiýa Ýaponiýa, ABŞ we Germaniýadan soň 4-nji orny eýeleýär. Awtomobil senagatynda dünýä belli «Reno», «Pejo», «Sitroýen» kompaniýalarynyň ähmiýeti uludyr. Ýokary taýýarlykly hünärmenleriň jemlenen ýeri Uly Pariž etraby gara metallurgiýanyň we maşyn-gurluşygynyň uly merkezidir.

*Himiýa senagaty.* Ikinji jahan urşundan soňky ýyllarda bu pudak ýerli çig mallaryň köp görnüşini (kömür, nebit, tebigy gaz, metallurgiýa kärhanalarynyň çykyndylary, kaliý we nahar duzlary) ulanmak bilen dünýä bazarynda uly islegden peýdalanýan önümleriň ençemesini, ýagny kükürt kislotasyny, soda, mineral dökünleri, sintetiki süýümleri, plastmassalaryň dürli görnüşini, rezin önümlerini, dürli boýaglary we reňkleri, kino we fotoplýonkalary öndürýär. Pariž, Demirgazyk etrap, Elzas, Lion – himiýa senagatynyň uly merkezleridir. Gämi duralga – şäherlerinde nebithimiýasy önümçiligi ösendir.

Soňky ýyllarda ähmiýetiniň peselmegine garamazdan *dokma senagaty* Fransiýanyň ykdysadyýetinde esasy orunlaryň birini eýeleýär. Lion şäherinde öň natural ýüpek öndürilen bolsa, häzir emeli we sintetiki ýüpek süýümleri öndürilýär. Lill şäherindäki dokma senagatynyň kärhanalary nah we ýüň mata, Elzasda nah mata, Parižde geýim, trikotaž, parfýumeriýa önümçiligi ýerleşendir.

*Azyk senagatynyň* kärhanalary ýurduň ähli şäherlerinde ýerleşip, azyk önümleriniň dürli görnüşini öndürýär. Üzüm çakyryny öndürmek boýunça Fransiýa dünýäde Italiýadan soň ikinji orny eýeleýär.

Gant şugundyryndan şeker öndürmek boýunça dünýäde öňe saýlanan döwletleriň biridir.

**Oba hojalygy.** Fransiýa oba hojalygy ýokary derejede ösen Ýewropa döwletleriň biridir. Oba hojalygy köp pudakly bolup, däneli (bugdaý, arpa, süle, mekgejöwen), ot-iýmlik ekinleri, gant şugundyryny ösdürip ýetişdirmek, üzümçilik, bagçylyk, gülçülik, gök-bakja ekerançylygy, et-süýt berýän maldarçylyk onuň esasy ugurlarydyr. Ekerançylyk oba hojalyk önüminiň umumy gymmatynyň 49%-ini berýär. Fransiýa däne öndürmek boýunça dünýäde 5-nji, iri şahly mallaryň baş sany boýunça 9-njy orny eýeleýär. Galyberse-de, Fransiýada öndürilen etiň, süýdüň, peýniriň, gant şugundyrynyň, üzüm hasylynyň mukdary boýunça dünýäniň ilkinji on döwletiniň hataryna girýär. Öndürilýän oba hojalyk önümleriniň takmynan 1/3 bölegi daşary bazara çykarylýar.

**Ulaglar ulgamy.** Ýurduň ýük we ýolagçy dolanyşygynda köp derejede elektrikleşdirilen we ýokary tizlikli demir ýol we awtomobil ulagy uly ähmiýete eýedir. Ösen döwletleriň arasynda Fransiýa ABŞ-dan soňra awtomobil ýollarynyň uzynlygy (1,1 mln km) 2-nji orny eýeleýär. Demir ýollarynda ýokary tizlikli ulaglar üstünlikli ornaşdyrylýar. Fransiýanyň awtomobil parky 23,6 mln ýeňil we 3,2 mln ýük awtomobillerinden durýar.

Howa ulagy çalt ösýär. Ýöne ýurtda deňiz ulagynyň ähmiýeti uly däldir. Iň uly deňiz gämi duralgasy Marseliň her ýyldaky ýük dolanyşygy 50 mln tonna.

Hyzmatlar ulgamynda halkara syýahatçylygyň ähmiýeti uludyr. 2014-nji ýylda ýurduň çägine 78 mln daşary ýurtly syýahatçy geldi. Bu pudagy ösdürmekden gelýän girdejiniň (34,8 mlrd ýewro) möçberi boýunça Fransiýa ABŞ we Ispaniýadan soňra dünýäde 3-nji orny eýeleýär. Esasy syýahatçylyk obýektleri Pariž, Wersal, Luar, Ortaýerdeňiz we Atlantik kenarlary, Alp we Pireneýleriň dagly şypahanalary, Bişiniň mineral suwlary hasaplanýar.

**Daşary ykdysady aragatnaşyklary.** Fransiýanyň ykdysadyýetinde daşary-ykdysady gatnaşyklar möhüm orny eýeleýär. Ol Ýewropa Bileleşiginiň öňdebaryjy ýurtlarynyň biridir.

Fransiýa dünýä söwdasynda 4-nji orny eýeleýär (dünýä söwdasynda onuň paýy 6-7%-e barabar). Fransiýa senagat önüminiň

takmynan ýarysyny (awtomobilleri, eletkrotehniki, awiasiýa we aerokosmos tehnikalary, ýaraglary, tizlikli demir ýol ulagy üçin enjamlary, himiýa harytlaryny, parfýumeriýa önümlerini we başg.) eksport edýär. Oba hojalyk önümleriniň (çakyr, konýak önümleri, guş eti, peýnir, bugdaý we başg.) hem uly bölegi dünýä bazaryna çykarýar. Ýurduň daşyndan, esasan, nebit, tebigy gaz, reňkli metallar, agaç we kagyz, azyk önümleri we senagat enjamlary getirilýär. Fransiýanyň daşary söwdasynda Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary, ABŞ, Ýaponiýa, Hytaý, Afrika döwletleri uly orun tutýarlar.

Soňky ýyllarda Fransiýa bilen Türkmenistanyň arasyndaky ykdysady – söwda aragatnaşygy çalt ösýär. Dünýä meşhur «Buig» gurluşyk kompaniýasy Aşgabat şäherinde we welaýatlarda köpsanly gurluşyklary amala aşyrýar. «Tales» kompaniýasy ýurdumyzyň howa uçarlaryna gerek bolan uçuş enjamlary bilen üpjün edýär. «Şlýumberže» kompaniýasy Türkmenistanda nebit ojaklaryny tapmakda we olary ulanmakda işleri alyp barýar. Iki ýurduň arasyndaky söwda dolanyşygy hem barha artýar, medeni gatnaşyklar ösýär.

**Içerki aýratynlyklary.** Ýurduň territoriýasynyň uly bolmagy onuň tebigatynyň, baýlyklarynyň we landşaftlarynyň dürli bolmagyna getirýär. Fransiýanyň aýry-aýry bölekleri tebigy şertleri we taryhy ösüşi boýunça tapawutlanýarlar, bu bolsa ýurduň çäginde özboluşly geografiki sebitleri (etraplary) bölmäge esas berýär. Adatça Fransiýanyň çägini 3 sany uly sebite bölýärler:

*Demirgazyk sebit* Fransiýanyň demirgazyk bölegini, şol sanda Pariž aglomerasiýasyny, Lotaringiýany we Elzasy öz içine alýar. Bu sebit ýurtda hojalyk we beýleki işlerde agdyklyk ediji orny eýeleýär. Bu ýerde ýurduň ilatynyň ýarysyna golaýy we senagat önümçiliginiň esasy bölegi jemlenendir. Köp pudakly senagat sebitiň önümçilik düzüminde esasy ugur hasaplanýar. Şunlukda Pariž paýtagt aglomerasiýasy görnükli orny eýeleýär.

*Günorta-Gündogar sebitiň* düzümine Rona derýasynyň jülgeleri, Ortaýer deňiz kenar sebitleri, Alplar girýär. Bu sebit edil Demirgazyk ýaly umumyýewropa industrial «okunyň» zonasynda ýerleşýär. Ýöne ösüş derejesi boýunça Demirgazyk sebitinden birneme yza galýar. Senagat önümçiligi, esasan, Lion we onuň go-

laýyndaky şäherlerde jemlenen. Lion (1,2 mln adam) – Fransiýanyň Pariždén soňky ikinji ykdysady merkezidir. Ýurduň iň uly deňiz gämi duralgasy bolan Marsel şäheriniň töwereginde hem uly senagat önümçilikleri döredi.

Sebitde üzümdarçylyga, gök ekerançylyga we miweçilige ýöriteleşen ýokary harytly oba hojalygy intensiw ösdürilýär. Ortaýerdeňiz sebitiniň gündogar kenar böleklerindäki syýahatçylyk toplumlary hem örän uly ähmiýete eýedir.

*Günbatar sebit* ýurduň meýdanynyň ýarysyny eýeleýär, ýöne senagat önüminiň bary-ýogy 1/5 bölegini berýär. Günbatar (esasanda, onuň Merkezi giňişligi) ykdysady ösüşiň iň pes derejesine eýedir. Onuň ýöriteleşişini, köp derejede, oba hojalygy, seýle hem ýeňil we azyk senagatlary kesgitleýär. Şunlukda senagat önümçilikleri Bordo, Tuluza, Nant, Sen-Nazer ýaly uly şäherlerde jemlenendir. Häzirki wagtda bu şäherlerde harby senagat (awiasiýa-raketa, aerokosmos we başg.), ýöriteleşdirilen gämi gurluşygy, himiýa önümçiligi uly ösüşe eýe boldy.

## 4.7. Günorta Ýewropa ýurtlary

**Geografik ýerleşişi we tebigy baýlyklary.** Günorta Ýewropa uly sebitiň günortasynda ýerleşýän Ispaniýany, Portugaliýany, Italiýany, Gresiýany, şeýle-de kiçi döwletleri (Andorra, Malta, Monako, San-Marino, Watikan) öz içine alýar. Sebitiň umumy meýdany 1030,9 mln km$^2$. Bu döwletleriň çäkleriniň esasy bölegini daglar we belentlikler tutýar.

Ýewropanyň günortasynda, Ortaýer deňziniň kenarlarynda ýerleşmegi olaryň geografik we geosyýasy ýerleşişiniň örän amatly bolmagyna getirýär. Olaryň deňize çykalgasynyň bolmagy irki döwürlerden bäri dünýäde görnükli orun eýelemegine oňaýly täsir etdi. Ispaniýanyň, Portugaliýanyň, Italiýanyň, Gresiýanyň XVI asyrdan – XX asyryň ortalaryna çenli döwürde örän kuwwatly deňiz döwletleri hökmünde dünýäniň dürli sebitlerinde koloniýalara eýe döwlet bolandyklary tötänden däldir.

Ortaýer deňiz klimaty sebitiň oba hojalygyny ösdürmek üçin amatlydyr. Ýylyň bütin dowamynda diýen ýaly maýyl we çygly kli-

10. Sargyt №2701

mat agdyklyk edýär. Tokaýlar sebitiň meýdanynyň 20%-den gowragyny örtýär. Olaryň esasy bölegi soňky ýyllarda döredilen ikinji derejeli, ýagny gaýtadan dikeldilen tokaýlardyr.

Günorta Ýewropa sebitiniň ýurtlary senagaty ösdürmek üçin zerur bolan mineral baýlyklar bilen ýeterlik üpjün däldir. Ýangyjyň gorlary azdyr. Italiýada, Ispaniýada we Gresiýada kömrüň we ýanyjy slanesleriň uly bolmadyk gorlary bar. Sebitde metal magdanlarynyň ýaýraýşy territoriýanyň geologik ösüşi bilen baglanyşykly. Hili pes demir magdany Ispaniýada, Italiýada we Gresiýada, marganes-Gresiýada bar. Reňkli metal magdanlaryndan misiň, galaýynyň, sinkiň (Ispaniýa, Italiýa, Portugaliýa), gurşunyň, uranyň (Ispaniýa, Portugaliýa, Italiýa), hromyň, boksitleriň, nikeliň (Gresiýa), wolframyň (Ispaniýa, Gresiýa, Italiýa), simabyň (Italiýa) gorlary senagat ähmiýetine eýedir. Italiýada kükürdiň baý gorlary ýerleşýär. Sebitiň köp ýerlerinde gurluşyk bezeg daşlarynyň – granitiň, mermeriň, tufyň uly ätiýaçlyklary bar. Ispaniýada we Gresiýada daglyk etraplarda mineral çeşmeler ýaýran. Ýöne muňa garamazdan senagat üçin zerur bolan çig malyň esasy bölegi, nebitiň we gazyň bolsa tas ählisi diýen ýaly daşary ýurtdan getirilýär. Elektroenergetikanyň düzüminde ýylylyk elektrik stansiýalarynyň paýy uludyr. Ýöne Italiýada, Ispaniýada atom elektrik stansiýalarynyň ähmiýeti artýar.

**Ilaty.** Günorta Ýewropa sebitinde 154 mln golaý adam ýaşaýar. Ilatynyň sany boýunça Italiýa we Ispaniýa has tapawutlanýar (*22-nji tablisa*). Sebitiň ýurtlary üçin tebigy artyşyň pes derejesi bilen baglanyşykly çylşyrymly demografik ýagdaý häsiýetlidir. Soňky ýyllarda ilatyň ortaça ýyllyk köpelişi 0,4-0,7%-den geçmeýär. Sebitiň ilatynyň milli düzümi birmeňzeşdir. Döwletlerde esasy köplügi bir millet düzýär (meselem, Italiýada italýanlar 98%-ini, Gresiýada grekler 95%-i we ş.m.). Ispaniýada ispanlar bitewi millet diýlip atlandyrylsa-da, onuň düzüminde dürli etniki toparlary (kastiliýalylar – 11%, katalonlar – 16%, andaluslar – 15%-i, walensiýalylar – 10%-i, galiýalylar – 7%, basklar – 6%) tapawutlandyrýarlar. Sebitiň ilatynyň esasy bölegi katolik dinine uýýar. Bu ýerde katolik dininiň merkezi Rim Papa döwleti ýerleşýär.

*22-nji tablisa*

**Günorta Ýewropa ýurtlary boýunça statistiki maglumatlar, 2014 ý.**

| Döwletler | Meýdany, müň $km^2$ | Ilaty, mln adam | Ilatyň tebigy artyşy,% | Ömrüň ortaça dowamlylygy, ýyl | | Iýmitiň sarp edilişi kkal/gije-gündiz | Jemi içerki önüm | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Erkekler | Aýallar | | Umumy, mlrd dollar | 1 adam başyna, doll |
| Ispaniýa | 507,6 | 46,5 | 0,1 | 76 | 83 | 3353,3 | 1481,0 | 31850 |
| Portugaliýa | 92,3 | 10,4 | 0,2 | 73 | 80 | 3767,8 | 263,6 | 25350 |
| Italiýa Respubliksy | 301,3 | 61,3 | 0,1 | 77 | 83 | 3629 | 2090,3 | 34100 |
| Gresiýa | 132,0 | 11,0 | 0,1 | 76 | 81 | 3689,4 | 281,9 | 25630 |
| Malta | 0,3 | 1,1 | 0,2 | 74 | 80 | 3482,0 | 29,0 | 26400 |
| Monako | 0,002 | 0,04 | 0,4 | 76 | 84 | - | 11,5 | 37000 |
| Andorra | 0,5 | 0,1 | 0,5 | 81 | 87 | - | 3,9 | - |
| Watikan | 0,0004 | 0,9 | 0,01 | - | - | - | - | - |
| San-Marino | 0,03 | 0,03 | 0,3 | 76 | 83 | - | 1,9 | - |

**Çeşme:** Горохов С.А., Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013; 2014 WORLD POPULATION Data Sheet; INTERNET maglumatlary.

Günorta Ýewropa gür ilatlaşan sebitleriň biridir. Ilatyň ortaça gürligi 1 $km^2$-a 122 adam. Kenarýaka düzlüklerde ilat has gür ýerleşendir. Uly şäherleri: Madrid (4,8 mln), Afiny (3,9 mln), Lissabon (3 mln), Barselona (2,4 mln), Rim (2,8 mln), Milan (1,5 mln), Neapol (1,2 mln), Turin (1,1 mln), Walensiýa (1 mln), Sewiliýa, Saloniki.

**Hojalygy.** Sebitiň ýurtlarynda ykdysadyýetiň esasy ugurlary hyzmat ediş ulgamy we senagat önümçiligidir. Italiýa ykdysadyýetiň ösüş derejesi we möçberi boýunça «Uly ýediligiň» düzümine girýär. Ispaniýanyň hojalygy hem köpugurlydyr. Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň arasynda Portugaliýanyň we Gresiýanyň ykdysadyýetiniň ösüş derejesi pesräkdir.

Sebitiň ýurtlarynyň senagat önümçiliginde işläp bejerýän pudaklar esasy orun tutýar. Italiýada we Ispaniýada maşyn-gurluşygy öňdebaryjy pudak hasaplanylýar. Awtomobil, gämi gurluşygy, elektrotehnika onuň esasy ugurlarydyr. Metallurgiýa, nebithimiýa, ýeňil we azyk senagaty hem ösendir. Soňky ýyllarda çig malyň we ýangyjyň daşyndan getirilýänligi sebäpli deňiz gämi duralgalary uly senagat toplumlaryna öwrüldi. Işläp bejerýän senagatynyň (awtomobilleri, gämileri, stanoklary, telekommunikasiýa enjamlaryny, nebithimiýa, ýeňil we azyk-tagam senagatynyň önümleri) birnäçe görkezijileri boýunça Ispaniýa we Italiýa dünýäde ilkinji onluga girýän ýurtlardyr.

Günorta Ýewropada irki döwürlerden bäri ýeňil senagaty, aýratyn hem onuň dokma pudagy uly ähmiýete eýedir. XIX–XX asyrlarda Italiýa we Ispaniýa dokma önümlerini dünýä bazaryna köp çykarýan döwletleriň hataryna girýärdi. Ýöne soňky ýyllarda bu pudagyň ösüş depgini birneme haýallady. Şeýle-de bolsa Italiýa, belli bir derejede Ispaniýa taýýar dokma önümlerini, aýakgaplary eksport ediji ýurtlar bolmagyna galýar. Dokma senagatynyň esasy merkezleri Rim, Milan, Genuýa (Italiýa), Barselona, Madrid, Sewiliýa (Ispaniýa), Lissabon (Portugaliýa) şäherleridir.

Sebitiň ýurtlarynda ýokary derejede mehanizmleşdirilen, harytlyk oba hojalygy ösdürilýär. Italiýa, Portugaliýa, Ispaniýa, Gresiýa Ýewropada suwarymly ekerançylygyň esasy etraplarydyr. Agroklimat baýlyklary sebitde subtropiki ekerançylygy ösdürmäge mümkinçlik berýär. Oba hojalygynyň esasy pudaklary gök ekerançylyk, miweçilik, subtropiki ekerançylyk (limon, apelsin, zeýtun), üzümdarçylyk bolup durýar. Bu ýurtlar dünýä bazaryna gaplanan gök önümleri, miweleri esasy eksport edijilerdir. Ýurtlaryň ählisinde hem üzümdarçylyk we çakyr senagaty ýöriteleşiş pudagy hasaplanýar. Italiýa we Ispaniýa çakyr önümlerini öndürmek we olary daşary bazarlara çykarmak boýunça dünýäde öňdebaryjy ýurtlardyr. Ekerançylygyň düzüminde däne hojalygy (bugdaý, süle, arpa we mekgejöwen ösdürip ýetişdirmek) hem uly orun tutýar. Maldarçylykda süýt-et berýän gara mallary köpeltmek, dowardarçylyk, doňuzdarçylyk we guşçulyk ösdürilýär. Günorta Ýewropa ýurtlary oba hojalyk önümleriniň esasy görnüşleri boýunça öz-özüni üpjün edýän ýurtlara degişlidir.

Sebitde kämil derejede ösen ulaglar ulgamy hereket edýär. Ýöne ýurtlar boýunça ulaglaryň dürli görnüşleri deň derejede ösen däldir. Demir ýol we awtomobil ulagy Ispaniýada, Italiýada we Gresiýada ýükleri daşamakda esasy gury ýer ulagy bolup durýar. Ortaýer deňziniň kenarynda ýerleşen bu döwletlerde deňiz ulagy halkara ýöriteleşiş ähmiýetine eýedir. Ispaniýa, Portugaliýa, Italiýa we Gresiýa irki döwürlerden bäri «deňiz» döwletleri hasaplanylýar. Bu ýerde häzirki zaman deňiz gämi duralgalary – uly deňiz-senagat toplumlary döredi. Sebitde howa ulagynyň hem uzak aralyklara ýolagçylary gatnatmakda ähmiýeti uludyr.

Halkara syýahatçylygy Günorta Ýewropa ýurtlarynyň hojalygynyň uly ähmiýet berilýän ugurlarynyň biridir. Italiýa, Ispaniýa, Gresiýa, Monako dünýä syýahatçylygynyň esasy merkezleri hasaplanylýar. Olarda halkara syýahatçylygyndan gelýän girdeji döwlet býudjetiniň agramly bölegini düzýär.

Günorta Ýewropa ýurtlary ösen daşary-ykdysady gatnaşyklary bilen tapawutlanýarlar. Olaryň köpüsi Ýewropa Bileleşiginiň agzalary hökmünde şol ykdysady bileleşige girýän ýurtlar bilen jebis gatnaşyklary alyp barýar. Olaryň goňşy Arap döwletleri, Günorta-Gündogar we Gündogar Aziýa, ABŞ, Kanada, Latyn Amerikasy ýurtlary bilen ykdysady gatnaşyklary hem uludyr.

## 4.8. Italiýa Respublikasy

Italiýa – dünýäniň has ösen döwletleriniň biri, «Uly ýediligiň» agzasy. Italiýa – unitar parlament respublikasydyr. Paýtagty – Rim. Bu döwlet birnäçe halkara guramalarynyň, şol sanda BMG, Demirgazyk Atlantik harby guramasynyň (NATO) we Ýewropa Bileleşiginiň işjeň agzasydyr. Adminstratiw çäk taýdan Italiýa 20 oblasta bölünýär, olara 94 prowinsiýa we 8101 kommuna girýär.

**Geografik ýerleşişi.** Italiýa Apennin ýarymadasynda ýerleşen Ortaýerdeňzi döwletleriniň biridir. Ýurduň tutýan meýdany 301,2 müň km$^2$. Onuň düzümine Sardiniýa, Sisiliýa, Elba we onlarça kiçi adalar girýär.

Italiýanyň territoriýasynyň 77%-ini daglar we baýyrlyklar tutýar. Ýurduň çäginde islendik nokat deňiz kenarlaryndan 230 km-den

uzak bolmadyk aralykda ýerleşýär. Umuman, Italiýa Ortaýerdeňiz sebitiniň merkezinde örän amatly ykdysady-geografik we syýasy-geografik ýerleşişe eýedir. Bu bolsa, onuň hojalygyny ösdürmek üçin örän uly mümkinçilikleri döredýär.

**Tebigy baýlyklary.** Italiýa gazylyp alynýan mineral baýlyklara baý däldir. Ýöne onuň dürli etraplarynda molibdeniň, simabyň, talkyň, sinkiň, gurşunyň, kömrüň, gipsiň, kükürdiň uly bolmadyk gorlary bar. Şeýle-de çäkli gorlary bolan nebit, tebigy gaz, demir magdany hem duş gelýär. Şonuň üçin sarp edilýän mineral çig malyň 83 %-ini we ýangyjyň 85 %-ini daşary ýurtlardan getirmäge mejbur bolýar.

Ýurduň klimat baýlyklary bu ýerde ekerançylygyň dürli ugurlaryny ösdürmek üçin amatlydyr. Peslik böleklerinde suwarymly ekerançylykda peýdalanylýan bol hasylly topraklar ýaýrandyr. Italiýa üçin rekrasiýa baýlyklarynyň ähmiýeti uludyr, şunlukda deňiz (Riwýera, Kapri, Adriatika), dag (Alplar), termal (Montekatini) we taryhy-medeni rekrasiýa baýlyklaryny utgaşdyryp peýdalanmak mümkinçilikleri uludyr.

**Ilaty.** Italiýa Ýewropada köp ilatly ýurtlaryň biridir (61,3 mln adam). Soňky ýyllarda ilatyň ortaça ýyllyk köpelişi örän pese gaçdy (2014-nji ýylda bu görkeziji – 0,1%-e deň boldy). Onuň esasy sebäbi dogluşyň derejesiniň yzygiderli peselmegidir. Ilatyň sany esasan immigrasiýanyň hasabyna artýar. Soňky ýyllarda ýurda Albaniýadan, öňki Ýugaslawiýanyň Respublikalaryndan, GDA, Ýakyn Gündogaryň we Demirgazyk Afrikanyň ýurtlaryndan göçüp gelýänleriň sany köpeldi.

Ilatynyň milli düzüminde italýanlaryň paýy ýokary bolup, ähli ilatyň 98%-ine ýetýär. Beýleki milletlerden nemesler, albanlar, fransuzlar, slowenler, grekler uly etniki toparlar bolup ýaşaýarlar. Ilatyň 90%-den gowragy rim-katolik dinine uýýar.

Italiýa Ýewropada gür ilatly döwletleriň biridir. Ilatyň 1 km$^2$ ýere düşýän ortaça gürlügi 204 adam. Ýöne ilat ýurduň meýdan-çägi boýunça endigan ýerleşen däldir. Italiýanyň demirgazygynda, Po derýasynyň jülgesinde ilatyň ortaça gürlügi 1 km$^2$ meýdana 400 adama ýetýär, Alp, Appenin we Sardiniýa daglyk etraplary bolsa seýrek ilatlaşandyr. Şäherlerde ilatynyň 68%-den gowragy ýaşaýar. Rim, Milan, Neapol, Turin, Genuýa, Palermo we Florensiýa ilatynyň sany we ykdysady kuwwaty boýunça ýurduň uly şäherleridir.

**Hojalygy.** Italiýa «Uly ýediligе» girýän, Ýewropa Bileleşiginiň uly agzalarynyň biri bolan, ykdysady taýdan ösen döwletdir. Onuň ykdysadyýeti köpugurly bolup, durmuş-ykdysady görkezijileriň köpüsi boýunça dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň hataryna girýär. Hyzmatlar ulgamynda ýurduň JIÖ-niň 71%-i döredilýär, ykdysady işjeň ilatyň bolsa 68%-i meşgullanýar. Dünýäniň senagat önüminiň 2,8%-i Italiýanyň paýyna düşýär (9-njy orny eýeleýär). Ol daşyndan kabul edýän jahankeşdeleriň sany boýunça dünýäniň 5-nji döwletidir.

Italiýany ykdysadyýetiniň ösüş derejesi boýunça 2 bölege, ýagny has ösen senagatly demirgazyk we günorta oba hojalyk sebitlerine bölmek bolýar.

**Senagaty.** Ýurduň senagaty jemi içerki önümiň 27%-ini berýär. Senagatyň ösen we köp girdeji berýän pudaklary maşyn-gurluşygy, himiýa, metallurgiýa, azyk, dokma, tikin we aýakgap önümçiligidir.

Ýangyç-energetika toplumyny ösdürmek üçin Italiýanyň öz ýangyç baýlyklary juda azdyr. Sardiniýada, Toskanada kömrüň gorlary hojalyk maksatlary üçin peýdanalynýar, ýöne ýurduň islegini doly kanagatlandyrmaýar. Şonuň üçin hem Italiýa kömri köp mukdarda daşary ýurtlardan satyn alýar. Zerur bolan nebitiň we gazyň agramly bölegi hem ýurduň daşyndan getirilýär.

Italiýada gaty we suwuk ýangyjyň ýetmezçilik etmegi derýalaryň kuwwatyny elektrik energiýasyny öndürmekde ulanmagy talap edýär. Gür derýa toruna eýe bolan demirgazyk sebitine ýurtda öndürilýän elektrik energiýanyň 83%-i düşýär. Ýöne sarp edilýän elektrik energiýanyň 15%-i importyň hasabyna üpjün edilýär.

Italiýanyň dag-magdan senagatynda demir we reňkli metal magdanlary gazylyp alynýar. Demir magdanynyň gorlary Elba adasynda (90%-e golaýy), az mukdarda Sardiniýa adasynda we Toskana welaýatynda ýerleşendir. Gazylyp alnan simabyň mukdary boýunça Italiýa dünýäde öňdäki orunlaryň birini eýeleýär. Simabyň uly ojagy Toskanada ýerleşen Monte-Amiatadyr. Şeýle-de bolsa metal magdanlary daşary ýurtlardan getirilýär. Şonuň üçin metallurgiýa kärhanalary esasan deňiz gämi duralgalarynda we oňa ýakyn şäherlerde ýerleşýär.

Dag-magdan senagatynda sary kükürt magdanyny gazyp almagyň ähmiýeti hem uludyr. Sary kükürdiň uly gorlary Alp guşaklygynda we

Sisiliýada ýerleşendir. Italiýa gurluşykda giňden ulanylýan owadan mermere hem baýdyr.

Maşyn-gurluşygy – Italiýanyň senagatynyň esasy, öňdebaryjy pudagydyr. Ýurtda öndürilýän oba hojalyk tehnikalary, metal we agaç işläp bejerýän stanoklary, durmuş elektronika enjamlary, azyk senagaty üçin tehnologik enjamlar dünýäde ýokary bäsleşige ukyplydyr. Ýurduň maşyn-gurluşygynyň düzüminde ulag maşynlaryny öndürmek aýratyn ähmiýete eýedir.

Italiýa ýeňil awtomobilleri öndürmekde dünýäde 5-nji orny eýeleýär. Her ýylda ortaça 1 mln awtomobil öndürilýär. Awtomobil öndürmek FIAT konserniniň eýeçiligindedir. Awtomobil önümçiligi esasan Demirgazykda – Milan, aýratynda Turin şäherlerinde jemlenendir.

Gämi önümçiligi Italiýanyň maşyn-gurluşygynyň has irki dörän pudagydyr. Onuň uly merkezleri-Neapol, Genuýa, Liworno, Triýes, Wenesiýa şäherleridir.

Italiýanyň maşyn-gurluşygynyň düzüminde elektrotehnika senagatynyň ähmiýeti hem uludyr. Onuň önüminiň 66%-i – Milan, Lodi, Turin,Genuýa şäherinde jemlenedir.

Maşyn-gurluşygy senagatyndan soňky esasy pudagy ýerli çig malyň hasabyna işleýän himiýa önümçiligidir. Himiýa önümlerini öndürmekde Italiýa Ýewropada GFR-dan, Fransiýadan, Beýik Britaniýadan soň 4-nji orunda durýar. Himiýa senagaty çig mallaryň dürli görnüşine baý Demirgazyk Italiýada has ösendir.

Italiýanyň işläp bejerýän senagatynda dokma, tikin, gön-teletin we aýakgap ýaly adaty pudaklaryň ähmiýeti hem uludyr. Has ir dörän pudaklarynyň biri dokma senagatydyr. Senagatyň bu pudagynyň kärhanalary import çig malynyň hasabyna köp mukdarda nah matalary öndürýär. Diňe ýüpekden, zygyrdan we sintetiki süýminden mata öndürmek ýerli çig malyň hasabyna ýola goýlandyr.

**Oba hojalygy.** Oba hojalygy ýurduň ilatyny diňe et we süýt önümlerinden beýleki azyk önümleri bilen doly derejede üpjün edýär. Oba hojalygynyň esasy pudagy ekerançylyk bolup, ol oba hojalyk haryt önümçiliginiň gymmatynyň 66%-ini berýär. Ýurduň meýdanynyň 32%-ini sürümli ýerler, çemenlikler we 17%-ini öri meýdanlary tutýar. Däneli ekinlerden bugdaýyň we mekgejöweniň

ähmiýeti uly bolup, olaryň ekilýän giň meýdanlary Padan pesliginde ýerleşendir. Bugdaý ýurduň Günorta etraplarynda, Sisiliýa adasynda hem ekilýär.

Ýurduň ekin meýdanlarynyň uly böleginde üzüm, zeýtun we sitrus ekinleri ösdürilip ýetişdirilýär. Üzümçilik ýurduň ähli ýerinde giňden ýaýrandyr. Sitruslar klimatiki şertlere görä ýarym adanyň günortasynda, Sisiliýa we Sardinýa adalarynda ýetişdirilýär. Zeýtun agajynyň tutýan meýdany we ýygnalýan hasyly boýunça Italiýa dünýäde 1-nji orunda durýar.

Beýleki ekinlerden gök-bakja, gant şugundyry, pagta, temmäki we künji ekilýär. Oba hojalyk önümçiliginde ähmiýeti boýunça maldarçylyk 2-nji derejeli pudak hasaplanylýar. Ýurtda iri şahly mallar we dowarlar köpeldilýär. Maldarçylyk alp we subalp çemenlikleriniň giň ýaýran demirgazyk etraplarynda alnyp barylýar. Oba hojalygynyň möhüm pudaklarynyň biri (aýratynda demirgazyk Italiýada) ýüpekçilik bolup, onuň önümi boýunça Italiýa Ýaponiýa we Hytaýdan soň dünýäde 3-nji orunda durýar.

**Ulaglar ulgamy.** Italiýada ulaglaryň ähli görüşleri ösendir. Ýurtda demir ýollaryň we awtomobil ýollarynyň gür tory döredi. Ýükleri we ýolagçylary daşamakda esasy orun awtomobil (64%) we demir ýol ulagyna degişlidir. Ýurduň kenarýaka ýerleşişine baglylykda deňiz ulagynyň ähmiýeti-de uludyr. Daşarky ýük dolanyşygynda ähmiýeti uly deňiz gämi duralgalary – Geniýa, Triýest, Wenesiýa, Neapol, Liworno, Ankona.

**Daşary ykdysady aragatnaşyklary.** Daşary ykdysady gatnaşyklary Italiýanyň ykdysadyýeti üçin örän uly ähmiýete eýedir. Sebäbi Italiýanyň senagatynyň möhüm pudaklary esasan daşyndan getirilýän çig malyň, ýangyjyň we polifabrikatyň (ýarym taýýar önüm) hasabyna önüm öndürýär, olaryň esasy bölegi bolsa dünýä bazarynda ýerleşdirilýär. Ýurduň eksportynda awtomobilleriň, senagatyň dürli pudaklary üçin enjamlaryň, dokma önümleriniň, tebigy ýüpegiň, sitrus miweleriň, temmäki önümleriniň ähmiýeti uludyr. Bu döwlet miweleri, gök önümleri we şireli içgileri eksport etmek-de dünýäde görnükli orun eýeleýär. Italiýa daşarky söwdasynyň uly bölegini Ýewropa Bileleşiginiň agza döwletleri (59%-i), ABŞ, Russiýa, Hytaý, OPEK ýurtlary bilen amala aşyrýar.

Türkmenistan hem Günorta Ýewropa döwletleriniň köpüsi bilen ykdysady gatnaşyklary saklaýar. Olaryň arasynda biziň ýurdumyzyň Italiýa Respublikasy bilen ykdysady gatnaşyklary has çalt ösýär. Bu ýurt bilen ykdysady hyzmatdaşlyk daşary söwda-da, maliýe, karz ulgamynda we halkara syýahatçylyk ulgamynda alnyp barylýar.

**Içerki aýratynlyklary.** Italiýa, adatça üç sebite – Demirgazyk, Merkezi we Günorta Italiýa bölünýär. Olar geografik ýerleşişiniň, tebigy şertleriniň özboluşlylygy we durmuş-ykdysady ösüşiniň derejesi boýunça tapawutlanýarlar.

*Demirgazyk sebit* ýurduň ykdysady durmuşynda aýgytlaýjy orny eýeleýär. Ýurduň meýdanynyň 2/5 bölegini tutýan bu sebitde ilatynyň ýarysyndan gowragy, senagat önümçiliginiň 2/3 bölegi jemlenendir. Milan – Turin – Genuýa üçburçlugynda önümçilgiň has jemlenmegi görünýär. Bu etrap Ýewropanyň senagatlaşan territoriýalarynyň hataryna girýär. Demirgazyk sebit, ilkinji nobatda Padan pesligi ýurduň esasy «harmanydyr». Bu ýerde dänäniň, gök we bakja ekinleriniň esasy bölegi ýygnalýar. Maldarçylyk süýt we et önümlerini öndürýär. Şeýle hem Demirgazyk esasy ulag torunyň gür jemlenen etrabydyr.

*Merkezi sebit* ykdysady ösüşiň derejesi boýunça ýurduň demirgazyk we günorta bölekleriniň arasynda durýar. Onuň paýyna ýurduň meýdanynyň we öndürilýän önümiň 1/5 bölegi düşýär. Sebitde senagat köp pudakly, ýöne onuň pudaklarynyň hiç biri Italiýanyň möçberinde görnetin tapawutlanmaýar. Sebitiň we bütin ýurduň iň uly şäheri – Rim. Medeni-taryhy, hojalyk we syýasy funksiýalar bilen birlikde, ol uly ulag we söwda-maliýe merkezi hasaplanýar.

*Günorta sebitiň* paýyna ýurduň meýdanynyň 2/5 we ilatynyň 1/3 bölegi düşýär. Italiýanyň beýleki sebitlerinden yza galýanlygy bilen birlikde, onuň öz çäginde hem tapawutlar duýulýar. Ýarymada bölegi has ösen. Sebit häzirki wagta çenli sitruslary we beýleki oba hojalyk önümlerini öndürmek boýunça tapawutlanýar. Senagatyň esasy pudagy azyk senagaty bolmagyna galýar. Soňky ýyllarda hökümetiň hemaýat bermegi bilen bu ýerde agyr senagatyň käbir pudaklary ösüşe eýe boldy we umumymilli ähmiýetli uly kärhanalaryň sany artdy. Ykdysadyýetiň çalt ösýänligine garamazdan ýurduň günortasynda

köp durmuş meseleleri çözülmän galýar. Italiýanyň günortasynda ilatyň durmuş derejesi onuň demirgazyk böleklerine garanyňda, entek pes bolmagyna galýar. Günortanyň şäherleriniň arasynda ýurtda uly we möhüm ykdysady we medeni merkez bolan Neapol şäheri aýratyn orny eýeleýär.

## 4.9. Orta Ýewropa ýurtlary

**Geografik ýerleşişi.** Gündogar Ýewropa taryhy-geografik sebit hökmünde şertleýin 2 bölegi: Orta Ýewropany we Gündogar Ýewropany öz içine alýar. Merkezi Ýewropanyň düzümine öňki sosialistik ulgamyna giren Polşany, Çehiýany, Slowakiýany, Wengriýany, Ruminýany, Bolgariýany, ozalky Ýugoslawiýanyň dargamagy netijesinde dörän döwletleri, Albaniýany, şeýle hem Baltika döwletlerini goşýarlar. Baltika ýurtlary ýaňy-ýakynda hem SSSR-iň düzümine girýärdi we onuň halk hojalyk toplumynyň düzüm bölegi bolup durýardy. Bu ýurtlar garaşsyzlyk alyp, öz ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösüş aýratynlyklary boýunça Orta Ýewropa ýurtlaryna has ýakynlaşdy.

Soňky ýyllarda Ýugoslawiýa uly syýasy-geografik özgerişleriň meýdançasyna öwrüldi. Bu ýerde bitewi, merkezleşdirilen döwletiň ornunda täze özbaşdak döwletler döredi.

Sebitde ýerleşen 17 döwletiň Albaniýadan, Horwatiýadan, Çernogoriýadan, Serbiýadan we Makedoniýadan başgasy Ýewropa Bileleşiginiň agzalarydyr.

Orta Ýewropa ýurtlary Baltikadan Gara deňzine we Adriatik deňzine çenli uzalyp gidýän bitewi territorial giňişligi göz öňüne getirýär. Olaryň bäşisiniň çägi boýunça Dunaý derýasy akyp geçýär we belli bir derejede Wengriýanyň hem-de Slowakiýanyň Dünýä okeanyndan aradaşlygynyň öwezini doldurýar. Sebitiň ýurtlarynyň örän möhüm aýratynlygy Günbatar Ýewropanyň we öňki SSSR-iň döwletleriniň arasynda tranzit (üstaşyr) ýerleşiş ýagdaýy bolup durýar. Häzirki wagtda sebitiň döwletleri demir ýol, awtomobil ýollarynyň, elektrik geçiriji liniýalaryň üsti bilen özara baglanyşdyrylýar. Bularyň hemmesi zähmetiň halkara bölünişiniň ösmegi üçin gowy mümkinçilikler döredýär.

**Tebigy şertleri we baýlyklary.** Orta Ýewropa ýurtlary tebigy baýlyklaryň köpdürlüligi we möçberi boýunça düýpli tapawutlanýarlar. Bu ýurtlaryň ilkinji energiýa baýlyklar bilen üpjünçiligine seredeliň. Daş kömrüň esasy gorlary Polşada we Çehiýada, nebit we gaz – Ruminýada, derýalaryň suw energiýa baýlyklary – Balkan ýurtlarynda ýerleşýär.

Şeýle ýagdaý beýleki mineral baýlyklaryň ýerleşişinde-de görünýär. Demir magdanynyň esasy gorlary öňki Ýugoslawiýanyň düzümine giren ýurtlarda, Polşada, Ruminýanyň we Slowakiýanyň çäginde, mis, gurşun, kümüş – Polşada, boksitler – Wengriýada, hromitler – Albaniýada, kükürt – Polşada jemlenendir. Wengriýada mineral baýlyklaryň köp görnüşiniň gytçylygynyň belli bir derejede Orta--Dunaý düzlügindäki örän giň, hasylly ýerler öwezini dolýar. Latwiýa, Litwa we Estoniýa hem mineral çig mal baýlyklary bilen ýeterlik üpjün däldir. Sebitiň demirgazyk böleginde ýerleşýän Polşanyň, Baltika ýurtlarynyň tokaý hojalygyny ösdürmek mümkinçilikleri uludyr.

**Ilaty.** Sebitiň ilatynyň milli düzüminiň tapawutly sypaty – slawýan halklaryň agdyklyk etmegidir. Beýleki halklardan bu ýerde rumynlar, albanlar, wengerler we litowlar has köpsanlydyr.

Orta Ýewropa ýurtlarynda Günbatar Ýewropa seredeniňde az ilat ýaşaýar – 126 mln töweregi adam. Ilatynyň sany boýunça iň uly döwlet Polşa (38 mln adam), iň kiçisi bolsa – Estoniýadyr (1,3 mln adam). Soňky döwürde sebitiň ýurtlarynda çylşyrymly demografiki ýagdaý emele geldi. Ilatyň tebigy köpelişi diňe Albaniýada 0,5% möçberinde saklanýar. Galan ýurtlarda tebigy artyş bolman, tersine tebigy kemeliş hadysasy görünýär (Bolgariýada – 0,5%, Latwiýada, Litwada – 0,4%, Ruminýada – 0,3%). Şeýle demografiki ösüş sebitdäki ýurtlaryň ilatynyň ýaş düzümine örän uly täsir edýär. Häzirki wagtda zähmete ukyply ýaşdan uly adamlar (65 ýaş) ilatyň umumy sanynda 15-16%-e çenli ýetýär. Bu bolsa, şol döwletlerde zähmet emmigrasiýasynyň ösmegine getirýär.

Orta Ýewropada şäher ilaty agdyklyk edýär. Has urbanizirlenen (şäherleşen) ýurtlarynyň biri – Çehiýadyr. Şäherliler onuň ilatyň 3/4 bölegini tutýar. Ýurtlaryň köpüsi üçin taryhy taýdan emele gelen uly bolmadyk şäherler we obalar, Latwiýa, Litwa we Estoniýa üçin bolsa – hutorlar (arasy seýrek ýerleşen 5-10 öýli obalar) häsiýetlidir. Sebitiň uly

şäherleri Buharest (2 mln adam), Lodz, Krakow, Warşawa (1,9 mln), Budapeşt (1,8 mln), Sofiýa (1,3 mln), Plowdiw, Warna, Debresen, Koşise, Lýublýana, Tirana we başgalar.

Garalyp geçilýän ýurtlaryň döwlet gurluşynda olaryň milli düzüminiň aýratynlyklary ýüze çykýar. Ýaňy ýakyna çenli alty respublikadan: Serbiýa, Sloweniýa, Horwatiýa, Bosniýa we Gersegowina, Makedoniýa, Çernogoriýadan durýan federasiýa hökmünde Ýugoslawiýa Ýewropada köpmilletli ýurt hasaplanýardy. Ýugoslawiýanyň dargamagy milletara gatnaşyklaryň üzül-kesil ýitileşmegine getirdi. 1993-nji ýyla çenli federasiýa bolan Çehoslawakiýa iki özbaşdak döwlete – Çehiýa we Slowakiýa bölündi.

Orta Ýewropa sebitinde hristiançylyk dininiň üç ugry hem ýaýrandyr. Baltika ýurtlarynda – protestantçylyk, Polşada, Çehiýada, Slowakiýada, Sloweniýada esasan katolikçilik, beýleki ýurtlarda prawoslaw ugry ýaýrandyr. Albaniýada, Bosnýa we Gersogowinada ilatyň uly bölegi yslam dinine uýýar.

**Hojalygy.** Häzirki wagtda Orta Ýewropa ýurtlarynyň hojalygynda we durmuş ulgamynda bazar ykdysadyýetine geçmek, Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary bilen jebis gatnaşyklaryň döremegi dowam edýär.

Uruşdan soňky ýyllarda Orta Ýewropa ýurtlarynda (SSSR-iň kömegi bilen) ähli pudaklarda– senagatda, oba hojalygynda ulaglar ulgamynda uly özgerişler bolup geçdi. Senagatyň pudaklaýyn düzüminde agyr senagatyň ösüş bady has ýokary boldy. Esasan-da ylmy-tehniki ösüşi üpjün edýän pudaklarda – elektroenergetikada, maşyn-gurluşygynda, himiýa senagatynda uly öňegidişlikler gazanyldy. Hojalygyň geografiýasyndaky bolup geçen oňyn özgerişler ozal yza galak etraplaryň (Sloweniýa, Ruminýa, Polşanyň demirgazyk-gündogary we başg.) ösdürilmegi, şeýle-de öňki SSSR-den gelýän çig mala we ýangyja ýykgyn eden käbir ýurtlaryň gündogarynda täze önümçilik kuwwatlyklaryň döredilmegi bilen baglanyşyklydyr.

Sebitiň ýurtlarynyň tebigy şertlerindäki, taryhy ösüşindäki we durmuş-ykdysady ösüşiň derejesindäki tapawutlar, olaryň hojalygynyň häzirki geografiýasynda görünýär. Bu ýerde Polşadaky Ýokarky Sileziýa, Çehiýadaky Ostrowa –Karwin ýaly senagat merkezleri aýdyň tapawutlanýar. Şol ýurtlaryň maşyn-gurluşygynda, himiýa se-

nagatynda we sebitiň hojalygynyň beýleki pudaklarynda öňdebaryjy orny eýelemekleri ýöne ýerden däldir.

Her bir Orta Ýewropa döwleti öz oba hojalyk «ýüzüne» eýedir. Meselem, mekgejöweniň ekin meýdanlarynyň ululygy boýunça sebitde Ruminýa deňi-taýy ýokdur. Polşa – süläniň we kartoşkanyň, Bolgariýa – bagçylygyň we üzümçiligiň, Estoniýa – doňuzdarçylygyň ösüşi, Wengriýa – umumy meýdanynyň sürülýän böleginiň möçberi boýunça has tapawutlanýar.

*Senagat önümçiligi.* Sebitde energetikanyň ösüşiniň tapawutly aýratynlygy nebitiň we gazyň gytçylygydyr, şonuň üçin pudak esasan kömri sarp etmeklige ýykgyn edýär. Şol bir wagtyň özünde, daşyndan getirilýän nebit (esasan, Russiýadan) himiýa senagatynda ulanylýar. Şol sebäbe görä, sebitiň ýurtlary üçin atom we suw elektro-energetikasynyň ösdürilmegi wajyp bolup durýar. Dünýädäki iň uly AES-leriň biri bolan «Kozloduý» Bolgariýada ýerleşýär. Şeýle hem Rumyniýa we Ýugoslawiýanyň bilelikde guran Dunaý derýasyndaky «Demir Derwezesi» SES-i uly ähmiýete eýedir.

Ikinji jahan urşundan soňra ähli ýurtlarda (Baltika ýurtlaryndan başga) metallurgiýa senagaty döredildi. Şunlukda reňkli metallurgiýa esasan öz hususy çig malyna esaslanýan bolsa, gara metallurgiýa daşyndan getirilýän çig malyň hasabyna işleýär.

Maşyn-gurluşygy Çehiýada (Praga, Plzen, Brno we başg.) has ösendir. Ol daşarky bazara stanoklary, kärhanalar üçin enjamlar toplumyny, elektron hasaplaýyş maşynlaryny, durmuş gurallaryny we ş.m. çykarýar. Polşa we Ruminýa metaly köp talap edýän maşynlary we konstruksiýalary, Wengriýa, Bolgariýa we Latwiýa – elektrotehnika önümlerini, Polşa – deňiz gämilerini öndürmek boýunça tanalýar.

Himiýa senagatynyň ösüş derejesi boýunça Orta Ýewropa ýurtlary Günbatar Ýewropa döwletlerinden birneme yza galýar (Wengriýanyň dünýäde himiýa – farmosewtika önümlerini uly öndürijii bolmagyna garamazdan). Bu ýerde ýüň we nah mata, trikotaž, haly, aýakgap önümçiligi we ýeňil senagatyň beýleki pudaklary has irki döwürlerden bäri ösdürilýär. Dünýä bazaryna Çehiýadan çeper aýna we bezeg önümleriniň, Bolgariýadan deri önümleriniň, Polşadan sport enjamlarynyň gelip düşýänligi bellidir.

*Oba hojalygy.* Orta Ýewropa ýurtlarynyň oba hojalygy, umuman, olaryň ilatynyň azyk önümlerine bolan hajatlaryny üpjün edýär. Onuň ekilýän ýerleri giňeltmegiň hasabyna ekstensiw ösmegi üçin mümkinçilikler indi azaldy (esasan-da Ortadunaý we Aşaky Dunaý peslikleri doly özleşdirildi). Bu ýagdaý ykdysadyýetiň bu pudagynyň çaltlaşdyrylýan ýagdaýda ösmegine gönükdirilen çäreler, ýagny ekinleriň hasyllylygyny ýokarlandyrmak we mallaryň önümligini artdyrmak bilen höweslendirilýär. Mehanizasiýanyň ähmiýeti hem artýar. Oba hojalyk önümçiligine genetikanyň gazananlary giňden ornaşdyrylýar.

Çehiýada, Slowakiýada, Wengriýada, Polşada, şeýle hem Litwada, Latwiýada we Estoniýada maldarçylyk önümleriniň paýy ekerançylygyňkydan has ýokarydyr. Beýleki ýurtlarda hem maldarçylyk ösdürilýär.

Ekerançylygyň ýöriteleşişine we onuň netijeliligine topragyň hili we agroklimat baýlyklaryň paýlanyşy uly täsir edýär. Sebitde yzgar bilen üpjünçilik günortadan-demirgazyga tarap artýar, ýylylyk bilen üpjünçilik bolsa şol ugur boýunça kemeleýär. Şonuň üçin demirgazykda (Polşa, Estoniýa, Latwiýa) ekin meýdanlarynda maýyl howany az talap edýän süle we kartoşka uly meýdanlary tutýar, günortada bolsa (Bolgariýa, öňki Ýugoslawiýa, Albaniýa) işlenip bejerýän ýerleriň uly bölegini miweli baglar we üzüm agaçlary (Bolgariýada – tas 10%-e golaý) eýeleýär. Ähli döwletlerde bugdaý öndürilýär. Ruminýada, Bolgariýada we Wengriýada mekgejöweniň tutýan meýdany uludyr. Sebitiň Adriatik kenar sebitleriniň oba hojalygy (bu ýerde Ortaýerdeňiz klimaty agdyklyk edýär) subtropiki ekerançylyga ýöriteleşmek bilen aýratyn görnüşi emele getirýär (sitruslar, zeýtun, injir we ş.m.).

Sebitiň günorta bölegindäki ýurtlaryň ykdysadyýetinde ýokary hilli gök önümleri (pomidor, burç, sogan we ş.m.), temmäki, efirýag ekinleri (narpyz, bägül, lawanda) ösdürip ýetişdirmek görnükli orun eýeleýär. Gymmatly bägül ýagyny öndürmek we eksport etmek boýunça Bolgariýa dünýäde öňdebaryjy orun degişlidir.

Maldarçylygyň esasy geografik aýratynlygy sebitiň demirgazyk we merkezi bölegindäki ýurtlarynyň süýt we et-süýt maldarçylygyna we doňuzdarçylyga ýöriteleşýänligi, günortada bolsa – dag, öri-meýdan maldarçylygyna ýöriteleşmek bolup durýar.

*23-nji tablisa*

**Orta Ýewropa ýurtlary boýunça statistiki maglumatlar, 2014 ý.**

| Döwletler | Meýdany, müň $km^2$ | Ilaty, mln adam | Ilatyň tebigy artyşy, % | Ömrüň ortaça dowamlylygy, ýyl | | Iýmitiň sarp edilişi kkal/gije-gündiz | Jemi içerki önüm | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Erkekler | Aýallar | | Umumy, mlrd dollar | 1 adam başyna, doll |
| Albaniýa | 28,7 | 3,0 | 0,5 | 72 | 76 | 2717,4 | 31,6 | 10520 |
| Bolgariýa | 111,0 | 7,2 | -0,5 | 68 | 75 | 2847,0 | 109,4 | 15200 |
| Bosniýa we Gersegowina | 51,0 | 3,8 | -0,1 | 65 | 72 | 2959,5 | 37,3 | 9820 |
| Wengeriýa | 93,0 | 9,9 | -0,4 | 67 | 76 | 3436,9 | 207,2 | 20930 |
| Latwiýa | 64,6 | 2,0 | -0,4 | 65 | 76 | 2903,7 | 42,8 | 21390 |
| Litwiýa | 65,3 | 2,9 | -0,4 | 68 | 78 | 2958,8 | 66,9 | 23080 |
| Makedoniýa | 25,7 | 2,1 | 0,2 | 70 | 75 | 2877,7 | 24,2 | 11520 |
| Polşa | 312,7 | 38,5 | -0,1 | 70 | 78 | 3368,3 | 858,6 | 22300 |
| Ruminýa | 238,4 | 20,0 | -0,3 | 67 | 74 | 3254,3 | 361,2 | 18060 |
| Serbiýa | 77,5 | 7,1 | -0,5 | 69 | 73 | 2805,3 | 85,6 | 12060 |
| Slowakiýa | 49,0 | 5,4 | 0,1 | 69 | 77 | 3100,6 | 134,6 | 24930 |
| Sloweniýa | 20,3 | 2,1 | 0,1 | 72 | 79 | 3088,9 | 58,1 | 27680 |
| Horwatiýa | 56,6 | 4,2 | -0,3 | 70 | 77 | 2617,3 | 85,6 | 20370 |
| Çernogoriýa | 13,8 | 0,6 | 0,3 | 72 | 77 | - | 8,8 | 14600 |
| Çehiýa | 78,9 | 10,5 | 0,0 | 72 | 78 | 3241,1 | 268,1 | 25530 |
| Estoniýa | 45,1 | 1,3 | -0,1 | 65 | 76 | 3153,9 | 31,5 | 24230 |

**Çeşme:** Горохов С.А., Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва,ЮНИТИ, 2013; 2014 WORLD POPULATION Data Sheet; Internet maglumatlary.

*Ulaglar ulgamy.* Orta Ýewropa döwletlerinde demir ýol ulagy ýük daşamakda birinji orny eýeleýär. Awtomobil we deňiz ulaglaryda çalt ösýär. Köpsanly ýokary derejeli, doňmaýan (Burgas, Warna, Konstansa, Split, Iriýeka, Gdansk, Klaýpeda, Liýepaýa, Wentspils

we başg.) we az wagtlyk doňýan (Riga, Tallin), gämi duralgalarynyň bolmagy diňe bir deňiz ulagynyň ösmegine däl, eýsem, gämi gurluşygynyň, gämi abatlaýyş işleriniň we balykçylygyň ösdürilmegine ýardam edýär.

Rekreasiýa we syýahatçylyk hojalygynyň uly geljegi bardyr. Çehiýadaky Karlowa –Wari, Polşada Lakopami, Latwiýada Ýurmala, Bolgariýanyň Garadeňiz kenarýakalardaky şypahanalar, Çernogoriýanyň Adriatik kenarlarynyň gözel tebigaty – diňe bir ýerli ýaşaýjylaryň däl, eýsem, köpsanly daşary ýurt syýahatçylarynyň hem höwes edýän dynç alyş ýerleri hasaplanylýar.

*Sebitiň içerki aýratynlyklary.* Geografiki ýerleşişiniň aýratynlyklaryny, tebigy şertleriň we baýlyklarynyň häsiýetini, käbir durmuş-ykdysady meseleleriň umumylygyny hasaba alyp, sebitiň döwletlerini şertleýin üç topara – demirgazyk (Baltika), merkezi (içerki kontinental) we günorta etraplara bölmek bolar. Ýöne Orta Ýewropa ýurtlarynyň her biriniň özbaşdak «ýüzi» – tebigy, taryhy, medeni, durmuş we ykdysady özboluşlylygy bardyr.

Sebitiň demirgazyk bölegine dört sany Baltika deňizýakasy döwletleri: Polşa, Latwiýa, Litwa we Estoniýa girýär. Bu döwletleriň integrasion bitewiligiň derejesiniň pes bolmagyna garamazdan, ykdysadyýetiň dürli pudaklaryny ösdürmek üçin (öňi bilen deňiz hojalygyny) umumy meseleler az däl. Olaryň arasynda öz ykdysady we tebigy – baýlyk mümkinçiligi boýunça Polşa has tapawutlanýar.

Ýurtlaryň Merkezi toparyny deňze çykalgasy bolmadyk, üç döwlet: Çehiýa, Slowakiýa we Wengriýa emele getirýär. Çehiýa –senagat medeniýetiniň köne ýurdy – Orta Ýewropa sebitinde senagat önüminiň ilatyň jan başyna öndürilişi boýunça birinji orunda durýar. Bu döwletleriň oba hojalygynda intensiw pudaklar (däneçilik, süýt hojalygy we doňuzdarçylyk) agdyklyk edýär.

Döwletleriň üçünji toparyna Ruminýa, Bolgariýa, täze Balkan ýurtlary we Albaniýa girýärler. Bu döwletler Gara we Adriatik deňizleriniň kenarlaryna ýanaşýarlar. Geçmişde bu ýurtlar sebitiň has yza galak bölekleri hasap edilýärdi. Häzirki wagtda bu döwletlerde uly durmuş-ykdysady özgerişleri bolup geçýär.

11. Sargyt №2701

## 4.10. Gündogar ýewropa ýurtlary. Ukraina

Gündogar Ýewropanyň bu bölegine Ukraina, Moldowa, Belarus we Russiýa Federasiýasy girýär. Bu döwletler Gündogar-Ýewropa düzlüginiň günbatar we günorta-günbatar bölegini eýeleýärler we bitewi tebigy-geografiki zonalygy emele getirýärler. Sebitiň kilimaty bu ýerde aram guşaklygyň ekinlerini ösdürip ýetişdirmäge mümkinçilik berýär.

Sebit dünýäde demir magdanyna baý hasaplanýar Kursk Magnit Anomaliýasynyň, Kriwoý Rogyň we Kerçiň, şeýle hem Russiýanyň gündogar sebitlerindäki ýokary hilli demir magdanlary, Nikopolyň örän täsin marganes käni dünýäde bellidir. Belarussiýadaky Solegorsk kaliý duz käni hem dünýäde ululary biridir. Günbatar Ukrainadaky granitleriň we Harkow oblastynyň sement çig mallarynyň gorlary hem uludyr. Nebitiň we gazyň gorlary esasan Russiýada, onuň demirgazyk we gündogar sebitlerinde jemlenendir.

*24-nji tablisa*

**Gündogar Ýewropa ýurtlary boýunça statistiki maglumatlar, 2014 ý.**

| Döwletler | Meýdany, müň km$^2$ | Ilaty, mln adam | Ilatyň tebigy artyşy,% | Ömrüň ortaça dowamlylygy, ýyl | | Iýmitiň sarp edilişi kkal/gije-gündiz | Jemi içerki önüm | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Erkekler | Aýallar | | Umumy, mlrd dollar | 1 adam başyna, doll |
| Russiýa Federasiýasy | 17075,4 | 143,7 | -0,0 | 60 | 72 | 2878,9 | 3334,8 | 23200 |
| Ukraina | 603,7 | 42,9 | -0,4 | 62 | 74 | 2808,6 | 384,7 | 8960 |
| Belarus | 207,6 | 9,5 | -0,1 | 63 | 75 | 3171,0 | 160,9 | 16940 |
| Moldowa | 33,8 | 4,1 | 0,0 | 64 | 71 | 2728,2 | 21,3 | 5190 |

**Çeşme:** Горохов С.А., Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013; 2014 WORLD POPULATION Data Sheet; Internet maglumatlary.

Sebitiň ilatynyň umumy sany 210 mln adama golaýdyr. Soňky döwürde ilatyň ortaça ýyllyk köpelişi otrisatel häsiýete eýedir (-0,5%-e golaý). Milli we jyns düzümi, umuman, birmeňzeş hasaplanylýar. Ruslar, ukrainlar, belaruslar, moldowanlar agdyklyk edýär. Polýaklar, ýewreýler, krym tatarlary hem uly etniki toparlary emele getirýärler. Ilatyň esasy bölegi (70%-den gowragy), prowaslaw din akymyna uýýarlar.

Durmuş derejesi boýunça olaryň ählisi geçiş ykdysadyýetli ýurtlara degişli.

Bu döwletlerde alnyp barylýan ykdysady syýasat bazar ykdysadyýetiň durmuşy we beýleki esaslaryny döretmeklige gönükdirilendir.

Russiýa, Belarus we Ukraina industrial-agrar ýurtlardyr. Moldowanyň ykdysadyýetiniň esasyny bolsa oba hojalygy düzýär. Russiýanyň, Ukrainanyň senagat önüminiň agramly bölegi metallurgiýa, maşyn-gurluşygyna we harby-senagat toplumyna degişli, Belarusiýa metal kesiji enjamlary, traktorlary, dökün, durmuşda ulanylýan sowadyjylary öndürýär. Moldowa, esasan oba hojalyk önümlerini, şeýle hem onuň üçin zerur bolan oba hojalyk tehnikalarynyň käbir görnüşlerini öndürmeklige ýöriteleşýär.

Daşary söwda-da esasy hyzmatdaşlary GDA ýurtlary bolup durýar. Olaryň paýyna eksportyň göwrüminiň 65%-i we importyň 60%-i, daşary ýurt maýa goýumlarynyň 60%-i düşýär.

## Ukraina Respublikasy

**Geografik ýerleşişi, tebigy baýlyklary.** Ukraina tutýan meýdany (603,7 müň km$^2$) boýunça Ýewropanyň iri döwletleriniň biridir. Onuň geografiki ýerleşişi GDA we Ýewropanyň köp döwletleri bilen ykdysady gatnaşygy amala aşyrmaga amatly täsir edýär. Gara we Azow deňizlerine çykalgasynyň bolmagy onuň daşary söwdasyny ösdürmäge ýardam edýär.

Ukraina peýdaly gazma baýlyklaryň köp görnüşine baý döwlet hasaplanylýar. Olardan daş we goňur kömrüň (Donesk, Wolyn we Merkezi Ukraina känleri), demir (Kriwoý Rog, Kerç) we marganes (Nikopol) magdanlarynyň, reňkli hem-de seýrek duş gelýän magdanlaryň: gurşun, sink, simap, magniý, boksit, titan (Donbas, Kaluş) nahar

we kaliý duzlarynyň (Donbas, Siwaş, Kaluş), tebigy kükürdiň (Rozdol), ýodyň, bromyň, mineral suwlaryň gorlary uludyr. Ýöne nebitiň, esasan-da tebigy gazyň gorlary az. Ýurduň çäklerinde gurluşyk çig mallaryndan hek daşy, mergel, oda çydamly kerpiçleri öndürmekde ulanylýan toýunlar we kwars çägeleriniň gorlary ýaýrandyr. Dnepr derýasynyň uly suw energiýa mümkinçilikleri bar.

Ukrainanyň uly ähmiýetli tebigy baýlyklaryna hasylly gara toprakly ýer gorlary we oba hojalygy üçin ýaramly klimat şertleri degişlidir. Ýurduň meýdanynyň 65-70%-i gara topraklar ýaýrandyr. Gara we Azow deňizleriniň kenarlary, Karpat daglary-möhüm rekreasion zonalarydyr.

**Ilaty.** Ilatynyň sany (42,9 mln adam, 2014 ý) boýunça Ukraina sebitiň ýurtlarynyň arasynda Russiýadan soňky 2-nji döwletdir. Ukraina üçin ilatyň üznüksiz köpelişiniň häzirki zaman tipi häsiýetli bolup, häzirki wagtda demografiki çökgünligi başdan geçirýär. Beýleki ýewropa döwletlerinde bolşy ýaly, ilatyň tebigy artyşynyň örän pes derejesi ýüze çykýar. Bu ýerde ilatyň tebigy artyşy görünmeýär, tersine çaga dogluşynyň azalmagy, ilatyň garramak hadysasy zerarly ýogalyşyň derejesiniň artmagy netijesinde ilatyň tebigy taýdan kemelmegi duýulýar. Çaga dogulyş koeffisiýentiniň pes bolmagy ilatyň umumy sanynda garry adamlaryň paýynyň ýokary bolmagyna getirýär (çagalar we garrylar ilatyň degişlilikde 15%-ini tutýarlar).

Ukraina – köpmilletli döwletdir. Ilatynyň milli düzüminde ukrainler (73%-i) agdyklyk edýär. Ýöne bu görkeziji ähli etraplarda birmeňzeş däldir. Ilatyň umumy sanynda ruslar 22%-ne barabar. Beýleki milletlerden ýewreýleri, beloruslary, polýaklary, moldowanlary, bolgarlary, wengerleri, siganlary bellemek bolar.

Ilatynyň 1 km$^2$-a düşýän ortaça gürlügi 75 adama barabardyr. Donesk, Kiýew, Dnepropetrowsk, Lwow, Harkow oblastlary ilatyň ýokary gürlügi bilen (1 km$^2$ 100 adamdan geçýär) tapawutlanýarlar. Ukrainanyň ilatynyň 69%-i şäherlerde ýaşaýar. Emma Donesk oblastynda şäherlerde ýaşaýan ilatyň paýy – 90%-e ýetýär. Ukrainada uly şäherleriň töwereginde şäher aglomerasiýalary döredi. Ýurduň uly şäherlerine onuň paýtagty Kiýew, Harkow, Dnepropetrowsk, Donesk, Odessa degişlidir.

Ýurduň ykdysady işjeň ilatynyň ýarysyndan gowuragy (53%) hyzmatlar ulgamynda, 26%-i senagatda we gurluşykda, 21%-i bolsa oba hojalygynda meşgullanýar.

Ukraina emigrasiýanyň agdyklyk edýän ýurtlaryna degişlidir. Ýurduň raýatlarynyň köpüsi Russiýa, şeýle-de Günbatar Ýewropa, ABŞ-a, Kanada we Ysraýyla hemişelik ýaşamaga gidýärler. Döwlet gurluşy boýunça Ukraina Prezident respublikasy. Ýokary Kanun çykaryjy häkimiýet – bir palataly parlament (Ýokary Rada). Dolandyryş-çäk taýdan ýurt 24 oblasta we 1 merkezi tabynlygyndaky şähere (Kiýew) bölünýär.

**Hojalygy.** Ukraina örän uly ykdysady potensialy bolan industrial-agrar ýurtdur. Senagatyň oba hojalygy bilen utgaşykly ösdürilmegi Ukrainanyň hojalygynyň häsiýetli sypatydyr.

Senagatyň düzüminde ýangyç-energetika toplumynyň (kömür, nebit, tebigy gaz) ähmiýeti uludyr. Onuň düzüminde kömür çykarmak görnükli orun eýeleýär. Ukraina nebiti we tebigy gazyň esasy bölegini daşyndan getirýän döwletleriň hataryna girýär.

Ukrainanyň elektro-energetikasynyň esasyny kömürde, tebigy gazda we mazutda işleýän ýylylyk elektrik stansiýalary emele getirýär. Ýurtda suw elektrik stansiýalarynyň Dnepr derýasynda 6-sy bolup, olaryň kuwwatlylygy 3 mln kwt/sag deňdir.

Ukrainada gara metallurgiýa senagaty ösendir. Pudagyň uly merkezleri Donbass, Dneprýaka we Azowýakasy sebitleridir. Metallurgiýa kärhanalary Kriwoý Rogyň demir magdanynyň we Nikopolyň marganes magdanynyň, Donbasyň kömrüniň hasabyna işleýär.

Reňkli metallurgiýanyň kärhanalary alýuminiý, magniý, simap we sink öndürýärler. Onuň wajyp pudagy bolan alýuminiý senagatynyň kärhanasy Zaporožiýe şäherinde ýerleşip, Dnepr suw elektrik stansiýasynda öndürilen arzan elektrik energiýanyň hasabyna işleýär. Konstantinowka şäherinde sink zawody, Doneskiý oblastynyň Gorlowka şäherinde bolsa simap zawody ýerleşendir.

Ukrainanyň himiýa senagaty ýerli çig mallaryň dürli görnüşlerini peýdalanmak bilen – kaliý, azot dökünini, soda, plastmassa, sintetiki we emeli süýüm, foto we kinoplýonkalary, awtomobil we traktorlar üçin rezin tekerleri, reňkleri we boýaglary öndürýär. Kaluş we Stebnik şäherlerinde kaliý dökünini öndürýän kärhanalar, Donbassda we

Dnepýakada kokshimiýa önümçiliginiň düzüminde azot dökünini öndürýän kärhanalar döredilipdir.

Ukrainanyň senagatynyň düzüminde maşyn-gurluşygy pudagynyň ähmiýeti has uly bolup, öndürýän önüminiň möçberi boýunça 1-nji orunda durýar. Onuň kärhanalary şahtalar üçin çylşyrymly enjamlary öndürýärler. Şeýle kärhanalar Donesk, Kriwoý Rog, Kramatorsk şäherlerinde ýerleşendir. Ukrainada ulaglaryň dürli görnüşleri öndürilýär. Meselem, teplowoz – Luganskide, Harkowda, wagon – Dneprodzeržinskde, deňiz gämileri – Nikolaýewde, derýa gämileri Kiýewde, awtobus – Lwowda, kiçi litražly ýeňil maşynlary – Zaporožiýede öndürilýär. Oba hojalyk maşynlaryndan traktorlar, kombaýnlar üçin dwigateller – Harkow, ýer sürýän puluglar we beýleki tehnikalary öndürmek – Odessa şäheriniň kärhanalarynda jemlenendir.

Azyk senagaty Ukrainanyň ähli sebitlerinde ösendir. Onuň düzüminde hemme ýerlerde gant, sähra guşaklygynda un, ýag, (günebakaryň çigidinden), gök-bakja ekinlerden we miwelerden (Odessa, Herson şäherleri) gaplanan önümleri (konserwa); üzümçiliginiň ösen etraplarynda çakyr öndürýän kärhanalary ýerleşendir.

Ukrainanyň ýeňil senagatynyň düzüminde gön-deri, aýakgap (kärhanalary Kiýew, Harkow, Odessa, Berdiçew şäherlerinde), nah mata (Herson, Kiýew, Poltawa, Çernowsy, Lwow), natural we emeli ýüplükden (Kiýew) mata öndürýän pudaklary ösendir.

**Oba hojalygy.** Ukrainanyň jemi içerki önüminiň 15%-ini oba hojalygy berýär we senagat bilen utgaşykly ösdürilýär. Ýurduň meýdanynyň 56%-ini (41,9 mln ga) sürümli ýerleriniň eýelemegi ekerançylygynyň ösmegine oňaýly täsirini ýetirýär. Ekerançylygynda däneli ekinleriniň ähmiýeti uludyr. Bu ýagdaýy Ukrainanyň «altyn baýlygy» hasaplanýan gara topragyň uly meýdanlary tutmagy hem-de oba hojalyk zähmetiniň ýokary derejede mehanizasiýalaşdyrylmagy bilen düşündirmek mümkin.

Däneli ekinleriň düzüminde bugdaý ähli ekin meýdanynyň 40%-ini tutýar.

Tehniki ekinlerden esasan gant şugundyry we günebakar ösdürilip ýetişdirilýär. Maldarçylyk pudaklarynyň arasynda et-süýt berýän iri şahly mallary ösdürip ýetişdirmek we doňuzdarçylyk has ösendir. Umuman, Ukraina ilatyny hususy azyk önümleriniň dürli görnüşi bi-

len doly derejede üpjün edýär we olaryň belli bir bölegini eksport edýär.

Ýurduň ykdysadyýetinde syýahatçylyk pudagy möhüm ähmiýete eýe bolýar. Odessada, Azow deňziniň kenarlarynda (Berdýansk, Mariupol), Karpat daglarynda (Truskawes we Polýana) halkara ähmiýetli şypahanalar we dynç alyş merkezleri ýerleşýär.

**Ulaglar ulgamy.** Ukrainada ulaglaryň ähli görnüşleri ösendir. Demir ýollarynyň uzynlygy 22,7 müň km bolup, ýurduň ýük dolanyşygynda ulagyň bu görnüşiniň paýy 45%-ine deňdir. Ýakyn aralyklara ýük we ýolagçy daşamakda awtomobil ulagynyň orny uly. Ukrainanyň howa uçarlary 90 sany halkara ugurlara dürli ýükleri, ýolagçylary gatnadýar. Ýurduň içerki we daşarky ykdysady gatnaşyklarynda suw ulagynyň ähmiýeti ýokary. Uly deňiz gämi duralgalary – Nikolaýew, Herson, Odessa, Mariupol şäherleridir.

**Daşary ykdysady aragatnaşyklary.** Ukraina dünýäniň köpsanly döwletleri bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary amala aşyrýar. Ýöne onuň esasy söwda hyzmatdaşlary GDA-nyň, Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary, Hytaý bolup durýar.

Ukrainanyň Türkmenistan bilen ykdysady gatnaşyklary hem ösýär. Häzirki wagtda Ukrainanyň köpsanly kompaniýalarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň nebit we gaz senagatyny, ulag-kommunikasiýa, saglygy goraýşy we derman senagatyny, söwdany ösdürmäge gönükdirilen, maýa goýumlarynyň 55-isiniň taslamasy amala aşyrylýar.

## 4.11. Russiýa Federasiýasy

**Geografik ýerleşişi we tebigy baýlyklary.** Russiýa Federasiýasy Gündogar Ýewropanyň we Demirgazyk Aziýanyň uly bölegini eýeleýär. Onuň umumy meýdany 17075,4 müň km$^2$ (Ýer şarynyň meýdanynyň 13%-i). Ýurduň meýdany gündogardan günbatara giňişlik ugur boýunça 9 müň km$^2$, meridional ugurda 2,5-4 müň uzalyp gidýär. Günbatarda Russiýanyň goňşy döwletler bilen gurşalan bölek (anklaw) territoriýasy – Kaliningrad oblasty ýerleşýär. Ýurduň çägine Demirgazyk buzly we Ýuwaş okeanlaryndaky köpsanly adalar hem girýär.

Ýurduň ýer üsti örän dürlüdir. Kawkazyň, Uralyň, Sibiriň we Uzak Gündogaryň daglary giň territoriýalary tutýar. Ýöne meýdanynyň 70%-ini düzlükler, öňi bilen Gündogar Ýewropa, Günbatar Sibir, Merkezi Ýakut, şeýle hem Orta Sibir tekiz daglygy eýeleýär. Meýdanynyň giňligi we geologik gurluşynyň aýratynlyklary Russiýanyň gazma baýlyklarynyň jemi gorlary, şol sanda tebigy gazyň, kömrüň, demir magdanynyň barlanylan gorlary boýunça dünýäde 1-nji orna düşmegine üpjün edýär. Nebitiň, reňkli we seýrek metallaryň, almazyň, magdan däl çig mallaryň barlanan gorlary boýunça bolsa görnükli orny eýelemegine getirýär. Ýöne şol gazma baýlyklarynyň esasy bölegi ýaşalmaýan etraplarda ýerleşýär.

Mineral çig mal känleriniň agramly bölegi ýurduň Aziýa böleginde ýerleşýär. Bu ýerde Russiýanyň nebit gorlarynyň 84%-i, tebigy gazyň 85%-i, almazyň gorlarynyň 81%-i, altyn känleriniň 90%-i, galaýynyň ýüze çykarylan gorlarynyň 95%-i, şeýlede sürmäniň, neobiniň, seýrek ýaýran metallaryň uly bölegi jemlenendir. Russiýanyň gazma baýlyklarynyň arasynda ýangyç baýlyklary aýratyn orny eýeleýärler. Tebigy gazyň çaklama gorlary 200 trln m$^3$-dan köp bolup, dünýä gorunyň 35%-ini düzýär. Nebitiň çaklama gorlary 20 mlrd t gowrak, şol bir wagtda nebitiň ýüze çykarylan (anyklanan) gorlary 11,5 mlrd t (umumy dünýä gorlarynyň 10%-e golaýy). Bu baýlyklaryň esasy gorlary (hereket edýän we geljegi bolan) Ural daglaryndan gündogarda: Günbatar Sibirde, Arktiki deňizleriň suw ýalpaklygynda (şelf) we Sahalinde, Krasnoýar ülkesinde we Ýakutystan awtonom Respublikasynda ýerleşýär. RF-nyň Ýewropa böleginde nebitiň we gazyň känleri köp ulanylyp, boşady. Russiýada kömrüň gorlary-da örän uludyr, onuň ýarysyna golaýy daş kömürdir. Häzirki wagtda kömür esasan Kansk-Açinsk goňur kömür we Kuznesk daş kömür känlerinden çykarylýar.

Russiýa derýa torunyň uly gürlügi bilen tapawutlanýar. Onuň çäginde umumy uzynlygy 2,3 mln km bolan 120 müň derýa ýerleşýär. Territoriýasynyň takmynan ýarysyna golaýyny tokaýlar tutýar, demirgazykda taýganyň pürli tokaýlary, orta böleginde we günortarakda garyşyk we ýaprakly tokaýlar ýaýrandyr. Tokaýlaryň meýdany boýunça (8514 müň km$^2$) Russiýa dünýäde 1-nji orny eýleýär (dünýäniň tokaý örtüginiň 25%-i).

Ýerleriň uly bölegi ýokary hasyllylygy bilen tapawutlanmasa-da, onuň meýdanynyň 8%-ini ýewropa böleginiň günortasyndan Günbatar Sibiri öz içine alýan, gara toprakly zolak örtýär.

**Ilaty.** Russiýa ilatynyň sany boýunça dünýäde 6-njy orny eýeleýär. 2014-nji ýylyň başynda onuň ilaty 143,7 mln adama barabar boldy. Ýurduň demografik ösüşi az-kem çylşyrymly bolmagyna galýar. Ýöne, goňşy Ýewropa ýurtlaryndan tapawutlylykda, demografiki ösüşde öňegidişlikler duýulýar. Ýurduň hökümeti tarapyndan oňaýly demografiki maksatnamalaryň durmuşa geçirilip başlanmagy, soňky birnäçe ýylda ilatyň tebigy artyşynda käbir ilerlemeleriň ýüze çykýandygyny görkezýär.

Ilatyň esasy bölegi Russiýanyň Ýewropa böleginde (72%-i) jemlenendir. Russiýa – köpmilletli döwletdir. Ýurduň ilatynyň 80%-ini ruslar, 3%-ini ukrainler we beloruslar, 5%-ini tatarlar we başgalar düzýär. Dini düzümi boýunça prawoslaw akymyna uýýanlar has agdyklyk edýär. Beýleki dinlerden yslam, iudaizm we buddizm (Galmykstanda we Burýatstanda) giňden ýaýrandyr.

Ýurduň ilatynyň 74%-i şäherlerde we şäherçelerde ýaşaýarlar. Uly şäherleriň töwereginde zynjyr görnüşinde şäher aglomerasiýalaryň döremegi durmuş-ykdysady hadysadyr. Uly şäher aglomerasiýalary ýurduň Ýewropa böleginde döredi. Russiýada ilatynyň sany 1 milliondan geçýän 11 şäher bar.

Döwlet gurluşy boýunça Russiýa Prezident tarapyndan dolandyrylýan federatiw döwletdir. Dolandyryş-çäk taýdan ýurt federasiýanyň subýektleriniň 89-a bölünýär. Olara respublikalar, ülkeler, oblastlar, awtonom okruglar, awtonom oblastlar we federal ähmiýetli iki şäher (Moskwa we Sankt-Peterburg) degişlidir. Olaryň ählisi 7 federal okruglara bölünýär.

**Hojalygy.** GDA-nyň düzüminde Russiýa ozalkysy ýaly öňdebaryjy orny saklap galýar. Onuň paýyna bu sebitiň JIÖ-niň 80%-i, oba hojalyk önüminiň 2/3 bölegi düşýär. Russiýanyň halk hojalygy önümçilik pudaklarynyň örän çylşyrymly ulgamyny öz içine alýar. Soňky ýyllarda senagatyň pudaklaýyn gurluşy üýtgedi. Şeýle-de bolsa,onuň düzüminde ýangyç-energetika toplumy öňdebaryjy orun eýeleýär.

**Senagaty.** Russiýanyň energetika ulgamy birnäçe önümçilik toplumlary (nebit, gaz, kömür çykarmak we elektroenergetika)

birleşdirýär. Senagatyň köp pudaklarynyň ýerleşişi elektroenergetikanyň ösüşine baglydyr. Iri energiýa çeşmeleriň golaýynda uly senagat merkezleri we etraplary döredi.

Nebitiň gorlary boýunça Russiýa dünýäde 6-njy orny eýeleýär. Häzirki wagtda Russiýa Federasiýanyň esasy nebit gazylyp alynýan etraby Günbatar Sibir hasaplanylýar. Bu ýerde 300-e golaý nebit we gaz känleri açyldy. Onuň esasy känleri: Samotlar, Üst-Balyk, Megion, Fýodorow, Surgut we beýlekilerdir. 2014-nji ýylda 486 mln tonna nebit çykaryldy.

Nebiti gaýtadan işleýän (NGIK) kärhanalar, esasan, nebitgeçirijileriň ugry boýunça ýerleşýär. Pudagyň iri kärhanalary Angorsk, Wolgograd, Groznyý, Krasnodar, Moskwa, Omsk, Perm, Uhta, Habarowsk we beýleki şäherlerde ýerleşýär.

Tebigy gazyň senagat ätiýaçlygy boýunça Russiýa dünýäde birinji orunlaryň birini eýeleýär. Onuň esasy bölegi (90%) Russiýanyň gündogar etraplarynda (esasan Günbatar Sibirde, şol sanda Ýamal-Nenesk awtonom okrugynda Urengoý, Ýambursk, Aýy we başgalar – 88%-i) gazylyp alynýar. Gazy gaýtadan işlemek boýunça birnäçe merkezler emele geldi: Orenburg, Astrahan, Sosnogorsk (Komi Respublikasy) we Günbatar Sibir. Ýurtda tebigy gazyň çykarylyşy 2014-nji ýylda 650 mlrd $m^3$ barabar boldy. Soňky ýyllarda elektrik energiýasynyň öndürilişi hem artýar (1016 mlrd kWt/sagat). Onuň 60%-i ýylylyk elektrik stansiýalarynda, 19%-i bolsa suw elektrik stansiýalarynda öndürilýär.

Russiýa gara metallurgiýa senagatyny ösdürmek üçin çig mal bilen doly üpjündir. Häzirki wagtda demir magdanlary KMA (Kursk Magnit anomaliýasy) känlerinden we Gündogardaky ýataklardan gazylyp alynýar. Onuň 20%-i daşary ýurtlara eksport edilýär. Öndürilýän poladyň 60-75%-i dünýä bazaryna çykarylýar.

Russiýanyň reňkli metallurgiýa senagaty dürli konstruksion materiallary öndürýär. Onuň düzümine mis, gurşun, nikel-kobalt, alýuminiý, titan-magniý, wolfram-molibden senagaty, şeýle-de gymmat bahaly we seýrek metallary öndürýän pudaklar girýär.

Gymmat bahaly metallaryň ähmiýeti hem uludyr. Mysal üçin, Russiýa altynyň ätiýaçlygy boýunça dünýäde üçünji orun eýeleýär (ýöne altyny gazyp almak boýunça Russiýa 6-njy orna

düşdi). Bu metallaryň känleri esasan Sibirde we Uzak Gündogarda ýerleşýär.

Maşyn-gurluşygy ýurduň ykdysadyýetiniň iň öňdebaryjy pudaklaryň biridir. Ol birnäçe kiçi pudaklardan we önümçiliklerden durýar.

Energetika maşyn-gurluşygyň kärhanalarynda kuwwatly bug turbinalar we generatorlar, elektrik dwigateller ýasalýar. Kärhanalar Biýsk, Barnaul, Taganrog, Belgorod, Sankt-Peterburg, Nowosibirsk, Wolgodonsk şäherlerinde ýerleşýär. Stanokgurluşygyň öndürýän önümleri esasan Merkezi, Demirgazyk-Günbatar we Ural ykdysady etraplarynyň paýyna düşýär.

Ulag maşyn-gurluşygy öz düzümine awtomobil, demirýol ulaglaryny, gämi, samolýot öndürýän pudaklary alýar. Awtomobil senagaty ýeňil, ýük maşynlary, awtobuslary, trolleýbuslary öndürýär (Nižniý Nowgorod, Tolýatti, Likino-Dulýowa, Engels we başg.).

Gämi-gurluşygy esasan deňiz we derýa gämi duralga şäherlerinde ösendir (Sankt-Peterburg, Astrahan, Nižniý Nowgorod, Týumen, Kaliningrad, Krasnoýarsk, Arhangelsk, Sewerodwinsk (atom ýerasty gämileri), Murmansk we başg.).

Awuakosmos pudagynyň kärhanalary iri senagat merkezlerinde, ýagny Moskwa, Kazan, Samara, Woronež, Saratow, Smolensk, Dondaky Rostow, Taganrog we beýleki şäherlerde jemlenendir.

Himiýa senagaty esasan ýerli çig malyň esasynda döredi. Soňky ýyllarda kislota, mineral dökünleri (fosfat, kaliý, azot), reňkleýji serişdeleri öndürmek bilen birlikde nebithimiýa önümçiligi ösýär. Plastmassa öndürýän kärhanalar esasan Kazan, Wolgograd, Ufa, Salawat, Ýekaterinburg, Kemerowo, Orehowa-Zuýewo, Budennowsk, Angarsk şäherlerinde, Demirgazyk Kawkazda (Groznyý), emeli we sintetiki süýümleri taýýarlamak boýunça kärhanalar Twer, Balakowo, Klin, Omsk, Barnaul, Kursk, Engelsk, Krasnoýarsk we beýleki şäherlerde ýerleşýär.

Russiýada agajyň ätiýaçlygy örän uludyr. Ýöne tokaý baýlyklary ýurduň meýdan-çägi boýunça gyradeň ýaýran däldir. Ýurduň demirgazyk ykdysady etraby, Ural we Sibir häzirki wagtda peýdalanylýan agajyň 75%-ini berýär. Agaç işläp bejerýän kärhanalar we sellýuloza-kagyz önümçiligi, esasan şol sebitlerde jemlenendir.

**Oba hojalygy.** Ýurduň ýer gorunyň örän uludygyna garamazdan, oba hojalygynda peýdalanylýan ýerler 208,4 mln gektara barabar. Bu bolsa, Russiýanyň ekerançylygyň meýdany boýunça Hytaý we ABŞ-dan soňra dünýäde üçünji orny eýelemegini üpjün edýär.

Russiýa Federasiýasynda öndürilýän esasy däneli we kösükli ekinleri – bugdaý, arpa, dary, mekgejöwen, nohut, noýba we soýadyr. Tutýan meýdany boýunça 1-nji orny bugdaý eýeleýär (26,1 mln ga). Umuman, Russiýa däne öndürmek boýunça dünýäde 4-nji orunda durýar (Hytaýdan, ABŞ-dan we Hindistandan soňra). Bugdaý esasan tokaýly sähra we sähra zonalarynda, mekgejöwen ýurduň günorta etraplarynda (Demirgazyk Kawkaz ykdysady etraby we başg.) ekilýär. Kartoşka öndürmek boýunça Russiýa dünýäde birinji orny saklap gelýär, ol esasan Merkezi we Wolgo-Wýatka ykdysady etraplarynda ýetişdirilýär.

Gök önümleri, miweleri öndürmek ýurduň günorta etraplarynda jemlenendir (Demirgazyk Kawkaz, Wolga etek, Merkezi Garatoprakly etraby). Maldarçylykda süýt-et berýän iri şahly mallary köpeltmek, doňuzdarçylyk we guşçulyk esasy pudaklardyr. Russiýa et we süýt önümleri bilen öz-özüni üpjün edýär. Onuň käbir etraplarynda gylýallary (Burýatystan, Tuwa, Altaý we beýlekiler), sugunlary (Demirgazygyň çetki etraplary) hem köpeldýärler.

**Ulaglar ulgamy.** Ýurtda ulagyň hemme görnüşleri ösendir. Demir ýol ulagy – Russiýada ulagyň esasy görnüşi hasaplanýar. Demir ýol torunyň uzynlygy boýunça ol (85 müň km) diňe ABŞ-dan yza galýar. Umumy ulanyşdaky demir ýollaryň 1/3 bölegi elektrikleşdirilen.

Deňiz ulagyň ähmiýeti ýurduň üç okeana degişli deňizleriň kenarynda ýerleşmegi bilen kesgitlenýär. Esasy deňiz gämi duralgalaryna Sankt-Peterburg, Wladiwostok, Nahodka, Murmansk, Arhangelsk, Kaliningrad, Tuapse we beýlekiler degişlidir.

Russiýanyň gür derýa togy bar. Ýurduň içerki gämi gatnaw ýollary – 80 müň km gowrak. Ýurduň käbir etraplarynda onuň ähmiýeti has-da uludyr.

Awtomobil ulagynyň ähmiýeti-de uludyr. Ulagyň bu görnüşi giň möçberde ýükleriň we ýolagçylaryň daşalmagyny üpjün edýär. Häzirki wagtda Russiýada awtomobil ýollaryň uzynlygy 920 müň km-den gowrak.

**Daşary ykdysady aragatnaşyklary.** Russiýanyň daşary ykdysady gatnaşyklary bir tarapdan, çig malyň, taýýar önümleriň we maýa goýumlaryň eksportynyň ösmegi, beýleki tarapdan, içerki bazarda daşary ýurt sarp ediliş harytlarynyň we maýa goýumlarynyň işjeň çekilmegi bilen häsiýetlendirilýär.

Umuman, soňky döwürde daşarky söwdanyň geografiýasy üýtgedi. Russiýanyň daşarky söwda dolanyşygynda GDA ýurtlary 23%-ini düzýär. Russiýanyň Türkmenistan bilen ykdysady gatnaşyklary barha giňelýär. Häzirki wagtda Türkmenistanyň daşary söwdasynda Russiýa birinji orun eýeleýär. 2014-nji ýylda iki ýurduň arasyndaky söwda dolanyşygy ABŞ-nyň 5 mlrd dollaryndan hem geçdi. Ykdysady gatnaşyklar esasan nebit-gaz toplumynda, ulag we kommunikasiýa ulgamynda, ýol gurluşygynda, syýahatçylyk hojalygynda has önjeýlidir. Häzirki wagtda rus hyzmatdaşlary biziň ýurdumyzda jemi 130-dan gowrak taslamalary ýerine ýetirmäge gatnaşýarlar.

# V bap
# Aziýa

## 5.1. Aziýanyň syýasy kartasy, tebigy şertleri we baýlyklary

**Aziýa häzirki zaman dünýäsinde.** Aziýa dünýäde ilatynyň sany we tutýan meýdany boýunça iň uly sebitdir, şunlukda ol birinjiligi adamzat ýaşaýşynyň hemme döwründe saklap gelýär. Onuň umumy meýdany 31,8 mln km$^2$-a (Russiýany hasap etmezden) barabar.

Sebitiň çäginde 48 döwlet ýerleşýär. Olar meýdanynyň ululygy we tebigy baýlyklary, durmuş-ykdysady ösüş derejesi, syýasy gurluşy we ş.m. boýunça düýpli tapawutlanýarlar. Aziýada meýdany boýunça uly Hindistan we kinniwanja Maldiw Respublikasy, meýdan-çäginiň jümmüşinde milliardlarça tonna nebiti bolan we her bir ýaşaýja uly milli girdeji düşýän Kuweýt we durmuş-ykdysady ösüşde yza galan Owganystan, dünýäniň iň gadymy ýurtlarynyň biri – Eýran we döwlet gurluşy diňe kolonial ulgamyň dargamagy netijesinde dörän Birleşen

Arap Emirlikleri, ýarym feodal monarhiýalar we buržuaz respublikalar ýerleşýär.

Aziýa – adamzadyň dörän esasy ojaklarynyň biri, ekerançylygyň, emeli suwaryşyň, şäherleriň, köp medeni gymmatlyklaryň we ylmy açyşlaryň watanydyr. Sebitiň çäginde esasan ösýän döwletler köpdür.

Aziýa döwletleriniň ykdysady-geografik ýerleşişi olaryň aglabasynyň ýakyn aralykda goňşuçylykda we kenarýaka ýerleşişi, käbir ýurtlaryň bolsa kontinentiň has jümmüşinde ýerleşişi bilen kesgitlenýär. Eger-de geografik ýerleşişiniň ilkinji iki sypaty olaryň hojalygynyň ösmegine amatly täsir edýän bolsa, onda üçünji aýratynlygy – daşary ykdysady gatnaşyklaryny kynlaşdyrýar.

Ikinji jahan urşundan soňra sebitiň ýurtlarynyň arasynda syýasy we durmuş-ykdysady ösüşindäki tapawutlar has aýdyň ýüze çykdy. Ýaponiýa ykdysadyýetiň ösüşinde örän ýokary böküş edip, onlarça döwleti yza galdyrdy we ABŞ-a has ýakynlaşdy. Malaziýa, Singapur, Koreýa Respublikasy we beýleki ýurtlar hem täze industrial ýurtlaryň hataryny dolduryp, uly üstünlikler gazandylar. Şol bir wagtyň özünde, Aziýanyň käbir ýurtlary (Owganystan, Nepal, Bangladeş, Mýanma, LHDR) durmuş-ykdysady ösüşini togtadýan kynçylyklara gabat geldiler.

Sebit häzirki zaman dünýäsinde görnükli orun eýeleýär. Bu ýerde adamzadyň 2/3 bölegi ýaşaýar, diňe iki sany döwletiň – HHR we Hindistanyň – ilaty bolsa 2,5 mlrd-dan hem köpdür. Aziýa ýurtlary dünýäde iň uly nebit baýlyklaryna eýedir, dürli görnüşli mineral we oba hojalyk çig malyny, soňky onýyllyklarda bolsa işläp bejerýän senagat önümlerini dünýä bazaryna möhüm çykaryjylar bolup durýar.

Aziýanyň syýasy kartasy soňky ýyllarda uly özgerişe sezewar boldy. Ikinji jahan urşundan öň onuň ilatynyň 90%-i doly we ýarym baknaçylykda ýaşaýardy. Häzir sebitiň tas ähli ýurtlary diýen ýaly syýasy taýdan garaşsyz döwletlerdir. Şeýle-de bolsa Aziýa köpsanly territorial dawalaryň ojagy bolmagyna galýar, olar dürli döwürlerde dürli çaknyşyklar ýa-da uzaga çekýän uruşlar bilen baglanyşykly sebit we ýerli häsiýetdäki dawalaryň ýitileşmegine getirýär.

Edil Ýewropa ýaly Aziýada hem respublikalar agdyklyk edýär, ýöne monarhiýa döwlet gurluşly ýurtlar hem saklanyp galýar.

**Tebigy şertleri we baýlyklary.** Sebit tektoniki gurluşy we Ýer keşbi babatda örän köpdürlüdir. Onuň çäginde gadymy dokembri platformasy, şeýle hem ýaş kaýnozoý ýygyrtlanma etraby, örän uly daglyk sebitleri we giň düzlükler ýerleşýär. Şoňa baglylykda Aziýanyň mineral çig mal baýlyklary örän köpdürlüdir. Gadymy platformalaryň (Hytaý, Hindistan) çäginde daş kömrüň, demir we marganes magdanlarynyň, birnäçe magdan däl gazma baýlyklarynyň esasy ýataklary jemlenendir. Alp-Gimalaý we Ýuwaş okean ýygyrtlanma guşaklyklarynda reňkli we seýrek duşýan metallaryň magdanlary agdyklyk edýär. Ýöne, köp derejede zähmetiň halkara geografik bölünişindäki onuň ornuny kesgitleýän baş baýlygy nebit we tebigy gazdyr.

Nebitiň we tebigy gazyň gorlary Günorta–Günbatar Aziýada, esasan-da, Pars aýlagynyň, şeýle-de Hazar deňzi sebitiniň ýurtlarynda jemlenendir. Soňky ýyllarda Gündogar we Günorta-Gündogar Aziýanyň kenar sebitlerinde deňizleriň ýalpak suw böleklerinde intensiw geologiýa-gözleg işleriniň netijesinde nebitiň we gazyň uly gorlary ýüze çykaryldy. Süýji suwuň baýlyklary hem uludyr, ýöne olaryň ýaýraýşy endigan däldir. Günorta we esasan-da Günorta-Gündogar Aziýada derýa tory ýeterlik derejede gür, derýalary köp suwludyr. Şeýle-de bolsa Günorta-Günbatar we Merkezi Aziýa ýaly sebitlerde gurak çöllük we ýarym çöllük giňişlikler uly meýdanlary tutýar. Bu ýerde suw üpjünçiligi – ýiti ýaşaýyş meselesidir. Aziýanyň köp derýalary (Hind, Gang, Brahmaputra, Mekong, Irawadi, Tigr, Ýefrat, Amyderýa we başg.) gadymy döwürlerden bäri suwarymly ekerançylyk üçin giňden peýdalanylýar. Ýer üstüniň daglyk häsiýeti derýalaryň suw energetiki mümkinçiligini hem artdyrýar.

Aziýanyň oba hojalygyny ösdürmek üçin klimat şertleri hem dürlüdir. Ýylylygyň möçberi sebitiň uly böleginde bütin ýylyň dowamynda diýen ýaly oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmäge mümkinçilik berýär. Emma çyglylygyň derejesi birmeňzeş däldir. Daglyk ýurtlarynyň, çölleriň we ýarym çölleriň ägirt uly giňişlikleri maldarçylykdan başga adamyň hojalyk işi üçin az ýaramlydyr. Sebitde sürülýän ýerler ýeterlik däldir we olaryň kemelmegi dowam edýär. Onuň sebäbi ilatyň sanynyň çalt artmagy we topragyň ýuwulmagydyr. Ýöne Aziýanyň düzlük gündogarynda we günortasynda ekerançylyk

üçin has amatly klimat şertleri bar. Aziýada suwarymly ýerleriň dünýä gorunyň 3/4 bölegi ýerleşýär. Şeýle ýerleriň umumy möçberi boýunça Hytaý dünýäde 1-nji, Hindistan bolsa 2-nji orny eýeleýär.

Günorta we Günorta-Gündogar Aziýada ýaýran topraklar ýokary hasyllydyr. Günorta-Günbatar Aziýada olaryň önümliligi pes we köplenç ýel sowrulmasyna sezewar bolýar.

Sebitiň tokaý baýlyklary uludyr. Agajyň ätiýaçlyklary boýunça Aziýa diňe Günorta Amerikadan yza galýar (95 mlrd $m^3$ ýa-da dünýä gorunyň 2/5 bölegi). Beýlekilere garanyňda Günorta-Gündogar Aziýa sebitiniň ýurtlary tokaý baýlyklary bilen gowy üpjündir. Bu ýerde çygly tropiki tokaýlaryň uly meýdanlary saklanyp galandyr. Çyglylygy siňdirmeýän gaty we dykyz demir, gara, gyzyl, palisandr agaçlary, şeýle hem düzüminde efir ýagyny we smola saklaýan kamfor, sandal we beýleki görnüşli agaçlar dünýä bazarynda uly islegden peýdalanýar.

Aziýanyň köp ýurtlary uly rekrasion baýlyklara eýedirler. Umuman, tebigy baýlyklar köp derejede Aziýa ýurtlarynyň hojalygynyň pudaklaýyn we meýdan-çäk gurluşyny kesgitleýär.

## 5.2. Aziýanyň ilaty

Ilatyň sany boýunça Aziýa dünýäde birinji orun saklap gelýär. Dünýäniň ilatynyň umumy sanynda onuň paýy 64,6%-e barabar. Bu ýagdaý sebitiň aglaba ýurtlarynyň entek demografiki partlaýyş bilen baglanyşykly demografiki geçişiň ikinji döwründe bolýanlygy bilen düşündirilýär.

Ýöne, şeýle umumy netije aýry-aýry sebitleriň arasyndaky düýpli tapawutlary aradan aýyrmaýar. Gündogar Aziýa ýurtlarynda demografik syýasat dogluşyň we ilatyň tebigy köpelişiniň has peselmegine getirdi. Günorta-Gündogar Aziýada şeýle ösüşiň bady kem-kemden haýallap başlady. Günorta Aziýada ilatyň tebigy köpelişiniň badynyň peselmegi has haýal bolup geçýär. Günorta-Günbatar Aziýada bolsa, häzir hem demografik partlaýyş hadysasy saklanýar. Şunlukda entek käbir ýurtlar (Owganystan, Ýemen) ilatyň köpelişiniň has ýokary derejesi bilen tapawutlanýarlar. Ol milli we dini aýratynlyklar, şeýle-de durmuş-ykdysady sebäpler bilen baglanyşyklydyr. Şol döwletlerde

hiç hili demografiki syýasat geçirilmeýär. Ykdysadyýetiň ösüş bady bilen deňeşdirilende ilatyň sanynyň has çalt artmagy köp döwletlerde örän ýiti durmuş-ykdysady meseleleri ýüze çykarýar.

Demografiki ýagdaý (Ýaponiýa, HHR we ýene-de birnäçe ýurtlardan başga) köp sebitlerde 15-20‰-den geçýän ýokary tebigy köpeliş bilen häsiýetlendirilýär.

Gündogar Aziýanyň käbir döwletlerinden başga köp ýurtlary ilatyň köpelişiniň ikinji görnüşine degişlidir, şunlukda olar «demografiki partlaýyş» diýlip atlandyrylýan ýagdaýda saklanýarlar. Käbir ýurtlar (HHR, Hindistan) degişli demografiki syýasaty alyp baryp, bu ýagdaýy çözmek üçin göreşýärler. Ýöne Aziýa ýurtlarynyň köpüsi şeýle syýasaty ýöretmeýärler. Ilatyň çalt artmagy we onuň ýaş düzüminde çagalaryň we ýetginjekleriň paýynyň artmagy dowam edýär. Ilatyň artyşynyň häzirki badynda ol geljekki 30 ýylyň içinde 2 esse artyp biler. Aziýanyň uly sebitleriniň arasynda Gündogar Aziýa «demografiki partlaýyş» hadysasyndan çykdy we ilatyň tebigy köpelişi durgunlaşdy.

Aziýanyň ilatynyň milli düzümi hem örän çylşyrymlydyr. Bu ýerde 1000-den gowrak halklar, ýagny sany birnäçe ýüz adamdan ybarat bolan kiçi halklar bilen birlikde, ilatynyň sany boýunça iň uly halklar hem ýaşaýarlar. Sebitiň dört halkynyň (hytaýlylar, hindistanlylar, bengallar we ýaponlar) hersi 100 mln adamdan geçýär.

Aziýanyň halklary takmynan 15 dil maşgalasyna degişli bolup, 600-e golaý dilde gepleýärler. Şeýle lingwistiki aýratynlyklar dünýäniň hiç bir uly sebitinde gabat gelmeýär. Etnolingwistik babatda has çylşyrymly ýurtlar – Hindistan, Şri-Lanka, Indoneziýa, Filippinler. Gündogar we Günorta-Günbatar Aziýa (Eýran we Owganystandan başga) ýurtlary üçin ilatyň birmeňzeş milli düzümi häsiýetlidir.

Sebitiň köp böleklerinde ilatyň çylşyrymly milli düzümi (Hindistan, Şri-Lanka, Owganystan, Yrak, Pakistan, Filippinler we başg.) ýiti milletara dawalaryň ýüze çykmagyna getirýär.

Aziýa – ähli uly dinleriň, şol sanda üç dünýä dinleriniň (hristian, buddizm, yslam) watanydyr. Milli dinleriň arasynda induizmi, konfusiançylygy, laosizmi, sintoizmi belläp geçmek zerur. Köp ýurtlarda milletara gapma-garşylyklar hut dini aýratynlyklara esaslanýar.

12. Sargyt №2701

Aziýa üçin ilatyň ýaýraýşynyň we ýerleşişiniň özboluşly aýratynlyklary häsiýetlidir. Tebigy we durmuş ykdysady sebäpkärler territoriýalar boýunça ilatyň endigansyz ýerleşişini kesgitleýärler. Ilatyň esasy bölegi bary-ýogy birnäçe areallarda jemlenendir. Aziýanyň ilatynyň ortaça gürlügi 1 km$^2$-a 136 adam. Bangladeş we Maldiw adalary ýokary derejede gür ilatlaşandyr (800 adamdan ýokary). Ilatyň orta gürlüginiň pes derejesi Mongoliýa (2 adam), Saud Arabystany, Gazagystan we Türkmenistan üçin (12 adam) häsiýetlidir.

Aziýany köplenç «dünýä obasy» diýip atlandyrýarlar, sebäbi hut şu ýerde şäherlileriň örän pes paýy görünýär, oba ýerlerinde bolsa 2,5 mlrd adam ýaşaýar. Aziýanyň uly döwletlerinde şäherlileriň paýy Hytaýda – 21%, Hindistanda we Indoneziýada – 28% barabar. Butanda (15%) we Nepalda (9%) şäher ilatynyň sany has hem azdyr.

Sebitiň aýratynlyklarynyň biri obalaryň salgymynda köpsanly uly şäherleriň ýüze çykmagydyr. Häzirki wagtda dünýäniň 10 sany iň uly şäherleriniň 6-sy Aziýada ýerleşýär. Aziýanyň äpet şäherleriniň tapawutly sypaty – ilatyň çendenaşa artykmaç toplanmagy. Şäher ilatynyň gürlügi her km$^2$ meýdana onlarça müň adama ýetýär. Sebitiň uly şäher aglomerasiýalaryna Tokio-Iokagama, Seul, Osaka-Kobe-Kiota, Bombeý, Kalkutta, Stambul, Şanhaý, Tähran degişlidir.

## 5.3. Hojalygyň umumy häsiýetnamasy

Aziýanyň dünýä hojalygyndaky orny soňky onýyllyklarynyň dowamynda düýpgöter üýtgedi. Aziýa ýurtlary dünýä ykdysadyýetiniň uly, pajarlap ösýän bölegini düzýärler. Hytaýyň we Ýaponiýanyn (JIÖ möçberi boýunça dünýäde 2 we 3 orun), şeýle hem täze industrial döwletleriň (TID) – ASEAN-nyň agzalarynyň geň galarlyk industrial ösüşi Aziýa – Ýuwaş okean sebitiniň (AÝOS) dünýä hojalygynyň geljegi uly bolan merkezine öwrülmegine getirdi. Birnäçe adaty önümçiliklerde (polat eretmek, gämi gurluşygy we ş.m.), öňdebaryjy orny eýeläp, AÝOS-niň ýurtlary dünýä bazaryna ýokary tehnologiýaly önümleri (ýarymgeçirijiler, kompýuterler, robotlar, durmuş elektronikasy we ş.m.) çykarmakda öňdebaryjy orny eýeleýärler. Şunlukda,

gündogar Aziýa ýurtlarynyň birnäçe meseleleri özara hyzmatdaşlygy giňeltmegiň hasabyna çözülýär: sebitleýin söwdanyň göwrümini artdyrmak, maýa goýumlarynyň we işçi güýjüniň hereket etmegi we ş.m. Hatda adaty yzagalak ýurtlar bolan Wýetnam, Mýanma we başg. ýaly döwletlerde hem ykdysady işiň janlanmagy görünýär.

Ýöne Ýewropa garaň-da, aýry-aýry ýurtlaryň ösüş derejesinde we ýöriteleşişinde tapawutlar bu ýerde has aýdyň ýüze çykýar. Durmuş-ykdysady ösüş derejesi boýunça sebitde ýurtlaryň 7 toparyny tapawutlandyrmak bolar:

1) Ýaponiýa – aýratyn orny eýeleýär, sebäbi ol günbatar dünýäniň №2-nji döwleti, bu sebitde «Uly ýediligiň» ýeke-täk agzasydyr. Köp möhüm ykdysady görkezijiler boýunça ol Günbataryň ykdysady taýdan ösen ýurtlarynyň arasynda öňdebaryjy ýagdaýy eýeleýär. Kipr hem ykdysady taýdan ösen döwletleriniň sanawyna girizilýär;

2) Hytaý we Hindistan – olar hem gysga döwrüň içinde ykdysady we durmuş ösüşinde uly üstünlikler gazandylar. Ýöne jan başyna düşýän görkezijiler boýunça olaryň ýeten derejeleri entek uly däldir;

3) Aziýanyň täze industrial ýurtlary – Koreýa Respublikasy, Taýwan we Singapur, şeýle-de ASEAN-a girýän Tailand we Malaziýa. Amatly ykdysady-geografik ýerleşişiň we arzan işçi güýjüniň utgaşdyrylmagy günbataryň halkara ähmiýetli korporasiýalarynyň gatnaşmagynda mümkin boldy we 70-80-nji ýyllarda ykdysadyýetde Ýaponiýanyň nusgasy boýunça üýtgedip gurmak başartdy. Emma olaryň ykdysadyýeti eksporta gönükdirilendir. Bu topara Türkiýäni hem goşmak bolar;

4) Bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerindäki öňki SSSR-iň düzümine giren ýurtlar – Kawkaz we Merkezi Aziýa döwletleri;

5) Nebit çykarýan ýurtlar – Eýran, Yrak, Saud Arabystany we başg. – Pars aýlagynyň ýurtlary. Olar «nebit dollarynyň» hasabyna gysga döwrüň içinde örän uly ösüşe ýetdiler. Häzir bu ýerde diňe bir nebiti çykarmaga aýratyn ähmiýet berilmän, eýsem, nebithimiýa, metallurgiýa we beýleki pudaklar hem ösdürilýär;

6) Senagatyň düzüminde dag-magdan ýa-da ýeňil senagaty agdyklyk edýän ýurtlary – Mongoliýa, Wýetnam, Bangladeş, Şri-Lanka, Iordaniýa, Pakistan;

7) Has gowşak ösen ýurtlar – Laos, Kombodža, Nepal, Butan, Ýemen, Owganystan – bu döwletlerde häzirki zaman senagaty örän gowşak ösendir.

Aziýanyň aglaba döwletlerinde ykdysady işjeň ilatyň esasy bölegi oba hojalygynda meşgullanýar. Umuman, sebit üçin harytlyk we sarp ediş hojalygyň, uly hususy ýer eýeçiliginiň we ownuk daýhan ýer peýdalanyşynyň utgaşdyrylmagy häsiýetlidir. Ekin meýdanlarynda azyklyk ekinleri has agdyklyk edýär. Aziýa ýurtlarynyň köpüsinde azyk meseleleri entek doly çözülenok, G/o we G/o-G/d Aziýada onlarça million ilat açlygyň çäginde ýaşaýar.

Kontinentiň tebigy şertleriniň örän köpdürlüligi bilen tapawutlanýandygyna baglylykda, oba hojalygynyň ýöriteleşişi hem ol ýurtdan beýleki ýurda görnetin üýtgeýär. Meselem, G/o, G/d we G/o-G/d Aziýada ekerançylyk ugry has aýdyň ýüze çykýar, G/o-G/b Aziýanyň köp döwletlerinde bolsa suwuň ýiti ýetmezçiligi we pes hasylly topragyň ýaýranlygy ekerançylygy emeli suwaryşy peýdalanmazdan ösdürmäge mümkinçilik bermeýär we bu ýerde esasan çarwa maldarçylygynyň ösmegine getirýär.

Däneli ekinleriň arasynda kaloriýalylygy, 1 ga-dan alynýan hasyllylygy boýunça şaly birinji ýerde durýar, şonuň üçin işçi güýjüniň artykmaçlyk edýän G/o, G/d we G/o-G/d Aziýada oba hojalyk ýerleriniň ýiti ýetmezçiligi duýulýar. Musson klimatyna häsiýetli bu meýdan ekini ýerini çalşyp bolmajak önümidir. Emeli suwaryş şertlerinde ol ýylda iki hasyl berýär. Günorta-Günbatar Aziýa ýurtlarynda esasy dänelik ekin bugdaýdyr.

Agroklimatik baýlyklarynyň paýlanyşyna, şeýle-de ilatyň zähmet endiklerine we däp-dessurlara baglylykda oba hojalygynyň üç uly etraby döredi: has beýik böleklerinde çaý ýetişdirmek bilen utgaşdyrylýan, süle ýetişdirilýän etraplar (gündogar, g/o-g/d we günorta Aziýanyň musson klimatly bölegi); subtropiki ekerançylyk etraby (Orta ýer deňiz kenar sebiti); galan meýdanlarda bugdaý, çowdary ýetişdirmek, öri meýdan maldarçylygy agdyklyk edýär.

Zähmetiň halkara bölünişinde Aziýa ýurtlary senagatyň adaty pudaklarynyň (metallurgiýa, gämi gurluşygy we ş.m.), şeýle-de täze ýokary tehnologik (elektrotehnika, elektronika we ş.m.) önümlerini, oba hojalyk önümlerini (çaý, natural kauçuk, jut, dürli görnüşdäki

hoşboý ysly we tagam beriji garyndylar, tropik we subtropiki miweler), şeýle-de dag magdan senagatynyň önümlerini (nebit, marganes, hrom, demir magdanlary we başg.) dünýä bazaryna çykaryjy ýurtlar hökmünde bellidir.

## 5.4. Aziýanyň taryhy-geografik sebitleri. Günorta-Günbatar Aziýa ýurtlary

Dünýäniň üç böleginiň çatrygynda ýerleşen bu sebit, syýasy babatda elmydama dünýäniň iň galagoply etraplarynyň biri bolup durýardy. Geçmişde Sues kanalynyň we Berlin – Bagdat demir ýolunyň gurulmagy bilen sebitiň harbi-strategik ähmiýeti has artdy. Biziň günlerimizde nebitiň, gazyň, hromyň we beýleki gazylyp alynýan baýlyklarynyň baý, uly känleriniň açylmagy, taýýar senagat önümlerini ýerleşdirmegiň göwrümli bazarynyň we arzan oba hojalyk çig malynyň çeşmeleriniň bolmagy sebitiň dünýä syýasatyndaky we ykdysadyýetindäki ornuny has-da berkitdi.

Sebitiň meýdan-çägi gazma baýlyklaryny sahylyk bilen eçilýär. Nebitiň ummasyz gorlaryndan başga-da sebitiň ýurtlary magdan we magdan däl gazma baýlyklarynyň dürli görnüşlerine baýdyr. Türkiýe hromit magdanyny gazyp almak we eksport etmek boýunça dünýäde birinji orny eýeleýär. Iordaniýada dünýä ähmiýetli kaliý duzlarynyň känleri işlenilýär. Yrakda tebigy kükürdiň we fosforidleriň uly känleri ýerleşýär. Pars aýlagynda we Gyzyl deňzinde öňden bäri göwher (žemçuk) we merjen (korall) ýygnalýar.

Sebitiň umumy meýdany 6,8 mln km$^2$. Bu ýerde 20 sany özbaşdak döwlet ýerleşýär. Sebitiň ýurtlary biri-birinden meýdanynyň ululygy, tebigy baýlyklar bilen üpjünçilik, durmuş-ykdysady ösüşiniň derejesi we medeniýeti, syýasy gurluşy boýunça düýpli tapawutlanýarlar. Bu ýerde örän kinniwanja Bahreýn we Katar hem-de äpet ýurtlar Saud Arabystany, Türkiýe we Eýran goňşuçylykda ýerleşýärler. Günorta – Günbatar Aziýanyň döwletleriň agalabasynyň dünýä ykdysadyýetine işjeň çekilmegine olaryň deňiz ýollaryndaky amatly ulag-geografik ýerleşişi, şeýle hem gür awtomobil we demir ýollarynyň bolmagy ýardam edýär.

*25-nji tablisa*

**Günorta-Günbatar Aziýa ýurtlary boýunça statistiki maglumatlar, 2014 ý.**

| Döwletler | Meýdany, müň $km^2$ | Ilaty, mln adam | Ilatyň tebigy artyşy, % | Ömrüň ortaça dowamlylygy, ýyl | | Iýmitiň sarp edilişi kkal/gije-gündiz | Jemi içerki önüm | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Erkekler | Aýallar | | Umumy, mlrd dollar | 1 adam başyna, doll |
| Azerbaýjan | 86,6 | 9,5 | 1,3 | 69 | 75 | 2223,8 | 153,7 | 16180 |
| Gruziýa | 57,3 | 4,8 | 0,2 | 69 | 77 | 2346,6 | 33,8 | 7040 |
| Ermenistan | 29,7 | 3,0 | 0,5 | 70 | 74 | 2167,4 | 24,4 | 8140 |
| Owganystan | 652,1 | 31,3 | 2,7 | 46 | 44 | 1755,3 | 62,6 | 2000 |
| Bahreýn | 0,7 | 1,3 | 1,3 | 75 | 75 | - | 46,9 | 36140 |
| Ysraýyl | 20,8 | 8,2 | 1,6 | 76 | 81 | 3541,5 | 263,5 | 32140 |
| Iordaniýa | 89,3 | 7,6 | 2,4 | 69 | 71 | 2834,0 | 88,6 | 11660 |
| Yrak | 451,1 | 35,1 | 2,6 | 56 | 59 | 2445,5 | 534,2 | 15220 |
| Eýran | 1634,0 | 77,4 | 1,4 | 68 | 70 | 2898,4 | 1207,4 | 15600 |
| Ýemen | 528,0 | 26,0 | 2,8 | 57 | 61 | 2002,1 | 99,3 | 3820 |
| Katar | 11,4 | 2,3 | 1,0 | 79 | 75 | - | 284,9 | 123860 |
| Kipr | 9,2 | 1,2 | 0,6 | 74 | 79 | 3486,6 | 35,5 | 29570 |
| Kuweýt | 20,2 | 3,7 | 1,7 | 79 | 75 | 3167,4 | 326,2 | 88170 |
| Liwan | 10,4 | 5,0 | 0,8 | 72 | 75 | 3255,7 | 86,9 | 17390 |
| BAE | 83,6 | 9,4 | 1,4 | 73 | 74 | 3181,8 | 546,0 | 58090 |
| Oman | 212,5 | 4,1 | 1,8 | 72 | 75 | - | 213,9 | 52170 |
| Palestina | 6,3 | 4,4 | 2,7 | 71 | 74 | - | 21,6 | 4900 |
| Saud Arabystan | 2150,0 | 30,8 | 1,8 | 71 | 73 | 2953,0 | 1656,4 | 53780 |
| Siriýa | 185,2 | 22,0 | 2,1 | 70 | 70 | 3271,9 | - | - |
| Türkiýe | 779 | 77,2 | 1,1 | 67 | 72 | 3469,4 | 1448,3 | 18760 |

**Çeşme:** Горохов С.А., Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013; 2014 WORLD POPULATION Data Sheet; INTERNET maglumatlary.




**10-njy surat.** Günorta-Günbatar Aziýanyň hojalygy

Sebitiň ilaty – 363,7 mln adam (2014-nji ýyl). Ilatyň sanynyň köpeliş bady dünýä boýunça ortaça görkezijiden ýokarydyr (ýylda 1,7%). Nebit çykarýan monarhiýalarda ilat diňe bir örän ýokary dogluşyň (ortaça bir aýal 6 çaga dogurýar) hasabyna däl-de, eýsem, gazanç üçin gelýänleriň köpçülikleýin akymynyň hasabynda artýar. Ilat örän biendigan ýerleşýär: Ortaýer deňiz etek etraplarda ilatyň gürlügi 1 $km^2$ 100 adamdan gowrak, Arabystan ýarym adasynda 1 $km^2$ 1 adamdan az. Günorta-Günbatar Aziýanyň arap döwletleriniň urbanizasiýa derejesi – dünýäde iň ýokarylaryň biridir.

Halklaryň aglaba köplügi semit (araplar, ýewreýler, assiriýalylar), eýran (persler, puştunlar, kürtler, täjikler, buluçlar), türki lingiwistik toparynyň dillerinde gepleýärler. Sany boýunça eýran dilli toparynyň halklary agdyklyk edýär. Dine uýýanlaryň ählisi diýen ýaly yslam dinine degişlidir, ol bolsa ähli musulman döwletleriň döwlet dini hasaplanýar. Hristianlar esasan Kiprde we Liwanda köp, iudeýler Ysraýylda ýaşaýarlar, ýöne bu döwletlerde hem musulmanlaryň paýy uludyr.

Günorta-Günbatar Aziýa 3 dünýä dinleriniň: iudaizmiň, hristiançylygyň we yslamyň watanydyr. Bütin uruşdan soňky döwür hemişe ýüze çykýan çaknyşmalar we dawalar (arap-ysraýyl konflikti, Owganystandaky 30 ýyllyk uruş, Yrakdaky harby hereketler, Siriýadaky raýatlyk urşy, Kiprdäki grek we türk obşinalarynyň gapma-garşylygy we ş.m.) dawalar bilen utgaşýar.

Ýöne bu sebit üçin guraksy lanşaftlaryň agdyklyk etmegi häsiýetlidir. Hut hemişe bolýan gurakçylyklar Günorta-Günbatar Aziýanyň köp döwletleriniň ykdysadyýetiniň esasyny düzýän oba hojalygy üçin iňňän ýakymsyz hadysa bolup durýar. Zähmete ukyply ilatyň ýarysyndan gowragynyň meşgullanýan bu pudagy esasan gadymy agrar gatnaşyklaryň saklanýanlygy sebäpli, häzir hem yza galak we az önümli bolmagyna galýar.

Sebitiň guraksy etraplarynda maldarçylygyň ýokarlandyrylan paýynyň bolmagyna garamazdan, oba hojalygynda umuman, ekerançylyk agdyklyk edýär. Onuň esasy bolsa sarp ediliş ekinleridir (bugdaý, arpa, mekgejöwen, gök önümler we başg.). Ekin meýdanlarynyň bir bölegini üzüm agaçlary we miweli baglar tutýar. Sebitiň ýurtlary garaköli bagana (Owganystan), hurma (Yrak), kişmiş we funduk

(Türkiýe), mindal (Eýran), «mokko» kofesi (Ýemen) we beýlekileri eksport edýärler.

Däneçiligi ösdürmekde Saud Arabystany örän geň galarlyk üstünlikler gazandy. Bu ýerde çöl şertlerinde çörek bilen öz-özüni üpjün etmek derejesine ýetildi. Ondan başga-da, esasan öz goňşy ýurtlaryna bugdaý satmak bilen bu döwlet dünýä bazaryna çykdy. Bu häzirki zaman suwaryş ulgamlarynyň gurulmagynyň, dünýäde iň gowy tohumlyk dänäniň, öňdebaryjy tehnikalaryň peýdalanylmagynyň hasabyna mümkin boldy.

Saud Arabystanynyň tejribesi gurak guşaklykda ýerleşýän döwletleriň köpüsi üçin nusga bolup biler.

Sebitiň köp döwletleriniň senagatynyň esasy (Saud Arabystany, Eýran, Yrak, Kuweýt, BAE, Katar, Bahreýn we başg.) nebit çykarmakdyr. Ol nebiti gazyp alýan ýurtlaryň – nebiti eksport ediji ýurtlaryň Guramasynyň (OPEK) agzalarynyň maliýe serişdelerini toplamagyň we ykdysady taýdan çalt ösmeginiň çeşmesidir. Emma nebit çykarmak bilen deňeşdirilende nebiti gaýtadan işleýän senagat birneme gowşak ösendir.

Onuň köp bolmadyk esasy merkezleri – Stambul, Izmir, Bagdat, Tähran, Damask, Beýrut we başgalardyr.

## 5.5. Kawkaz ýurtlary

Kawkaz sebitiniň düzümine Gruziýa, Abhaziýa, Günorta Osetiýa, Ermenistan we Azerbaýjan girýär. Bu döwletleriň ählisi Prezident unitar respublikalarydyr. Gruziýanyň düzümine Ajariýa, Azerbaýjanyň düzümine bolsa Nahiçewan we Daglyk Garabah girýär. Ermenistan we Azerbaýjan GDA-nyň düzümine girýärler.

Kawkaz sebiti GDA-nyň günorta-günbatarynda ýerleşýär. Günbatarda Kawkaz ýurtlarynyň Gara deňizine (Gruziýa), Gündogarda bolsa Kaspi deňizine (Azerbaýjan) çykalgalary bar.

Kawkaz sebiti dürli tebigy baýlyklar bilen gowy üpjündir. Uly, Kiçi Kawkazyň dag sebitleri, Ermeni tekiz daglygy Kolhida we Kura düzlükleri bilen gezekleşýär. Ýöne bütin sebit ýokary seýsmiki howplulygy bilen häsiýetlendirilýär.

Kawkaz ýurtlarynyň ýerasty dürli mineral çig mallara baýdyr. Abhaziýa (Tkwarçeli) we Gruziýa (Tkibuli) daş kömrüň, Gruziýa

(Ahalsihe) şeýle hem daş kömrüň, Azerbaýjan – nebitiň we tebigy gazyň (Ortýom-Ostrow, Neftýanyýe Kamni we Siazan) uly gorlaryna eýedir. Nebitiň uly bolmadyk gorlary Gruziýada (Mirzaani) ýerleşýär. Demir magdanlarynyň känleri Azerbaýjanda (Daşkesan), marganes magdanlary – Gruziýada (Çiatura), mis magdanlary – Ermenistanda (Alawerdi we Kafan), polimetal magdanlary – Günorta Osetiýada (Kwaisi), alýuminiý magdany – Azerbaýjanda (Alunitdag) ýerleşýär. Gurluşyk daşynyň gorlary örän uludyr: mramor – Gruziýada, tuf we pemza – Ermenistanda. Kawkaz sebiti özüniň mineral çeşmeleri: Boržomi (Gruziýa), Džermuk (Ermenistan) we Istisu (Azerbaýjan) bilen şöhratlanýar.

Mineral däl baýlyklaryň arasynda agroklimat, suw energiýa we rekreasion baýlyklary aýratyn ähmiýete eýedir: Gara deňziniň kenaryndaky şypahanalar (Gagra, Pisunda, Gudauta, Suhum, Täze Afon Abhaziýda, Kobuleti Gruziýada) we dag şypahanalary (Bakuriani).

Kawkaz ýurtlary ilatynyň sany boýunça uly bolmadyk ýurtlara degişli: sebitiň iň uly ýurdy Azerbaýjanyň ilaty 8 mln töweregi adam. Ilatynyň sanynyň az bolmagyna garamazdan Ermenistan ilatyň ortaça gürlüginiň ýokary bolmagy (1 $km^2$ 100 adamdan köp) bilen tapawutlanýar. Hemme daglyk ýurtlarda bolşy ýaly, düzlük territoriýalar we dagara çöketlikler örän gür ilatlaşan, şol bir wagtda beýik daglyk etraplarda ilatyň ortaça gürlügi 1 adamdan hem az.

Ähli kawkaz ýurtlary ilatyň üznüksiz köpelişiniň häzirki zaman tipine degişlidir we häzirki wagtda Gruziýa demografiki çökgünligi başdan geçirýär. Ondan başgada hemme kawkaz ýurtlary üçin ilatyň immigrasiýasy häsiýetli, şonuň netijesinde bolsa bu ýurtlarda ilatyň sany kemelýär.

Kawkaz sebiti çylşyrymly milli düzümi bilen tapawutlanýar. Ýöne her bir döwletde titul (esasy) halklar ilatyň agramly bölegini tutýar (Gruziýada – gruzinler, Ermenistanda – ermeniler, Azerbaýjanda – azerbaýjanlar).

Azerbaýjanda ilatyň esasy bölegi yslam (şaýy ugry) dinine, Ermenistanda – ermeni-grigorýan buthanasyna, Gruziýada – prowaslaw dinine uýýarlar.

Şäher ilatynyň paýy Ermenistanda has ýokary (60%), Gruziýa we Azerbaýjanda 50%-den geçýär. Tbilisi, Ýerewan we Baku mil-

lioner-şäherlerdir. Beýleki uly şäherlere Gruziýada Rustawi, Kutaisi, Batumi, Ermenistanda Gümri, Wanadzor, Azerbaýjanda Sumgait we Giýandž degişli.

Kawkaz döweletleriniň zähmet baýlyklarynyň iş meşgullyk derejesine oba hojalygynyň paýynyň uly bolmagy degişlidir. Bu ýurtlaryň ählisinde uzaga çeken ykdysady çökgünlik zerarly zähmet baýlyklarynyň artykmaçlygy duýulýar, şonuň üçin köp raýatlar daşary ýurtlara, esasan-da Russiýa göçüp gidýärler.

Ykdysady çökgünlik we SSSR-iň dargamagy kawkaz ýurtlarynyň hojalygynyň gurluşyny düýpgöter özgertdi. Hojalygyň gurluşy boýunça sebitiň ýurtlary gowşak ösen işläp bejerýän senagaty bilen oba hojalyk-çig malyny öndürýän ýurtlaryna öwrüldiler.

Sebitiň ýurtlarynyň ykdysadyýetinde häzire çenli gazyp alma senagaty uly orun tutýar: Azerbaýjanda – nebit senagaty, Gruziýada – kömür, marganes we polimetal magdanlaryny gazyp almak, Ermenistanda – mis, molibden magdanlaryny, tuf we pemza çykarmak.

Gruziýa gara metallurgiýanyň ösenligi bilen tapawutlanýar – onuň çäginde Kawkaz sebitinde ýeke-täk metallurgiýa kombinaty Rustawi şäherinde, Azerbaýjanda bolsa turba önümçiligi boýunça (Sumgait) uly senagat kärhanasy ýerleşýär.

Reňkli metallurgiýanyň pudaklarynyň arasynda Ermenistanda (Ýerewan), Azerbaýjanda (Sumgait, Giýadž) alýuminiý we Ermenistanda mis öndürmek (Alawerdi) ösüşe eýe boldy.

Sebitiň maşyn-gurluşygynda adaty pudaklar bolan awtomobil gurluşygy, oba hojalyk tehnikalaryny öndürmek, elektrotehnika senagaty ösdürilýär.

Himiýa senagat pudaklarynyň arasynda mineral dökünleri (Rustawi, Sumagit), smola, plastmassa we sintektiki kauçuk (Ýerewan), polimerleri gaýtadan işlemek (Ýerewan we Baku), durmuş himiýa (Tbilisi) önümlerini öndürmek ösendir.

Nebiti gaýtadan işlemgiň uly merkezlerine Baku we Batumy degişli.

Ozal pajarlap ösen ýeňil senagaty çökgünlik döwrüni başdan geçirýär. Sebitde nah mata (Gori, Gümri, Gýandž), ýüpek (Kutaisi), ýüň, trikotaž, gön-aýakgap pudaklary (Tblisi, Ýerewan, Baku) ösendi.

Ýeňil senagatynyň ähmiýeti çürt-kesik artdy, bu ýerde halkara ýöriteleşiş pudagy, çakyr senagatydyr (Tbilisi, Ýerewan), şeýle-de

gök önüm (Kutaisi, Ýerewan, Haçmas) we ýag önümçiligi (Tbilisi, Ýerewan) ösendir.

Kawkaz ýurtlarynda JIÖ-niň agramly bölegini oba hojalygy berýär. Ähli ýurtlarda ekerançylyk esasy pudak hasap edilýär. Däneçilik, gök-bakja ekerançylygy, miweçilik, üzümdarçylyk esasy pudaklar hasaplanýar. Ýurtlaryň üçüsinde hem sitruslar, çaý we beýleki subtropiki ekinler ösdürilip ýetişdirilýär. Maldarçylykda esasy pudak dowardarçylyk hasaplanýar. Şeýle-de iri şahly mallary ösdürip ýetişdirmek, guşçulyk, Gruziýada we Ermenistanda doňuzdarçylyk intensiw ösdürilýär.

Sebitiň ýurtlary geografik ýerleşişi, taryhy ösüşi we hojalyk ýöriteleşişi boýunça bir bitewi döwletara territorial – önümçilik toplumyny emele getirýärler. Ýöne bu respublikalaryň tebigy şertlerinde we tebigy baýlyklar bilen üpjünçiliginde, durmuş-ykdysady ösüş derejesinde tapawutlar bar. Şonuň üçin olara gysgaça ykdysady-geografik häsiýetnama berilýär.

## Gruziýa

Ýurduň meýdanynyň esasy bölegini daglar tutýar, ýöne hasylly düzlükler (Gara deňziniň kenar sebitlerinde Kolhida pesligi, derýa jülgeleri) hem bar. Meýdanynyň 11,5%-i ekin meýdanlary, 34%-ini tokaýlar tutýar. Ýurduň çäginde marganes, mis magdanynyň, daş kömrüň gorlary bar. Rekreasion (dynç alyş we kesel bejeriş ähmiýetli) baýlyklary örän uludyr, gymmatly mineral suw çeşmeleri-de bar.

Ýurduň çäginde 4,6 mln adam ýaşaýar. Soňky ýyllarda ilatyň tebigy artyşy görnetin peseldi. Ilatyň milli düzümi çylşyrymlydyr. Onuň 69%-ini gruzinler düzýär. Başga-da ruslar, ermeniler, azerbaýjanlar, ajarlar uly etniki toparlary emele getirýärler. Ilat Gara deňziniň kenarlarynda, Kolhida pesliginde we Kura derýasynyň jülgesinde örän gür ýerleşýär. Ilatyň ortaça gürlügi 1 km$^2$ 78 adam düşýär. Şäherlerde ilatyň 56%-i ýaşaýar. Uly şäherleri: Tbilisi, Kutaisi, Batumi we Rustawi. Gruziýa Prezident formasynda dolandyrylýan respublikadyr. Dolandyryş-çäk taýdan ýurt 9 sebite, 9 şähere, 2 awtonom respublika bölünýär.

Gruziýa industrial – agrar ýurtdur. Senagatda esasy pudagy – maşyn-gurluşygy. Onuň ýöriteleşiş pudaklary – elektrowozlary (Tbi-

lisi) we ýük awtomobillerini (Kutaisi) öndürmek. Şeýle hem elektrik dwigatelleri, buraw enjamlary, metal kesýän stanoklar, azyk senagaty we oba hojalygy üçin gurallary öndürmek uly orun tutýar. Gara metallurgiýa ýurduň öz çägindäki çig mala esaslanýar. Sebitde iň uly metallurgiýa kärhanasy Rustawi şäherinde ýerleşýär. Çiaturada marganes gazyp almagyň hem döwletara ähmiýeti bardyr. Gruziýa nebite we tebigy gaza baý däldir, şonuň üçin olary daşyndan getirmäge mätäçdir. Elektroenergetikada ýylylyk elektrik stansiýalaryň ähmiýeti uly. Olar hususy kömrüň we daşyndan getirilýän tebigy gazyň hasabyna işleýär. Himiýa kärhanalary plastmassa önümlerini, azot dökünlerini, sintetiki süým öndürýär. Ýurduň dokma kärhanalary natural ýüpek, ýüň we nah matalary, trikotaž önümlerini taýýarlaýar. Azyk senagatynyň düzüminde çakyr, miwe konserwalary, temmäki önümleri agdyklyk edýär.

Gruziýanyň oba hojalygynda subtropiki ekerançylyk öňdebaryjy orny eýeleýär: üzümçilik, sitrus miwelerini we temmäki ýetişdirmek. Däne ekinlerini – mekgejöwen, bugdaý, arpa şeýle hem gök we bakja ekinlerini öndürmek hem uly ähmiýete eýedir. Ýurduň çäginde giň öri meýdanlarynyň bolmagy dowardarçylygy ösdürmäge uly mümkinçilik berýär. Gür ilatlaşan etraplarda iri şahly mallary köpeltmek, doňuzdarçylyk we guşçulyk ösdürilýär. Ýurduň çäginde ýük we ýolagçy gatnawynda awtomobil ulagy 1-nji orny eýeleýär. Daşary söwda-da deňiz ulagynyň ähmiýeti uludyr. Poti we Batumi Gruziýanyň esasy deňiz gämi duralgalarydyr.

## Azerbaýjan

Azerbaýjan Kawkaz sebitiniň gündogar böleginde ýerleşýär. Onuň merkezi bölegini uly düzlükler tutýar. Meýdanynyň 20%-i ekerançylyk ýerleridir.

Respublika tebigy baýlyklaryň uly gorlaryna eýedir. Onuň çäginde demir magdanynyň (Daşkesen käni), alýuminiý çig malynyň (alunit), molibdeniň, daş duzunyň uly ýataklary bar. Ýöne Azerbaýjanyň baş baýlygy ýokary hilli nebit we tebigy gazdyr (Garadag käni). Nebit känleri Apşeron ýarymadasynda we Hazar deňziniň kenarýaka suw ýalpaklygynda jemlenendir. Köp ýerlerde gurluşyk materiallarynyň dürli görnüşleri (mermer, hek daşy, sement çig maly) ýaýrandyr.

Azerbaýjanyň territoriýasynda tehniki we subtropiki ekinleri ösdürip ýetişdirmek üçin amatly giň peslikler bar.

Azerbaýjanyň ilaty 8 mln adam. Ilatyň tebigy köpelişiniň derejesi peselýär (ortaça ýyllyk artyşy – 0,9%). Milli düzüminde azerbaýjanlar agdyklyk (90%-den gowragy) edýär. Dürli hasaplamalara görä ýurduň çäginden daşarda 30 mln-a golaý azerbaýjan ýaşaýar (onuň esasy bölegi goňşy Eýran döwletinde). Ilatyň esasy bölegi yslam dininiň şaýy ugruna uýýar. Şäherlerde ilatyň 52%-i ýaşaýar. Uly şäherleri: Baku, Gýanj, Sumgait we başgalar.

Azerbaýjan Prezident formasynda dolandyrylýan respublikadyr. Dolandyryş-çäk taýdan ýurt 59 sebite, 11 şähere we 1 awtonom respublika (Nahiçewan) bölünýär.

Ýurduň hojalygynda öňdebaryjy orun nebitgaz toplumyna, nebithimiýa we maşyn-gurluşygyna degişlidir. Ýeňil we azyk senagaty hem ýurduň adaty ösen pudaklarydyr.

Gazyp alma senagatynda nebit we gaz çykarmak esasy orun tutýar. 2014-nji ýylda Azerbaýjanda 22,5 mln tonna nebit we 5,5 mlrd $m^3$ tebigy gaz çykaryldy.

Himiýa senagaty nebitiň çykarylyşy we gaýtadan işlenişi bilen berk baglanyşyklydyr. Onuň kärhanalary sintetiki kauçuk, awtomobilleriň rezin tekerlerini, sintetiki süým, plastmassa we mineral dökün öndürýär. Pudagyň esasy merkezleri – Baku, Sumgait, Mingeçaur.

Maşyn-gurluşygy ýangyç senagaty üçin enjamlary we elektrotehnika önümlerini öndürýär. Respublikada alunit magdanynyň (Alunitdag käni) gorlarynyň esasynda Gýanj şäherindäki kärhanada glinozýom alynýar, alýuminiý eretmek bolsa Sumgait şäherinde amala aşyrylýar.

Gruziýa we Ermenistana garanda, Azerbaýjanda oba hojalygy üçin ýaramly ýerleriň möçberi has uludyr. Ýöne ekerançylygy ösdürmek köp derejede ýerleri suwarmak we öri meýdanlaryny suwlylandyrmak bilen baglanyşyklydyr. Suwarymly ekerançylyk etraplarynda gowaça ýetişdirilýär. Däneli ekinlerden bugdaý, arpa, mekgejöwen we noýba ekilýär. Lenkoran pesliginde bolsa çaý we sitrus miweleri ýetişdirilýär. Subtropiki etraplarda bagçylyk we gök ekerançylyk ösdürilýär.

Azerbaýjanyň daşary söwdasynda Türkiýe, Russiýa, Eýran, Italiýa we Ýewropa Bileleşiginiň beýleki ýurtlary esasy hyzmatdaşlar hasaplanylýar. Goňşy döwlet hökmünde soňky ýyllarda Azerbaýjanyň biziň ýurdumyz bilen ykdysady, medeni gatnaşyklary giňelýär. Ýangyç senagatynda, ulaglar ulgamynda, daşary söwda-da hyzmatdaşlyk edilýär.

## Ermenistan

Ermenistan Kawkaz döwletleriniň arasynda iň az meýdany eýeleýär we deňiz derejesinden ortaça 1000 m-den beýiklikde ýerleşýär. Onuň meýdanynyň diňe 17%-i ekerançylyga ýaramlydyr. Suw baýlyklary ýerleri suwarmak we elektrik energiýasyny öndürmek üçin (Razdan SES-i) peýdalanylýar. Beýik daglyk sebitde ýerleşen Sewan kölüniň uly hojalyk ähmiýeti (ýurduň süýji suw gorunyň 90%-i şu kölde toplanandyr) bardyr.

Ýurduň çäginde 3 mln adam ýaşaýar. 1990-njy ýyllardan başlap işjeň emmigrasiýa netijesinde ilatyň sany her ýylda 0,4% azaldy. Ilatyň etniki düzümi birmeňzeşdir. Onuň 98%-ini ermeniler düzýär. Şäherlerde ilatyň 2/3 bölegi ýaşaýar.

Döwlet gurluşy boýunça Prezident Respublikasydyr. Dolandyryş-çäk taýdan 10 prowinsiýa bölünýär.

Ermenistan industrial-agrar ýurtdur. Ýurduň hojalygynda senagatyň paýyna JIÖ-niň 47%-i düşýär. Senagatda işläp bejerýän pudaklar (maşyn-gurluşygy, himiýa, ýeňil we azyk senagaty) görnükli orun eýeleýär. Ýöne çig mal we ýurduň daşyndan getirilýän enjamlaryň ýetmezçiligi sebäpli kärhanalaryň bir bölegi (azyk we ýeňil senagatyndan başga) doly güýjünde işlemeýär. Çakyr, arassalanan almaz we bezeg önümlerini, mikroelektronika enjamlaryny öndürmegiň ähmiýeti uludyr. Mineral baýlyklarynyň (altyn, boksitler) gazylyp alnyşy çäklidir.

Soňky ýyllarda geçirilen guramaçylyk we ykdysady özgertmeler esasynda oba hojalyk önümçiliginiň düzümi üýtgedi we ösüş bady ýokarlandy. Ekerançylykda ýag berýän ekinleri, üzüm, sitruslar, gök önümleri ösdürip ýetişdirmek möhüm ähmiýete eýedir. Ýurtda sarp edilýän dänäniň ýarysyndan gowragy daşary ýurtlardan getirilýär.

Ýurduň daşary-ykdysady gatnaşyklarynda Russiýa, öňki SSSR-iň düzümine giren beýleki ýurtlar, Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary esasy hyzmatdaşlardyr.

## 5.6. Arabystan ýarymadasynyň ýurtlary. Saud Arabystany patyşalygy

Arabystan ýarymadasy günorta-günbatar Aziýa sebitiniň esasy bölegini tutýar. Bu ýerde 14 döwlet ýerleşýär. Olaryň aglaba köplügi arap dünýäsiniň ýurtlarydyr. Sebitiň Pars aýlagyna ýanaşýan döwletleri üçin nebitiň ummasyz gorlarynyň örän uly hojalyk ähmiýeti bardyr. Şonuň üçin bu ýerdäki döwletleriň ykdysadyýeti nebiti çykarmak we gaýtadan işlemek bilen berk baglanyşyklydyr. Saud Arabystanynyň, Yragyň, Kataryň, Kuweýtiň, Omanyň, Birleşen Arap Emirlikleriniň, Bahreýniň hojalygy köp derejede şol pudaklaryň esasynda kemala geldi. Bu ýurtlarda nebit baýlyklarynyň hasabyna jan başyna düşýän milli girdeji ýokarydyr. Tersine Siriýanyň, Ýemeniň, Iordaniýanyň, Liwanyň ykdysadyýeti bir ugurly bolup, oba hojalygy JIÖ-niň esasy bölegini berýär. Ilatyň 90%-i şol pudakda meşgullanýar, senagat önümçiligi ýeňil we azyk senagatynyň uly bolmadyk kärhanalary bilen çäklenýär. Şonuň üçin bu döwletler durmuş-ykdysady ösüşde yza galýarlar. Kipr we Ysraýyl bolsa ykdysady taýdan ösen döwletleriň hataryna girýär.

### Saud Arabystany Patyşalygy

Ol Arabystan ýarymadasynda ýerleşýän iň uly (meýdany 2,14 mln km$^2$) döwletdir. Ýer üstüniň uly bölegini çöllükler tutýar, günbatarynda dag gerişleri uzalyp gidýär. Ýurduň çäginde hemişelik akýan derýalary ýokdur.

*Tebigy şertleri.* Yssy klimat guşaklygynda ýerleşýänligi onuň tebigy şertleriniň hojalyk işleri üçin amatsyz bolmagyny getirýär. Gurak çöllük landşafty, suw ýetmezçiligi ekerançylygy ýöretmekde uly kynçylyklar döredýär.

Saud Arabystanynyň esasy baýlygy örän uly möçberdäki gorlary bolan (37,3 mlrd tonna-dünýä ätiýaçlygynyň 22%) ýokary hilli nebitdir. Ähmiýeti boýunça ikinji baýlygy tebigy gazdyr (onuň anyklanan

gorlary 7 trln m$^3$ ýa-da dünýä gorunyň 6%-i). Patyşalygyň meýdanynyň jümmüşinde kömrüň, sinkiň, boksitleriň, misiň, gurşunyň, altynyň, kümüşiň, fosfatlaryň, daş duzunyň, bariýniň gorlary-da bardyr. Ýurtda altynyň gazylyp alnyşy ýylda 3 tonna ýetýär. Saud Arabystanynyň gurluşyk industriýasy gips, mermer, toýun, hek daşy we gurluşyk daşlary görnüşindäki baý çig-mal esasyna daýanýar. Daglarda gymmatly agaçlar (kamed, mindal), derman ösümlikleri ösýär.

Ýurtda 2014-nji ýylyň maglumatlaryna görä 30,8 mln adam ýaşaýar. Saud Arabystany ilatyň tebigy köpelişiň ýokary derejesine degişli ýurtlaryň hataryna girýär. Soňky 15 ýylda tebigy köpelişiň hasabyna ilatyň sany ortaça her ýylda 1,8% artýar. Ýurduň ähli ilaty diýen ýaly araplardyr. Bu ýerde goňşy arap ýurtlaryndan we günorta we günorta-gündogar Aziýadan gelen zähmet emmigrantlaryň uly topary ýaşaýarlar. Yslam resmi taýdan döwlet dini hasaplanylýar.

Ýurduň uly şäherleri – Er-Riad (3 mln adama golaý), Djidda (2 mln adamdan gowrak), Mekke-Medine (musulmanlaryň keramatly ýerleri hasaplanylýar).

Saud Arabystany absolut teokratik monarhiýadyr. Korol döwletiň baştutany, ruhy lidery we ýokary kazysydyr. Korolyň baştutanlygynda Ministirler Kabineti bir wagtyň özünde kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýeti amala aşyrýar. Ýurt dolandyryş-çäk taýdan 14 emirliklere bölünýär.

Saud Arabystany sebitde ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň biridir. Nebitiň örän uly gorlarynyň hasabyna ykdysadyýet ýokary depginler bilen ösýär. JIÖ-niň jan başyna düşýän möçberi boýunça (53780 amerikan doll.) sebitde öňdäki orunlarda durýar. Ýurtda gazyp alma senagaty, işläp bejerýän pudaklaryň käbiri we oba hojalygy intensiw ösdürilýär.

Gazylyp alnýan senagatynyň esasy pudagy nebit çykarmak. Her ýylda 400 mln golaý tonna nebit çykarylýar. Nebit senagaty JIÖ-niň 62% we eksportyň 95%-e çenli göwrümini üpjün edýär. Saud Arabystany tebigy gazyň gorlary boýunça Russiýadan, Eýrandan, Katardan we Türkmenistandan soňra dünýäde 5-nji orny eýeleýär. Her ýylda 70 mlrd m$^3$ golaý gaz çykarylýar. Gazy köp sarp edijilere bu ýerdäki bäş sany gazy gaýtadan işleýän kärhanalar degişlidir. Nebiti

13. Sargyt №2701

we gazy arassalamakda bölünip alynýan ugurdaş kükürt eksporta we ýerli rezin-tehniki senagatynyň kärhanalaryna ugradylýar.

Energetikanyň esasyny ýylylyk elektrostansiýalary düzýär. Bu ýerde energiýanyň özüne düşýän gymmaty dünýä derejesinden has pesdir, bu bolsa energiýany köp sarp edýän önümçilikler üçin giň mümkinçilikler açýar. Senagat kärhanalary, kada bolşy ýaly, ýurduň deňiz kenar sebitleri boýunça ýerleşýär.

Ýurduň senagatynyň häsiýetli aýratynlygy onuň ösüşiniň badynyň ýokary bolmagy, ýerine ýetirilýän işleriň hiliniň ýokarylygy, ulanylýan tehnologiýanyň kämil derejesi, şeýle hem taslamalaryň göwrüminiň uly bolmagydyr. Ýurduň ähli senagaty Amarko kompaniýasynyň daşynda döräp başlady. 1976-njy ýylda senagatyň baş pudaklarynyň Saud kompaniýasy (SABIK) döredilip, onuň düzümine polat, himikatlary, plastmassa, dökünleri we durmuş maksatly önümleri öndürýän 15 kärhana girýär. Jidda, Dammam we Jubaýle şäherlerinde umumy öndürijiligi 3 mln tonna polat we polat önümleri bolan 3 metallurgiýa kärhanasy hereket edýär. Awstraliýadan getirilýän glinozýomyň hasabyna işleýän uly bolmadyk alýuminiý eredýän kärhana hem bar.

Ýurtda esasan durmuş maksatly elektrotehniki önümleri ýygnaýjy kärhanalar hereket edýär. «Mersedes» ýük maşynlaryny ýygnamak amala aşyrylýar. Şeýle-de bolsa, ýurda gerek bolan ähli maşynlar we enjamlar daşyndan getirilýär.

Saud Arabystany – dünýäde deňiz suwuny süýjedip, arassa suw öndürýän döwletleriň biridir. Hereket edýän suw süýjediji enjamlar ýurduň süýji suwa bolan isleginiň 70%-ini üpjün edýär, suw geçirijileriniň umumy uzynlygy bolsa 30 müň km-den hem geçýär.

Oba hojalygynda azyk önümleri bilen öz-özüni üpjün etmek 90% derejä ýetdi. Hökümýet oba hojalygyny, esasan-da, ösümlikçiligi ösdürmegi işjeňleşdirmek babatda-da örän uly maksatnama kabul etdi. Ol döwlet kärhanalaryny giňeltmek, şeýle-de hususy öndürijileri goldamak esasynda amala aşyrylýar. Fermerlere we daýhanlara tölegsiz karzlar berilýär, daşary ýurt tehnikalaryny, himikatlary, saýlama tohumlary satyn almak boýunça çykdajylaryň ýarysy döwletiň hasabyna tölenýär. Ýurtda 200 gektara çenli işläp bejermek üçin ýerler mugt berilýär. Hökümýet däneli ekinlere we hurma durnukly satyn

alyş bahany goldaýar. Bugdaýyň ortaça hasyllylygy 1 gektara 45 sentnere ýetýär, ýöne ony öndürmek üçin çykdajylar dünýä bazaryndaky bahadan 2 esse ýokarydyr. Şonuň üçin döwlet däne öndürilişini ýurduň özünde sarp edilişiň derejesinde çäklendirmek üçin çäreler görýär. Öri meýdanlary mugtuna däl-de, ýöne simwoliki baha boýunça paýlanylýar. Maldarlara dürli görnüşdäki tölegler, karzlar, ýeňillikler berilýär, häzirki zaman weterinariýa gullugy ýola goýlan. Döwlet merkezleşdirilen ýagdaýda daşyndan iým satyn alýar we öz hasabyna tohum mallaryň köpeldilmegini üpjün edýär.

Saud Arabystanda gadymy döwürlerden bäri dowardarçylyk, gylýalçylyk we düýedarçylyk uly ähmiýete eýedir. Soňky ýyllarda olara guşçulyk we düýeguşlary köpeltmek hem goşuldy. Gyzyl deňzi we Pars aýlagy balyga, şol sanda makrel, tunes, sardine, kefal, pelamida, omar, krab, kriwetka ýaly gymmatly senagat ähmiýetli görnüşlerine örän baýdyr. Ýöne deňiz önümleri Saud Arabystanlylaryň iýmit rasionynda häzirlikçe uly orun tutmaýar.

Saud Arabystanynda ulag ýollarynyň gür tory döredildi. Gaty örtükli awtomobil ýollarynyň uzynlygy 50 müň km, gumak ýolarynyň 105 müň km. Ýöne demir ýol ulagynyň ähmiýeti häzirlikçe uly däldir. Bu ýerde 1390 km demir ýollary hereket edýär.Ýurduň deňiz kenarlarynda 5 deňiz gämi duralgalary döredi. Soňky ýyllarda daşary ykdysady gatnaşyklarda deňiz ulagynyň ähmiýeti artýar.

Bu döwlet üçin halkara syýahatçylygynyň özboluşly görnüşi bolan Yslam dininiň Keramatly ýerlerine zyýarat etmek uly ähmiýete eýedir. Her ýylda Mekke-Medine şäherlerine Patyşalygyň özünden we beýleki musulman döwletlerden 3 mln töweregi adam barýar. Bu bolsa, döwlet gaznasyna uly girdeji getirýär.

Saud Arabystanynyň esasy söwda hyzmatdaşlary Ýaponiýa, ABŞ, Koreýa, Singapur we Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlarydyr. Ýurduň eksportynyň agramly bölegini çig nebit we nebit önümleri düzýär. Daşyndan bolsa, maşynlar we enjamlar, himiýa önümleri getirilýär.

Saud Arabystany patyşalygy bilen Türkmenistanyň arasynda işjeň ykdysady gatnaşyklary ýola goýlan. Ýangyç senagatynda we oba hojalygynda hyzmatdaşlyk ösýär. Daşary söwdanyň möçberi bolsa ýyl-ýyldan artýar.

## 5.7. Türkiýe Respublikasy. Eýran. Owganystan

Günorta-Günbatar Aziýa sebitiniň orta we gündogar böleginde ýerleşýän Türkiýe, Eýran we Owganystan köp derejede beýleki ýurtlardan tapawutlanýarlar. Olaryň taryhy-medeni we durmuş-ykdysady ösüşinde köp umumylyklar bilen bir hatarda özboluşly aýratynlyklary-da bar.

### Türkiýe Respublikasy

Türkiýe kiçi Aziýa (meýdanynyň 97%-i) we Balkan ýarymadalarynda, ortaýerdeňiz subtropiki zonada ýerleşýär. Meýdanynyň umumy möçberi 780,6 müň km$^2$ bolup, onuň esasy bölegini dag ulgamlary tutýar.

Türkiýe ilatynyň sany boýunça (77,2 mln adam) sebitde iň uly döwletdir. Soňky ýyllarda ilatyň tebigy köpelişi durgunlaşýar (ortaça ýyllyk köpelişi 1,1%). Ýurduň çäginden daşarda 3,3 mln türk milleti işleýär. Türkler ýurduň ilatynyň 80%-ini düzýär, olardan başga kürtler (10-12 mln adam), ermeniler uly milli azlyk toparyny emele getirýär. Ilatyň 99%-den gowragy yslam dininiň sünni ugruna uýýar.

Ilatyň umumy sanynda çagalar we ýetginjekler (15 ýaşa çenli) 25%-ini, garry adamlar (65 ýaşdan uly) 8%-ini tutýar.

Şäherlerde ilatyň 77%-i ýaşaýar. Ilatyň ortaça gürlügi 1 km$^2$ meýdana 99 adama barabar. Ýöne ilat territoriýa boýunça endigan ýerleşen däldir.

Türkiýede parlament we Prezident respublikasynyň sypatlary baglanyşdyrylýar. Dolandyryş-çäk taýdan 81 ile (prowinsiýa), olar bolsa 849 ilçä (okruga) bölünýär.

Ýurduň paýtagty Ankara (4,0 mln adam). Ýöne iň uly maliýe, senagat we ylym-medeni merkezi Stambuldyr (12 mln adam).

Türkiýede 80-nji ýyllardan başlap ykdysadyýeti bazar esaslaryna geçirmek, daşary ýurt maýa goýumlaryny giňden çekmek bilen eksporta nazarlaýan ösüş modeline geçmeklik amala aşyrylýar. Adaty önümçilik pudaklaryny üýtgedip gurmak çaltlandyryldy we häzirki zaman pudaklary – elektronika, awtomobil gurluşygy we başg. ösdürilýär. Döwletiň eýeçiliginde örän uly maliýe we senagat emläkleri

saklanýar. Ulaglar ulgamynda, energetikada döwlet aýgytlaýjy orny eýeleýär.

Ýurduň JIÖ-niň düzüminde oba hojalygy – 13%-ini, senagat önümçiligi – 22%-ini, hyzmatlar ulgamy – 65%-ini tutýar. Ähli ykdysady işjeň ilatyň 29,5%-i oba hojalygynda, 19%-i senagatda, 51%-i hyzmatlar sferasynda meşgullanýar.

Gazyp alma senagatynda kömür we hrom magdanlaryny çykarmak esasy orun tutýar. Ýurduň energiýa serişdelerine bolan hajatlarynyň 40%-i hususy çeşmeleriň hasabyna üpjün edilýär. Ýurtda nebitiň we tebigy gazyň daşyndan getirilmegine uly garaşlylyk saklanýar.

Senagatda işläp bejerýän senagatyň ähmiýeti uludyr. Pudagyň önümleri ýurduň eksportynyň 85%-ini üpjün edýär. Tikin we dokma, azyk – tagam senagatyň köp pudaklary (gant, konditer önümleri, ösümlik ýagy we ş.m.) eksport ugry boýunça ösdürilýär. Elektrotehnika, awtomobil, himiýa we farmasewtika pudaklary hem eksport ugra öwrülýär.

Türk ykdysadyýetiniň möhüm pudagy eksporta ýykgyn edýän gurluşyk industriýasydyr. Onuň orny GDA ýurtlarynda we Russiýada has ýokarlandy. Bu pudakda Türkiýäniň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy uly möçberlere ýetdi.

Täze industrial döwletleriň toparyna degişli Türkiýe Aziýanyň we Ýewropanyň arasynda özboluşly «köpri» bolup hyzmat edýär.

XX asyryň ortalarynda başlan Türkiýe işjeň senagatlaşdyrmak syýasatyny durmuşa geçirip başlady. Ol Ýewropa bilen hemişe ösýän söwda-senagat baglanyşygy esasynda geçýär. Gysga döwrüň içinde ýurtda agyr senagaty döredildi, ýeňil we azyk senagaty kärhanalarynda düýpli abatlaýyş işleri geçirildi, ulaglar ulgamy kämilleşdirildi. Türk hojalygynyň düzümi we zähmetiň halkara geografik bölünişindäki orny üýtgedi. Türkiýe klassyky täze industrial döwlete öwrüldi.

Ýurduň senagatynyň baş pudagy-ýeňil senagatydyr. Häzirki wagtda matalary we geýimleri (esasan-da nah mata) öndürmek uly ähmiýete eýe boldy. Matalary öndürmek üçin ýerli pagta, goýun ýüňi we täze çig mal-sintetiki süýüm peýdalanylýar.

Ýewropa geografik ýakynlygy we onuň bilen jebis ykdysady gatnaşyklar, şeýle-de ýewropada ýeňil senagatynyň ösüşiniň peselmek meýliniň artmagy Türkiýede eksporta ýykgyn edýän önümçilikleriň

ösmegini höweslendirdi. Häzirki wagtda Türkiýe Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň bu önüm görnüşleriniň importynyň 1/3 bölegini üpjün edýär.

Ýewropa ýakyn we amatly geografik ýerleşişi Türkiýäniň maşyn-gurluşygynyň çalt ösmegine hem itergi berdi, ol hem köp derejede eksporta ýykgyn edýän pudaga öwrülýär. Türkiýe ýewropa bazarlarynda durmuş elektrotehnika we elektronika önümlerini öndürmekde öňdebaryjy orny eýeleýär (mysal üçin, ýewropada satylýan telewizorlaryň 2/5 bölegi Türkiýede öndürilýär). Awtomobilleriň önümçiligi we eksporty hem çalt ösýär.

Oba hojalygy, umuman ilatyň azyk önümlerine bolan isleglerini doly kanagatlandyrýar we senagatyň çig mal esasy bolup durýar. Ekerançylykda esasy orun däneli ekinlere degişlidir. Her ýylda 19-21 mln tonna däne öndürilýär, onuň gaty görnüşleri eksport edilýär. Pagtaçylyk hem giňden ösdürilýär. Maldarçylyk we ekerançylyk hojalygy ilatyň ete, balyk we deňiz önümlerine bolan islegini doly kanagatlandyrýar, önümiň bir bölegi eksporta iberilýär.

Ulaglar ulgamy çalt ösýän pudakdyr. Ýurduň çäginde onuň esasy görnüşi awtomobil ulagydyr. Ýurduň Ortaýer deňiz kenarynda ýerleşmegi deňiz ulagynyň hem ösmegine itergi berýär. Türkiýede howa ulagy ýokary derejede ösdürilýär.

Türkmenistan bilen Türkiýäniň arasynda örän jebis ykdysady aragatnaşyklar ýola goýuldy. Iki döwletiň arasynda ykdysady, syýasy we medeni ugurlar boýunça gatnaşyklar amala aşyrylýar. Ykdysadyýetde gurluşyk ulgamynda, nebit-gaz senagatynda, dokma, elektroenergetika, himiýa pudaklarynda hyzmatdaşlyk giň gerime eýedir.

## Eýran Yslam Respublikasy

Eýran dünýäniň iň gadymy döwletleriniň biridir. Ol Pars aýlagynyň we Hazar deňziniň arasynda, 1648 müň km$^2$ meýdanda ýerleşýär. Eýran ýer üstüniň gurluşynyň we klimatynyň örän dürlüligi bilen tapawutlanýar. Meýdanynyň 4/5 bölegini daglar we tekiz daglar tutýar. Ýurduň günorta-günbatarynda esasy nebit we gaz känleri, esasy senagat merkezleri we deňiz gämi duralgalary jemlenendir. Hazar deňiz etek pesligi däne ýetişdirilýän esasy etrapdyr, merkezi sebitde işläp bejerýän senagat jemlenendir.

Eýranyň ilaty 77,4 mln adam, onuň ortaça ýyllyk ösüş bady 1,4%-e barabardyr. Ilatyň umumy sanynda ýaşy 15%-e çenli bolan çagalar we ýetginjekler 24%-e ýetýär. Eýran – köpmilletli döwletdir. Onuň ilatynyň 50%-den gowragyny parslar, 35%-e golaýyny azerbaýjan türkleri düzýär. Azerbaýjanlar ýurduň günbatar we gündogar welaýatlarynda jemlenendir. Ýurtda kürtler, türkmenler, araplar, buluçlar hem ýaşaýarlar. Ilatyň 99%-ini musulmanlar düzýär (esasan onuň şaýy ugry). Ýurduň ilatynyň 71%-e golaýy şäherlerde ýaşaýar. Tähran özüniň 13,4 mln ýaşaýjysy bilen ýurduň iň uly dolandyryş, medeni we maliýe-senagat merkezi we paýtagty hasaplanýar. Ululygy boýunça ikinji şäher uly metallurgiýa we nebithimiýa merkezi Yspyhandyr (1,3 mln adam), Tebriz (1,2 mln adam) Gündogar Azerbaýjanyň merkezi.

Konstitusiýa boýunça Eýran Yslam Respublikasynyň baştutany – ruhy ýolbaşçydyr. Ýerine ýetiriji häkimiýet bolsa Prezidente degişlidir. Dolandyryş-çäk taýdan Eýran 30 sany prowinsiýa bölünýär.

Eýranyň hökümýeti soňky ýyllarda ýurduň ykdysadyýetini ýewropa nusgasy boýunça üýtgedip gurmak boýunça uly özgertmeleri amala aşyrýar. Ýurtda senagatda we oba hojalygynda uly öňegidişikler gazanyldy. JIÖ-niň düzüminde senagat we gurluşyk 45%-ini düzýär. Ilatyň 26,5%-i senagatda, 22,3%-i bolsa oba hojalygynda meşgullanýar.

Gazyp alma senagatynda nebit çykarmak esasy pudakdyr. Eýran nebiti eksport ediji ýurtlaryň (OPEK) guramasynyň agzasydyr. Her ýylda nebitiň çykarylyşy 175-205 mln tonna barabar, şonuň 135 mln tonnasy eksport edilýär. Nebitiň esasy gazylyp alynýan sebiti ýurduň günorta-günbatarydyr. Eýran gazyň gorlary boýunça dünýäde ikinji orny eýeleýär. Gazyň çykarylyşy 110,8 mlrd $m^3$ barabardyr. Gaz esasan içerki hajatlar üçin peýdalanylýar. Elektroenergetika mazut we gaz bilen işleýän ýylylyk elektrik stansiýalaryndan durýar. Häzirki wagtda Buşerde Russiýanyň tehniki hyzmatdaşlyk etmeginde uly atom elektrik stansiýasy gurulýar.

Işläp bejerýän senagatyň möhüm pudaklary – nebithimiýa, gara metallurgiýa, dokma, azyk, maşyn-gurluşygydyr. 90-njy ýyllardan başlap eksporta ýykgyn edýän önümçilikler ösdürilýär. Gara metallurgiýa, nebithimiýa, maşyn-gurluşygy esasy eksport ähmiýetli pudaklarydyr.

Oba hojalygy ýurduň azyk önümlerine, esasan-da, däne önümlerine bolan islegini doly üpjün etmeýär. Bugdaýyň öndürilişi 2014-nji ýylda 14,6 mln tonna barabar boldy. Eýran dünýä bazaryna gury miwe we pisse çykarýan uly döwletdir. Balyk senagatynyň esasy eksport önümi Hazar deňzinden alynýan gara işbildir.

Ulaglar ulgamy ykdysadyýetiň ähmiýet berilýän ugurlarynyň biridir. Ýurduň çäginde ýük dolanyşygynyň 80%-i awtomobil ulagyna degişli. Awtomobil ýollarynyň uzynlygy 179 müň km, şonuň 121 müň km gaty örtükli ýollardyr. Eýranda deňiz ulagy hem ösendir. Ýurduň esasy deňiz duralgasy we harby-deňiz bazasy Pars aýlagynyň kenarynda ýerleşýän Bender – Abbas şäherdir.

Türkmenistanyň goňşy döwleti bolan Eýran bilen dürli ugurlardaky gatnaşyklary irki döwürlerden öz gözbaşyny alýar. Häzirki wagtda türkmen-eýran gatnaşyklary diňe medeni ugurlarda däl, eýsem, ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda uly gerime eýe boldy. Daşary söwda dolanyşygynda Eýrandan maşyn-gurluşyk, nebithimiýa, azyk we ýeňil senagatynyň önümleri, gurluşyk materiallary esasy orun tutýar. Türkmenistandan bolsa tebigy gaz, elektrik energiýasy, oba hojalyk önümleri ugradylýar.

## Owganystan Yslam döwleti

Owganystan Eýran tekiz daglygynyň gündogar bölegini eýeleýär. Umumy meýdany 655 müň km$^2$ ýurduň ilaty takmynan 31,3 mln adam. Her ýylda onuň köpelişi 2,7-3,0%-e barabar. Ýurtda emmigrasiýanyň derejesi ýokarydyr. 1979-njy ýyldan bäri 6-7 mln adam ýurdy taşlap gitdi (esasan Pakistana we Eýrana). Häzirki wagtda daşary ýurtlarda 2 mln adam ýaşaýar.

Ýurduň ilatynyň ýarysyna golaýyny (başga maglumatlar boýunça – 38%) puştunlar düzýär, olar köp derejede tire-taýpa adatlaryny saklaýarlar. Sany boýunça ikinji topary ýurduň demirgazyk we günbatar etraplarynda ýaşaýan täjikler (25%) düzýär. Hazareýler, özbekler, türkmenler, gyrgyzlar, buluçlar hem uly etniki toparlary emele getirýärler. Ilatyň 80%-i yslam dininiň sünni ugruna uýýar.

Döwlet 32 prowinsiýa bölünýär. Ýurtda 65 şäher bar. Olaryň ulylary: Kabul (2 mln adam), Mazari-Şarif, Great we Kandagar.

Owganystan dünýäniň iň garyp döwletleriniň biri bolmagyna galýar. 2014-nji ýylyň maglumatlaryna görä içerki milli girde-

ji jan başyna 2000 dollar golaý boldy. Raýatlyk gurluşy ýurduň infrastrukturasynyň, senagat kärhanalarynyň, gaz känleriniň uly böleginiň düýbünden ýok edilmegine, suwaryş desgalarynyň dargadylmagyna getirdi.

Oba hojalygy ýönekeý usullar bilen ýöredilip, onda ilatyň 80%-e golaýy meşgullanýar. Işläp bejerilýän ýerler 5,3 mln ga, şonuň 3 mln ga, suwarymly ýerler. Esasy ekini – bugdaý (ýylda 3 mln tonna öndürilýär), tehniki ekinlerden gowaça, gant şugundyry, ýag berýän ekinler ýetişdirilýär. Ýurtda miwe köp öndürilýär, olary gaýtadan işlemek ýola goýlan. Maldarçylyk ähli etraplarda ösdürilýär. Ýurduň demirgazygynda garaköli goýunlary köpeldilýär, maýda şahly mallaryň umumy sany 20 mln ýetýär.

Gazyp alma senagaty gowşak ösendir. Ýurtda az mukdarda tebigy gaz, kömür, demir, kükürt, barit, slýuda, bezeg daşlary gazylyp alynýar. Işläp bejerýän senagaty üç sany sement zawodyndan, dokma, tikin, aýakgap, azyk senagaty kärhanalaryndan, şeýle hem oba hojalyk çig malyny işleýän, haly, palas, gap-çanak ýasaýan ussahanalardan ybarat.

Owganystanda 35 müň km awtomobil ýollary bolup, onuň 3 müň km gaty örtüklidir. Ýük daşamakda häzir hem araba ulagy uly orun tutýar (ýurduň meýdanynyň 80%-ini daglar tutýar).

Ýurduň eksportynda esasan ter we guradylan miwe, garaköli, ýüň, pagta, haly, deri önümleri, gymmat bahaly daşlar agdyklyk edýär. Daşyndan getirilýän harytlaryň arasynda senagat enjamlary, gurluşyk materiallary, maşynlar, nebit önümleri, we ş.m. uly orun tutýar.

Soňky ýyllarda Owganystan neşe serişdelerini örän köp öndürýän we daşary ýurtlara çykarýan döwlete öwrüldi (2014-nji ýylda opia çig malynyň öndürilişi 4 müň tonna ýa-da dünýä önümçiliginiň 80%-ine deň boldy).

## 5.8. Merkezi Aziýa ýurtlary

**Geografik ýerleşişi we tebigy baýlyklary.** Merkezi (Orta) Aziýa adatça Türkmenistany, Özbegistany, Gyrgyzystany, Täjigistany we belli bir derejede Gazagystany girizýärler. Bu döwletleri diňe bir olaryň geografiki ýakynlygy we goňşuçylygy däl-de, eýsem,

medeni-taryhy umumylygy-da birleşdirýär. Sebitiň meýdanynyň umumy möçberi 4 mln km$^2$. Ýer üstüniň gurluşynda esasan daglar (Gyrgyzystan we Täjigistan) we giň çöller (Türkmenistan, Gazagystan we Özbegistan) agdyklyk edýär. Sebitiň ýurtlary üçin gurak kontinental klimat häsiýetlidir.

Bu ýerde işlenilýän baý nebit (Gazagystan we Türkmenistan) we tebigy gaz (Türkmenistan, Özbegistan), polimetallaryň (Gazagystan, Özbegistan), seýrek ýaýran metallaryň (Täjigistan, Gyrgyzystan), altynyň (Özbegistan) gorlarynyň dünýä ähmiýeti bardyr. Oba hojalygy sebitiň daşyna çykarylýan pagta (hemme ýurtlarda), däne we et (Gazagystan), garaköli bagana (Türkmenistan, Özbegistan), temmäki (Gyrgyzystan) öndürmeklige ýöriteleşýär.

**Ilaty.** Merkezi Aziýada demografiki ýagdaý adaty ýokary dogluşyň peselmegi, ýogalyşyň pes derejesiniň saklanmagy we umuman ilatyň umumy düzüminde ýaşlaryň agdyklyk etmegi bilen häsiýetlenýär. Merkezi Aziýada 67 mln (2014 ý) gowurak adam ýaşaýar.

Sebitiň ilatynyň tebigy köpelişiniň durgunlaşmagy diňe bir tebigy artyşyň derejesiniň az-kem peselmegi sebäpli däl-de, eýsem, sebit üçin ýokary emmigrasiýa hadysasynyň bolmagy bilen baglanyşyklydyr. Ýerli milletiň arasynda zähmet emmigrasiýasy ösendir.

Merkezi Aziýa halklary dili boýunça ýakyn bolan türk toparyna (diňe täjikler hindi-eýran toparyna girýär) degişlidir. Sebitiň halklarynyň arasynda yslam dini ýaýrandyr.

Bu sebitiň ýurtlarynda ilatyň ortaça gürlügi dürlüdir. Meselem, Gazagystanda 1 km$^2$ 6 adam, Özbegistanda – 54 adam, Türkmenistanda – 12 adam düşýär.

Merkezi Aziýa ýurtlarynyň hemmesinde diýen ýaly oba ilaty agdyklyk edýär. Täjigistanda oba ilaty 73%, Gyrgyzystanda – 64%, Özbegistanda – 60%-e barabar, Gazagystanda (55%) we Türkmenistanda (53%) bolsa şäher ilatynyň paýy ýokarydyr. Sebitiň iri şäherleri: Garaganda, Şymkent, Pawlodar, Ust-Kamenogorsk (Gazagystan), Daşkent, Samarkant, Andijan, Buhara, Fergana, Kokand (Özbegistan), Aşgabat, Türkmenbaşy, Mary, Daşoguz, Türkmenabat (Türkmenistan), Oş, Jabal-Abad, Tokmak (Gyrgyzystan), Kurgan-Tübe, Kulýab, Horog (Täjigistan).

**Hojalygy.** Ykdysadyýetiň pudaklaýyn düzüminde senagatyň we hyzmatlar sektorynyň paýy ýokarlanýar. Şeýle-de bolsa işleýänleriň 40%-den gowragy oba hojalygynda meşgullanýar. Sebitde özüniň agyr senagaty we köpdürli mineral baýlyklary bilen Gazagystan aýratyn orunda durýar. Sebitiň beýleki möhüm ýöriteleşiş pudaklary gaz (Türkmenistan, Özbegistan) we nebit (Gazagystan, Türkmenistan) çykarmak bolup durýar.

Sebitiň hojalyk toplumynda dokma senagaty öňdebaryjy orun eýeleýär. Pagtaçylygyň esasynda özboluşly agrar-industrial toplumy döredildi. Gowaça çig malynyň gaýtadan işlenilmegi pagta arassalaýjy zawodlarynda amala aşyrylýar. Olar gowaçanyň ýetişdirilýän etraplarynda ýerleşýär. Iri pagta arassalaýjy kärhanalaryň 50% töweregi Özbegistana degişli. Pagta ýagyny öndürýän ýag zawodlary bolsa iri pagtaçylyk oazislerinde ýerleşýär.

Nah matalary öndürýän kärhanalary Merkezi Aziýa ýurtlaryň paýtagtlarynda we iri senagat merkezlerinde bardyr. Sebitiň dokma senagatynda ýüpek matalary öndürmeklik wajyp orun tutýar. Ýüpek pilesini gaýtadan işleýän kärhanalar we ýüpek fabrikleri Ferganada, Margilanda, Samarkantda, Oşde, Duşanbede, Aşgabatda, Daşkentde, Türkmenabatda ýerleşýär. Şeýle-de sebitde kuwwatly energetika pudagy hem döredildi. Nebit senagaty esasan Türkmenistan döwletinde çalt ösýär. Nebiti gazyp almak boýunça işleri Özbegistanda hem alnyp barylýar. Häzirki wagtda Türkmenistanda we Özbegistanda gaz senagatyň ösüşi ýokary derejä ýetdi. Bu döwletler tebigy gazyň çykarylyşynyň möçberi boýunça GDA ýurtlarynyň arasynda Russiýadan soň ikinji we üçünji orunlary eýeleýärler.

Turbageçirijiler boýunça tebigy gaz Russiýa Federasiýasyna, Gazagystana, Gyrgyzystana, HHR-na we Eýrana iberilýär.

Sebitde iri ýylylyk we suw elektrostansiýalary guruldy. Merkezi Aziýa ýurtlarynda ilatyň jan başyna öndürilýän energiýanyň görkezijileri Eýran, Türkiýe döwletleri bilen deňeşdirilende birnäçe esse ýokarydyr. Bu babatda diňe Täjigistan yza galýar.

Sebitiň hojalyklarynyň ýöriteleşýän pudaklaryň biri – reňkli metallurgiýa (mis, gurşun, sink, alýuminiý, simap öndürmek). Himiýa senagaty oba hojalygyny mineral dökünleri we ösümlikleri gorap saklamak üçin himiki serişdeleri bilen üpjün edýär.




**11-nji surat.** Merkezi Aziýa ýurtlarynyň hojalygy

*26-njy tablisa*

**Merkizi Aziýa ýurtlary boýunça statistiki maglumatlar, 2014 ý.**

| Döwletler | Meýdany, müň km² | Ilaty, mln adam | Ilatyň tebigy artyşy, % | Ömrüň ortaça dowamlylygy, ýyl | | Iýmitiň sarp edilişi kkal/gije-gündiz | Jemi içerki önüm | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Erkekler | Aýallar | | Umumy, mlrd dollar | 1 adam başyna, doll |
| Gazagystan | 2724,9 | 17,3 | 1,5 | 67 | 73 | 2780,5 | 355,9 | 20570 |
| Özbegistan | 447,4 | 30,7 | 1,8 | 68 | 73 | 2870,5 | 163,9 | 5340 |
| Täjigistan | 143,1 | 8,3 | 2,7 | 66 | 71 | 1927,1 | 20,8 | 2500 |
| Gyrgyzystan | 199,9 | 5,8 | 2,1 | 65 | 72 | 2833,2 | 17,8 | 3070 |

**Çeşme:** Горохов С.А., Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013; 2014 WORLD POPULATION Data Sheet; INTERNET maglumatlary.

Soňky ýyllarda Merkezi Aziýa ýurtlary maşyn-gurluşygyň ösýän etrabyna öwrülýär. Maşyn-gurluşygyň öňdebaryjy pudaklaryna: oba hojalyk tehnikasyny, meliorasiýa (suwaryş) üçin maşynlary, dokma senagaty üçin zerur bolan stanoklary öndürmek degişlidir. Agyr maşyn-gurluşygy esasan Gazagystanda emele geldi. Maşyn-gurluşygyň ösüşi boýunça Merkezi Aziýa ýurtlaryň arasynda Özbegistan tapawutlanýar. Beýik Watançylyk urşunyň dowamynda bu döwletde samolýot gurluşygy döreýär. Häzirki wagtda Daşkendiň awiasiýa zawody «Il» seriýaly uçarlary öndürýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda awtomobil gurluşygy pudagy hem ösüp başlady. 1996-njy ýylda Özbegistanda «Deu» günortakoreýa korporasiýasy bilen bilelikde Andijan welaýatynda awtomobil zawody işe girizildi.

Merkezi Aziýa ýurtlarynda oba hojalygyny ýöretmegiň esasy ugry suwarymly ekerançylykdyr. Esasy tehniki ekini bolsa gowaça hasaplanýar. Oazislerde ýerleşýän suwarymly ýerleriň ýarysyndan gowragyny gowaça ekini tutýar. Pagtaçylygyň wajyp etraplary Fergana jülgesinde, Aç sähralarda, Gissar we Wahş jülgelerinde, Amyderýanyň orta we aşaky akymlarynyň boýunda, Murgap we Te-

jen oazislerinde ýerleşýärler. GDA ýurtlarynda öndürilýän pagtanyň 90%-den gowragyny Merkezi Aziýa ýurtlary berýär.

Sebitiň ýurtlarynda köp ýerleri özleşdirmek maksady bilen ýörite irrigasion işleri geçirilýär: suwaryş ulgamy, kanallar we suw howdanlar gurulýar.

Merkezi Aziýada ekerançylyk, maldarçylyk pudagyny ösdürmek bilen utgaşykly alnyp barylýar. Çöl öri meýdanlarynda garaköli bagana berýän goýunlary we düýeleri; dag öri meýdanlarynda bolsa iri şahly mallar, inçe süýümli we et-ýag ugurly goýunlary bakylýar. Garaköli bagana goýunlaryň baş sany boýunça Merkezi Aziýa ýurtlaryň arasynda Özbegistan we Türkmenistan tapawutlanýar. Oazislerde tut ýüpek gurçugyny köpeltmek işi bilen meşgullanýarlar. GDA ýurtlaryň düzüminde tut ýüpek gurçuklaryň pilesiniň ýygymynyň 50% Özbegistan döwletine düşýär. Türkmenistan sebitde öz ahalteke atlary bilen hem bellidir.

Şeýlelik-de, Merkezi Aziýa ýurtlaryň hojalyklarynyň düzümi bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde üýtgedi. Häzirki wagtda bu sebitiň ýurtlary öz ilatyny azyk önümleri bilen doly üpjün etmek we käbir öndürýän önümlerini eksport etmek ugry boýunça ösýärler.

Sebitde ulag ýollarynyň gür tory döredildi. Sebit boýunça ýükleriň köp mukdary demir ýol ulagy arkaly daşalýar. Syrderýa we Amyderýa boýunça derýa ulagyň bolsa ýerli ähmiýeti bar. Şeýle-de Türkmenbaşy – Baku deňiz parom (ýükleri daşamak boýunça gämi gatnawy) ulgamy hereket edýär. Awtomobil ulagynyň içerki etraplarda ýükleri we ýolagçylary daşamakda ähmiýeti uludyr.

Daşary ykdysady aragatnaşyklaryň geografiýasynda sebitiň ýurtlary Russiýa Federasiýasy we goňşy ýurtlary bilen jebis gatnaşyklar saklaýar. Russiýa, Gazagystan, Belorusiýa, Gyrgyzystan we Täjigistan döwletleri gümrük birleşiginiň agzalarydyr. Bu bolsa, ýükleri daşamakda bahalary peseltmäge we wagty gysgaltmaga mümkinçilik berýär.

Sebitiň ýurtlarynyň arasynda diňe Gyrgyzystan Bütindünýä söwda guramasyna girýär, bu bolsa onuň daşarky söwdasynyň giňelmegine getirýär. Türkmenistan bolsa öz bitaraplygy bilen tapawutlanýar. Bu statusa laýyklykda, ol dünýäniň, köp döwletleri, şol sanda goňşy ýurtlar bilen parahatçylykly syýasy we ykdysady aragatnaşyklary ösdürýär.

## 5.9. Merkezi Aziýa ýurtlarynyň içerki aýratynlyklary

### Gyrgyzystan Respublikasy

Gyrgyzystan sebitiň günorta-gündogar böleginde ýerleşýär. Ol köpsanly dag derýalarynyň hasabyna uly suw energiýa mümkinçiliklerine eýedir. Meýdanynyň 60%-den gowragyny öri meýdany hökmünde peýdalanmak mümkin. Örän täsin Yssyköl dag köli kesel bejeriş we syýahatçylyk merkezi hasaplanylýar.

Ýurduň ilaty 5,8 mln adam. Onuň 65%-i gyrgyzlar, galan bölegi ruslar (12,5%), özbekler (14%), ukrainler, tatarlar we beýleki milletlerdir. Tebigy köpelişiň derejesi az-kem peselýär. Ilatyň ortaça ýyllyk artyşy 1,6%-e deň.

Ýurduň uly şäherleri: Bişkek (600 müň adam), Oş, Talas, Batkent, Jalalabad, Naryn.

Gyrgyzystan döwlet gurluşy boýunça respublikadyr. Ol dolandyryş-çäk taýdan 7 oblasta we paýtagt okrugyna (Bişkek) bölünýär.

Ýurduň ykdysadyýetiniň esasy pudagy oba hojalygy JIÖ-niň 33% gymmatyny berýär. Oba hojalygynyň esasy ugry maldarçylykdyr. Ýurduň uly bölegini tutýan öri meýdanlarynda dowardarçylyk, medeni zonalarda bolsa iri şahly mallary köpeltmek, guşçulyk ösdürilýär. Ekerançylykda esasy orun ot-iýmlik ekinleri, şeýle-de tehniki ekinleri (gant şugundyry, gowaça, temmäki) ösdürip ýetişdirmek tutýar. Gyrgyzystan özüni azyklyk däne bilen doly üpjün edýär (1,7 mln tonna). Önümiň esasy bölegi (90%-i) hususy hojalyklarda öndürilýär.

Gazyp alma senagatynyň esasyny eksport ähmiýetli reňkli metal magdanlaryny, seýrek metallary (sürme, simap), altyny gazyp almak düzýär. Işläp bejerýän senagatda dokma, azyk önümlerini gaýtadan işlemek, stanoklaryň, sowadyjy enjamlaryň, elektrik dwigatelleriniň käbir görnüşlerini öndürmek esasy orun tutýar. Öndürilýän elektrik energiýanyň 90%-ini SES-ler berýär.

### Täjigistan Respublikasy

Täjigistan sebitiň iň günortasynda daglyk etraplarda ýerleşýän döwletdir. Onuň meýdany 143 müň km$^2$. Hojalykda peýdalanmaga ýurduň meýdanynyň bary-ýogy 10%-i (Fergana, Kofarnihon we

Wahş jülgeleri) degişlidir. Köpsanly we kuwwatly dag derýalary uly suw energiýa mümkinçiliklerine eýedir.

Täjigistan GDA-nyň ýurtlarynyň arasynda ilatyň tebigy artyşyň iň ýokary derejesi bilen tapawutlanýar (2,7%-e golaý). Ýurduň ilatynyň 80%-i täjikler. Ýurduň daşyna zähmet emigrasiýasy örän ýokarydyr.

Döwlet gurluşy boýunça Täjigistan Prezident respublikasydyr. Dolandyryş-çäk taýdan 2 oblasta we Daglyk Badahşan awtonom oblastyna bölünýär.

Täjigistanyň senagatynda alýuminiý öndürmek, azyk we ýeňil senagat pudaklary ösendir. Onuň esasy merkezleri Duşanbe, Horog, Kurgan – Týube şäherleridir. Elektroenergetikada suw elektrik stansiýalarynyň ähmiýeti uludyr. Ýurtdaky iň uly Nurek SES-i elektrik energiýasynyň 80%-ini berýär. Şeýle-de bolsa Täjigistan öz hajatlary üçin zerur bolan nebiti, tebigy gazy, elektrik energiýasynyň bir bölegini goňşy döwletlerden alýar.

Oba hojalygy ýurduň ykdysadyýetiniň iňňän möhüm pudagydyr. Ekerançylykda gowaça, däneli ekinleri ösdürip ýetişdirmek görnükli orun eýeleýär. Bagçylyk we gök ekerançylyk hem hojalygyň ýöriteleşiş ugurlarydyr.

Täjigistanyň daşary-ykdysady gatnaşyklarynda GDA-nyň ýurtlary, öňi bilen Russiýa, Özbegistan we Türkmenistan esasy orun eýeleýär. Türkmenistan bilen Täjigistanyň arasyndaky ykdysady we medeni gatnaşyklar ösdürilýär. Türkmenistan bu döwlete nebit önümlerini, elektrik energiýasyny iberýär.

## Özbegistan Respublikasy

Özbegistan Merkezi Aziýanyň orta böleginde ýerleşip, sebitiň ähli döwletleri bilen araçäkleşýär. Territoriýasynyň esasy bölegi (Turan pesligi) düzlükdir. Ýurduň çäginde tebigy gazyň (Gazly, Jarkar, Mubarek känleri), nebitiň (Fergana jülgesi), goňur kömrüň (Angren), altynyň, wolframyň, mis we polimetal magdanlaryň uly gorlary bar.

Özbegistanyň ilaty köp milletlidir. Onuň 80%-ini özbekler düzýär. Beýleki köpsanly milletlerden ruslar (5,5%), täjikler (5%), gazaklar (3%), garagalpaklar (2,5%), tatarlar (1,5%) ýaşaýarlar. Ilatyň 28%-ine golaýy 15 ýaşdan kiçi ýaşlardyr. Ilatyň ortaça gürlügi 1 $km^2$ 69 adam düşýär. Şäherlerde ilatyň 40%-ine golaýy ýaşaýar.

Ilatyň esasy bölegi oazislerde (Fergana, Daşkent, Samarkant) ýaşaýar. Bu ýerde 1 km$^2$ meýdana 300 adamdan hem geçýär. Gyzylgum çölünde hemişelik ýaşaýan ilat ýok. Uly şäherleri: Daşkent, Samarkant, Andijan, Buhara, Fergana, Kokant.

Döwlet gurluşy boýunça Özbegistan Prezident respublikasydyr. Dolandyryş-çäk taýdan 12 welaýata we 1 awtonom respublika (Garagalpagystan) bölünýär.

Özbegistan agrar-senagatly döwletdir. Senagatyň möhüm pudaklaryna nebit-gaz (2014-nji ýylda 62 mlrd m$^3$ gaz çykaryldy), şeýle hem altyn gazyp almak, himiýa senagaty, reňkli metallurgiýa, maşyn-gurluşygy we elektroenergetika degişlidir.

Maşyn-gurluşygy nah mata önümçiligi toplumyna hyzmat edýän pudaklardan (ýöriteleşdirilen oba hojalyk tehnikalary, dokma enjamlary) durýar. Himiýa senagaty tebigy gazy himiýa süýmüne işlemeklige we azot dökünlerini öndürmeklige esaslanýar.

Reňkli metallurgiýada (mis, wolfram, molibden, polimetallary eretmek) altyn gazyp almagyň we gaýtadan işlemegiň aýratyn ähmiýeti bar (Russiýadan soňra GDA-da 2-nji orun). 90-njy ýyllarda täze pudaklar: awtomobil («DEU» Günorta Koreýa kompaniýasy bilen bilelikde), durmuş tehnikalaryny ýygnamak, nebithimiýasy döredildi. Azyk we ýeňil senagaty hem uly orun tutýar. Gurluşyk materiallarynyň häzirki zaman önümçiligi bar.

Oba hojalygy – ykdysadyýetiniň öňdebaryjy pudagydyr. Ol jemi içerki önümiň 28%-ini berýär. Ýöriteleşiş pudagy – pagtaçylyk (GDA-da 1-nji orun). Hemme ýerlerde däneli ekinler (şol sanda şaly) ösdürilip ýetişdiriliýär. Bu ýerde ýüpek we garaköli bagana öndürmek hem uly ähmiýete eýedir. Bagçylyk giňden ýaýrandyr. Ekerançylykda ýurduň meýdanynyň 10%-i peýdalanylýar, sürülýän ýerleriň 3/4 bölegi – suwarymly ýerlerdir. Ýurtda kuwwatly suwaryş ulgamy döredildi.

Özbegistanda kämil ulaglar ulgamy döredildi. Ýük we ýolagçy dolanyşygynda demir ýol we awtomobil ulagynyň ähmiýeti has uludyr.

## 5.10. Gazagystan Respublikasy

Gazagystan meýdanynyň ululygy boýunça (2,7 mln km$^2$) dünýäniň öňdäki on döwletiniň hataryna girýär, GDA ýurtlarynyň arasynda bolsa Russiýadan soňra ikiniji orny eýeleýär. Gazagystan –

14. Sargyt №2701

unitar Prezident respublikasydyr. Paýtagty – Astana. Administratiw-dolandyryş taýdan ýurt 14 oblasta bölünýär.

Gazagystanyň Merkezi Aziýa sebitiniň demirgazygynda, kontinentiçerki ýerleşiş ýagdaýyna eýedir.

Respublikanyň klimaty kontinentaldyr. Ýanwaryň ortaça temperaturasy –19ºC-den –2ºC-ä çenli, iýulyň ortaça temperaturasy +19ºC-den +28ºC-ä ýetýär. Ýurtda tomus hemişe yssy hem gurak.

*Gazma baýlyklary.* Gazagystan dürli görnüşli gazma baýlyklara baý. Ýurtda Mendeleýewiň tablisasyndaky 118 elementden 99-sy duş gelýär. Gazagystan dünýäde sinkiň, wolframyň, baridiň gory boýunça – I; kümşüň, gurşunyň we hromidiň ätiýaçlygy boýunça – II; misiň we flýuoridiň gory boýunça – III; molibdeniň gory babatda – IV; altynyň gory boýunça – VI orunda durýar.

Soňky ýyllarda Gazagystanda geologiýa-gözleg işleriniň netijesine görä, uly ykdysady ähmiýeti bolan gazma baýlyklardan *kömrüň, nebitiň, misiň, demiriň, gurşunyň, sinkiň, hrom magdanynyň, marganesiň, altynyň* uly gorlary anyklanyldy. Bu ýerde 2009-njy ýylyň başynda WR-iň beren maglumatlaryna görä, nebitiň kesgitlenen gory 6,5 mlrd tonna barabar boldy, bu bolsa umumy dünýä gorunyň 3,2%-ini düzýär. Hazar deňziniň diňe Gazagystan bölegindäki nebit känlerinde 17 mlrd tonna nebit bar diýlip çaklanylýar.

Bu ýerde tebigy gazyň anyklanan gory 1,82 trln $m^3$, bu bolsa umumy dünýä gorunyň 1,7%-ine deňdir.

Ýurt uran magdanyna örän baýdyr, onuň anyklanan gory 1,69 mln t bolup, dünýä ätiýaçlygynyň 21%-ini düzýär.

**Ilaty.** Gazagystan Respublikasynda ilatyň sany 2014-nji ýylyň maglumatlaryna görä 17,3 mln adama ýetdi. Ýurtda ilatyň tebigy köpelişi durgunlaşdy. Onuň üçin ilatyň tebigy köpelişiniň häzirki zaman tipi häsiýetlidir. Ilatyň ortaça ýyllyk tebigy köpelişiniň görkezijisi 1,5%-e barabar. Ilatyň umumy düzüminde çagalar we ýetginjekler 25%-ini, garrylar bolsa 7%-ini tutýar.

Gazagystan – köp milletli ýurtdur, şunlukda gazaklar ýurduň ilatynyň ýarysyna golaýyny düzýärler. Olar altaý dil maşgalasynyň türk dilli toparyna degişli. Ýurduň demirgazygynda we gündogarynda ilatyň esasy bölegini ruslar we ukrainler düzýär.

Günorta we Günorta-Gündogarynda özbekler, uýgurlar uly etniki toparlary emele getirýärler.

Ýurduň çägi boýunça ilatyň ýerleşişi örän biendigandyr. Onuň demirgazyk we günorta etraplary gür ilatlaşan bolsa, merkezi böleklerinde ilat örän seýrek ýaşaýar. Ilatyň 55%-i şäherlerde ýaşaýar. Uly şäherleri: Alma-Ata (1,3 mln adam), Astana, Garaganda, Çimkent, Semipalatinsk, Pawlodar (Gyzyljar).

**Hojalygy.** Gazagystanda durmuşa geçirilen netijeli özgertmeleriň çäklerinde ýokary depginli ykdysady ösüş gazanyldy. Gazagystan Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna (GDA) girýän döwletleriň arasynda ilkinji bolup, 2001-nji ýylda ABŞ hem-de Ýewropa Bileleşigi tarapyndan bazar ykdysadyýetli ýurt hökmünde ykrar edildi. Bütindünýä bankynyň maglumatlaryna görä, Gazagystan maýa goýum babatda özüne çekiji ýurtlaryň ilkinji 20-ligine girýär.

Häzirki wagtda Gazagystanyň ykdysadyýeti durnukly ösüş depginini saklaýar. 2014-nji ýylda ykdysady ösüş depgini 7%-e barabar boldy. 20 ýylyň dowamynda umumy içerki önümiň jan başyna düşýän girdeji 14 esse köpelip, 20570 dollara ýetdi. Esasy önümçiliklere goýulýan maýa goýumynyň möçberi yzygiderli artýar.

Soňky ýyllarda badalga berlen ýurdy senagat-innowasiýa taýdan ösdürmek baradaky maksatnamanyň çäklerinde Moýnak gidroelektrik bekediniň, täze demir we gara ýollaryň gurluşygy, Amerikanyň «General Elektrik» kompaniýasynyň lizensiýa esasynda döwrebap lokomatiw we ýük teplowozlarynyň önümçiligi, Ispaniýanyň «Talgo» demir ýol wagonlaryny ýasaýan zawodyň gurulmagy, Fransiýanyň «Ýewrokopter» kompaniýasy bilen bilelikde dikuçarlaryň önümçilgi ýaly taslamalar amala aşyrylýar.

Gazagystan halkara gatnaşyklaryny ösdürmäge uly ähmiýet berýär. Häzirki wagtda Gazagystan köpsanly halkara guramalarynyň agzasydyr, hyzmatdaşlyk we integrasiýa syýasatyny işjeň durmuşa geçirýär.

Gazagystanyň JIÖ-niň 60%-i hyzmatlar ulgamynda, 30%-i senagatda we gurluşykda, diňe 10%-i oba hojalygynda döredilýär. Bu bolsa, ýurduň ykdysadyýetinde oba hojalygyň ornunyň pesdigini görkezýär. Umuman, Gazagystanyň ykdysadyýetinde mineral-çig mallary gazyp almak we eksport etmegiň ähmiýeti häzirki güne çenli

uly bolmagyna galýar. Ony ýurduň senagatynyň düzümi hem aýdyň görkezýär. Senagatyň ýöriteleşiş pudaklary:

1. Gazyp alma senagatynyň ähli pudaklary: ýangyç (nebiti, tebigy gazy, daş we goňur kömri gazyp almak), dag-magdan (GDA ýurtlarynyň arasynda hromyň gazylyp alynyşynyň 97%-i, gurşunyň 70%-i, sinkiň 50%-i, uran magdanlarynyň 40%-i onuň paýyna düşýär) we magdan-himiýa (fosforitleri we nahar duzuny gazyp almak);

2. Gara metallurgiýa. Bu pudak Temirtaudaky doly aýlawda işleýän kombinaty, Aktýubinskidäki (Aktýube) we Ýermakdaky ferrosplaw önümçiliklerini özüne birleşdirýär;

3. Reňkli metallurgiýa: misiň metallurgiýasy (Balhaş, Jezkagdan, Glubokoýe), gurşunyň we sinkiň metallurgiýasy (Leninogorsk, Çimkent we Ust-Kamenogorsk), glinozýom (alýuminiý çig maly) önümçiligi (Pawlodar);

4. Maşyn-gurluşygy, ilkinji nobatda dag-şahta enjamlaryny (Garaganda we Ust-Kamenogorsk), stanoklary (Çimkent), traktorlary (Pawlodar) we beýleki oba hojalyk tehnikalaryny (Astana we Aktýubinsk) öndürmek;

5. Himiýa senagaty: kislotalaryň we aşgarlaryň önümçiligi (Aktýubinsk, Balhaş, Çimkent, Ust-Kamenogorsk) fosfor dökünleriniň önümçiligi (Jambul we Alga), nebiti gaýtadan işlemek (Atyrau we Pawlodar), sintetiki kauçuk önümçiligi (Temirtau);

6. Azyk senagaty.

Soňky ýyllarda Gazagystanda ýeňil senagatynyň ösüş derejesi pese gaçdy.

Gazagystanyň oba hojalygyny ösdürmek üçin örän amatly tebigy şertleri, esasan-da ýer toprak, klimat baýlyklary bar. Ekerançylykda däneçilik esasy pudak hasaplanýar. Şeýle-de gowaça, gant şugundury, günebakar, kartoşka we gök-bakja ekinleri ýetişdirilýär. Maldarçylygyň, easasan-da öri meýdan dowardarçylygynyň uly ähmiýeti bar. Gazagystan et, süýt, ýumurtga, ýüň öndürmek boýunça GDA döwletleriniň arasynda görnükli orun eýeleýär.

Umuman, oba hojalygynyň ýöriteleşişi boýunça Gazagystany 3 sebite bölmek bolar: däne hojalygynyň (bugdaý, mekgejöwen, çogdary öndürmek) we inçe ýüň berýän dowardarçylygyň ösen *Demirgazyk sebiti*, et-ýüň, garaköli bagana berýän dowardarçylygyň,

düýedarçylygyň we gylýalçylygyň agdyklyk edýän Merkezi sebiti, şalyçylyga, pagtaçylyga, gök-bakja ekerançylygyna, miweçilige we üzümdarçylyga, temmäki ýetişdirmäge ýöriteleşýän Günorta sebiti.

**Ulaglar ulgamy.** Gazagystanda ulaglaryň ähli görnüşleri ösendir, ýöne ýükleri daşamakda awtomobil ulagy (ýükleriniň 80%-den gowragy) esasy orun eýeleýär. Awtomobil ýollarynyň umumy uzynlygy 90 müň km-den geçýär, şonuň 18 müň km-i döwlet ähmiýetli ýollardyr. Hazar deňzinde deňiz ulagy ösdürilýär. Esasy deňiz gämi duralgalary Aktau we Atyrau. Ýurtda 60-dan gowrak aeroport hereket edýär. Soňky ýyllarda nebit we gaz geçirijileriniň ähmiýeti artýar. Demir ýollaryň umumy uzynlygy 14 müň km-e golaý. Döwletiň çägini meridional ugur boýunça 4 sany, giňişlik ugry boýunça bolsa 3 sany demir ýol şahasy kesip geçýär. Umuman, ýurduň ulag ýollarynyň Russiýa we Merkezi Aziýa ýurtlary üçin möhüm tranzit ähmiýeti bardyr.

**Daşary ykdysady gatnaşyklary.** Gazagystanyň esasy daşary ykdysady hyzmatdaşlary Russiýa, Günbatar Ýewropa ýurtlary, Hytaý we başg. Ýurduň eksportynyň düzüminde ýangyç, çig mal (nebit we nebit önümleri, gara, reňkli metallar we olaryň magdanlary) we oba hojalyk önümleri (däne, pagta, ýüň) agdyklyk edýär. Importyň düzüminde maşynlar, enjamlar, ulag serişdeleri, ýangyç, halkyň sarp edýän harytlary we azyk önümleri uly orun tutýar.

Gazagystan bilen Türkmenistanyň arasynda özara bähbitli we goňşuçylyk gatnaşyklary pugtalanýar. Olaryň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda ýola goýuldy. Garaşsyzlyk döwründe döwletara we hökümetara derejesinde 60-dan gowrak ylalaşyga gol çekildi.

Häzirki wagtda iki ýurduň arasyndaky ykdysady-söwda gatnaşyklary sazlaşykly ösdürilýär. Bu gatnaşyklary has-da ösdürmäge mümkinçilikler bar. Döwletleriň arasyndaky söwda dolanyşygy ep-esli artdy.

Döwletleriň arasyndaky bilelikdäki taslamalaryň uly ähmiýeti bardyr. 2009-njy ýylyň dekabrynda Türkmenistan–Özbegistan–Gazagystan–Hytaý transmilli gaz geçirijisi işe başlady. Bu taslama ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ösmegine, sebitde hyzmatdaşlyk we durnuklylygyň pugtalanmagyna uly ýardam edýär.

Şeýle hem, iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklarda taryhy ähmiýeti bolan Uzen–Gyzylgaýa–Bereket–Etrek–Gürgen transmilli demir ýolunyň uly ähmiýeti bar. Ol Gazagystany, Türkmenistany we Eýrany birleşdirýär. «Demirgazyk-Günorta» transmilli koridory üç ýurduň ykdysady gatnaşyklarynyň ösmegine-de uly itergi berýär.

## 5.11. Günorta Aziýa ýurtlary

Günorta Aziýa öz şekili boýunça äpet dört burçlugy ýadyňa salýar, ol tropik çyzygy boýunça iki üçburluga-materikde ýerleşýän Demirgazyk we Hindistan ýarym adasynda ýerleşýän Günorta bölünýär.

Sebitiň düzümine Bangladeş, Butan, Hindistan, Maldiw Respublikasy, Nepal, Pakistan we Şri-Lanka döwletleri girýär. Sebitiň umumy meýdany 5,1 mln km$^2$.

Günorta Aziýa Demirgazykda we demirgazyk – günbatarda Gimalaý we Gindeguş dag ulgamlary, Eýran tekiz daglygynyň gerişleri bilen çäklenendir, gündogarda bolsa Assam – Birma daglary bilen gurşalýar. Dag ulgamlary bu etraba demirgazykdan sowuk howa akymlarynyň aralaşmagyna päsgelçilik döredýär. Günorta Aziýanyň kenarlary Hindi okeanynyň Arap deňziniň we Bengal aýlagynyň suwlary bilen ýuwulýar.

Günorta Aziýanyň tebigy baýlyklarynyň gorlary uly we köpdürlüdir, ýöne ýurtlar boýunça endigan paýlanan däldir. Baýlyklaryň esasy bölegi Hindistanda jemlenendir. Hindi – Hytaý platformasynyň çäklerinde daş kömrüň, demir we marganes magdanlarynyň, seýrek ýaýran, reňkli we gymmat bahaly metallaryň, gymmatly, ýarym gymmatly daşlaryň esasy gorlary (basseýnleri) ýerleşýär. Sebitde nebitiň we tebigy gazyň ätiýaçlyklary çäklidir. Ýöne soňky ýyllarda Hindistanyň kenar sebitlerinde nebitiň we tebigy gazyň gorlary ýüze çykaryldy.

Günorta Aziýanyň döwletleri üçin ýer baýlyklary bilen üpjünçilik meselesiniň uly ähmiýeti bardyr. Uly dag massiwleriniň, çöl we ýarym çöl giňişlikleriniň bolmagy, suw baýlyklarynyň ýetmezçiligi, musson klimat hadysalarynyň ýygy-ýygydan bolup durmagy – bularyň hemmesi sürülýän ýerleriň möçberini çäklendirýär, azyk ýetmezçiliginiň

döremegine, oba hojalygynyň gurluşyna oňaýsyz täsir edýär. Klimat şertleri, tropiki ýa-da subtropiki klimat, ýylyň bütin dowamynda ösümlikleriň wegetasiýasyny üpjün edýär we ýylda iki hatda üç gezek hasyl almaga mümkinçilik berýär. Ýöne suw baýlyklary ýeterlik däl we oba hojalygyny talaba laýyk ýöretmek suwaryş desgalarynyň we torlarynyň bolmagyna baglydyr. Sebit suwarylan ýerleriň umumy meýdany boýunça dünýäde ikinji orun eýeleýär. Süýän meýdanlaryň uly möçberine we suwaryş torlarynyň has uzyn bölegine Hindistan eýedir.

Häzirki zaman dünýäsinde Günorta Aziýanyň orny we ähmiýeti esasan onuň geografik ýerleşiş aýratynlyklary bilen kesgitlenilýär, ol şu faktorlar bilen häsiýetlendirilýär:

– Aziýa döwletleriniň we Hindi okeanynyň basseýniniň ýurtlarynyň arasynda merkezi ýerleşiş ýagdaýy;

– Ozal bitewi SSSR-iň düzümine giren Merkezi Aziýa ýurtlaryna ýakyn ýerleşişi;

– HHR bilen serhetdeş ýerleşmegi.

Günorta Aziýada içerki durmuş-ykdysady şertler çylşyrymly we köpugurlydyr. Şunuň ýaly köp milletli sebiti dünýäniň uly medeni-taryhy sebitleriniň arasyndan tapmak kyn. Esasan-da Hindistanyň we Pakistanyň ilatynyň düzümi örän çylşyrymlydyr. Diňe Bangladeşiň ilaty (98%-i bengallylar)bir milletliligi bilen tapawutlanýar.

Demografik häsiýetdäki kynçylyklar örän uly möçberlere ýetýär. Ýer şarynyň bary-ýogy 3%-i tutýan Günorta Aziýada dünýäniň ilatynyň 20%-i jemlenendir. Bu dünýäniň iň gür ilatlaşan sebitleriniň biri. Diňe soňky 10 ýylyň dowamynda Günorta Aziýanyň ilaty 200 mln adam köpeldi. Urbanizasiýanyň çalt ösýänligine garamazdan, onuň umumy derejesi sebitde ýokary däl. Şäherlerde ilatyň 30%-e golaýy ýaşaýar. Şeýle-de bolsa Hindistanda, Pakistanda we käbir beýleki ýurtlarda uly şäher aglemerasiýalary döredi.

Günorta Aziýa ýurtlarynyň ykdysady ösüş derejesi örän dürlüdir. Hindistan we Pakistan uly ykdysady görkezijilere ýetdiler, olarda häzirki zaman senagat önümçiligi, şol sanda harby senagat döredildi. Sebitiň köp ýurtlarynda senagat esasan ýeňil we azyk pudaklaryndan ybarat. Şol bir wagtda ykdysadyýetiň öňdebaryjy sektorlary hemme ýerde oba hojalygy, esasan ekarançylyk ugry bolmagyna galýar.

Hindistanyň şekil kölegesinde Günorta Aziýanyň beýleki ýurtlary birneme «ýitýärler», ýöne Pakistanyň we Bangladeşiň ilatynyň sanynyň barha artýandygyny ýatdan çykarmaly däl. Şri-Lanka çaýyň dünýä eksportunda, Bangladeşe (Hindistan ýaly) dünýä bazaryna jut we jut önümlerini çykarmakda öňdäki orunlar degişlidir. Nepal we Butan ykdysady ösüşde has yza galýarlar. Sebitiň köp ýurtlarynyň ykdysadyýetiniň esasyny oba hojalygynyň düzýänligi dowam edýär, ol ownuk daýhan hojalyklarynyň, hem-de agrotehniki çäreleriň pes derejesiniň agdyklyk etmegini häsiýetlendirilýär.

Sebitiň ýurtlary üçin möhüm walýuta çeşmesi-syýahatçylyk (Nepalda alpinizm bilen baglanyşykly) pudagydyr.

Umuman, hojalygyň ösüş derejesi we ýöriteleşişi boýunça Günorta Aziýanyň ýurtlaryny üç topara bölmek bolar:

– ösen döwletler, olarda öňdebaryjy orny eýeleýän oba hojalygy bilen bir hatarda häzirki zaman senagaty we rekreasiýa hojalygy çalt ösýär; oba hojalygynda agdyklyk ediji orny haryt önümçiligi eýeleýär (Hindistan, Pakistan, Maldiwler);

– gowşak ösen döwletler, adaty oba hojalykly, sarp ediş hojalyklaryň paýynyň has köp bolmagy bilen häsiýetlenýän we senagatyň diňe täzeden ösüp başlamagy (Bangladeş, Şri-Lanka);

– has yzagalak ýurtlar, olarda az harytly oba hojalygy agdyklyk edýär (Nepal, Butan).

Sebitiň çäginde 1697 mln adam ýaşaýar. Sebitde ilatyň tebigy köpelişiniň derejesi az-kem peselýän-de bolsa, ortaça dünýä görkezijiden ýokarydyr. 1990–2014-nji ýyllarda ilatyň ortaça ýyllyk ösüş bady 1,5%-e barabar boldy. Hindiýewropa maşgalasynyň hindi toparynyň halklary (rajystanlylar, penjaplar, bengallar, gudjiratlylar, biharlylar, assamlylar, singallar we başg.) agdyklyk edýär. Hindistanyň günortasynda – drawid maşgalasynyň halklary (tamillar, teluglar), Gimalaýlarda – Hytaý – Tibet maşgalasynyň Tibet – birma topary, Pakistanda hindiýewropa maşgalasynyň Eýran toparynyň halklary – puştunlar we buluçlar köpsanlydyr.

Hindistanda we Nepalda induizm, Pakistanda, Bangladeşda we Maldiw adalarynda – yslam, Şri-Lankada we Butanda – buddizm dinine uýýanlar agdyklyk edýär.

*27-nji tablisa*

**Günorta Aziýa ýurtlary boýunça statistiki maglumatlar, 2014 ý.**

| Döwletler | Meýdany, müň $km^2$ | Ilaty, mln adam | Ilatyň tebigy artyşy,% | Ömrüň ortaça dowamlylygy, ýyl | | Iýmitiň sarp edilişi kkal/gije-gündiz | Jemi içerki önüm | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Erkekler | Aýallar | | Umumy, mlrd dollar | 1 adam başyna, doll |
| Bangladeş | 144 | 158,5 | 1,5 | 59 | 59 | 2201,3 | 445,4 | 2810 |
| Butan | 47 | 0,7 | 1,6 | 63 | 65 | - | 2,9 | 7210 |
| Hindistan | 3288 | 1296,2 | 1,5 | 62 | 64 | 2417,3 | 6934,7 | 5350 |
| Maldiwler | 0,3 | 0,4 | 1,9 | 67 | 72 | 2298,2 | 4,0 | 9890 |
| Nepal | 140,8 | 27,1 | 1,5 | 58 | 57 | 2264,3 | 61,2 | 2260 |
| Pakistan | 796 | 194,0 | 2,0 | 63 | 63 | 2462,3 | 954,5 | 4920 |
| Şri-Lanka | 65,6 | 20,7 | 1,2 | 70 | 74 | 2411,3 | 196,0 | 9470 |

**Çeşme:** Горохов С.А., Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва,ЮНИТИ, 2013; 2014 WORLD POPULATION Data Sheet; INTERNET maglumatlary.

Sebit adamzat siwilizasiýanyň esasy ojaklarynyň biridir. Ilkinji döwletler Hindi derýasynyň basseýinde biziň eramyzdan öňki II müň ýyllykda ýüze çykypdyr. Sebitiň ýurtlary birnäçe gezek basybalyjylaryň elinde boldy. 1947-nji ýyla çenli bütin sebit Beýik Britaniýanyň koloniýasy bolupdy. 40-njy ýyllaryň ahyrlarynda we soňky ýyllarda öňki Britan koloniýalarynyň öňünde garaşsyz döwletler döredi. Sebitiň iňňän möhüm meselesi – barha ösýän garypçylykdyr. Günorta Aziýa garyplyk çäginden aşakdaky ýaşaýan ilatynyň ýarysyndan gowragy düşýär. Garaşylan ýaşyň dowamylygy – 63,4 ýaş. Uly ýaşly ilatyň 40,5%-i sowatsyz. Sebitdäki syýasy ýagdaý köp derejede sebitiň iki iň uly döwletleriniň – Hindistanyň we Pakistanyň biri-birine garşy durmagy bilen kesgitlenýär. Jammy we Kaşmyr ştaty bilen baglanyşykly çözülmedik ýer meseleleri kä halatlarda biri-birine garşy durmaga we harby dawalary geçýär. Iki döwletde hem ýadro

ýaragynyň bolmagy diňe bir Günorta Aziýanyň ýurtlary üçin milli howpsuzlyk meselesinde esasy howp bolup durýar.

Sebitiň ýurtlary bilen Türkmenistan gowy goňşuçylyky gatnaşyklary ýola goýdy. Esasan-da, Hindistan we Pakistan bilen ykdysady gatnaşyklar işjeň ösýär.

## 5.12. Hindistan

**Hindistanyň geografik ýerleşişi. Tebigy baýlyklary.** Hindistan – adamzat ýaşaýşyna ummasyz uly goşant goşan, kökleri müňlerçe ýyllara daýanýan, gadymy we özboluşly medeniýetiň ýurdudyr. Ol bakna döwletleriň arasynda ilkinjileriň biri bolup syýasy özbaşdaklyk gazandy (1947 ý). Şunlukda Beýik Britaniýanyň öňki koloniýasynyň ýerinde dini prinsip boýunça iki özbaşdak döwlet – Hindistan we Pakistan döredi (soňra onuň düzüminden garaşsyz döwlet hökmünde Bangladeş bölündi).

Hindistanyň meýdan-çägi şekili boýunça beýleki Aziýadan Gimalaýlaryň beýik diwarlary bilen örtülen ýaly, ägirt uly üçburçlugy ýadyňa salýar. Edebiýatlarda köplenç bu giň sebit Hindi kontinenti diýlip atlandyrylýar.

Hindistanyň deňiz araçäkleriniň uzynlygy gury ýeriňkiden has az-da bolsa, hut olar ýurduň ykdysady durmuşynda esasy orun eýeleýärler. Onuň kenarlary boýunça Gündogaryň we Günbataryň ýurtlary bilen aragatnaşygy giňeltmek üçin uly mümkinçilikler açýan, dünýä söwda ýoly geçýär.

Tebigy baýlyk babatda Hindistan – dünýäniň iň baý döwletleriniň biridir. Baknaçylyk döwründe oňa britan täjiniň «şamçyragy» diýip ýöne ýere aýdylmandyr. Bu ýerde jana şypa beriji klimat, ägirt uly agroklimatiki baýlyklar jemlenen. Mineral çig mallaryň käbir görnüşleriniň (demir we marganes magdany, hromitleriň, titanyň, sirkoniniň, muskowitiň) dünýä ähmiýetli gorlary bar. Kömrüň, reňkli metal magdanlarynyň, altynyň gorlaryda uludyr. Köp etraplar we kenarýaka suw giňişlikleri nebit babatda geljegi uly. Köpsanly derýalary – suwaryşyň we suw elektroenergiýanyň çeşmeleridir.

Günbatar Ýewropanyň ähli ýurtlarynyň meýdanyndan sähelçe az bolan Hindistanyň ýer baýlyklary uludyr. Musson sobtropiki we




**12-nji surat.** Hindistanyň hojalygy

tropiki klimat şertlerinde ýylylygyň köplügi meýdanynyň uly böleginde ýylda iki-üç gezek hasyl almaga mümkinçilik berýär. Ýurduň meýdanynyň 19,3%-ini tokaýlar örtýär.

Özbaşdak taryhy ösüş ýoluna düşmek bilen Hindistan köp ugurlarda uly üstünlikler gazandy. Köp pudakly senagat toplumy döredildi. «Ýaşyl rewolýusiýa» netijesinde däne önümçiligi birnäçe esse artdy, şoňa baglylykda bolsa ýurtda köpçülikleýin açlyk ýok edildi. Durmuş hyzmaty görnetin gowulandy. Şunlukda Hindistanyň durmuş-ykdysady özgerişler ýoly bilen ösmegi ykdysadyýetiň döwlet sektorynyň döredilmegi we berkidilmegi bilen berk baglanyşyklydyr.

**Ilaty.** Ýarym asyryň içinde Hindistanyň ilatynyň sany 350 mln-dan 1,2 mlrd adamdan gowrak artdy (Hytaýdan soňra dünýäde ikinji orun). Bu saglygy goraýyş ulgamyndaky oňaýly öňegidişlikleriň netijesinde ölüm-ýitimiň azalmagyna baglylykda bolup geçdi. Ilatyň çalt artmagy milli ykdysadyýet üçin goşmaça kynçylyklary döredýär. Şonuň bilen baglanyşykda Hindistanyň hökümeti dogluşy peseltmeklige gönükdirilen uly möçberli maksatnamany durmuşa geçirýär. Emma, hindi alymlarynyň hasaplamalary boýunça, ilatyň sanynyň durnuklaşmagyna diňe XXI asyryň ortalaryna garaşmak bolar. Ýurtda ilatyň ortaça ýyllyk tebigy köpelişi 1,5%-e barabar. Çagalar we ýetginjekler (15 ýaşa çenli) ilatyň 31%-ini düzýär.

Hindistan – dünýäde iň köpmilletli döwletdir. Onda dürli dil maşgalalaryna degişli köpsanly halklar ýaşaýarlar: hindiler, bengallar, biharlylar, penjaplylar we başgalar. Ýaşaýjylaryň 80%-den gowragy induizm dinine uýýanlar bolsa-da, dini düzümi çylşyrymlylygy bilen tapawutlanýar.

Öňki Britan kolonial mülkleriniň iki döwlete bölünmegi – Hindistana we Pakistana – induizme uýýanlaryň Pakistandan Hindistana, musulmanlaryň bolsa Hindistandan Pakistana köpçülikleýin göçmekligine getirdi.

Ilatyň ýerleşişinde uly tapawutlar görünýär. Eger-de Gimalaýlaryň dag eteklerinde onuň gürlügi 3-4 adam bolsa, onda Hind-Gang pesliginde ol 500 adam barabardyr. Ilatyň ortaça gürlügi 1 $km^2$ 394 adam düzýär. Gürlük näçe ýokary bolsa şonçada tebigata agram salynmagy güýçlenýär: ýaşyl boş ýerler sürülýän ýerlere öwrülýär, dag eňňitleri özleşdirilýär, batgalyklar guradylýar. Umuman, ekologik ýagdaý ýaramazlaşýar. Hindistan – gowşak urbanizlenen döwletdir (ilatyň 70%-den azragy obalarda ýaşaýar). Hindistanda hindi we iňlis dilleri resmi dilleridir. Ilatyň 81,3%-i induizm, 12%-i yslam dinine uýýar.

Ýurduň paýtagty Deli (9,8 mln adam), beýleki uly şäherleri: Mumbai (Bombeý) (11,9 mln adam), Kalkutta (11 mln), Çennai (Madras) (4,3 mln), Ahmedabad (3,5 mln), Haýdarabat (4,3 mln). Häzirki wagtda ýurduň 28 şäheriniň hersiniň ilaty 1 mln adamdan geçýär.

Ýurtda işsizleriň sany az däl, ilatyň uly bölegi garyplyk çäginden aşakda ýaşaýarlar. Bu ýerde territoriýanyň has gür ilatlaşmak meselesi örän ýiti bolup durýar.

Hindistan federatiw respublikadyr. Dolandyryş-çäk taýdan ýurt 28 ştata, 6 sany merkezi tabynlykdaky soýuz territoriýalara we 1 milli paýtagt territoriýasyna (Deli) bölünýär.

**Hojalygy.** Şu gün Hindistan – ösýän ýurtlaryň öňdebaryjylarynyň biridir. Ol bir tarapdan, oba hojalygyny we senagatyň dürli pudaklaryny çalt ösdürýän, şeýle-de durmuş hajatlary üçin zerur bolan önümler bilen öz isleglerini köp derejede üpjün edýän döwletleriň biridir.

Beýleki tarapdan oba hojalygy hindi ykdysadyýetiniň agdyklyk ediji zynjyry bolmagyna galýar. Bu pudakda ähli işçi güýjüniň 70%-e golaýy meşgullanýar, önüminiň gymmaty senagat önüminiň gymmatyndan ýokarydyr. Hindistan oba hojalyk önümçiliginiň göwrümi boýunça dünýäde üçünji ýerde durýar. Ol – dünýäde çaýyň, arahisiň, şeker çigriginiň, däneli we kösüklileriň, jutyň, käbir hoşboý ysly we tagam beriji garyndylaryň (epeldiý) has uly öndürijisidir. Şaly öndürmek boýunça ikinji orunda (Hytaýdan soňra), temmäki öndürmekde – üçünji, bugdaý we pagta süýümini öndürmekde – dördünji orunda durýar.

Sürülýän ýerler ýurduň meýdanynyň ýarysyny tutýar, suwarymly ýerler bolsa ähli ekin meýdanlarynyň 1/4 bölegini eýeleýär. Has ýokary hasylly topraklar Gangyň, Brahmaputranyň, Krişniniň, Godawariniň we beýleki derýalaryň jülgelerinde ýaýrandyr. Ol ýerlerde kuwwatly suwaryş ulgamlary döredilýär.

Ekin meýdanlarynyň esasy bölegini (85%-e çenli) azyklyk ekinleri tutýar. Eger-de şaly – baş azyklyk ekin esasan derýa jülgelerinde, Gangyň we Brahmaputranyň orta we aşak akymlarynda ekilýän bolsa, onda bugdaý – has guraksy etraplarda ösdürilip ýetişdirilýär. Onuň mekany – Gang derýasynyň ýokary akymlarydyr, bu ýerde ol emeli suwaryşda ýokary hasyl berýär. «Ýaşyl rewolýusiýanyň» çäklerinde hut bugdaýyň hasyllylygynyň artdyrylmagy bilen Hindistanyň azyk meselesini doly çözmekde uly netijeler gazandy.

Tehniki ekinler hemme ýerlerde ekilýär: şeker çiňrigi – Gangyň jülgesinde, gowaça – Dekan tekiz daglygynda we Hind-Gang derýa aralygynyň suwarymly meýdanlarynda, jut – Gangyň deltasynyň we Brahmaputranyň jülgeleriniň has çygly etraplarynda, çaý – Gündogar Hindistanyň dageteklerinde ösdürilip ýetişdirilýär.

Hindistanda 280 mln-dan gowrak iri şahly mallar bar – dünýäniň islendik döwletininkiden köp. Ýöne bu ýerde sygyr – keramatly mal, onuň etini iýmek din tarapyndan gadagan edilýär. Şeýle-de bolsa, Hindistan süýt we mal ýagyny öndürmek boýunça dünýäde 1-nji, et öndürmek we balyk tutmak boýunça bolsa 6-njy orny eýeleýär. Balykçylyk diňe bir ilaty iş bilen üpjün etmek däl, eýsem, eksoportyň hem möhüm bölegi bolup durýar.

Şu gün Hindistan agyr senagatyň agdyklyk edýän industrial döwletine öwrülýär. Ýurduň ýerastynda uly möçberde gazma baýlyklaryň bolmagy gazyp alma senagatynyň ösmegine getirdi. Bu pudak hindi eksportynyň 16%-ini berýär. Işläp bejerýän senagatda esasy pudak dokma önümçiligi bolmagyna galýar, onda 90 mln töweregi adam işleýär. Dokma senagaty ýurduň eksportynyň 1/3 bölegini berýär. Jut öndürmek boýunça ýurt dünýäde birinji orny, onuň taýýar önümlerini daşyna çykarmak boýunça bolsa ikinji orny eýeleýär. Soňky ýyllarda Hindistanda häzirki zaman himiýa (mineral dökünler önümçiligi, derman senagaty), awtomobil gurluşygy, gara we reňkli metallurgiýa uly ösüşe eýe boldy. Elektron we informasion tehnologiýa, esasan-da, programma üpjünçiligi örän çalt ösýär. Onuň önümçiligi boýunça Hindistan dünýäde ikinji orny eýeleýär.

Hindistanyň has kuwwatly senagat toplumy gündogarynda – Kalkuttadan Damodar derýasynyň jülgesiniň boýy bilen (özboluşly Rur) uzalyp gidýär. Hut şu ýerde metallurgiýanyň (Bokaro, Durgapur, Rourkela we başg.), agyr maşyn-gurluşygynyň (Çittarandjan, Rançi we başg.), himiýa senagatynyň (Sindri) has uly merkezleri ýerleşýär. Bombeý, Madras, Ahmedabad, Bengaluru we başgalar hem uly industrial merkezleridir. Ýurduň uly kärhanalarynyň birnäçesi 1980-nji ýyllarda SSSR-iň ýardam bermegi bilen guruldy (meselem, Bhilamdäki, Bokaradaky, Wisakhapatnamadaky metallurgiýa kombinatlary).

Energetika hojalygynyň esasyny kömür düzýär, her ýylda 300 mln t gowrak gazylyp alynýar. Soňky ýyllarda ýangyç balansynyň düzümi ýurduň öz çäginde çykarylyşynyň artmagynyň we daşyndan getirilişiniň giňeldilmeginiň hasabyna, nebitiň paýynyň artmagy tarapyna üýtgeýär.

Hindistan ulaglar ulgamynyň ýokary derejede ösen ýurtlarynyň hataryna girýär. Demir ýollaryň umumy uzynlygy 107 müň km, şonuň 27%-i elektrikleşdirilen. Hindistan ösýän döwletleriň arasynda iň uly

söwda flotuna eýedir (490 sany deňiz gämileri). Ýurtda 11 uly 139 ownuk deňiz gämi duralgalary hereket edýär. Hindistanyň awtomobil ýollarynyň uzunlygy 3,3 mln km, ýöne şonuň 54%-niň gaty örtügi ýokdur.

**Daşary ykdysady gatnaşyklary.** Hindistanyň daşary ykdysady gatnaşyklary, esasan-da, daşary söwda soňky ýyllarda çalt ösýär. Hindistan dünýä eksportynyň düzüminde şaly (18,6%), çaý (14,3%), hoşboý ysly we tagam beriji garyndylar (9,5%), mallar üçin iým (3,4%) we beýleki önümler boýunça görnükli orun eýeleýär. Ýurduň daşyndan ýangyç, maşyn-gurluşygynyň we himiýa senagatynyň önümleri, azyk harytlary getirilýär. Hindistanyň esasy söwda hyzmatdaşlary ABŞ, Ýaponiýa, Beýik Britaniýa, Russiýa, Gündogar we Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarydyr.

Hindistanyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy hem ösýär. Daşary söwda-da, derman we dokma senagatynda hyzmatdaşlyk edilýär. Häzirki wagtda Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisi gurulýar. Bu bolsa, biziň ýurtlarymyzyň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň has-da ösmegine itergi berer.

**Içerki aýratynlyklary.** Hindistany 4 sany ykdysady sebite bölmek bolar. *Demirgazyk sebiti* maşyn-gurluşygyna, himiýa we ýeňil senagatyna, bugdaý, gowaça, rapsa we şeker çiňňirigini öndürmäge ýöriteleşýär. Onuň ykdysady ýadrosy ýurduň paýtagty Delidir. *Günbatar sebiti* maşyn-gurluşygynyň, nebithimiýasynyň we ýeňil senagatynyň ösüşi, programma üpjünçiligi önümçiligi we kinoindustriýasy, prosa, gowaça we arahis öndürmek boýunça tapawutlanýar. *Gündogarda kömür senagatynyň*, metallurgiýanyň, agyr we ulag maşyn-gurluşygynyň, ýeňil senagatynyň ösüşi, şaly, çaý we jut önümçiligi bilen bellidir. Bu ýerde öňdebaryjy orun Kalkutta degişlidir. *Günorta sebitde* esasy orun Madras şäherine degişli bolup, bu ýerde maşyn-gurluşygy, himiýa we ýeňil senagaty ösendir, kofe, kokos palmasy, hoşboý ysly we tagam beriji garyndylar, geweýa agajy ösdürilip ýetişdirilýär.

## 5.13. Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary

**Günorta-Gündogar Aziýa dünýäniň syýasy kartasynda.** Günorta-Gündogar Aziýa Hindihytaý ýarym adasynda we Malaý arhipelagynyň adalarynda ýerleşýän ýurtlary öz içine alýar. Sebitiň

düzümine 11 döwlet girýär (*28-nji tablisa*). Möhüm deňiz ýollarynyň çatrygynda örän amatly geografik ýerleşişi, dürli tebigy baýlyklary, amatly klimaty – bularyň hemmesi kolonial döwürde ýewropalylary magnit ýaly şu ýere özüne çekdi.

Baknaçylyk bu ýurtlaryň häzirki zaman hojalygynyň durmuş we ykdysady gurluşynda görnetin yz goýdy. Ösýän dünýäniň beýleki köp sebitleri ýaly, Günorta-Gündogar Aziýa hem zähmetiň halkara meý-dan-çäk bölünişinde oba hojalyk önümlerini we mineral çig mallary dünýä bazaryna möhüm çykaryjy hökmünde çykyş edýär.

Bu sebit gadymy siwilizasiýanyň ojaklary, demografiki äpetler bolan Hytaý we Hindistan tarapyndan «gysylan» ýaly. Bu ýagdaý sebitiň ilatlaşmak, ykdysady taýdan özleşdirmek prosesinde, etniki, dini we medeni ösüşinde şöhlelenýär.

Köp wagtyň dowamynda Günorta-Gündogar Aziýanyň ýurtlary adamlaryň aňynda sosial yzagalaklygyň watany hökmünde ýaşady. Ýöne XX–XXI asyrlaryň çäklerinde olaryň käbirleri (Tailand, Malaziýa, Singapur) industrial ýurtlar (Aziýa gaplaňlary, kiçi aždarhalar) diýlip atlandyrylýan döwletlere öwrüldiler. Şunlukda bu ýurtlaryň eksportunyň 80%-i işläp bejerýän senagatyň önümleriniň paýyna düşýär (deňiz buraw platformalary, elektronika we elektrotehnika önümleri, kondisionerler, elektron komponentler, magnit diskalary we ş.m.). Bu ýurtlaryň ykdysady taýdan uly ösüş gazanmaklary uzakmöhletleýin ykdysady syýasatyň dogry saýlanyp alynmagynyň, ylmyň we tehnikanyň gazanylanlaryny çalt özüne siňdirmegiň, şeýle-de halkara alyş-çalşygynyň esasy ugurlary boýunça häzirki zaman öz öňdebaryjy ulgamlaryny döretmegiň netijesidir. Ýöne ýerli, arzan işçi güýjüni we gündogaryň halklary üçin mahsus bolan ýerine ýetirijilik tertip-nyzamyny hem ýatdan çykarmaly däl.

Günorta-Gündogar Aziýa sebitiniň klimaty yssy, ýylda ygalyň mukdary 3000 mm bolan subekwatoriýal we ekwatoriýal häsiýetli. Bu ýerde uly ýykgynçylyk güýji bolan tropiki siklonlar, taýfunlar häli-şindi bolup durýar, şeýle-de bu sebitiň seýsmiki taýdan howp-ludygy barada hem aýtmak gerek.

Günorta-Gündogar Aziýanyň uly bölegini gymmat bahaly agaç görnüşlerinden ybarat bolan tropiki tokaýlar örtýär. Gür derýa tory bar.

Günorta-Gündogar Aziýanyň çylşyrymly geologiki ösüş taryhy we häzirki zaman geologik gurluşy onuň dürli görnüşli gazma baýlyk-

larynyň uly gorlarynyň döremegine ýardam etdi. Olaryň gorlary doly öwrenilen däl, ýöne häzirki wagta çenli ýüze çykarylan känler sebitde dünýä ähmiýetli möçberlerde çig mal mümkinçilikleriniň bardygyny görkezýär. Günorta-Gündogar Aziýa nebitiň we tebigy gazyň uly gorlary (esasan, Indoneziýada, Malaziýada, Bruneýde, Tailand-da) köp derejede 200 metr çuňluga çenli bolan suw gatlaklygyny öz içine alýan kontinental şelfde jemlenendir. Köp ýerlerde hili pes bolan kömrüň uly gorlary bar. Demir magdanlary möçberi boýunça uly däl we hili pes (Filippinler, Indoneziýa, Mýanma). Merganesiň gorlary tutuşlygyna diýen ýaly Indoneziýanyň, Tailandyň we Filippinleriň çäginde jemlenendir. Wolfamyň gorlary Mýanma we Tailand-da, galaýy Indoneziýada, Tailand-da we Malaziýada köp jemlenendir.

*28-nji tablisa*

**Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary boýunça statistiki maglumatlar, 2014 ý.**

| Döwletler | Meýdany, müň km$^2$ | Ilaty, mln adam | Ilatyň tebigy artyşy,% | Ömrüň ortaça dowamlylygy, ýyl | | Iýmitiň sarp edilişi kkal/gije-gündiz | Jemi içerki önüm | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Erkekler | Aýallar | | Umumy, mlrd dollar | 1 adam başyna, doll |
| Bruneý | 5,8 | 0,4 | 1,3 | 71 | 76 | - | 27,2 | 68090 |
| Wýetnam | 331,7 | 90,7 | 1,0 | 67 | 70 | 2564,0 | 456,2 | 5030 |
| Indoneziýa | 1904,5 | 251,5 | 1,4 | 66 | 70 | 2931,1 | 2328,9 | 9260 |
| Kambodja | 181,0 | 14,8 | 1,8 | 54 | 58 | 1999,6 | 42,8 | 2890 |
| Laos | 236,8 | 6,8 | 2,0 | 52 | 55 | 2151,8 | 31,1 | 4570 |
| Malaziýa | 329,8 | 30,1 | 1,3 | 70 | 75 | 2946,5 | 676,0 | 22460 |
| Mýanma | 676,6 | 53,7 | 0,9 | 54 | 59 | 2803,0 | 82,7 | - |
| Singapur | 0,64 | 5,5 | 0,5 | 76 | 80 | - | 422,7 | 76850 |
| Tailand | 513,1 | 66,4 | 0,4 | 70 | 75 | 2411,3 | 897,1 | 13510 |
| Gündogar Timor | 14,9 | 1,2 | 2,7 | 55 | 57 | - | 7,7 | 6410 |
| Filippinler | 300,1 | 100,1 | 1,8 | 65 | 71 | 2357,1 | 782,8 | 7820 |

**Çeşme:** Горохов С.А., Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013; 2014 WORLD POPULATION Data Sheet; INTERNET maglumatlary.

15. Sargyt №2701

Günorta-Gündogar Aziýada 621 mln adam ýaşaýar. Sebit boýunça ilatyň ortaça ýyllyk köpelişi 1,3%-e barabardyr. Ilatyň köpelişiniň pes derejesi Tailanda, Wýetnamda, Singapurda, Mýanmada görünýän bolsa, tersine Bruneý, Laos, Malaziýa we Gündogar Timor, Kambodja üçin onuň ýokary derejesi häsiýetlidir.

Sebitiň ýurtlarynda esasan hytaý-tibet, taý, awstraziýa, awstraneziýa dil maşagalary ýaýrandyr.

Günorta-Gündogar Aziýanyň halklary üçin mongoloid we awstroid sypatyň utgaşmagy häsiýetlidir. Sebitiň etniki düzümi örän köpdürli – 500 töweregi halklar bolup, olaryň arasynda Hytaýdan gelip çykanlar has köp, ýewropalylar bolsa az bölegini tutýar. Sebitiň ilaty yslam, buddizime we hristiýançylyga uýýarlar.

Ykdysadyýetiň baş pudagy bolan oba hojalygynyň esasyny subtropiki ekerançylyk düzýär. Onda bütinligine şaly – baş azyklyk ekini agdyklyk edýär. Bu ekin Indoneziýada ähli işlenip bejerilýän ýerleriň ýarysyny, Filippinlerde bolsa – 90% tutýar. Günorta-Gündogar Aziýa – dünýäde iň uly şaly ekilýän sebitidir. Hemme ýerlerde kösükliler, mekgejöwen, batat, manioka ýetişdirilýär. Sebit öňden bäri hoşboý ysly we tagam beriji ekinleri (gyzyl we gara burç, imbir, wanil, gwozdika) ýetişdirmek boýunça şöhratlanýar, olaryň esasy bölegi eksport edilýär. Şeýle hem natural kauçuk (onuň dünýä önümçiliginiň ýarysyny Malaziýa berýär), kokos ýagy, kopra we abakiýiniň süýümi ýa-da manil köpürjigi (Filippinler), çaý, kofe, hin agajynyň gabygy (Indoneziýa) we ş.m. öndürilýär.

Maldarçylygyň ösüşiniň pes ýagdaýynyň belli bir derejede derýa we deňiz balykçylygy bilen öwezi dolunýar. Balyk we dürli leňňeç şekilliler indoneziýalylaryň, taýlandlylaryň, filippinlileriň iýmit rasionynda has görnükli orun eýeleýär. Sebitiň döwletleriň köpüsinde senagat ösýän döwletler üçin adaty gurluşa eýedir, onda mineral çig maly gazyp almak görnetin agdyklyk edýär: galaýy magdany (Indoneziýa), wolfram we sürme (Tailand), hrom (Filippinler) we başg.

Soňky ýyllarda sebitiň ýurtlary nebitiň gazylyp alnyşyny barha artdyrýarlar (Indoneziýa, Malaziýa, Bruneý).

Gaýtadan işleýän senagaty ösdürmekde (köp derejede daşary ýurt maýalarynyň hasabyna) Singapur, Malaziýa, Filippinler (metallurgiýa, nebiti gaýtadan işlemek, elektronika we ş.m.) has tapawut-

lanýarlar. Ulaglar ulgamynyň ösüşiniň tapawutly aýratynlygy deňiz ulagynyň udel agramynyň ýokarlygy bolup durýar, bu bolsa Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň kenarýaka we ada ýerleşişi bilen baglanyşyklydyr.

Günorta-Gündogar Aziýanyň çäginde sosialistik döwletler – Wýetnam we Laos ýerleşýärler. Olaryň arasynda umumylyk az däl. Musson klimat, ýylylygyň we çyglylygyň köplügi ýylyň bütin dowamynda tropiki we subtropiki ekinleri ösdürip ýetişdirmäge mümkinçilik berýär. Emma agrar ykdysadyýetli Laosda esasy üns häzirlikçe oba hojalygyny we tokaý hojalygyny ösdürmeklige berilýän bolsa, onda Wýetnamda industrializasiýa üçin maddy we guramaçylyk şertleri döredilýär. Döwletleriň ikisinde hem meýdan-çäk – ykdysady üzňelikleri ýeňip geçmek üçin ulaglar ulgamyny ösdürmek meselesi ýiti bolup durýar.

## 5.14. Indoneziýa

**Geografik ýerleşişi. Tebigy baýlyklary.** Indoneziýa dünýäde örän uly Malaý arhipelagynyň adalarynyň 13700-sinde we Täze Gwineýa adasynyň Günbatar böleginde ýerleşýär. Meýdany 1,9 mln km$^2$. Ilaty 251,4 mln dünýäde Hytaýdan, Hindistandan we ABŞ-dan soňra 4-nji orny eýeleýär. Indoneziýalylaryň köp bölegi uly adalaryň 5-sinde we kiçi arhipelaglaryň 30-a golaýynda ýaşaýar. Olaryň esasylary Sumatra, Klimantan, Sulawesi, Iriogn we Ýawa adalarydyr. Olarda ýurduň ilatynyň 70%-i ýaşaýar.

Ýurduň 50%-den gowrak territoriýasyny daglar tutýar. Onda 400-den gowrak wulkan ýerleşip, olaryň 100-e golaýy hereket edýär. Peslikler we düzlükler uly adalarda – Kalimantanda, Sumatrada, Ýawada, Täze Gwineýada ýerleşýär.

Peýdaly gazma baýlyklardan nebit, tebigy gaz, nikel, gurşun, boksit, mis, kömür, altyn, kümüş, gurluşyk materiallary gazylyp alynýar. Indoneziýa aýratyn hem galaýy we nikel çykarmakda dünýäde öňdäki orunlary tutýar. Tokaýlar ýurduň meýdanynyň 60%-ini tutýar.

**Ilaty.** Indoneziýa köp ilatly ýurtlaryň biridir. Ýurduň ilaty 251,5 mln adama deň. Her ýylda ilatyň ortaça tebigy köpelişi 1,4%-e ýetýär. Ilatyň umumy sanynda çagalar we ýetginjekler 29%-ini düzýär,

garry adamlar bolsa 5%-e golaý. Ilatyň ortaça gürlügi 1 $km^2$ 132 adam düşýär. Ýurduň ilatynyň 50%-den gowragy gür ilatly uly adalarda ýaşaýarlar. Şäherlerde ilatyň 50%-i ýaşaýar.

Ilatynyň 96%-ini indoneziýalylar tutýar. Olar bolsa 16 sany uly halklara we 300-e golaý etniki toparlara bölünýär (ýawalylar, sundanlylar, madurlar, malaýlylar we ş.m.). Bu ýerde hytaýlylaryň (5 mln adam) we beýleki halklaryň sany-da az däldir. Ýurtda musulmanlar 88%, protestantlar – 6%, katolikler – 3%, induslar – 2%, buddistler 1%-e deňdir.

Döwlet gurluşy boýunça Indoneziýa Prezident respublikasydyr. Dolandyryş-çäk taýdan 28 prowinsiýa we 3 aýratyn territoriýa bölünýär. Uly şäherleri: Jakarta (8,6 mln adam), Bandung, Surabaýa, Medan.

**Hojalygy.** Soňky ýyllarda Indoneziýanyň hojalygynda senagat çalt depgin bilen ösýär. Onuň paýyna Indoneziýanyň JIÖ-niň 47%-i düşýär. Senagatyň düzüminde gazyp alma pudagynyň orny uludyr. Indoneziýa nebitiň we gazyň gorlary, çykarylyşy we gaýtadan işlenişi boýunça Günorta-Gündogar Aziýada 1-nji orny eýeleýär. Gazylyp alynýan nebitiň 60%-i eksporta ugradylýar.

2014-nji ýylda ýurtda 63,3 mlrd $m^3$ tebigy gaz çykaryldy. Arun we Bontang şäherlerinde suwuklandyrylan tebigy gaz öndürýän kuwwatly kärhanalar ýerleşýär. Köpdürli gazma baýlyklarynyň gorlary uludyr we Indoneziýanyň ähli adalarynda ýerleşýär. Bu ýerde galaýy we mis konsentraty, boksitler, nikel, demir, marganes magdany, kümüş, altyn, kömür we beýlekiler gazylyp alynýar.

Işläp bejerýän senagat uly kärhanalardan (esasan metallurgiýa, himiýa, sellýuloza-kagyz, nebiti gaýtadan işleýän pudaklarda. Ýurtda umumy kuwwaty ýylda 50 mln tonna barabar bolan 6 sany nebiti gaýtadan işleýän kärhana hereket edýär) şeýle-de köpsanly orta we kiçi kärhanalardan (esasan elektron, elektrotehnika, mebel, awtomobil ýygnaýan, rezin-tehniki, dokma, tikin, aýakgap, azyk senagaty pudaklarynda) durýar. Ýurduň dürli ýerlerinde ownuk senetçilik önümçilikleri giňden ýaýran.Ýurtda gara metallurgiýa, nebiti gaýtadan işleýän, awtomobil zawodlary, uçarlary ýygnaýan, radiotehnika enjamlary, elektrik enjamlaryny, gämi, sement öndürýän, himiki dökünleri, awtomobilleriň rezin-tekerleri öndürýän kärhanalar bardyr.

Azyk we dokma senagaty ösendir. Häzirki wagtda Indoneziýa dünýäde iň köp mata öndürýän ýurtlaryň biri hökmünde tanalýar. Ýurtda birnäçe SES-ler bardyr. Bir ýylda ýurt boýunça 25 mln $m^3$ agaç önümleri taýýarlanýar, onuň bir bölegi eksporta iberilýär. Ýurt boýunça bir ýylda 1,3 mln tonna kauçuk öndürilýär.

Oba hojalygynyň esasyny ekerançylyk tutýar. Sürlüp ekilýän ýerler ýurduň meýdanynyň 8%-i tutýar. Däneli ekinlerden köp ekilýäni şaly bolup, bir ýylda 28 mln tonna golaý hasyl ýygnalýar. Şaly boýunça ýurduň ilatynyň islegi doly kanagatlandyrylýar. Beýleki däneli ekinler bugdaý, mekgejöwen we ş. m. bilen hem 1983-nji ýyldan bäri özüni üpjün etmek meselesini doly ýola goýdy. Şeýle-de zeýtun palmasy, çaý, temmäki, kofe, gant çiňrigi, pagta, burç, beýleki ýakymly ysly ösümlikler, şaly, mekgejöwen, künji we beýlekiler eksport etmekde uly orun tutýar. Indoneziýa kauçuk öndürmek boýunça-da dünýäde ikinji orny eýeleýär. Ol tropiki agaçlary öndürmek boýunça-da, eksport etmekde-de bellidir. Maldarçylykda iri şahly mallary köpeltmek, guşçulyk ösendir. Ýurt boýunça her ýylda 3 mln tonna çemesi balyk tutulýar.

**Ulaglary.** Demir ýollarynyň umumy uzynlygy 7 müň km çemesidir. Olar içerki oba hojalyk we senagatly etraplary deňziň kenarlarynda ýerleşýän deňiz gämi duralgalary, şäherleri bilen birleşdirýär. Demir ýollar Indoneziýada ilaty gatnatmakda hem-de dürli ýükleri daşamakda giňden peýdalanylýar. Aýratyn hem demir ýollaryň gür tory Ýawa adasynda ýerleşýär. Awtomobil ýollarynyň uzynlygy 120 müň km-e golaýdyr. Ulaglaryň bu görnüşiniň ähmiýeti ýyl-ýyldan artýar. Indoneziýada nebit we gaz geçirijileriň güri tory ýerleşendir.

Beýleki ýurtlar bilen Indoneziýanyň daşary ykdysady gatnaşyklary has möhüm orun eýeleýär. Ýurduň eksportynyň esasyny nebit we nebit önümleri, şeýle-de kauçuk, reňkli metallar, nah matalar tutýar. Başga-da aýakgaplary, mebeli, sementi, dürli dökünleri, polatdan taýýarlanan önümleri, aýnany we agajy köp öndürýär hem-de daşary ýurtlara çykarýar. Daşary ýurtlardan halkyň sarp edýän harytlarynyň käbir görnüşlerini, azyk önümlerini, senagat enjamlaryny satyn alýar. Indoneziýanyň daşary söwda-ykdysady aragatnaşyklarynda Ýaponiýa, ABŞ, Singapur, GFR, Niderlandiýa, Awstraliýa we beýleki ýurtlar esasy orny tutýar.

Soňky ýyllarda, aýratyn-da ýeňil senagatynda Indoneziýanyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy ösýär. Türkmenistan Indoneziýa pagta we beýleki oba hojalyk önümlerini eksport edýär.

## 5.15. Gündogar Aziýa ýurtlary

Ýaňy-ýakyndaky geçmişde hem dünýäniň «agrar çet-gyrasy» bolan Gündogar Aziýa dünýä ykdysadyýetinde kem-kemden öňdebaryjy orna çykýar. Onuň şeýle bolmagy, birinjiden JIÖ-iň göwrümi boýunça dünýäniň 2-3-nji döwletleriniň şu sebitde ýerleşmegi; ikinjiden bolsa, ýokary ykdysady ösüş badyny görkezýän täze industrial döwletleriň bolmagydyr. Häzirki wagtda dünýäniň işewürlik (ykdysady we maliýe) işjeňlik merkeziniň Atlantikanyň kenarlaryndan Ýuwaş okean Aziýa sebitine süýşmek meýili görünýär.

Gündogar Aziýa – durmuş-ykdysady ösüşiniň has köpdürlüligi bilen tapawutlanýan sebitdir. Sebitiň umumy meýdany 11,4 mln km$^2$, ilatynyň sany bolsa 1,6 mlrd adama barabar. Onuň düzümine 6 döwlet girýär. Olar biri-birinden dürli alamatlary boýunça düýpgöter tapawutlanýarlar. Onuň çäginde diňe Ýaponiýanyň – häzirki zaman dünýäsiniň ykdysady sütünleriniň biriniň – ýerleşýänligi üçin bu sebitiň dünýä hojalygyndaky ähmiýeti uludyr.

Sebitiň düzümine HHR-sy – ilatynyň sany boýunça birinji we meýdanynyň ululygy boýunça üçünji dünýä döwleti hem girýär. HHR – sosialistik döwletdir. Sebitiň bu uly döwletleri soňra ykdysady-geografik jähtden giňişleýin häsiýetlendirilýär.

Koreýa Respublikasy Aziýanyň industrial taýdan ösen döwletleriniň biridir. Özüniň geografik ýerleşişiniň amatlylygyny, arzan we ýokary hünärli işçi güýjini peýdalanmagyň, daşary ýurt maýa goýumlaryny işjeň çekmegiň hasabyna Koreýa gysga döwrüň içinde durmuş-ykdysady ösüşde uly öňegidişlikler gazandy.

Ýurduň ykdysadyýetinde gazyp alma senagaty uly orun eýelemeýär, senagat çig malynyň esasy bölegi daşary ýurtlardan getirilýär. Ýurtda kuwwatly elektroenergetika önümçiligi döredildi. Elektrik energiýasynyň 30%-ini AES-ler berýär.

Işläp bejerýän senagat Günorta Koreýanyň ykdysadyýetinde öňdebaryjy orny eýeleýär. Onuň düzüminde metallurgiýa, gämi

gurluşygy, nebithimiýa pudagy has ösendir. Soňky ýyllarda ýurduň senagatynda has çylşyrymly önümçilikler – awtomobil gurluşygy, elektronika, elektrotehnika, kommunikasiýa serişdelerini öndürmek uly ähmiýete eýe boldy. Koreýa Respublikasy daşary söwda dolanyşygy boýunça dünýäde 12-nji orna çykdy. Ol gämileri öndürmek boýunça 2-nji, ýarym geçirijileri öndürmekde 3-nji, sanly elektron enjamlaryny öndürmekde 4-nji orny eýeleýär. Koreýa awtomobilleri köp öndürýän (ýylda 3,6 mln sany) ýurtlaryň hataryna girýär.

Oba hojalygynda önüm öndürmek soňky 15 ýylyň içinde 2 esse artdy. Esasy oba hojalyk ekinleri şaly we arpa. Häzirki wagtda ýurt esasy azyklyk önümi bolan şaly bilen (4,8 mln tonna) öz-özüni doly üpjün etmegi gazandy. Tokaýlar ýurduň 64% meýdanyny tutýar. Şonuň üçin bu ýerde agaç işläp bejerýän önümçiligiň ähmiýeti uludyr. Ýöne soňky ýyllarda bu pudak esasan daşyndan getirilýän çig mal esasynda işleýär.

*29-njy tablisa*

**Gündogar Aziýa ýurtlary boýunça statistiki maglumatlar, 2014 ý.**

| Döwletler | Meýdany, müň $km^2$ | Ilaty, mln adam | Ilatyň tebigy artyşy,% | Ömrüň ortaça dowamlylygy, ýyl | | Iýmitiň sarp edilişi kkal/gije-gündiz | Jemi içerki önüm | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Erkekler | Aýallar | | Umumy, mlrd dollar | 1 adam başyna, doll |
| Hytaý | 9598,0 | 1364,1 | 0,53 | | | | 16164,6 | 11850 |
| Koreýa Halk Demokratik Respublikasy | 122,0 | 24,9 | 0,5 | 62 | 70 | | 40,0 | - |
| Koreýa Respublikasy | 99,4 | 58,4 | 0,3 | 71 | 78 | | 1952,9 | 33440 |
| Mongoliýa | 1564,1 | 2,9 | 2,3 | 63 | 67 | | 25,5 | 8810 |
| Taýwan | 36,0 | 23,4 | 0,1 | 74 | 79 | | - | - |
| Ýoponiýa | 372,8 | 127,1 | -0,2 | 79 | 86 | | 5960 | 37630 |

**Çeşme:** Горохов С.А., Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва,ЮНИТИ, 2013; 2014 WORLD POPULATION Data Sheet; INTERNET maglumatlary.

Köp pudakly senagaty we kooperirlenen oba hojalygyny döreden Koreýa Halk Demokratik Respublikasy sosialistik ösüş ýoly bilen barýar. Ýurduň ilatynyň etniki düzümi birmeňzeşdir (99%-i koreýler).

Ýurduň ykdysadyýeti merkezleşdirilen meýilnama esaslanyp ösdürilýär. Ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesi pes bolmagyna galýar. Ykdysadyýetde öz güýjüne daýanmak we berk dolandyryş-komanda ulgamyna ýykgyn edýän syýasat ýöredilýär. Ýurduň senagatynda dag-magdan önümçiligi, metallurgiýa, himiýa we gurluşyk materiallary pudaklary esasy orun tutýar.

Oba hojalygynda zähmet baýlyklarynyň 36%-i meşgullanýar. Pudagyň esasyny däne (esasan şaly we mekgejöwen) öndürmek tutýar. Ýurduň ekin meýdanlarynyň 70%-i suwarymly ekerançylykda peýdalanylýar. Oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygy ýokary däldir. Ýurduň ulaglar ulgamy hem gowşak ösendir.

Mongoliýa entek orta dünýä ykdysady görkezijilere ýetmeýär. Ýöne bu döwlet hem uly möçberli durmuş-ykdysady özgerişleri geçirýär.

Ykdysadyýetiniň düzüminde oba hojalygy we gazyp alma senagaty agdyklyk edýär. Mongoliýa daş we kokslanýan kömrüň, reňkli metallaryň, altynyň, demir magdanynyň, fosforitleriň baý gorlaryna eýedir. Ýüňi gaýtadan işleýän, dokma, azyk pudaklary hem ösdürilýär. Olaryň paýyna işläp bejerýän senagatyň önüminiň 90%-i düşýär.

Mongoliýada oba hojalygynda geçirilýän özgertmeler maldarçylykda we ekerançylykda belli bir derejede ösüşleri gazanmaga ýardam etdi. Mallaryň baş sany 38 mln-a ýetdi.

Taýwan möhüm söwda ýollarynyň ugrunda örän amatly ykdysady-geografik ýerleşişe eýedir. HHR ony öz aýrylmaz bölegi hasap edýär, ýöne Taýwan özbaşdak döwlet hökmünde hereket edýär. Halkara bileleşigi Taýwany resmi taýdan Hytaýyň bölegi hökmünde ykrar edýär. Bu ýerde 23,4 mln adam ýaşaýar. Ol industrial taýdan ösen döwletleriň hatarynda durýar. 2014-nji ýylda jan başyna düşýän milli girdeji 23,2 müň ABŞ-nyň dollaryna barabar boldy.

Soňky ýyllarda bu ýerde ýöredilýän ykdysady syýasat işläp bejerýän senagaty, esasan-da köp maýa goýum talap edýän tehniki önümçilikleri ösdürmäge gönükdirilen. Senagatyň möhüm pudaklary, maşyn-gurluşygy (elektronika, gämi gurluşygy), metal işläp bejerýän,

nebithimiýa, dokma we azyk senagatydyr. Dünýäde öndürülýän ykjam kompýuterleriň 53%-i we adaty kompýuterleriň bolsa 25%-i Taýwanyň paýyna düşýär.

## 5.16. Ýaponiýa

**Geografiki ýerleşişi.** Meýdanynyň ululygy boýunça Ýaponiýa Günbatar Ýewropanyň has uly ýurtlary we ABŞ-nyň ştatlary bilen deňeşdirilýär. Ýöne düzümi we şekili boýunça olardan düýpgöter tapawutlanýar. Ýaponiýa – arhipelag-ýurt, dört sany uly we takmynan 4 müň ownuk adalarda ýerleşýär. Bu bitewi adalar dünýäsidir. Ýaponiýa kenarýakasynyň uzynlygy boýunça (30 müň km) ABŞ ýaly uly ýurtdan hem öňe geçýär.

Ýaponiýanyň ykdysady-geografik ýerleşişi öňi bilen onuň ýerleşýän adalar toplumynyň Ýewraziýa materiginiň we Ýuwaş okeanynyň çatrygynda 3,5 müň km-e uzalyp gidýänligi we Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň merkezinde ýerleşýänligi bilen kesgitlenilýär. Bu bolsa, ýurduň zähmetiň halkara geografik bölünişine işjeň gatnaşmagy üçin uly mümkinçilikler açýar.

Ýaponiýa mineral gazma baýlyklaryna garypdyr (kömrüň, altynyň, misiň we kükürdiň uly bolmadyk gorlary bar), ýöne ýylylygyň we çyglylygyň bolmagy Günorta Ýaponiýanyň subtropik we tropik etraplarynda ýylda iki hasyl almaga (şaly we gök önümler) mümkinçilik berýär. Ýurduň çäginiň tas 2/3 bölegini tutýan tokaýlar aýratyn ähmiýete eýedir. Köpsanly çalt akýan, uzyn bolmadyk derýalar gämi gatnawy üçin ýaramly däl, ýöne energiýa almagyň we ekerançylyk meýdanlaryny suwarmak üçin çeşme bolup hyzmat edýär. Ýaponiýanyň kenarlaryny ýuwýan deňizleriň faunasy köp görnüşli we baýdyr.

**Ilaty.** Ilatynyň sany boýunça (127,1 mln adam) Ýaponiýa dünýäniň ilkinji onlugyna girýär. Ýöne ýurtda çylşyrymly demografiki ýagdaý saklanýar. Ilatyň tebigy köpelişi görünmeýär, tersine tebigy kemeliş duýulýar (ortaça ýyllyk görkeziji – 0,2%). Ýaponiýa üçin uly meseleleriň biri 65 ýaşdan ulularyň paýynyň artmagydyr (ähli ilatyň 26%-i). Bu ýurtda ilatyň ömrüniň ortaça dowamlylygy dünýäde iň ýokary görkezijilere eýedir (erkekler üçin 80 ýaş, aýallar üçin bolsa 86 ýaş).

Ýurduň ilaty birmilletliligi bilen tapawutlanýar, onuň 98% gowragyny ýaponlar tutýar. Beýleki halklardan koreýleriň we hytaýlylaryň sany ýokarydyr.

Territoriýa boýunça ilat endigan ýerleşen däldir. Ýokary orta gürlüge (1 $km^2$ 336 adam) garamazdan, käbir sebitler bu görkeziji boýunça dünýäniň iň gür ilatlaşan etraplary bilen deňeşdirerlikdir (ýuwaş okean kenarýaka sebitlerinde bu ýerde ýurduň ilatynyň 2/3 bölegi ýaşaýar).

Ýaponlaryň tas 4/5 bölegi – şäher ilatydyr. 11 şäheriň hersiniň ilaty 1 mln geçýär. Uly şäher aglomerasiýasy – Keýhinde (Tokio-Iokogama) 25 mln adam 150 şäherde ýaşaýar. Beýleki iki uly aglomerasiýalar – Hansin (Osaka-Kobe-Kioto) we Týuke (Nagoýa we başgalar), şeýle hem olaryň aralygynda ýerleşen Keýhin aglomerasiýasynyň şäherleri bilen bilelikde bir bitewi ulgama – Tokio megapolisine (Tokaýdo) birleşýärler. Onuň ilatynyň umumy sany – 60 mln adamdan gowrak.

**Hojalygy.** 1950-nji ýyllardan başlap, tas çärýek asyryň dowamynda ýapon ykdysadyýeti üçin ösüşiň ýokary depgini häsiýetli boldy. Gysga wagtyň dowamynda ýurt ylymda, tehnikada, bilimde, senagatda we söwda-da uly öňegidişlikler görkezip uly ýoly geçmegi başardy. Ýaponiýa baş dünýä kreditoryna (karz beriji ýurda) öwrüldi. Ýurduň ykdysadyýetinde hil özgermeleri geçirildi, industrial ösüşden soňky jemgyýetiň esaslary döredildi.

Ýaponiýanyň senagaty ilkibaşda ewolýusion ýol bilen ösdi. Import çig malynyň hasabyna energetika, metallurgiýa, awtomobil we gämi gurluşygy, himiýa, nebithimiýa ýaly esas dörediji pudaklary umuman, täzeden döredildi. Olaryň hemmesi tehnikanyň we tehnologiýanyň iň täze gazananlaryny hasaba almak bilen döredi.

70-nji ýyllaryň ortasynda energetik we çig mal çökgünliginden soňra, senagatda rewolýusion ösüş ýoly agdyklyk edip başlady.

Ýurt import ýangyçdan we çig mala garaşly energiýany we metaly köp talap edýän önümçilikleriň ösüşini durgunlaşdyrmaga we iň täze, ylmy talap edýän pudaklary ösdürmäge ýykgyn edip başlady. Ol elektronika, rabototehnika, biotehnologiýa pudaklarynda öňdebaryja öwrüldi, energiýanyň adaty däl çeşmelerini peýdalanmaga başlady.

Ýaponiýa ösen ýurtlaryň arasynda ylma edilýän çykdajylaryň paýy boýunça birinji ýeri eýeleýär, ylmy işgärleriň sany boýunça bol-

sa GFR, Beýik Britaniýa we Fransiýany bilelikde alanyňdakydan hem artykdyr.

Ýaponiýanyň energetikasy esasan daşyndan getirilýän çig mala ýykgyn edýär (esasan nebit we nebit önümleri). Sarp edilişde kömrüň paýy azalyp, tebigy gazyň möçberi artýar (suwuklandyrylan görnüşde import edilýär).

Ýaponiýanyň kuwwatly elektroenergetika pudagy bar. Kuwwatlyklaryň 60%-den gowragy ýylylyk elektrostansiýalaryň (ÝES) paýyna düşýär. Olaryň iň ululary 4 mln kWt/s ýetýär.

Häzirki wagtda import çig malynda 20-den gowrak AES işleýär (40 energobloklar). Olar elektrik energiýasynyň 30%-ini berýär. Ýurtda dünýäde iň kuwwatly AES guruldy (şol sanda Fukusimada – 10 energoblok hereket edýär).

GES-yň kuwwatlylygy uly däldir we kaskadlar görnüşinde dag derýalarynda ýerleşýärler. Suw elektrik stansiýalarynda elektrik energiýasyny öndürmek boýunça Ýaponiýa dünýäde 5-nji orny eýeleýär. Geljekde energiýanyň alternatiw çeşmeleriniň ähmiýeti artar: gün, geotermal, ýel daşgyn we gaýtgyn energiýasy we ş.m.

*Metallurgiýa* Ýaponiýada häzirki günde hem öz önümçilik we eksport potensialyny saklaýar. Kärhanalaryň durky täzelenýär, täze tehnologiýalar ornaşdyrylýar. 2000-nji ýylda poladyň eredilişiniň möçberi boýunça (100 mln t). Ýaponiýa ABŞ-dan we Russiýadan öňe geçip birinji ýeri eýeledi. Ýöne 2005-nji ýyldan bäri dünýä öňdebaryjysy Hytaý boldy. Şeýle-de bolsa gara metallaryň dünýä bazarynda Ýaponiýanyň paýy 23%-e barabardyr.

Osaki we Tokio şäherleriniň golaýyndaky metallurgiýa kärhanalarynyň (sarp edilişiň uly merkezlerine ýykgyn edýän) uly ähmiýeti bardyr.

Hokkaýdo-da metallurgiýa kombinaty ýerli demir magdanyny, Kýusýu adasynyň demirgazygynda bolsa (Kitakýusýu şäheri) ýerli kömri peýdalanýar.

Şeýle-de bolsa Ýaponiýanyň gara metalurgiýasy häzirki wagtda bütinleýin diýen ýaly daşyndan getirilýän çig malda we ýangyçda işleýär. Demir magdany Awstraliýadan we Braziliýadan, ýangyjy bolsa – Ýakyn Gündogaryň ýurtlaryndan getirilýär.

Reňkli metallaryň önümçiligi çig maly we energiýany köp talap edýän önümçilikler bolup, «ekologiki taýdan hapa» pudaklara




**13-nji surat.** Ýaponiýanyň hojalygy

degişlidir, şonuň üçin pudakda düýpli özgerdiş işleri geçirildi. Diňe soňky 10 ýyllykda reňkli metallaryň ilkinji eredilişi 20 esse azaldy. Guýma zawodlary bolsa ähli senagat merkezlerinde ýerleşýär.

Ýaponiýanyň maşyn-gurluşygy özüne köpsanly pudaklary birleşdirýär (gämi gurluşygy, awtomobil gurluşygy, umumy maşyn-gurluşygy, pribor gurluşygy, radioelektronika, awiasiýa-kosmos se-

nagaty). Ýöne esasy, baş pudaklara elektronika we elektrotehnika, radioelektronika we ulag maşyn-gurluşygy girýär.

Gämi gurluşygy uly ýük göteriji tankerleri we gury ýük göterijileri gurmaklyga ýöriteleşýär. Ýaponiýada gurlan gämileriň umumy ýük göterijiligi umumydünýä möçberiniň 40%-ine ýetýär. Gämi gurluşygy boýunça Ýaponiýa dünýäde ynamly birinji orny eýeleýär. Gämi gurluşyk we gämi abatlaýyş zawodlary ýurduň hemme ýerlerinde bar, ýöne esasy merkezleri uly deňiz gämi duralgalarynda ýerleşýär (Iokogama, Nagasaki, Kobe).

Awtomobilleriň goýberilişi boýunça Ýaponiýa soňky ýyllarda dünýäde birinji orny eýeleýär (ýylda 13 mln sany). Pudagyň önümi ýapon eksportynyň 20%-ini düzýär. Pudagyň möhüm merkezleri – Taýota (Nagasaki etraby) Iokogama, Herosima we başg.

Umumy maşyn-gurluşygynyň esasy kärhanalary Ýuwaş okean senagat guşaklygynyň çäginde ýerleşýär: Tokio sebitinde – çylşyrymly stanok gurluşygy, senagat robotlary; Osako sebitinde metally köp talap edýän enjamlar (gara metallurgiýa merkezleriniň golaýynda); Nogaýo etrabynda stanok gurluşygy, senagatyň beýleki pudaklary üçin enjamlary öndürmek.

Radioelektronika we elektrotehnika senagatynyň kärhanalary ýokary hünärli işçi güýji, gowy ösen ulaglar ulgamy, ösen ylmy-tehniki bazasy bolan senagat merkezlerine ýykgyn edýär. Häzirki wagtda Ýaponiýanyň paýyna senagat robotlarynyň önümçiliginiň 60%-i, stanoklaryň 1/2 bölegi, arassa keramiki önümleriniň 50%, mikropressorlaryň dürli görnüşleriniň 60-dan 90%-e çenli önümçiligi düşýär. Ýaponiýa durmuş-elektrotehnika we elektron enjamlarynyň önümçiliginde dünýäde öňdebaryjy orny saklaýar. Reňkli telewizorlaryň dünýä önümçiliginde Ýapon kompaniýalaryna daşary ýurtlardaky kärhanalarynda önümçiligini hasaba almak bilen) paýy 60%, wideomagnitafonlaryň 90%-e ýetýär.

Ylmy köp sarp ediji pudaklaryň önümleri Ýaponiýanyň ähli senagat önüminiň möçberiniň 15% töweregini tutýar, bütin maşyn--gurluşygy önümleriniň bolsa 40% töweregi.

Nebiti gaýtadan işleýän kärhanalar, şeýle hem himiýa senagaty Ýuwaş okean senagat guşaklygynyň esasy merkezlerine ýykgyn edýär. Tokio aglomerasiýasynda (Kawasaki, Tiba, Iokogama), Osa-

ki etrabynda (Himedzi) we Nagoýada kärhanalar daşyndan getirilýän çig malyny peýdalanýarlar. Himiýa senagatynyň ösüş derejesi boýunça Ýaponiýa dünýäde birinji orunlarynyň birini eýeleýär.

Ýaponiýada şeýle hem sellýuloza – kagyz senagaty ösendir. Ýeňil we azyk senagatlary hem möhüm ähmiýetini saklaýarlar. Köne pudaklaryň hataryna dokma senagaty girýär. Ýöne ýeňil senagatynyň zähmeti köp talap edýän önümçilikleriniň köp görnüşleri boýunça ösýän ýurtlar tarapyndan bäsleşik artýar (şol ýurtlarda arzan işçi güýjüniň hasabyna).

*Oba hojalygynda* Ýaponiýanyň ykdysady taýdan işjeň ilatynyň 3%-i meşgullanýar, ýurduň içerki milli önüminde onuň paýy bolsa 2% töweregidir. Ýapon oba hojalygy üçin zähmetiň we ýeriň öndürijiliginiň, ekinleriň hasyllylygynyň we mallaryň önümliliginiň ýokary derejesi häsiýetlidir.

Oba hojalygy, esasan, azyklyk ugry boýunça ösýär. Ekerançylyk önümiň esasy bölegini (70% töweregi) berýär, ýöne onuň udel agramy peselýär. Döwlet iýmlik we tehniki ekinleri daşyndan getirmäge mejbur bolýar. Öri meýdanlary ýurduň meýdanynyň bary-ýogy 1,6%-i tutýar. Maldarçylygyň täze intensiw pudaklary (broýler önümçiligi we ş.m.) ösdürilýär.

Işlenip bejerilýän ýerlere ýurduň meýdanynyň 13%-i degişlidir. Ýöne Ýaponiýanyň birnäçe etraplarynda ýylda 2-3 hasyl almak mümkin. Ýurduň ýer gorunda işlenilip bejerilýän ýerler az möçberi tutýanlygyna garamazdan, Ýaponiýa azyk önümlerine öz islegini, esasan, hususy önümçiliginiň hasabyna üpjün edýär (70% töweregi). Şaly, gök önüm, et, guş eti, doňuz eti, miwelere isleg doly diýen ýaly kanagatlandyrylýar. Emma ýurt şekeri, mekgejöweni, pagtany, ýüňi daşyndan getirmeli bolýar.

Ýaponiýanyň oba hojalygy üçin ownuk ýerden peýdalanyjylaryň (0,5-1,0 ga) agdyklyk etmegi häsiýetlidir. Hojalyklaryň köpüsi – ownuk harytlyk häsiýetindedir. Has uly hojalyklar maldarçylyk bilen meşgul bolýarlar. Hususy hojalyklardan başga-da şereketler we önümçilik kooperatiwleri hereket edýär.

Ähli adalaryň kenarýaka peslikleri, şol sanda Ýuwaş okean senagat guşaklygynda hem, esasy oba hojalyk etraplarydyr, bu ýerlerde şaly, gök önüm, çaý, temmäki ösdürilip ýetişdirilýär. Şeýle

hem maldarçylyk intensiw ösdürilýär. Ähli uly düzlüklerde, uly aglomerasiýalaryň şäher eteklerinden guşçulyk we doňuzdarçylyk fermalary ýaýrandyr.

Kenarýaka sebitlerinde balykçylyk ösendir. Çet gyraky oba hojalyk etraplarda şaly we beýleki ekinler ösdürilip ýetişdirilýär, iri şahly mallar köpeldilýär. Kusýu we Sikoku adalarynda subtropiki ekinler ekilýär.

Ilatyň iýmitlenmegi üçin balygy we beýleki deňiz önümleriniň uly ähmiýeti bardyr. Ýaponiýa iň uly balykçylyk gämi toplumyna eýedir (400 müňden gowrak gämiler) we Dünýä okeanynyň ähli ýerinde balyk tutmaklygy alyp barýar. Balyk we deňiz önümlerini tutmak boýunça Ýaponiýa we Hytaý dünýä öňdebaryjylarydyr.

**Ulaglar ulgamy.** Ýük daşalyşynyň göwrümi boýunça Ýaponiýada awtomobil ulagy birinji orny eýeleýär (60%), ikinji ýerde – deňiz kobotaž ýük daşalmagydyr. Söwda flotynyň ýük göterijiligi boýunça ýurt dünýäde ilkinji orunlarynyň birini eýeleýär.

Ýaponiýada ýokary tizlikli awtomagistrallaryň gür tory döredildi. Tünnelleriň, köprüleriň üsti bilen hemme adalar özara baglanyşyklydyr. Ýuwaş okean senagat guşaklygynyň üstünden geçýän bu ulag toruny kämilleşdirmek elektron – hasaplaýyş tehnikalaryň ornaşdyrmak arkaly amala aşyrylýar.

Esasy daşary söwda ýükleri demirýol ulagy bilen daşalýar. Ýurtda onlarça deňiz gämi duralgalary hereket edýär. Esasy daşary söwda deňiz gämi duralgalary: Tokio aýlygynda – Iokogama, Tiba, Kowasaki; Osaka aýlagynda – Osaka, Kobe, Isenoumi aýlagynda – Nagoýa. Nebit, gara metallurgiýa üçin çig mal, agaç we azyk önümleri getirilýär. Soňky ýyllarda daşary söwda ulag aragatnaşyklarynda howa ulagynyň ähmiýeti-de artýar.

**Daşary ykdysady gatnaştyklary.** Ýaponiýa – dünýäniň uly söwda ýurtlarynyň biridir. Onuň hojalygy köp derejede daşyndan getirilýän ýangyjyň we senagat çig malyna garaşlydyr.

Senagat önümleriniň eksportynda (gymmaty boýunça) 64% maşynlara we enjamlara degişlidir. Ýaponiýanyň daşary söwdasy hemişe artýar (2014-nji ýylda 820 mlrd dollar bolup ABŞ-dan, Hytaýdan we GFR-den soňra dördünji ýerde). Ýaponiýanyň esasy söwda hyzmatdaşlary ykdysady taýdan ösen döwletlerdir, ilkinji no-

batda ABŞ (30% – eksport, 25% – import), GFR, Awstraliýa, Kanada. Uly söwda hyzmatdaşlaryna Günorta Koreýa we Hytaý hem girýär.

Içerki aýratynlyklary resmi taýdan Ýaponiýa 10 ykdysady etraba bölünýär, ýöne ony ululygy, ilatynyň aýratynlyklary, hojalygynyň ýöriteleşişi we ykdysady ösüşiniň derejesi boýunça 3 sany uly ykdysady sebite bölmek hem bolar.

*Merkezi sebit* – Honsýu adasynyň orta bölegini eýeleýär we Ýuwaş okean senagat guşaklygynyň esasy bölegini öz içine alýar. Bu ýerde ilatynyň 2/3 bölegi ýaşaýar, ýurduň iň uly megalopolisi – Tokaýda ýerleşýär. Sebitde ýurduň senagat önüminiň 3/4 bölegi, oba hojalyk önümleriniň 2/5 bölegi öndürilýär, önümçilik däl sferanyň esasy bölegi jemlenendir. Sebitiň ýöriteleşiş pudaklary energiýa, gara we reňkli metallurgiýa, ulag we takyk maşyn-gurluşygy, himiýa we ýeňil senagaty, şaly, bugdaý, arpa, kösüklileri ösdürip ýetişdirmek, süýt berýän maldarçylyk we balykçylykdyr. Bu ýerde ýurduň esasy ulag, maliýe, ylym, bilim we medeni merkezleri (Tokiýo, Iokogama, Iokasuka, Nagoýa, Kiota, Osaka) ýerleşýär.

*Günorta-Günbatar sebit* özüne Honsýu adasynyň günorta-günbatar bölegini we Kýusýu, Sikoku we Rýukýu adalaryny birleşdirýär. Sebit ýurduň senagat önüminiň 1/5 bölegini, oba hojalyk önümleriniň 1/3 bölegini öndürýär. Sebitiň hojalygy gara metallurgiýa, gämi gurluşygyna, elektronika, şaly, kösükli ekinleri, sitruslary, miweleri, çaý, temmäki önümçiligine, balykçylyga we marikultura ýöriteleşýär. Onuň uly ykdysady merkezlerine Kitakýusýu we Fukuoka degişlidir.

*Demirgazygyň sebiti* – Ýaponiýanyň iň yzaglak bölegidir – Hokkaýda adasyny we Honsýu adasynyň demirgazyk bölegini eýeleýär. Demirgazyk sebiti seýrek ilatlaşandyr. Onuň ykdysadyýetinde aýratyn orny gazyp alma (kömür we dag magdan) senagaty, gara we reňkli metallurgiýa, tokaý we azyk senagatlary, şaly, kösüklileri, gant şugundyryny ýetişdirmek we balykçylyk eýeleýär. Demirgazygyň gowy ekologiki ýagdaýy bilen tapawutlanýan, daglyk we kenarýaka etraplary Ýaponlaryň gowy görýän syýahatçylyk we dynç alyş ýerleridir. Sebit ýurduň senagat önüminiň 1/20 bölegini, oba hojalyk önüminiň bolsa 1/3 bölegini öndürýär. Demirgazygyň baş ykdysady merkezi Sapporo şäheridir.

## 5.17. Hytaý Halk Respublikasy

**Geografiki ýerleşişi.** Hytaý Halk Respublikasy – dünýäde meýdanynyň ululygy boýunça üçünji döwletdir. Günbatardan gündogara ýurt 5,7 müň km, demirgazykdan-günorta bolsa 3,7 müň km uzalýar. Hytaýyň gury ýer araçäkleri (21,5 müň km) deňiz araçäklerinden uzyndyr (15 müň km). Ýöne olar uly böleginde barmasy kyn bolan tebigy çäklerden geçýär. Daşary ykdysady aragatnaşyklar üçin esasan Sary, Gündogar Hytaý we Günorta Hytaý deňizlerinde çykalgalar ulanylýar. Içerki etraplardan deňze çykalgany Ýanszy boýunça derýa ýoly üpjün edýär.

Dolandyryş-çäk taýdan Hytaý 23 prowinsiýa bölünýär. Olaryň käbirlerinde ilatyň sany Ýewropanyň iň uly döwletleriniň ilatyndan hem köpdür. Şeýle hem Hytaýyň çäginde 5 awtonom etrap we dört merkezi tabynlykdaky şäherler– Şanhaý, Pekin, Týanszin we Çunsin bar.

1997-nji ýylda uzakmöhletleýin kärendesinden soňra Beýik Britaniýa Hytaýa Aziýadaky öz soňky mülküni, uly bolmadyk, ýöne örän möhüm syýasy, söwda-ykdysady we maliýe taýdan ösen ýerini, Gonkongy gaýtaryp berdi. Sýangan (hytaýlylar – Gonkogi şeýle atlandyrýarlar) 50 ýylyň dowamynda onuň aýratyn statusyny saklamak bilen HHR düzüminde ýörite dolandyryş etraby diýlip yglan edildi.

1999-njy ýylyň ahyrynda Hytaýyň ygtyýaryna Aomyn – ýurduň günortasyndaky öňki portugal kollonial imperiýasynyň soňky bölegi bolan ýene-de bir uly bolmadyk meýdan çäk geçdi.

Ýurduň territoriýasynyň örän uly çäklerde ýerleşmegi onuň tebigy şertleriniň dürli bolmagyny kesgitleýär: bu ýerde örän uly peslikleri (Beýik Hytaý düzlügi) we dünýäde iň beýik tekiz daglygy (Tibet), Günorta Hytaýyň çygly musson tokaýlaryny we Demirgazyk-Gündogaryň taýgasyny, örän uly derýalary (Ýanszy we Huanhe) we jöwzaly çölleri (Gobi we Takla-Makan) görmek bolýar. Hytaý tebigy baýlyklarynyň üpjünçiligi boýunça täsin we baý döwletlere degişli. Onuň ýerasty nebite, tebigy gaza, esasan-da, daş kömüre (onuň gorlary boýunça Hytaý dünýäde üçünji orny eýeleýär – iň iri känleri – Fuşun we Fusin), demir (Anşan), marganes, alýuminiý, mis, wolfram (dünýäde birinji orun – dünýä gorunyň 3/5 bölegi), molibden, simap, sürme, galaýy magdanlaryna, altyna, fosforitlere, kaliý we nahar duzlaryna baýdyr. Hytaý

uly tokaý, balyk, suw, suw energiýa (dünýäde birinji orun), toprak, agroklimat, geotermal we rekreasion baýlyklara hem eýedir.

**Ilaty.** Indi iki müňýyllygyň dowamynda hytaý Ýer togalagynda iň köp ilatlaşan ýurt bolmagyna galýar. Hytaý nakyllarynyň birinde: «Žen Şan, Žen Haý» sözi «Adam daglary, adam deňizleri» diýilmegini aňladýar.

HHR-yň döredilen wagtyndan bäri ilatynyň sany iki esse artdy we 2014-nji ýylyň maglumatlaryna görä 1 mlrd 364 mln adama barabar boldy. Hytaýda geçirilýän işjeň demografik syýasat barada siz bilýärsiňiz. 2016-njy ýyldan başlap her bir hytaýly maşgala iki çaga dogurmaga rugsat berýän karar kabul edildi. Şeýle-de bolsa, geçirilýän ykdysady çärelere garamazdan, onuň ilaty häzirki wagtda 1,4 mlrd adama ýakynlaşdy. Bu Hytaý jemgyýetiniň durmuşynyň ähli taraplaryna öz yzyny galdyrýar.

Hytaýda 600 mln adam zähmete ukyply ýaşdakylardyr, olardan ýaşlar 2/5 böleginden hem ýokarydyr.

Etniki düzümi boýunça Hytaýyň ilatynyň esasy köplügini hytaýlylar (öz ady – «han» ýa-da «hanszy») düzýär. Olar ýurduň bütin gündogar bölegini tutýar. Hytaý dilinde ýedi esasy dialektler – pekin, kanton we başgalar bar. Olaryň arasyndaky tapawutlar uly, şol sebäpli-de gepleşikde ýurduň demirgazyk we günorta prowinsiýalarynyň ýaşaýjylary kynlyk bilen biri-birine düşünýärler. Düşünişmek üçin olar bitewi iýeroglifiki ýazuwdan peýdalanýarlar, ol dürli dialektlerde gepleýän hytaýlylary üçin oňaýlydyr.

Umuman, az sanly milletleriň paýy Hytaýyň bütin ilatynda kän däldir (6%), şeýle-de bolsa bu döwlet, adatça, köpmilletli hasaplanylýar. Hytaýly däl milletleriň we etniki toparlaryň umumy sany 60-a golaýlar we şeýle-de olar üç dil maşgalasyna degişlidir. Olaryň umumy sany 80 mln adamdan geçýär we ýurduň bütin meýdanynyň ýarysyndan gowragyny eýeleýän çäklerde ýaýrandyr.

Sebitiň beýleki ýurtlary ýaly, Hytaý üçin ilatyň ýerleşişiniň uly endigansyzlygy (ilatyň tas 90%-i ýurduň meýdanynyň 1/3 böleginde jemlenendir) häsiýetlidir. Urbanizasiýa derejesi boýunça Hytaýy ýaňy-ýakynda hem gowşak urbanizirlenen döwletleriň hataryna goşýardylar. Häzir şäherleriň umumy sany (uly şäherleriň 500 we millioner şäherleriň 50), şeýle hem şäherli ilatyň absolýut sany boýunça




**14-nji surat.** Hytaý Halk Respublikasynyň hojalygy

(670 mln) – ýurt dünýäde birinji orny eýeleýär. Ýöne Hytaý obalaryň sany boýunça-da dünýä birinjiligini saklaýar, olaryň sany bu ýerde takmynan 700 müňe golaýdyr.

**Hojalygy.** Häzirki zaman Hytaý kuwwatly industrial-agrar döwlet bolup, ykdysadyýetiň ösüş depgini boýunça dünýäde öňdebaryjy orny eýeleýär. Hytaýa kömür we demir magdanyny gazyp almak, polat eretmek, nah mata, telewizor, radiopriýomnikleri öndürmek, däneli ekinleriň jemi önümçiliginde birinji; elektroenergiýa, himiýa dökünlerini, sintetiki materiallary we ş.m. boýunça ikinji orun

degişlidir. Ýöne kärhanalaryň köpüsinde enjamlaryň köneleşendigini, obalaryň tas ýarysynda elektrik togunyň ýokdygyny, oba hojalygynda el güýjüniň agdyklyk edýändigini hasaba alman bolmaz.

Hytaýyň ýangyç-energetika toplumynyň esasany kömür senagaty emele getirýär. Kömrüň çykarylyşy köp basseýinler boýunça jemlenendir. Olaryň has ululary (mysal üçin, Datun) ýurduň demirgazyk böleginde ýerleşýär. Nebitiň gorlary hem köpdür, ýöne esasy nebit känine (Dasin) ähli nebit çykarylyşynyň 1/3 bölegi duşýar. Elektrik energiýasynyň öndürilişiniň 4/5 bölegi ÝES-de jemlenýär. Hytaýda suw elektroenergetikasyny ösdürmegiň iň uly maksatnamalarynyň biri ýerine ýetirýär. SES-iň baş kaskadlary (bentleri) Ýanszy we Huanhe derýalarynyň ýokary akymlarynda gurulýar. Ýurtda ilkinji AES-ler guruldy. Energiýanyň adaty bolmadyk görnüşleri peýdalanylýar.

Metallurgiýa toplumynyň esasyny doly aýlawdaky, daş kömrüň we demir magdanynyň känlerine ýa-da olaryň ýük akymlaryna ýykgyn edýän uly kombinatlar düzýär.

Maşyn-gurluşygy toplumynda ýöriteleşdirilen däl-de, eýsem, uniwersal (köpugurly) kärhanalar agdyklyk edýär. Olar öňi bilen uly şäherlere, deňiz gämi duralgalaryna, metallurgiýa merkezlerine ýykgyn edýärler. Ýöne maşyn-gurluşygynyň dürli önümçilikleri (elektronika, elektrotehnika we başg.) uly bolmadyk şäherlerde-de ýerleşdirilýär. Oňa gurluş elektrotehniki we elektronikanyň ösüşi ýardam edýär.

Himiýa toplumy koks we nebithimiýasynyň önümlerine, dag-himiýa we ösümlik çig malyna esaslanýar. Pudakda önümçilikleriň iki topary tapawutlanýar: 1) mineral dökünler (öňi bilende azot); 2) durmuş himiýasy we farmasewtika. Bu toplumda uly kambinatlaryň köpsanly ownuk we orta ululykdaky kärhanalar bilen utgaşdyrylmagy häsiýetlidir.

Dokma senagaty Hytaýyň ýeňil senagatynyň baş pudagydyr. Ol esasan, içerki bazar üçin işleýär. Nah matadan geýimleri öndürmek boýunça Hytaý dünýäde birinji orny eýeleýär. Onuň ösen pudaklaryň hataryna ýüpek senagaty hem girýär.

Hytaýyň ykdysadyýetinde oba hojalygy örän uly orun eýelemegini dowam etdirýär, onda 450 mln adam meşgullanýar.

80-nji ýyllarda maşgala potratçylygy ulgamyna geçilmeginden soňra, bu pudak has girdejili önümçilige öwrüldi. Esasy oba hojalyk

önümleriniň ýygnalyşy görnetiň artdy. Däneli ekinleriň ýygnalyşy soňky ýyllarda iň ýokary derejede – 450 mln tonna töwereginde saklanýar.

Esasy ekerançylyk etraplary ýurduň gündogar böleginde ýerleşýär. Bu bugdaýyň, mekgejöweniň agdyklyk edýän «sary Hytaý» we ýöriteleşişini şalynyň meýdany kesgitleýän «ýaşyl Hytaýdyr». Bu sebitlerde çaý plantasiýalary hem ýerleşýär.

Demirgazyk-günbatarda, ilaty esasan hytaýly däl halklar bolan (mongollar, tibetliler, uýgurlar we başg.) gurak klimatly Hytaýda hojalygyň agdyklyk edýän görnüşi – ekstensiw çarwaçylyk we ýarym çarwa maldarçylyk, oturymly ekerançylygyň käbir ojaklarynyň ýüze çykmagy bilen utgaşýar. Günorta-günbatarda «Sowuk Hytaýda» (Tibet) oba hojalygy, umuman, gowşak ösendir. Hytaý obasynyň häsiýetli sypatly – kooperatiw oba senagatynyň ösmegidir, onda 110 mln adam meşgullanýar; ol erkin el güýjüni ulanmaga mümkinçilik berýär.

Soňky ýyllarda akwakultura (deňizde balyk hojalygyny ösdürmek) hem uly ösüşe eýe bolandyr. Hytaýa balyk-deňiz molýuskalaryny we suwotylaryny ýetişdirmekde dünýäde birinji orun degişlidir. Umuman, hytaýlylaryň durmuşy has irki (gadymy) döwürlerden deňiz bilen baglanyşyklydyr.

**Ulaglar ulgamy.** Örän uly meýdany we köp ilaty bolan Hytaý ýaly döwletde ulaglar ulgamynyň ähmiýeti has hem uludyr. Ýurtda guryýer we suw ulaglarynyň ähli görnüşleri, şeýle hem howa ulagy ösüşe eýe boldy. Ýöne demir ýollarda entek hem parowoz tirkewi agdyklyk edýär, awtomilleşdirmegiň derejesi pes, hytaýlylaryň köp bölegi welosipedlerden peýdalanýarlar. Gündogar prowinsiýalaryň ulag üpjünçiligi ýurduň merkezi we günbatar prowinsiýalaryna garanyňda has ýokarydyr. Şonuň üçin, häzirki zaman ulag infrastrukturasyny döretmek Hytaý üçin möhüm wezipe bolup durýar.

**Daşary ykdysady gatnaşyklary.** Özgerişler döwründe Hytaýyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň ähmiýeti has artdy, onuň ykdysadyýetiniň daşary ýurtlara açyklygy ýokarlandy. Hytaý esasan taýýar egin-eşikleri, dokma senagatynyň önümlerini we durmuş elektronikany, giňden peýdalanylýan beýleki harytlary, şeýle hem metal we çig malyň dürli görnüşlerini eksport edýär. Onuň importynda taýýar önümler, esasan-da, maşynlar we enjamlar agdyklyk edýär. Esasy söwda hyzmatdaşlary Ýaponiýa we ABŞ, Russiýa, Günbatar Ýewropa

ýurtlary we Günorta Koreýadyr. Şol ýurtlardan-da döwlete gönüden-göni maýa goýumlary ugrukdyrylýar. Daşary ýurt maýa goýumlarynyň gatnaşmagynda bilelikdäki kärhanalaryň sany barha artýar.

Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistan bilen ykdysady gatnaşyklary hem barha ösýär. Iki ýurduň arasynda uly döwletara şertnamalary baglaşylyp, daşary söwdanyň möçberi artýar. Türkmenistan bilen Hytaýyň arasynda tebigy gazy satyn almak boýunça uzakmöhletleýin şertnama baglaşyldy. Şonuň esasynda 2010-njy ýyldan bäri Hytaýa tebigy gaz eksport edilýär. Biziň ýurdumyza Hytaýdan dokma, metallurgiýa, maşyn-gurluşygy önümleri, gurluşyk materiallary getirilýär.

**Içerki aýratynlyklary.** Hytaýy adatça, 3 ykdysady sebite bölýärler: Gündogar, Merkezi we Günbatar Hytaý.

*Gündogar Hytaý* deňiz eteginde has amatly ykdysady geografik ýerleşişe eýedir we ykdysady ösüşiň iň ýokary derejesi bilen häsiýetlendirilýär. Ýurduň territoriýasynyň bary ýogy 14%-ini tutýan bu sebitde ilatyň 40%-den gowragy ýaşaýar. Ýurtda öndürilýän senagat önüminiň 60%-i, oba hojalyk önüminiň bolsa ýarysyna golaýy bu sebitiň paýyna düşýär.

*Merkezi Hytaý* deňeşdirilende meýdanynyň, ilatynyň we hojalygynyň deňiräk (degişlilikde 30,36 we 27%) möçberi bilen häsiýetlendirilýär, ýöne ýangyç, energetika toplumynyň konstruksion materiallar we azyk önümçilik toplumlarynyň ösüşi bilen tapawutlanýar.

*Günbatar Hytaý* ýurduň iň yza galak sebitidir. Ýurduň meýdanynyň ýarysyna golaýyny eýeleýän sebitde ilatyň 1/4 bölegi ýaşaýar we senagat önüminiň bary-ýogy 13%-i öndürilýär. Günbatar Hytaý oba hojalygynyň düzüminde maldarçylyk agdyklyk edýän ýurduň ýeke-täk sebitidir.

## VI bap
## Demirgazyk Amerika ýurtlary

Adatça Demirgazyk Amerika diňe ABŞ-ny we Kanadany girizýärler. Şeýle çäkde sebit 19,4 mln km$^2$ meýdany eýeleýär. Bu ýerde 350 mln gowrak adam ýaşaýar. 1992-nji ýylda Hristofor Kolumb

tarapyndan Amerikanyň açylmagynyň 500 ýyllygy dabaraly bellenip geçildi. Şol irki döwürden bäri Demirgazyk Amerika dünýä hojalygynda görnükli orun degişlidir.

*30-njy tablisa*

**Demirgazyk Amerika ýurtlary boýunça statistiki maglumatlar, 2014 ý.**

| Döwletler | Meýdany, müň $km^2$ | Ilaty, mln adam | Ilatyň tebigy artyşy,% | Ömrüň ortaça dowamlylygy, ýyl | | Iýmitiň sarp edilişi kkal/gije-gündiz | Jemi içerki önüm | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Erkekler | Aýallar | | Umumy, mlrd dollar | 1 adam başyna, doll |
| ABŞ | 9518,9 | 317,7 | 0,4 | 74 | 80 | 3754,0 | 16244,6 | 42590 |
| Kanada | 9970,6 | 35,5 | 0,4 | 76 | 81 | 3160,0 | 1915,6 | 53960 |

**Çeşme:** Горохов С.А., Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013; 2014 WORLD POPULATION Data Sheet; INTERNET maglumatlary.

Sebitiň ähmiýeti XX asyrda has hem artdy. ABŞ-nyň we Kanadanyň dünýäniň iň ösen we kuwwatly «sekizliginiň» düzümine girýändigini ýadyňyza salyň. Bu iki döwlet Ýewropa we Gündogar Aziýanyň ýurtlary bilen bir hatarda dünýä hojalygynyň möhüm merkezini emele getirýärler.

## 6.1. Amerikanyň Birleşen Ştatlary

**Geografik ýerleşişi.** Amerikanyň Birleşen Ştatlary – dünýäniň iň uly we ösen kapitalistik ýurdudyr.

ABŞ – 50 ştatdan we Kolumbiýa federal okrugyndan durýan federatiw Prezident respublikasydyr. ABŞ «Uly ýedilige» ýolbaşçylyk edýär, BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzasy, NATO-nyň işjeň agzasy, NAFTA we Amerika Ýurtlarynyň Guramasynyň (AÝG) we beýleki halkara guramalarynyň agzasydyr.

Meýdanynyň ululygy (9,4 mln $km^2$) boýunça ABŞ Russiýadan, Kanadadan we Hytaýdan soňra dünýäde 4-nji orny eýeleýär. ABŞ-nyň meýdany 3 bölekden durýar:

1. Esasy meýdany özüne 48 ştaty we Kolumbiýa federal okrugyny goşup Demirgazyk Amerika materiginiň orta bölegind ýerleşýär;

2. Alýaska ştaty materigiň demirgazyk-günbatarynda ýerleşýär;

3. Gawaý ştaty Ýuwaş okeanynyň merkezi böleginde ýerleşýän Gawaý adalaryny eýeleýär.

ABŞ-nyň ykdysady-geografiki ýerleşişiniň aýratynlyklaryna onuň diňe iki döwlet bilen guryýer araçäginiň we üç okeana çykalgasynyň bolmagy degişlidir. ABŞ amatly ulag we ykdysady-geografik ýerleşişe eýedir, sebäbi Atlantik we Ýuwaş okeanlaryna giň çykalgasy bar, öz baş ykdysady hyzmatdaşlary bilen goňşuçylykda ýerleşýär, birneme günorta ýerleşiş häsiýetine eýe (Waşington Duşenbe bilen bir giňişlikde ýerleşýär). Okeanyň aňyrsynda ýerleşmegi elmydama ABŞ-a doly harby howpsuzlygy üpjün edýärdi, ýöne raketa-ýadro ýaragynyň ýüze çykmagy bilen bu ýagdaý üýtgedi.

**Tebigy baýlyklary.** ABŞ – tebigy baýlyklar bilen üpjünçilik boýunça dünýäniň täsin we baý döwletleriniň biridir.

ABŞ daş kömrüň ykdysady gorlary boýunça dünýäde birinji orny eýeleýär (Appalaç, Merkezi we Günbatar ýataklary); nebitiň we tebigy gazyň esasy gorlary Meksika aýlagynyň deňiz suw ýalpaklygynda (Tehas, Luiziana ştatlary), Kaliforniýada we Alýaskada, demir magdanlary – Köl etek (Minnesota we Miçigan ştatlary), mis, polimetall, molibden, uran magdanlary we altyn ýurduň günbataryndaky daglyk ştatlarda; kükürt – Luiziana ştatynda, fosforitler – Florida, kaliý duzlary – Nýu-Meksiko ştatynda jemlenendir.

Şol bir wagtda, ABŞ marganes, hrom, alýuminiý, galaýy, nikel magdanlarynyň ýiti ýetmezçiligini duýýar, almazyň gorlary bolsa bütinleý ýokdur.

Mineral däl çig mallardan Alýaskadaky, ýurduň demirgazyk-günbataryndaky (Waşington ştaty) we demirgazyk-gündogaryndaky (Köletek sebiti) tokaý baýlyklaryny, suw (Missisipi, Missury, Kolumbiýa derýalary, Beýik Amerika kölleri), suw energiýa, agroklimat, toprak, balyk we rekreasion baýlyklary bellemek gerek.

**Ilaty.** Ilatynyň sany boýunça ABŞ dünýäde üçünji orny eýeleýär (317,4 mln adam, 2014 ý). Ilatyň ortaça gürlügi 1 $km^2$ 34 adam düşýär. Ilat örän biendigan ýerleşýär. Onuň agramly bölegi ýurduň gündogarynda ýaşaýar, bu ýerde ilatyň gürlügi kä halatlarda 1 $km^2$

400 adama ýetýär. Daglyk ştatlary we Alýaska gowşak ilatlaşandyr. ABŞ pes tebigy artyşy bilen ilatyň üznüksiz köpelişiniň häzirki zaman görnüşine degişlidir. Ilatyň ýyllyk absolýut artyşy 2 mln adamdan, ortaça ýyllyk köpeliş derejesi bolsa 0,4 %-den geçmeýär. Ilatyň ýaş düzüminde çagalar we ýetginjekler (15 ýaşa çenli) 19%-ini, 65 ýaşdan ulular bolsa 14%-ini düzýärler. Köp ösen ýurtlarda bolşy ýaly aýal-gyzlar agdyklyk edýär. ABŞ-nyň ilaty dünýäniň dürli böleklerinden, esasan-da, Ýewropadan we Afrikadan, soňky ýyllarda bolsa, Aziýadan we Latyn Amerikasyndan göçüp gelenleriň garyşmagy netijesinde dörän bitewi amerikan halky bolup durýar. Ýerli indeý halklary bolsa ýurduň ilatynyň 1%-den az bölegini tutýar. Ilatyň agramly bölegi hristian dinine uýýar.

ABŞ üçin urbanizasiýanyň ýokary derejesi häsiýetlidir – ýurduň ilatynyň 81%-i şäherlerde ýaşaýar, şunlukda suburbanizasiýa hadysasy örän uly möçberlere ýetdi, bu bolsa şäher aglomerasiýalaryň giňemegine we megalopolisleriň döremegine getirdi. Häzirki wagtda ABŞ-da üç megalopolisi tapawutlandyrýarlar: Boswaş (Bostondan Waşingtona çenli), Çipits (Çikagodan Pittsburga çenli) we San-San (San-Diegodan San-Fransisko çenli). ABŞ-da 30 sany millioner şäherler bar. Ýurduň uly şäherlerine Nýu-Ýork, Los-Andželes, Hýuston, Çikago we Filadelfiýa we beýlekiler degişlidir. ABŞ-nyň bütin taryhy ilatyň işjeň immigrasiýasy bilen baglanyşykly boldy, ýöne, bu ýerde immigrasiýanyň geografiýasy düýpgöter özgerdi. 1950-nji ýyllaryň ortalaryna çenli immigrasiýanyň esasy akymy Ýewropadan gelen bolsa, häzirki wagtda – Aziýa (Hytaý, Ýaponiýa, Korea) we Latyn Amerikasyndan (Puerto-Riko, Meksika, Kuba) gelýär. Içerki migrasiýa hem has köpeldi, esasan-da, demirgazyk «garly» ştatlardan günorta «güneşli» ştatlara garry adamlaryň akymy artdy, şonuň üçin Kaliforniýa, Tehas we Florida ştatlarynyň ilatynyň sany çalt artýar.

ABŞ ýokary hünärli zähmet baýlyklary we ilatyň ýaşaýşynyň ýokary derejesi bilen tapawutlanýar.

**Hojalygy.** ABŞ – industrial ösüşden soňky ýurt bolup, onuň ykdysadyýetinde hyzmatlar ulgamy we senagat öňdebaryjy orny eýeleýärler. Bu döwlet dünýäde iň uly senagat we oba hojalyk önümlerini öndüriji bolmagyna galýar, elektronikanyň, elektrotehnikanyň, aerokosmos we himiýa senagatynyň, has takygy, reňkli metallary

eretmegiň, awtomobilleri we samalýotlary öndürmegiň we ş.m. ösüş möçberi boýunça öňdebaryjy orny eýeleýär. Şunlukda käbir gazma baýlyklaryny (kömür, nebit, tebigy gaz) çykarmak boýunça öňdebaryjy ýurtlaryň toparynda durýar, elektrik energiýasyny öndürmek boýunça bolsa oňa deňi-taýy ýokdur.

ABŞ-da gazyp alma senagaty gowy ösendir: tebigy gazy, kömri, mis magdanlaryny gazyp almak boýunça dünýäde 2-nji, nebit çykarmak boýunça bolsa 3-nji orny eýeleýär.

ABŞ dünýäde iň kuwwatly energetika toplumyna eýedir. Elektrik energiýasyny öndürmek boýunça (4,3 trln kWt/sag) ABŞ dünýäde 1-nji orny eýeleýär. Elektorenergetikanyň esasyny ÝES-ler düzýär, ýöne AES-leriň sany we olarda elektrik energiýasynyň öndürilişi boýunça-da ABŞ dünýäde 1-nji orny eýeleýär.

Gara metallurgiýanyň ähli kärhanalary diýen ýaly Köletek sebitinde (Çikago, Detroýt, Geri, Kliwlend, Pittsburg) we Atlantiketek etrabynda (Baltimor, Filadelfiýa) jemlenendir. Reňkli metallurgiýa bolsa, daglyk ştatlarda (Waşington, Oregon, Aýdaho, Ýuta, Orizona) öz ösüşine eýe boldy.

ABŞ-nyň senagatynyň baş pudagy köpugurly maşyn-gurluşygydyr. Bu ýurt kompýuterleri, awiakosmos tehnikalaryny öndürmek boýunça dünýäde 1-nji, senagat robotlaryny 2-nji, traktorlary 3-nji, awtomobilleri 4-nji orny eýeleýär.

Köletek we Atlantiketek etraplary ulag maşyn-gurluşygynyň gowy ösenligi bilen tapawutlanýar. Amerikan maşyn-gurluşygynyň guwanjy – awtomobil gurluşygy kem-kemden, Miçigandan (Detroýt, Lansing, Flint) günorta sebitlere (Kentukki, Tennesi we Missuri) süýşýär, bu ýerde ýapon kompaniýalarynyň awtomobilleriniň ýygnalyşynyň möçberi artýar. Demir ýol maşyn-gurluşygynyň baş merkezi – Çikago, gämi gurluşygynyňky – Filadelfiýa, Baltimor, Nýuport-Nýus. Awiakosmos senagatynyň geografiýasy has giň bolup, ABŞ-nyň ähli ykdysady etraplarynda gabat gelýär (Los-Anjeles, San-Diego, Sietl, Hýuston, Dallas, Orlando, Atlanta, Sent-Luis, Nýu-Ýork). ABŞ-nyň ýokary derejede ösen elektrotehnika we elektronika senagaty bar, ol ýurduň territoriýasy boýunça birneme endigan ýerleşýär (Nýu-Ýork, Boston, Filadelfiýa, Kliwlend, Miluoki, Maýami, Dallas, San-Fransisko, Los-Anjeles). Oba hojalyk maşyn-gurluşygynyň hem uly ähmiýeti bardyr (Miluoki).

ABŞ-nyň iň möhüm ýöriteleşiş pudaklarynyň biri-de himiýa senagatydyr, onuň düzüminde köne pudaklary-da (kislota, mineral dökünleri öndürmek), şeýle-de täze pudaklary-da – plastmassa, himiki süýmler, sintetiki kauçuk öndürmek, inçe we durmuş himiýasy ösendir. Nebithimiýanyň esasy merkezleri Meksika aýlagynyň kenarlarynda (Hýuston, Bomont, Baton-Ruž, Täze Orlean), şeýle-de Atlantikadaky uly gämi duralgasy şäherlerinde – merkezlerinde (Nýu-Ýork, Boston, Filadelfiýa) we Kaliforniýada (Los-Anjeles) jemlenendir. Esasy himiýa Köletek etrabynda (Çikago, Detroýt, Kliwlend, Pittsburg) agdyklyk edýär, fotohimiýanyň uly merkezi – Los-Anjeles, inçe himiýa önümçiliginiňki – Nýu-Ýork.

ABŞ kuwwatly tokaý (Sietl, Portlend, Minneapolis, Çikago, Deýton), ýeňil (Boston, Şarlott, Grinsbora, Atlanta, Nýu-Ýork), temmäki (Riçmond we Uinston-Seýlem) we azyk senagatyna eýedir.

ABŞ soft-industriýanyň ösüş derejesi boýunça dünýä öňdebaryjysydyr, ol kompýuterler üçin programma üpjünçiliginiň dünýäde iň uly öndürijisidir.

ABŞ-nyň işläp bejerýän senagatynyň toplanan etraplary:

– Esasan, kärhanalary metallurgiýa, maşyn-gurluşygy we himiýa senagat önümlerini öndürmeklige ýöriteleşen ýurduň demirgazygynyň «senagat guşaklygy» (Nýu-Ýork, Çikago, Detroýt, Filadelfiýa we başg.);
– Ýuwaş okean kenarlary (Los-Anjeles, Sietl, San-Diego we başg.), bu ýerde esasan awiaraketakosmos, radioelektron we nebithimiýa senagatlary ösüşe eýe boldy. Kaliforniýada (Santa-Klara etrabynda) belli Silikon jülgesi – ylmy köp talap edýän önümçilikleriň jemlenen ýeri ýerleşýär;
– Meksika aýlagynyň kenarlary (Tehas we Luiziana ştatlary), bu ýerde senagatyň ýöriteleşişini nebiti gaýtadan işlemek we nebithimiýasy kesgitleýär;
– Daglyk ştatlarynda (Ýuta, Montana we Aýdaho), ösen reňkli metallurgiýasy, Tennessi derýasynyň jülgesinde energiýany köp talap edýän himiýa pudaklary, metallurgiýa, harby senagat pudaklary ösendir.

Senagatda agdyklyk ediji orunlar bütindünýä belli kompaniýalar «Djeneral motore» we «Ford motor» (awtomobil gurluşygy), «Boing»,




**15-nji surat.** ABŞ-nyň we Kanadanyň hojalygy

«Makdonell-Duglas», «Lokhid eýrkraft» (awiaraketa gurluşygynda) «Djeneral elektrik», «IBM», «Westingauz elektrik» (elektrotehnika we elektronika), «Dou kemikl», «Dýupon de Nemur», «Union Karbaýd» (himiýa senagaty) we başg. agalyk ediji orny eýeleýärler.

Oba hojalygynyň ösüş derejesi boýunça-da ABŞ gürrüňsiz, dünýäniň öňdebaryjysydyr. ABŞ mekgejöwen, soýa öndürmek, däne eksport etmek boýunça dünýäde 1-nji, däne ýygnamak we et öndürmek boýunça 2-nji orny eýeleýär. ABŞ-nyň oba hojalygy intensifikasiýanyň, mehanizasiýanyň, awtomatizasiýanyň, himizasiýanyň we oba hojalyk önümçiliginiň tapgyrlaýyn ýöriteleşişiniň ýokary derejesi bilen tapawutlanýar.

ABŞ-nyň esasy oba hojalyk sebitleri Beýik köllerden günortada ýerleşýän we bugdaý, mekgejöwen, soýa, gant şugundyry, gök önümler, miweler, süýt, et öndürmek boýunça öňdebaryjy «mekgejöwen guşaklygydyr» bu ýerde süýt-et berýän iri şahly maldarçylyk, doňuzdarçylyk we guşçulyk ösendir. Günorta we günorta-gündogar ştatlary şaly, sitruslar, gowaça, arahis, şeker çiňrigini, temmäki öndürmek, et berýän maldarçylyk we broýler guşçulygy bilen tapawutlanýar; günbatar daglyk ştatlary dowardarçylyga, kartoşka (esasan-da, Waşington ştaty), gowaça ýetişdirmek, Kaliforniýa bolsa – üzüm we sitruslary öndürmeklige ýöriteleşýär.

ABŞ-nyň oba hojalygynyň önümçilik esasy-ýokary önümli, çürt kesik haryt häsiýeti, ýokary zähmet öndürijiligi we tehniki taýdan enjamlaşdyrylyşy, öndürilýän önümiň uly göwrümi we köpdürlüligi bilen tapawutlanýan, fermadyr. Pudagyň önüminde maldarçylyk önümleri agdyklyk edýär (umumy gymmatynyň takmynan 2/3 bölegi).

**Ulaglar ulgamy.** ABŞ-da ulaglaryň ähli görnüşleri ösendir. Ähli ulag ýollarynyň uzynlygy boýunça ABŞ dünýäde 1-nji orny eýeleýär. Ýük dolanyşygynda demir ýol ulagy agdyklyk edýär. Ýolagçy gatnatmakda awtomobil ulagyna taý ýokdur. ABŞ diňe bir gaty örtükli ulag ýollarynyň uzynlygy boýunça däl, eýsem, ilatyň awtomobil üpjünliginiň iň ýokary derejesine eýedir (her 1000 ýaşaýja 700-den gowrak awtomobil). Turbageçirijileriň örän uly ähmiýeti bardyr. Daşary gatnaşyklar esasan deňiz we howa ulaglary bilen üpjün edilýär. Ýurduň uly deňiz gämi duralgalaryna Günorta Luiziana, Nýu-Ýork, Hýuston, Täze Orlean, Bomont, Long-Biç, Waldiz degişli. ABŞ dünýäde iň uly uçar parkyna eýedir, şunlukda howa ulagy diňe bir daşary däl, eýsem, içerki gatnaşyklarda hem uludyr. ABŞ-nyň awiakompaniýalary dünýäniň howa ulaglaryndaky ýolagçylarynyň ýarysyny gatnadýar. Dünýäniň iň uly 10 aeroportyna Çikago, Dallas, Atlanta, Los-Anjeles, Denwer, San-Fransisko we Nýu-Ýork girýär.

Önümçilik däl sferanyň örän uly ähmiýeti bardyr. Nýu-Ýork dünýäde iň uly maliýe we işewürlik merkezidir. Ylmyň we bilimiň ösüşi hem tapawutlanýar (Stenford, Los-Anjeles, Kembrij, Nýu-Ýork, Çikago), halkara we içerki syýahatçylyk hem ösýär (Kaliforniýa, Florida, Gawaýlar, Nýu-Ýork, ýurduň günbataryndaky milli parklar).

ABŞ-nyň hojalygynyň häsiýetli aýratynlygy pudaklaýyn paýtagtlaryň bolmagydyr: Nýu-Ýork – ýurduň maliýe, informasion, medeni paýtagty, Boston – dokma, Çikago – et önümleri we ulag paýtagty, Pittsburg – metallurgiýa, Detroýt – awtomobil, Hýuston – nebithimiýa, Riçmond – temmäki, Los-Anjeles – awiakosmos we kinomatografiýa merkezidir.

ABŞ daşary söwda dolanyşygy boýunça dünýäde 1-nji orny eýeleýär, ýöne, eýýäm köp ýyllardan bäri daşary söwda balansynyň otrisatel saldosyna eýedir. ABŞ-nyň esasy söwda hyzmatdaşlary: Kanada, Meksika, Ýaponiýa, Hytaý, ÝB-niň ýurtlary, Latyn Amerikasynyň we Aziýanyň täze industrial ýurtlarydyr.

**Içerki aýratynlyklary.** Häzirki wagtda ABŞ-nyň esasy meýdan-çäginde (Alýaska we Gawaýlar girmeýär) 4 uly sebiti tapawutlandyrýarlar: 1) Demirgazyk-Gündogar; 2) Orta-Günbatar; 3) Günorta; 4) Günbatar, olaryň düzüminde, öz gezeginde, has kiçi sebitleri bölüp görkezmek bolar.

*Demirgazyk-Gündogar* – ABŞ-nyň «kristallaşan ýadrosy», kömür çykarmagyň, metallurgiýa we himiýa kärhanalarynyň ülkesi, ylmyň we medeniýetiň (Garward uniwersiteti, Massaçusets tehnologiki instituty we ş.m.) merkezi; bu ýerde örän uly şäherleriň naýbaşylary bar (Nýu-Ýork, Boston, Filadelfiýa we başg.).

*Orta-Günbatar* – köp ştatlaryň köletek ýerleşişi we Missisipi – Beýik köller suw ulgamynyň uly orny, metaly köp sarp edýän maşyn-gurluşygynyň, awtomobil gurluşygynyň ösenligi bilen tapawutlanýar. Bu ýerde awtomobil gurluşygynyň «paýtagtlary» – Detroýt we Çikago – ABŞ-nyň iň uly industrial we söwda-maliýe merkezleriniň biri ýerleşýär. Orta-Günbatar – ABŞ-nyň harmanydyr, hut şu ýerde süýt, mekgejöwen guşaklyklary we mekgejöwen Aýowa ştaty we ş.m. ýerleşýär.

*Günorta* – bu öňi bilen nebit we gaz çykaryşyň hem-de nebiti gaýtadan işlemegiň, aerokosmos industriýasynyň örän uly merkezi, pagta guşaklygy, tropiki ekerançylygyň ojagydyr.

*Günbatar* – Ýuwaş okeanyna «derweze», reňkli metallara we agaja baý bolan, uruşdan soňky döwürde ylmy köp talap edýän pudaklaryň, harby senagat önümçilikleriň, awiakosmos senagatynyň («Boing» konserni) pajarlap ösýän sebitidir. Bu ýerde belli Silikon jülgesi ýerleşýär.

## 6.2. Kanada

Kanada – «kapitalizimiň göçürilip getirilen ýurtlaryna» degişli we «Uly ýediligiň» düzümine girýän ykdysady taýdan ösen ýurtdyr. Kanada – 10 prowinsiýadan we 3 federal ýerlerden durýan federatiw döwletdir. Ol Britan Dostlaşygynyň düzümine girýär. Paýtagty – Ottawa.

**Geografik ýerleşişi.** Kanada Demirgazyk Amerika materiginiň demirgazygynda ýerleşýär we tutýan meýdany (10 mln km$^2$ golaý) boýunça dünýäniň iň uly döwletlerine degişli bolup, bu görkeziji boýunça Russiýadan soňra 2-nji orny eýeleýär. Onuň gury ýer serhediniň aýratynlygy diňe bir döwlet, ABŞ bilen araçäkleşýänligidir. Kanadanyň üç sany okeana çykalgasy bar. Gazaply tebigy şertlerine garamazdan Kanadanyň meýdanynyň uly bölegi umuman, amatly ykdysady we ulag-geografik ýerleşişe eýedir, sebäbi Dünýä okeanyna giň çykalgasy bar, dünýäniň ykdysady taýdan iň ösen döwleti bilen araçäkleşýär, onuň bilen jebis integrasion aragatnaşyk ýola goýulan. Okeanyň aňyrsynda ýerleşmegi Kanada hemişe harby taýdan doly howpsuzlygy üpjün edýärdi, ýöne raketa-ýadro ýaragynyň ýüze çykmagy bilen bu ýagdaý üýtgedi.

**Tebigy baýlyklary.** Kanada tebigy baýlyklar bilen üpjünçiligi boýunça täsin döwletleriň hataryna girýär, ýöne ýurduň meýdanynyň 3/4 bölegi tebigy şertleri amatsyz demirgazyk planetar zonasynda ýerleşýär.

Ýurduň ýerasty nebite (Redžaýna, Reduoter, Reýnbou), tebigy gaza (Medisin-Hat, Teýlor) daş kömre (Sidni), demir (Labrador-Uobuş ýarymadasy, Şefferwill, Labrador-Siti), nikel (Sadberi, Tompson, Linn-Leýk), mis (Sadberi, Grendak, Matagami), polimetal (Salliwan, Matagami, Paýn-Poýnt), molibden (Endako), uran magdanlaryna (Uranium-Siti, Sadberi), seýrek metallaryň magdanlaryna (Sadberi), altyna (Ýellounaýf), platina (Sadberi), kümüşe (Kino-Hill), kaliý duzlaryna (Saskaçewan ýatagy) we asbeste (Kwebek) örän baýdyr. 1998-nji ýylda ýurduň demirgazygynda Ekati käninde almaz işlenip başlandy.

Kanadanyň mineral däl baýlyklarynyň: tokaý (orta demirgazyk), balyk, suw energiýa (günbatar we gündogar), ýer we toprak baýlyklarynyň (günorta) gorlary örän uludyr.

**Ilaty.** Kanadanyň ilaty 35,5 mln adama barabar. Meýdanynyň örän uly bolmagy zerarly ilatyň ortaça gürlügi 1 $km^2$ meýdana 3 adamdan sähel geçýär. Kanada üçin ilatyň örän biendigan ýerleşişi häsiýetli: ýurduň ilatynyň 90%-i onuň meýdanynyň 10% böleginde, ABŞ bilen günorta araçäkden 150 km uzak bolmadyk aralykda ýaşaýar.

Kanada ilatyň üznüksiz köpelişiniň birinji tipine girýän ýurtlara degişli. Dogluşyň koeffisiýenti 11‰, ýogalyş – 7‰, tebigy artyş bolsa 4‰ ýetýär. Her ýylda ýurduň ilaty 0,4% artýar.

Soňky onýyllyklarda Kanadanyň ilatynyň jyns düzüminde düýpli üýtgeşmeler bolup geçdi we häzirki wagtda Kanada-da aýallar agdyklyk edip başlady.

Ýurduň ilatynyň ýaş düzümi Günbatar ýurtlarynyň arasynda zähmete ukyply ilatyň paýynyň iň ýokary ortaça görkezijisi bilen (69%) tapawutlanýar. Çagalar ýurduň ilatynyň bary-ýogy 16%-e, garrylar bolsa 15%-e ýetýär. Ykdysady taýdan ösen döwletleriň köpüsinde bolşy ýaly, Kanada-da ilatyň ömrüniň ortaça dowamlylygynyň uly bolmagy (78 ýyla) görünýär.

Ýaňy ýakynda hem Kanada iki halkly ýurt hasap edilýärdi, sebäbi ilatyň agramly bölegini iňlis-kanadalylary we fransuz-kanadalylary düzýärdi. Ýöne, häzirki wagtda ol köp milletli ýurda öwrüldi, kanadanyň ilatynyň milli düzümi barha çylşyrymlaşýar. Ýurduň ilatynyň 1/3 bölegini dürli etniki toparlar düzýärler, olaryň arasynda köpsanlysy nemesler, italýanlar we ukrainlar (hersi 1mln adamdan köp). Kanadanyň ýerli ilaty (indeý halklary we eskimoslar) ähli ilatyň 2%-den azyragyny tutýar.

Ýurduň dine ynanýan ilatynyň esasy bölegi – hristianlar.

Kanada ýokary urbanizirlenen ýurt bolup durýar: şäherlerde onuň ilatynyň 80%-i ýaşaýar. Bu ýerde 3 milloner-şäher bar: Toronto, Monreal we Wankuwer. ABŞ-da bolşy ýaly Kanada üçin hem suburbanizasiýa hadysasy häsiýetlidir, ol ýurduň günorta-gündogar sebitlerini öz içine alýar, bu ýerde täze megalopolis döreýär.

Kanadanyň ilatynyň ykdysady işjeň böleginiň meşgullanyş düzümi industrial ösüşden soňky hojalygy bolan ýurtlar üçin häsiýetlidir: ykdysady işjeň ilatyň 60%-den gowragy önümçilik däl sferasynda, 1/4 bölegi – senagatda we bary – ýogy 4%-i oba hojalygynda meşgullanýar.

Kanada ilatyň ýaşaýşynyň hili we derejesi boýunça dünýä öňdebaryjylarynyň biridir, adam ösüşiniň indeksi boýunça (uzak ýaşamak, sowatlylyk derejesi we ýaşaýyş-durmuş derejesi) bolsa dünýäde öňdäki orunlaryň birini eýeleýär.

**Hojalygy.** Kanada ykdysadyýetiň industrial ösüşden soňky basgançagynda duran, bazar hojalygy ýokary derejede ösen döwletdir. Ol «Uly ýediligiň» we NAFTA integrasion toparynyň düzümine girýär. JIÖ-niň umumy we jan başyna düşýän möçberi boýunça-da Kanada dünýäniň «ilkinji onlygyna» degişli. Şonuň bilen birlikde, dünýä hojalygynda we zähmetiň halkara geografik bölünişinde onuň öz hususy «ýüzi» bar. Ol onuň halkara ýöriteleşiş pudaklarynyň dört topary bilen kesgitleýär.

Birinjiden, bu Kanadanyň örän baý mineral baýlyklaryny peýdalanýan we ony dünýäniň «Beýik dag-magdan döwletleriniň» birine öwrülmegine ýardam edýän dag-magdan senagatydyr. Kanada uran, sink, azbest gazyp almak boýunça dünýäde birinji, nikel magdanyny we kaliý duzlaryny – ikinji, platina toparynyň metal magdanlaryny – üçünji, mis magdanyny we kümüş – dördünji, gurşun magdanyny we altyn – bäşinji, demir magdanyny – ýedinji orny eýeleýär. Öňdebaryjy dag-magdan senagat pudagyna nebit-gaz senagaty hem girýär.

Ikinjiden, bu işläp bejerýän senagatyň esas goýujy pudagy hökmünde reňkli metallurgiýadyr. Bu ýerde Kanada esasan hem ýerli çig malyň hasabyna nikeli, misi, sinki, gurşuny, daşyndan getirilýän çig malyň hasabyna alýuminiý eretmegiň möçberi boýunça has tapawutlanýar.

Üçünjiden, bu Kanadanyň örän uly tokaý baýlyklaryny peýdalanýan agaç işläp bejerýän we sellýuza – kagyz senagatydyr. Kanada esasanda agaç materiallaryny we kagyz öndürmek boýunça tapawutlanýar.

Dördünjiden, bu oba hojalygy we azyk senagatydyr. Kanada öňi bilen däne (bugdaý) öndürmeklige ýöriteleşýär, ýöne birnäçe ýag berýän ekinleri, miweleri, et önümlerini öndürýän öňdebaryjy ýurtlaryň toparyna hem girýär.

Ýurduň ykdysadyýetiniň tapawutly aýratynlygy gazyp alynýan pudaklaryň we çig maly ilkinji gaýtadan işleýän önümçilikleriň uly ornunyň bolmagydyr. Kanada dünýäde nikeli, sinki, asbesti, kaliý

duzlaryny we gazet kagyzlaryny iň köp öndürijileriň biridir. Şeýle-de, ol altyn, kümüş, uran, kobalt, demir magdany, mis gazyp almakda öňdebaryjy orunlaryň birini eýeleýär. Dünýäniň çig mal we ýarym taýýar önümleriň (polufabrikatlar) bazaryna Kanada öz gazyp alma senagatynyň önümleriniň 80%-den gowragyny çykarýar. Şunlukda, Kanadanyň harytlaryny ýerleşdirmegiň esasy bazary hökmünde ABŞ uly orun eýeleýär (eksportyň 70%-den gowragy).

Işläp bejerýän senagatyň düzüminde maşyn-gurluşygy we metallurgiýa, agaç işläp bejerýän we selýuloza – kagyz senagatlary öňdebaryjy orny eýeleýärler. Reňkli metallurgiýa ýurduň öz baý çig malyna we arzan elektrik energiýasyna esaslanýar. Maşyn-gurluşygy önümleriň dürli görnüşlerini öndürýär: awtomobiller, lokomotiwler, traktorlar, kompýuterler we ş.m.

Ýurduň industrial merkezi hökmünde – Ontario we Kwebek prowinsiýalarynyň ähmiýeti uludyr. Olar işläp bejerýän senagat önüminiň 3/4 bölegini berýär. Albert günorta sähra prowinsiýasy ýangyç-energetika baýlyklarynyň baş hazynasy bolup durýar. Bu ýerde nebitiň esasynda ýurduň nebithimiýa senagatynyň merkezi kemala gelýär. Britaniýa Kolumbiýasy prowinsiýasy bolsa Kanadanyň tokaý senagat toplumynyň merkezidir.

Kanadanyň oba hojalygy – ýokary önümli, köp pudakly, tehniki taýdan gowy enjamlaşdyrylan, hakyna tutma zähmetini giňden peýdalanýan maddy önümçilik pudagydyr. Fermerleriň girdejilerinde maldarçylygyň paýyna 60% töweregi, ekerançylyga bolsa, bagçylygy goşmak bilen – 40% töweregi düşýär.

Ýurtda ekerançylygyň öňdebaryjy pudagy däneli ekinleri, ilkinji nobatda bugdaýy, ösdürip ýetişdirmekdir. Bugdaý Kanadanyň oba hojalyk eksportynyň düzüminde esasy orny eýeleýär (bugdaýyň dünýä eksportynyň 20%-e golaýy). Ýurduň esasy däne harmanlary üç sähra prowinsiýalarydyr: Manitoba, Albert we Saskaçewan. Bugdaýdan başga-da süle, arpa, lýon, kartoşka, gök önümler, miweler ýetişdirilýär.

**Ulaglar ulgamy.** Kanada-da ulaglaryň ähli görnüşleri ösendir ýöne esasy ulag ýollary ýurduň günortasynda toplanandyr. Demir ýol, awtomobil we turbageçiriji ulaglary has möhüm ösüşe eýe boldy. Demir ýollaryň, nebit we gaz geçirijileriň uzynlygy boýunça Kana-

da diňe ABŞ-dan we Russiýadan yza galýar, gaty örtükli awtomobil ýollarynyň uzynlygy boýunça bolsa dünýäde 6-njy orny eýeleýär. Deňiz (Monreal, Kwebek, Por-Kartýe, Set-Il, Wankuwer), derýa (Keramatly Lawrentiýa derýasy, Beýik köller, Makkenzi) we howa ulaglary hem ösendir.

**Daşary ykdysady gatnaşyklary.** ABŞ Kanadanyň uly söwda hyzmatdaşydyr, onuň paýyna ýurduň eksportynyň 70%-den gowuragy düşýär. Kanada, öz gezeginde, amerikan harytlarynyň we hyzmatlarynyň örän uly sarp edijisi (amerikan eksportynyň 20%-i) bolup durýar. Kanadanyň beýleki daşary ykdysady hyzmatdaşlarynyň arasynda Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlaryny (esasan-da, Beýik Britaniýany) we Ýaponiýany tapawutlandyrmak bolar.

Kanadanyň möhüm eksport harytlaryna nebit, tebigy gaz, demir magdany, reňkli metallar, elektronika, aragatnaşyk serişdeleri, AES-ler üçin enjamlar, agaç, agaç materiallary, kagyz, däne degişlidir. Importynda maşynlar, enjamlar, sarp ediliş harytlary, boksitler agdyklyk edýär.

**Içerki aýratynlyklary.** Kanadanyň içerki aýratynlyklary örän aýdyň görünýär. Onuň ilatynyň we hojalygynyň esasy bölegi ABŞ bilen araçägiň ugry boýunça uzalyp gidýän, giň bolmadyk (200-500 km) günorta zolakda jemlenendir. Bu etrabyň çäginde ilatyň gürlügi 1 km$^2$ meýdana 10-dan 50 adama çenli ýetýär. Bu ýerde Kanadanyň esasy ykdysady etraplary ýerleşýär: 1) Ýurduň esasy şäherleri we senagat merkezlerini öz içine alýan Merkezi (Ontario we Kiwebek prowinsiýalarynyň günorta bölekleri) etrap, 2) Uly dag-magdan senagaty, däne hojalygy we maldarçylygy bilen tapawutlanýan Sähra (Manitoba, Saskaçeban we Albert prowinsiýalary) etraby, 3) Ýurduň baş «tokaý sehi» bolan Ýuwaş okean (Britan Kolumbiýasy prowinsiýasy) we 4) Ýurduň dört prowinsiýasyny öz içine alýan, meýdany boýunça iň kiçi we durmuş-ykdysady ösüşiniň derejesi boýunça gowşak ösen Atlantik etraby.

Kanadanyň meýdanynyň takmynan 2/5 bölegini az ilatlaşan we gowşak özleşdirilen Demirgazyk eýeleýär. Bu ýerde 1 adama 100-200 km$^2$ meýdan düşýär. Kanadanyň Demirgazygynda territoriany özleşdirmegiň ojaklaýyn görnüşi agdyklyk edýär. Hojalyk işiniň ojaklary esasan gazyp alma senagaty we uly suw elektrik stansiýalary (SES-ler) bilen baglanyşyklydyr.

# VII bap
# Latyn Amerikasy ýurtlary

## 7.1. Sebitiň syýasy kartasy. Tebigy baýlyklary. Ilaty

**Geografiki ýerleşişi we tebigy baýlyklary.** ABŞ-nyň we Antarktidanyň aralygynda ýerleşýän uly sebite Latyn Amerikasy diýilýär. Bu adalga dünýäniň şu uly böleginde roman (latyn) halklarynyň dil we medeni täsiriniň uly bolmagyndan gelip çykýar. Latyn Amerikasy ýurtlaryny taryhy ykballarynyň umumylygy we häzirki zaman durmuş-ykdysady ösüşiniň meňzeşligi birleşdirýär. Sebit demirgazykdan günorta tarap 13 müň km uzalyp gidýär.

Latyn Amerikasy sebitiniň geografik ýerleşişiniň aýratynlygy onuň Ýuwaş we Atlantik okeanlarynyň arasynda ýerleşmegi we möhüm strategiki ähmiýetli Panama kanaly arkaly birleşdirilmegidir. Bu döwletler üçin (Boliwiýa we Paragwaýdan başgalary) Dünýä okeanyna çykalga diňe bir beýleki sebitler bilen baglanyşmak üçin däl-de, eýsem, Latyn Amerikasy döwletleriniň öz aralaryndaky gatnaşyk üçin zerurdyr. Umuman, sebitiň ilatlaşmagynda we durmuş-ykdysady ösüşinde deňizleriň ähmiýeti uludyr.

Sebitiň ýurtlarynyň ABŞ-a ýakyn ýerleşmegi, ýöne dünýäniň beýleki uly sebitlerinden has uzak aralykda bolmagy ykdysady-geografik ýerleşişiniň ýene-de bir aýratynlygyny kesgitleýär.

Latyn Amerikasy döwletleriniň wakalara baý taryhy we özboluşly medeniýeti bar. Indeý taýpalarynyň we halklarynyň: astekleriň, maýalaryň, keçualaryň, inkleriň ösen gadymy medeni-durmuş ojaklary (siwilizasiýalary) bütindünýäde bellidir.

Size belli bolşy ýaly, Hristofor Kolumb we beýleki deňizde ýüzüji syýahatçylar tarapyndan XV asyryň ahyrynda açylan uzakdaky ýerlere Ýewropadan, ilkinji nobatda Ispaniýadan we Portugaliýadan basybalyjylaryň-konkistadorlaryň köpsanly ekspedisiýalary ugradyldy. Olar kem-kemden Latyn Amerikasynyň bütin meýdan-çäginde agalygy dikeltdiler. Kolonizasiýa köp indeý taýpalaryny, olaryň gadymy medeniýetini ýok etmek, köpçülikleýin gyrmak esasynda, ýerli ilaty berk ezmeklik bilen baglanyşdyryldy. Şeýle süteme XVI–

XVII asyrlarda West-Indiýa ýurtlaryna we Günorta Amerikanyň Karib deňziniň we Atlantik kenarýakalaryna tropiki ekinleriň plantasiýalarynda işlemek üçin getirilen millionlarça negrler-gullar hem sezewar edildi.

Ispan we portugal kolonizatorlary bilen dowamly we gandöküşikli göreşler netijesinde Latyn Amerikasy halklarynyň aglabasy, baryp XIX asyryň başlarynda garaşsyzlyk gazandylar.

Latyn Amerikasynyň ýurtlary durmuş-ykdysady ösüşiniň köp görkezijileri boýunça Aziýa we Afrikanyň ösýän döwletlerinden öňdedir. Bu öňi bilen olaryň üçünji dünýäniň beýleki döwletlerinden has ir bazar ykdysadyýetini döretmegiň ýollaryna düşenligi bilen baglanyşyklydyr.

Sebitiň çäginde 33 döwlet ýerleşýär. Döwlet gurluşy boýunça olaryň aglaba köplügi respublika, şeýle hem Beýik Britaniýanyň ýolbaşçylyk edýän Dostlaşygynyň düzümindäki ýurtlardyr.

Sebitiň tebigy baýlyklary baý we köpdürlüdir. Olar oba hojalygyny ösdürmek üçin şeýle hem senagat üçin amatlydyr. Bu ýerde hasylly toprakly giň meýdanlar ýaýrandyr. Olaryň biri La-Plata pesliginde ýerleşýän dünýäde belli Pampadyr, Günorta Amerikanyň tebigy baýlyklaryna Amazonkanyň, Orinokanyň, Parananyň we ş.m. suw ulgamlary, uly, ýöne çalt azalýan tropiki tokaýlaryň massiwleri hem degişlidir. Kenarýaka okean we deňiz suwlary balyklara we deňiz önümlerine baýdyr.

Latyn Amerikasy köp mukdarda ýangyç-energetiki baýlyklara eýedir: nebite (Wenesuela, Meksika, Peru), tebigy gaza (Boliwiýa, Wenesuela), kömre, urana. Soňky ýyllarda suw elektoenergiýa baýlyklary giňden özleşdirilip başlanyldy. Has takygy, Parana derýasynda, Paragwaý we Braziliýanyň araçäginde dünýäde iň uly suw energetik toplumlaryň biri bolan Itaýpu GES-i guruldy. Energiýanyň täze çeşmelerini gözlemek we özleşdirmek boýunça hem işler geçirilýär. Käbir döwletlerde (meselem, Meksikada) atom energetikasyny ösdürmek boýunça maksatnama kabul edildi. Şeker çiňriginden suwuk ýangyç hökmünde etil spirtini peýdalanmakda Braziliýanyň tejribesi giňden bellidir.

Sebitde beýleki baýlyklar hem giňden ýaýrandyr: metal magdanlary, himiýa çig maly, metaldäl gazma baýlyklary. Demir

magdanyň esasy gorlary Braziliýada (onuň çykarylyşy boýunça häzirki wagtda dünýäde birinji orunlaryň birini eýeleýär), Wenesuelada, Çilide, Peruda we Meksikada; boksitler – Ýamaýkada, Surinamda we Braziliýada; mis magdany – Çilide, Peruda we Meksikada; galaýy-Boliwiýada; gymmat bahaly reňkli metallar – Kolumbiýada, Braziliýada, Peruda we başga ýurtlarda ýaýrandyr.

Latyn Amerikasy örän giň ýer baýlyklaryna hem eýedir. Häzirki wagtda onuň meýdanynyň diňe 8%-i işlenip bejerilýär. Sebitiň suw baýlyklary hem uludyr. Ol derýa akymynyň ululygy boýunça diňe Aziýadan yza galýar. Derýalaryň suw energetik ätiýaçlyklary hem örän uludyr.

Tokaýlaryň umumy meýdany (930 mln ga) boýunça Latyn Amerikasyna dünýäde 1-nji orun degişlidir. Meýdanynyň ýarysyndan gowragyny tokaýlar örtýär.

**Ilaty.** Latyn Amerikasynyň ilatynyň etniki düzümi örän dürlüdir: Ýewropadan göçüp gelenleriň nesilleri, mitisler (akýagyzlylylar bilen indeýleriň nikalaşmagyndan dörän nesiller), mulatlar (akýagyzlylar we negrleriň nikalaşmagyndan dörän nesiller), indeýler, hytaýlylar we başgalar ilatyň esasy köplügini düzýärler. Milli düzümi boýunça has birmeňzeş hasaplanýan ýurtlara – Argentina, Çili, Urugwaý degişlidir. Olarda Ýewropadan göçüp gelen akýagyz halklaryň nesilleri agdyklyk edýär. Indeý halklary Boliwiýada (63%) Gwatemalada (54%) has köp toplanandyr.

Latyn Amerikasy üçin ilatyň üznüksiz köpelişiniň ikinji tipi häsiýetlidir. Sebitiň ýurtlarynda demografiki partlaýyş hadysasynyň ýitileşen döwürleri baryp 50-60-njy ýyllarda geçdi. Ýöne häzir hem köp döwletlerde ilatyň köpelişi ýylda 1,5-2,0%-e deňdir. Bu bolsa, döwletleriň köpüsiniň ilatynyň ýaş düzüminde çagalaryň sanynyň uly bolmagyna getirýär. Ilatyň esasy köp toplanan etraplary-okeanlaryň kenarýaka sebitleri, West-Indiýa adalary, käbir daglyk meýdan-çäklerdir. Amazonkanyň, Orinokanyň, Paragwaýyň giň etraplary bolsa, tersine seýrek ilatlaşandyr.

Latyn Amerikasy dünýäniň has gowşak ilatlaşan (1 km$^2$ meýdana 30 adam) sebitleriniň biridir. Ilatyň ýerleşişiniň endigansyzlygy beýleki sebitlere garanda has aýdyň görünýär. Dünýäniň hiç bir sebi-

tinde ilat şu ýerdäki ýaly beýik dag guşaklygynda köpçülikleýin jemlenen däldir.

Urbanizasiýanyň görkezijisi boýunça (78%) Latyn Amerikasy ykdysady taýdan ösen döwletleri ýadyňa salýar. Käbir ýurtlar, has takygy Argentinada, Urugwaýda we Çilide şäher ilatynyň paýy 85%-den hem geçýär.

Ilatyň esasy bölegi barha uly şäherlerde we «millioner» şäherlerde jemlenýär. Senagat taýdan ösen döwletlerde şäher aglomerasiýalaryň (toplumlarynyň) intensiw ýüze çykmagy bolup geçýär.

## 7.2. Latyn Amerikasy ýurtlarynyň hojalygy

**Senagat önümçiligi.** Soňky döwürde Latyn Amerikasy ýurtlarynyň ykdysady ösüşiniň häsiýetli aýratynlygy hojalygyň düzüminde oba hojalygynyň ornunyň kem-kemden peselmegi we senagatyň udel agramynyň artmagydyr. Döwletleriň aglabasy tarapyndan geçirilýän industrializasiýa syýasaty netijesinde sebitde gara we reňkli metallurgiýa, maşyn-gurluşygy, himiýa senagaty we käbir beýleki pudaklar täzeden döredildi.

Emma sebitiň ýurtlarynyň senagat taýdan ösüşi birmeňzeş däldir. Häzir sebitiň industrial «keşbini» Argentina, Braziliýa, Meksika, şeýle hem Çili, Wenesuela, Kolumbiýa we Peru ýaly ýurtlar kesgitleýär. Olaryň arasynda Latyn Amerikasynyň senagat önümçiliginiň tas 2/3 bölegini jemleýän we sebitiň çäginde sarp edilýän senagat önüminiň 90%-den gowragyny üpjün edýän «uly üçlük» – Argentina, Braziliýa we Meksika has tapawutlanýar.

Sebitiň ýurtlarynda senagatyň esasy pudaklarynyň biri – dag-magdan senagatydyr. Onuň düzüminde ýangyç, esasan-da, nebit çykarmak görnükli orny eýeleýär (pudagyň önüminiň 80% gymmatyny üpjün edýär). Metal magdanlaryny we beýleki mineral baýlyklaryny gazyp almagyň möçberi-de barha artýar. Dag-magdan senagatynda gazylyp alynýan baýlyklaryň köpdürlüligi we gorlarynyň ululygy bilen tapawutlanýan Meksika, Wenesuela, Braziliýa we Argentina öňdebaryjy orny eýeleýärler.

Soňky ýyllarda Latyn Amerikasy ýurtlarynyň köpüsinde *işläp bejerýän senagat* hojalygyň has çalt ösýän önümçilik ugruna öwrülýär. Şunlukda, onuň düzüminde adaty pudaklaryň – dokma, azyk, şeýle hem gön-aýakgap we tikin senagatlarynyň paýy azaldy. Ýöne, şol bir wagtyň özünde, önümçilik maksatly harytlary öndürýän pudaklaryň udel agramy ýokarlanýar. Esasan-da, maşyn-gurluşygy, himiýa we nebiti gaýtadan işlemek, gara metallurgiýa, gurluşyk materiallary önümçiligi has çalt ösýär. Häzirki wagtda Braziliýa, Argentina, Meksika dünýä bazarynda öz awtomobilleri, elektronika, himiýa senagat önümleri bilen giňden tanalýar. Sebitiň şu we käbir beýleki ýurtlarynyň häzirki zaman işläp bejerýän senagat pudaklaryndaky ýokary ösüşi olarda önümleri ýerleşdirmek üçin uly içerki bazarlarynyň bolmagyna, tebigy baýlyklar we işçi güýji bilen ýeterlik üpjünçiligine, daşary ýurtlaryň tehnika we tehnologiýa babatda gazanan tejribelerini başarnykly özlerine çekýändiklerine esaslanýar.

Merkezi Amerika we Karib basseýniniň ýurtlary, şeýle hem Boliwiýa, Paragwaý ýaly ykdysady taýdan gowşak ösen käbir beýleki döwletler barada aýdylanda bolsa, olarda senagat önümçiligiň düzüminde entek onuň adaty, köne pudaklary, öňi bilen azyk senagaty agdyklyk edýär. Latyn Amerikasynyň köp ýurtlarynda bu pudak aýdyň görünýän eksporta ugrukdyrylanlygy bilen tapawutlanýar (Argentinada, Urugwaýda, Braziliýada – et önümleri; Braziliýada, Peruda, Meksikada, Karib basseýininiň ýurtlarynda – gant senagaty we ş.m.).

Latyn Amerikasy ýurtlarynyň senagatynyň ýerleşişi esasan bir merkezli gurluşy bilen häsiýetlendirilýär. Bu, esasan-da, Argentina, Urugwaý, Meksika, Wenesuela, Çili ýaly ýurtlarda has aýdyň ýüze çykýar. Hemme döwletlerde diýen ýaly, esasy senagat merkezleri paýtagt şäherleri bolup, olarda ýurduň senagat önüminiň 50%-den 80%-e çenli mukdary öndürilýär. Sebitiň ýurtlarynyň aglabasynyň ykdysadyýetiniň daşary bazara ýykgyn etmegi uly gämi duralga – şäherlerinde senagat «toplumlarynyň» döremegine getirdi. Käbir ýurtlaryň paýtagtlarynyň bir wagtda esasy gämi duralgasy – senagat merkezi bolup durýandygy seýrek däldir (Buenos-Aýres, Montewideo, Lima we başg.).

**Oba hojalygy.** Latyn Amerikasynyň ykdysadyýetinde oba hojalygynyň paýynyň peselýändigine garamazdan, onuň orny häzir hem uludyr. Käbir ýurtlarda (ilkinji nobatda Merkezi Amerika we Karib basseýni sebiti) ol maddy önümçiligiň esasy ugry bolmagyna galýar. Oba hojalygynda zähmete ukyply ilatyň esasy bölegi meşgullanýar. Soňky ýyllarda oba hojalygy Meksika, Braziliýa, Argentina, Kolumbiýa ýaly döwletlerde çalt ösüp başlady. Bu ýurtlarda uly fermer hojalyklary döredilip, ekerançylykda we maldarçylykda önüm öndürmegi has artdyrmak başartdy. Ýöne Boliwiýanyň, Peruwyň, Ekwadoryň, Salwadoryň, Gwatemalanyň we beýleki birnäçe ýurtlaryň oba hojalygy entek gowşak ösendir.

Şol ýurtlarda oba hojalygynyň yzagalaklygy tebigy köpelişiň hasabyna ilatyň sanynyň çalt artmagy bilen baglanyşykda, azyk üpjünçilik meselesini ýitileşdirýär. Latyn Amerikasynyň oba hojalygynyň esasy pudagy – ekerançylykdyr. Ekin meýdanlarynda däneli ekinler, esasan-da bugdaý we mekgejöwen agdyklyk edýär. Köp ýurtlarda çogdarynyň ekin meýdanlary çalt artýar, bu mal iýmiti hökmünde uly islegiň bolmagy bilen düşündirilýär. Şeýle-de azyklyk we ot-iýmlik ekini bolan soýanyň ähmiýeti artýar. Köp döwletleriň «ekerançylyk keşbi» haýsy hem bolsa belli bir ekini ýetişdirmek (monokultura) bilen baglanyşyklydyr: Braziliýada, Kolumbiýada, Gwatemalada, Salwadorda, Kosta-Rikada esasy oba hojalyk ekini – kofe; Ekwadorda, Gondurasda we Panamada – banan; Gaýanada, Dominikan Respublikasynda we Kubada – şeker çiňrigidir. Meksikada – mekgejöwen, Peruda we Nikaraguada – gowaça has köp ösdürilip ýetişdirilýär.

Maldarçylykda sebitiň oba hojalyk önüminiň takmynan 1/3 bölegi öndürilýär. Et-süýt berýän iri şahly mallary köpeltmek, dowardarçylyk we guşçulyk onuň esasy pudaklarydyr. Maldarçylyk önümlerini öndürmek boýunça Argentinanyň we Urugwaýyň çäklerinde La-Plata derýasynyň aşaky akymynda ýerleşýän ekerançylyk – maldarçylyk etraby (Pampa sährasy) has tapawutlanýar. Bu ýerde azyk önümlerini we çig maly öndürmek, gaýtadan işlemek we eksport etmek boýunça örän uly agrosenagat toplumy döredi. Kenarýakada ýerleşýän we ada ýurtlarynyň aglabasy üçin balykçylyk hojalygy ýöriteleşiş ugry hasaplanylýar.

Latyn Amerikasy döwletleriniň durmuş-ykdysady ösüş ýolundaky bökdençlik – ulaglar ulgamynyň kanagatlanarsyz ýagdaýydyr. Köp meýdan-çäkler häzirki zaman ulag ýollaryndan mahrumdyr. Gury ýer ulagynyň esasy görnüşi – awtomobil ulagy. ABŞ-nyň günorta araçäklerinden tä Argentinanyň paýtagty Buenos-Aýrese çenli köp ýurtlaryň çäginden geçýän Panamerika awtomobil ýoly, şeýle-de Transamazonka magistraly uly hojalyk ähmiýetine eýedir. Demir ýollaryň uzynlygynyň uly bolmagyna garamazdan, olaryň tehniki enjamlaşdyrylyşy pes derejededir. Içerki suw we turbageçiriji ulagy hem gowşak ösendir. Daşary ykdysady gatnaşyklarda deňiz ulagy uly (Meksikadan başga) orny eýeleýär.

Meksikanyň we West–Indiýa ýurtlarynyň birnäçesiniň ykdysadyýetinde halkara syýahatçylygy görnükli orun eýeleýär. Olaryň käbirlerini (Bagam adalary) hatda «kireýine jaý tabşyrýan» ýurtlar diýip atlandyrýarlar.

Latyn Amerikasy ýurtlarynyň eksportynyň haryt düzümi köp derejede azyk-çig mal häsiýetine eýedir. Şunlukda nebit we kofe sebitiň eksportynyň esasy bölegini düzýär. Soňky ýyllarda sebitiň ýurtlarynyň eksportynyň düzüminde işläp bejerýän senagatyň önümleriniň paýy barha artýar (40%-e golaýlady). Şeýle ösüş esasan «uly üçlügiň» (Argentina, Braziliýa, Meksika) hasabyna bolup geçýär.

## 7.3. Latyn Amerikasynyň taryhy-geografik sebitleri

Latyn Amerikasynyň çäginde şertleýin 4 sany uly geografik sebiti tapawutlandyrmak bolar: Meksika, Merkezi Amerikanyň we West-Indiýanyň ýurtlary, Amazonka basseýniniň we La-Plata pesliginiň ýurtlary, And ýurtlary.

### Meksika

**Geografik ýerleşişi.** Meksika Demirgazyk Amerika materiginiň günortasynda ykdysady – geografik jähtden amatly ýerde ýerleşýär. Onuň Ýuwaş we Atlantik okeanlaryna gönüden-göni çykalgalary bar. Dünýäniň iň kuwwatly döwleti bolan ABŞ bilen dowamly gury ýer

araçäginiň bolmagy Meksikanyň ykdysadyýetiniň ösmegi üçin amatly täsir edýär.

Meksikanyň Birleşen Ştatlary–Latyn Amerikasyndaky ilatynyň sany we ykdysady potensialynyň ululygy boýunça ikinji döwletdir. Meksikanyň wakalara baý özboluşly taryhy bar. Onuň meýdan-çäginde Günbatar ýarym şarynyň iň ösen swilizasiýalarynyň biri-maýalaryň, tolteklerиň we asteklerиň siwilizasiýasy bolupdyr. Olaryň arasynda iň kuwwatlysy XIV asyrda kuwwatly imperiýany döreden asteklerиň medeniýeti boldy. XVI asyryň başlarynda ol ispanlar tarapyndan boýun egdirildi. Meksika 1821-nji ýylda garaşsyz boldy.

**Tebigy baýlyklary.** Ýurduň meýdanynyň ýarysyndan gowragyny Meksika tekiz daglygy tutýar. Düzlükler we peslikler kenaretek etraplarda ýerleşýärler. Geologik gurluşynyň dürlüligi ýurduň gazma baýlyklaryna baý bolmagyny kesgitleýär. Ýurduň örän uly tebigy baýlygy Meksika aýlagy sebitindäki nebit we gaz gorlarydyr. Meksika kümüş, polimetal, mis, marganes, simap, öndürmek boýunça dünýäniň öňdebaryjylarynyň hatarynda durýar. Ol şeýle-de demir magdanynyň, kömrüň, uranyň uly gorlaryna eýedir. Suw energiýa baýlyklary hojalygy ösdürmek üçin ýeterlikdir. Ýöne suw energiýa baýlyklarynyň 80%-den gowragy artykmaç çyglanmadan ejir çekýän ýurduň peslik böleginde jemlenendir. Ilatyň esasy böleginiň ýaşaýan içerki etraplarynda bolsa, tersine, hemişe suw ýetmezçiligi duýulýar.

**Ilaty.** Meksika ilatynyň sany boýunça Latyn Amerikasynyň uly döwletleriniň biridir. Soňky döwürde ilatyň tebigy köpelişi (ortaça ýyllyk artyşy – 1,4%-den geçýär) durgunlaşýar. Ýöne daşarky migrasiýanyň (esasan ABŞ-a) derejesi ýokarydyr.

Ilatyň köp bölegini ispanlaryň ýerli indeý halky bilen garylyp-gatyşmagyndan dörän metisler (60%) düzýär. Bu ýerde indeýler (30%), akýagyzlylar (9%) we Aziýadan gelip çykan milletler hem ýaşaýarlar. Ilatyň 89%-i katoliklerdir.

Meksikanyň ilaty çalt depginler bilen ösýär. Meksikalylaryň esasy köplügi – ispan-indeý gelip çykyşly metisler (60%) we indeýlerdir (30%). Jemi 40-dan gowrak indeý taýpalary we halkyýetleri bar. Olaryň arasynda iň ululary astekler we maýýalar. Meksikanyň ilatynyň esasy bölegi ýurduň merkezinde jemlenen, bu ýerde 7%

meýdan-çäkde onuň ýaşaýjylarynyň 40%-i ýaşaýar. Meksikanyň ilaty üçin uly migrasiýa hereketi häsiýetlidir, onuň esasy ugruny ABŞ bilen goňşuçylygy kesgitleýär. Her ýylda amerikan araçägini legal we legaldäl ýagdaýda meksikalylaryň ýüzlerçe müňüsi kesip geçýär.

Meksikanyň ilatynyň 70%-den gowragy şäherlilerdir. Ýurtda 4 sany millioner şäher: Meksika (şäher etegi bilen 20 mln adam), Gwadalahara (2,8 mln), Monterreý (2,5 mln), Pueblo (1,5 mln) şäher bar. Paýtagt aglomerasiýasy has tapawutlanýar.

Meksika – 31 ştatdan we paýtagt federal okrugyndan durýan Federatiw Respublikadyr. Geografik nukdaýnazardan Meksika iki Latyn Amerika we Demirgazyk Amerika degişlidir. Bu ýagdaý örän aýdyň görünýän syýasy we durmuş-ykdysady ähmiýete eýedir. 1994-nji ýyldan bäri Meksika ABŞ we Kanada bilen erkin söwdanyň uly zonasynyň – NAFTA-nyň agzasy bolup durýar.

**Hojalygy.** Jemi içerki önümiň göwrümi boýunça Meksika Braziliýadan soňra Latyn Amerikasynda ikinji orny eýeleýär. Uly ykdysady potensialy, köp pudakly hojalygy we baý mineral-çig mal esaslary Meksikany dünýäniň ykdysady taýdan kuwwatly ýurtlarynyň birine öwürýär.

Meksikanyň ykdysady ösüşiniň käbir aýratynlyklary ony Latyn Amerikasynyň beýleki ýurtlaryndan tapawutlandyrýar. Meksika oba hojalygynyň pajarlap ösmegini üpjün edýän düýpli agrar reformany geçiren sebitdäki ýeke-täk döwletdir. Ol Latyn Amerikasynda ilkinjileriň hatarynda tebigy baýlyklary millileşdirdi we ýurduň ykdysady durmuşyna işjeň gatnaşýan güýçli döwlet sektoryny döretdi.

Meksika uly çig mal gorlaryna eýe bolup, köp gazma baýlyklaryny çykarmak boýunça dünýäde öňdebaryjy orunlary eýeleýär. Meksikanyň energetikasynyň esasyny nebit we gaz düzýär. Nebitiň we gazyň esasy gorlary, şeýle-de pudagyň önümçilik kuwwatlyklary Meksika aýlagynyň kenar ýakalarynda, oňa ýanaşýan düzlüklerde we Ýukatan ýarym adasynyň golaýyndaky kontinental şelfde ýerleşýärler. Häzirki wagtda Meksika dünýäde iň uly nebit öndürijileriň we eksport edijileriň biridir.

Elektroenergiýanyň esasy böleg ÝES-lerde öndürilýär. Suw elektrik stansiýalaryna energiýanyň 20%-den gowragy düşýär. Öz hususy uran magdanynyň esasynda «Laguna Werde» AES-i hereket edýär.

Işläp bejerýän senagatda esasy, baş pudaklar metallurgiýa we maşyn-gurluşygy, şeýle-de nebiti gaýtadan işleýän we nebit-himiýa önümçilikleridir. Ýeňil we azyk senagatlary gowy ösen. Gara we reňkli metallurgiýa öňden gelýän adata eýe we dürli çig mal çeşmelerine esaslanýar. Uly metallurgiýa kombinatlary Monkowda, Lasaro-Kardenasda we Los-Truçasda hereket edýär. Reňkli metallurgiýanyň pudaklaryndan gurşun, simap we mis eretmek has ösendir.

Maşyn-gurluşygynda dünýä belli awtomobil «läheňleri» tarapyndan görkezilen kuwwatly awtomobil senagaty birinji orunda durýar. Şeýle-de Meksika dürli senagat enjamlaryny möhüm öndürijileriň hatarynda durýar. Elektron senagatynyň täze pudaklarynyň ähmiýeti artýar. Bu pudagyň aglaba kärhanalary – «makiladoras» diýip atlandyrylýan, daşary ýurt çig malyny we tehnalogiýalaryny peýdalanýan, esasan amerikan kompaniýalary tarapyndan ABŞ bilen serhetýaka zonada gurlan ýygnaýjy görnüşindäki kärhanalardyr. Olar Amerikan maýasyna we arzan meksika işçi güýjüne esaslanýarlar. Olaryň önüminiň 90%-e golaýy ABŞ-nyň bazarlaryna gelip düşýär. Meksika önümi ýygnaýjy iş tapgyrlary boýunça ABŞ-nyň iň uly hyzmatdaşy bolup, bu babatda beýleki ýurtlardan öňdedir.

Nebiti gaýtadan işleýän senagatyň ösmegi bilen baglanyşykly himiýa industriýasynyň ähmiýeti çalt artdy. Onuň üçin nebit we gaz çig malyny çuňlaşdyryp gaýtadan işlemek häsiýetlidir. Meksika polietilen, etilen we metanol ýaly önümleri köp öndürijidir. Nebithimiýanyň esasy merkezleri La-Kangrehera (Latyn Amerikasynda iň uly nebithimiýa toplumlarynyň biri), Koasakoalkos, Minatitlan, Paharitos.

Meksikanyň senagatynyň adaty pudaklary dokma we azyk-tagam senagatlary bolup galýar. Olar esasan kiçi we orta kärhanalardan durýar. Ýurduň iň uly dokma etraby – Pueblo ştaty (nah mata senagaty), Mehiko (ýüpek we ýüň senagaty), Ýukatan (heneken gaýtadan işlemek). Azyk senagatynda uly orny şireli içgileri, gant, mekgejöwenden taýýarlanan önümler eýeleýär.

Meksikanyň senagatynyň meýdan-çäk gurluşy taryhy aýratynlyklara eýedir. Senagat önümçiliginiň (şeýle-de ilatyň) esasy bölegi ýurduň merkezinde jemlenýär. Şol sebäpli Meksika üçin ykdysady işjeňligiň kenarýaka etraplara süýşmegi häsiýetli.

Oba hojalygynda ekerançylyk agdyklyk edýär. Esasy ekinleri – mekgejöwen, çogdary, fasol, şaly, bugdaý, şeker çiňrigi. Meksika – pagta öndürýän uly ýurtlaryň biridir. Ýokary hilli meksika pagtasy dünýä bazarynda uly islegden peýdalanýar. Şeýle-de heneken (Ýukatan ştatynda ýetişdirilýär), burç, kofe, gök önümler, eksport ähmiýetli dürli tropiki miweler ýetişdirilýär. Meksika Latyn Amerikasynyň beýleki ýurtlaryndan oba hojalygyna geçirilýän ylmy-barlag işleri üçin edilýän çykdajylaryň möçberi boýunça has öňdedir.

Ýurduň ykdysadyýetinde balykçylyk görnükli orun eýeleýär. Şol bir wagtda akwakultura we deňiz önümleriniň eksporty işjeň ösdürilýär.

Meksika – halkara syýahatçylygynyň iň bir özüne çekiji etraplarynyň biridir. Her ýylda ýurduň çägine 20 mln syýahatçy gelýär, bu bolsa döwlete uly girdeji getirýär.

Ýurduň ulaglar ulgamyny gury ýer, deňiz we howa ýollary düzýär. Ýöne ýurtda okean kenarlaryny birleşdirýän ulag-kommunikasiýalary az. Ýükleriň we ýolagçylaryň esasy bölegi awtomobil ulaglary bilen daşalýar. Daşary söwda gatnawlary deňiz ulagy bilen üpjün edilýär. Meksika uly söwda flotyna, öňi bilen tankerlere eýedir.

Meksikanyň esasy daşary söwda hyzmatdaşy – ABŞ. Soňky ýyllarda onuň Kanada bilen ykdysady gatnaşyklary hem ösýär. Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary bilen söwda gatnaşyklary ösýär. Günbatar ýewropa maýasynyň Meksikanyň ykdysadyýetine çekilişi artýar. Ýaponiýa we ATS (Aziýa – Ýuwaş okean sebitiniň) ýurtlary bilen ykdysady gatnaşyklar hem ösdürilýär.

Meksikanyň ykdysady ýadrosy Merkezi zona hasap edilýär. Bu ýerde, Meksika tekiz daglygynyň günorta böleginde paýtagty we çet-gyraky uly şäherleri birleşdirýän ýollaryň gür tory bar. Meksikanyň bu etrabynda ýurduň esasy ykdysady kuwwaty jemlenendir. Demirgazyk reňkli we gara metallurgiýanyň esasy kuwwatlyklaryny özünde jemleýär. ABŞ-a «ýüzlenen» şekilde, ol şeýle hem Amerikanyň araçägi boýunça iki okeanyň arasynda uzalyp gidýän şäherleriň zynjyry (Tihdana, Mehikaly, Sýudad-Huares) bilen tapawutlanýar, bu ýerde amerikan kärhanalarynyň köpsanly bölümçeleri hereket edýärler. Olar ABŞ-nyň goňşy şäherleri bilen jebis arabaglanyşyklydyr. Meksika aýlagynyň kenarlary – bu ýurduň Atlantik okeanyna çykalgasy we

ýangyç çeşmesidir. Günorta sebiti Meksikanyň iň yza galak bölegidir, onuň «indeý çatrygydyr». Häzir Günortanyň industrial ösüşi Las-Truças demir magdan käniniň özleşdirilmegi bilen baglanyşyklydyr. Onuň esasynda metallurgiýa kombinaty we Lasara-Kardenas şäheri guruldy.

## 7.4. Merkezi Amerika we West-Indiýa sebiti

Bu sebit Amerika materiginiň uly boýunjygynyň ýurtlaryny (kä halatda «bananly ýurtlar» diýlip atlandyrylýan) hem-de Karib deňziniň ada döwletlerini öz içine alýar. Olaryň aglabasy durmuş-ykdysady ösüşde yzagalak döwletleriň hataryna girýär (*31-nji tablisa*).

Sebitiň kontinental ýurtlarynyň okeanara ýerleşişi we West--Indiýanyň Demirgazyk, Merkezi we Günorta Amerikanyň araçägin-de amatly strategik ýerleşiş ýagdaýy geçmişde bu döwletleri kolonial basyp alyşlaryň etrabyna öwrüpdi.

Bu ýerde dünýäde iň möhüm deňiz kanallarynyň biri – Panama kanaly ýerleşýär. Ol Ýuwaş we Atlantik okeanlaryny ýöne bir birleşdirmän, eýsem, Ýewropadan Günorta Amerikanyň günbatar kenarlaryna tarap ýoly ep-esli gysgaltýar. Onuň gurulmazyndan ozal (1914 ý) deňiz gämileri Günorta Amerikanyň daşyndan aýlanmaly bolýardylar. Panama kanaly 82 km uzalyp gidýär, ondan her ýylda 15 müňden gowrak deňiz gämileri geçýär.

Hojalyk taýdan Merkezi Amerika we West-Indiýa dünýäde ösen plantasiýa oba hojalygynyň sebiti hökmünde bellidir. Onda şeker çiňrigi, kofe, banan we ananas ösdürip ýetişdirmek uly ähmiýete eýedir.

Kada bolşy ýaly, has uly plantasiýalar ABŞ-nyň maýadarlary tarapyndan gözegçilik edilýär. Daşary ýurt plantasiýalary – bu «döwletiň içindäki döwlet» diýen ýalydyr we ösýän döwletleriň ykdysadyýeti bilen az baglanyşyklydyr.

West-Indiýanyň ýurtlarynyň «hojalyk ýüzi» köp derejede daşyndan getirilýän nebitiň esasynda işleýän we «hapa» önümçilikleri ösýän döwletlere geçirmek syýsatynyň netijesi bolup durýan, kuwwatly nebiti gaýtadan işleýän senagat bilen kesgitlenýär.

*31-nji tablisa*

**Merkezi Amerika we West-Indiýa sebiti boýunça statistiki maglumatlar, 2014 ý.**

| Döwletler | Meýdany, müň km² | Ilaty, mln adam | Ilatyň tebigy artyşy,% | Ömrüň ortaça dowamlylygy, ýyl | | Iýmitiň sarp edilişi kkal/gije-gündiz | Jemi içerki önüm | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Erkekler | Aýallar | | Umumy, mlrd dollar | 1 adam başyna, doll |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| Meksika | 1958 | 119,7 | 1,4 | 73 | 78 | 3168,0 | 1928,4 | 16110 |
| MERKEZI AMERIKA | | | | | | | | |
| Beliz | 23,0 | 0,4 | 1,9 | 70 | 74 | 2888,8 | 3,3 | 8160 |
| Gwatemala | 108,9 | 15,9 | 2,6 | 63 | 69 | 2330,9 | 113,4 | 7130 |
| Gonduras | 112,1 | 8,2 | 2,0 | 64 | 68 | 2396,3 | 35,0 | 4270 |
| Dominikan Respublikasy | 48,7 | 10,4 | 1,5 | 67 | 71 | 2333,5 | 116,0 | 11150 |
| Kosta-Rika | 51,1 | 4,8 | 1,1 | 75 | 79 | 2760,5 | 65,1 | 13570 |
| Nikaragua | 131,8 | 6,2 | 1,9 | 66 | 71 | 2314,1 | 27,5 | 4440 |
| Panama | 75,5 | 3,9 | 1,5 | 72 | 77 | 2495,8 | 75,2 | 19290 |
| Salwador | 21,0 | 6,4 | 1,1 | 67 | 73 | 2463,4 | 47,9 | 7490 |
| WEST-INDIÝA | | | | | | | | |
| Antigua we Barbuda | 0,4 | 0,1 | 0,8 | 68 | 73 | 2395,6 | 2,0 | 20070 |
| Bagam adalary | 13,9 | 0,4 | 1,1 | 70 | 75 | 2500,0 | 8,6 | 21540 |
| Barbados | 0,4 | 0,3 | 0,4 | 70 | 76 | 3202,7 | 7,8 | 15080 |
| Gaity | 27,7 | 10,8 | 1,9 | 48 | 51 | 1977,5 | 18,5 | 1710 |
| Grenada | 0,3 | 0,1 | 0,8 | 71 | 71 | 2684,8 | 1,1 | 11120 |
| Dominika | 0,8 | 0,17 | 0,5 | 71 | 76 | 2946,6 | 1,7 | 9800 |
| Sent-Binsent we Grenadina | 0,4 | 0,1 | 0,9 | 71 | 74 | | 1,1 | 10610 |
| Sent-Kits we Newis | 0,3 | 0,1 | 0,6 | 68 | 74 | - | 2,0 | 20400 |

*31-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Sent-Lusia | 0,6 | 0,2 | 1,6 | 69 | 74 | - | 2,1 | 10350 |
| Kuba | 110,9 | 11,2 | 0,3 | 75 | 80 | 2980,4 | 207,4 | 18520 |
| Tranidad we Tobago | 5,1 | 1,4 | 0,32 | 68 | 73 | 2702,9 | 24,0 | 17133 |
| Ýamaýka | 11,5 | 2,8 | 0,38 | 73 | 77 | 2707,8 | 14,8 | 5300 |
| Puerto-Riko | 9,1 | 4,0 | 0,50 | 74 | 82 | - | 101,2 | 25300 |

**Çeşme:** Горохов С.А., Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013; 2014 WORLD POPULATION Data Sheet; INTERNET maglumatlary.

Boksitleriň gazylyp alynşynyň we alýuminiý önümçiliginiň uly möçberi bilen Ýamaýka tapawutlanýar.

Merkezi Amerikanyň, esasan-da, West-Indiýa adalarynyň esasy tebigy baýlyklaryna ýyly suwly deňiz kenarlary, owadan landşaftlary we şypaly klimaty degişlidir.

Bu sebitde sosialistik döwlet bolan Kuba ýerleşýär. Orta asyrlarda Kuba özboluşly «durulyp geçilýän duralga», gul söwdasynyň dünýä merkezleriniň biri hasaplanýardy. Şol ýerden «janly haryt» Latyn Amerikasynyň beýleki sebitlerine alnyp gidilýärdi. Şonuň üçin Kubanyň ilatynyň milli düzümi köpdürlüdir: mulatlar (milletiň 2/3 bölegi), negrler, metisler, ispanlaryň gönüden-göni nesilleri.

Bu ýurduň ykdysadyýeti entek öňki yzagalaklygyň suduryny saklaýar. Diňe azyk senagaty bütin senagat önümçiliginiň 50%-e golaýyny üpjün edýär. Oba hojalygynyň öňdebaryjy pudagy – şeker çiňrigini ösdürip ýetişdirmek. Onuň plantasiýalary ýurduň ekin meýdanlarynyň 1/2 bölegini eýeleýär.

## 7.5. Amazonka basseýniniň we La-Plata pesliginiň ýurtlary. Braziliýa

Latyn Amerikasynyň bu uly sebitini Amazonka derýasynyň basseýnini we La-Plata pesligini eýeleýän Braziliýa, Argentina, Paragwaý we Urugwaý döwletleri emele getirýärler (*32-nji tablisa*). Olaryň arasynda Braziliýa we Argentina diňe bir meýdanynyň

18. Sargyt №2701

ululygy we ilatynyň sany boýunça däl-de, eýsem, ykdysadyýetiniň kuwwatlylygy, dünýä hojalyk ulgamynda eýeleýän saldamly orunlary bilen hem düýpli tapawutlanýarlar. Bu döwletlere has giňişleýin häsiýetnama bermek maksada laýyk.

*32-nji tablisa*

**Günorta Amerika ýurtlary boýunça statistiki maglumatlar, 2014 ý.**

| Döwletler | Meýdany, müň $km^2$ | Ilaty, mln adam | Ilatyň tebigy artyşy,% | Ömrüň ortaça dowamlylygy, ýyl | | Iýmitiň sarp edilişi kkal/gije-gündiz | Jemi içerki önüm | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Erkekler | Aýallar | | Umumy, mlrd dollar | 1 adam başyna, doll |
| AND SEBITI | | | | | | | | |
| Wenesuela | 912,0 | 30,2 | 1,71 | 71 | 77 | 2229,4 | 540,3 | 17890 |
| Kolumbiýa | 1141,7 | 47,7 | 1,3 | 68 | 74 | 2567,3 | 566,7 | 11880 |
| Ekwador | 283,6 | 16,0 | 1,8 | 68 | 73 | 2679,4 | 165,0 | 10310 |
| Peru | 1285,2 | 30,8 | 1,12 | 66 | 71 | 2621,3 | 349,9 | 11360 |
| Boliwiýa | 1098,6 | 10,3 | 1,9 | 61 | 64 | 2237,3 | 59,2 | 5750 |
| Çili | 756,6 | 17,7 | 0,9 | 72 | 78 | 2857,7 | 372,2 | 21030 |
| ATLANTIK SEBITI (La-Plata we Amazonka basseýni) | | | | | | | | |
| Argentina | 2780,1 | 41,1 | 1,1 | 70 | 77 | 3176,5 | 803,7 | 19554 |
| Braziliýa | 8547,4 | 202,8 | 0,9 | 65 | 73 | 3011,6 | 2926,4 | 14750 |
| Gaýana | 215,0 | 0,8 | 1,1 | 59 | 67 | - | 5,2 | 6550 |
| Paragwaý | 406,8 | 6,7 | 1,7 | 69 | 73 | 2588,3 | 51,2 | 7640 |
| Surinam | 163,8 | 0,5 | 1,3 | 68 | 74 | 2603,9 | 7,9 | 15860 |
| Urugwaý | 176,2 | 3,4 | 0,5 | 71 | 79 | 2862,4 | 64,4 | 18930 |

**Çeşme:** Горохов С.А., Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва,ЮНИТИ, 2013; 2014 WORLD POPULATION Data Sheet; INTERNET maglumatlary.

Urugwaý we Paragwaý bolsa hojalygy agrar-eksport ugra ýöriteleşýän La-Plata döwletleridir. Ýöne Urugwaý işläp bejerýän senagatyň ösüşinde görnükli üstünlikler gazanan bolsa (diňe bir azyk senagatynda däl, eýsem, dokma, nebithimiýa, metal işläp bejerýän pudaklarda), onda Paragwaý – tipiki agrar döwlet, kontinentiň iň bir gowşak ösen ýurtlarynyň biri bolmagyna galýar.

## Braziliýa

Braziliýa dünýäniň iň uly döwletleriniň biridir. Territoriýasynyň ululygy we ilatynyň sany boýunça ol dünýäde 5-nji orny eýeleýär, JIÖ-niň möçberi boýunça bolsa öňdäki 10-lyga girýär. Onuň Latyn Amerikasynda öňdebaryjy orny eýeleýändigi düşnüklidir.

Bu ýurt Günorta Amerika materiginiň gündogar we merkezi giňişlik bölegini eýeleýär. Onuň meýdany 8 mln 547,4 müň km$^2$.

Umuman, Braziliýanyň tebigy şertleri we baýlyklary ykdysady ösüş üçin uly amatlyklary döredýär.

Braziliýanyň tebigatynyň aýratynlygyny kesgitleýän esasy sebäpkärler, klimaty we geologik gurluşydyr. Onuň meýdanynyň 1/3 bölegini çygly, hemişelik gök öwüsýän ekwatorial tokaýlary, galan bölegini Braziliýa tekiz daglygynyň beýik düzlükleriniň tropiki landşaftlary tutýar. Ýurduň çäginde suw basseýniniň ululygy boýunça dünýäde iň uly derýa bolan Amazonka (suw meýdany 7, 2 mln km$^2$) ýerleşýär.

Braziliýa ummasyz tebigy baýlyklara eýedir. Olaryň arasynda esasy orun tokaý baýlyklaryna, ýagny ýurduň meýdanynyň 2/3 bölegini tutýan çygly ekwatorial tokaýlara degişlidir. Häzirki wagtda işjeň peýdalanylýan bu tokaýlar köpçülikleýin çapylyp ýok edilmäge sezewar bolýar. Bu bolsa, bütin tebigy toplumyň üýtgemegine getirýär. Amazonka tokaýlaryny «Planetanyň öýkeni» diýip atlandyrýarlar we olaryň azalmagy diňe bir Braziliýa üçin däl-de, eýsem, bütindünýä meselesine öwrülýär.

Braziliýanyň mineral çig mal baýlyklary örän dürlüdir. Bu ýerde 50-den gowrak görnüşli mineral baýlyklar gazylyp alynýar. Olara öňi bilen demir, marganes magdanlary, boksitler we reňkli metal magdanlary, daş kömür degişlidir. Mineral baýlyklaryň esasy gorlary ýurduň gündogarynda, Braziliýa tekiz daglygynyň çäklerinde jemlenendir.

Olardan başga-da ýurduň kenarýaka sebitlerinde nebitiň we gazyň, merkezi böleginde kaliý duzlarynyň iri känleri ýüze çykaryldy.

Braziliýa tekiz daglygynyň derýalary uly suw energiýa mümkinçiliklerine eýedir. Şonuň üçin ýurtda suw elektrik stansiýalaryny gurmaklyga uly ähmiýet berilýär. Parana derýasyndaky Itaýpu SES-i häzirki güne çenli dünýäde iň uly suw elektrik stansiýalaryň biridir.

Oba hojalygyny ösdürmäge amatly bolan klimat we ýer baýlyklary hem uludyr. Braziliýa işlenip bejerilýän ýerleriň möçberi boýunça, dünýäde öňdebaryjy orunlaryň birini eýeleýär. Ýurduň köp ýerlerinde hasylly topraklar ýaýran.

**Ilaty.** Braziliýa ilatynyň sany boýunça dünýäde 5-nji orny eýeleýär (202,8 mln adam). Her ýylda ilat 0,9% artýar. Ilatyň üznüksiz köpelişi üçin dogluşyň we tebigy artyşyň ýokary görkezijileri häsiýetlidir. Şonuň üçin onuň umumy sanynda ýaşlar agdyklyk edýär (15 ýaşa çenli çagalar we ýetginjekler ilatyň 24%-ini düzýär). Ilatyň jyns düzüminde aýallar erkeklerden köpräkdir. Braziliýa halky ýewropalylaryň neberelerinden (54,7%), garaýagyzlardan (5,2%), mulatlardan (40%) we indeýlerden durýar.

Ýurduň çäginde ýaşaýan ähli halklar portugal dilinde gepleýärler. Ilatyň 70% katolik dinine uýýanlardyr.

Braziliýa ýokary derejede şäherleşen ýurtdur. Ilatyň 85%-i şäherlerde ýaşaýar. Şäherleriň we şäher aglomerasiýalarynyň ählisi diýen ýaly ýurduň gündogarynda ýerleşýär. San-Paulu, Rio-de-Žaneýro ýaly uly aglomerasiýalarda ilatyň sany 10 mln adamdan geçýär.

Ilatynyň sany köp bolsa-da, Braziliýada beýleki döwletler bilen deňeşdireniňde, ilatyň ortaça gürlügi (1 km$^2$ 24 adam) pesdir. Onuň esasy bölegi (90%-i) Atlantik okeanynyň kenarýaka zonasynda we uly şäherlerde jemlenendir. Ýöne, örän giň meýdanlary tutýan ýurduň demirgazygy, merkezi we günbatar bölegi örän selçeň ilatlaşandyr.

**Hojalygy.** Braziliýa ösýän ýurtlaryň arasynda iň esasylarynyň biridir. Ol senagat önüminiň göwrümi boýunça dünýäniň öňdäki 10 döwletiniň hataryna girýär. Braziliýa oba hojalyk – industrial döwlet bolup, ýurduň içerki önüminiň düzüminde senagat 30%-ini, oba hojalygy we balykçylyk bolsa 21%-ini düzýär. Senagatyň öňdebaryjy pudagy maşyn-gurluşygy, nebithimiýa we gara metallurgiýadyr. Soňky ýyllarda maşyn-gurluşygy öz ösüşinde ýokary derejelere ýet-

di. Braziliýada her ýylda 2 mln awtomobil we 2,5 mln awtomobil dwigatelleri öndürilýär.

Dag-magdan senagaty ösendir. Braziliýa demir magdanynyň, boksitleriň gorlary boýunça dünýäde 2-nji, altynyň gorlary boýunça 3-nji orny eýeleýär. Ol daş kömrüň, uranyň, hromyň, misiň, nikeliň, sinkiň, molibdeniň, wanadiniň, tantalyň, litiniň, almazyň, kaliý duzunyň gorlary boýunça dünýäde ilkinji onluga girýär.

Gara metallurgiýa hususy çig mala esaslanyp işleýär. Her ýylda ýurtda 250 mln tonna demir magdany, 14 mln tonna boksit gazylyp alynýar, onuň bir bölegi bolsa, daşary ýurtlara iberilýär. Umuman, Braziliýa demir magdanyny gazyp almak, çoýun, sintetik kauçuk öndürmekde dünýäde öňdebaryjy orunlaryň birini eýeleýär. Senagat kärhanalarynyň esasy bölegi San-Paulu, Rio-de-Žaneýro, Belu-Arizontu üçburçlugynda, ýagny ýurduň gündogarynda jemlenendir. Soňky ýyllarda Braziliýada ylmy köp talap edýän pudaklary ösdürmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Ol mikrokompýuterleri öndürmek boýunça dünýäde 5-nji orna çykdy. Ýurtda harby senagat toplumy hem çalt ösýär. Bu pudagyň kärhanalary esasan San-Pauluda jemlenendir.

Bary-ýogy birnäçe onýyllygyň içinde Braziliýada köpsanly häzirki zaman önümçilikleri döredildi, öndürilýän önümiň we onuň eksportynyň möçberi görnetin artdy. Işläp bejerýän senagatyň esasy pudagy maşyn-gurluşygy boldy, onuň düzümi örän köpdürlüdir. Braziliýada has geljegi uly bolan önümçilikler awtomobil gurluşygy, aerokosmos senagaty we elektronika hasap edilýär. Awtomobilleri goýbermek «Folkswagen», «FIAT», «Jeneral Motors» we «Ford» ýaly dünýä awtomobil «läheňleriniň» şahamçalary bolup durýan kärhanalarda ýola goýlan. Awtomobiller ýurduň eksportynda öňdebaryjy orny eýeleýärler, olaryň uly bölegi goňşy Latyn Amerikasy ýurtlaryna çykarylýar. Braziliýa samolýot gurluşygynyň dünýä öňdebaryjylarynyň hataryna girýär: «Embraýer» kompaniýasy önümçiligiň möçberi boýunça dünýäde 4-nji orny eýeleýär.

Braziliýa – dünýäde oba hojalygynyň ösen döwletleriniň biridir: öndürilýän önümiň möçberi boýunça ol 4-nji orny (Hytaýdan, ABŞ-dan we Hindistandan soňra) eýeleýär, eksporty boýunça bolsa diňe ABŞ-dan we Fransiýadan yza galýar.

Öz hususy nebitiniň ýetmezçiligi (diňe XXI asyryň başlarynda deňiz ýalpaklygynda nebitiň uly gorlary açyldy) Braziliýany ýangyjyň alternatiw çeşmelerini gözlemäge mejbur etdi. Häzir ýurt esasan şeker çiňriginden alynýan etonol spirtini öndürmek we eksport etmek boýunça dünýäde öňdebaryjydyr. Etonoly ýangyjyň gowy görnüşi hasap etmek bolar, sebäbi ony peýdalanmak daşky gurşawa has az zyýan ýetirýär, ondan başgada energiýanyň bu çeşmesi dikeldilýän serişde we onuň gorlaryna gutarma howpy abanmaýar.

Braziliýada oba hojalygy häzirki zaman öňdebaryjy usullary esasynda ösdürilýär. Oba hojalygynda ykdysady işjeň ilatyň 30% meşgullanýar. Onuň düzüminde esasy orun ekerançylyga degişlidir. Ýurduň oba hojalygy uly ýer eýeçiliginiň (şol sanda daşary ýurtly raýatlaryň eýeçiligindäki) agdyklyk edýänligi bilen häsiýetlendirilýär. Oba hojalygynyň düzüminde daşary bazar üçin tropik ekinleri (kofe, kakao, şeker çiňrigi, sižal, soýa, apelsin, banan, ananas we ş.m.) ösdürip ýetişdirmeklige ýöriteleşýän ekerançylyk agdyklyk edýär. Şeýle-de bugdaý, mekgejöwen, şaly we pagta köp öndürilýär.

Ýurduň giň tebigy öri meýdanlarynda iri şahly mallary, gylýallary we dowarlary ösdürilip ýetişdirmek uly ähmiýete eýedir. Guşçulyk we doňuzdarçylyk hem intensiw ösdürilýär. Öndürilýän oba hojalyk önümleriniň esasy bölegi daşary ýurtlara çykarylýar.

**Ulaglar ulgamy.** Ulaglar ulgamynda awtomobil ulagy uly ähmiýete eýedir. Daşalýan ýükleriň 97%-i, ýolagçylaryň bolsa 65%-i onuň paýyna düşýär. Demir ýollaryň (umumy uzynlygy 30 müň km) ählisi diýen ýaly hususy maýadarlara degişlidir. Daşary ykdysady gatnaşyklarda deňiz ulagy görnükli orun eýeleýär. Ýurduň esasy deňiz gämi duralgalary – Rio-de-Žaneýro, Rio-Grandi, Santus, Witoriýa, Salwador, Resifi, Natal.

Braziliýa birnäçe halkara guramalarynyň işjeň agzasydyr. Erkin söwdanyň günortamerika zonasynda (MERKOSUR) aýratyn orny eýeleýär. Ýurduň daşary-ykdysady strategiýasy daşary ýurt maýa goýumlaryny giň çekmeklige gönükdirilendir. Onuň esasy söwda hyzmatdaşlary – Ýewropa Bileleşigi, ABŞ, goňşy Latyn Amerikasy ýurtlary.

**Içerki aýratynlyklary.** Dünýäniň beýleki döwletlerindäki ýaly, Braziliýanyň hojalygynyň giňişlik şekili esasan iki faktorlaryň: tebi-

gy-baýlyk potensialynyň we territoriýanyň özleşdirilişiniň taryhynyň täsiri astynda emele geldi. Amatly tebigy şertler we ýewropalylaryň kolonial geçmişi ýurduň kenar ýaka we günorta-gündogar sebitleriniň ilkibaşky ösüşini kesgitledi.

Tebigatyndaky, ilatyndaky we hojalygyndaky tapawutlar Braziliýanyň territoriýasyny 5 sany ykdysady sebite bölmäge mümkinçilik berýär.

*Günorta-Gündogar* diňe bir taryhy däl, eýsem, ýurduň ykdysady ýadrosy bolup durýar. Onuň çäginde senagat önüminiň 4/5 bölegi we oba hojalyk önümleriniň köp bölegi öndürilýär. San-Paulu şäheri Braziliýanyň we bütin Latyn Amerikasynyň ykdysady merkezine öwrüldi. Häzir hem «industrial üçburçluk» (San-Paulu − Rio-de-Žaneýro – Belu-Arizonti) diýlip atlandyrylýan senagat etrabynyň orny uly. Sebitiň hojalygy örän ýokary ösüş derejesine eýedir. Uly orny diňe bir esas goýujy pudaklar däl, eýsem, häzirki zaman, ylmy köp talap edýän önümçilikler eýeleýärler. Santa-Rita etrabynda elektron önümlerini öndürmek boýunça tutuş toplum («Elektronika jülgesi») döredi. Daşarky bazara gidýän önümleriň esasy bölegi hut şu ýerde öndürilýär.

*Günortada*, dürli tebigy baýlyklaryň esasynda oba hojalyk, şeýle hem ýokary derejedäki işläp bejerýän önümçilikler ösüşe eýe boldy.

*Demirgazyk-Gündogar* esasan oba hojalygyna ýöriteleşýär. Ol ekerançylyk ülkesi bolup durýar. Bu ýerde kakaonyň hasylynyň tas hemmesi diýlen ýaly ýygnalýar, şeker çiňrigininiň uly bölegi öndürilýär.

*Merkezi-Günbatar* entek gowşak özleşdirilendir, onuň uly böleginde et berýän ekstensiw maldarçylyk agdyklyk edýär. Rio-de-Žaneýrodan Brazilia şäherine ýurduň paýtagtynyň geçirilmeginiň esasy sebäbi sebitiň ykdysady ösüşini höweslendirmek islegi bilen baglanyşyklydyr.

*Demirgazyk* – bu özüniň örän baý tebigy potensialy we entek ojaklaýyn görnüşde ösýän hojalygy bilen tanalýan Amazoniýadyr. Bu ülke täze özleşdirilýän klassyky zonany emele getirýär.

## 7.6. Argentina. And sebitiniň ýurtlary

### Argentina

Argentina – Latyn Amerikasynyň ykdysady taýdan iň ösen ýurtlarynyň biridir. Ol materigiň günorta böleginde 2780 müň $km^2$ meýdanda ýerleşýär. Ýurduň gündogar bölegi düzlük, günorta-gündogary – mes toprakly düzlük (Pampa), günorta-günbatar we günbatar bölegini bolsa And daglary we Patagoniýa tekiz daglygy tutýar. Otly ýer adalarynyň bir bölegi we Atlantik okeanynyň günorta bölegindäki birnäçe adalar hem Argentinanyň düzümine girýär.

Ýurduň ilaty 42,7 mln adam. Ilatyň ortaça ýyllyk artyşy 1,1%-e barabardyr. Ýurtda köpsanly daşary ýurtlular (ilatyň 5%-e golaýy), esasan-da Latyn Amerikasy ýurtlaryndan gelenler ýaşaýarlar. Akýagyzlylar (Ýewropadan gelen emmigrantlaryň nesilleri) ilatyň 85%-ini, galan bölegini indeýler (1 mln) we metisler düzýär. Ilatyň 90%-i katolik dinine uýýar.

Argentina ýokary derejede urbanizirlenen ýurtdur. Şäherlerde ilatyň 80%-i ýaşaýar. Ýurduň paýtagy Buenos-Aýres aglomerasiýasy has tapawutlanýar (12 mln adam). Ilat territoriýa boýunça endigan ýerleşen däldir. Onuň esasy bölegi La-Plata pesliginiň günorta-gündogarynda, deňiz kenar sebitlerinde jemlenendir.

Argentina Federatiw Respublika bolup, ýurduň we hökümýetiň baştutany Prezidentdir. Adminstratiw-çäk taýdan 23 prowinsiýa we federal paýtagt okrugyna bölünýär. Ýurduň paýtagty Buenos –Aýres şäheri (12,9 mln adam). Beýleki uly şäherleri – Kordowa (1,4 mln adam), Rosario (1,2 mln adam), Mendosa (0,8 mln adam), La-Plata (0,7 mln adam), San-Migel-Tukuman (0,7 mln adam).

Argentina industrial-agrar ýurtdur. Senagatda ykdysady işjeň ilatyň 23%-i, hyzmatlar ulgamynda 65%-i meşgullanýar.

Argentinanyň gazyp alma senagatynda kömür, demir magdany, sink, mis, uran, polimetal magdany, altyn, kükürt, nebit we gaz çykarylýar. Soňky ýyllarda ol nebit we gaz bilen öz-özüni üpjün etmekligi gazandy.

Ýurtda bitewi energetika ulgamy hereket edýär. Elektrik energiýasynyň jan başyna düşýän möçberi boýunça Argentina dünýäde öňdebaryjy ýurtlaryň biridir. 2014-nji ýylda 100 mlrd kwt/sag elektrik

energiýasy öndürildi. Onuň 42,7%-i ýylylyk, 47,5%-i suw elektrik stansiýalarynda öndürildi.

Argentinada metallurgiýa (polat we alýuminiý öndürmek), maşyn-gurluşygy (ulag serişdelerini we oba hojalyk tehnikalaryny öndürmek), elektrotehnika, elektron, sement, farmasewtika, nebiti gaýtadan işleýän, agaç işläp bejerýän, sellýuloza-kagyz, poligrafiýa, dokma, gön, azyk, temmäki we senagatyň eksport ugurly beýleki pudaklary ösendir. Soňky ýyllarda informatika, biotehnologiýa, süýmli optika, telefon aragatnaşygy, şeýle-de atom energetikasy işjeň ösdürilýär. Senagat önümçiligi Buenos-Aýres we Rosarioýanyň arasyndaky etraplarda, şeýle-de uly Buenos-Aýres şäher aglomerasiýasynda jemlenendir.

Argentina dünýäde oba hojalygynyň ösen ýurtlarynyň biridir. 2014-nji ýylda oba hojalygynda 75 mln tonna däne we ösümlik ýagy öndürildi. Et öndürmek boýunça ol dünýäde 5-nji orny eýeleýär (ýurtda iri şahly mallaryň 50 mln baş, goýunlaryň 13 mln we doňuzlaryň 3,5 mln sany bar).

Oba hojalyk önümlerini eksport etmek boýunça (däne, et, şeker, ösümlik ýagy, deri, ýüň, pagta we başg.) dünýäde öňdebaryjy orunlaryň birini eýeleýär. Bu ýerde balykçylygy we balyk senagatyny ösdürmek üçin örän amatly şertler bar.

Soňky ýyllarda ýurtda halkara syýahatçylygy ösdürilýär. Ýurduň ýük we ýolagçy dolanyşygynda awtomobil ulagy aýratyn orun tutýar. Awtomobil ýollarynyň umumy uzynlygy 300 müň km barabar. Ýurduň hojalygynda demir ýol, deňiz, howa ulagynyň hem ähmiýeti uludyr.

Argentinanyň ykdysadyýetinde daşary-ykdysady gatnaşyklar hemişe görnükli orny eýeleýär. Daşary söwda-da esasy hyzmatdaşlary Braziliýa, ABŞ, Çili, Hytaý we Latyn Amerikasynyň beýleki ýurtlarydyr.

## And sebitiniň ýurtlary

Dünýäniň iň beýik dag ulgamlarynyň biri bolan Andlar diňe bir sebitiň ýurtlarynyň içinden geçmän, eýsem, mineral baýlyklaryň hazynasy hökmünde olaryň özboluşly hojalyk zynjyry bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde And dag ulgamy döwletara hojalyk gatnaşyk-

laryny we sebitiň halklarynyň özara gatnaşyklaryny kynlaşdyrýar. Bu ýerde köplenç güýçli ýer titremeleri bolup geçýär.

Gazyp alma senagatynyň (Wenesuelada – nebit, Çilide we Peruda – mis magdany, Boliwiýada – galaýy magdany we ş.m.) uly dünýä ähmiýetiniň bolmagy bu sebitiň ýurtlary üçin umumy aýratynlykdyr. Tropiklerde plantasiýa oba hojalygy (kofe, banan, şeker çiňrigi) ösdürilýär. Peru bolsa dünýä balykçylygynda öňdebaryjy ýurtlaryň biridir.

Sebitde ýerleşýän ýurtlaryň durmuş-ykdysady ösüş derejesindäki tapawutlar uludyr. Meselem, Çili, Wenesuela – Latyn Amerikasynyň has ösen döwletleridir, şol bir wagtda Boliwiýa we Ekwador ýaly döwletler bolsa gowşak ösen ýurtlaryň hataryna girýär.

Sebitiň uly ýurtlarynyň biri bolan Wenesuela barada gysgaça durup geçeliň. Wenesuelanyň ykdysadyýetinde senagat önümçiligi, onuň düzüminde bolsa gazyp alma senagaty uly orun tutýar. Ol nebit gazyp almak boýunça Latyn Amerikasynda öňdebaryjy döwletdir. Tebigy gazyň, demir magdanynyň, mis, boksit, nikel, daş kömrüň, almazyň, altynyň we kümüşiň gazylyp alnyşy uly möçberlere ýetýär. Işläp bejerýän senagatynda nebiti gaýtadan işlemek, himiýa, metallurgiýa, agaç işläp bejerýän, dokma we azyk senagaty pudaklary tapawutlanýar.

Ýurduň uly senagat merkezleri: Karakas, Marakaýbo, Walensiýa, Barkisimeto, Marakaý şäherleridir.

Oba hojalygynda uly ýer eýeçiligi (latifundiýalar) agdyklyk edýär. Esasy oba hojalyk ekinleri: noýba, mekgejöwen, şaly, sorga, bugdaý, banan, kofe we şeker çiňrigidir. Öndürilýän oba hojalyk önümleriniň bir bölegi daşary bazarlara ugradylýar.

# VIII bap
# Afrika

## 8.1. Afrikanyň syýasy kartasy. Tebigy baýlyklary we ilaty

**Afrika häzirki zaman dünýäsinde.** Afrika – bu Ýer şarynyň gury ýeriniň 1/5 bölegini tutýan, ilatynyň umumy sany 1136 mln adam bolan, 54 döwletiň ýerleşýän uly dünýä bölegidir (*16-njy surat*). Köp alymlaryň pikirine görä, hut şu materik adamzadyň ilkinji ýüze çykan ýeri hasaplanýar. Dünýäniň beýleki sebitleri ýaly, bu ýerde hem adamzat jemgyýetiniň ösüşine öz goşandyny goşan gadymy medeni-durmuş ojaklary (siwilizasiýalary) bolupdyr.

Ýaňy ýakynda hem Afrikanyň syýasy kartasynda Angliýa, Fransiýa, Belgiýa, Portugaliýa, Ispaniýa, Italiýa ýaly ýurtlara degişli ozalky kolonial mülkler agdyklyk edýärdi.1990-njy ýylda Afrika kontinentindäki iň soňky koloniýa – Namibiýa özbaşdak döwlet boldy. Häzirki wagtda Afrika (GAR-dan başgasy) dünýä hojalygynyň iň yza galak bölegi, onuň çet künjegidir. Bu diňe bir kolonial geçmişiň netijesi bolman, eýsem, olaryň ykdysadyýetiniň taryhy taýdan has giç ösüp başlanlygy bilen hem baglanyşyklydyr.

Afrika ilatynyň sowatlylyk derejesi boýunça dünýäde iň soňky orny eýeleýär. Bu ýerde çaga öläminiň iň ýokary derejesi we ömrüň ortaça dowamlylygynyň iň pes derejesi saklanýar. Sebitiň ilatynyň 70%-e golaýy häzir hem garyplyk çäginden pes derejede ýaşaýar.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Afrika ýurtlary yzagalaklygy ýeňip geçmek babatda uly işleri amala aşyrdylar. Has takygy, tebigy baýlyklary peýdalanmakda milli gözegçilik üpjün edildi, käbir ýurtlarda progressiw, agrar özgertmeler geçirildi. Ilkinji milli hünärmenler taýýarlanyldy, onlarça senagat kärhanalary guruldy, ykdysady ösüşiň umumy bady biraz ýokarlandy.

Emma Afrika ýurtlaryny ykdysady taýdan ösen döwletlerden tapawutlandyrýan çäk entek azalmaýar. Ýaş döwletler häzir hem maddy we maliýe serişdelere ýiti mätäçlik çekýärler hem-de daşary ýurt maýa goýumlaryny has giň möçberlerde özlerine çekmäge mejbur bolýarlar.




**16-njy surat.** Afrika ýurtlarynyň hojalygy

**Tebigy baýlyklary.** Afrika tebigy baýlyklara, esasan-da, mineral baýlyklaryň käbir görnüşleriniň uly gorlaryna eýedir.

Häzirki wagtda Afrikanyň gazylyp alynýan baýlyklarynyň kartasy has hem «baýlaşdy» we gelip çykyşy dürli bolan mineral çig malyň uly gorlarynyň bardygyny subut edýän şertli belgileriň çylşyrymly baglanyşygyny görkezýär. Demirgazyk we günbatar Afrikadaky (Liwiýa, Alžir, Nigeriýa) nebit we tebigy gaz känleri, günbatar, demirgazyk we ekwatorail Afrikadaky demir (Liberiýa, Mawritaniýa, Gwineýa, Gabon), marganes we uran magdanlary (Gabon

we Niger), boksitler (Gwineýa, Kamerun) we mineral çig mallaryň beýleki görnüşleriniň känleri diňe Ikinji jahan uruşundan soňky ýyllarda peýdalanyp başlanyldy. Ýöne mis we polimetallary gazyp almak boýunça köne dag-magdan senagat etraby (KDR, Zambiýa) öz ähmiýetini ýitirmedi.

Kontinentiň ýurtlary şol gazylyp alynýan baýlyklaryň ähli görnüşlerini, şeýle hem almazy, altyny, platinany, hromy, kobalty, fosfatlary dünýä bazaryna esasy çykaryjylar bolup durýar.

Afrikada dürli mineral baýlyklar bilen bir hatarda suw baýlyklary hem uludyr. Sebitiň çäginde dünýäniň iň uly derýalarynyň we kölleriniň birnäçesi ýerleşýär. Ýöne Nilden başga uly derýalary – Kongo, Niger, Zambezi we başgalary çygly tropiki etraplar boýunça akýarlar. Eger-de Afrikanyň Ýer şarynyň iň yssy materigidigini, onuň meýdanynyň ýarysyndan gowragyny çölleriň we ýarymçölleriň tutýandygyny hasap etseň, onda bu ýerde ýerasty suwlaryň örän uly ähmiýetiniň bolmagyna düşünmek kyn däl.

Tropiki tokaýlar sebitiň meýdanynyň 1/10 bölegini örtýär. Uzak döwrüň dowamynda adam tarapyndan wagşyçylyk bilen peýdalanylmagy netijesinde olaryň meýdany görnetin azaldy. Häzirki wagtda tokaýlar diňe birnäçe döwletlerde (Gabon, KDR, Kongo) öz hojalyk ähmiýetini saklaýar.

Afrikanyň tropiki we subtropiki zonalarynyň topraklary örän özboluşlydyr. Olaryň käbirleriniň (gyzyl, goňur, sary topraklar) hasyllylygy ýokarydyr, ýöne agrotehnikanyň düzgünleri bozulan mahalynda çalt zaýalanýar.

Umuman, kontinentiň tebigy baýlyklary hojalygy ösdürmek üçin uly mümkinçilikleri döredýän-de bolsa, aýry-aýry ýurtlaryň baýlyk üpjünçiliginde we tebigy şertlerinde uly tapawutlar bar. Afrikanyň meýdanynyň uly böleginde çölleşme hadysasy, tokaýlaryň çapylmagy, topraklaryň üstki böleginiň ýuwulmagy zerarly ýüze çykýan howsalaly ekologiki ýagdaýlar hem saklanýar.

**Ilaty.** Milli düzüminiň dürlüligi boýunça Afrika diňe Aziýadan yza galýar. Sebitde 200-den gowrak halklar ýaşaýar. Olaryň arasynda iň ululary-demirgazyk Afrikada araplar, günbatar Afrikada ýoruba, hausa, fulbe, ibo, Efiopiýada amharlar we ş.m. Afrikadaky dilleriň köpdürlüligi haýran galdyrýar, olaryň sany halklara garaňda birnäçe

esse köpdür. Şonuň üçin sebitde (esasan-da, tropiki Afrikada) köpmilletli döwletleriň agdyklyk edýänligi tötänden däldir.

Afrikanyň ilatynyň esasy aýratynlyklarynyň biri – onuň sanynyň çalt artýanlygydyr. Ilatyň tebigy köpelişiniň bady boýunça Afrika dünýäniň beýleki sebitlerinden has öňdedir.

Ýer şarynyň ilatynyň 15,8%-i Afrikada ýaşaýar, onuň paýy bolsa kem-kemden ýokarlanýar. Diňe 1900-nji ýyldan 2014-nji ýyla çenli döwürde (bir asyryň dowamynda) materigiň ilaty 130 mln adamdan – 1136 mln-a çenli artdy. Ortaça her ýylda ilatyň sany 2,5% köpelýär. Sebitiň ýurtlaryna häsiýetli bolan, ilatyň tebigy köpelişiniň ýokary derejesi bilen baglanyşykly «demografiki partlaýyş» hadysasy azyk üpjünçilik we beýleki durmuşy häsiýetdäki meseleleri ýitileşdirýär.

Tebigy köpelişiň derejesiniň ýokary bolmagy sebitiň ilatynyň umumy düzüminde çagalaryň we ýetginjekleriň paýynyň has uly bolmagyna (ähli ilatyň 41,0%-i 15 ýaşa çenli) getirýär. Şonuň üçin zähmet baýlyklaryň düzüminde ýaşlar agdyklyk edýär. Olaryň hünär taýdan taýýarlyk derejesi pesdir.

Ykdysadyýetiniň yza galaklygy we agrar häsiýeti zähmete ukyply ilatyň 2/3 böleginiň oba hojalyk önümçiliginde meşgullanmagyna getirýär.

Afrikada ilatyň ortaça gürlügi 1 km$^2$ meýdana 37 adam düşýär. Sahara we beýleki çöllerde, tropiki tokaýlar zonasynda ilat has seýrek ýaýrandyr. Kenarýaka düzlüklerde, derýa jülgelerinde ilatyň gürlügi has ýokary bolup, köplenç 1 km$^2$ meýdana 500-1000 adama ýetýär.

Afrika şäher ilatynyň paýy boýunça dünýäniň beýleki sebitlerinden has yza galýar. Häzirki wagtda şäherlerde ilatyň 40%-i ýaşaýar. Demirgazyk Afrikada şäher ilatynyň paýy beýleki sebitlere garaňda ýokarydyr. Ýöne şäherleşme hadysasynyň (urbanizasiýanyň) ösüş derejesi boýunça Afrika dünýäde öňdebaryjy orny eýeleýär.

## 8.2. Afrika ýurtlaryň hojalygy

Afrika ýurtlaryna, häzirlikçe, öz ykdysadyýetiniň kolonial geçmişde dörän pudaklaýyn we territorial gurluşyny üzül-kesil üýtgetmek başartmaýar. Hojalygyň düzüminde oba hojalygy we dag-magdan senagaty agdyklyk edýär. Şol bir wagtda bolsa, köp döwletler-

de işläp bejerýän senagaty ýaňy döreýiş çäginde durýar. Hojalygyň geografiýasy üçin az sanly ösen meýdan-çäkleri (paýtagt etraplary, şeýle hem mineral çig malyň gazylyp alynýan etraplary, deňiz gämi duralgalary) we yzagalak etraplar häsiýetlidir. Afrika ýurtlarynda maddy önümçiligiň esasy ugry – oba hojalygydyr. Ýurtlaryň käbirlerinde (Çad, Mali, Ruanda we Merkezi Afrika Respublikasy) bu pudakda ilatyň 90%-e golaýy meşgullanýar. Ykdysadyýetiň bu pudagy önümçiligi guramagyň yzagalak, köne usullary bilen alnyp barylýar. Şonuň üçin oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygy, mallaryň önümliligi ýaly görkezijiler haýal artýar. Bu görkezijiler sarp ediliş (natural) oba hojalygynda has hem pesdir.

Afrika ýurtlarynyň oba hojalygynyň öňdebaryjy pudagy – ösümlikçilik, onuň önüm gymmaty boýunça JIÖ-iň 65–80%-ini, käbir ýurtlarda bolsa (Kot-d-Iwuar, Kamerun, Liberiýa) ondan hem köp bölegini tutýar. Şunlukda köp ýurtlaryň ekerançylygy bir ekini ösdürip ýetişdirmäge (monokultura) ýöriteleşmek bilen häsiýetlendirilýär. Meselem, Senegal esasan arahis, Efiopiýa – kofe, Gana – kakao, kösüklileri ýetişdirýän döwlet bolmagyna galýar. Bu ýerde Watany Afrika hasaplanylýan ekinler häzir hem ekerançylykda giňden ýaýrandyr. Olara kofe agajyndan başga-da, hurma palmasy, düzüminde kauçuk saklaýan agaçlar, çogdary degişlidir. Hemme ýerlerde afrikalylaryň iýmit rasionynda uly orun tutýan köki miweliler: manioka, batat, ösdürilip ýetişdirilýär. Soňky onýyllyklarda döwletleriň aglabasynyň oba hojalygynyň ýöriteleşişi däneli ekinleriň-mekgejöweniň, şalynyň, bugdaýyň giňişleýin ornaşdyrylmagynyň hasabyna üýtgedi.

Ekerançylyga garaňda maldarçylyk gowşak ösendir. Ol tebigy şertleriň, ozaly bilen klimatyň guraklygy zerarly ekerançylygy ösdürmegiň çäkli bolan döwletlerinde (Mawritaniýa, Somali we başg.) esasy pudak hasaplanylýar. Maldarçylyk önümçiligiň ekstensiw görnüşiniň agdyklyk etmegi, az önümliligi (mallaryň tohumynyň pesligi we olaryň kanagatlanarsyz saklanylyşy sebäpli), pes harytlyk ýagdaýy bilen tapawutlanýar. Netijede, mallaryň baş sany boýunça dünýäde öňdäki orunlaryň birini eýeleýändigine garamazdan, sebitiň ýurtlary öz ilatyny et-süýt önümleri bilen üpjün edip bilmeýär.

Sebitiň köp ýurtlarynda oba hojalyk tehnikalary we gurallary, mineral dökünler, saýlama tohumlar bilen üpjünçiligi juda pesdir.

Diňe Demirgazyk Afrika ýurtlarynda we Tropiki Afrikanyň ýewropa nusgasy boýunça gurnalan aýry-aýry fermalarynda topragy işläp bejerýän häzirkizaman oba hojalyk tehnikalary we gurallary peýdalanylýar. Köp döwletlerde, hatda iň çylşyrymly oba hojalyk işleri-topragy agdarmak, gazmak, hasyly ýygnamak, arassalamak elde ulanylýan abzallaryň kömegi bilen ýerine ýetirilýär.

Afrika ýurtlarynda oba hojalygyň ösüşini togtadýan köp sebäpleriň biri-de suwaryş ulgamynyň gowşak ösenligidir. Şol bir wagtyň özünde kontinentiň ýer gorlarynyň 40%-e golaýy yzygiderli ýüze çykýan gurakçylyga sezewar bolýar. Süýji suwuň ýiti ýetmezçiligi ekrançylygyň, şeýle hem maldarçylygyň ösmegine-de ýaramaz täsir edýär. Käbir ýurtlarda maldarçylykda «uky keselini» ýaýradýan sese siňegi uly ykdysady zyýan ýetirýär. Şol zerarly her ýylda birnäçe mln baş mallar kesseläp ölýär.

**Senagat önümçiligi**. Senagatyň ösüşi boýunça Afrika dünýäniň beýleki sebitlerinden ep-esli yza galýar. Bu ýerde abzal (pribor) gurluşygy, takyk maşynlary, dürli ulag serişdelerini öndürýän kärhanalar azdyr. Soňky ýyllarda materikde gazylyp alýan senagatyň pudaklary çalt depgin bilen ösýär. Afrika ýurtlary platina, altyn, marganes, hrom, mis, kobolt magdanlaryny, fosforit, uran, almaz, asbest, grafit çykarmak boýunça dünýäde görnükli orny eýeleýärler. Işläp bejerýän senagatyň dürli pudaklary GAR-da ösendir. Oba hojalyk çig malyny gaýtadan işleýän kärhanalar Nigeriýada, Liwiýada, Alžirde, Marokkoda, Ýegipetde, Tunisde bar.

Nebit senagaty esasan Nigeriýada, Liwiýada, Alžirde, Angolada, tebigy gaz çykarmak bolsa Alžirde ösendir. Sebitiň ýurtlarynda ýylda 350-400 mln tonna golaý nebit we 200 mlrd $m^3$ gaz çykarylýar. Olaryň esasy bölegi Ýewropa ýurtlaryna iberilýär.

Dünýäde gazylyp alynýan uranyň 35%-i GAR-yň paýyna düşýär. Demir magdany – Alžirde, Tunisde, Marokkoda, soňky ýyllarda bolsa Liberiýada, Mawritaniýada we GAR-da gazylyp alynýar. KDR, Zaimbiýa we GAR mis magdanynyň esasy gazylyp alynýan ýurtlarydyr.

Soňky ýyllarda täze senagat önümçiligi materigiň kenarýaka etraplarynda ulag ýagdaýynyň amatlylygy göz öňünde tutulyp, ösdürilip başlanyldy.

Elektroenergetika soňky 25-30 ýylyň dowamynda ösüp başlady. Energiýa baýlyklarynyň materigiň çäginde ýerleşişi endigan däldir. Şeýle-de energetikada daş kömür, suw energiýasy, agaç köp ulanylýar. Ýangyç hökmünde odun Afrikanyň Sahel sebitiniň çäginde ýerleşýän ýurtlarda energiýa çeşmesiniň 70-90%-ini tutýar. Bu ýagdaý çöllük sebitlerde ekologiki ýagdaýyň ýaramazlaşmagyna getirýär.

Afrikada gün energiýasyndan hem peýdalanylýar (GAR, Ýegipet, Tunis). Soňky ýyllarda AES-ler gurulýar. Ilkinji AES Afrikada GAR-da guruldy. Sebitde öndürilýän elektrik energiýasynyň 90 %-den gowragy GAR-daky ýylylyk elektrostansiýalaryň paýyna düşýär. Soňky ýyllarda materikde kuwwatly SES-ler (suw elektrik stansiýalary) Mozambikde Zambezi derýasynda, Ýegipetde Nil derýasynda, KDR-da Kongo derýasynda guruldy.

Dokma senagaty GAR-da ýokary derejede ösendir. Şeýle-de nah matalary öndürýän kärhanalar Ýegipetde, Nigeriýada, Senegalda, Sudanda, Ugandada bar. Pudagyň iri merkezleri – Kair, Aleksandriýa, Kasoblanka, Brazzawil we beýleki şäherleridir. Ýöne, soňky ýyllarda ýeňil senagatyň kärhanalary materigiň orta we kiçi şäherlerinde-de gurulýar.

Häzirki wagtda azyk senagaty has çalt depginler bilen ösýär. Afrika ýurtlary dürli gaplanan (konserwa) önümleri, ösümlik ýagyny köp öndürýärler we eksport edýärler.

Palma ýagy Gwineýa aýlagynyň kenarýaka etraplarynda, KDR-da, Angolada, arahis ýagy – Senegalda, Nigeriýada, zeýtun ýagy – Tunisde, Alžirde we Marokkoda öndürilýär.

Şeker çiňrigi – Madagaskarda, Mawrikide, Keniýada, Ugandada, Mozambikde, kakao – Ganada, Nigeriýada, kofe – KDR-da, Efiopiýada, Angolada ýetişdirilýär. Olaryň önümleri esasan daşary ýurtlara-da çykarylýar. Alžirde, Marokkoda, Tunisde, GAR-da, Zimbabwede esasan çakyr önümçiligi ösendir. Balykçylyk Senegalda, Tunisde, Marokkoda, GAR-da, Kongoda we beýleki ýurtlarda uly ähmiýete eýedir. Bu ýurtlarda balyk önümleri gaýtadan işlenilýär we eksport edilýär. Miwe we gök önümleriniň konserwalary Demirgazyk Afrikada, Keniýada, Ganada köp öndürilýär. Gara metallurgiýanyň uly kärhanalary GAR-da, Ýegipetde, Alžirde, Tunisde, Zimbabwede ýerleşýär. Her ýylda sebit boýunça 15 mln tonna golaý polat eredil-

19. Sargyt №2701

ýär. Onuň 60-70%-i GAR-nyň paýyna düşýär. Soňky ýyllarda täze metallurgiýa kärhanalary Zambiýada, KDR-da, Mawritaniýada, Liberiýada peýda boldy.

Reňkli metallurgiýa baý ýerli çig malyň esasynda işleýär. Zambiýa, KDR, GAR misi köp öndürýän ýurtlardyr. Onuň esasy bölegi Ýewropa ýurtlaryna eksport edilýär. Alýuminiý öndürýän kärhanalar GAR-da, Ýegipetde, Kamerunda, Ganada ýerleşýär.

Soňky ýyllarda Afrikada nebiti gaýtadan işleýän kärhanalar köp gurulýar. Sebitiň 30-a golaý ýurtlarynda 50 sany nebiti gaýtadan işleýän kärhana işleýär. Uly kärhanalar GAR-da, Ýegipetde, Nigeriýada, Alžirde, Liwiýada bar.

Azot, fosfor we kaliý dökünlerini öndürýän kärhanalarynyň aglabasy GAR-da we Ýegipetde ýerleşýär.

Maşyn-gurluşygy kärhanalaryndan GAR-da ulag, dag-magdan senagaty üçin gurallary, harby tehnikalary öndürýän kärhanalar ýerleşýär. Dürli maksatly stanoklary öndürmek Ýegipetde, Alžirde, Marokkoda ýola goýulandyr.

**Ulaglar ulgamy.** Ulaglar ulgamynyň ösüş derejesi boýunça Afrika beýleki materiklerden yza galýar. Materikde ulag ýollarynyň gür tory GAR-da, Zimbabwede, Ýegipetde we beýleki käbir kenarýaka ýurtlarynda bar. Soňky ýyllarda daşary ýurtlaryň kompaniýalarynyň gatnaşmagynda Nigeriýada, Ugandada, Tanzaniýada, Zambiýada, Keniýada gara we demir ýollary gurulýar. Çöllük etraplarda, çygly tropiki tokaýlaryň ýaýran territoriýalarynda ýollar örän azdyr. Demir ýollaryň umumy uzynlygy materik boýunça 90 müň km. Nigerde, MAR-da, Liwiýada, Somalide demir ýollar ýok diýen ýalydyr. Gara ýollaryň uzynlygy 1,7 mln km çemesidir. Has gür we dünýä derejesine laýyk gelýän gara ýollar GAR-da ýerleşýär.

## 8.3. Afrikanyň taryhy-geografik sebitleri

XXI asyryň başlarynda Afrikada 50-den gowrak özbaşdak döwletleri bardy. Olaryň esasy köplügi Afrikanyň saharadan günortadaky sebitine degişli. Ozal bellenilişi ýaly jemgyýetçilik (fiziki geografiýa däl) geografiýasy nukdaýnazaryndan Afrika esasy iki bölege bölünýär: Demirgazyk Afrika ýa-da arap-berber sebiti we Sahara-

dan günortadaky Afrika ýa-da gara Afrika. Soňky bölege Saharadan günortada ýerleşýän diňe bir kontinental Afrika däl, eýsem, birnäçe ada döwletleri we Atlantik hem-de Hindi okeanyndaky meýdançäkler hem girýär.

Afrikany durmuş-ykdysady uly sebitlere bölmek BMG-niň Afrika üçin ykdysady komissiýasynyň (AYK), tejribesinden gelip çykýar, ol adatça Afrika döwletleriniň seljermesi we ösüşi babatda ýörite maksatnamalary işläp düzmegi alyp barýar. AYK-nyň sanawyna laýyklykda, Afrika kontinentiniň çäginde Demirgazyk Afrikadan başga, Günabatar, Merkezi, Gündogar (ýa-da Ekwatorial) we Günorta sebitleri tapawutlandyrylýar.

## Demirgazyk Afrika sebiti

**Geografik ýerleşişi.** Demirgazyk Afrika sebiti gündogarda Gyzyl deňzinden günbatarda Atlantik okeanyna çenli 5,7 müň km we demirgazykda Ortaýer deňzinden günortada Sahara çölleriniň giň meýdanlaryna çenli 2 müň km uzalyp gidýän giňişligi öz içine alýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda ulaglaryň we aragatnaşygyň häzirki zaman görnüşleri uly ösüşe eýe boldy. Ýaňy-ýakynda Alžiriň territoriýasynyň üsti bilen transsahara awtomagistraly Afrika kontinentiniň içerki bölegine çekildi. Deňiz ulagy üçin Gibraltar bogazynyň we Sues kanalynyň örän uly ähmiýeti bardyr.

Sebit Afrikanyň Ortaýer deňzine ýanaşýan umumy meýdany 96 mln km$^2$ bolan (Afrikanyň meýdanynyň 1/3 bölegi) 7 döwletini we jedelli territoriýany birleşdirýär. Üç kontinentiň çatrygyndaky amatly geografik ýerleşişi, deňze giň çykalgasynyň bolmagy, olaryň halkara söwdasynda möhüm ornunyň bolmagyna getirýär. Subtropiki klimatly ortaýerdeňiz zolagy sebitiň has gowy özleşdirilen bölegidir. Ortaýerdeňiz zolagyndan günortalygyna çöller we ýarymçöller (olara Sahara umumy ady berilýär) uzalyp gidýär. Has uly dag massiwleri onuň merkezi böleginde ýerleşýär. Territoriýanyň esasy böleginde gurakçylyklar zerarly tebigy şertler gazaplydyr. Şonuň üçin bu ýerde suw üpjünçiligi örän ýiti durmuş meselesine öwrülýär. Sebitiň ýeke-täk tebigy akary – Nil derýasydyr. Nil – demirgazyk Afrikanyň halklary üçin örän uly ähmiýete eýedir. Ekwatorial Afrikadan başlap, ol Sudany we Ýegipeti kesip geçýär we Ortaýer deňzine guýýan ýe-

rinde gadymy medeni-durmuş ojagyny döreden belli deltany emele getirýär. Süýji suw üpjünçilik meselesi ýerasty çeşmeleriň we deňiz suwuny süýjetmegiň hasabyna çözülýär.

**Gazma baýlyklary.** Gadymy döwürlerde çölde duz gazylyp alnypdyr, daş kömrüň, demir magdanynyň, misiň, sinkiň, wolframyň, seýrek metallaryň, uranyň, fosforitleriň ýataklary işlenilipdir. Ýöne, sebitiň tebigatynyň keşbini soňky ýyllarda açylan nebit we gaz ýataklary üýtgetdi. Çig mal baýlyklary örän biendygan ýerleşýär. Nebitiň uly gorlary Liwiýada we Alžirde jemlenendir. Tebigy gaz – Alžirde, fosforitler Marokkoda, Tunisde, demir we mis magdany Mawritaniýada gazylyp alynýar. Sahara çöli ýerasty suwlaryň uly gorlaryna baýdyr.

**Ilaty.** Sebitiň ilatynyň umumy sany 221 mln adam. Onuň ortaça ýyllyk ösüş depgini ýokary bolmagyna galýar (2,2%). Demirgazyk Afrika, esasan, Ýewropa jynsyna degişli halklardan durýar. Nil derýasynyň jülgesinde ir döwürlerden bäri ýerli ýaşaýjylar-ýegipetliler, galan etraplarda bolsa berberiler ýaşapdyrlar. Häzirki wagtda sebitiň ilatynyň esasy bölegi-araplardyr, berberiler hem saklanyp galypdyr. Şäherlerde ilatyň 2/3 bölegi (Sudandan we Ýegipetden başga) ýaşaýar. Ähli ýurtlarda döwlet dili arap dilidir. Ilatyň aglaba bölegi yslam dininiň sünni ugruna uýýarlar.

**Hojalygy.** Sebitiň ähli ýurtlarynyň hojalygynda öňdebaryjy orun döwlet sektoryna degişlidir. Hünärmentçilikde we oba hojalygynda häzir hem ownuk telekeçiligiň orny uludyr. Sebitiň ýurtlary Afrikada beýleki döwletlere garanda, ykdysady taýdan has ösenligi we halkara zähmet bölünişigine işjeň çekilenligi bilen tapawutlanýar.

Esasy oba hojalyk ekinleri-bugdaý, arpa, mekgejöwen, pagta, zeýtun, üzüm, sitruslar, oazislerde bolsa, hurma agajy, şeker çiňrigi we temmäkidir. Maldarçylykda dowardarçylyk we düýedarçylyk ösendir. Gylýalçylyk hem aýratyn ähmiýete eýedir. Demirgazyk Afrika ýurtlarynyň ykdysadyýetiň ýetmezçilik tarapy, olaryň esasan, agrar ýurt bolmaklaryna garamazdan, çylşyrymly azyk üpjünçilik meselesiniň döreýänligidir. Köplenç olar şäher ilatyny üpjün etmek üçin azyk önümlerini daşyndan getirmäge mejbur bolýarlar.

Senagat merkezleri esasan deňiz kenar sebitlerinde ýerleşýärler. Senagatyň düzüminde gazyp alýan pudaklar agdyklyk ediji orny eýe-

leýär. Olaryň döremegi dürli çig mal ýataklaryny özleşdirmek bilen baglanyşyklydyr. Işläp bejerýän senagatyň düzüminde öňdebaryjy orun ýeňil we azyk senagatyna degişlidir. Soňky ýyllarda metallurgiýa, maşyn-gurluşygy, himiýa senagaty ýaly pudaklaryň ähmiýetiniň artmak meýli görünýär.

*33-nji tablisa*

**Demirgazyk Afrika ýurtlary boýunça statistiki maglumatlar, 2014 ý.**

| Döwletler | Meýdany, müň km$^2$ | Ilaty, mln adam | Ilatyň tebigy artyşy,% | Ömrüň ortaça dowamlylygy, ýyl | | Iýmitiň sarp edilişi kkal/gije-gündiz | Jemi içerki önüm | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Erkekler | Aýallar | | Umumy, mlrd dollar | 1 adam başyna, doll |
| Alžir | 2381,7 | 39,1 | 1,60 | 68 | 71 | 2965,5 | 507,9 | 12990 |
| Ýegipet | 1001,4 | 87,9 | 1,80 | 65 | 68 | 3323,0 | 953,7 | 10850 |
| Liwiýa | 1759,5 | 6,3 | 2,33 | 73 | 77 | 3276,8 | 177,1 | 28110 |
| Marokko | 446,6 | 33,3 | 0,95 | 67 | 71 | 3010,2 | 233,1 | 7000 |
| Tunis | 164,2 | 11,1 | 1,06 | 70 | 74 | 3387,6 | 121,7 | 10960 |
| Mawritaniýa | 1030,7 | 4,0 | 2,6 | 53 | 55 | 2702,5 | 11,2 | 2850 |
| Sudan | 2505,8 | 38,8 | 2,5 | 55 | 57 | 2359,5 | 92,0 | 2370 |
| Günbatar Sahara | 266 | 0,6 | 1,5 | - | - | - | - | - |

**Çeşme:** Горохов С.А., Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013; 2014 WORLD POPULATION Data Sheet; INTERNET maglumatlary.

Zähmetiň halkara bölünişiginde Demirgazyk Afrika nebiti, tebigy gazy, fosforitleri, ýokary hilli pagtany we ondan öndürilýän önümleri, sitruslary, zeýtuny, çakyr önümlerini, temmäkini dünýä bazaryna çykaryjylar hökmünde öz ornuny eýeleýär. Eksport önümleri esasan Günbatar Ýewropa ýurtlaryna ugradylýar, Demirgazyk Amerika ýurtlary we Ýaponiýa bilen hem ykdysady gatnaşyklar işjeňleşýär.

## 8.4. Ýegipet (Müsür)

**Geografiki ýerleşişi.** Ýegipet Arap Respublikasy Afrikanyň demirgazyk-gündogarynda we Aziýanyň Sinaý ýarym adasynda (meýdanynyň 6%-i) ýerleşýär. Şeýle hem Ýegipete Sues aýlagyndaky we Gyzyl deňzindäki käbir uly bolmadyk adalaryň birnäçesi degişli.

Ýurduň meýdanynyň köp bölegini düzlükler tutýar. Nil derýasyndan günbatarda Liwiýa çöli (ýurduň meýdanynyň 60%-ini tutýar), gündogarda Nil bilen Gyzyl deňziniň aralygynda demirgazykdan günorta tarap uzalýan Arap çöli, çetki günorta-gündogarda bolsa Nubiýa çölüniň demirgazyk bölegi ýerleşýär. Onçakly beýik bolmadyk daglar (deňiz derejesinden 2000 metrden hem az) Sinaý ýarym adasynyň günortasyny tutýar.

**Ilaty.** Ýegipetiň ilaty 87,9 mln adam bolup, esasan, Nil derýasynyň jülgesinde we Sues kanalynyň kenarlary boýunça ýerleşýär. Ýurduň ilatynyň milli düzüminde araplar we koptlar esasy köplügi emele getirýärler. Milli azlyk bolan halklardan nubileri we berberleri tapawutlandyrmak bolar.

Ilatyň tebigy köpelişi kem-kemden durgunlaşýar. Soňky döwürde ilatyň sany her ýylda ortaça 2,3% artýar. Ýurduň daşynda zähmet çekýän ýegipetlileriň sany 3 mln-dan geçýär, olar esasan nebit çykarýan arap döwletlerinde jemlenendir. Ýurduň ilatynyň ählisi diýen ýaly yslam dininiň sünni ugruna uýýar.

Ýurduň uly şäherleri: Kair (8,9 mln adam), Aleksandriýa (4,3 mln adam), Giza (3,3 mln), Port-Said, Sues. Ýegipet döwlet gurluşy boýunça Respublikadyr. Dolandyryş-çäk taýdan 25 gubernatorlyga (muhafaz) bölünýär.

**Hojalygy.** Ýegipet Afrika materiginde ösen agrar-senagatly ýurtlaryň biri hasaplanýar. Soňky ýyllarda ykdysadyýetde senagatyň ähmiýeti artýar. Ýurduň çäginde gazylyp alynýan baýlyklaryň dürli görnüşleriniň uly gorlary bardyr. Daş kömür, wolfram, altyn, mis, demir, titan we margenes magdanlary, slýuda, talk, ftor, bor, hlor, fosforitler, dürli görnüşli gurluşyk materiallary ýurduň çägi boýunça giňden ýaýrandyr. Nebit känleri Sues kanalynyň iki tarapynda hem bar. Olaryň gory 400 mln tonna golaý bolup, her ýylda 40 mln nebit

çykarylýar. Tebigy gazyň gorlary uly däldir (680 mlrd $m^3$) we kem-kemden azalýar. Şonuň üçin Ýegipet çig maly we ýangyjy daşyndan getirýän ýurda öwrülýär.

Elektro-energetika, esasan, ýylylyk elektrik stansiýalaryna esaslanýar. Öndürilýän elektrik energiýasynyň 80%-i olaryň paýyna düşýär. Işläp bejerýän senagatda azyk, ýeňil, himiýa, maşyngurluşygy, metallurgiýa esasy pudaklardyr. Ýegipetde polat, alýuminiý, azot we fosfat dökünleri, sement uly möçberde öndürilýär. Maşyn-gurluşygy pudagy ýeňil we ýük awtomobillerini ýygnamaga, elektrotehniki önümleri öndürmäge ýöriteleşýär. Parfýumeriýa-kosmetika iň häzirkizaman enjamlar bilen abzallaşdyrylan pudak bolup, ýerli çig mala (efir ýagyna) esaslanýar.

Irki döwürlerden bäri oba hojalygy esasy pudak bolmagyna galýar. Işläp bejermek üçin amatly ýerleriň umumy meýdany ýurduň territoriýasynyň bary-ýogy 1%-ini tutýar. Oba hojalygynyň ösüş bady ilatyň köpelişi bilen deň derejededir. Şeýle-de bolsa, azyk meselesini çözmek, köplenç daşyndan getirmegiň hasabyna üpjün edilýär. Oba hojalygynyň baş pudagy – suwarymly ekerançylykdyr (oba hojalyk önüminiň 71%-i üpjün edýär). Maldarçylygyň paýyna ähli önümiň 22%-i, balykçylyga bolsa 7%-i düşýär. Esasy oba hojalyk ekinleri: gowaça, bugdaý, mekgejöwen, şaly, gök önümler. Şeýle hem şeker çiňrigi, kösükli ekinler, sitruslar, üzüm, alma ýetişdirilýär.

Ýurduň çägi boýunça köpsanly halkara ulag ýollary geçýär. Halkara ähmiýetli ýükleriň esasy bölegi Aleksandriýa, Sues, Port-Said gämi duralgalarynyň üstünden geçýär. Ýurduň hojalygy üçin gämi gatnawunyň uly ähmiýeti bar. Sues kanalyndan peýdalanmakdan Ýegipet ýylda 2 mlrd dollara golaý peýda görýär.

Ýurduň ykdysadyýetinde uly girdeji getirýän halkara syýahatçylygy ýöriteleşiş pudaga öwrüldi. Her ýylda ýurda 5,5 mln syýahatçy gelýär. Syýahatçylyk pudagynda ýegipetlileriň 1,5 mln-a golaýy meşgullanýar.

Ýegipetiň esasy söwda hyzmatdaşlary Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary, ABŞ we Arap ýurtlarydyr. Ýegipetiň Türkmenistan bilen söwda gatnaşyklary giňelýär.

## 8.5. Ekwatorial Afrika

Ekwatorial Afrika (köp edebiýatlarda bu uly sebite Saharadan günortadaky Afrika hem diýilýär) Sahara çölünden günortada ýerleşen kontinental Afrikanyň ähli döwletleri, şeýle hem Atlantik we Hindi okeanlaryndaky birnäçe ada döwletleri girýär.

Bu uly sebitiň umumy meýdany 24,3 mln km$^2$. Bu ýerde biri-birinden meýdanynyň ululygy, ilatynyň sany, durmuş-ykdysady ösüş derejesi boýunça tapawutlanýan 43 döwlet ýerleşýär. Olaryň ählisi hem öňki koloniýalar, häzir bolsa garaşsyz ýurtlar – Respublikalardyr. Onuň düzüminde adatça, 3 sebiti tapawutlandyrylýar – Günbatar, Merkezi we Gündogar Afrika. Ýer üstüniň gurluşy esasan düzlükdir. Gündogar Afrika üçin ýer gabygynda çuň ýaryklar we döwülmeler häsiýetli. Demirgazykdan günorta tarap «Gündogar Afrika rifti» diýip atlandyrylýan örän giň döwülmeler uzalyp gidýär. Sebitiň klimat şertleri birnäçe sebäpkärleriň täsiri astynda döreýär. Saharadan günortadaky Afrikada ýerleşýän köp döwletleriň ekwatora ýakynlygy, olaryň, özüniň yssy we gurak howasy bilen belli Sahara çölüne ýanaşmagy, tebigy şertleriniň aýratynlygyny kesgitleýär.

Afrika kontinentiniň bu bölegi üçin çölleşme hadysasy häsiýetlidir, ol esasan hem Sahelde – çöllük ýerleriň we sawannalaryň araçägindäki tebigy ladşaftda, aýdyň ýüze çykýar. Ekwatorial Afrika sürülýän ýerlere ähli meýdanlaryň 7,5%-i düşýär.

**Tebigy baýlyklary.** Ekwatorial Afrikada nebitiň dünýä gorlarynyň 2%-i, tebigy gazyň 2,2%-i, kömrüň bolsa 5,5%-i jemlenendir.

Nebitiň we tebigy gazyň ýataklary Nigeriýada, şeýle hem Angolada, Gabonda, Konga Demokratik Respublikasynda, Kamerunda, Kongada, Ekwatorial Gwineýada bar. Şunlukda sebitdäki nebitiň anyklanan gorlarynyň ýarysyndan gowragy Nigeriýanyň paýyna düşýär. Daş kömrüň esasy gorlary Nigeriýada, Kongo Demokratik Respublikasynda we Zimbabwede ýerleşýär.

Gymmatly energiýa çig maly bolan uranyň känleri Gabonda, Nigerde bar.

Metal magdanlarynyň gorlary örän köpdürlüdir. Demir magdanynyň esasy gorlary Liberiýada, Gwineýada, Gabonda we Zimbabwede ýerleşýär. Ekwatorial Afrikada hromitleriň dünýä gorlarynyň

tas hemmesi diýen ýaly jemlenendir. Hromitleriň känleri Günorta, Günbatar, Demirgazyk-Günbatar Afrikada bar. Bu babatda Zimbabwe aýratyn tapawutlanýar.

Marganesiň gorlary hem uludyr. Esasy marganes gazyp alýan ýurtlar – Gabon, Gana. Misiň esasy gorlary Merkezi Afrikadaky giňligi 65 km, uzynlygy 250 km bolan Zambiýanyň we Kongo Demokratik Respublikasynyň çäginden geçýän «Mis guşaklygy» diýlip atlandyrylýan etrapda jemlenendir.

Sinkiň känleri Kongo Demokratik Respublikasy, Nigeriýada, Zambiýada bar.

Ekwatorial Afrika boksitleriň dünýä gorlarynyň 1/4 bölegi düşýär. Olaryň ählisi diýen ýaly Gwineýada jemlenen. Reňkli we seýrek duş gelýän metal magdanlarynyň gorlary sebitiň köp ýurtlarynda bar.

Sebit altynyň uly gorlaryna eýedir. Onuň uly känleri Ganada, Kongo Demokratik Respublikasy we Zimbabwede ýerleşýär. Ondan başga-da altyn känleri Burundi, Gabon we Kot-d-Iwuarda bar.

Metal däl mineral baýlyklardan kükürdiň (Zambiýa), fosforitleriň (Malawi, Nigeriýa, Tanzaniýa, Toga we Uganda), kömürturşy kaliniň (Kongo, Efiýopiýa), grafitiň (Madagaskar, Keniýa) gorlaryny bellemek bolar.

Ekwatorial Afrikada suw energiýasynyň uly gorlary bardyr. Olaryň esasy bölegi Kongo, Zambezi, Nil derýalarynyň basseýnlerinde jemlenendir. Sebitdäki suw energiýasynyň iň uly gorlary bolan esasy 3 döwletine Kongo Demokratik Respublikasy, (dünýä gorunyň 13%) Angola, Kamerun degişlidir.

Sebitde tokaý baýlyklarynyň ähmiýeti uludyr. Tokaýlaryň ýarysyndan gowragy 5 döwletde: Kongo Demokratik Respublikasynda, Angolada, Zambiýada, Tanzaniýada, Nigeriýada ýerleşýär. Şunlukda Kongo Demokratik Respublikasy tokaýlarynyň tutýan meýdany boýunça (173,8 mln ga) dünýäniň öňdäki bäşligine girýär. Emma Ekwatorial Afrikanyň köp döwletlerinde esasy meseleleriň biri tokaýlaryň meýdanynyň çalt azalmagydyr. Her ýylda onuň möçberi 0,6%-e ýetýär.

**Ilaty.** Sebitiň çäginde 860 mln, adam ýaşaýar. Ekwatorial Afrika dünýäde ilatyň tebigy köpelişiniň iň ýokary bolan sebitidir. Ýöne onuň ortaça ýyllyk ösüşi 1980-nji ýyllarda 2,9% bolanlygyndan

2014-nji ýylda 2,7%-e (dünýäniň ähli sebitleriniň arasynda iň ýokary görkeziji) çenli peseldi. Sebitiň ilatynyň milli düzümi hem örän çylşyrymlydyr. Bu ýerde ýaýran köpsanly ýerli diller niger-kordofan, konsan we nil-sahara dil maşgalalaryna degişlidir. Sebitiň ýurtlarynda ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň örän pes bolmagy, bu ýerde adam ömrüniň garaşylýan ortaça dowamlylygynyň dünýä boýunça iň pes derejesine (47,5 ýyl) getirýär.

**Hojalygy.** Bu ýerde dünýäniň has gowşak ösen ýurtlarynyň 48-den 32-si ýerleşýär.

Ykdysadyýetde oba hojalygy we gazyp alýan senagat esasy orun eýeleýär. Oba hojalygynda (pudakda ilatyň 60%-den gowragy meşgullanýar) ösümlikçilik agdyklyk edýär. Sebitiň oba hojalyk önümi diňe içerki sarp edilişde peýdalanylýan, bütinligine içerki bazar üçin niýetlenen (süle, çogdary, mekgejöwen, köki miweliler, kösükli ekinler, et-süýt önümleri) we esasan eksport üçin (ýag berýän ekinler, şeker-çig maly, gök önümler, miweler, temmäki, pagta süýümi, ýüň), şeýle-de eksporta niýetlenen (kakao, kofe, kauçuk, sizal, palma ýagy, hoz, hoşboý ysly we tagam beriji garyndylar) önümlere bölünýär.

Senagatda eksporta niýetlenilen mineral we energetiki baýlyklary gazyp almak esasy ähmiýete eýedir.

Sebitde ilatyň durmuş ýagdaýy örän pesdir. Ilatyň 39%-i örän garyp gatlagyna degişli, ýagny bir günde sarp ediliş 1 dollardan hem azdyr. Ilatyň 1/3 bölegi yzygiderli ýagdaýda açlyk çekýär. Köp ýurtlarda girdejini paýlamakda deňsizlik meselesi ýiti duýulýar. Sebitiň şäher ilatynyň 18%-i iş bilen üpjün däl. Ýurtlaryň köpüsinde bilim ulgamy çökgünlik ýagdaýynda durýar. Uly ýaşly ilatyň sowatlylyk derejesi – 61%-e barabar. Saglygy goraýyş ulgamynda hem ýiti meseleler saklanýar.

Sebitiň çylşyrymly durmuş meseleleriniň biri-de bosgunlar meselesidir. Ekwatorial Afrika ýurtlarynda bosgunlaryň sany 7 mln adamdan geçýär.

Daşary ykdysady gatnaşyklarda (daşary söwda-da) sebitiň ýurtlarynyň esasy hyzmatdaşlary: Günbatar Ýewropa ýurtlary, Ýaponiýa, ABŞ. Soňky ýyllarda Hytaýyň, Hindistanyň Afrika ýurtlary bilen söwda gatnaşyklary ösýär.

## 8.6. Günbatar Afrika sebiti

Tebigy-baýlyk, etniki we hojalyk taýdan Günbatar Afrika örän çylşyrymly şekili göz öňüne getirýär. Bu sebit Saharanyň we Gwineýa aýlagynyň arasynda ýerleşýär. Sebit meýdany we ilaty boýunça Afrikanyň iň uly bölegidir. Köp ýurtlarda ilatyň esasy işi meşgullygy azyklyk ekinlerini, däneli we köki miweli ekinleri ösdürip ýetişdirmekdir. Eksport üçin arahis, ýaglyk palmanyň miwesi we maňyzy, natural kauçuk, kakao, kofe ýetişdirilýär. Mineral çig mallary (demir we uran magdanlary, boksitler, galaýy, nebit, almaz, altyn, tantal) gazyp almagyň we eksport etmegiň ähmiýeti örän uludyr.

Sebitde Günbatar-Gwineýa we Gündogar-Gwineýa uly dag-magdan senagat etraplary döredi. Olaryň birinjisi magdan baýlyklarynyň toplanan ýeri bolup altynyň, almazyň (esasy tehniki), demir we alýuminiý magdanlarynyň baglanyşykly meýdan-çägini häsiýetlendirýär. Esasan-da, Gwineýada jemlenen boksitleriň uly ähmiýeti bardyr. Olaryň gorlary boýunça bu döwlet dünýäde birinji orny eýeleýär (20 mlrd tonnadan gowrak). Mundan başga-da Gwineýadaky uly boksit känleri (Boke, Kindia) Gwineýa aýlagynyň kenar ýakalaryndan uzak bolmadyk aralykda ýerleşýärler.

Ikinji etrap hem magdan çig malynyň känlerine eýedir – gara we rekli metallar, uran, altyn, ýöne Gündogar-Gwineýa etrabynyň baş baýlygy-nebit we gazdyr. Nebit-gazly ýataklar giň bolmadyk zolak bolup, birnäçe döwletiň çäginden we suw giňişliginden uzalyp gidýär. Şunlukda, nebit känleriniň esasy bölegi Nigeriýada, Niger derýasynyň deltasynda ýerleşýär.

Günbatar Afrikada ilatynyň sany, meýdany, ykdysady kuwwaty boýunça Nigeriýa has tapawutlanýar. Şonuň üçin bu döwlete giňişleýin häsiýetnama bermek maksada laýyk bolar.

### Nigeriýa

Ýurduň ýeriniň jümmüşi gymmatly magdan we magdan däl gazma baýlyklaryny özünde saklaýar. Nigeriýa kontinentde uly nebit känleri bilen tapawutlanýar (nebit çykarmakda Afrikada birinji orun). Tebigy gazyň gorlary-da uly, kokuslanýan we goňur kömrüň känleri-de bar. Reňkli we seýrek metallaryň, ilkinji nobatda galaýynyň, tantalyň we niobiniň känleriniň dünýä ähmiýeti bar.

*34-nji tablisa*

**Günbatar Afrika ýurtlary boýunça statistiki maglumatlar, 2014 ý.**

| Döwletler | Meýdany, müň km² | Ilaty, mln adam | Ilatyň tebigy artyşy,% | Ömrüň ortaça dowamlylygy, ýyl | | Iýmitiň sarp edilişi kkal/gije-gündiz | Jemi içerki önüm | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Erkekler | Aýallar | | Umumy, mlrd dollar | 1 adam başyna, doll |
| Benin | 112,7 | 0,3 | 2,7 | 53 | 56 | 2488,6 | 7,6 | 1780 |
| Burkina-Faso | 274,4 | 17,9 | 3,4 | 46 | 47 | 2375,8 | 27,9 | 1560 |
| Gambiýa | 11,3 | 1,9 | 3,1 | 51 | 55 | 2163,5 | 3,1 | 1620 |
| Gana | 238,5 | 27,0 | 2,5 | 56 | 59 | 2590,4 | 104,8 | 3880 |
| Gwineýa | 245,9 | 11,6 | 2,7 | 47 | 48 | 2133,4 | 13,5 | 1160 |
| Gwineýa Bisau | 36,1 | 1,7 | 2,5 | 43 | 46 | 2244,5 | 2,1 | 1240 |
| Kabo-Berde | 4,0 | 0,5 | 1,7 | 66 | 72 | 3166,2 | 3,1 | 6220 |
| Kot-d Iwuar | 322,5 | 20,8 | 2,2 | 44 | 47 | 2582,1 | 60,3 | 2900 |
| Liberiýa | 111,4 | 4,4 | 2,6 | 49 | 52 | 2088,6 | 3,5 | 790 |
| Mali | 1248,6 | 15,6 | 2,9 | 48 | 48 | 2314,4 | 24,0 | 1540 |
| Niger | 1267,0 | 18,2 | 3,9 | 45 | 46 | 2064,2 | 16,6 | 910 |
| Nigeriýa | 923,8 | 177,5 | 2,5 | 52 | 52 | 2832,6 | 994,0 | 5600 |
| Senegal | 196,7 | 13,9 | 3, 2 | 52 | 55 | 2307,4 | 31,1 | 2240 |
| Serra-Leona | 71,7 | 6,3 | 2,1 | 38 | 40 | 2016,5 | 11,0 | 1750 |
| Togo | 56,8 | 7,0 | 2,6 | 53 | 57 | 2527,2 | 8,3 | 1180 |

**Çeşme:** Горохов С.А., Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013; 2014 WORLD POPULATION Data Sheet; INTERNET maglumatlary.

Nigeriýada 200-den gowrak etnoslar we etniki toparlar bar. Olaryň arasynda üç esasy toparlar tapawutlanýar: haus we fulan (demirgazyk), ibo (irbo) (günorta-gündogar) poruba (günorta-günbatar). Ýurtda resmi dil hökmünde iňlis dili ulanylýar. Ilatyň dini düzümi hem dürlüdir. Ýaşaýjylaryň ýarysy yslam dinine uýýarlar, ýarysyndan azyragy bolsa-hristianlardyr. Çylşyrymly etniki we dini düzümi hä-

zirki gün hem ýurtda içerki dawalaryň ýitileşmegi üçin şert bolup durýar.

Nigeriýa – uly senagat potensialy bolan agrar ýurtdur. Ykdysady işjeň ilatyň aglaba köplüginiň zähmet çekýän oba hojalygynda jemi içerki önümiň üçden biri döredilýär. Industrial önümçilikde ykdysady işjeň ilatyň 20% meşgullanýar, JIÖ-iň 40%-i döredilýär.

Nigeriýanyň ykdysadyýetiniň esasyny nebiti çykarmak düzýär. (ýylda 100 mln). Esasy nebitli etraplar aşaky Nigeriň iki tarapy boýunça onuň deltasynda we deňiz ýalpaklarynda ýerleşýär. Nebit çykarýan etrabyň merkezi Port-Harkart bolup, ähli beýleki känler onuň bilen nebit geçirijileriň ulgamy bilen baglanyşykly. Nebitiň eksporty ýurduň tas ähli diýen ýaly walýuta girdejisini berýär. Nigeriýa Afrikada öňdebaryjy nebit öndürýän, OPEK iň uly agzalarynyň biridir. Nebit bilen bilelikde tebigy gaz hem çykarylýar, ony suwuklandyrylan görnüşde eksport etmek boýunça işler alnyp barylýar. Okaba-Enugu etrabyndan gazylyp alynýan daş kömür ýurduň öz içinde ulanylýar we käbir goňşy döwletlere eksport edilýär.

Nigerýanyň elektroenergetikasynyň esasyny ýurduň gönortasyndaky şäherlerde ýerleşýän ýylylyk elektrostansiýalary düzýär. Kainjide we Jebbada Niger derýasynda suw elektrik stansiýalary bar.

Nigerýanyň merkezi böleginde (Džoe platosy) galaýy magdany gazylyp alnyp, ondan eksporta gidýän metal eredilýär. Şu ýerde hem niobiniň magdany-kulumbit işlenilýär (dünýäde gazylyp alnyşynyň 3/4 bölegi). Şu gymmatly çig maly gazyp almak boýunça Nigeriýa dünýäde birinji orny eýeleýär. Şu etrapda tantal magdany hem bar.

Mineral çig mallar agyr senagatyň pudaklaryny, şol sanda metallurgiýany, nebithimiýany we başg. ösdürmek üçin esas bolup durýar. Nigeriýada metallurgiýa kärhanalary Adjaokutda, Warride, Kasinde, Ogomboda, Deltada bar. Ýurtda Port-Harkortda, Warride, Kadunda üç nebiti gaýtadan işleýän kärhanalar hereket edýär. Himiýa senagaty Kadundaky, Ibadandaky, Bekin-Sitidäki, Sapeldäki kärhanalary bilen bellidir. Şeýle hem awtomobilleri, oba hojalyk maşynlaryny we durmuş tehnikalaryny ýygnaýjy kärhanalar hereket edýärler. Maşyn-gurluşygy we metal işläp bejerýän senagatyň esasy merkezi Lagos

şäheridir. Ýurduň ykdysadyýeti üçin agajy gaýtadan işleýän senagatyň möhüm ähmiýeti bar.

Dokma senagaty, esasan, içerki bazary nazarlandyrylan. Azyk senagaty hem içerki hem-de daşary bazarlara niýetlenip önüm öndürýär.

Oba hojalygynda esasy orun ekerançylyga degişlidir. Baş azyklyk ekinleri – manioka we ýams (ýurduň günortasynda – prosa we demirgazygynda – jöwen). Möhüm eksport ekinleri – arahis (demirgazykda), ýag berýän palma we kakao (günortada). Manioka, ýams, dary, jöwen, arahis, palma hozunyň maňyzy, kakao, kauçuk öndürmek boýunça Nigeriýa Afrikada 1-2-nji orunlary eýeleýär. Ýurduň käbir etraplarynda ekstensiw maldarçylyk ösdürilýär. Nigeriýada Afrikadaky mallaryň baş sanynyň agramly bölegi jemlenendir.

Ýurduň ulag torunyň esasyny awtomobil, demir ýol we Nigeriň derýa suw ýollary düzýär. Esasy deňiz gämi duralgalary – Lagos, Port-Harkort, Bonni. Ýurtda iki sany halkara ähmiýetli aeroportlar hereket edýär – Lagosda we Kanoda. Nigeriýanyň esasy söwda hyzmatdaşlary – ABŞ we ÝB-niň ýurtlarydyr.

## Merkezi Afrika sebiti

Sebit çygly tropiki tokaýlar we sawannalar zonasynda ýerleşýär. Günbatar Afrikadan tapawutlylykda ol ilatyň milli düzüminiň has birmeňzeşligine eýe bolup, esasan, Bantu halklaryndan durýar. Merkezi Afrika (*35-nji tablisa*) diňe bir Afrikada däl, eýsem, bütindünýäde tebigy – baýlyk mümkinçiligi iň uly etraplaryň biridir. Sebitiň döwletleri dünýä bazaryna tehniki almaz, mis, kobalt, marganes, galaýy, nebit we beýleki gazma baýlyklaryny möhüm çykaryjylardyr. Uly dag magdan-senagat etraby Kongo Demokratik Respublikasynyň günorta böleginde (Şaba oblasty) we Zambiýada döredi. Ol demirgazyk-günbatardan günorta-gündogara dar zolak (50-60 km) bolup, 500 km-dan hem gowrak uzalyp gidýär. Bu etrap – «Mis guşaklygy (Sorregei)» ady bilen giňden bellidir. Häzirki wagtda bu ýerde ýokary hilli magdanlaryň 150-den gowrak käni anyklanyldy we olar şeýle hem kobalty, sinki, gurşuny, kadmini, germanini, altyny, kümüşi özünde saklaýarlar.

*35-nji tablisa*

**Mekezi Afrika ýurtlary boýunça statistiki maglumatlar, 2014 ý.**

| Döwletler | Meýdany, müň $km^2$ | Ilaty, mln adam | Ilatyň tebigy artyşy,% | Ömrüň ortaça dowamlylygy, ýyl | | Iýmitiň sarp edilişi kkal/gije-gündiz | Jemi içerki önüm | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Erkekler | Aýallar | | Umumy, mlrd dollar | 1 adam başyna, doll |
| Angola | 1246,7 | 22,4 | 3,2 | 44 | 47 | 1873,6 | 151,6 | 6770 |
| Burundi | 27,8 | 10,5 | 3,2 | 40 | 41 | 1628,2 | 14,6 | 1390 |
| Gabon | 267,7 | 1,7 | 2,3 | 49 | 51 | 2486,8 | 29,3 | 17220 |
| Kongo Demokratik Respublikasy | 2344,9 | 71,2 | 3,0 | 54 | 56 | 2260,0 | 48,4 | 680 |
| Kamerun | 475,4 | 22,8 | 2,7 | 47 | 51 | 2211,9 | 60,6 | 2660 |
| Kongo | 342,0 | 4,6 | 2,8 | 49 | 53 | 1637,2 | 21,7 | 4720 |
| Ruanda | 26,3 | 11,1 | 2,3 | 39 | 40 | 2011,4 | 15,9 | 1430 |
| San-Tome we Prinsipi | 1,0 | 0,2 | 2,9 | 64 | 67 | 2268,8 | 0,6 | 2950 |
| Merkezi Afrika Respublikasy | 622,4 | 4,8 | 3,2 | 42 | 46 | 1977,7 | 2,9 | 600 |
| Çad | 1284,0 | 13,3 | 3,3 | 49 | 53 | 2120,5 | 26,6 | 2000 |
| Ekwotorial Gwineýa | 28,1 | 0,8 | 2,2 | 49 | 53 | 3173,2 | 18,6 | 23240 |

**Çeşme:** Горохов С.А., Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013; 2014 WORLD POPULATION Data Sheet; INTERNET maglumatlary.

## Kongo Demokratik Respublikasy

Merkezi Afrikada özboluşly sebitleýin «merkezi güýji» hökmünde Afrika kontinentiniň merkezinde, ekwatoryň iki tarapynda hem ýerleşýän Kongo Demokratik Respublikasy hasaplanýar. Meýdany boýunça (2345,4 müň $km^2$) – bu Afrikada üçünji döwletdir. Tas ýüz ýylyň dowamynda ýurduň meýdan-çägi Belgiýanyň koloniýasy bo-

lupdy. Özbaşdak döwlet hökmünde 1960-njy ýyldan bäri hereket edýär. KDR-niň meýdan-çäginiň esasy bölegi Atlantik okeanynyň kenaryndan uzakda ýerleşýär, oňa diňe Kongo derýasynyň ugry bilen dar zolak bolup ýanaşýar.

Ýurduň uly bölegini (merkezi we demirgazyk-günbatar etraplary) giň Kongo çöketligi eýeleýär.

Kongo dürli gazma baýlyklarynyň uly gorlaryna eýedir. Bu babatda ýurt diňe bir Afrikada däl, eýsem, bütindünýäde hem iň baý döwletleriň hataryna girýär. Ýurduň meýdan-çäginiň ýerastynda polimetal (öňi bilen mis-kobalt we mis-sink) magdanlarynyň, kassiteritiň (galaýy), seýrek metallaryň (tantal we niobiý, litiý, germani we başg.), gara metallurgiýa üçin çig mallaryň (marganes, demir, legirlenýän metallar), gymmat bahaly metallaryň örän uly gorlary ýerleşýär. Bu ýerde tehniki almazyň dünýäde iň uly käni bar, boksitleriň gorlary açyldy. Ýangyç-energetiki baýlyklardan suw energiýasynyň uly gorlaryny, kömrüň, nebitiň we tebigy gazyň känlerini bellemek gerek.

Esasan-da, ýuruň günorta-gündogary – Şaba oblasty tebigy resurslara örän baý hasaplanýar, bu ýerde mis, kobalt, marganes, uran magdanlarynyň örän uly gorlary jemlenendir. Gündogarda altyn we galaýy magdanlary gazylyp alynýar, daş kömür bar, günortada-almaz gazylyp alynýar. Okeana ýanaşýan böleginde nebitiň känleri ýüze çykaryldy. Konganyň bütin Afrikada iň gür derýa tory bar we örän uly suw energiýa gorlaryna eýedir. Meýdanynyň ýarysyndan gowragyny gymmat bahaly, işlenýän agaç berýän, hemişelik gök öwüsýän tokaýlar örtýär. Günortada sawannalar agdyklyk edýär.

KDR-niň ilaty örän uly etniki çylşyrymlylygy bilen tapawutlanýar. Ýerli ilat negroid we negrill ýa-da pigmeý iki jyns toparlaryna degişlidir. Ýurtda 300-den gowrak taýpalar we halkyýetler bar. Ilatyň territoriýa boýunça ýaýraýşy endigan däl: ýurduň çet-gyra böleklerini tutýan sawanna etraplarynda ilatyň gürlügi ýokary, ýöne Kongo derýasynyň aşaky akymy boýunça ilatyň gürlügi pes. Oba ilaty agdyklyk edýär (65%-den gowrak). Uly şäherleriň arasynda Kinşasa (8,6 mln adam), Lubumbaşy (1,6 mln), Mbuji-Maýi (1,6 mln), Kolwezi (550 müň adam). Paýtagt şäheri – Kinşasa Kongo derýasynyň çep kenarynda ýerleşip, möhüm hojalyk we medeni merkez hasaplanýar.

Kongo Demokratik Respublikasy – agrar-çig mal ykdysadyýetli ýurt bolup, yza galak sarp ediliş we eksport ugurly ýokary harytlyk-plantasiýa oba hojalygyny mineral çig mallary gazyp almak we gaýtadan işlemek boýunça uly senagat bilen utgaşdyrýar.

KDR-nyň senagatynyň esasyny – dag-magdan gazyp alma pudagy we reňkli metallurgiýa düzýär. Kongo kobalt (dünýä önümçiliginiň 70%-i) we tehniki almaz (dünýäde gazylyp alnyşynyň 30%-i) gazyp almak boýunça dünýäde birinji orunda durýar. Misiň, kobaltyň we beýleki metallaryň agramly bölegi eredilýär. Dag-magdan gazyp almak we reňkli metallurgiýanyň baş etraby – Şaba oblastydyr. Bu «Mis guşaklygynyň» kongo bölegidir. Möhüm önümçilik merkezleri – Lubumbaşy, Kolwezi. Bu pudaklarda elektrik energiýasynyň sarp edilişi bilen ýurduň energetika pudagynyň ösüşi baglanyşyklydyr. Onuň esasyny SES-ler düzýär.

Oba hojalygy ösüşiň pes derejesinde durýar we ilatyň azyk önümlerine bolan isleglerini kanagatlandyrmaýar. Agrar sektorda ykdysady işjeň ilatyň 3/4 bölegi meşgullanýar. Eksport üçin ýag berýän palma, kauçuk agajy, gowaça, kofe we kakao agaçlary ösdürilip ýetişdirilýär. Maldarçylyk gowşak ösendir.

Demir ýollaryň umumy uzynlygy 5 müň km-den geçýär, bu Afrika ölçegleri boýunça az däldir. Ýurduň paýtagtyny deňiz gämi duralgasy bolan Matadi bilen birleşdirýän 400 km demir ýoly boýunça ýurduň esasy daşary söwda ýük akymlary gidýär. Dag-magdan senagat etrabynyň merkezi bolan Lubumbaşy üç sany daşary ýurt deňiz gämi duralgalary bilen baglanyşyklydyr. Awtomobil ýollarynyň uzynlygy 145 müň km bolup, onuň 2,4 müň km gaty örtükli ýollardyr. Ýurduň köp etraplary üçin baglanyşdyryjy ýeke-täk ulag serişdesi howa ulagydyr.

KDR-nyň oba hojalyk we senagat önümlerini uly sarp edijilere – ABŞ, Beýik Britaniýa, Belgiýa, Niderlandlar we ÝB-niň beýleki ýurtlary degişlidir.

## Gündogar Afrika sebiti

Seredilýän sebit doly diýen ýaly ekwatorial etek we tropiki giňişliklerde ýerleşýär.

Onuň araçägi medeni-taryhy aýratynlyklara garanda, esasan, umumy geografiki häsiýete eýedir, ol bu ýerdäki döwletleriň gündogar ýerleşiş ýagdaýyny şöhlelendirýär.

20. Sargyt №2701

*36-njy tablisa*

**Gündogar Afrika ýurtlary boýunça statistiki maglumatlar, 2014 ý.**

| Döwletler | Meýdany, müň km² | Ilaty, mln adam | Ilatyň tebigy artyşy,% | Ömrüň ortaça dowamlylygy, ýyl | | Iýmitiň sarp edilişi kkal/gije-gündiz | Jemi içerki önüm | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Erkekler | Aýallar | | Umumy, mlrd dollar | 1 adam başyna, doll |
| Jibuti | 23,2 | 0,9 | 1,9 | 42 | 44 | 2129,1 | 1,2 | - |
| Zambiýa | 752,6 | 15,1 | 3,4 | 37 | 37 | 1933,8 | 46,4 | 3070 |
| Zimbabwe | 390,8 | 14,7 | 2,4 | 39 | 36 | 2075,7 | 22,9 | 1560 |
| Keniýa | 580,4 | 43,2 | 2,6 | 47 | 49 | 1886,1 | 97,2 | 2250 |
| Komor adalary | 1,9 | 0,7 | 2,5 | 54 | 59 | 1799,9 | 1,1 | 1560 |
| Mawrikiý | 2,0 | 1,3 | 0,3 | 68 | 75 | 2539,7 | 22,4 | 17220 |
| Malawi | 118,5 | 16,8 | 2,9 | 53 | 57 | 1994,1 | 12,8 | 760 |
| Madagaskar | 587,0 | 22,4 | 2,7 | 37 | 38 | 2164,0 | 30,2 | 1350 |
| Mozambik | 799,4 | 25,1 | 2,9 | 38 | 37 | 1938,7 | 26,1 | 1040 |
| Seýşel adalary | 0,5 | 0,1 | 1,1 | 65 | 76 | 3125,3 | 2,3 | 23270 |
| Somali | 637,7 | 10,8 | 3,2 | 45 | 48 | 1555,0 | 14,8 | - |
| Günorta Sudan | - | 11,7 | 2,4 | 54 | 56 | 2278,7 | 25,6 | 2190 |
| Tanzaniýa | 945,1 | 50,8 | 3,1 | 41 | 53 | 1939,6 | 88,9 | 1750 |
| Uganda | 236,6 | 38,8 | 3,4 | 42 | 44 | 2238,1 | 53,2 | 1370 |
| Eritreýa | 127,3 | 6,5 | 2,6 | 53 | 58 | 1646,1 | 7,7 | 1180 |
| Efiopoýa | 1094,7 | 95,9 | 2,1 | 51 | 53 | 1803,0 | 129,5 | 1350 |

**Çeşme:** Горохов С.А., Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013; 2014 WORLD POPULATION Data Sheet; INTERNET maglumatlary.

Bu sebitiň çäginde 16 sany döwlet ýerleşýär. Olaryň aglabasy dünýädäki ykdysady taýdan iň gowşak ösen, yza galak ýurtlaryň toparyna girýär. Şol ýurtlarda durmuş-ykdysady görkezijiler juda pes bolmagyna galýar.

Sebitiň çäginde mineral gazma baýlyklaryň gorlary giňden ýaýran däldir. Diňe Zambiýanyň, Ugandanyň we Tanzaniýanyň çäginde kömrüň, fosforitleriň, reňkli metal magdanlarynyň birnäçe görnüşiniň uly gorlary bar.

Bu ýerde 340 mln-dan gowrak adam ýaşaýar. Ilatyň tebigy köpelişi boýunça sebitiň ýurtlary dünýä boýunça ýokary görkezijilere eýedir. Ilat her ýylda ortaça 2,7% artýar. Şonuň üçin ilatyň umumy sanynda çagalar we ýetginjekler agdyklyk edýär (44%). Sebitde oba ilatynyň paýy örän ýokarydyr (ähli ilatyň 76%-i).

Gündogar Afrika örän täsin tebigy we etniki-medeni özboluşlylyga eýedir. Ykdysady ösüş babatda sebitiň köp ýurtlary tropiki ekerançylygyň önümlerini: sizal (ýogyn süýüm alynýan agaç), kofe, çaý, kokos palmasynyň önümleri, gwozdika, gant, burç we ş.m. eksport edijiler bolup durýarlar. Käbir Gündogar Afrika ýurtlary reňkli metallaryň (mis, kobalt, nikel, galaýy, altyn, kümüş) magdanlaryny, daş kömür, fosforitleri we dag-magdan senagatynyň beýleki önümlerini çykarýar. Sebitiň ýurtlarynda işläp bejerýän senagat gowşak ösendir.

### Tanzaniýa

Sebitiň uly döwletleriniň biri Birleşen Tanzaniýa Respublikasydyr. Ýurduň meýdanynyň uly bölegi Gündogar-Afrika tekiz daglygynyň çäginde ýerleşýär.

Umuman, Tanzaniýanyň tebigaty hojalygy ýöretmek üçin amatlydyr. Onuň ýerastynda dürli gazma baýlyklarynyň (daş kömür, demir magdany, reňkli metal magdanlary, galaýy, nikel, niobiý, gurşun, mis, altyn, almaz, fosforit, nahar duzy) uly gorlary ýaýrandyr. Olaryň känleri, esasan, ýurduň demirgazyk we günorta günbatarynda jemlenendir. Suw energiýasynyň çeşmesi hökmünde Tanzaniýanyň derýalarynyň uly ähmiýeti bardyr. Ýurduň çäginde köller köp: Wiktoriýa, Tanganika, Nýasa we başg.

Tanzaniýa Afrika kontinentinde tropiki faunanyň baý wekilleriniň tebigy şertlerde saklanyp galan köp bolmadyk ýurtlarynyň biridir. Ýöne adam tarapyndan köpçülikleýin gyrylmagy netijesinde haýwanat dünýäsi görnetin garyplaşdy. Ýabany haýwanlar esasan goraghanalarda we milli parklarda goralýar. Olar dünýä belli Serengeti, Mantra, Ngorongoro, Ruaha, Mikumy. Tebigatyň täsin landşaftlaryny goramak Tanzaniýanyň milli syýasatynyň möhüm ugry hasaplanýar.

Tanzaniýanyň ilaty 51,8 mln adam. Onuň 70%-i obalarda ýaşaýar. Iň uly şäherleri Dar-es-Salam (4,4 mln adam) Dodomo, Tanga, Zanzibar, Mwanza, Mbeýa.

Tanzaniýanyň ilatynyň etniki düzümi çylşyrymlydyr. Ýurtda 120-den gowrak halklar ýaşaýar. Şunluk-da Bantu we Niolot dil toparlarynyň halklary agdyklyk edýär.

Ýurduň ykdysadyýetiniň baş pudagy – oba hojalygydyr, onda ykdysady işjeň ilatyň 80%-i meşgullanýar. Oba hojalygynda ekerançylyk möhüm ähmiýete eýedir. Sarp ediliş maksatlary bilen ýetişdirilýän azyklyk ekinleri (mekgejöwen, prosa, sorgo, kassawa, batat, banan, ýag berýän ekinler we kösükliler) bütin oba hojalyk önüminiň 60%-ini tutýar we ýurduň ähli etraplarynda diýen ýaly ýetişdirilýär. Esasy eksport ugurly ekinleri-kofe, gowaça, çaý, keşiň hozy, gwazdika, sizal, temmäki, mekgejöwen we şaly. Maldarçylyk gowşak ösen we az önümlidir. Umuman, oba hojalygy JIÖ-niň 56%-ini we eksportdan gelýän girdejiniň 80%-ini berýär.

Senagat gowşak ösendir. Onuň düzüminde dag-magdan senagatynyň orny uludyr. Almaz eksporta ugradylýan esasy gazma baýlygydyr. Beýleki mineral baýlyklary hem gazylyp alynýar. Ýeňil we azyk senagatynyň, himiýa önümçiliginiň, gurluşyk materiallaryny öndürýän kärhanalary-da bar.

Ulaglar ulgamynyň esasyny demir ýollar düzýär (3,5 müň km). Soňky ýyllarda awtomobil ulagynyň ähmiýeti artýar.

Tanzaniýa daşary ykdysady gatnaşyklaryny esasan günbataryň senagat taýdan ösen ýurtlary bilen alyp barýar. Ýöne, soňky ýyllarda onuň goňşy Afrika we Aziýa ýurtlary bilen söwda dolanyşygy artýar. Tanzanýida walýuta serişdeleriniň möhüm çeşmesi hökmünde halkara syýahatçylygy ösdürmäge uly ähmiýet berilýär.

## 8.7. Günorta Afrika sebiti. Günorta Afrika Respublikasy

Bu sebit Afrikanyň günortasynda ýerleşip, 2674,4 müň km$^2$ meýdany tutýar. Onuň çäginde 5 döwlet – Botswana, Lesoto, Namibiýa, Swazilend, Günorta Afrika Respublikasy ýerleşýär.

Sebitiň umumy ilaty 61 mln adama barabar. Ilat 2 dil toparyna – khaýsan we bantu toparyna bölünýär. Olaryň çäginde köpsanly ýerli diller we şiweler tapawutlandyrylýar. Dini alamaty boýunça esasan hristianlara we animistlere bölünýär.

Bu sebitde döwlet gurluşynyň agdyklyk edýän formasy – Respublikadyr. Günorta Afrikanyň ähli ýurtlarynyň kolonial geçmişi bar. Swazilend we Lesota monarhiýa döwlet gurluşyna eýedir.

BMG-niň klassifikasiýasy boýunça GAR ösen döwletleriň hataryna degişli edilýär. Sebitiň galan ýurtlary ösýän döwletler. Olaryň JIÖ-niň döremeginde oba hojalygy we gazyp alma senagaty esasy orun tutýar. Esasy gazma baýlyklary – almaz, altyn, platina, hromitler, demir magdany, marganes.

Bu sebitde eksport çig mal häsiýete eýedir. Eksportyň esasy düzümini gazyp alýan senagatyň we oba hojalygynyň önümleri emele getirýär. Sebitiň ösýän döwletleriniň daşary söwdasynda GAR aýgytly orun eýeleýär.

### Günorta Afrika Respublikasy

Günorta Afrika Respublikasy (GAR) ösen döwletleriň toparyna girýän Afrikanyň ýeke-täk döwletidir. GAR daş-töweregini daglar gurşap alan we kenar sebitlerinde inçe düzlük bolan giň platony eýeleýär. Ýurduň meýdany – 1,291 müň km$^2$. Klimaty – subtropiki häsiýetli.

Ýurduň ilaty 53,7 mln adam. Her ýylda ilatyň sany, esasan, tebigy artyşyň hasabyna 1,0% artýar. GAR-a goňşy Afrika ýurtlaryndan işçi güýjüniň uly akymy gelýär.

Ilatyň etniki düzüminde – afrikalylar (ilatyň 75,2%-i), akýagyzlylar (13,6%), metisler (8,6%), induslar (2,6%) tapawutlanýarlar. Garaýagyz ilaty esasan Ekwatorial Afrikanyň beýleki ýurtlaryndan göçüp gelenler döredýär. Dini düzümi-hristianlar (78%), musulmanlar (2%), buddistler (1,5%) we ýerli dini adatlara uýýanlar (28,5%).

*37-nji tablisa*

**Günorta Afrika ýurtlary boýunça statistiki maglumatlar, 2014 ý.**

| Döwletler | Meýdany, müň $km^2$ | Ilaty, mln adam | Ilatyň tebigy artyşy,% | Ömrüň ortaça dowamlylygy, ýyl | | Iýmitiň sarp edilişi kkal/gije-gündiz | Jemi içerki önüm | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Erkekler | Aýallar | | Umumy, mlrd dollar | 1 adam başyna, doll |
| Botswana | 581,7 | 2,0 | 0,7 | 39 | 40 | 2288,0 | 31,0 | 15500 |
| Lesoto | 30,4 | 1,9 | 0,9 | 50 | 52 | 2300,0 | 6,3 | 3320 |
| Namibiýa | 825,1 | 2,3 | 2,2 | 44 | 41 | 2095,6 | 22,1 | 9590 |
| Swazilend | 17,4 | 1,3 | 1,6 | 40 | 41 | 2698,2 | 8,1 | 6220 |
| GAR | 1221,0 | 53,7 | 1,0 | 50 | 52 | 2805,4 | 657,3 | 12240 |

**Çeşme:** Горохов С.А., Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013; 2014 WORLD POPULATION Data Sheet; INTERNET maglumatlary.

Ýurduň 3 paýtagty bar. Pretoriýa (1 mln adam) – dolandyryş merkezi, Keýptaun (3,8 mln adam) – kanunçylyk we Blumfonteýn (300 müň adam) – sud-hukuk merkezidir. Beýleki şäherleri – Ýohannesburg (4,4 mln adam), Durban (3,7 mln adam), Soueto (1,9 mln adam). Döwlet gurluşy boýunça GAR parlament Respublikasydyr. Ol federatiw döwlet bolup, dolandyryş-çäk taýdan 9 prowinsiýa bölünýär.

**Hojalygy.** Hökümýet işjeň daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek ugruna ýykgyn edýär. Ilatyň 30%-i oba hojalykda, 25%-i senagatda, 45%-i hyzmatlar ulgamynda meşgullanýar. Hojalygynyň ösüşinde gazyp alma senagaty esasy daýanç pudagy bolup durýar.

GAR gazma baýlyklaryň ummasyz gorlaryna eýedir. Onuň çäginde hrom magdanlarynyň dünýä ätiýajynyň 58%-i, platina toparynyň magdanlarynyň 82%-i, altynyň 53%-i, wanadiniň – 50%-i, marganes magdanlarynyň 80%-i, almazyň 40%-i we başga-da köp gymmatly tebigy baýlyklaryň gorlary bar. Şeýle uly çig mal mümkinçilikleri gazyp alma senagatynyň ýokary derejede ösmegine itergi berdi. Onuň iňňän möhüm pudagy – altyn gazyp almak. GAR gymmatly almaz gazyp almak boýunça dünýäde birinji orunda durýar. Bu ýerde her ýylda

8 mln karat almaz gazylyp alynýar. Şeýle-de platinanyň, hromyň, daş kömrüň gazylyp alnyşy-da uludyr.

Ekwatorial Afrika ýurtlaryndan tapawutlylykda, GAR-yň işläp bejerýän senagaty işleýänleriň sany boýunça (16%), şeýle-de JIÖ-niň düzüminde hem ykdysadyýetiň esasy ugry bolup durýar. Onuň baş pudaklary himiýa, azyk senagaty, maşyn-gurluşygy we metallurgiýadyr, elektroenergetika hem ösendir.

GAR Afrikadaky elektrik energiýasynyň ýarysyny öndürýär. Ýurtda dünýäde iň kuwwatly ýylylyk elektrik stansiýalary hereket edýär. Ähli elektrik stansiýalaryň 85%-i kömürde işleýär. Elektrik energiýasynyň galan bölegi Kubergdäki ýeke-täk atom elektrik stansiýasynda işlenilýär.

GAR Afrikada gara we reňkli metallurgiýanyň öňdebaryjysy hasaplanýar. Bu ýerde polat, dürli reňkli metallar, esasan-da, mis köp eredilýär. Pudagyň esasy merkezleri – Pretoriýa, Fanderbeýlpark, Nýukasl, Okip we Phalaborwa. Ýurduň ykdysadyýetiniň möhüm pudagy maşyn-gurluşygydyr. Onuň pudaklarynyň arasynda magdan-şahta enjamlaryny (Ýohannesburg), awtomobil ýygnamak (Strandeýl we Uiteneýdž), demirýol (Ýohannesburg), gämi gurluşygy (Durban), pribor gurluşygy, (Pretoriýa we Keýptaun) ýaraglaryň hem-de harby tehniklaryň önümçiligi tapawutlanýar. Himiýa senagatynda mineral dökünleri (Ýohannesburg we Pretoriýa), nebiti gaýtadan işlemek, (Durbon we Keýptaun) kömür-himiýa (Sasolburg) pudaklary ösendir. GAR kömürden suwuk ýangyç alýan köp bolmadyk döwletleriň biridir. Ýeňil senagatynyň esasy merkezleri Ýohannesburg, Pretoriýa, Durbon we Keýptaun. Azyk senagatynyň dürli pudaklary hem ösdürilýär. Gant, balyk, konserwa we çakyr senagaty eksport ähmiýetlidir.

GAR-yň ösen oba hojalygy bardyr. Amatsyz tebigy şertlere (esasan suw ýetmezçiligi) garamazdan, ýurt özüni ähli esasy azyk önümleri (şalydan, çaýdan, kofeden we kakaodan başg.) bilen üpjün edýär. Ekerançylykda esasy ekinler mekgejöwen, bugdaý, şekerçiňrigi, kartofel, temmäki, banan we sitruslardyr.

Maldarçylyk önümleri bütin oba hojalyk önümçiliginiň 40%-e golaýyny düzýär. Ol iri şahly mallaryň (et-süýt berýän), doňuzlaryň, goýunlaryň we geçileriň sanynyň ýokarylygy bilen tapawutlanýar.

Saharadan günortadaky Afrikada GAR azyk önümleri bilen üpjünçilikde balykçylygyň görnükli orun tutýan ýeke-täk döwletidir.

GAR dünýäde ulag ýollarynyň gür tory bilen tapawutlanýan ýurtlaryň biridir. Awtomobil ýollaryň uzynlygy 362 müň km, şonuň 73,6 müň km – ýokary derejedäki awtostradalardyr. Demir ýollaryň umumy uzynlygy 20047 km, onuň ýarysy elektrikleşdirilendir.

GAR-yň beýleki söwda hyzmatdaşlaryndan territorial üzňeligine baglylykda, onuň daşary ykdysady gatnaşyklarynda esasy orun deňiz we howa ulagyna degişlidir. Ýurduň 7 deňiz gämi duralgalaryndan üçüsi – Keýptaun, Durban we Port-Elizabet uly okean gämilerini kabul etmäge ukyplydyr.

Esasy söwda hyzmatdaşlary – Germaniýa, ABŞ, Beýik Britaniýa, Saud Arabystany, Ýaponiýa, Hytaý, Eýran.

# IX bap
# Awstraliýa we Okeaniýa ýurtlary

## 9.1. Awstraliýa Soýuzy

Awstraliýa (Awstraliýa Soýuzy) – tutuş materigi eýeleýän dünýäde ýeke-täk döwlet. Meýdanynyň ululygy (7,7 mln km$^2$) boýunça dünýädäki uly döwletleriň hataryna girýär, ýöne ilatynyň sany (23,5 mln adam) boýunça uly bolmadyk döwletlere degişlidir.

**Geografik ýerleşişi we tebigy baýlyklary.** Awstraliýa Soýuzynyň ýa-da Awstraliýa döwletiniň düzümine Awstraliýa materigi, Tasmaniýa uly adasy, şeýle-de oňa ýanaşýan kiçi adalar girýär. Bu döwletiň geografik ýerleşişiniň häsiýetli aýratynlygy – beýleki kontinentlerden we esasy dünýä döwletlerinden has uzakda ýerleşmegidir. Awstraliýa – bu ykdysady taýdan ösen döwlet.

Ilatynyň sanynyň az bolmagyna garamazdan, uly meýdany tutýar. Esasan tropiki etrabynda ýerleşýän Awstraliýanyň tebigy keşbi köp derejede täsindir. Bu dünýäniň iň tekiz kontinentidir (daglar ýurduň bary-ýogy 5% meýdanyny tutýar). Ol klimatyň örän guraklygy (çöller onuň meýdanynyň 2/5 bölegini örtýärler), ýerüsti suwlaryna garyplygy bilen tapawutlanylýar. Hiç bir materik şunuň ýaly tebigy

akar suwsuz etraplara eýe däldir (onuň ýerüstüniň 60%-i). Belli bir derejede ýerüsti suwlaryň ýetmezçiliginiň öwezini artezian suwlary doldurýar. Häli-şindi bolýan gurakçylyklar, tozanly tupanlar, tokaý ýangynlary, howply çagbalar Awstraliýanyň ykdysadyýetine zyýan ýetirýär.

Şeýle-de bolsa, tebigy şertleri we baýlyklary ýurduň hojalygyny ösdürmek üçin amatly mümkinçilikler döredýär.

Awstraliýa mineral baýlyklara örän baýdyr. Bu ýerde boksitleriň dünýä gorunyň 1/3 bölegi jemlenendir. Onuň çäginde demir magdanlarynyň, reňkli metal magdanlarynyň, daş kömrüň hem uly gorlary bardyr. Soňky ýyllarda geljegi uly bolan nebit we tebigy gaz känleriniň (Kwinslend ştatynda we kenarýaka ýalpak zolakda) onlarçasy açyldy.

Awstraliýanyň ýer baýlyklary ummasyz uludyr. Ýöne suw ýetmezçiligi sebäpli onuň az bölegi ekerançylykda peýdalanylýar. Hasylly topraklar (gyzylymtyl-goňur, mele) ýurduň sähra etraplarynda ýaýrandyr. Tokaý landşaftlary ýurduň meýdanynyň bary-ýogy 5%-ini örtýär. Tokaýlaryň esasy bölegi günorta-gündogardaky daglyk sebitlerde ýerleşýär.

**Ilaty.** Daş-töweregini Aziýa we Okeaniýa halklarynyň gurşap alýandygyna garamazdan, Awstraliýanyň ilatynyň 97%-den gowragyny iňlis-awstraliýalylar düzýär. Ýewropanyň beýleki ýurtlaryndan gelip çykanlar hem köpdür. Ýerli ilatyň (aborigenler) sany 160 müň adama barabar. Olaryň aglaba köplügi has gurak klimatly ştatlarda (Kwinslend, Günbatar Awstraliýa) ýaşaýarlar. Bu geçmişde «Akýagyz Awstraliýanyň» işjeň geçiren syýasatynyň netijesidir.

Awstraliýa has seýrek ilatlaşan materik bolmagyna galýar (1 $km^2$ meýdana 3 adam düşýär). Şunlukda, ýurduň ilatynyň 85%-i deňizden 80 km uzak bolmadyk aralykda ýaşaýar. Ilatyň 60%-den gowragy ýurduň günorta, günorta-gündogar böleginde (ykdysady taýdan has ösen Täze Günorta Uels we Wiktoriýa ştatlarynda) ýaşaýar.

Awstraliýa dünýäniň ýokary derejede şäherleşen (urbanizirlenen) döwletleriniň biridir: şäherlerde ilatyň 88%-i ýaşaýar. Şeýlelikde, Awstraliýalylaryň her 5-sinden 2-si ýurduň uly şäherleri bolan Sidneýde ýa-da Melburnda jemlenendir.

Awstraliýa Soýuzy-Britan Dostlaşygynyň düzümindäki fedaratiw döwlet, 6 ştatdan we iki federal territoriýada durýar. Paýtagty–Kanberra.

Formal taýdan Awstraliýanyň baştutany iňlis patyşasy hasaplanýar. Hakykat ýüzünde ol özbaşdak döwletdir.

**Hojalygy.** Ykdysady görkezijileriň köpüsi boýunça (öňi bilen jemi içerki önümiň göwrümi we onuň ilatyň jan başyna düşýän möçberi) Awstraliýa dünýäniň has ösen ýurtlarynyň hataryna girýär. Onuň ykdysadyýetiniň çalt ösmegine:1) daganyk meýdan-çäkleriň bitewi döwlete birleşdirilmegi; 2) daşary ýurt maýa goýumlarynyň uly akymynyň gelmegi (iňlisler bu ýere bazar gatnaşyklaryny, durmuş endiklerini, däp-dessurlaryny, işçi güýjüni göçürip getirdiler); 3) ilatyň sany az bolsa-da, ýer baýlyklarynyň uly möçberiniň bolmagy; 4) uly möçberdäki we köpdürli mineral çig mal baýlyklary; 5) ýurtda durmuş asudalygynyň üpjün edilmegi we ş.m. ýardam etdi.

Awstraliýanyň ykdysadyýetinde daşary ýurt maýa goýumlary örän uly orny eýeleýär. Şunlukda daşary ýurt maýa goýumlarynyň uly bölegi (70% töweregi) Beýik Britaniýa we ABŞ degişlidir. Bu babatda soňky ýyllarda Ýaponiýanyň we Germaniýanyň işjeňligi artýar.

Awstraliýanyň ykdysadyýetiniň pudaklaýyn düzümi, umuman, dünýäniň ösen döwletleri üçin häsiýetlidir. Şonuň bilen birlikde, bu ýerde gazyp alma we oba hojalyk çig malyny gaýtadan işleýän pudaklaryň ähmiýeti uludyr.

Soňky döwürde industrializasiýanyň ösýändigine we şoňa baglylykda hojalygyň gurluşynyň düýpgöter özgerýändigine garamazdan, Awstraliýa häzir hem köp derejede çig maly eksport etmek ugryna ýöriteleşýär. Şunlukda, eksportyň düzüminde dag-magdan senagatynyň we oba hojalygynyň önümleri agdyklyk edýär. Ýöne Awstraliýanyň ykdysadýetiniň bu «hojalyk keşbi» yzagalaklygyň alamaty däldir.

Hojalygyň iň köne pudaklarynyň biri bolan dag-magdan senagaty – (öz wagtynda altyn gazyp almak ýurduň kolonizasiýalaşdyrylmagyna itergi beripdi) – häzir «ikinji ýaşlygyny» başdan geçirýär. Mineral baýlyklaryň köp görnüşleriniň (demir magdany, kömür, boksitler, rutil, sirkoniý we başg.) gazylyp alnyşy we eksporty boýunça bu

döwlet dünýäniň öňdebaryjylarynyň hataryna girýär. Awstraliýanyň dag-magdan senagatynyň özboluşly paýtagty ýurduň Günorta-Gündogarynda ýerleşýän Broken-Hill şäheri hasaplanýar. Şäher özüniň polimetal we demir magdan senagaty bilen şöhratlanýar. Soňky ýyllarda ýurduň Demirgazyk we Günbatar sebitleri mineral çig maly gazylyp alynýan täze etraplaryna öwrüldi.

Dag-magdan senagatyndan tapawutlylykda, işläp bejerýän senagatyň pudaklary (metallurgiýa we azyk senagatyndan başgasy) esasan, içerki bazara niýetlenip işleýär. Şunlukda, Awstraliýa bu pudaklarda önümçilik kuwwatlyklarynyň möçberi, kärhanalaryň tehniki enjamlaşdyrylyşy we ş.m. boýunça öňdebaryjy industrial döwletlerden az-kem yza galýar. Gara we reňkli metallurgiýanyň esasy merkezleri – Nýukasal we Port-Piri şäherleridir. Maşyn-gurluşygy diňe Ikinji jahan urşundan soňky döwürde uly ösüşe eýe boldy. Awtomobilleri, oba hojalyk maşynlaryny, elektrik enjamlaryny, radioelektronika önümlerini öndürmek uly möçberlere ýetdi. Bu pudagyň kärhanalary, esasan, öňdebaryjy senagat merkezleriniň – Sidneýiň, Melburnyň, Adelaidanyň, Brisbeniň şäher eteklerinde ýerleşýär. Häzirki döwürde senagatda geçirilýän düzüm özgertmeleri iň häzirki zaman önümlerini goýberýän himiýa senagatynyň ösmegi üçin uly itergi boldy.

Awstraliýanyň senagatynyň özboluşly aýratynlygy köp derejede eksport üçin işleýän azyk senagatynyň (esasan-da, et senagatynyň) has ýokary derejede ösmegidir. Et önümlerini daşarky bazarlara çykarmak boýunça Awstraliýa dünýäde görnükli orun eýeleýär.

**Oba hojalygy.** Awstraliýanyň oba hojalygy ýokary önümliligi, köpugurlylygy, tehniki babatda gowy enjamlaşdyrylandygy, hakyna tutma zähmeti giňden peýdalanýandygy bilen tapawutlanýar. Oba hojalyk önümleriniň eksportynyň umumy gymmaty (möçberi) boýunça Awstraliýa diňe ABŞ-dan yza galýar. Ýöne şol önümleriň ilatyň jan başyna düşýän möçberi boýunça bolsa oňa dünýäde deňi-taýy ýokdur. Ýurt bugdaý, et, şeker, goýun ýüňüni daşary ýurtlara çykarýar. Dowarlaryň baş sany boýunça bolsa Awstraliýa dünýäde birinji orny eýeleýär.

Günbatar Ýewropa we Amerika bilen deňeşdirilende Awstraliýanyň oba hojalygynyň tapawutly aýratynlygy – öri meýdan




**17-nji surat.** Awstraliýanyň hojalygy

maldarçylygynyň has uly ähmiýete eýe bolmagydyr. Tebigy öri meýdanlary mallaryň iýmitlenmeginiň esasy çeşmesi bolup galýar. Bu ýerde maldarçylygyň has möhüm we özboluşly pudagy dowardarçylykdyr.

Baryp XIX asyryň ortalarynda Awstraliýa Beýik Britaniýa üçin ýüňi esasy iberijä öwrülipdi. Bu ýerde dowardarçylygyň ösmegine: britan ýeňil senagaty tarapyndan ýüňe bolan islegiň artmagy; bu ýere

getirilen merinos goýunlaryny köpeltmek üçin amatly tebigy şertleriň bolmagy; söwda önümi hökmünde ýüňüň we deriniň uzak aralyklara daşamaklygyň amatlylygy; pudagyň ekstensiwligi, ýagny ozal hem ýetmezçilik edýän işçi güýjüni köp talap etmeýänligi we başga sebäpler ýardam etdi.

Dowarlaryň ýarysyna golaýy häzirki gün Günorta-Gündogar ştatlarda (Täze Günorta Uels we Wiktoriýa) jemlenendir. Ýurduň içerki etraplaryndaky dowardarçylyk fermalary maldarçylyk stansiýalary (şipsteýşn) diýlip atlandyrylýar. Şeýle stansiýalarda öri meýdanyny simler arkaly suwa ýakylýan çeşmeleri, ätiýaçlyk gury oty bolan ýer böleklerine (paddoklara) bölýärler.

Ekerançylygyň öňdebaryjy pudagy däneli ekinleri, öňi bilen bugdaýy ösdürip ýetişdirmekdir. Esasy galla mekany – ýurduň günorta-gündogarynda ýerleşýän Awstraliýa Alplarynyň dag etekleri we günorta-günbatar kenarýaka etraplarydyr.

Awstraliýanyň ýyly klimaty ösümlikleriň subtropik we tropik görnüşleriniň köpüsini ýetişdirmäge mümkinçilik berýär.

Ýurduň oba hojalygynyň käbir pudaklarynyň ekstensiw ösdürilmegi olaryň yzagalaklygynyň alamaty däldir. Awstraliýanyň şertlerinde hut öri meýdan maldarçylygynyň has uly girdeji getirýändigi ýerli ykdysatçylar tarapyndan hasaplanylandyr. Ondan başga-da, agrotehnikanyň käbir progressiw usullaryny peýdalanmak boýunça (bugdaýyň gurakçylyga çydamly sortlaryny çykarmak, artezian suwlaryny peýdalanmak we ş.m.). Awstraliýa dünýä oba hojalygynda öňdebaryjy orny eýeleýär.

**Ulaglar ulgamy.** Ýurduň az ilatlaşan uly meýdany we «pytraňňy» ykdysadyýeti üçin ulaglar ulgamy örän möhüm ähmiýete eýedir. Onuň ýük dolanyşygynda deňiz we demir ýol ulaglary, ýolagçy gatnatmakda bolsa – awtomobil ulagy has möhüm orny eýeleýär. Şunlukda, demir ýollarynyň we awtomobil ýollarynyň geçýän ugrunyň şekilleri geçmişdäki kolonizasiýanyň ugruny aýdyň görkezýär: olaryň gür tory ýurduň günorta-gündogarynda jemlenendir. Awstraliýanyň dünýäniň beýleki sebitlerinden has uzak aralykda ýerleşmegi howa ulagynyň aýratyn ähmiýete eýe bolmagyna getirýär. Ulagyň bu görnüşinde ýük we ýolagçy dolanyşygynyň jan başyna düşýän möçberi boýunça Awstraliýa dünýäde birinji orny eýeleýär.

*38-nji tablisa*

**Awstraliýa Soýuzy we Täze Zelandiýa boýunça statistiki maglumatlar, 2014 ý.**

| Döwletler | Meýdany, müň $km^2$ | Ilaty, mln adam | Ilatyň tebigy artyşy, % | Ömrüň ortaça dowamlylygy, ýyl | | Iýmitiň sarp edilişi kkal/gije-gündiz | Jemi içerki önüm | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Erkekler | Aýallar | | Umumy, mlrd dollar | 1 adam başyna, doll |
| Awstraliýa | 7692,0 | 23,5 | 0,7 | 77 | 82 | 3149,6 | 1532,4 | 42540 |
| Täze Zelandiýa | 270,5 | 4,3 | 1,7 | 76 | 81 | 3151,8 | 139,8 | 30750 |

**Çeşme:** Горохов С.А., Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013; 2014 WORLD POPULATION Data Sheet; INTERNET maglumatlary.

**Daşary ykdysady gatnaşyklary.** Awstraliýanyň esasy söwda hyzmatdaşlary Ýaponiýa (haryt dolanyşygynyň 1/4 bölegi we çig malyň eksportynyň ýarysy), ABŞ, ASEAN ýurtlary, Ýewropa Bileleşigi, Hytaý, Günorta Koreýa we Täze Zelandiýadyr.

Awstraliýanyň importynda taýýar önümler, maşynlar we enjamlar (20%-den gowrak), halkyň sarp edýän önümleri (15%), himiýa harytlary (10%), şeýle-de hyzmatlar (22%) agdyklyk edýär.

Ýurduň eksportynyň 40%-e golaýy daş kömre we magdan çig malyna, 30%-i oba hojalyk harytlaryna we 20%-e golaýy işläp bejerýän senagat önümlerine degişli. Awstraliýa daş kömri, boksitleri, demir magdanyny, almazy, gymmat bahaly daşlary, goýun etini we ýüňi eksport edýän dünýädäki iň uly döwletleriň biridir.

Ýurduň ykdysadyýetinde halkara syýahatçylygy barha möhüm orny eýeleýär. Soňky ýyllarda Awstraliýa her ýylda 3 mln-dan gowrak syýahatçy gelýär.

**Awstraliýanyň içerki aýratynlyklary.** Geçmişde Ýewropanyň hojalyk alamatlarynyň göçürilip getirilen ýurdy bolan Kanada ýaly, Awstraliýa üçin meýdanynyň özleşdiriliş we ykdysady ösüş derejesiniň uly meýdan-çäk aratapawutlary häsiýetlidir. Bu ýerde,

1) ýokary derejede ösen köne özleşdirilen etraplary; 2) täze özleşdirilýän etraplary; 3) gowşak özleşdirilen etraplary tapawutlandyrmak mümkin. Şeýle aratapawutlaryň bolmagy – diňe bir amatsyz tebigy şertleriň däl-de, eýsem, geçmişde hojalygynyň başga döwletiň (Beýik Britaniýa) täsiri astynda ýüze çykan ösüş aýratynlyklarynyň netijesidir. Ondan başga-da ýurduň tropiki demirgazygynyň gowşak ösmegi Günorta-Gündogar Aziýadan we Okeaniýadan göçüp gelýänleriň akymyny uzak wagtyň dowamynda çäklendiren immigrasiýa syýasaty bilen düşündirilýär.

Awstraliýanyň köne özleşdirilen esasy etraby ýurduň Günorta-Gündogaryndaky Täze Günorta Uels, Wiktoriýa we Günorta Awstraliýanyň olara ýanaşýan günorta-günbatar bölegidir. Onuň paýyna ýurduň meýdanynyň 20%-i düşýän-de bolsa, bu ýerde ilatyň 70%-i we işläp bejerýän senagatyň önümleriniň agramly bölegi düşýär. Bu ýerde ýurduň uly senagat, dolandyryş we medeni merkezleri – Sidneý we Melburn şäherleri ýerleşýär.

Täze özleşdirilýän etraplar (Günorta-Günbatar we Demirgazyk Awstraliýa) Ikinji jahan urşundan soňra mineral çig mal baýlyklaryny gazyp almak esasynda ösüşe eýe boldy. Ýurduň «öli ýüregi» diýlip atlandyrylýan Merkezi Awstraliýanyň çöllük etraplary entek gowşak özleşdirilendir.

Döwletiň paýtagty – Kanberra – beýleki şäherler (Sidneý, Melburn, Adelaida, Pert) bilen deňeşdirilende – seýilgäh meýdançasyny ýadyňa salýar. Ol ministrliklerIň, departamentleriň we ilçihanalaryň binalary bilen utgaşýan bir-iki gatly öýlerden – kottejlerden durýan, uly bolmadyk dolandyryş şäheridir.

## 9.2. Okeaniýa ýurtlary

Okeaniýa diýlip Ýuwaş okeanynyň merkezi we günorta böleklerindäki adalara aýdylýar. Okeaniýa ýurtlarynyň geografik ýerleşişiniň aýratynlygy dünýä hojalygynyň uly merkezlerinden üzňeligidir. Sebitde diňe iki sany uly döwleti – Papua Täze Gwineýany we Täze Zelandiýany tapawutlandyrmak mümkin, galan döwletleriň ählisi tutýan meýdany, ilatynyň sany boýunça kiçi, hatda kinniwanja döwletlere degişlidir.

*39-njy tablisa*

**Okeaniýa ýurtlary boýunça statistiki maglumatlar, 2014 ý.**

| Döwletler | Meýdany, müň $km^2$ | Ilaty, mln adam | Ilatyň tebigy artyşy, % | Ömrüň ortaça dowamlylygy, ýyl | | Iýmitiň sarp edilişi kkal/gije-gündiz | Jemi içerki önüm | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Erkekler | Aýallar | | Umumy, mlrd dollar | 1 adam başyna, doll |
| Wanuatu | 12,2 | 0,3 | 2,4 | 66 | 69 | 2765,6 | 0,9 | 2840 |
| Kiribati | 0,8 | 0,1 | 2,1 | 59 | 65 | - | 0,3 | 2780 |
| Nauru | 0,02 | 0,01 | 2,9 | 57 | 65 | - | 1 | - |
| Papua-Täze Gwineýa | 462,8 | 7,6 | 2,3 | 56 | 58 | 2185,9 | 18,5 | 2430 |
| Solomonow adasy | 28,4 | 0,6 | 2,6 | 67 | 68 | 2222,1 | 1,1 | 1810 |
| Samoa | 2,8 | 0,2 | 2,4 | 65 | 72 | - | 1,0 | 4840 |
| Tonga | 0,7 | 0,1 | 2,0 | 70 | 72 | - | 0,5 | 5450 |
| Tuwaly | 0,03 | 0,01 | 1,6 | 64 | 70 | - | 0,1 | 5990 |
| Fidži | 18,3 | 0,9 | 1,4 | 65 | 69 | 2933,6 | 6,8 | 7610 |

**Çeşme:** Горохов С.А., Роготень Н.Н. Общая экономическая, социальная и политическая география. Москва, ЮНИТИ, 2013; 2014 WORLD POPULATION Data Sheet; INTERNET maglumatlary.

Okeaniýa 26 meýdan-çäk degişli bolup, olaryň onusy garaşsyz döwletlerdir. Garaşsyz bolmadyk döwletleriň uly bölegi, umuman, ABŞ-nyň we beýleki döwletleriň kolonial eýeçiligine degişli.

Okeaniýa – bu Ýuwaş okeanynyň, esasan-da, onuň günorta-günbatar we merkezi böleklerindäki uly we kiçi adalaryň toplumydyr. Geografik nukdaýnazardan olary üç topara bölmek kabul edilendir: Melaneziýa (Täze Gwineýa, Täze Kaledoniýa, Täze Gibridler, Solomonow adasy, Fidži, Bismark arhipelagy), Polineziýa (Markiza adalary, Tuamotu, G/d we G/b Samoa, Tongo, Tuwalu, Täze Zelandiýa we başg.), Mikroneziýa (Marşall, Karolin, Marian adalary, Gilbert, Nauru adalary we başg.).

Okeaniýa geň galdyryjy tebigaty, özboluşly taryhy we medeniýeti bilen dünýäniň örän täsin sebitidir. Ýöne adalylaryň durmuşy köp derejede çylşyrymly we hemişe güýçli tupanlar, suw joşmalary we ş.m. bilen göreşde geçýär.

Adalary öwrenmekde N.N. Mikluho-Maklaýyň we I.F. Kruzenşteýiniň, Ý.F. Lisýanskiniň, W.M. Golowniniň, M.P. Lazeriwiň, O.Ýe. Kosebiň baştutanlygyndaky rus ekspedisiýalary uly goşant goşdylar.

Syýasy taýdan Okeaniýa häzirki günde 20-den gowrak özbaşdak döwletden we garaşly meýdan-çäklerden durýar. Şunlukda Polineziýanyň bir bölegi – Gawaý adalary ABŞ-nyň 50-nji ştatydyr. Okeaniýanyň beýleki böleklerinden Täze Zelandiýa hem düýpli tapawutlanýar, ol ýerde ilatyň 90% töweregi – Ýewropadan gelip çykanlardyr.

Okeaniýanyň adalary jyns alamatlary, dil we taryhy-medeni taýdan biri-birinden düýpli tapawutlanýan köpsanly halklar bilen ilatlaşandyr. Ilatyň takmynan ýarysy ýerli ýaşaýjylar, galany başga ýerlerden göçüp gelenler. Durmuş-ykdysady görkezijileriň köpüsi boýunça (sowatlylyk derejesi, adam ömrüniň ortaça dowamlylygy, ýokary hünärli lukmanlar bilen üpjünçilik we başg.). Okeaniýa ösýän döwletleriň köpüsinden, esasan-da, Afrika ýurtlaryndan has tapawutlanýar.

Adalylaryň uly bölegi – oba ýaşaýjylarydyr (Papua-Täze Gwineýada – 80%, Wanuatuda – 75% we ş.m.). Şonuň üçin harytlyk önümleriň (kokos hozy we olary guradyp alynýan önümler (kopra), kofe, kakao, hoşboý ysly we tagam beriji önümler) esasy bölegini oba hojalygynyň berýändigi tötänden däldir. Ol eksportyň esasy bölegini üpjün edýär. Käbir döwletlerde (Popua-Täze Gwineýada, Solomon adalarynda, Fidžide, Günbatar Samoada) agajyň gymmat bahaly görnüşlerini taýýarlamak we işläp bejermek geljegi uly pudak bolup durýar.

Mineral baýlyklar barada aýdylanda, olaryň gorlary boýunça iki döwlet – Popua-Täze Gwineýa, (mis magdany we altyn) Nauru (fosforitler) tapawutlanýar. Emma Nauruda fosforitleriň gorlary (ol ýurduň ilatynyň ýaşaýyş derejesiniň ýokary bolmagyny üpjün edýär) azaldy. Soňky onýyllyklarda Okeaniýada, esasan, awstraliýa firmalarynyň kömegi bilen işläp bejerýän senagatyň: ýeňil, azyk, agaç

21. Sargyt №2701

işläp bejerýän pudaklaryň kärhanalary guruldy. Olar içerki bazar üçin önüm öndürýärler.

Oba hojalyk önümçiligi ýa-da mineral çig maly çykarmak bu döwletlerde durmuş-ykdysady ösüş üçin zerur bolan walýuta almagyň esasy, kä halatlarda ýeke-täk çeşmesi bolup durýar. Oba hojalygynda ilatyň agramly bölegi işleýär. Okeaniýa döwletlerine kopranyň dünýä eksportynyň 10%-i, ananas ýygnamagyň 90%-i düşýär. Senagat diňe eksport ekinlerini, tokaý agaçlaryny ilkinji gaýtadan işlemek boýunça uly bolmadyk kärhanalardan hem-de gazma baýlyklaryny çykarmakdan ybarat. Okeaniýanyň ähli ýurtlarynda deňiz biologiki baýlyklarynyň ähmiýeti örän uludyr. Şol döwletleriniň deňiz ykdysady zonalarynyň umumy meýdany 12 mln km$^2$-dan geçýär. Balykçylyk hojalygy we halkara syýahatçylygy ösdürilýär. Eksport hojalygynyň esasy pudaklary halkara monopoliýalarynyň garamagynda bolýar. Şunlukda sebitiň ýiti sosial meselesi köpçülikleýin işsizlik bolup durýar.

Sebitiň adalaryny gurşap alýan deňiz we okean suwlary biologiki baýlyklara diýseň baýdyr. Deňiz düýbünde hem mineral baýlyklaryň uly gorlary bar. Bu bolsa, geljekde olaryň işjeň özleşdirilmek mümkinçiligini açýar. Okeaniýanyň örän uly rekrasion mümkinçilikleri bolsa, soňky ýyllarda işjeň peýdalanylýar (Fidži, Popua-Täze Gwineýa we başg.).

Dünýäniň ykdysady taýdan ösen merkezlerinden we biri-birinden üzňeligi ada döwletleriniň ykdysadyýetini ösdürmek üçin uly bökdenç bolup durýar. Durmuş-ykdysady ösüş derejesi boýunça Okeaniýa döwletleri biri-birinden düýpli tapawutlanýarlar. Bu babatda Täze Zelandiýa aýratyn orny eýeleýär.

Täze Zelandiýa ähli görkezijiler boýunça Okeaniýa sebitiniň iň uly döwletidir. Ol dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna girýär. Hojalygyň dürli pudaklaryny ösdürmek üçin tebigy şertleri amatlydyr. Ýurduň çäginde titan-magnetit çägeleriniň, tebigy gazyň, daş kömrüň, demir magdanynyň uly gorlary bar.

Ykdysadyýetiň esasy pudagy gazyp alma senagatydyr. Işläp bejerýän senagatda çig maly gaýtadan işlemek bilen baglanyşykly pudaklar (azyk, agaç işläp bejerýän, ýeňil senagaty) öňdebaryjy orny eýeleýär. Oba hojalygy dünýä ähmiýetine eýedir. Täze Zelandiýa mal

ýagyny, sygyr we goýun etini, ýüň öndürmek boýunça dünýäde görnükli orun eýeleýär. Her ýylda 1 mln t et we 200 müň t ýüň öndürilýär.

Täze Zelandiýa gury süýt, ýag, peýnir, et, ýüň, agaç we agaç önümlerini, dokma önümlerini eksport edýär. Onuň daşary söwdasynda Awstraliýa, ABŞ, Ýaponiýa görnükli orny eýeleýär. Ýurduň söwda dolanyşygynda Hytaýyň, Beýik Britaniýanyň we Günorta Koreýanyň orny hem uludyr.

III BÖLÜM

# UMUMADAMZAT (GLOBAL) MESELELERI

## 10.1. Dünýäde parahatçylygy saklamak, ekologik, demografiki meseleler

Adamzat XX asyryň ikinji ýarymynda «global» adyny alan, çalt ýitileşýän meseleler bilen ýüzbe-ýüz boldy. Global meseleler umumadamzat häsiýetine eýe bolup, ähli dünýäniň durmuş-ykdysady ösüşine örän uly täsirini ýetirýär. Olaryň ählisi adamzadyň häzirki zaman dünýäsiniň çylşyrymly şertlerinde ýaşamagy bilen baglanyşyklydyr. Global meseleler elmydama bolupdy, ýöne häzirki wagtda olaryň möçberi howp salyjy häsiýete eýe boldy.

Öz häsiýeti boýunça umumadamzat (global) meseleleri dürli-dürlüdir. Olaryň ählisi adamzadyň we onuň ýaşamagynyň geografiki bitewiligi ideýasy bilen içinden geçýär. Olara öňi bilen şu aşakdakylar degişlidir: 1) ýaragsyzlanmak we dünýäde parahatçylygy saklamak; 2) daşky gurşawyň hapalanmagy bilen baglanyşykly ekologiki meseleler; 3) ösýän döwletlerde ilatyň sanynyň çalt artmagy bilen baglanyşykly demografiki meseleler; 4) gowşak ösen ýurtlaryň aglabasynda millionlarça adamlara iýmit ýetmeýänligi bilen baglanyşykly azyk üpjünçilik meseleleri; 5) tebigy baýlyklaryň çäkliligi sebäpli ýüze çykýan energetiki we çig mal ýetmezçilik meseleleri; 6) öňki koloniýalaryň yzagalaklygyny ýeňip geçmek meseleleri; 7) biologik önümliliginiň azalmagy we hapalanmagy bilen baglanyşykly Dünýä okeanynyň meseleleri.

Ýöne global meseleler ýokarda sanalyp geçilenler bilen çäklenmeýär, hakykatda olaryň sany has köpdür. Kä halatlarda olara betbagtçylykly tebigy hadysalar, urbanizasiýanyň çendenaşa ösmegi, medeniýetiň we ruhy gymmatlyklaryň çökgünligi, häzirki zaman dünýäsinde demokratiýanyň ýetmezçiligi, maşgalada ýokary ahlaklylygyň ýitirilmegi, jenaýatçylygyň we halkara terrorçylygyň ýaýramagy, howply keselleriň (rak we SPID) ýaýramagy we beýleki meseleleri hem girizýärler.

Ol ýa-da beýleki global meseläniň adamzat ýaşaýşyna ýetirýän howpunyň derejesi birmeňzeş däldir. Ýöne häzirki wagtda olaryň barha ýitileşýänligi şübhesizdir. Şunlukda hiç bir döwlet, onuň nähili derejede ykdysady taýdan kuwwatlydygyna garamazdan, bu meseleler bilen özbaşdak göreşip bilmeýär. Diňe parahatçylyk şertlerinde, ähli döwletleriň özara ylalaşykly hereketi, diňe umumy özara garaşlylygyň we ilkinji orunda umumadamzat wezipeleriniň öňe sürülmegi halklara ertirki güne ynam döretmäge, durmuş-ykdysady betbagtçylyklaryň öňüni almaga, netijede bolsa tebigat bilen sazlaşykly ýaşamaga mümkinçilik berer.

**Dünýäde parahatçylygy saklamak.** Adamzadyň taryhyna harby dawalaryň tükeniksiz zynjyry hökmünde garamak bolar. Diňe geçen XX asyrda kiçi ýa-da ýerli ähmiýetli uruşlaryň, ýagny sebit dawalarynyň 200-den gowragy bolup geçdi.

Sebit dawalarynyň kartasy örän giňdir. Häzirki wagtda «gyzgyn nokatlaryň» köpüsi Afrikada, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýada, Ýakyn Gündogarda jemlenendir. Owganystandaky, Yrakdaky, Siriýadaky, Ýemendäki, Tropiki Afrika ýurtlaryndaky gan döküşikli dawalar köp ýyllardan bäri dowam edýär.

Sebitleýin dawalar diňe bir tükeniksiz adam pidalaryna getirmeýär. Olar garyplyk we açlyk meselelerini çözmek, bilimi we saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmek üçin peýdalanyp boljak örän uly maddy baýlyklary özüne siňdirýär.

Dünýäde şu günkisi ýaly hiç mahal şeýle köp ölüm getirýän ýaraglar toplanmandy: planetanyň her bir ýaşaýjysyna düşýän partlaýjy maddalaryň mukdary ähli janly-jandary birnäçe gezek gyrmaga ýeterlikdir.

Ýaraglanmak her ýylda adamzatdan 1 trln dollar serişdäni talap edýär. Bu bolsa, Beýik Britaniýa ýaly uly döwletiň milli girdejisine barabardyr. Dünýä döwletleriniň goşunlarynda öndürijilikli zähmetden aýrylan 25 mln adam meşgullanýar. Bu bolsa GFR ýaly döwletiň ähli ykdysady işjeň ilatyna deňdir. Bularyň ählisi beýleki global meseleleri çözmegiň mümkinçiliklerini peseldýär.

**Ekologik meseleler.** Ekologiki meseleler – jemgyýet we tebigatyň özara gatnaşygynyň, daşky gurşawyň saklanyp galmagynyň meseleleridir. Müňýyllyklaryň dowamynda adam öz tehniki müm-

kinçiliklerini hemişe artdyryp, biologiki deňagramlylygy goldamak zerurlygyny ýatdan çykaryp, tebigata gatyşmagyny güýçlendirdi.

Daşky gurşawa antropogen agram salmak, esasan-da, XX asyryň ikinji ýarymynda has artdy. Biziň planetamyzda ilatyň sanynyň üzül-kesil artmagy, senagat önümçiliginiň ösmegi we urbanizasiýanyň çaltlanmagy netijesinde hemme ýerlerde hojalyk taýdan agramyň ekologiki ulgamlaryň öz-özüni arassalamak we täzelemek ukybyndan ýokary geçip başlady. Şeýlelikde, jemgyýet we tebigatyň arasyndaky özara gatnaşyklarda hil taýdan uly özgeriş bolup geçdi. Şonuň netijesinde biosferada maddalaryň tebigy aýlanyşygy bozuldy, adamlaryň häzirki we geljekki nesilleriniň saglygy howp astyna düşdi.

Häzirki wagtda ekologiki meseleler diňe bir ýitileşmän, eýsem, köptaraplydyr. Ol maddy önümçiligiň ähli pudaklarynda ýüze çykýar we planetanyň ähli sebitlerine mahsusdyr.

Biziň daşymyzy gurşap alýan tebigatdaky deňagramlylyk bozulýar. Tokaýlaryň ýok edilmegi howply möçberlere ýetdi. Her ýylda Ýeriň ýüzünden tropiki tokaýlaryň 11 mln gektary ýok bolýar. Tropiki tokaýlaryň iki esasy dünýä giňişlikleriniň – Amazoniýanyň we Günorta-Gündogar Aziýanyň tokaýlarynyň çalt ýok edilmegi bolup geçýär. Bu sebitlerde tokaýlar öri meýdanlaryny giňeltmek, şeýle-de sellýuloza – kagyz önümçiligini ösdürmek, gymmatly agaçlary eksport etmek maksady bilen köpçülikleýin çapylýar. Bularyň hemmesi tropiki tokaýlaryň ummasyz genefondynyň ýok bolmagyna, uly etraplaryň suw düzgüniniň bozulmagyna, olaryň «planetanyň öýkeni» hökmünde ornunyň peselmegine alyp barýar. Aram giňişlikleriň tokaýlary-da işjeň ýagdaýda çapylýar.

Bu mesele bilen utgaşykly ýagdaýda çölleşme hadysasy hem bolup geçýär. Ol her ýylda oba hojalyk önümçiliginde 6 mln ga töweregi ýerleri aýlanyşykdan aýyrýar. Çölleşme hadysasy, esasan-da, Saharanyň we sawannalaryň galtaşýan çäklerinde ýerleşýän Afrikanyň Sahel ýurtlarynda güýçli ýüze çykýar. Onuň esasy sebäbi Afrikanyň tropikleri şertlerinde topragy peýdalanmagyň ýalňyş we yzagalak (ekstensiw) usullarynyň netijesidir. Şeýle hem mallary artykmaç bakmak we onsyz hem ösümlige garyp meýdanlaryň ösümligini odun taýýarlamak maksady bilen ýok edilmegi, öz zyýanly täsirini ýetirýär. Sahel gurakçylyklary afrikalylaryň millionlarçasynyň açlyk çekmegine sebäp bolýar.

Dünýäniň köp döwletleri suw baýlyk üpjünçiligi ýaly uly meselelere sezewar bolýarlar. Ol diňe bir suwuň mukdar taýdan ýetmezçiligi däl-de, eýsem, arassa agyz suwunyň gytçylygy bolup durýar. Her ýylda suw çeşmelerine arassalanmadyk hapa suwlaryň ummasyz mukdary gelip düşýär. Dünýäniň has hapalanan derýalarynyň we kölleriniň arasynda Dunaý, Reýn, Sena, Missisipi, Wolga, Dnepr, Ladoga köli, Balhaş we başgalar tapawutlanýarlar.

Planetanyň her bir ýaşaýjysyna her ýylda 20 t golaý mineral çig maly gazylyp alynýar. Onuň 97-98%-i galyndy görnüşinde soňra topraga, suwa, howa düşýär. Daşky gurşawa düşýän galyndylaryň we hapalaýjy maddalaryň massasy takmynan 40 mlrd t ýetdi. Daşky gurşawyň hapalanmagy adamlaryň ömrüni we saglygyny, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň ýaşamagyny howp astyna salýar. Meselem, kükürdiň ikili okisi we azodyň okisi bilen hapalanmak topragy we suw örtügini zäherleýän, tokaýlary ýok edýän kislotaly ýagyşlar ýaly hadysalaryň ýüze çykmagyna getirýär. Olar diňe ABŞ-da we Günbatar Ýewropada 30 mln ga tokaýlaryň ýok bolmagyna getirdi.

Atmosferada saklanýan uglerodyň ikili okisi ýeri aşa gyzmaklykdan saklap, adamyň, ösümligiň we haýwanlaryň durmuşynda uly orun oýnaýar. Ýöne adamyň hojalyk işi – öňi bilen ýangyjyň ägirt uly möçberiniň ýakylmagy – tebigatda $CO_2$ deňagramlylygyny bozdy. Bu alymlaryň köpüsiniň pikirine görä, parnik effekti diýlip atlandyrylýan hadysanyň – klimatyň görnetin ýylamagy, buzluklaryň eremegi, Dünýä ummanynyň suwunyň derejesiniň galmagy ýaly hakyky howpyň döremegine getirýär.

Soňky ýyllarda ýene-de bir ekologiki howp – stratosferanyň ozon gatlagynyň dargamagy ýüze çykdy. Ol, esasan-da, Antarktidanyň asmanynda («ozon deşigi» diýlip atlandyrylýan) has aýdyň ýüze çykdy. Ozonyň ýokarlandyrylan düzümi bilen tapawutlanýan bu gatlak ýeriň üstüni Günüň artykmaç ultramelewşe şöhlelenmesinden goraýar. Ozon gatlagynyň dargamagynyň sebäbi – sowadyjy enjamlarda aerozollar görnüşinde freonlaryň (ftorhloruglewodorodlar) önümçiliginiň we peýdalanylyşynyň görnetin artmagydyr. Emma alymlaryň bir bölegi freonlaryň ozon gatlagyna täsirine ynandyryjy delil ýokdugyny we bu ýerde gep maddalaryň aerozol dargadyjy işinde däl-de, eýsem, atmosferada bolup geçýän hadysalarda diýip hasap edýärler.

Häzirki zamanyň ekologiki meselelere, şeýle hem uly şäherlerde adamlaryň durmuş şertleriniň ýaramazlaşmagyny, Dünýä ummanynyň hapalanmagyny goşmak bolar.

Şeýlelikde, daşky gurşawyň bozulmagynyň global netijeleri ähli döwletlere degişlidir, sebäbi ekologiki meseleler döwlet araçäklerini «aňşyrmaýar». Şonuň üçin olar diňe giň halkara hyzmatdaşlygy esasynda çözülip bilner. Bu ugurda hereket etmek bilen BMG halkara resminama – «Tebigaty goramagyň Bütindünýä strategiýasyny» kabul etdi.

**Demografiki meseleler.** Dünýäde häzirki ýüze çykýan demografik ýagdaýlar, esasan, hem ösýän döwletlerde ilatyň kadalaşdyrylmaýan, öz akymyna goýberilen ösüşi umumadamzat meselesi hökmünde häsiýetlendirilýär. Şonuň netijesinde ösýän döwletlerde: a) işlenip bejerilýän oba hojalyk ýerleriniň ilatyň jan başyna düşýän meýdany kem-kemden azalýar. Ekinlerden alynýan hasyl haýal artýar. Bu bolsa, azyk üpjünçilik meselesini ýitileşdirýär; b) durmuş-ykdysady taýdan gowşak ösen döwletlerde ýaşaýşy üpjün edýän ulgam ýaramazlaşýar. Bu döwletlerde energiýany sarp etmekde, kadaly sanitar-gigiýena şertlerini ýola goýmakda, ilatyň gündelik sarp edýän önümlerini öndürmekde we ş. m. yzagalaklyk dowam edýär; ç) meýdan-çäkler boýunça ilatyň gürlüginiň barha artmagy zerarly daşky gurşawyň zaýalanmagy (esasan-da, Hindistanda, Bangladeşde we beýleki gür ilatlaşan ýurtlarda) bolup geçýär; d) ykdysady taýdan ösen döwletlerde adamlaryň «garraşmak» hadysasy (ilatyň umumy sanynda garry adamlaryň paýynyň artmagy) sebäpli zyýanly netijeler ýüze çykýar; e) dürli sebäplere görä dünýäde syýasy durnuksyzlygyň (dartgynlylygyň) ösmegi dowam edýär.

Häzirki dowam edýän durmuş-ykdysady şertlerde bu meseleler diňe bir açlygyň we işsizligiň artmagyna getirmän, eýsem, tebigatyň dikeldip bolmajak ýagdaýda hapalanmak howpunyň artmagyna, uly şäherlerde adamlaryň çendenaşa köp toplanmagyna we şoňa baglylykda dürli durmuş oňaýsyzlyklarynyň, işsizligiň, neşekeşligiň, jenaýatçylygyň ösmegine eltýär, adam ahlagynyň pese gaçmagyna getirýär. Dünýäniň dürli sebitlerinde häli-şinde ýüze çykýan tebigy betbagtçylyklar (gurakçylyk, suw joşmasy we ş. m.) sebäpli iýmit ýetmezçiligi, ýaramaz sanitariýa şertler we çendenaşa gür ilatlaşmak

ýagdaýlarynda açlygyň we ýokanç keselleriň ýaýramagyndan adamlara köpçülikleýin gyrylmak howpy abanýar.

BMG-niň çaklama hasaplamalaryna görä 2050-nji ýylda dünýäniň ilaty 9,3 mlrd adama ýeter. Şunlukda ilatyň çalt artmagy ösen döwletlerde däl-de, ösýän döwletlerde dowam edýär.

Ýer şary onlarça mlrd adamy azyk bilen üpjün etmäge ukyply. Muňa garamazdan biziň günlerimizde dünýäniň ilatynyň 1/6 bölegi iýmit ýetmezçiligine sezewar bolýar. Ylmyň we tehnikanyň häzirki ösen döwründe, iýmit ýetmezçiligi we öňi bilen ösýän döwletlerde beýleki ýüze çykan durmuş meseleleri alymlarda we hünärmenlerde ynjalyksyzlyk döredýär. Durmuş-ykdysady yzagalaklygy ýeňip geçmezden ilatyň sanynyň mundan beýläk-de çalt artmagy olarda garyplygyň has-da güýçlenmegine getirer. Ine, näme üçin häzirki zaman dünýäsinde demografiki ýagdaýlara edil ekologik, azyk üpjünçilik, energetik we beýleki meselelere garalşy ýaly, çynlakaý çemeleşmek talap edilýär.

Ykdysady taýdan ösen ýurtlar barada aýdylanda bolsa, olaryň esasy böleginde ilatyň ösüş bady has hem haýallady. Olaryň käbirlerinde bolsa (GFR, Awstriýa, Beýik Britaniýa, Bolgariýa we başg.) tebigy köpeliş eýýäm nola deňdir. Şeýlelikde, bu döwletlerde käbir demografiki kynçylyklar döreýär. Olaryň biri-de doglușyň derejesini ýokarlandyrmagyň zerurlygydyr.

Dünýäde häzirki zaman demografiki ýagdaýlaryň häsiýetli aýratynlyklarynyň biri soňky ýyllarda kolonializm zulumyndan boşan döwletleriň esasy böleginiň demografiki geçiş basgançagyna (fazasyna) düşmegidir. Demografiki geçiş diýlip ilatyň üznüksiz köpelişiniň täze progressiw (oňaýly) görnüşine, ýagny dogluşyň we ýogalyşyň (tebigy artyşyň) ýokary derejesinden pes derejesine geçilmegine düşünilýär.

Emma demografiki geçiş entek ýaş, garaşsyz döwletleriň hemmesinde başlanmady. Afrikanyň, Aziýanyň, Latyn Amerikasynyň köp ýurtlary bu hadysanyň çäginden daşarda galýarlar. Olarda ilatyň ortaça ýyllyk ösüşi entek ýokarydyr (25-30‰ töweregi). Bu ýurtlarda ilatyň arasynda täze demografiki syýasatyň geçirilmegine ýeterlik üns berilmeýär.

Ösýän döwletlerde ilatyň ösüş badyny peseltmäge gönükdirilen işjeň demografiki syýasaty geçirmegiň ýollary nähili?

Birinjiden, bu köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen täze demografiki syýasatyň maksatlaryny wagyz etmegi kämilleşdirmek. Ikinjiden, göwreliligiň öňüni alyş serişdelerini giňişleýin ýaýratmak we olaryň netijeliligini ýokarlandyrmak. Üçünjiden, ilatyň maddy-hal ýagdaýyny, ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak. Dördünjiden, ilatyň sowatlylyk derejesini ýokarlandyrmak zerurdyr.

Bu meseläniň oňaýly çözülmegi üçin bütin adamzat jemgyýeti uly alada edýär. Sebäbi her bir ýurduň ykdysadyýetiniň ösüşi we ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesi şol umumydünýä meselesiniň sebitleriň we döwletleriň çäginde dogry çözülmegine bagly bolup durýar. Bu ugurda dünýäniň döwletleriniň aglaba köpüsinde önjeýli işler alnyp barylýar. Halkara guramalary ilat meseleleriniň has ýitileşen sebitlerinde we aýry-aýry ýurtlarynda degişli işleri utgaşdyrmak babatda çäreleri geçirýärler.

Ilat ösüşiniň örän derwaýysdygyny göz öňünde tutup BMG 1994-nji ýylda Ilat we Ösüş meseleleri boýunça Halkara Kair (Ýegipet) maslahatyny geçirdi. Şol maslahatda dünýäniň 180-den gowrak döwleti, şol sanda Türkmenistan, geljekki 20 ýyl üçin Ilat we ykdysady Ösüş boýunça Hereketleriň Maksatnamasyny kabul etdiler. Şol Maksatnamada ösýän döwletlerde demografiki ösüşi kadalaşdyrmak üçin öňi bilen olaryň durmuş-ykdysady yzaglaklygyny ýeňip geçmek boýunça wezipeler goýulýar. Sebäbi diňe şol esasda ilat ösüşinde garaşylýan netijelere ýetmek mümkindir.

## 10.2. Umumadamzat meseleleriniň beýleki görnüşleri

**Azyk üpjünçilik meseleleri.** Bu mesele ilatyň köpelişiniň azyk önümleriniň öndürilmegi bilen deňeşdirilende öňe gidýän ösüşi netijesinde ýüze çykýar. Bu bolsa, 1) açlyk çekýänleriň, doly ýagdaýda iýmitlenmeýänleriň (esasan-da, Afrikada) sanynyň artmagyna; 2) oba hojalyk landşaftlaryna antropogen ýüküň (agramyň) artmagyna we ekerançylyk ýerleriniň azalmagyna; 3) uly medeni-taryhy sebitleriň çäginde ilatyň ruhy-fiziki ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna; 4) dünýäde dawa-jenjelleriň döremek mümkinçiliginiň artmagyna we ş.m. gürrüňsiz getirip biler.

Her ýylda planetanyň ilaty takmynan 85-90 mln adam artýar. Azyk önümleriniň öndürilmegini artdyrmagyň mümkinçilikleri bol-

sa çäkli bolmagyna galýar. Ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny oba hojalygyna ornaşdyrmagyň hasabyna soňky onýyllyklarda däne önümçiligini has artdyrmaga mümkinçilik berdi. Şeýlede bolsa, dänäniň öndürilişi entek ýeterlik däldir. Azyk gorlary (ätiýaçlyklary) barha kemelýär. Deňizleriň balyk gorlary azalýar.

Häzirki wagtda Dünýäde açlykdan we doýa garny doýmazlykdan 1 mlrd adam ejir çekýär. Şonuň üçin barha artýan ilaty hemişe azyk bilen üpjün etmek iň wajyp global meseleleriniň biri bolup durýar.

Azyk ýetmezçiliginden ejir çekýän ilatyň esasy böleginiň toplanan sebitleri dünýä kartasynda giň meýdan-çäkleri tutýar. Ol giň zolak bolup ekwatoryň iki tarapyndan hem Afrikanyň, Günorta-Gündogar Aziýanyň şeýle-de bölekleýin derejede Latyn Amerikasynyň ösýän döwletleriniň üstünden uzalyp gidýär.

Ösýän döwletlerde adatça haýsy hem bolsa bir azyklyk önümi agdyklyk edýär, bu bolsa iýmite birgörnüşlilik häsiýetini berýär. Meselem, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynda – şaly, Afrikanyň sawannalar zonasynda – jöwen, tokaýlar zonasynda – köki miweliler we ş.m.

Arassa ösümlik rasionyň organizmiň fiziologiki talaplaryny ödemeýänligini hasaba almak bilen, ösýän döwletleriniň ilatynyň 70%-e golaýy doly däl iýmitlenişe eýedir. Hut rasionyň düzümini deňeşdirmekde industrial taýdan ösen we ösýän döwletleriň arasynda uly aratapawutlar görünýär (maldarçylyk önümleriniň sarp edilişi ABŞ-da ösýän döwletlere garanyňda 5 esse ýokarydyr).

Azyk meselelerini çözmegiň ýollary nähili? Işlenip bejerilýän ýerleriň artdyrylmagy azyk ýetmezçiliginden çykmagyň ýoly bolup bilmez. Adam başyna hasaplanylanda ol dünýäde takmynan 0,25 ga barabardyr. Ösýän döwletlerde çölleşme, suwarymly etraplarda ýuwulma we şorlaşma zerarly topragyň hiliniň ýaramazlaşmagy ýagdaýynda bu görkeziji has hem azalýar – 0,2 ga. Käbir döwletlerde ekerançylyk üçin ýaramly boş (erkin) ýerleriň gorunyň (fondynyň) eýýäm 90%-den gowragy peýdalanylýar (Hindistan, Bangladeş).

Ösýän döwletleriň oba hojalygynyň ýokary göterilmegi – uzakmöhletleýin we toplumlaýyn wezipedir. Ol diňe daşyndan berilýän kömegiň hasabyna çözülip bilinmez we olaryň öz hususy güýçlerine daýanmaklary zerur. Onuň üçin: birinjiden, durmuş ulgamynda

we oba hojalygynda özgertmeleriň geçirilmegi, agrar gatnaşyklaryň eýýäm öz möwrütini ötüren feodal görnüşleriniň doly ýok edilmegi zerur; ikinjiden, oba hojalygynda ylmy-tehniki ösüşiň gazananlaryny ösýän döwletlere ornaşdyrmak; üçünjiden, suwarymly ýerleriň möçberini artdyrmak, oba hojalygynyň çaltlandyrylan ösüşini üpjün etmek zerurdyr.

Şeýle ýoluň hakykatdygyny Aziýa döwletleri subut edýär. Olarda soňky 20 ýylyň içinde ekin meýdanlary 1,4 esse dänäniň ýygnalyşy bolsa 3 esse artdy. Hindistan, Indoneziýa, Tailand öz-özüni däne bilen üpjün etmek derejesine ýetdiler. Bu ýurtlarda suwaryş ulgamlaryny kämilleşdirmegiň hasabyna ýylda üç hasyl ýygnaýarlar. Şaly bilen utgaşdyrylýan, çalt ýetişýän bugdaýyň özleşdirilmegi uly ähmiýete eýe boldy.

Häzirki zaman ylmy dünýäde azyk ätiýaçlyklarynyň artdyrylmagy üçin uly mümkinçiliklere eýedir. Bu: 1) ýerleriň hasyllygyny ýokarlandyrmak (eger-de Günbatar Ýewropadaky bar bolan hasyllylyk derejesine ýetirilse, onda 10 mlrd-dan hem has köp adamy eklemek mümkin); 2) deňiz we okean suwlarynyň biologiki önümliligini ýokarlandyrmak; 3) organiki massalaryň fotosintezi üçin gün energiýasyny has netijeli peýdalanmak; 4) oba hojalyk ekinleriniň görnüş hilini gowulandyrmak we mallaryň has önümli tohumlaryny girizmek üçin genetikanyň we seleksiýanyň gazananlaryny giňişleýin peýdalanmak.

Şeýlelikde, dünýäde azyk üpjünçilik meselesi ýiti bolmagyna galýar. Ol azyk önümleriniň gytçylygynda we olaryň ýeterliksiz kaloriýalylygynda, witaminleriň we haýwanat gelip çykyşly beloklaryň ýetmezçiliginde ýüze çykýar. Azygyň öndürilýän we sarp edilýän esasy etraplarynyň we açlykdan ejir çekilýän etraplaryň arasynda düýpli tapawut bar. Bütindünýä azyk meselelerini çözmegiň has ygtybarly ýoly açlyk çekýän ýurtlaryň özlerinde – Aziýa, Afrika, Latyn Amerikasy ýurtlarynda azyk önümlerini öndürmegi artdyrmagy gazanmakdyr.

**Energetika we çig mal meseleleri.** Bu umumadamzat meselesi planetanyň möhüm organiki we mineral-çig mal baýlyklarynyň çäkliligi bilen baglanyşdyrylýar. Soňky ýyllarda peýdalanmaga elýeterli nebitiň we gazyň gorlarynyň gutarmagynyň mümkindigi,

beýleki möhüm baýlyklaryň: demir we mis magdanlarynyň, nikeliň, marganesiň, alýuminiň, hromyň we ş.m. azalýandygy baradaky howsalaly pikirler aýdylýar.

Dogrudan-da, baýlyklaryň doly tükenmegi barada entek aýtmak ir (gözleg işleriniň giňeldilmegine baglylykda käbir baýlyklaryň ýüze çykarylan gorlary artýar), ýöne bu ýüzleý ynjalmadyr. Häzirki wagtda bütindünýäde az gorly ýa-da barmasy kyn bolan çylşyrymly tebigy şertli etraplarda ýerleşýän çig mal çeşmelerine geçmek amala aşyrylýar. Bu bolsa, olary gazyp almagyň gymmatyny artdyrýar. Meselem, Dünýä ummanynyň şelf (ýalpak) böleginde buraw platformalaryny peýdalanmak esasynda nebiti çykarmak Ýakyn Gündogaryň baý nebit känlerinden has gymmat düşýär. Köp ýurtlarda nebit we gaz üçin burawlamak eýýäm 5-6 km çuňlukda geçirilýär. Baýlyklaryň azalmagy olary tygşytly ulanmak syýasatyny işläp düzmegi, ikinji gezek ulanylýan çig maly giňden peýdalanmaga mejbur edýär.

Şu gün dünýäniň energetika ulgamy energiýanyň dikeldip bolmaýan çeşmelerine-organiki we mineral ýangyçlaryna, şeýle hem derýalaryň energetiki mümkinçiliklerini peýdalanmaga we atom energiýasyna esaslanýar. Esasy energiýasaklaýjylar hökmünde nebit, gaz, kömür peýdalanylýar. Ýakyn geljekde energetikanyň ösüşi energiýagözleýjileriň gowy baglanyşygyny gözlemek, öňi bilen suwuk ýangyjyň paýyny azaltmaga geçmek bilen baglanyşyklydyr.

Adamzat şu gün geçiş döwrüne-çäkli bolan (nebit, gaz, kömür) organiki tebigy baýlyklara esaslanýan energetikadan, umuman, gutarmaýan energiýa çeşmelerini ulanmaga (ýadro energiýasy, gün radiýasiýasy, ýeriň ýylylygy we ş.m.) geçýär diýip aýtmak bolar. Şeýle hem bu döwür üçin, energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalary ösdürmek we adamyň hojalyk işiniň ähli ugurlarynda energiýany hemmetaraplaýyn tygşytlamak häsiýetlidir.

Düýäde atom energetikasy uly gerim bilen ösýär. Häzirki wagtda AES-ler 40 döwletde işleýär ýa-da gurulýar. Köp ýurtlarda olar elektroenergetikanyň uly çeşmesine öwrülýär.

Emma dünýäde atom energetikasyny ösdürmäge garşy çykyş edýän işjeň jemgyýetçilik hereketleri-de bar. AES-leri gurmaklygy gadagan etmekligi ündeýänleriň tarapdarlary delil hökmünde Ukrainadaky Çernobyl (öňki SSSR-de) şeýle-de Fukusima (Ýaponiýa)

atom elektrik stansiýasynda bolup geçen betbagytçylygy, şeýle-de atom elektrostansiýalaryň asyrlaryň dowamynda saklanmaly bolan galyndylaryny ýok etmek babatda entek çözülmedik meseleleri getirýärler. Şunlukda ýer yranmalary bolan ýagdaýynda radio işjeň galyndylar Ýer ýüzüne ýaýramaz ýaly, olary saklaýan desgalar (hranilişeler) geologiki nukdaýnazardan örän ygtybarly bolmalydyr.

Atom energetikasyny ösdürmegiň tarapdarlary bolsa, onuň energiýa almagyň häzirki beýleki usullaryna garanyňda ekologik taýdan has arassadygyny belleýärler. AES-ler atmosferany hapalamaýar, ýadro ýangyjynyň gorlary bolsa (nebitiň we gazyň gorlaryndan tapawutlylykda) has uludyr. Betbagytçylyklaryň bolmak mümkinçiligini aradan aýyrmak üçin diňe atom elektrostansiýalarynyň ygtybarlylygyny ýokarlandyrmak zerur.

Şu gün dünýäde energiýanyň alternatiw çeşmeleri diýlip atlandyrylýan çeşmelere uly umyt bildirilýär, olaryň artykmaçlygy energetiki baýlyklaryň dikelýänligidir. Meselem, Kaliforniýadaky (ABŞ) gün elektrikstansiýasy eýýäm beýlekilerden pes bolmadyk ykdysady görkezijilere eýedir. Gün energiýasyny peýdalanmagyň mümkinçilikleri Türkmenistan üçin örän uludyr. Döwletleriň käbirlerinde ýeliň güýjini peýdalanýan energoenjamlar, gaýtgyn we geotermal elektrostansiýalar (Italýada, Islandiýada, Täze Zelandiýada, Ýaponiýada, Russiýada) döredildi. Ýöne alternatiw çeşmeleriň esasynda energiýa üpjünçilik häzirlikçe kömür, nebit, gaz, atom energiýasy bilen deňeşdirilende gymmat düşýär. Şonuň üçin ýakyn geljekde olaryň energiýa üpjünçiligindäki orny pes bolmagyna galýar.

Häzirki wagtda-wodorodyň we termoýadro sinteziniň energiýasyny peýdalanmak wezipesi-de durýar.

Soňky ýyllarda ýitileşen energetika we çig mal meselesi dürli derejede dünýäniň ähli döwletlerine degişlidir. Olar bütindünýä häsiýetine eýe boldy. Dogrudan hem, olaryň ýüze çykmagynyň derejesi planeta boýunça energetika we çig mal baýlyklarynyň gorlarynyň ýerleşişine, şeýle-de döwletleriň industrial ösüş derejesine baglydyr.

Senagat taýdan ösen döwletleriň çig mala we energiýa bolan talaplary esasan ösýän ýurtlaryň hasabyna kanagatlandyrylýar. Meselem, Ýaponiýanyň nebiti, boksitleri, ýadro ýangyjyny daşyndan getirmäge garaşlylygy 100%-e ýetýär. Günbatar Ýewropa ýurtlary demir

magdanynyň, misiň we ş.m. esasy bölegini daşyndan getirýärler. Hatda beýlekilere garaňda çig mal we ýangyç bilen has gowy üpjün bolan ABŞ hem demir magdanynyň 35%-ini, boksitleriň 88%-ini, nebitiň 40%-e golaýyny başga ýurtlardan getirýär. Şunlukda bu döwletleriň «üçünji dünýä» döwletlerine energiýa we çig mal garaşlylygy artýar.

Köp ýurtlarda energiýany we çig maly tygşytlamak üçin uly tagallalar edilýär. Şu gün dünýäde peýdalanylýan metallaryň-alýuminiň, misiň, sinkiň, gurşunyň we galaýynyň-ähli peýdalanylýan möçberiniň 1/3 bölegi töweregi eýýäm galyndylardan we ikinji gezek peýdalanylýan çig mallardan alynýar. Käbir döwletlerde energiýany tygşytlamak we energiýanyň alternatiw çeşmelerini peýdalanmak boýunça döwlet maksatnamalary kabul edildi.

Şeýlelikde, baýlyklaryň çäkliligi, peýdaly gazma baýlyklaryň arzan gorlarynyň tükenýänligi adamzadyň öňünde çig maly we energiýany berk tygşytlamak, täze energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalary peýdalanmak zerurlygyny goýýar. Energetika we çig mal meselelerini çözmek üçin ähli döwletleriň tagallasy talap edilýär.

**Ösýän döwletleriň yzagalaklygyny ýeňip geçmek.** Bu meseläniň goýulmagy ösýän döwletleriň onlarçasynyň gözgyny ýagdaýy bilen baglanyşyklydyr: 1) ilatyň jan başyna düşýän girdejiniň örän pes bolmagy (kä halatlarda ýylda 1000 dollardan hem az); 2) bilim we saglygy goraýyş ulgamynyň has gowşak ösüş derejesi; 3) ilat üçin ýönekeý durmuş-ýaşaýyş hyzmatlarynyň bolmazlygy; 4) işläp bejerýän senagatyň gowşak ösenligi; 5) ösen döwletlere uly möçberde maliýe karzlarynyň bolmagy we ş.m.

Adatça yzagalak ýurtlaryň toparyna öňi bilen Afrika döwletleri degişlidir. Bu ýerde has garyp diýlip atlandyrylýan ýurtlaryň köpüsi (Burkina-Faso, Mali, Çad, Uganda, Burundi, Mozambik, Sudan we başg.) ýerleşýär. Olarda ýaşaýyşyň derejesi garyplyk çäginden hem aşakdadyr.

Gowşak ösen ýurtlaryň yzagalaklygynyň umumylaşdyrylan görkezijisi bolup olaryň ilatynyň ömrüniň ortaça dowamlylygy hyzmat edýär. Eger-de ösen döwletlerde ol 80 ýaş töweregi bolýan bolsa, onda Owganystanda, Gwineýada, Efiopiýada – 42 ýaş we ş.m. Yzagalaklyk beýleki global meseleler – demografiki, azyk, ekologik, saglygy goraýyş we ş.m. bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Jan başyna düşýän girdejiniň derejesi boýunça köp ösýän döwletleriň we öňdebaryjy industrial ýurtlaryň arasyndaky tapawut örän ýokary (meselem, ABŞ we Efiopiýanyň arasynda ol takmynan 100:1). Şunlukda şol tapawut artýar. Günbataryň ösen döwletlerine garanyňda 3 esse köp ilaty bolan ýaş döwletler senagat önümini 6 esse az öndürýärler.

Durmuşyň ähli ugurlarynda örän uly tapawutlar görünýär. Meselem, ylmy-tehniki ösüş döwründe «üçünji dünýäniň» 2 mlrd töweregi oba ilaty nahar taýýarlamak we jaýlary ýylatmak üçin oduny peýdalanýarlar. Bu bolsa, belli bolşy ýaly, tokaýlaryň çalt ýok edilmegine, ekologiki çökgünligiň ýitilişmegine getirýär.

Ösýän döwletleriň yzagalaklygynyň ýene-de bir delilnamasy ilatyň köpçülikleýin sowatsyzlygydyr. XXI asyryň başlarynda bu ýerde ýaşy 15 we ondan ulularyň her üçünjisi (1 mlrd töweregi adam) sowatsyz, olaryň aglaba köplügi bolsa aýal-gyzlardyr.

Häzirki dowam edýän zähmetiň halkara bölünişi ösýän döwletler üçin oňaýly däldir. Ýaş döwletleriň köpüsi ýyl-ýyldan çig malyň eksportyny artdyrmak bilen, ykdysady taýdan ösen döwletleriň çig mal ýapjasy bolmagyna galýar. Şunlukda çig malyň we ýangyjyň dünýä bazaryndaky bahasy yzygider peselýär, şol bir wagtyň özünde taýýar önümleriň bahasy bolsa ýokarlanýar. Şonuň bilen ugurdaş ýagdaýda ösýän döwletleriň ösen ýurtlara maliýe bergileri hem artýar.

Emma ösýän döwletleriň ählisi bergidar däldir. Diňe bir öz territoriýalary we tebigy baýlyklary boýunça däl-de, eýsem, durmuş-ykdysady ösüş derejesi, ilatyň jan başyna düşýän girdejiniň ululygy boýunça hem olaryň örän dürlüdigini siz bilýärsiňiz. Şonuň üçin Kuweýit, Saud Arabystany, BAE we ş.m. döwletler ösýän ýurtlar diýlip atlandyrylýandygyna garamazdan, indi «garyplyk guşaklygyna» girmeýärler. Ondan başgada, olar köplenç ýokary derejede ösen döwletlere karzlary (kredit) berýärler.

Ösýän döwletleriň durmuş-ykdysady yzagalaklygyny ýeňip geçmek, birnäçe nesilleriň ömri bilen ölçelýän, dowamly taryhy döwri talap eder.

Ýöne garyplykdan saplanmagyň birinji şerti ösýän döwletleriň özlerinde progressiw durmuş-ykdysady özgerişler, ylmy-tehniki ösüşiň gazananlaryny giňden peýdalanmak bolmalydygy gürrüňsizdir.

Şunlukda, ykdysady ösüş bilen birlikde durmuş we medeni ugurlarda hem özgerişler möhümdir.

Üçünji dünýä döwletleriniň yzagalaklygyny ýeňip geçmeginiň ygtybarly şertleriniň biri-de dünýäde harby çykdajylaryň kemeldilmegi we tygşytlanan serişdeleriň şu döwletleriň halklaryna kömek hökmünde berilmegi bolup biler.

Şeýlelikde, planetanyň ilatynyň ýarysyndan gowragyny özünde jemleýän ösýän döwletleriň yzagalaklygyny ýeňip geçmek wezipesi bütindünýä häsiýetine eýedir. Sebäbi ony diňe dünýä bileleşiginiň işjeň gatnaşmagynda çözüp bolýar. Ösýän döwletlerdäki häzirki ýagdaý dünýä möçberindäki durmuş-ykdysady partlaýyş howpuny döredýär we beýleki global meseleleriniň ýitileşmegine getirýär.

**Dünýä okeanynyň meseleleri.** Dünýä okeanynyň tebigatdaky ähli janly organizmler üçin ähmiýeti örän uludyr. Hut okeanda ýaşaýyş emele gelipdir. Ol onuň soňky ösüşini özüniň temperaturanyň kadalaşdyryjysy we kislorody öndürijisi hökmünde üpjün edýär. Dünýä okeanynyň mineral we biologik baýlyklaryny peýdalanmak gerimi hem artýar.

Umuman, deňiz hojalygy dünýä hojalygynyň beýleki pudaklaryna garanyňda soňrak ýüze çykdy. Deňizde balykçylyk we awçylyk, suwotylary ýygmak we adamzat ýaşaýşynyň ilkinji günlerinden başlap näme bilen meşgullanan bolsa hem, ol entek deňiz hojalygy bolmandyr.

Tehnikanyň we tehnologiýanyň gülläp ösmegi, zähmetiň meýdan-çäk bölünişiniň geriminiň giňelmegi, bularyň hemmesi Okeanyň baýlyklarynyň hojalyk aýlanyşygyna giňden çekilmegine getirdi. Şonuň bilen baglanyşykly meseleleri bolsa global häsiýete eýe boldy. Olara okeanyň hapalanmagy, onuň biologik önümliliginiň peselmegi, ummasyz mineral we energetiki baýlyklaryny özleşdirmek we paýlanmak hem-de beýleki meseleler girýär.

Dünýä okeanyny peýdalanmak, esasan-da, soňky onýyllyklarda görnetin güýçlendi. Deňiz söwdasynyň göwrümi birnäçe esse artdy, gämileriň ululygy we ýük göterijiligi (esasan-da, tankerleriň) ýokarlandy. Dünýäniň gämi duralgalarynyň ýük aýlanyşygy artdy, uly gämi duralgalary, senagat toplumlary döredi. Öndüriji güýçleriň deňze, deňiz kenaryna tarap süýşmegi Dünýä okeanynyň köp etraplarynda hojalyk agramyny artdyrdy.

Meksika we Pars aýlaglarynyň, Demirgazyk deňziniň, Alýaskanyň kenar ýakalarynyň ýalpak böleginde (şelf) nebit we gaz çykar-

22. Sargyt №2701

mak uly möçberlerde amala aşyrylýar. Şunlukda nebit, gaz gözlenilýän we gazylyp alynýan nebit platformalarynyň sany barha artýar. Nebitiň deňiz känleri eýýäm onuň dünýä möçberiniň 1/3 bölegine golaýyny berýär. Çig malyň beýleki görnüşleriniň gazylyp alnyşy şelfde däl-de, Dünýä okeanynyň çuň suwly etraplarynda hem alnyp barylýar.

Okeanyň biologiki baýlyklaryny çykarmak we gaýtadan işlemek çalt ösýär. Okean özünde biologiki deňagramlylyk üçin zyýansyz her ýylda 180-200 mln tonna deňiz önümlerini bermäge ukyplydyr, ýagny onuň häzirki alnyşyny iki esse artdyrmaga mümkinçilik berýär. Ýöne ol şol baýlyklary açgözlük bilen däl-de, eýsem, suwuň önümliligini köpeldip peýdalanmak şertlerinde mümkindir. Şeýle-de bolsa Okeanda deňiz önümlerini tutmak işinde ygtybarly halkara gözegçiliginiň bolmazlygy, okeanyň açyk böleginde täze etraplaryň haýal özleşdirilmegi, onuň çalt hapalanmagy azyk önümleriniň bu çeşmesiniň mümkinçiligini çäklendirýär.

Kenar sebitlere rekrasion agram hem artdy. Ortaýer deňziniň dynç alynýan kenarlarynda we şypahanalarynda her ýylda 90 mln-a çenli adam dynç alýar. Kenaryň köp bölekleri myhmanhanalaryň, pansionatlaryň we kurort zonasynyň beýleki edaralarynyň üznüksiz zynjyryna öwrüldi.

Intensiw hojalyk işi Dünýä okeanynyň barha artýan derejede hapalanmagyna getirdi. Oňa her ýylda 1 mln tonna nebit (tankerleriniň we buraw platformalarynyň betbagtçylyklary, gämilerden nebitiň suwa dökülmegi, deňiz nebit promysellerinde ýitgiler), senagatyň we şäherleriň galyndylary, şol sanda agyr metallar we hatda radio işjeň galyndylar gelip düşýär. Dünýä okeanynyň çet gyraky deňizleri: Demirgazyk, Baltika, Ortaýer, Pars aýlagy has hapalanandyr.

Belli fransuz okean öwrenijisi Žak-If Kusto baryp 50-nji ýyllarda Dünýä okeanynyň hapalanmagynyň artmagy netijesinde onuň biologiki önümliliginiň görnetin peseljekdigini duýdurypdy. Bu çaklama doly hakykata öwrüldi: dünýäde balygyň we okeanyň beýleki önümleriniň tutulyşy XXI asyryň başlarynda 95-100 mln derejesinde durgunlaşdy.

Deňiz balykçylygynyň meseleleri kenarýaka döwletleriň «ykdysady zonalar» (200 mil zolagy) diýlip atlandyrylýany girizilenden soňra has çylşyrymlaşdy. Bu zona häzirki wagtda 140-150 mln km$^2$, ýagny dünýä okeanynyň takmynan 40% meýdanyny tutýar. Kenarýa-

ka döwletleri häzir bu zonalaryň baýlyklaryny peýdalanmak boýunça örän uly hukuklara eýedirler.

Dünýä okeanynyň meseleleri – bu bir wagtyň özünde ekologik, ykdysady, tehniki we durmuşy meseleleridir. Okeanyň geljegi adamyň olary nähili akylly başly çözjekdigine baglydyr. Şonuň üçinde Dünýä okeanynyň meseleleri ony peýdalanmagy düzgünleşdirmek, geljekde onuň hapalanmagynyň öňüni almak boýunça ylalaşykly halkara çärelerini talap edýär.

Soňky ýyllarda deňiz gurşawyny goramagyň halkara düzgünleri ýüze çykyp başlady. Onuň hapalanmagyny çäklendirýän birnäçe ylalaşyklar kabul edildi.

**Global meseleleriň özara baglanyşygy.** Ähli umumadamzat meseleleri özara berk baglanyşykly bolup, bir düwüni emele getirýärler. Şunlukda artdyrylman aýdylanda parahatçylygy saklamak, ýadro urşunyň öňüni almak meselesine birinji derejeli mesele diýmek bolar, sebäbi dünýäde ýaşaýşyň saklanmagynyň özi şoňa baglydyr. Ol ýaraglanma gidýän ägirt uly serişdeleriň boşamagynyň beýleki meseleleriň üstünlikli çözülmegine şertler we serişdeler berjekdigi üçin hem meseleleriň iň möhümi bolup durýar.

Ekologik meseläni şertleýin ikinji orunda goýmak bolar. Sebäbi beýleki meseleler ýüzleý ýa-da gowy (meselem, adamzadyň baýlyklar bilen doly ýa-da kemter üpjün bolmagy oňa bagly bolup biler) çözülip bilner, ýöne tebigata äsgermezçilik bilen gatnaşyk etmek planetada ýaşaýşyň dowam etmegine uly howp salýar.

Demografik we azyk üpjünçilik meseleleri özara, şeýle hem daşky gurşawy goramak bilen baglanyşyklydyr. Käbir döwletlerde maşgalany meýilleşdirmek açlykdan we doýa garny doýmazlykdan çalt dynmaga mümkinçilik berer. Oba hojalygynda ösüş, onuň häzirki zaman gurnalyşynyň kämilleşdirilmegi bolsa daşky gurşawa täsiriň peselmegine getirer. Azyk we baýlyk meselelerini ösýän döwletleriň yzagalaklygy bilen baglanyşdyrýarlar. Iýmitiň gowulanmagy we baýlyk, has takygy mineral çig mal mümkinçilikleriniň oýlanyşykly peýdalanylmagy ilatyň durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna getirer. Dünýä okeanyny özleşdirmek hem beýleki meseleler bilen baglanyşýar. Onuň baýlyklaryny peýdalanmak çig mal, energetik we azyk meselelerini çözmäge kömek eder.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. – Aşgabat, 2007.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – Aşgabat, 2007.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat, 2007.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Eserler ýygyndysy. – Aşgabat, 2007.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I – VIII tom. – Aşgabat, 2008 – 2015.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – Aşgabat, 2014.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I-II tom. – Aşgabat, 2010.
9. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasy». – Aşgabat, 2010.
10. Türkmenistanyň ýyllyk hasabat neşiri. 2015. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti. – Aşgabat, 2015.
11. *Çaryýew B., Keşikow A., Altybaýew G., Oraýew N., Batyrow A.* Dünýäniň ykdysady we durmuş geografiýasy. – Aşgabat, 2009.
12. *Hudaýýarow M., Çaryýew B., Altybaýew G.* Türkmenistanyň ykdysady we durmuş geografiýasy. – Aşgabat, 2013.
13. *Çaryýew B., Hudaýýarow M.* Dünýäniň ilaty: köpelişi, düzümi, ýerleşişi. – Aşgabat, 2004.
14. *Çaryýew B., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.* Dünýä sebitleriniň, döwletleriniň ilaty we durmuş-ykdysady ösüş meseleleri. – Aşgabat, 2004.
15. *Алисов Н.В., Хорев Б.И.* Экономическая и социальная география мира (общий обзор). Учебник – Москва, «Гардарики», 2004.
16. *Антипова Е.А.* География населения. – Минск, БГУ, 2012.
17. *Бутов В.И.* Экономическая и социальная география мира и РФ – Москва, «Просвещение», 2003.

18. *Гладкий Ю.Н., Сухоруков В.Д.* Общая Экономическая и социальная география зарубежных стран – Москва, «Академия», 2006.
19. *Голубчик М.М.* Экономическая и социальная география мира – Москва, «ВЛАДОС», 2005.
20. *Горохов С.А., Роготень Н.Н.* Общая экономическая, социальная и политическая география – Москва, «ЮНИТИ-ДАНА», 2013.
21. *Кузнецов А.П.* География. Население и хозяйство мира – Москва, «Дрофа», 2001.
22. *Колосов В.А., Мираненко Н.С.* Геополитика и политическая география – Москва, «Аспект-Пресс», 2005.
23. *Лобжанидзе А.А., Горохов С.А., Заяц Д.В.* Етногеография и география религии – Москва, «Академия», 2005.
24. *Любимов И.М.* Общая политическая, экономическая и социальная география – Москва, «Гелиос АРВ», 2001.
25. *Максаковский В.П.* Экономическая и социальная география мира – Москва, «Просвещение», 2008.
26. *Максаковский В.П.* Общая экономическая и социальная география. Курс лекций. Часть 1. – Москва, «ВЛАДОС», 2009.
27. *Максаковский В.П.* Общая экономическая и социальная география. Курс лекций. Часть 2. – Москва, «ВЛАДОС», 2010.
28. *Родионова И.А.* Политическая карта мира. География мирового хозяйства – Москва, «Дрофа», 1999.
29. *Паикидзе А.А., Цветков А.М., Шмайдюк Т.С.* География мирового хозяйства – Москва, «ИНФРА-М», 2013.
30. *Холина Б.Н., Наумов А.С., Родионова И.А.* Социально-экономическая география мира. Справочное пособие – Москва, «Дрофа: ДИК», 2008.
31. Экономическая и социальная география мира в вопросах и ответах – Москва, «Просвещение», 2006.
32. Страны и регионы мира. Политико-экономический справочник – Москва, 2013.
33. 2014 WORD POPULATION DATE SHEET www.prb.org.

# MAZMUNY

Giriş ........................................................................................ 7

I bölüm
DÜNÝÄNIŇ UMUMY YKDYSADY-GEOGRAFIK HÄSIÝETNAMASY

**I bap. Dünýäniň häzirki zaman syýasy kartasy ........................................ 10**
1.1. Dünýäniň syýasy kartasynyň döreýiş döwürleri ........................................ 10
1.2. Dünýä döwletleriniň klassifikasiýasy we tipologiýasy ........................................ 13
1.3. Dünýä döwletleriniň döwlet gurluşynyň we dolandyrylyşynyň formalary .... 22
1.4. Halkara guramalary ........................................ 27
**II bap. Dünýäniň tebigy baýlyklarynyň geografiýasy ........................................ 28**
2.1. Tebigy baýlyklar we ykdysady ösüş ........................................ 28
2.2. Dünýäniň tebigy baýlyklarynyň geografiýasy. Mineral baýlyklary ........................................ 34
2.3. Ýer (toprak) baýlyklary ........................................ 41
2.4. Gury ýeriň suw baýlyklary ........................................ 44
2.5. Biologik baýlyklar ........................................ 47
2.6. Dünýä okeanynyň baýlyklary ........................................ 52
2.7. Daşky gurşawyň hapalanmagy we ony gorap saklamak ........................................ 57
**III bap. Dünýäniň ilatynyň geografiýasy ........................................ 61**
3.1. Dünýäniň ilatynyň sanynyň üýtgeýşi ........................................ 61
3.2. Dünýäniň ilatynyň üznüksiz köpelişi ........................................ 66
3.3. Ilatyň ýaş we jyns düzümi ........................................ 74
3.4. Ilatyň durmuş şertleri (hili) täze toplumlaýyn düşünje hökmünde ........................................ 78
3.5. Dünýä ilatynyň etnolingwistiki düzümi ........................................ 79
3.6. Halklaryň etnolingwistik klassifikasiýasy ........................................ 82
3.7. Dünýä ilatynyň dini (konfessional) düzümi ........................................ 86
3.8. Dünýäniň ilatynyň ýerleşiş aýratynlyklary ........................................ 90
3.9. Ilatyň migrasiýa hereketi ........................................ 96
3.10. Şäher we oba ilaty ........................................ 100

II bölüm
DÜNÝÄNIŇ SEBITLER WE DÖWLETLER BOÝUNÇA
HÄSIÝETNAMASY

**IV bap. Ýewropa ........................................ 110**
4.1. Ýewropanyň syýasy kartasy. Tebigy şertleri we baýlyklary. Ilaty ........................................ 110
4.2. Ýewropa sebitiniň hojalygynyň umumy häsiýetnamasy ........................................ 115
4.3. Demirgazyk Ýewropa. Norwegiýa ........................................ 122
4.4. Günbatar Ýewropa ýurtlary. Germaniýa Federatiw Respublikasy ........................................ 128
4.5. Beýik Britaniýa ........................................ 134
4.6. Fransiýa Respublikasy ........................................ 139
4.7. Günorta Ýewropa ýurtlary ........................................ 145
4.8. Italiýa Respublikasy ........................................ 149
4.9. Orta Ýewropa ýurtlary ........................................ 155
4.10. Gündogar ýewropa ýurtlary. Ukraina ........................................ 162
4.11. Russiýa Federasiýasy ........................................ 167

**V bap. Aziýa ........ 173**
5.1. Aziýanyň syýasy kartasy, tebigy şertleri we baýlyklary ........ 173
5.2. Aziýanyň ilaty ........ 176
5.3. Hojalygyň umumy häsiýetnamasy ........ 178
5.4. Aziýanyň taryhy-geografik sebitleri. Günorta-Günbatar Aziýa ýurtlary ........ 181
5.5. Kawkaz ýurtlary ........ 185
5.6. Arabystan ýarymadasynyň ýurtlary. Saud Arabystany patyşalygy ........ 192
5.7. Türkiýe Respublikasy. Eýran. Owganystan ........ 196
5.8. Merkezi Aziýa ýurtlary ........ 201
5.9. Merkezi Aziýa ýurtlarynyň içerki aýratynlyklary ........ 207
5.10. Gazagystan Respublikasy ........ 209
5.11. Günorta Aziýa ýurtlary ........ 214
5.12. Hindistan ........ 218
5.13. Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary ........ 223
5.14. Indoneziýa ........ 227
5.15. Gündogar Aziýa ýurtlary ........ 230
5.16. Ýaponiýa ........ 233
5.17. Hytaý Halk Respublikasy ........ 241

**VI bap. Demirgazyk Amerika ýurtlary ........ 246**
6.1. Amerikanyň Birleşen Ştatlary ........ 247
6.2. Kanada ........ 255

**VII bap. Latyn Amerikasy ýurtlary ........ 260**
7.1. Sebitiň syýasy kartasy. Tebigy baýlyklary. Ilaty ........ 260
7.2. Latyn Amerikasy ýurtlarynyň hojalygy ........ 263
7.3. Latyn Amerikasynyň taryhy-geografik sebitleri ........ 266
7.4. Merkezi Amerika we West-Indiýa sebiti ........ 271
7.5. Amazonka basseýniniň we La-Plata pesliginiň ýurtlary. Braziliýa ........ 273
7.6. Argentina. And sebitiniň ýurtlary ........ 280

**VIII bap. Afrika ........ 283**
8.1. Afrikanyň syýasy kartasy. Tebigy baýlyklary we ilaty ........ 283
8.2. Afrika ýurtlaryň hojalygy ........ 286
8.3. Afrikanyň taryhy-geografik sebitleri ........ 290
8.4. Ýegipet (Müsür) ........ 294
8.5. Ekwatorial Afrika ........ 296
8.6. Günbatar Afrika sebitleri ........ 299
8.7. Günorta Afrika sebiti. Günorta Afrika Respublikasy ........ 309

**IX bap. Awstraliýa we Okeaniýa ýurtlary ........ 312**
9.1. Awstraliýa Soýuzy ........ 312
9.2. Okeaniýa ýurtlary ........ 319

III bölüm
UMUMADAMZAT (GLOBAL) MESELELERI
10.1. Dünýäde parahatçylygy saklamak, ekologik, demografiki meseleler ........ 324
10.2. Umumadamzat meseleleriniň beýleki görnüşleri ........ 330

***Babajan Çaryyew, Aşyrgeldi Gulgarayew,***
***Tirkiş Amanmammedow***

# DUNYANIN YKDYSADY WE DURMUŞ GEOGRAFIYASY

Yokary okuw mekdepleri uçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *O. Garajaýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Korrektor | *M. Atanyýazowa* |
| Kompyuter bezegi | *M. Hasanowa* |
| Neşir uçin jogapkar | *S. Rejepow* |

Çap etmäge rugsat edildi 25.05.2016. Ölçegi 60x90$^{1}/_{16}$.
Edebi garniturasy. Şertli çap listi 21,5. Şertli reňkli ottiski 80,25.
Hasap-neşir listi 20,39. Çap listi 21,5. Sargyt 2701. Sany 1300.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat. 2127-nji (G. Gullyýew) köçe, 51/1.